**O. Geldymuhammedowa, H. Baýramow, O. Çaryýewa**

# HALKARA GURAMALAR WE INTEGRASIÝALAR

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 378:341·16
G 32

**Geldymuhammedowa O. we başg.**
**G 32** **Halkara guramalar we integrasiýalar.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Okuw kitabynda halkara guramalaryň we integrasiýalaryň esasy görnüşleri, alyp barýan işleri, ösüş ugurlary, olaryň döremegine täsir edýän sebäpler görkezilýär. Halkara guramalara we integrasiýalara düşünje we kesgitleme berilýär, guramaçylyk-hukuk we dolandyryş meselelerine seredilýär, olaryň döwletara gatnaşyklary ösdürmekdäki orny, şeýle hem köpugurly (BMG, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary) sebit we sebitara halkara guramalarynyň aýratynlyklary beýan edilýär. Türkmenistanyň halkara guramalarda we integrasiýalarda tutýan ornuna aýratyn we giňişleýin häsiýetnama berilýär.

Okuw kitaby dünýä ykdysadyýeti, halkara ykdysady gatnaşyklar hünärlerinde okaýan talyplar, şeýle hem mugallymlar, daşary ykdysady meseleler bilen gyzyklanýanlar üçin niýetlenýär.

TDKP № 230 2019 KBK 67. 412 ýa 73

© O. Geldymuhammedowa we başg., 2019

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Halkara gatnaşyklaryň ösüşi, daşary syýasaty netijeli amala aşyrmak köp babatda halkara guramalaryň we integrasiýalaryň işlerine bagly. Garaşsyz döwletler milli wezipeleri netijeli amala aşyrmak üçin, amatly halkara gurşawy döretmek bähbidine esaslanyp, öz gatnaşyklaryny, adatça, daşarky hyzmatdaşlar bilen alyp barýar. Döwletiň daşary syýasaty örän wajyp, emma onuň içerki meselelerini çözmekde, köplenç, kömekçi wezipesini ýerine ýetirýär. Soňky onýyllyklarda döwletleriň özara baglanyşyklygynyň ösmegi, olaryň durmuşynyň halkaralaşmagy, ählumumylaşmak ýagdaýynyň çuňlaşmagy aýry ýurtlaryň milli meselelerini netijeli çözmekde halkara ýagdaýlaryň ähmiýetini has ýokarlandyrdy. Olaryň halkara we içerki syýasatlarynyň özara baglanyşygy gitdigiçe artýar. Bu döwletlere milli ösüş üçin amatly halkara gurşawy döretmek işinde öz orunlaryny ýokarlandyrmagyň ýollaryny gözlemegi talap edýär. Bu bolsa öz gezeginde ýurtlara diňe bir halkara giňişliginde alnyp barylmaly umumy düzgünleri we kadalary ylalaşmak mümkinçiligini däl, eýsem, olary hökmany berjaý etmegiň serişdelerini üpjün edýän köptaraply diplomatiýanyň dürli görnüşlerini ösdürmekligi talap edýär.

Halkara guramalar halkara gatnaşyklaryň wajyp subýekti bolup durýar we soňky ýyllarda dünýäniň syýasy ýagdaýyna has netijeli täsirini ýetirýär. Hojalyk durmuşynyň halkaralaşmagy dünýä hojalygyny XXI asyrda ösdürmegiň esasy meýli boldy. Döwlet dünýä hojalyk gatnaşyklar ulgamyna näçe işjeň goşuldygyça, şonça hem onuň beýleki ýurtlar bilen özara gatnaşyga ugur alýandygyny, jemgyýetiň we onuň raýatlarynyň maddy hal-ýagdaýynyň has ýokarlanýandygyny görkezýär. Şol sebäpli dünýä hojalygynyň ösüş kanunalaýyklyklaryny, bir ýurtlaryň üstünlik derejesini we beýlekileriň şowsuzlyk ýagdaýyny bilmek zerur bolup durýar.

Halkara guramalaryň we integrasiýalaryň häzirki zaman ösüş ýagdaýy dünýä hojalygynyň möhüm häsiýetnamasy bolup durýar hem-de döwletlere çig mal, ýangyç, zähmet resurslaryny has rejeli peýdalanmaga, territorial zähmet bölünişigini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki dünýä hojalygy çylşyrymly hojalyk gurluşy bolup durýar. Onuň subýektleri bolup dürli gurluşly, dürli ulgamlardaky we dürli ykdy-

sady derejedäki ýurtlar, halkara korporasiýalar, aýry-aýry kärhanalar, döwletler, welaýatlar we şahsy adamlar çykyş edýärler. Şular bilen birlikde halkara ykdysady guramalar we integrasiýalar hem häzirki zaman dünýä hojalygynyň subýekti bolup durýar.

Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine işjeň integrirleýän häzirki döwründe halkara guramalaryň we integrasiýalaryň iş aýratynlyklaryny, olaryň çäklerinde ýüze çykýan meseleleri, olary çözmek ugrunda ýurtlaryň bilelelikde edýän tagallalaryny öwrenmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Bular barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda giňişleýin beýan edilip, şeýle bellenýär: «Türkmenistan BMG-niň we onuň düzümleriniň, ilkinji nobatda bolsa, BMGÖM, EYK, AÝUYDK ýaly düzümleriniň çäklerinde amala aşyrylýan taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine giňden gatnaşmagy göz öňünde tutýar. Ýurduň halkara gatnaşyklarynyň ösüşi eýýäm gol çekilen ylalaşyklaryň çäklerinde-de, täze halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly hem dowam etdiriler».

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda dürli pudaklarda amala aşyrylýan özgertmeler türkmen jemgyýetini döwrebaplaşdyrmak, onuň demokratik esaslaryny pugtalandyrmagyň netijesinde ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýä ülňülerine laýyk getirmek maksadyndan ugur alýar. Häzirki döwürde Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmak we olary ösdürmek bilen, bu ugurda toplan tejribesine esaslanyp, geosyýasy, geoykdysady we medeni-gumanitar ugurlar boýunça halkara gatnaşyklary giňeldýär we çuňlaşdyrýar.

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde ýurtlaryň bir-birine bolan garaşlylygy artýar we netijede bu gatnaşyklary kadalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan ykdysady meseleleri bileleşip çözmek, halkara gatnaşyklarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek arkaly ykdysady we durmuşy ösüşe ýardam bermek, ösüp gelýän döwletleri goldamak maksady bilen döredilen halkara ykdysady guramalar we integrasiýalar baradaky düşünjeleri giňeltmek wezipesinden ugur alyp, «Halkara guramalar we integrasiýalar» okuw kitaby ýazyldy. Bu kitapda halkara guramalaryň we integrasiýalaryň umumy ösüş ugurlary, onuň emele gelmegine täsir edýän ýagdaýlar, olaryň aýratynlyklary, dünýä hojalygynyň iri halkara guramalary we integrasiýalary, olaryň ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmeklige ýetirýän täsiri baradaky maglumatlary özünde jemleýän temalara seredilýär.

# I TEMA
# HALKARA GURAMALAR WE OLARYŇ ÖSÜŞ TARYHY

## 1.1. Halkara guramalar barada düşünje

Halkara gatnaşyklaryň durnuklylygyny, olaryň netijeli we yzygiderli ösüşini diňe garaşsyz döwletleriň hemişelik we işjeň özara gatnaşygy, olaryň her dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy esasynda üpjün edip bolar. Şunuň bilen birlikde, şeýle özara gatnaşyklaryň, adatça, iki esasy ugruny görkezmek bolar:

– degişli ýurtlaryň arasynda iki we köptaraplaýyn şertnama we ylalaşyk baglaşmak (hyzmatdaşlygyň şertnama-hukuk guraly);
– döwletler üçin zerur we umumy meseleleri çözmek maksady bilen ýöriteleşdirilen özbaşdak düzümleri – halkara guramalary döretmek (hyzmatdaşlygyň guramaçylyk-hukuk guraly).

Halkara guramalar – bu syýasy, ykdysady, durmuş, ekologik, ylmy, tehniki, medeniýet we beýleki umumy maksatlary ýerine ýetirmek üçin halkara şertnamalar esasynda döredilen bileleşiklerdir. Guramalar dürli atlarda berilýär: gurama, gazna, bank, bileleşik, agentlik, merkez. Olara berilýän atlar guramanyň hukuk ýagdaýyna täsir etmeýär. Halkara guramalar ýurtlaryň hyzmatdaşlyk edarasy bolup durýar, olaryň döwletiň üstünden dolandyrmak ygtyýarlygy ýokdur.

Halkara guramalar düşünjesi barada aýtsak, halkara hukuk edebiýatlarynda we halkara tejribesinde umumylaşdyrylan «halkara edara» diýen adalga ýygy-ýygydan ulanylýar. Ol garaşsyz ýurtlaryň hakyky halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmaga ýardam berýän üç sany dürli halkara hukuk institutlaryny öz içine alýar. Olara hal-

kara maslahatlar, halkara iş topary we komitet, halkara guramalar degişlidir. Halkara maslahatlar öz gözbaşyny uruşdan soňky döwürde döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrmak maksady bilen, XVII–XIX asyrlarda geçirilen monarhlaryň kongresinden alyp gaýdýar. Halkara iş toparynyň döremegi XIX asyra degişli bolup, ol halkara derýalarda gämi gatnawy we balyk tutmagy üpjün etmek bilen baglydyr.

Halkara maslahatlar, halkara iş topary we komitetler institutlaryndan tapawutlylykda, halkara guramalar institutyny häsiýetlendirýän alamatlara şu aşakdakylar degişlidir:

– esaslandyryjy resminamalaryň barlygy;
– işiň hemişelik we wagtly-wagtyndaky häsiýeti;
– meseleleri çözmek üçin işiň esasy usuly hökmünde köptaraplaýyn gepleşikleri we ara alyp maslahatlaşmalary ulanmak;
– ses bermek ýa-da razylyk ýollary bilen kararlary kabul etmek;
– çözgütleriň, adatça, maslahat beriji häsiýeti.

Halkara guramalaryň görkezilen institusional esaslary bilen bir hatarda halkara guramalar düşünjesini düzýän goşmaça alamatlara hem üns bermek zerurdyr. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

- anyk maksatlaryň bolmagy;
- özbaşdak hukuklary we borçlary;
- agza ýurtlaryň garaşsyzlygyna hormat goýmak;
- ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk;
- halkara ýerine ýetirijilik (subýekt) hukuklylygy.

Halkara guramalaryň halkara ýerine ýetirijilik (subýekt) ygtyýarlygyna we degişli hukuklylyga eýedigi halkara hukukda aýdyň kesgitlenen, hususan hem, halkara hukugyň beýleki edaralary (subýektleri) bilen özara gatnaşyklary alyp barmaga we olar bilen halkara şertnamalary baglaşmaga hukugy bar. Ony halkara şertnamalaryň hukugy baradaky 1969-njy ýyldaky hem-de döwletleriň we halkara guramalaryň arasyndaky ýa-da halkara guramalaryň arasyndaky şertnamalaryň hukugy baradaky 1986-njy ýyldaky Wena konwensiýalary ynamly tassyklaýar. Halkara gatnaşyklarynyň ol ýa-da beýleki ugurlary boýunça özara hyzmatdaşlygy alyp barmak, olaryň umu-

my bähbitlerini üpjün etmek we goramak maksady bilen döwletler tarapyndan döredilen köp sanly halkara guramalaryň ýurtlar bilen bir hatarda halkara gatnaşyklara goşulýanlygy aýdyň we gürrüňsizdir. Halkara guramalaryň ösmegi halkara meseleleri çözmegiň täze usullarynyň güýçlenýänligini we bu usullaryň adaty usullar bilen deňeşdirilip görlende tutýan ornunyň ýokarlanýanlygyny aňladýar.

Halkara guramalaryň agza ýurtlar bilen gatnaşygy, esasan, şol guramanyň esaslandyryjy delilnamalary, belli bir ýagdaýlarda bolsa beýleki halkara ylalaşyklar boýunça kadalaşdyrylýar. Halkara guramalaryň esaslandyryjy delilnamalary olaryň maksatlaryny we wezipelerini kesgitleýär, ozaly bilen, olaryň agza ýurtlar bilen özara gatnaşygynyň maksatlaryny we wezipelerini görkezýär, çünki onda islendik halkara guramalary döretmegiň maksady dur. Esaslandyryjy delilnama halkara guramalaryň agzalaryna we mümkin boldugyça, halkara gatnaşyklaryň beýleki subýektlerine bolan wezipeleri we ygtyýarlyklary kesgitleýär.

Halkara guramalar – bu, ozaly bilen, ýurtlaryň birleşmesi ýa-da topary, has dogrusy, onuň hökümetara guramasy hökmünde resmi kesgitlemesinden gelip çykyşy ýaly agza ýurtlardyr. Käbir ýagdaýlarda halkara guramalaryň işine onuň agzalary ýa-da synçylary hukugynda beýleki jemgyýetçilik düzümleri (mysal üçin, Palestinany halas ediş guramasy) ýa-da beýleki halkara guramalar gatnaşýar. Emma bu döwletara esasynda birleşen halkara guramalaryň düýp manysyny üýtgetmeýär.

Şeýle hem bolsa, halkara guramalar – bu diňe bir döwletleriň birleşmesi däl, eýsem, onuň hereket etmeginiň düzgünlerini, ýagny hukuk serişdelerini (esaslandyryjy delilnamalaryň kadalary we guramanyň içerki hukugynyň kadalary) üpjün edýän, olaryň anyk guramaçylyk umumylygyny döredýän birleşikdir. Başgaça aýdylanda, gürrüň agza ýurtlaryň guramaçylyk-hukuk umumylygy barada barýar. Şunuň ýaly umumylygy diňe ýurtlaryň arasyndaky ylalaşyklar esasynda gazanyp bolýar – ol, adatça, guramanyň esaslandyryjy delilnamasy diýlip atlandyrylýar. Guramanyň esaslandyryjy delilnamasy onuň maksatlaryny, wezipelerini we hukuklaryny, gurama agza bolmagyň

şertlerini, onuň guramaçylyk düzümini, olaryň edaralarynyň (esasy we kömekçi) ygtyýarlygyny we bu ygtyýarlylygy amala aşyrmagyň esasy şertlerini, hususan hem, degişli ýuridik delilnamalary (çözgütleri, teklipleri, ýüzlenmeleri, iş düzgünleri) kesgitleýär. Bularyň ählisi hem ony halkara guramalara öwürýän döwletara bileleşikleriň guramaçylyk-hukuk birligini üpjün edýär. Elbetde, bu guramanyň agzalary beýleki ýurtlar we başga subýektler bilen özara gatnaşyklary guramak üçin, üstüne ýüklenen anyk wezipeleri we ygtyýarlyklary bolan halkara guramalaryň hemişelik edaralarynyň bolmagyny talap edýär. Başgaça aýdylanda, gürrüň halkara aragatnaşyklarda guramanyň wezipelerini we ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan edaralar hakynda barýar.

Ýokarda beýan edilen deliller halkara guramanyň kesgitlemesini şular ýaly düşünmeklige esas berýär.

*Halkara guramalar– bu:*

halkara hukuga laýyklykda döredilen we hereket edýän, olaryň guramaçylyk-hukuk umumylygyny üpjün edýän döwletleriň bileleşigidir;

yglan edilen maksatlara ýetmek üçin döwletara ylalaşyklar – esaslandyryjy delilnamalar arkaly döredilen guramalardyr;

guramaçylyk wezipesiniň we ygtyýarlylygynyň düzgünlerine laýyklykda, öz edaralarynyň üsti bilen halkara gatnaşyklary amala aşyrýan we öz adyndan agza ýurtlar, agza däl ýurtlar we halkara gatnaşygyň beýleki subýektleri bilen özara gatnaşyklary ýerine ýetirýän guramalardyr.

Ähli halkara guramalaryň esasy wezipeleri halkara hyzmatdaşlygyň köptaraply netijeli binýadyny döretmek, parahat ýaşamagyň ählumumy we sebit zolaklaryny guramak bolup durýar. Halkara guramalar halkara hukugyň goşmaça subýekti bolup durýar we döwletler tarapyndan döredilýär. Halkara guramalary döretmek işi üç döwri öz içine alýar:

– guramalary döretmek boýunça resminamalaryň kabul edilmegi;
– onuň maddy düzümini döretmek;
– baş edaralary çagyrmak – wezipäni ýerine ýetirip başlamagy.

Halkara guramalaryň gurluşyny halkara guramalaryň edaralary, ýagny esaslandyryjy we beýleki delilnamalar bilen döredilen düzüm bölekleri düzýär. Edara anyk ygtyýarlylyk we wezipe ýüklenýär, ol içerki gurluşa we zerur çözgütleri kabul etmäge eýe bolýar. Halkara guramalaryň has zerur edaralary bolup hökümetara edaralary durýar, oňa agza ýurtlar öz atlaryndan wekillerini ýollaýarlar. Häsiýeti boýunça edaralara agza bolmagyň şu aşakdaky görnüşlerini görkezmek bolar:

– hökümetara;
– parlamentara;
– administratiw;
– şahsyýet hökmünde durýan tarap.

Halkara guramalaryň hukuk düzgünleri bolup, esasan, şertnama kadalary durýar. Olaryň çeşmeleri bolup halkara guramalaryň esaslandyryjy resminamalary, döwlet wekilligi we olaryň uniwersal häsiýetli halkara guramalar bilen gatnaşygy barada 1975-nji ýyldaky Wena konwensiýasy, döwletleriň we halkara guramalaryň arasyndaky ýa-da halkara guramalaryň arasyndaky şertnamalaryň hukugy barada 1986-njy ýyldaky Wena konwensiýasy, halkara guramalara ýeňillik we dahylsyzlyk barada ylalaşyk we beýlekiler çykyş edýär. Halkara guramalaryň hukugyny hukuk düzgünnamasyny, guramalaryň işlerini, halkara gatnaşyklara goşulyşmagyny sazlaşdyrýan kadalaryň jemi düzýär. Halkara guramalaryň hukuk esasynda agza ýurtlaryň umumy maksatlarynyň we bähbitleriniň barlygy durandyr. Halkara guramalaryň hukuk asly üçin guramalaryň maksatlary we ýörelgeleri, ygtyýarlygy, gurluşy we ş.m. ylalaşykly şertnama esasynda bolmagydyr.

Häzirki zaman şertlerinde, esasan, halkara guramalaryň işjeň gatnaşmagynda halkara durmuşyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar we çözülýär. Hut halkara guramalar döwletleriň arasyndaky adaty şertnamaly gatnaşyklaryň üstüni ýetirip, täze, ýokary hilli döwletara hyzmatdaşlygyň esasyny döredýär. Häzirki wagtda halkara guramalar garaşsyz ýurtlaryň ösen özara gatnaşyklarynyň aýrylmaz alamatydyr. Ilkinji halkara guramalardan has öň dörän, döwletleriň aragatnaşygynyň halkara-hukuk görnüşleri bo-

lan şertnamaly halkara konferensiýalar bilen deňeşdirilende, halkara guramalar döwletara hyzmatdaşlygyň täze görnüşli nyşanydyr. Hyzmatdaşlygyň şol görnüşleri belli bir wagta çenli döwletleriň her dürli niýetlerini, olaryň halkara giňişliginde meýilleşdiren maksatlaryny ýerine ýetirip bilmedi. Hut halkara guramalar ýurtlaryň garaşsyzlygyna hormat goýmak bilen, olaryň anyk iş ugurlary boýunça özara gatnaşygynyň zerurlygyny hakyky utgaşdyran görnüş boldy. Ilkibaşda bu diňe döwletara hyzmatdaşlygyň netijeli işlemegine kynçylyk döredýän halkara-hukuk düzgünleşdirmesine degişli bolmadyk (metrologiýa, telegraf, poçta, meteorologiýa, demir ýol ulagy we ş.m.) ugurlardy. Soňra ylmyň we tehnikanyň ösýän, dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň diwersifikasiýalaşdyrylýan we çylşyrymlaşýan, halkara guramalar institutynyň peýdalanýan iş ugurlarynyň artýan şertlerinde olaryň sany yzygiderli köpeldi. XIX–XX asyrlaryň çatrygynda halkara hökümetara guramalaryň 20-ä golaýy hasaba alnan bolsa, häzirki wagtda olar 500-den geçýär.

## 1.2. Halkara guramalaryň ösüş taryhy

Halkara guramalar gadym zamanda döredi we jemgyýetiň ösüşine laýyklykda kämilleşdi. Gadymy Gresiýada biziň eýýamymyzdan öňki VI asyrda şäherleriň we jemgyýetiň bileleşigi görnüşinde (mysal üçin, Lakediminsk) ilkinji hemişelik halkara birleşikler döredildi. Şular ýaly birleşikler halkara guramalaryň geljekki nusgasy bolup hyzmat etdi. Halkara guramalaryň indiki ösüş döwri halkara ykdysady we gümrük bileleşikleriniň döredilmegi bilen baglydyr. Olaryň ilkinji birleşiklerine XVI asyrda resmileşdirilen Ganzeý söwda bileleşigi degişlidir.

1648-nji ýyldaky Westfal ylalaşygy dünýä giňişliginde garaşsyz döwletleriň özara gatnaşyk döwrüniň başyny başlady. Halkara gatnaşyklaryň täze subýekti bolan garaşsyz döwletler bir-birinden öz tutýan territoriýasynyň (meýdanynyň) möçberi, ilatynyň sany we düzümi, tebigy serişdeleriň barlygy ýa-da ýoklugy, geografik ýerleşişi, ösüş derejesi, döwlet gurluşynyň görnüşleri, ykdysady we harby

kuwwaty boýunça tapawutlanýardylar. Bu döwürde aragatnaşygyň agdyklyk edýän görnüşi ikitaraplaýyn gatnaşyklar boldy. Tiz wagtda garaşsyz ýurtlaryň arasyndan täze ýer çäklerini, serişdeleri, täze bazarlary eýelemek boýunça harby we ykdysady taýdan has kuwwatly döwletleriň uly bolmadyk topary tapawutlanyp başlady hem-de olar bir-biri bilen ýiti bäsleşige geçdiler we halkara gatnaşyklar ulgamynda hökümdarlyk edýän ýagdaýy eýelediler. Olaryň birnäçesi boýun egdirilen (kolonial) uly ýerlere eýelik gazandylar. Olaryň halkara syýasatynyň esasy guraly we delili harby güýç bolup durdy. Kiçi we orta ýurtlar halkara işlere işjeň gatnaşmakdan boýun gaçyryp, beýik döwletler bilen wagtlaýyn birleşige girmekligiň ýa-da doly goşulmazlyk syýasatynyň mejbury tarapdary boldular.

Şonuň ýaly dünýä düzgüniniň hakykylygy 1814–1815-nji ýyllardaky Wena kongresiniň netijesinde öz beýanyny tapdy. 1815-nji ýylyň sentýabr aýynda Awstriýanyň, Prussiýanyň we Russiýanyň monarhlary Keramatly bileleşigi döretmek boýunça şertnama baglaşdylar. Soňra oňa Ýewropanyň köp sanly ýurtlary goşuldylar. Ýewropanyň hristian ýurtlarynyň halkara bileleşigi diňe bir ýewropada halkara gatnaşyklary dolandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, aýry-aýry ýewropa ýurtlarynyň içerki ösüşlerini gözegçilikde saklap, hakykatda ýewropa hökümetiniň wezipesini ýerine ýetirdi. Olar tarapyndan döredilen halkara birleşme Westfal parahatçylygyndan soň döwletleriň hemişelik hereket edýän köptaraply diplomatik instituty döretmek boýunça ikinji synanyşygy boldy.

Halkara birleşigiň hemişelik hereket edýän köptaraply diplomatik institutyny döretmek zerurlygy ýurtlaryň arasyndaky dünýä hojalyk arabaglanyşygynyň we söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň güýçli ösmegi bilen ýüze çykdy. Olaryň soňraky ösüşi ölçegi we agramy bir nusga getirmegi, durnukly halkara-hukuk, ulag, kommunikasiýa, poçta, maliýe we beýleki işleri amala aşyrmak üçin amatly şertleri döretmegi we saklamagy talap etdi. Döwletleriň hojalyk zerurlyklary ýurtlaryň arasynda ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn esasda söwda-ykdysady alyş-çalşy üçin amatly mümkinçilikleriň döredilmegini şertlendirdi. Diňe ähli ýurtlaryň meýletin we ygrarly ýardam

bermeginde şol şertleri üpjün etmek mümkindir. Netijede, döwletler söwda-ykdysady we hojalyk gatnaşyklary, ilkinji nobatda olaryň ösüşine düýpli päsgelçilik berýän kadalary ýeňilleşdirýän düzgünleri we şertleri ylalaşmaga girişdiler. Gazanylan ylalaşyklary berkitmek üçin hemişelik halkara hökümetara guramalary döretmek boýunça karara gelindi. Halkara hökümetara guramalaryň ýerine ýetiriji edaralary döwletleriň tabşyrygy boýunça we olara berlen ygtyýarlygyň çäginde maksatlary adalatlylyk bilen çözüp bilerdi.

XIX asyryň başynda German gümrük bileleşigi döredildi. Bu bileleşige giren ähli ýurtlar getirilýän, çykarylýan we üstaşyr harytlar üçin deň kanuna garaşly boldular. Ähli gümrük paçlary umumy diýlip ykrar edilýärdi we bileleşigiň agzalarynyň arasynda ilatyň sany boýunça paýlanýardy. 1831-nji ýylda Reýnde gämi gatnawy boýunça döredilen Merkezi iş topary ilkinji nusgawy hökümetara gurama bolup durýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýeri ölçemek boýunça halkara bileleşigi (1864 ý.), Bütindünýä telegraf bileleşigi (1865 ý.), Bütindünýä poçta bileleşigi (1874 ý.), Halkara ölçeg we agram edarasy (1875 ý.), edebiýat we çeper eýeçiligi goramak boýunça Halkara bileleşigi (1886 ý.), Halkara ulagyň halkara bileleşigi (1890 ý.) döredildi. Ilkinji halkara hökümetara guramalar ulag, aragatnaşyk, söwda we hojalyk gatnaşyklarynyň beýleki ugurlary boýunça agza ýurtlar tarapyndan kesgitlenen düzgünleri we kadalary ýerine ýetirmegi üpjün etdiler. Halkara hökümetara guramalary esaslandyryjy döwletler tarapyndan baglaşylan, ähli agza ýurtlarda tassyklanmaga degişli bolan şertnamalar ylalaşylan düzgünleri we kadalary berjaý etmegiň kepili boldy. Netijede, halkara hökümetara guramalaryň esaslandyryjy şertnamalarynda bellige alnan düzgünler we kadalar içerki kanunda güýje girdi. Bu döwürde döwletleriň hyzmatdaşlygy has giň häsiýete eýe bolup, barha köp durmuşa ornaşdy.

Parahatçylyk boýunça ilkinji Halkara konferensiýa howply ýagdaýlary parahatçylykly çözmek, urşy öňünden duýdurmak we urşy alyp barmagyň düzgüni boýunça ylalaşyklary işläp taýýarlamak maksady bilen, 1899-njy ýylda Gaaga şäherinde geçirildi. Konferensiýa halkara dawalary parahatçylykly çözmek barada Konwensiýa kabul

etdi we 1902-nji ýylda öz işine başlan eminiň gatnaşmagynda geçirilýän kazyýetiň Hemişelik edarasyny döretdi.

XIX asyryň birinji ýarymynda ilkinji halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar döräp başlady. Şunuň ýaly ilkinji guramalara 1823-nji ýylda döredilen gul eýeçiligine garşy göreşmek boýunça Britan we Halkara jemgyýeti degişlidir. 1905-nji ýylda dünýäde hökümete degişli bolmadyk 134 gurama hasaba alyndy. BMG-niň we onuň köpugurly edaralar ulgamynyň döremegi halkara hökümete degişli bolmadyk guramalaryň çalt ösmegine ýardam etdi. 1950-nji ýylda BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi «Hökümete degişli bolmadyk gurama» adalgasyny resmi taýdan teklip etdi we degişli karar çykardy.

Halkara guramalaryň ösen indiki wajyp tapgyry Birinji Jahan urşundan soňky döwre degişlidir. Bu döwürde döwletler parahatçylygy we halkara howpsuzlygy saklamak boýunça halkara guramany döretmeklige başladylar. Bu maksatlara ýetmegiň guraly hökmünde 1919-njy ýylda Milletler Ligasy döredildi. Liganyň ähli agzalarynyň ýygnagy, geňeş we hemişelik müdiriýet Milletler Ligasynyň esasy edaralary hökmünde hereket etdi. Hemme döwletler Liganyň agzasy bolmady. Mysal üçin, ABŞ hiç haçan onuň agzasy bolmady. Liga giren käbir ýurtlar bolsa soňra onuň düzüminden çykdy. Hemmesini jemläp aýdanyňda, 1920-nji ýyldan 1945-nji ýyla çenli aralykda 63 döwlet şu guramanyň agzasy boldy. Milletler Ligasynyň esasy wezipesi dünýä syýasaty, parahatçylygy saklamak we täze uruşlaryň öňüni almak bolup durýardy. Milletler Ligasynyň Tertipnamasynda parahatçylygy saklamak boýunça dürli netijeli çäreler göz öňünde tutulan. Onda milli ýaraglary iň az, ýagny milli howpsuzlygy üpjün etmek üçin gerek bolan möçbere çenli çäklendirmek zerurlygy ykrar edilen. Liganyň Geňeşi her bir döwlet üçin ýaraglary çäklendirmegiň meýilnamalaryny taýýarlamalydy we olary gyzyklanýan hökümetleriň garamagyna hödürlemelidi. Emma Milletler Ligasy parahatçylygy saklamak we halkara dawalary parahatçylykly çözmek boýunça öz üstüne ýüklenen esasy wezipesini ýerine ýetirip bilmedi. Liganyň agzalarynyň aralarynda döräp gapma-garşylyk, döwletleriň öz üstü-

2. Sargyt № 2070

ne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmezlige sebäp boldy. Ol Ikinji Jahan urşunyň, şeýle hem Ýaponiýanyň Hytaýa, Italiýanyň Ispaniýa, Germaniýanyň Awstriýa ýaragly çozmagynyň öňüni alyp başarmady. Öz wezipelerini ýerine ýetirip başarmanlygy sebäpli 1946-njy ýylyň 20-nji aprelinde Milletler Ligasy ýatyryldy we onuň serişdeleri BMG-ä geçirildi.

Şonuň bilen birlikde Milletler Ligasynyň işine hakyky baha berlende (ol 1919–1939-njy ýyllar aralygynda işjeň hereket etdi) ony «beýik tejribe» diýip atlandyrmaga esas berdi hem-de Milletler Ligasynyň oňaýsyz tejribesi BMG döredilende nazara alyndy. Milletler Ligasynyň ulgamyna giren halkara howpsuzlyk, ykdysady we durmuş hyzmatdaşlyk hem-de halkara adalatlylyk ugurlaryna degişli bolan institutlar 1914-nji ýyldan öň döredilen guramalary birleşdiren we Birinji Jahan urşy ýyllarynda hyzmatdaşlygyň dürli görnüşlerini üpjün eden wajyp halka boldy. Milletler Ligasy tarapyndan döredilen halkara hyzmatdaşlygyň institusional görnüşleri arkaly geljekki BMG-niň has ygtybarly daýanjy üpjün edildi.

Ikinji Jahan urşy köp sanly ýurtlarda, uruşdan soň parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerini ýerine ýetirip biljek guramany döretmek barada hökümet we jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ösmegine güýçli itergi berdi. Halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakda, şeýle hem syýasata degişli bolmadyk ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmekde, BMG-niň Tertipnamasynyň Milletler Ligasynyňkydan has abraýly bolandygyny wagt görkezdi. Hökümet we hökümete degişli bolmadyk halkara guramalaryň işlerini netijeli sazlaşdyrýan BMG XX asyryň ikinji ýarymynda halkara guramalar ulgamynda merkezi orny eýelemegi başardy. Netijede, köp sanly ýöriteleşdirilen we Birleşen Milletler Guramasy bilen bagly beýleki edaralary özüne jemleýän BMG-niň ulgamy döredi. Birleşen Milletler Guramasy adamzady howsala salýan esasy syýasy meseleler bilen meşgullanýan iň iri we has abraýly halkara gurama öwrüldi. BMG-niň syýasy işi ykdysady we durmuş meseleler bilen aýrylmaz baglanyşykda alnyp barylýar.

BMG-niň we beýleki halkara guramalaryň işleri bellibir halkara ýagdaýlarda geçdi, şol hem olaryň üstünliklerini we şowsuzlyklaryny ep-esli derejede kesgitledi. Uruşdan soňky 1945–1990-njy ýyllar aralygynda BMG-niň halkara gatnaşyklar ulgamy iki möhüm ýagdaýyň täsirinde ösdi. Onuň birinjisi Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky «sowuk uruş», ikinjisi – ykdysady taýdan ösen Demirgazyk we yza galan, garyp Günorta ýurtlaryň arasyndaky güýjeýän dawa boldy. Ikinji Jahan urşundan soň halkara guramalaryň ösen taryhy olaryň häzirki zaman industrial jemgyýetiň durmuşy bilen berk baglanyşyklydygyny görkezýär. «Sowuk uruş» köptaraply diplomatiýanyň ösmegine uly täsir etdi. Iki sany ýokary harby we syýasy kuwwata eýe bolan ýurtlaryň bäsleşmegi netijesinde täze halkara guramalar döredi. Bu ýagdaýda Demirgazyk Atlantik Ylalaşyk Guramasy (NATO) we Warşawa Şertnama Guramasy döredi. «Sowuk uruş» döwründe BMG-ä we halkara guramalara giren köp sanly täze garaşsyz döwletler döredi. «Sowuk uruş» tamamlanandan soň, halkara guramalaryň wezipeleri has giňeldi, olaryň halkara dawalary we ählumumy meseleleri çözmek ukyby ýokarlandy.

1980-nji ýyllarda hökümete degişli bolmadyk guramalaryň okgunly ösüş sany we işjeňligi hasaba alyndy. Olar parahatçylyk ugrundaky göreş, ýewropa howpsuzlygy, adam hukugy we tebigaty goramak ugurlary boýunça döredildi.

Halkara gatnaşyklaryň wajyp wezipelerini halkara hökümetara guramalaryň işi bilen bir hatarda hökümete degişli däl halkara guramalar ýerine ýetirýär. Halkara giňişliginde abraýly guramalar hökmünde halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý komiteti, Ýabany tebigatyň Bütindünýä gaznasy, Grinpis, Halkara olimpiýa komiteti we beýlekiler çykyş etdi. Şeýle hem halkara söwda-senagat edaralary, sport federasiýalary, alymlaryň, saglygy goraýyş işgärleriň, hukuk goraýyş, medeniýet işgärleriň, ekologlaryň, ýaşlaryň we talyplaryň birleşikleri, senagatçylaryň we telekeçileriň, syýasy partiýalaryň we hereketleriň köp sanly guramalary hereket edip başlady.

XX asyryň soňky on ýyllygy we XXI asyryň ilkinji ýyllary halkara guramalaryň taryhynda wajyp döwür boldy. Olar dünýä

ulgamynyň ähli beýleki düzüm böleklerine garanyňda has düýpli özgerdi. Olar Ýewropadaky, Aziýadaky, Afrikadaky dawalary hem-de ösýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady meselelerini çözmeklige işjeň gatnaşdylar. Halkara durmuşynda «sekizler topary», «ýigrimiler topary» ýaly köptaraplaýyn resmi däl halkara bileleşikleriň täsiri artyp başlaýar. Olar halkara durmuşyň zerur meselelerini gatnaşyjy ýurtlaryň ylalaşykly hereketleri boýunça çözmek bilen meşgullanýarlar. Olaryň çözgütleriniň hökmany güýji ýok hem bolsa, dünýä syýasatynda olaryň tutýan düýpli ornuny inkär etmek kyn.

Halkara guramalar halkara durmuşy düzgünleşdirmegiň has ösen we köp dürli görnüşine degişlidir. Halkara guramalaryň işjeňliginiň has ýokarlanmagy, olaryň umumy sanynyň esli artmagy häzirki zaman ösüşiň üýtgeşikligi bolup durýar. Häzirki wagtda halkara guramalaryň sany 70 müňden gowrak bolup, şolaryň 50 müňden gowragy halka-

*1-nji tablisa*

**Halkara guramalaryň sany, 1909–2018 ý.**



ra hökümete degişli bolmadyk guramalardyr. Halkara guramalaryň sanynyň ösüşini görkezýän maglumat 1-nji tablisada beýan edilen.

Häzirki zaman hökümete degişli we hökümete degişli bolmadyk halkara köp sanlylygyny we köp dürlüligini görkezýän maglumatlar gutarnykly häsiýete eýe däldir. Olaryň sanynyň çalt ösüşi her bir häzirki zaman döwletiň içerki syýasy, ykdysady, durmuş, tehnologik, medeni we başga ösüşlerinde halkara ýagdaýlaryň ähmiýetiniň artýandygyny görkezýär. Köptaraply döwletara gatnaşygyň bar bolan görnüşleri häzirki zaman halkara bileleşiginiň ähli köpgörnüşli zerurlyklaryny doly çözüp bilmeýär. Bu bolsa döwletleriň özara baglanyşygynyň artýan we durmuşyň halkaralaşýan şertlerinde olaryň zerurlygyny görkezýän täze görnüşler bilen üstüniň ýetirilmegini talap edýär.

Häzirki zaman halkara guramalar, iki asyryň dowamyndaky ösüşini nazara alsak, özünden ozalky halkara dolandyryş bileleşiklerinden has çuňlaşdy we olardan häsiýeti, hukugynyň möçberi, ygtyýarlygy, guramaçylyk düzümi, wezipesi, şeýle hem halkara gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny we ähmiýeti boýunça düýpli tapawutlanýar. Halkara guramalar hökümetara hyzmatdaşlygyň zerur hukuk görnüşleriniň biri bolmak bilen, onuň dünýä hojalygynyň ösüşine ýetirýän täsiri wagtyň geçmegi bilen diňe artar.

Umuman, Halkara hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň döremegine we ösmegine şu aşakdaky esasy ýagdaýlar we hadysalar täsir etdi:

- dünýä bazarynyň döremegi, dünýä hojalygynyň ösmegi we döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň güýçlenmegi;
- halkaralaşmak netijesinde jemgyýetiň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň üýtgemegine hem-de hökümete degişli bolmadyk derejede ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň we beýleki gatnaşyklaryň ýokary derejede ösmegine getiren senagat özgerişleri;
- bolup geçen iki Jahan urşy netijesinde adam pidasynyň sanynyň ösmegi we harby dawalaryň barşyndaky maddy ýitgiler;
- garşylykly durmuş-ykdysady iki ulgamyň bäsdeşligi, olara mahsus bolan halkara bähbitlere hyzmat edýän köp sanly hal-

kara hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň uly toparynyň döremegi;
- diňe döwletleriň we halklaryň köptaraplaýyn ylalaşykly tagallalary bilen çözüp boljak ählumumy meseleleriň döremegi.

## II TEMA

# HALKARA GURAMALARYŇ GÖRNÜŞLERI, MAKSATLARY WE WEZIPELERI

## 2.1. Halkara guramalaryň görnüşleri

Halkara guramalar döwletara hyzmatdaşlygyň bir görnüşi bolup, ol hökümetara we hökümete degişli bolmadyk halkara guramalara bölünýär.

Halkara hökümetara guramalar – bu döwletleriň arasynda halkara şertnamalar esasynda döredilen ýurtlaryň ýa-da döwlet institutlarynyň birleşigi. Halkara hökümetara guramalaryň agzasy bolup, umumy düzgüne laýyklykda, öz wekilleriniň üsti bilen döwlet durýar. Halkara hökümetara guramalara girýän döwletleri iki sany esasy topary aňladýan derejelerde görkezýärler: esaslandyryjylar we esaslandyryjylaryň ylalaşyklaryna goşulan döwletler. Adatça, esaslandyryjylar bilen soň goşulan döwletleriň arasynda hukuk we borç gatnaşyklary boýunça tapawut bolmaýar. Guramalara täze döwletler onuň agzalarynyň sesleriniň köplügi ýa-da biragyzdanlygy baradaky karar esasynda kabul edilýär. Käbir halkara guramalar guramanyň tertipnamasyny ykrar edýän we borçlaryny ýerine ýetirýän dünýäniň ähli ýurtlary üçin açykdyr (mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy). Guramalaryň köpüsi çäklendirilen düzüme niýetlenen. Olara goşulmagyň şertleri bolup anyk iş ugurlarynyň we bähbitleriniň bolmagy (Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy, Gazy eksport ediji ýurtlaryň forumy), ykdysadyýetiň bellibir ösüş derejesi (Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy),

dünýäniň haýsy hem bolsa bir sebitine degişliligi (Afrika bilileşigi), anyk syýasy şertleri ýerine ýetirmegi (Ýewropa Geňeşi) çykyş edýär.

Halkara hökümetara guramalaryň esasy alamatlary:

1. Halkara hökümetara guramalaryň agzalary garaşsyz döwletlerdir. Olar halkara hökümetara guramalary döredýär, guramanyň tertipnamasyny kabul edýär, ses bermäge gatnaşýar, halkara hökümetara guramalaryň ýokary edaralaryny saýlaýar.
2. Halkara hökümetara guramalaryň işiniň şertnama binýady – bu onuň tertipnamasy, esaslandyryjy delilnamasy, toparlaryň (döwletleriň) hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek bilen bir hatarda, olaryň halkara giňişliginde täze dörän, hemişelik hereket edýän halkara hukuk subýektini resmileşdirýän halkara şertnamalardyr. Halkara hökümetara guramalar diňe bir halkara şertnamalar esasynda däl, eýsem, halkara guramalaryň özleriniň rezolýusiýalary bilen olaryň kömekçi edaralary hökmünde döredilip bilner. Mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasyny (UNEP), BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasyny (ÝUNESKO) döretmek baradaky Rezolýusiýasy. Halkara hökümetara guramalar haýsydyr bir halkara şertnamalaryň kadalaryna laýyklykda hem döredilip bilner. Has takygy, BMG-niň deňiz hukugy boýunça Konwensiýasynyň düzgünlerine laýyklykda, deňziň düýbi boýunça Halkara edara döredildi.
3. Her bir Halkara hökümetara guramalar anyk maksatlar bilen döredilýär. Hut guramalaryň maksatlary olaryň guramaçylyk-hukuk gurallarynyň kanunylygyny, ygtyýarlygyny we aýratynlygyny kesgitleýär.
4. Hemişe hereket edýän içerki guramaçylyk gurluşyň barlygy (Halkara hökümetara guramalaryň we halkara hökümete degişli bolmadyk guramalaryň umumy alamaty). Adatça, bu parlamentara bileleşigiň guramaçylyk gurluşy.
5. Ähli halkara guramalar halkara hukugyň subýektidir (Halkara hökümetara guramalar – adaty, esasy, hakyky; Halkara

hökümete degişli bolmadyk guramalar – adaty däl). Halkara hökümetara guramalar halkara subýekt hukugynyň uly möçberine eýedir: halkara şertnamalary baglaşmaga hukugy, halkara derejede talaplaryny yglan etmäge, ýeňilllikleriň we dahylsyzlygyň bolmagy, halkara-hukuk jogapkärçiligini alyp barmak borjy.

Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar – bu döwletde bellige alnan we dürli ýurtlaryň subýektleri bolup durýan daşary ýurt fiziki we ýuridik şahslaryň jemgyýetçilik guramalaryny döretmeklige we şol guramalaryň ýolbaşçy edaralar düzümine saýlanmaga hukugy bolan agzalaryň birleşigidir. Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ähli ugurlarynda işjeň orun tutýar. Olar käbir ugurlarda öňdebaryjy bolup durýar. Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar hemmeler tarapyndan kabul edilen şu aşakdaky ölçeglere laýyk gelýär:

– guramalaryň maksady – halkara ähmiýetli;
– kesgitlenen maksatlara ýetmek üçin iş – halkara ähmiýetli;
– guramany dörediji bellige alýan döwleti saýlaýar we öz işini bellige alan döwletiň içerki kanunlaryna laýyklykda alyp barýar;
– iň azyndan iki döwletiň subýekti guramanyň agzalary (gatnaşyjylary) bolup durýar ýa-da guramanyň netijeli işi iň azyndan iki döwletde amala aşyrylýar.

Ynsanyýetiň ählumumy meselelerini çözmekde, dünýäde parahatçylygy saklamakda, hemme taraplaýyn howpsuzlygy üpjün etmekde uly maliýe mümkinçiliklerine we giň ygtyýarlylyga eýe bolan döwletlere we halkara hökümetara guramalara esasy orun degişlidir. Muňa garamazdan, ekologik, demografik, durmuş we beýleki meseleleriň çözgüdini diňe bir ýa-da birnäçe döwletleriň we hökümet guramalaryň güýji bilen çözmek mümkin däl. Bu meseleleri netijeli çözmek üçin ähli halklaryň giň we aýgytly gatnaşmagyny gazanmak zerur bolup durýar, sebäbi biziň dünýämiz ykdysady we syýasy özara gatnaşyk torundan uludyr. Dünýä aslynda ýeke-täk halkara jemgyýetdir. Häzirki wagtda adamzadyň howply meselelerini çöz-

mek üçin täze we bar bolan gurluşy üýtgedip guramagyň, bu ugurda diňe bir döwletleriň däl, eýsem, bütin dünýä ilatynyň tagallalaryny sazlaşdyrmagyň zerurlygyna barha köp sanly döwletler düşünip başladylar.

Geografik ölçeg boýunça halkara guramalar bütindünýä, sebit we sebitara häsiýetli bolup bilýär. Bütindünýä möçberli guramalaryň umumy ygtyýarlylygy, adatça, köptaraply hökmünde häsiýetlendirilýär. Bu ýagdaýda adalganyň özi köp wezipeliligi we möçberliligi nygtaýar. Bütindünýä häsiýetli guramalaryň maksatlary we wezipeleri hemmeler üçin ýa-da köp sanly ýurtlar üçin ähmiýetlidir. Şular ýaly guramalara uruşara döwründe Milletler Ligasy, soňra Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň ýöriteleşdirilen edaralary (Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy we beýlekiler) degişlidir.

Halkara sebit guramalaryna belli bir geografik çäkde anyk işleri amala aşyrýan guramalar, bileleşikler degişlidir. Şeýle guramalaryň iş obýekti sebitiň çäginde bilelikde howpsuzlyk, ykdysady, durmuş, medeni we beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk bolup durýar. BMG-niň Tertipnamasynyň VIII babynda howpsuzlyk boýunça sebit guramalary döretmegiň we işlerini alyp barmagyň kanunylyk şertleri göz öňünde tutulan. Şeýle hem BMG-niň Tertipnamasy ykdysady, durmuş, medeni we beýleki ugurlar boýunça halkara guramalara anyk talaplary görkezýär (IX bap. «Halkara ykdysady we durmuş hyzmatdaşlyk»). Aýratyn hem, olary döretmek we wezipe işleri BMG-niň Tertipnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyk gelmeli, olar BMG-niň ykdysady, durmuş, medeni we beýleki meselelerini çözmäge ýardam etmeli. Köp sanly we dürli-dürli sebit guramalaryň arasynda Arap ýurtlarynyň Ligasy, Afrika Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Amerika ýurtlarynyň guramasy ýaly umumy ygtyýarlykly guramalar tapawutlanýar.

Häzirki wagtda örän köp sanly umumy, şeýle hem ýörite ygtyýarlylykly sebitara guramalar hereket edýär. Sebitara guramalaryň agzasy – dürli sebitleriň ýurtlary bolup bilýär. Bu guramalar agza ýurtlaryň gyzyklanýan we wajyp meselelerini çözmek üçin döredilýär. Sebit-

ara guramalaryň işi hem BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgelerine we maksatlaryna laýyk gelmeli, hemmeler tarapyndan ykrar edilen halkara hukuk ýörelgelerine we kadalaryna tabyn bolmaly. Sebitara guramalary döredijiler aýry geografik sebitleriň däl-de, eýsem, dürli sebitlerde ýerleşen ýurtlaryň bähbitli ýörelgelerine esaslanýar. Sebitara guramalara Yslam konferensiýasynyň guramasy, Nebiti eksport edýän ýurtlaryň guramasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy, Arap ýurtlarynyň Ligasy we beýlekiler degişlidir.

Guramalary ygtyýarlyklaryň gerimi we häsiýetleri boýunça umumy we ýörite ygtyýarlykly toparlara bölmek bolar. Umumy ygtyýarlykly halkara guramalaryň işi halkara hyzmatdaşlygyň has giň we ähli umumy meselelerini özüne alýar (mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasy, Afrika bileleşigi, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy). Ýörite ygtyýarlykly halkara guramalaryň işi halkara gatnaşyklaryň ýörite bir ugruna gönükdirilen, mysal üçin, harby-syýasy guramalar (NATO), ykdysady guramalar (Halkara Pul (walýuta) gaznasy) we beýleki guramalar (Bütindünýä poçta bileleşigi, Halkara raýat awiasiýa guramasy we ş.m.).

Edaralar arasyndaky guramalar halkara guramalaryň aýratyn görnüşleriniň biri bolup durýar. Şular ýaly guramalar döredilende we hereket edende degişli ministrlikler we edaralar öz ygtyýarlyklaryny döwlet içindäki hukuk kadalaryna laýyklykda döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrýarlar. Şunuň bilen birlikde, ol ýa-da beýleki guramalara gatnaşmak meselelerini çözmek hökümet ygtyýarlygyna degişlidir, guramalaryň edaralary bilen ähli soňky gatnaşyklar bolsa degişli edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Edaralar arasyndaky esasda jenaýat polisiýasynyň halkara guramasynyň (Interpol) işi alnyp barylýar, tertipnama laýyklykda öz döwletiniň adyndan ygtyýarlyklara eýe bolan başarjaň polisiýa edaralary guramanyň agzasy diýlip hasap edilýär.

Halkara maslahatlaryň institutyny gepleşikler we halkara guramalar ýaly halkara hukuk institutlaryndan aýrylmaz baglanyşykda öwrenmek zerurdyr. Gepleşiklerden maslahatlar, maslahatlardan bolsa halkara guramalar ösdi. Halkara maslahatlar halkara gatnaşyklaryň

we halkara hukugyň instituty hökmünde XIX asyryň ikinji ýarymynda peýda boldy. Häzirki wagtda her ýyl 1000-den gowrak maslahatlar geçirilýär. Maslahatlar halkara hukugyň subýekti bolup durmaýar. Köp halatda olary köptaraply ýa-da parlament diplomatiýasy diýip atlandyrýarlar. Bu institutyň çeşmeleri bolup halkara guramalaryň adaty kadalary we delilnamalary çykyş edýär. Islendik maslahatyň halkara hukugyň esasy ýörelgelerine laýyk gelýän anyk maksatlary we wezipeleri bolmaly. Halkara maslahat – bu ylalaşykly maksatlara eýerýän, anyk guramaçylyk gurluşy we ygtyýarlygy bar bolan halkara hukuk obýektleriniň edarasydyr.

Halkara maslahatlar şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. Gatnaşyjylaryň häsiýeti boýunça: hökümetara we hökümete degişli bolmadyk.
2. Gatnaşyjylaryň topary boýunça: ählumumy, sebit, sebitara.
3. Geçirmegiň derejesi boýunça: döwlet we hökümet baştutanlary (ýokary derejede), daşary işler ministrleri, pudaklaryň ministrleri.
4. Çagyryşyň tertibi boýunça: anyk meseleleri çözmek üçin döwürleýin (anyk aralykdaky wagtyň üsti bilen wagtly-wagtyna çagyrmak – mysal üçin, bäş ýyldan bir gezek).
5. Çagyryşyň maksatlary boýunça: parahatçylyk, syýasy, ykdysady, diplomatik, ýörite.
6. Çagyryşyň başyny başlaýjy boýunça: halkara guramalaryň çäginde we döwletleriň özbaşdaklygynda (halkara guramalaryň çäginden daşgary).

XX asyrda has meşhur bolan maslahatlara Wersal we Pariž 1919 ý., Tähran 1943 ý., Ýalta 1945., San-Fransisko – 1945 ý., Ženewa 1949 ý., Wena 1961, 1963, 1968-1969 ý., adam hukugy boýunça Tähran maslahaty 1968 ý., daşky gurşawy goramak boýunça Stokgolm maslahaty 1972 ý. we beýlekiler degişlidir. Has köp sanly maslahatlar BMG-niň rezolýusiýasy, karary esasynda ýa-da howandarlygynda geçirilýär. 2016-njy ýylyň 26-27-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň kararnamasy bilen Aşgabatda «Durnukly ulag ulgamy boýunça» ählumumy maslahat geçirildi. Dünýäde ilkinji gezek

geçirilen bu maslahatyň netijesinde «Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahatyň borçnamalaryna we maslahatlara ygrarlydygy hakynda» Aşgabat beýannamasy kabul edildi.

Maslahatlaryň işiniň netijesi boýunça halkara şertnamalar kabul edilýär, jemleýji delilnamalar görnüşinde resminamalar makullanýar, meýiller boýunça deklarasiýalar, protokollar, beýannamalar kabul edilýär. Adat boýunça, jemleýji resminamalar maslahat beriji häsiýete eýedir, emma düzüminde döwletler üçin hökmany kadalar hem bolup biler.

Halkara guramalaryň arasynda birnäçe adaty bolmadyk guramalar hem bar. Olary köphalatda klublar diýip atlandyrýarlar, çünki bu guramalara agza bolmagyň we kabul etmegiň şerti berk resmileşdirilen däldir. Kabul etmegiň şerti üýtgäp biler, sebäbi ähli zat şular ýaly guramalara girmek isleýän döwletlere bagly. Klubyň agzasy bolmak örän abraýly, sebäbi bu dünýäde bolup geçýän syýasy we ykdysady ýagdaýlara täsir etmeklige mümkinçilik berýär. Bu guramalara mysal edip London, Pariž, Rim klublaryny görkezmek bolar. London kluby özüne dünýäniň iri hususy karzçy-banklaryny birleşdirýär. Eger döwlet maliýe karzlary boýunça bergilerini we göterimlerini wagtynda töleýän bolsa, şeýle hem «ynamly bergidar» abraýy bolsa, şu klub bilen resmi gatnaşyklary ýola goýup, belli bir ýeňillikleri gazanyp biler. 1956-njy ýylda döredilen Pariž klubyna girýän ýurtlaryň beren karzlarynyň bir bölegini yzyna almak mümkin däl (mysal üçin, bergidar döwletleriň batmagy we ş.m.). Şol sebäpli Pariž klubyna girip karz berýän döwletler beren pullarynyň bir bölegini gaýdyp gelmesiz ýitirýär (nähili-de bolsa, öz bergidarlaryny bagyşlaýar), ýöne beýlekileriň tölegi oňa kepillendirilen. 1968-nji ýylda döredilen, halkara jemgyýetçilik guramasy bolan Rim kluby özüne dünýäniň görnükli syýasy, maliýe, medeni we ylmy wekillerini birleşdirýär. Bu klubyň esasy wezipesi öz nutuklarynyň üsti bilen ählumumy meselelere dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmekdir.

## 2.2. Halkara guramalaryň wezipeleri we maksatlary

Halkara guramalaryň işiniň düýp esasy agza ýurtlaryň gyzyklanýan meselelerini aýan etmekden we ylalaşmakdan, şonuň esasynda umumy garaýyşlary, umumy talaplary işläp taýýarlamakdan, degişli meseleleri kesgitlemekden, şeýle hem olary çözmegiň usullaryny we serişdelerini kesgitlemekden ybaratdyr. Olaryň aýratynlygyny guramanyň agzalarynyň garaşsyz döwletler bolup durýandygy kesgitleýär. Bu wezipeleriň aýratynlygyny we olary amala aşyrmagyň gurallaryny şertlendirýär. Guramalaryň işiniň esasy tapgyrlary ara alyp maslahatlaşmakdan, karar kabul etmekden we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekden durýar.

Halkara guramalaryň wezipeleriniň üç esasy görnüşini görkezmek bolar: düzgünleşdiriji, barlag we ýerine ýetiriji. Düzgünleşdiriji wezipesi häzirki wagtda has wajyp bolup durýar. Ol maksatlary, ýörelgeleri, agza ýurtlaryň özlerini alyp barmagyň düzgünlerini kesgitleýän kararlary kabul etmekden durýar. Şonuň ýaly çözgütler diňe hökmany ahlak-syýasy güýje eýedir. Şeýle-de bolsa, olaryň döwletara gatnaşyklaryna we halkara hukuga ýetirýän täsirine kem baha berip bolmaz. Islendik döwlete halkara guramalaryň kararlaryna garşy durmak kyn.

Guramalaryň rezolýusiýalary gös-göni halkara-hukuk kadalaryny döretmeýär, emma hukuk döredijilik hem-de gollanylmaga degişli bolan hukuk işlerine düýpli täsir edýär. Halkara hukugyň köp sanly ýörelgeleri we kadalary ilki bilen rezolýusiýalarda kesgitlendi. Halkara hukugyň esasy ýörelgelerini tassyklamakda we olaryň mazmunyny açyp görkezmekde BMG-niň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýalarynyň ähmiýetini ýatlamak ýeterlikdir. Hyzmatdaşlygyň ýörite ugurlary boýunça (maliýe, aragatnaşyk, ulag we beýlekiler) halkara hukugyň kadalary, esasan, guramalaryň kömegi bilen döredildi. Halkara-hukuk kadalary tassyklamakda, olary hakyky halkara durmuşa takyklap ulanmakda rezolýusiýalara wajyp wezipe degişlidir. Kadalary anyk ýagdaýlarda ulanyp, guramalar olaryň mazmunyny açýar. Diňe bir rezolýusiýalarda däl, eýsem, çekişmeleriň

barşynda hem hukuga zerur bolan üýtgeşmeler aýdyňlaşdyrylýar. Hukugyň kanunylygyny tassyklaýan we tassyklamaýan wezipesi hem örän möhüm bolup durýar. Birinjisi, kadalaryň ähmiýetini tassyklamakdan ybarat bolup, onuň netijeliligini artdyrýar. Ikinjisi, durmuşyň talaplaryna laýyk bolmadyk kadalary ykrar etmezlikden ybaratdyr.

Guramalaryň barlag wezipesi ýurtlaryň alyp gelýän işleriniň halkara hukuk kadalaryna, şeýle hem rezolýusiýalara laýyklygyna gözegçiligi amala aşyrmakdan durýar. Bu maksatlar üçin guramalar degişli maglumatlary ýygnamaga we seljermäge, olary ara alyp maslanatlaşmaga we gelnen netijeleri rezolýusiýalarda görkezmäge haklydyr. Köp halatlarda döwlet halkara hukugyň kadalaryny we degişli iş ugurlary boýunça guramanyň kararlaryny ýerine ýetirişi barada wagtly-wagtynda maglumat bermäge borçludyr. Bu ulgam, esasan, adam hukugy boýunça has ösendir. 1966-njy ýylda kabul edilen raýat we syýasy hukuk baradaky Halkara şertnama gatnaşyjylary adam hukugy barada şertnamanyň tertipnamasyny ýerine ýetirişi boýunça Komitete hasabat bermäge borçly edýär. Komitet maslahatlaşylan hasabatyň netijesi boýunça taýýarlanan nutugy BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşine berýär. Zerurlyk ýüze çykanda ýagdaýlary ýerinde barlamak maksady bilen, guramanyň gözegçilik edýän wekilleri ugradylýar. BMG-niň tejribesinde parahatçylykly düzgünleşdirmek şertlerini saklamak üçin gözegçilik edýän wekiliýetleriň sany artyp başlady. Barlagyň, şol sanda, gözegçiligiň düýpli çäreleri Atom energiýasy boýunça Halkara agentligiň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan.

Guramalaryň ýerine ýetirijilik wezipesi öz serişdeleriniň hasabyna maksada ýetmekden ybaratdyr. Köp ýagdaýlarda gurama hakykylyga agza ýurtlaryň üsti bilen täsir edýär. Şonuň bilen birlikde gös-göni ýerine ýetirilýän işleriň ähmiýeti hem kem-kemden ýokarlanýar. Guramalar ykdysady, ylmy-tehniki we beýleki kömekleri, degişli maslahatlary berýär. BMG-niň parahatçylygy saklamak boýunça işleri uly ösüş aldy.

Her bir halkara gurama anyk, diňe oňa mahsus bolan maksatlary ýerine ýetirmek üçin döredilýär, şonuň özi guramanyň wezipesini,

ygtyýarlyk häsiýetini, guramaçylyk gurluşyny, işiň wajyp taraplaryny kesgitleýär. Halkara guramalar şu aşakdaky umumy wezipeleri ýerine ýetirýär:

– çözülmeli meseleleriň ýagdaýyna hemişelik gözegçiligi (monitoringi) üpjün etmek;
– dünýä ykdysadyýetiniň hereketine kadalaşdyryjy başlangyjy we anyk durnuklylygy girizmek;
– pikir alyşmak we dürli ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin forum (çykyşlar üçin ýer) bolup hyzmat etmek;
– ösüş meýilleri we teklipleri işläp taýýarlamak boýunça maglumatlary seljermek we jemlemek.

Halkara ykdysady guramalar birnäçe ýörite wezipeleri ýerine ýetirýär. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

– ýurtlaryň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygyň dürli görnüşlerini ösdürmek;
– daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin amatly gurşawy döretmek;
– hususy telekeçiligi ösdürmegi höweslendirmek;
– aýry-aýry ýurtlaryň howply ýagdaýlardan çykmagynyň gözlegine ýardam bermek;
– dürli ýurtlaryň makroykdysady syýasatyny ylalaşmak we sazlaşdyrmak.

Köpbasgançaklylyk nukdaýnazardan Halkara hökümetara guramalar esasy we kömekçi edaralara bölünýär. Esasy edaralar tertipnama esasynda döredilýär, çözgütleri kabul etmeklige gatnaşýar, guramanyň belli bir iş ugurlaryna ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Kömekçi edaralar hemişelik ýa-da wagtlaýyn häsiýetli bolan anyk meseleleri ýerine ýetirýär. Kömekçi edaralar zerurlyk bolanda döredilýär we ýatyrylýar.

Halkara hökümetara guramalaryň esasy edaralarynyň ýerine ýetirýän wezipelerini maslahat ediji, ýerine ýetiriji, administratiw, kazyýet, maslahat beriji görnüşlere bölmek bolar. Maslahat ediji eda-

ralar düzgün boýunça wagtly-wagtynda, seýrek we gysga wagtlaýyn ýygnanylýan umumy konferensiýa görnüşinde hereket edýär. Şular ýaly konferensiýalarda guramanyň iş ugrunyň ygtyýarlygyna degişli bolan ähli meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Şol edaralaryň agza döwletler üçin kabul eden çözgütleri hödürnama häsiýete eýedir. Döwlet anyk ýagdaýlara, şol guramanyň abraýyna baglylykda bu hödürnamalara eýerýär ýa-da ähmiýet bermeýär. Halkara maliýe hökümetara guramalarda umumy maslahat ediji edaralar hereket etmeýär.

Ýerine ýetiriji edaralar Halkara hökümetara guramalaryň häzirki işlerini üpjün edýär, kömekçi edaralaryny döredýär. Olara käwagt adatdan daşary häsiýetli çäreleri kabul etmek hukugy ýüklenilýär. Döwletler bilen işjeň hyzmatdaşlygy amala aşyrýan guramalaryň ýerine ýetiriji edaralary, hemişelik wekili derejesinde üznüksiz hereket edýär. Az işjeňlik işini alyp gelýän guramalar ministrler ýa-da beýleki ýokary wezipeli ýolbaşçylar derejesindäki döwlet wekillerinden durýar. Käbir ýagdaýlarda, mysal üçin, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynda, ÝUNESKO-da ýerine ýetiriji edaranyň agzalary ýöriteleşen ugurlarynyň hünärmenlerinden durýar. Ýerine ýetiriji edaralara mysal edip, Bütindünýä poçta bileleşiginiň Ýerine ýetiriji Geňeşini, Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň Dolandyryjylar Geňeşini görkezmek bolar. Agza sanlary köp bolan guramalarda ýerine ýetiriji edaralar az düzümde bellenilýär we üýtgedip durmak esasynda alnyp barylýar. Halkara hökümetara guramalara esasy gatnaşyjylaryň, köplenç, olardaky hemişelik ýerleri bolýar. Mysal üçin, Halkara zähmet guramasynyň Administratiw Geňeşinde hökmany ýagdaýda senagat taýdan has ösen 10 sany ýurduň hökümetleri bolmaly. Beýleki gatnaşyjylar belli bir wagta saýlanylýar we onda wekilleriň geografiýasyna hem aýratyn ähmiýet berilýär.

Administratiw edaralar – bu beýleki edaralaryň hereket etmegini üpjün edýän, maslahatlary, nutuklary taýýarlaýan, guramanyň materiallaryny çap edýän müdiriýetdir. Müdiriýetiň ýolbaşçysy maliýe serişdelerini dolandyrýar. Müdiriýetde halkara ýolbaşçylar, adminis-

tratiw-tehniki we kömekçi işgärler işleýär. Ýerine ýetirýän işlerine has oňat şertleri döretmek üçin olara ýeňillik we dahylsyzlyk hukuklary berilýär, ýokary haklar kesgitlenilýär.

Halkara hökümetara guramalaryň käbirinde kazyýet edaralary bolýar. Olar halkara guramanyň ygtyýarlyk meseleleri, kada resminamalary boýunça döreýän dawalary çözmegiň araçylyk wezipesini ýerine ýetirýär. Halkara hökümetara guramanyň degişli kazyýet edarasynda işe diňe iki tarapyň razylygy boýunça seredilýär. Kazyýetiň çözgüdi maslahat beriji häsiýete eýedir. Olarda kazyýetiň çözgüdini mejbury ýerine ýetirmegi üpjün edýän hiç hili gurallar ýok. Şolar ýaly edaralara mysal edip, BMG-niň halkara kazyýetini görkezmek bolar. Halkara kazyýetiň işi giň ykrarlygy almady.

Maslahat beriji edaralara Halkara hökümetara guramalarda ýaňy-ýakynda ýüze çykan parlamentara edaralar degişlidir. Olar degişli halklara guramalaryň ähli iş ugurlaryny alýan giň topar meseleler bilen meşgullanýar. Parlamentara edaralar düzgün boýunça agza ýurtlaryň milli parlamentleri tarapyndan bellenilen ýa-da saýlanylan parlament wekillerinden ybaratdyr. Olaryň hemişelik esasda işleýän orunbasarlary bolup bilýär. Häzirki wagtda parlamentara edaralar birnäçe iri halkara sebit guramalarynda hereket edýär. Mysal üçin, oňa Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň Parlament assambleýasy degişlidir.

Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalaryň baş wezipesi döwletler bilen döwlete degişli däl bölekleriň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmakdan ybaratdyr. Bu ýagdaýda hökümete degişli bolmadyk guramalar syýasy bolmadyk düzüm hökmünde çykyş etmäge we milli hem-de halkara derejesinde hereket etmäge ukyplydyr. Şular ýaly mümkinçilik ynamyň artýanlygyna esaslanýar. Hökümetleriň we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň arasyndaky ynamyň ýola goýulmagyna ýardam edýän esasy ýagdaýlaryň biri, köp sanly hökümete degişli bolmadyk guramalaryň maksatlary we meseleleri beýan edilen esaslandyryjy delilnamalarynyň milli bellige alyşdan geçmegidir. Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalaryň hökümetara

guramalaryň işine täsiri, olaryň halkara gatnaşyklarda we halkara hukukda tutýan orny şu aşakdaky görnüşlerde ýüze çykýar:

1. **Maglumat:** Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar döwletlere we hökümetara guramalara hem-de öz iş ugurlary boýunça olaryň edaralaryna wagtly-wagtynda umumy we şahsy maglumatlary ýollaýar. Şeýle hem olar hökümetara guramalardan alan maglumatlaryny ýaýradýar. Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar adam hukugy barada bilimi ýaýratmakda aýratyn wajyp orny tutýar.
2. **Maslahat:** Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar guramalara we şahslara haýyşlary boýunça geňeş we maslahat berýär.
3. **Hukuk döredijilik:** Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar adat boýunça döwletleriň garaýşyny nazara alyp, hukuk döredijilik işine gatnaşýar, ylalaşyklaryň taslamalaryny işläp taýýarlaýar. Şular ýaly taslamalar, köplenç, döwletiň we hökümetara guramalaryň garamagyna berilýär. Käbir Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar ýörite halkara hukugyň kadalaryny üýtgetmek we täzelemek bilen meşgullanýar, mysal üçin, halkara hukugyň Gaaga instituty. Halkara ynsanperwer hukugy üýtgetmekde we täzelemekde Halkara Gyzyl Haç komitetine esasy orun degişlidir. Onuň işjeň gatnaşmagynda urşuň pidalaryny goramak barada 1949-njy ýyldaky Ženewa konwensiýasy we olara goşmaça teswirnamalar işlenilip taýýarlanyldy.
4. **Barlag:** Halkara hukugyň kadalaryny berjaý etmekde we degişli barlagy üpjün etmekde Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalaryň ähmiýeti barha artýar. Esasy wezipesi halkara ynsanperwer hukugyň kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän Halkara Gyzyl Haç komitetiniň işini muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Birnäçe Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar adam hukugy we demokratiýa meseleleri boýunça hereket edýär. Mysal üçin, adam hukugy

barada Halkara federasiýa, Halkara amnistiýa, ýuristleriň Halkara iş topary adam hukugy boýunça halkara standartlaryň berjaý edilişini barlaýarlar. Şular ýaly barlag wezipelerini daşky gurşawy goramak bilen meşgullanýan Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar ýerine ýetirýär, mysal üçin, Halkara Ýaşyl Haç.

5. **Derňew:** Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar birnäçe gezek ýörite derňew iş toparlaryny döretdiler. Halkara ýurist-demokratlar birleşiginiň başlangyjy boýunça ABŞ-nyň Indokitaýdaky (1970-njy ýyl) we Ysraýylyň basyp alan arap territoriýasyndaky jenaýat işlerini derňemek boýunça Halkara iş topary döredildi. Soňky ýyllarda birnäçe Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar, mysal üçin, Halkara amnistiýa guramasy Çili, Ruanda, Gaiti döwletlerinde adam hukugynyň ýagdaýyny barlamak üçin ýörite derňew iş toparlaryny döretdiler. Hökümetara guramalara garanda Halkara hökümete degişli bolmadyk guramalar, birnäçe sebäplere görä, bilim, ylym we medeniýet ugurlary boýunça uzak wagtyň dowamynda netijeli işlediler. Olaryň käbiri, mysal üçin, Halkara ylmy bileleşigiň Geňeşi iri halkara maksatnamalary amala aşyrmakda uly tejribe topladylar.

Halkara guramalaryň maksatlary olaryň Tertipnamalarynda, Konstitusiýalarynda we beýleki esaslandyryjy resminamalarynda görkezilen. Mysal üçin, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň 1978-nji ýylda kabul edilen Konstitusiýasynda «ähli adamlaryň saglyk ýagdaýynyň mümkin bolan iň oňat derejesine ýetmegi» onuň maksady bolup durýar diýlip görkezilen. Halkara zähmet guramasynyň Konstitusiýasynyň girişinde onuň esasy meseleleriniň biri işçileri önümçilikde döreýän kesellerden we şikeslerden goramak diýlip görkezilen.

# III TEMA

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY WE ONUŇ HALKARA GATNAŞYKLAR ULGAMYNDA TUTÝAN ORNY

## 3.1. BMG-niň tertipnamasy, maksatlary we ýörelgeleri

Birleşen Milletler Guramasy – bu halkara parahatçylygy saklamak we pugtalandyrmak, umumy howpsuzlygy üpjün etmek, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we ählumumy durmuş-ykdysady ösüşe ýardam bermek maksady bilen döredilen iri halkara döwletara guramadyr. Onuň iş we gurluş esaslary Ikinji Jahan urşy ýyllarynda Gitlere garşy birleşen ýurtlaryň gatnaşmagynda işlenip taýýarlanyldy. «Birleşen Milletler» ady ilkinji gezek 1942-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda gol çekilen Birleşen Milletleriň Deklarasiýasynda ulanyldy. BMG-niň Tertipnamasy 1945-nji ýylyň aprel-iýun aýlary aralygynda geçirilen San-Fransisko maslahatynda tassyklanyldy we 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda 50 döwletiň wekilleri tarapyndan gol çekildi. 1945-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda tertipnama Polşa döwleti hem gol çekip, guramanyň ilkibaşdaky agzalarynyň hataryna goşuldy. Tertipnamanyň güýje giren 24-nji oktýabry Birleşen Milletler Guramasynyň güni hökmünde bellenilýär.

BMG-niň baýdagynyň taryhy 1945-nji ýylyň aprel aýynda San-Fransisko şäherinde geçirilýän Maslahat üçin taýýarlanylan nyşanyndan başlanýar. San-Fransisko Maslahatynyň garamagyna hödürlenen nyşanda dünýäniň kartasy tegelek şekilde görkezilen, Demirgazyk polýusyň merkezde ýerleşdirilen dünýäniň kartasy tegelek şekilde görkezilen. 1946-njy ýylyň 7-nji dekabrynda Assambleýa BMG-niň resmi möhüriniň we nyşanynyň çyzgysyny tassyklady. Tassyklanan nyşanda dünýä kartasyny iki sany zeýtun şahalary gurşaýar. Zeýtunyň şahasy parahatçylygyň alamatyny aňladýar. Dünýäniň kar-

tasy guramanyň esasy maksady bolan parahatçylygy şekillendirýär. Baş Assambleýanyň nobatdaky ikinji mejlisinde geljekde BMG-niň komitetleriniň we iş toparlarynyň dünýäniň dürli sebitlerinde, şeýle hem Merkezi edaralarynda we maglumat merkezlerinde ulanmak üçin baýdagyň zerurlygyna seredildi. 1947-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda «Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanan, açyk-gök reňkde berlen, merkezinde dünýäniň kartasy ýerleşdirilen BMG-niň baýdagy guramanyň resmi nyşany bolýar» diýlip yglan edilen Rezolýusiýa kabul edildi.

1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda BMG-niň halkara gurama boýunça San-Fransisko Maslahatynyň soňky mejlisinde 50 döwletiň wekilleri Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna gol çekdi we ol BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalary we tertipnama gol çeken köp sanly döwletler tarapyndan tassyklanandan soň, 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda güýje girdi. BMG-niň Tertipnamasy – bu halkara gurama bolan Birleşen Milletler Guramasyny döredýän halkara şertnamadyr. Halkara kazyýetiň Statuty BMG-niň Tertipnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. BMG-niň Tertipnamasy Girişden we 111 maddany özüne jemleýän XIX bapdan ybaratdyr.

Giriş we I bap Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryny we ýörelgelerini yglan edýär. II bapda gurama agza bolmak meseleleriniň düzgüni beýan edilen. Soňky baplar BMG-niň gurluşyny, onuň baş edaralarynyň ygtyýarlygyny we iş tertibini kesgitleýär. Has takygy, IV–VII baplarda Baş Assambleýanyň we Howpsuzlyk Geňeşiniň hukuk ýagdaýy we iş ugry, XV bapda BMG-niň müdiriýeti barada ýazylan. Tertipnamada sebit ylalaşyklaryna, halkara ykdysady we durmuş hyzmatdaşlygyna, özbaşdak dolandyrylmaýan we hossarlyk ulgamyna bagyşlanan bölümler hem bar.

Tertipnama üýtgeşme girizmek mümkinçiligi göz öňünde tutulan. Şu ýerde tertipnamany düzetmegi (108-nji madda) we tertipnama täzeden seretmegi (109-njy madda) tapawutlandyrmak bolar. Düzetmek, ýagny tertipnamanyň şahsy häsiýete eýe bolan käbir maddalaryna üýtgeşmeleri girizmek agzalaryň üçden ikisiniň be-

ren sesleri esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilýär we ol guramanyň agzalarynyň üçden ikisi, şol sanda Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň hemmesi tassyklandan soň, ähli guramanyň agzalary üçin güýje girýär. Diýmek, Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň (Russiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Hytaý) haýsy hem bolsa biriniň razylygy bolmasa, Tertipnama girizilýän düzediş hukuk güýjüne eýe bolmaýar. Şunuň bilen bir wagtda güýje giren düzedişler ähli döwletler, şol sanda ol ýa-da beýleki düzedişe ses bermedikler, ýa-da ses berip degişli resminamalary tassyklamadyklar üçin hem hökmanydyr. Baş Assambleýa 1963, 1965 we 1971-nji ýyllarda geçirilen XVIII, XX we XXVI mejlislerinde Tertipnamanyň käbir maddalaryna düzedişleri girizdi. Bu ähli düzedişler BMG-niň iki edarasynyň, ýagny Howpsuzlyk Geňeşiniň we Ykdysady we Durmuş geňeşiniň düzümini giňeltmek bilen baglydyr (23, 27, 61 we 109-njy maddalar, üstesine-de, 61-nji madda iki gezek üýtgedildi).

Tertipnama täzeden seretmeklik Guramanyň agzalarynyň Baş maslahaty çagyrmagyny talap edýär, ol bolsa diňe Baş Assambleýanyň agzalarynyň üçden ikisiniň we Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalarynyň dokuzysynyň (on bäş sanysyndan) razylygy ýa-da çözgütleri boýunça ýgtyýar berilýär. Tertipnama üýtgeşme girizmek boýunça Baş maslahatyň kabul eden çözgütleri (gatnaşyjylaryň üçden ikisi makullanda) diňe Guramanyň agzalarynyň üçden ikisiniň, şol sanda Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň ählisiniň ony tassyklan şertlerinde güýje girýär. Şeýlelikde, Tertipnama üýtgeşme girizmek Howpsuzlyk Geňeşiniň ähli bäş sany hemişelik agzalarynyň razylygyna şertlendirilendir.

BMG-niň esasyny düzýän resminamasy bolan Tertipnamanyň durnuklylygy hiç bir ýagdaýda Guramanyň hukuk ýagdaýynyň we wezipeleriniň üýtgewsizligini aňlatmaýar. Tersine, halkara gatnaşyklaryň we halkara hukugyň ösüşine, BMG-niň köpugurly häsiýetiniň we onuň işinde demokratik meýilleriň güýçlenmegine baglylykda onuň gurluşy, ygtyýarlyklary we edaralarynyň iş görnüşleri hemişe artyp durýar. Emma şular ýaly artdyrmak Tertipnamanyň kadalaryna,

onuň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň hökmany berjaý edilmegine esaslanýar.

Tertipnamanyň 1-nji maddasyna laýyklykda Birleşen Milletler Guramasy şu aşakdaky maksatlara eýerýär: 1) halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak we bu maksat bilen parahatçylyga howp salýan ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek üçin bilelikde netijeli çäreleri kabul etmek, şeýle hem çozuş hereketleri ýa-da parahatçylygyň beýleki düzgün bozmalaryny ýatyrmak hem-de adalatlylyk we halkara hukuk ýörelgelerine baglylykda, parahatçylygy bozup biljek halkara dawalary ýa-da ýagdaýlary düzetmegiň ýa-da çözmegiň parahatçylykly usullaryny alyp barmak; 2) deň hukuklylyk we halklaryň öz hukuklaryny kesgitlemek ýörelgelerine hormat goýmak esasynda milletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek, şeýle hem ählumumy parahatçylygy berkitmek üçin beýleki degişli çäreleri kabul etmek. Her bir halkyň öz ösüş ýoluny we görnüşini saýlap almak hukugyna gürrüňsiz hormat goýmak halkara gatnaşyklaryň esasy ýörelgeleriniň biridir; 3) halkara ykdysady, durmuş, medeni we ynsanperwer häsiýetli meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak hem-de adam hukugyna we jyns, dil we dini tapawudyna garamazdan, hemmeler üçin esasy erkinligi höweslendirmegi we hormat goýmagy ösdürmek. Hyzmatdaşlygyň anyk görnüşi we onuň möçberi döwletleriň özlerine, ýagny olaryň sarp edijilik we maddy serişdelerine, içerki kanunlaryna we öz üstüne alan halkara borçlaryna bagly; 4) bu umumy maksatlara ýetmek üçin milletleriň hereketlerini utgaşdyrýan merkez bolmak.

Görkezilen maksatlara ýetmek üçin Tertipnamanyň 2-nji maddasyna görä, Gurama we onuň agzalary şu aşakdaky ýörelgelere laýyklykda hereket edýär: 1) Guramanyň ähli agzalarynyň özygtyýarly deňligi; 2) öz üstüne alan borçlaryny yhlasly ýerine ýetirmek; 3) halkara dawalary, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy howp astyna salmany parahatçylykly usullar bilen çözmek. Döwletleriň köpüsi parahatçylykly serişdeler ulgamynda köp sanly dawalary çözmeklige kömek edýän diplomatik gepleşikleri ileri tutýar; 4) halkara gatnaşyklarda islendik döwletiň tutýan meýdanynyň (territoriýasynyň)

el degrilmesizligine ýa-da syýasy garaşsyzlygyna garşy güýç howpuny görkezmekden ýa-da ony ulanmakdan, şeýle hem BMG-niň maksatlaryna sazlaşmaýan beýleki hereketlerden saklanmak. Güýç ulanmazlyk baradaky borç diňe BMG-niň agza döwletlerine däl, eýsem, ähli ýurtlara degişlidir. Ýaragly güýçleri özüňi goramak hökmünde ulanmak, diňe döwlete ýaragly çozuş dörese kanuny diýlip hasap edilýär; 5) BMG-niň Tertipnama laýyklykda amala aşyrýan ähli hereketlerine onuň agzalarynyň her hili çäreler arkaly kömek bermegi; 6) Birleşen Milletler Guramasyna agza bolmadyk döwletleriň Tertipnamanyň ýörelgelerine laýyklykda hereket etmegini üpjün etmek; 7) BMG-niň islendik ýurduň içerki ygtyýarlylygyna degişli işlerine gatyşmazlygy. Halkara hukuk döwletiň içerki syýasy ýagdaýyna degişli meseleleri düzgünleşdirmeýär, şol sebäpli döwletleriň we halkara guramalaryň halkara hukugyň subýektleriniň içki ygtyýarlygyna degişli işleri çözmäge päsgel bermeklige synanyşygyň islendik görnüşi gatyşmaklyk diýlip hasap edilýär. Hususan hem, her bir döwletiň haýsydyr bir döwlet tarapyndan islendik görnüşde goşulmazlyk ýagdaýynda öz syýasy, ykdysady, durmuş we medeni ulgamyny saýlamaga aýrylmaz hukugy bar hem-de hiç bir döwlet beýleki döwletiň gurluşyny zorluk ýoly bilen üýtgetmeklige gönükdirilen çäreleri guramak, kömek bermek, öjükdirmek, maliýeleşdirmek, höweslendirmek işlerine goşulmaly däl hem-de ýaragly herekete, ýykgynçylyga ýa-da terrorçylyga (garakçylyga) ýol bermeli däl, şeýle hem beýleki döwletleriň içerki dawalaryna goşulmaly däl. Mejbury çäreler ulanylanda, ýagny parahatçylyga howp salmak, parahatçylygy bozmak ýa-da çozuş etmek ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda BMG-niň Tertipnamasynyň VII babynyň esasynda bu umumy düzgüniň kadasyndan çykylýar. Guramanyň Tertipnamasynyň VII babyna laýyklykda, millet ýa-da din bahanasy boýunça ilatyň bir toparyny gyrmak ýa-da ynsanperwer betbagtçylyk ýagdaýy ýüze çyksa, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi şol döwlete sanksiýa (gadagan etmek) çärelerini ulanyp bilýär. Adam hukugy, demokratiýa we kanunyň hökümdarlygy meseleleri halkara häsiýete degişli bolýar we degişli döwletleriň diňe içerki işleriniň sanawyna girmeýär; 8) halkara hukuk boýunça borçlary

talaba laýyk ýerine ýetirmek ýörelgesi. Häzirki wagtda bu ýörelge köp sanly iki we köptaraplaýyn halkara ylalaşyklarda şöhlelendirilmesini tapýar. Bu ýörelge diňe hakyky ylalaşyklara degişlidir. Bu seredilýän ýörelge diňe meýletin we deň hukuklylyk esasynda baglaşylan halkara şertnamalaryň ulanylýandygyny aňladýar. Islendik deň hukuksyz halkara şertnama ozaly bilen döwletiň öz ygtyýarlygyny, şeýle hem BMG-niň Tertipnamasyny bozýar. Birleşen Milletler Guramasy «ähli öz agzalarynyň özygtyýarly deňlik ýörelgesine esaslandyrylan», olar öz gezeginde «deň hukuklylyk we halklaryň öz ykbalyny kesgitlemek ýörelgesine hormat goýmak esasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmek» boýunça öz üstlerine borç kabul etdiler.

BMG-niň resminamalaryna konwensiýalar we beýannamalar hem degişlidir. BMG-niň Tertipnamasyndan tapawutlykda konwensiýalary guramanyň gatnaşyjylary tarapyndan kabul etmek hökmany däldir. Ol ýa-da beýleki döwlet şol ýa-da beýleki şertnamany tassyklap ýa-da tassyklaman biler. BMG-niň has belli konwensiýalaryna we beýanlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy, 1948-nji ýyl
- Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda konwensiýa, 1951-nji ýyl
- Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakynda Şertnama, 1968-nji ýyl
- Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýa, 1989-njy ýyl
- BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasy, 1992-nji ýyl
- Kiota beýany, 1997-nji ýyl, Pariž ylalaşygy (2015 ý.)

BMG-niň beýanlary çagyryş we maslahat bermek görnüşinde resmileşdirilýär we ol aslyýetinde şertnama bolup durmaýar.

BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda «Gurama agzalyga kabul etmek tertipnamadaky borçlary öz üstüne alýan, şol borçlary ýerine ýetirmegi isleýän we berjaý edip biljek ähli parahatçylykly döwlet üçin açyk». Şonuň ýaly, islendik döwlet Howpsuzlyk Geňeşiniň hödürnamasy esasynda Baş Assambleýanyň karary bilen Guramanyň agzalygyna kabul edilýär. Täze agzany kabul etmek üçin Howpsuzlyk Geňeşiniň agza ýurtlarynyň 15-siniň azyndan 9-synyň goldawy

zerur (şunuň bilen birlikde Guramanyň Hemişelik agzalarynyň 5-si garşy ses berip, çözgüdi gadagan edip biler), ondan soňra mesele Baş Assambleýa geçirilýär, onda gurama girmegiň rezolýusiýasyny kabul etmek üçin sesleriň üçden ikisi talap edilýär. Baş Assambleýanyň rezolýusiýasynyň senesi Birleşen Milletler Guramasyna täze agza bolan ýurduň kabul edilen güni diýlip hasap edilýär.

Häzirki wagtda 193 döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolup durýar. BMG-niň ähli agzalary guramanyň iş ýörelgelerine laýyklykda, şu aşakdakylary berjaý etmeli:

– Tertipnama görä öz borçlaryny wyždanlyk bilen ýerine ýetirmek;
– öz halkara jedellerini halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we adalatlylygy howp astyna goýman, parahatçylykly usullar bilen çözmek;
– güýç görkezmek howpundan ýa-da ony islendik döwletiň garşysyna ulanmakdan saklanmak;
– BMG-niň Tertipnama laýyklykda alyp gelýän ähli işlerine dürli çäreleriň üsti bilen kömek bermek we BMG-niň öňüni alyş ýa-da mejbury häsiýetli zerur çäreleri görýän islendik döwletine kömek bermekden saklanmak.

BMG-niň Tertipnamasynyň II babynyň 6-njy maddasyna laýyklykda, Guramanyň ýörelgelerini birsyhly bozýan agza döwlet Howpsuzlyk Geňeşiniň hödürnamasy boýunça Baş Assambleýanyň karary bilen agzalykdan çykarylyp bilner.

Birleşen Milletler Guramasynda agza döwlet derejesinden başga Hemişelik synçy derejesi bar. Hemişelik synçylar doly hukukly agzalaryň düzümine kabul edilip bilner. Ol ýa-da beýleki döwletleriň synçy derejesi Baş Assambleýada sese goýmak ýoly bilen tassyklanylýar we onda berlen sesleriň köplügi boýunça çözgüt kabul edilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň synçy derejesine ykrar edilen, şeýle hem bölekleýin ykrar edilen döwletler eýe bolup biler. Häzirki wagtda diňe Watikan we Palestina döwleti Birleşen Milletler Guramasynda Hemişelik synçy derejesine eýedir.

BMG-niň we onuň edaralarynyň işini guramak üçin resmi we iş dilleri kesgitlenen. Sol dilleriň sanawy her edaranyň düzgün tertibin-

de bellenen. BMG-niň resmi dillerine iňlis, fransuz, rus, hytaý, arap, ispan dilleri degişlidir. Resmi dilde BMG-niň ähli esasy resminamalary, şol sanda rezolýusiýalary neşir edilýär. Iş dilinde mejlisiň hasabatlary we islendik resmi dilde edilen çykyşlar gysgaldylan usulda çap edilýär. Eger wekiliýet resmi bolmadyk dilde çykyş etmek islese, onda ol haýsy hem bolsa bir resmi dilde, öz çykyşynyň terjimesini dilden ýa-da ýazmaça görnüşde beýan etmeli.

BMG-niň býujetine girýän serişdeleriň esasy çeşmeleri agza ýurtlaryň gatanjy bolup durýar, ol kesgitlenen möçbere laýyklykda gatanç boýunça komitetiň hödürnamasy esasynda Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanýar. Gatanjyň kesgitlenen möçberini düzmegiň esasy ölçegi ýurduň tölege ukyplylygy bolup durýar. Tölege ukyplylygy jemi milli önümiň ululygy we birnäçe düzedişler, şol sanda daşarky bergileri we jan başyna düşýän girdejiniň derejesi esasynda kesgitlenýär. Guramanyň Administratiw we Býujet komiteti her üç ýyldan girdeji boýunça soňky statistik maglumatlar esasynda gatanjyň kesgitlenen möçberini doly täzeden seredýär. BMG-niň ýyldaky býujetine goşýan gatanjynyň mukdary boýunça 2-nji tablisada görkezilen agza döwletler öňdebaryjydyr.

*2-nji tablisa*

**2015-nji ýylda BMG-niň ýyllyk býujetine esasy gatanjy tölän döwletler**

| Agza döwletler | Gatanjyň möçberi (%-de) |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Amerikanyň Birleşen Ştatlary | 22.000 |
| Ýaponiýa | 10.833 |
| Germaniýa Federatiw Respublikasy | 7.141 |
| Fransiýa | 5.593 |
| Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygy | 5.179 |
| Hytaý | 5.148 |
| Italiýa | 4.448 |
| Kanada | 2.984 |

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Ispaniýa | 2.973 |
| Braziliýa | 2.934 |
| Beýleki döwletler | 30.767 |
| Öňdebaryjy döwletler | 69.233 |

2-nji tablisada görkezilen maglumata laýyklykda, BMG-niň býujetine esasy gatanç töleýän öňdebaryjy 10 döwlete ähli gatanjyň 70%-e golaýy düşýär. ABŞ guramanyň 22%-ni tölemek bilen, BMG-niň iri hemaýatkäri bolup durýar. 2000-nji ýylda Baş Assambleýa döwletiň geçirýän gatanjynyň möçberiniň BMG-niň býujetiniň 22%-inden geçmeli däldigini tassyklady. Sebäbi şol möçberden köp pul geçirjek döwlet öz bähbidi üçin gurama syýasy taýdan täsir etmegi mümkin. Guramanyň býujetine bellenilen gatanjy iki ýylyň dowamynda tölemedik döwletler BMG-niň Baş Assambleýasynda ses bermek hukugyndan kesilýär.

Ýyllyk býujet bilen bir hatarda parahatçylygy goramak işi boýunça býujet hereket edýär. Her bir agza döwlet ýaraşdyryjylaryň işleri üçin degişli gatanjy tölemeklige kanuny taýdan borçludyr. Ol BMG-niň Tertipnamasynyň 17-nji maddasyna laýyk gelýär. Býujet agza döwletler tarapyndan bellenilen, çylşyrymly kesgitleme esasynda, ýörite gatançlaryň haklaryndan jemlenilýär. Beýlekiler bilen bir hatarda, bu kesgitlemede agza döwletleriň ykdysady ýagdaýlary nazara alynýar, şunuň bilen birlikde, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça aýratyn jogapkärçilik çekýän Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalaryna çykdajylaryň uly bölegi ýüklenilýär. Parahatçylygy saklamak boýunça amala aşyrylýan işleriň harajatlaryny Baş Assambleýa paýlaýar. BMG-niň parahatçylygy saklamak işi boýunça 2016-njy ýylyň 1-nji iýulyndan 2017-nji ýylyň 30-njy iýuny aralygyndaky maliýe ýylynyň tassyklanan býujeti ABŞ-nyň 7,9 mlrd dollaryna golaý boldy. 2016-njy ýylda BMG-niň parahatçylygy saklamak baradaky işlerini maliýeleşdirmekde gatanjyň möçberi boýunça ABŞ (28,6%), Hytaý (10,3%), Ýaponiýa (9,7%), Germaniýa

Federatiw Respublikasy (6,4%), Fransiýa (6,3%), Beýik Britaniýa (5,8%), Russiýa Federasiýasy (4,0%), Italiýa (3,7%), Kanada (2,9%), Ispaniýa (2,4%) döwletleri tapawutlandy.

Meýletin tölegleriň tejribesi BMG-niň aýratyn ugurly kömekçi edaralarynda giňden ulanylýar. Bu tölegleriň uly bölegini BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Azyk maksatnamasy, bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarlygy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy sarp edýär.

## 3.2. BMG-niň we onuň edaralarynyň esasy wezipeleri we meseleleri

Parahatçylygy we halkara howpsuzlygy saklamak, ýaraşdyryjylyk işleri, adam hukugyny goramak, ýaraglaryň ýaýramagynyň öňüni almak, köpçülikleýin gyrýan ýaraglary azaltmak we onuň ähli ätiýaçlyklaryny ýok etmek BMG-niň möhüm meseleleri bolup durýar.

BMG-niň baş wezipeleriniň biri bütin dünýäde parahatçylygy saklamak bolup durýar. Tertipnama laýyklykda, guramanyň agza döwletleri öz halkara jedellerini parahatçylykly usullar arkaly çözmeli we güýç görkezmek howpundan ýa-da ony beýleki ýurtlaryň garşysyna ulanmakdan saklanmaly. BMG-ä köp ýyllaryň dowamynda halkara howply ýagdaýlaryň öňüni almaklyga ýardam bermekde we uzaga çeken dawalary çözmekde wajyp orun degişlidir. Ol parahatçylygy saklamak we berkarar etmek, şeýle hem ynsanperwer kömegini bermek bilen baglanyşykly toplumlaýyn işleri amala aşyrýar. Gurama döräp biljek dawalaryň hem öňüni almaklyga gatnaşýar. Dawalaryň çözülen ýagdaýlarynda gurama sütemiň düýp sebäbini ýok etmeklige we hemişelik parahatçylygyň esasyny döretmeklige gönükdirilen sazlaşykly tagallalary alyp barýar.

BMG parahatçylygy saklamak boýunça uly netijeleri gazandy. Mysal üçin, ol 1948–1949-njy ýyllarda Berlin öwrülişigi wagtyndaky dartgynlygy gowşatmagy, 1962-nji ýylda Karib sebitinde we 1973-nji ýylda Ýakyn Gündogarda dörän howply ýagdaýlary ýatyrmagy başardy. 1988-nji ýylda BMG-niň parahatçylygy ýola goýmak baradaky tagallasy Eýran-Yrak urşunyň bes edilmegine getirdi, 1989-njy

ýylda BMG-niň howandarlygynda geçirilen gepleşikleriň netijesinde Owganystan döwletinden sowet goşunlary çykaryldy. 1990-njy ýyllarda Birleşen Milletler Guramasy Kuweýtiň garaşsyzlygyny dikeltmäge ýardam etdi, Kambodža, Salwador, Gwatemala we Mozambik döwletlerinde raýatlyk uruşlarynyň bes edilmeginde, Gaiti we Serra-Leon döwletlerinde demokratik esasda saýlanan hökümetiň dikeldilmeginde, şeýle hem birnäçe beýleki ýurtlarda dawalaryň öňüni almakda wajyp wezipeleri ýerine ýetirdi. BMG-niň çäginde parahatçylygy saklamak boýunça işleri alyp barýan edara hereket edýär. Bu edara harby dawalara ýol bermez ýaly öňüni alyş çäreleri we ýaraşdyryjy işleri alyp barmak jogapkärçiligi ýüklenen. 1948-nji ýyldan bäri bu edara tarapyndan parahatçylygy saklamak boýunça 61 iş amala aşyryldy. Uzaga çeken we häzirki güne çenli doly çözülmedik işlere 1948-nji ýyldan bäri dowam edýän Palestina ylalaşygy, 1949-njy ýyldan bäri Jammy we Kaşmir ştatynda Hindistan bilen Pakistanyň arasyndaky atyşygy kesmek zolagy, 1949-njy ýyldan bäri Kiprde çaknyşygyň öňüni almak degişlidir.

BMG-niň wajyp wezipeleriniň biri ýaraglary ýaýratmagy bes etdirmek, şeýle hem köpçülikleýin gyrýan ýaraglary azaltmak we ýok etmek bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasy ýaragsyzlandyrmak boýunça gepleşikleri geçirmek üçin hemişelik forum bolup hyzmat edýär. Bu forumlarda ýaragsyzlandyrmak meseleleri barada teklipler işlenip taýýarlanylýar. Gurama ýaragsyzlandyrmak boýunça maslahatlaryň we beýleki halkara edaralaryň çäginde alnyp barylýan köptaraply gepleşikleri goldaýar. Bu gepleşikleriň netijesinde 1968--nji ýylda ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakynda. Şertnama, 1996--njy ýylda ýadro synaglarynyň ählumumy gadagan edilmegi hakynda şertnama we ýadro ýaraglaryndan azat zolaklary döretmek hakynda şertnamalar baglaşyldy. Şeýle hem 1992-nji ýylda himiki we 1972--nji ýylda bakteriologik ýaraglary işläp taýýarlamagy, öndürmegi we ätiýaçlyklaryny toplamagy gadagan edýän, 1971-nji ýylda ýadro ýaraglary deňizleriň we ummanlaryň düýbünde, 1967-nji ýylda älem giňişliginde ýerleşdirmegi gadagan edýän, şeýle hem ýaraglaryň beýleki görnüşlerini gadagan edýän ýa-da çäklendirýän şertnamalar

baglaşyldy. 1997-nji ýylda 100-den gowrak döwlet ýerüsti partlaýjylary (minalary) ulanmaklygy gadagan edýän Ottawa konwensiýasyna gol çekdiler. Birleşen Milletler Guramasy ähli döwletleri şu konwensiýa goşulmaklyga we weýran edýän ýaraglaryň görnüşlerini ulanmaklygy gadagan edýän beýleki halkara şertnamalara çagyrýar.

Wena şäherinde ýerleşýän Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi ylalaşyklar ulgamlary esasynda hereket edip, parahatçylyk maksatlary üçin ulanylmaga niýetlenen ýadro materiallaryň we enjamlaryň harby maksatlar üçin ulanylmazlygyny üpjün etmeklige jogap berýär. Himiki ýaraglary gadagan etmek boýunça Gaaga şäherinde ýerleşýän Gurama bolsa dünýäniň ähli ýurtlarynyň himiki obýektleri barada maglumatlary ýygnaýar we himiki ýaraglar boýunça Konwensiýanyň berjaý edilişini barlamak maksatlary bilen wagtly-wagtynda gözegçilik işlerini geçirýär.

Birleşen Milletler Guramasy öz ýaraşdyryjylyk işleriniň çäginde, diplomatik usullary ulanyp, garşysyna göreşýän taraplaryň ylalaşyga gelmegine kömek edýär. Howpsuzlyk Geňeşi halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça öz tagallalarynyň çäginde gepleşikler arkaly ýa-da Halkara Kazyýete ýüz tutmak üsti bilen dawanyň öňüni almagyň we parahatçylygy dikeltmegiň ýa-da üpjün etmegiň ýollaryny teklip edip biler. Ýaraşdyryjylyk işlerinde wajyp orun Baş sekretara degişlidir. Ol halkara parahatçylyga we howpsuzlyga wehim salýan islendik meseleleri Howpsuzlyk Geňeşiniň dykgatyna ýetirip bilýär. Şeýle hem Baş sekretar ýagdaýlar çylşyrymlaşmanka jedelleri çözmek maksatlary bilen «Öňüni alyş diplomatiýasynyň» usullaryny ulanyp biler.

BMG-niň işi zulumyň düýpli sebäplerini ýok etmeklige gönükdirilendir. Şonuň üçin dünýä gurluşynyň möhüm esaslarynyň biri ösüş maksatlara kömek bermek bolup durýar. Gurama dawalaryň netijesini ýeňip geçýän döwletlerde ähli jemgyýetiň bähbidine gönükdirilen dolandyryşy ösdürmäge, hukuk düzgüni ýola goýmaga, adalatly saýlawlary geçirmäge we adam hukugyny goramaga goldaw berýär. Şol bir wagtda Birleşen Milletler Guramasy dawalar netijesinde zyýan ýetirilen döwletleriň dolandyryş gurluşyny, saglygy goraýyş we bilim

ulgamlaryny hem-de durmuş infrastrukturalarynyň beýleki düzüm böleklerini dikeltmeklige kömek edýär. 1989-njy ýylda Namibiýa döwletinde geçirilen saýlawa gözegçilik, Mozambikde partlaýjylary aýyrmak maksatnamalary, Gaitide raýat polisiýa işgärlerini taýýarlamak ýaly işleriň käbir görnüşleri BMG-niň parahatçylygy saklamak boýunça amala aşyrýan hereketleriniň çäginde ýerine ýetirildi. Işleriň käbir görnüşleri hökümetiň haýyşy boýunça amala aşyryldy. Oňa mysal edip, Liberiýada parahatçylykly gurluş işini goldamaga kömek edýän, Kambodžada adam hukugy boýunça hereket edýän, şeýle hem Gwatemalada parahatçylykly ylalaşygyň amala aşyrylmagyna ýardam berýän BMG-niň bölümleriniň açylmagyny görkezmek bolar.

Howpsuzlyk Geňeşi parahatçylygy we halkara howpsuzlygy saklamak boýunça öz tagallalarynyň çäginde parahatçylygy saklamak işini guraýar we şol işiň ygtyýarlylyk çägini kesgitleýär. Şular ýaly işleriň köpüsi entek uzak möhletleýin çözgütler barada gepleşikleriň geçirilýän wagtynda atyşygy bes etmek ýa-da araçylyk zolagy döretmek düzgüniniň berjaý edilişine seredýän harby gullukçylaryň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar. Beýleki ýagdaýlarda, ýagny saýlawlary guramaga kömek etmek ýa-da adam hukugynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak işlerine raýat polisiýalary ýa-da harby däl hünärmenler gatnaşýar. Parahatçylygy saklamak boýunça amala aşyrylýan işler birnäçe aýdan birnäçe ýyla çenli dowam edip biler. BMG-niň 1948-nji ýyldan bäri geçirýän ýaraşdyryjylyk wezipesine 118 döwlet 750 müňden gowrak harby gullukçylary we raýat polisiýa işgärlerini Guramanyň ygtyýarlygyna meýletin ýollady. Müňlerçe harby däl hünärmenler bilen bilelikde olar parahatçylygy saklamak boýunça 60-dan gowrak işlere gatnaşdylar.

BMG-niň tagallalary netijesinde hökümetler tarapyndan biziň ählimiz üçin dünýäni has howpsuz we sagdyn, geljegi bar bolan we adalatly ýola alyp gelýän ýüzlerçe köptaraplaýyn ylalaşyklar baglaşyldy. Bu ähli zady öz içine alýan halkara hukugyň we adam hukugynyň ülňüleriniň kadalar ýygyndysy BMG-niň uly üstünligi bolup durýar. 1948-nji ýylda Baş Assambleýada kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda ähli erkek we aýal adamlaryň eýe bolan

esasy hukuklary we azatlyklary, şol sanda ýaşaýşa, azatlyga we raýatlyga hukugy, pikir, wyždan we dini azatlygy, zähmet çekmäge, bilim almaga we dolandyryşa gatnaşmaga hukugy yglan edilen.

Köp sanly döwletleriň gatnaşýan iki sany halkara ylalaşygy bu kanunyň hökmany hukuklylyk häsiýetini artdyrýar. Birinji şertnama ykdysady, durmuş we medeni hukuklara, ikinjisi – raýat we syýasy hukuklara bagyşlanan. Olar Jarnama bilen bilelikde adam hukugy barada halkara kanuny düzýär. Jarnama adam hukugy boýunça, şol sanda jyns babatda kemsitmeleri ýok etmek we aýallar babatda ähli kemsitmeleriň soňuna çykmak hakyndaky konwensiýalar, çaganyň hukuklary hakynda, bosgunlaryň hukuk ýagdaýy we genosidiň (gyrgynçylygyň) öňüni almak hakynda konwensiýalar ýaly 80-den gowrak konwensiýalary we jarnamalary taýýarlamaga esas berdi.

BMG-niň Tertipnamasy Guramanyň öňünde halkara hukugyň ösüşini höweslendirmegiň anyk meselelerini goýýar. Bu işiň netijesi bolup durýan konwensiýalar, şertnamalar we kadalar halkara parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmegiň esasyny üpjün edýär we durmuş-ykdysady ösüşe ýardam berýär. Bu konwensiýalary tassyklan döwletler olary berjaý etmäge hukuk taýdan borçludyr.

Halkara hukuk boýunça iş topary halkara-hukuk meseleleri boýunça resminamalaryň taslamalaryny taýýarlaýar. Bu taslamalar makullanandan soňra konwensiýalara girizilýär, döwletlere tassyklamak üçin hödürlenilýär. Bu konwensiýalaryň käbirleri döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň hukuk kadalarynyň esasyny düzýär. Olara mysal edip, diplomatik aragatnaşyklar barada konwensiýany we halkara suwlary ulanmagyň görnüşlerini düzgünleşdirýän konwensiýany görkezmek bolar. Deňiz hukugy boýunça konwensiýa ähli döwletlere Dünýä ummanynyň baýlyklaryny ulanmaga, ony hapalamakdan goramaga, erkin gämi gatnawyna we ylmy-barlag işlerini geçirmäge deň ygtyýarlygy üpjün etmäge gönükdirilen. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek barada konwensiýa neşe serişdeleriniň dolanyşygyna garşy göreşmegiň esasy halkara-hukuk guraly bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary tarapyndan terrorçylyga garşy göreşmegiň esasy hukuk gurallaryny özüne jemleýän halkara ylalaşyklar işlenip taýýarlanyldy.

4. Sargyt № 2070

BMG köp sanly halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşýan we olar boýunça çözgütleri kabul edýän maslahatlary we forumlary geçirýär. Olaryň hatarynda ykdysadyýet, ekologiýa, howpsuzlyk, jenaýatçylyk, saglygy goraýyş, ylym we beýleki meseleler durandyr. BMG-niň hereket edýän döwründen bäri ähli döwletler üçin adam hukugyna, halkara hukuga, ýadro howpsuzlygyna we beýleki ugurlara degişli bolan wajyp halkara resminamalar kabul edildi.

## 3.3. BMG-niň gurluşy

Birleşen Milletler Guramasynyň esasy edaralaryna Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we Durmuş geňeşi, Halkara Kazyýeti we BMG-niň sekretariaty degişlidir. Bu edaralaryň ählisi BMG-niň esaslandyrylan 1945-nji ýylynda döredildi.

BMG-niň Baş Assambleýasy esasy maslahat beriji, karar kabul ediji we wekilli edara hökmünde guramanyň düzüminde merkezi orny eýeleýär. Baş Assambleýa BMG-niň ähli 193 agza döwletlerini özüne birleşdirýän ýeke-täk edarasydyr. Baş Assambleýa halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek çygryndaky hyzmatdaşlygyň ýörelgelerine garaýar; BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalaryny, Ykdysady we Durmuş geňeşiň agzalaryny saýlaýar; Howpsuzlyk Geňeşiniň hödürnamasy boýunça BMG-niň Baş sekretaryny belleýär; Howpsuzlyk Geňeşi bilen bilelikde BMG-niň Halkara Kazyýetiniň kazysyny saýlaýar; ykdysady, durmuş, medeni we ynsanperwer ugurlar boýunça halkara hyzmatdaşlygy sazlaşdyrýar; BMG-niň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Assambleýa her ýylyň sentýabr–dekabr, hem-de zerurlyk bolanda ýanwar–awgust aýlary aralygynda geçirilýär. Onuň iş tertibi wagtly-wagtynda, ýörite we adatdan daşary mejlisler görnüşinde alnyp barylýar. Assambleýanyň her ýylky nobatdaky mejlisi sentýabr aýynyň üçünji sişenbe güni açylýar we Baş Assambleýanyň Başlygynyň (ýa-da onuň 21 orunbasaryndan haýsy hem bolsa biriniň) ýolbaşçylygynda umumy mejlisde we esasy komitetlerde gün tertibiniň meseleleri-

ne doly seredilýänçä işleýär. Baş Assambleýa ýanwardan awgust aralykdaky döwürde zerur bolan meseleler ýüze çykanda ýygnanýar. Assambleýanyň bu mejlisinde halkara jemgyýetçiligi üçin wajyp ähmiýete eýe bolan gündelik meseleler tema görnüşinde ýokary derejede ara alnyp maslahatlaşylýar. Assambleýa bu döwürde, adatça, köp sanly esasy meseleler, şol sanda BMG-ni özgertmek meseleleri boýunça resmi däl maslahatlary geçirýär. Baş Assambleýanyň mejlislerine BMG-ä agza bolup durýan döwletleriň hemmesiniň wekilleri gatnaşýarlar. Assambleýadaky ähli döwletleriň ululygyna we kiçiligine garamazdan, bir ses bermäge hukugy bar. Parahatçylyga we howpsuzlyga, Howpsuzlyk Geňeşiniň we Ykdysady we Durmuş geňeşiniň agzalaryny saýlamak, býujeti tassyklamaga degişli bolan käbir wajyp meseleleriň çözgüdi agza döwletleriň üçden ikisiniň, beýleki meseleler boýunça sesleriň ýönekeý köplügi bilen çözülýär. Mejlisde garalan meseleler boýunça rezolýusiýalar kabul edilýär.

Baş Assambleýanyň 1993-nji ýylyň 17-nji dekabryndaky çözgüdine laýyklykda, onuň düzüminde 6 sany Baş komitet hereket edýär:

- ýaragsyzlandyrmak we halkara howpsuzlyk meseleleri boýunça Komitet (Birinji komitet);
- ykdysady we maliýe meseleleri boýunça Komitet (Ikinji komitet);
- durmuş we ynsanperwer meseleleri we medeniýet meseleleri boýunça Komitet (Üçünji komitet);
- ýörite syýasy meseleler we koloniýasyzlaşdyrma meseleleri boýunça Komitet (Dördünji komitet);
- administratiw we býujet meseleleri boýunça Komitet (Bäşinji komitet);
- hukuk meseleleri boýunça Komitet (Altynjy komitet).

Ondan başga-da, Baş Assambleýa şu aşakdaky komitetleri döretdi:

- Baş komitet – gün tertibini tassyklamak we işleri guramak hakyndaky teklipleri Assambleýanyň garamagyna hödürleýär;
- ygtyýarlyklary barlamak boýunça Komitet – wekilleriň ygtyýarlyklary baradaky nutuklary Assambleýa berýär.

Assambleýa öz ygtyýarlygyna degişli halkara meseleler boýunça döwletlere teklipleri hödürlemäge hukuklydyr. Ol bütin dünýä boýun-

ça millionlarça adamlaryň durmuşyna täsir edýän syýasy, ykdysady, ynsanperwer, durmuş we hukuk häsiýetli çäreleri geçirmek üçin başlangyçlary hödürleýär. 2000-nji ýylda kabul edilen müňýyllygyň Deklarasiýasy we 2005-nji ýyldaky Bütindünýä sammitiniň jemleýji resminamasy agza döwletleriň parahatçylygy, howpsuzlygy we ýaragsyzlandyrmagy üpjün etmek, şeýle hem garyplygy aradan aýyrmak, adam hukugyny goramak, daşky gurşawy goramak üçin anyk maksatlara ýetmeklige meýillidigini görkezýär. Assambleýa 2015-nji ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň mejlisiniň jemleýji resminamasynyň düzümindäki 2030-njy ýyla çenli ösüşiň täze Gün tertibiniň durnukly ösüş boýunça 17 sany Maksatlaryny ylalaşdy.

BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi – hemişelik hereket edýän edara bolup, oňa BMG-niň Tertipnamasynyň 24-nji maddasyna laýyklykda, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça esasy jogapkärçilik ýüklenilen. Geňeşiň düzümine 15 agza döwlet girýär – 5-si hemişelik (Beýik Britaniýa, HHR, Russiýa, ABŞ, Fransiýa) we 10-sy hemişelik däl agzalar. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik däl agzalaryň her ýyl 5-si iki ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1963-nji ýylyň 17-nji dekabrynda BMG-niň Tertipnamasyna düzediş girizmek boýunça kabul eden rezolýusiýasyna laýyklykda, Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalarynyň 10-sy şu aşakdaky geografik ýörelgeler esasynda saýlanylýar:

- 5-si Afrika we Aziýa döwletlerinden
- 1-i Gündogar Ýewropa döwletlerinden
- 2-si Latyn Amerika döwletlerinden
- 2-si Günbatar Ýewropa döwletlerinden we beýleki döwletlerden.

BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň «weto hukugy» (gadagan ediş hukugy) bar.

Howpsuzlyk Geňeşi «parahatçylyga islendik howpuň, islendik parahatçylygy bozmagyň ýa-da çozuş hereketiniň barlygyny kesgitleýär we halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak ýa-da dikeltmek üçin teklipleri berýär ýa-da çözmek üçin görülmeli çäreleri

kesgitleýär». Geňeşiň halkara parahatçylygy we howpsuzlygy, şol sanda, harby güýçleri peýdalanmak arkaly bozýan döwletlere mejbury çäreleri ulanmaga hukugy bardyr. BMG-niň Tertipnamasynyň 25-nji maddasynda «Guramanyň agzalary şu tertipnama laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşiniň çözgütlerine tabyn bolmaklyga razylaşýarlar» diýlip görkezilen. Şeýlelikde, Howpsuzlyk Geňeşiniň karary ähli döwletler üçin hökmany bolup durýar.

Howpsuzlyk Geňeşiniň parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça iş tejribesi düzgüni bozýan döwletleriň garşysyna ol ýa-da beýleki sanksiýalary kesgitlemekden (şol sanda olaryň garşysyna harby güýçleri ulanmak); dawaly zolaklara parahatçylygy saklaýan güýçleri girizmekden; dawadan soňky ýagdaýlary düzgünleşdirmegi guramakdan, şol sanda dawaly zolaklara halkara administrasiýany girizmekden ybaratdyr.

Howpsuzlyk Geňeşiniň çözgüdi 15-den iň azy 9 sesi, şol sanda hemişelik agzalaryň ählisiniň sesiniň gabat gelmegini talap edýär. Bu Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň bäşisiniň her birine Geňeşiň çözgütlerine weto hukugynyň degişlidigini aňladýar, şunuň bilen birlikde, hatda hemişelik agza döwletleriň ses bermekden saklanmagyny garşy diýip hasap edýär. Emma Geňeşiň hemişelik agzasy onuň saklanmagyny çözgütleri kabul etmek üçin päsgel hökmünde seretmeli däldigini habarly edip biler we eger degişli resminama razy bolan sesleriň ýeterlik sanyny alsa, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kabul edildi diýlip hasaplanylýar. Dawa gatnaşýan tarap ses bermekden saklanmalydyr. Adat boýunça, Howpsuzlyk Geňeşiniň çözgüdi rezolýusiýa görnüşinde resmileşdirilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy esasynda 1945-nji ýylda döredilen Ykdysady we Durmuş geňeşi (EKOSOS) durnukly ösüşiň ähli üç – ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryny ilerletmek boýunça BMG-niň iş ulgamynda merkezi orny eýeleýär. Ol çekişmeleri alyp barmaga we innowasion aňy ösdürmäge, işiň geljekki ugurlaryna degişli ylalaşyklary gazanmaga, şeýle hem halkara derejesinde ylalaşylan maksatlara ýetmek boýunça tagallalary sazlaşdyrmaga ýardam berýän merkezi meýdança bolup hyzmat edýär.

Ol şeýle hem BMG-niň ýokary derejede geçirýän iri maslahatlarynyň we duşuşyklarynyň netijeleri boýunça kesgitlenen işleriň amala aşyrylyşyna jogap berýär.

EKOSOS umumy ýolbaşçylygy we sazlaşygy amala aşyryp, Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynda, durnukly ösüş meseleleri bilen meşgullanýan dürli düzümleriň arasyndaky gatnaşygy üpjün edýär. Şular ýaly düzümlere hökümetara derejesinde ählumumy meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga ýardam berýän sebitlerdäki ykdysady we durmuş iş toparlary, şeýle hem dünýäniň dürli sebitlerinde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak maksady bilen işleri ýöredip gelýän ýöriteleşdirilen edaralar, maksatnamalar we gaznalar degişlidir. EKOSOS öz işiniň esasy hökmünde her ýyl durnukly ösüşe ýetmek üçin ählumumy ähmiýeti bolan belli bir ýyllyk temany saýlaýar.

Ykdysady we Durmuş geňeşi söwda, ulag, ykdysady ösüş we durmuş ýagdaýlary bilen bagly ykdysady meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylýan edarasydyr. Ondan başga-da, ol döwletlere bilimi kämilleşdirmegiň we ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmagyň ugurlaryny gözlemäge kömek edýär hem-de dünýäniň islendik ýerinde adamyň ählumumy hukugynyň we azatlygynyň berjaý edilmegine ýardam edýär. Geňeşiň esasy wezipesi – halkara durmuş-ykdysady meseleleri ara alyp maslahatlaşmak; ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ýardam bermek, ilatyň iş bilen doly meşgullygyny we durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmek; halkara durmuş-ykdysady we ilatyň saglygyny goramak meselelerini çözmäge kömek etmek hem-de medeniýet we bilim boýunça halkara hyzmatdaşlyga ýardam bermek. Ol öz iş ugruna girýän meseleler boýunça barlaglary geçirýär ýa-da guraýar, bu meseleler boýunça nutuklary çap edýär. Ol şeýle hem ykdysady we durmuş meseleleri boýunça halkara maslahatlary taýýarlamaga we geçirmegi guramaga, şol maslahatlaryň çözgütlerini amala aşyrmaga ýardam berýär. Öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin Geňeşiň ygtyýaryna BMG-niň ähli ulgamynyň 70%-den gowrak adam we maliýe serişdeleri gönükdirilýär.

Geňeşiň düzümine BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan saýlanan, üç ýylyň dowamynda öz wezipelerini ýerine ýetirýän 54

agza girýär. Türkmenistan 2013–2015-nji hem-de 2019–2021-nji ýyllarda Ykdysady we Durmuş geňeşiniň düzümine agzalyga saýlanyldy. Täzeden saýlanmaga çäk goýulmaýar: Geňeşiň agzalygyndan çykyp giden tiz wagtda täzeden saýlanyp bilner. Geňeşde çözgüt sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Her agzanyň bir ses bermäge hukugy bar. EKOSOS her ýyl guramanyň öz işi bilen baglanyşykly bolan birnäçe gysga mejlisleri geçirýär. Ondan başga-da, EKOSOS her ýylyň iýul aýynda gezekme-gezek Ženewada we Nýu-Ýorkda dört hepdelik esasy mejlisini geçirýär. EKOSOS-yň her ýyldaky mejlisiniň başynda Geňeşiň Müdiriýeti saýlanýar. Müdiriýetiň esasy wezipeleri gün tertibini taýýarlamakdan, işiň maksatnamalaryny düzmekden we BMG-niň Sekretariatynyň goldaw bermeginde mejlisi guramakdan ybaratdyr. Geňeş ynsanperwer häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlar boýunça ýörite mejlisi çagyrmaga hem ygtyýarlydyr.

Geňeşiň düzüminde onuň ygtyýarlygyna degişli bolan giň meseleler toplumy bilen meşgullanýan köp sanly komissiýalar hereket edýär. Olara statistika boýunça; ilat we ösüş boýunça; durmuş ösüşi boýunça; zenanlaryň ýagdaýy boýunça; neşe serişdeleri boýunça; jenaýatçylygyň öňüni almak we jenaýat kazyýeti boýunça; ösüş maksadynda ylym we tehnika boýunça; durnukly ösüş boýunça komissiýalar hem-de BMG-niň Tokaýlar boýunça forumy degişlidir. Mundan başga-da, EKOSOS-da sebit komissiýalaryň bäşisi: Afrika üçin ykdysady komissiýa (AYK), Aziýa we Ýuwaş ummany üçin ykdysady we durmuş komissiýasy (ESKATO), Ýewropa ykdysady komissiýasy (ÝYK), Latyn Amerikasy we Karib sebiti üçin ykdysady komissiýa (LAKYK), Günbatar Aziýa üçin ykdysady we durmuş komissiýasy (GAYDK) hereket edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara Kazyýeti BMG-niň esasy maksatlarynyň biri bolan «parahatçylygyň bozulmagyna getirip biljek halkara dawalary we ýagdaýlary adalatlylyk we halkara hukuk ýörelgelerine laýyklykda parahatçylykly serişdeleriň üsti bilen çözmek» bolup durýar. Halkara Kazyýet kazy we maslahat beriji wezipelerini amala aşyrýar. Ol BMG-niň Tertipnamasynyň bir bölegi bolan Statuta laýyklykda hereket edýär. Halkara Kazyýet, olaryň raýatlygyna garamazdan, öz ýurtlarynda ýokary kazyýet we-

zipesine bellenmek üçin bildirilýän talaplary kanagatlandyrýan ýa-da halkara hukuk ugrunda tanymal hukukçy bolan, päk ahlak häsiýetli adamlaryň sanyndan saýlanan 15 garaşsyz kazydan durýar. Kazylar şahsy häsiýetde işleýärler we döwletleriň wekili bolup durmaýarlar. Kazylyk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynda Kazyýetiň agzalary diplomatik ýeňilliklerden we dahylsyzlykdan peýdalanýarlar. Halkara Kazyýete döwletleriň arasyndaky dawalary we gapma-garşylyklary parahatçylykly çözmek hem-de dünýäde kanunlylygy we hukuk düzgünini berjaý etmek wezipeleri ýüklenilen. Kazyýet BMG-niň esasy alty edaralarynyň içinde Nýu-Ýork şäherinde ýerleşmeýän ýeke-täk edaradyr. Kazyýet Baş Assambleýa tarapyndan rugsat berlen, Baş Assambleýanyň, Howpsuzlyk Geňeşiň we BMG-niň beýleki edaralarynyň we ýöriteleşdirilen guramalarynyň talaplary boýunça maslahat netijesini berip bilýär. Kazyýetiň netijesi maslahat häsiýete eýedir we hökmany güýji ýokdur.

Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariaty BMG-niň hemişe hereket edýän dolandyryjy-ýerine ýetiriji edarasydyr. Sekretariat – bu BMG-niň beýleki esasy edaralaryna hyzmat edýän we olar tarapyndan kabul edilen maksatnamalary we syýasy görkezmeleri amala aşyrýan edaradyr. Sekretariatyň düzüminde dünýä boýunça ýerleşen edaralarda işleýän we Guramanyň dürli-dürli gündelik işlerini ýerine ýetirýän 40 müňden gowrak ýolbaşçy, harby, diwanhana we beýleki işgärler zähmet çekýär. Sekretariatyň esasy wezipeleri möhüm ykdysady we durmuş meseleleri boýunça maglumatlary taýýarlamak; BMG-niň beýleki edaralarynyň işlerini üpjün etmek, şol sanda maglumat, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen özara gatnaşygy saklamak; resminamalary BMG-niň resmi dillerine terjime etmekligi ýerine ýetirmek bolup durýar.

BMG-niň sekretariatyna Baş sekretar ýolbaşçylyk edýär. Ol Howpsuzlyk Geňeşiniň maslahat bermegi bilen Baş Assambleýa tarapyndan 5 ýyllyk möhletde bellenilýär we gaýtadan bellenmek sany çäklendirilmeýär. Baş sekretar sekretariatyň işgärlerini belleýär. Baş sekretar we sekretariatyň işgärleri diňe BMG-ä hasabat berýär, agza döwletler bolsa olaryň işlerine päsgel bermezlige borçlanýarlar. Baş

sekretaryň esasy wezipeleri: Baş Assambleýa ýa-da BMG-niň beýleki edaralaryna ara alyp maslahatlaşylmaly meseleleri hödürlemek; dünýäde parahatçylyga howp salyp biljek islendik meseleleri Howpsuzlyk Geňeşiniň dykgatyna ýetirmek; agza döwletleriň arasyndaky dawalara «ylalaşdyryjy» hökmünde hereket etmek. Şu wagta çenli (2017) BMG-de 9 baş sekretary çalyşdy. Olaryň 9-njysy häzirki Baş sekretar, portugaliýaly Antoniu Guterreşdir (2017-nji ýyldan bäri). Ilkinji Baş sekretar wezipesine norwegiýaly Trýugwe Li saýlanýar. Ol 1946–1952-nji ýyllar aralygynda ýolbaşçylyk edýär. Soňra onuň ýerine 1953-nji ýylda şwesiýaly Dag Hammarşeld saýlanýar. Ol hem 1961-nji ýyla çenli guramanyň Baş sekretary bolup zähmet çekýär. Mýanmaly U Tan 1961–1971-nji ýyllar aralygynda ýolbaşçylyk eden bolsa, 1972–1981-nji ýyllarda awstriýaly Kurt Waldhaým Baş sekretar boldy. Peruly Hawýer Peres de Kuelýer BMG-niň bäşinji Baş sekretary bolýar. Ol 1982–1991-nji ýyllar aralygynda gurama ýolbaşçy bolýar. 1992-nji ýylda Butros Gali resmi taýdan Baş sekretar wezipesine saýlanýar. 1997-nji ýylda Kofi Annan Baş sekretar bolup, 2006--njy ýyla çenli şol wezipede işleýär. 2007–2016-njy ýyllarda koreýaly Pan Gi Mun guramanyň 8-nji Baş sekretary bolup zähmet çekýär.

## 3.4. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we BMG bilen baglanyşykly hökümetara guramalar

BMG-niň ulgamy Birleşen Milletler Guramasyndan we onuň bilen bagly bolan 30-dan gowrak maksatnamalar, gaznalar we ýöriteleşdirilen edaralar ýaly guramalardan durýar. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary – halkara şertnamalar we Birleşen Milletler Guramasy bilen bagly halkara ylalaşyklar esasynda döredilen, ykdysady, durmuş we ynsanperwer meseleleri boýunça hereket edýän halkara hökümetara guramalardyr. BMG-niň Tertipnamasynyň 63-nji maddasyna laýyklykda ýöriteleşdirilen edaralar Birleşen Milletler Guramasy bilen baglanyşykly, ol bolsa BMG bilen ýöriteleşdirilen edaralaryň

arasynda, şeýle hem olaryň BMG-niň beýleki edaralary bilen anyk kesgitlenen görnüşdäki gatnaşyklary barada ylalaşyklaryň bardygyny aňladýar. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen BMG-niň baglanyşygyna Guramanyň esasyny düzýän maksatlaryna we ýörelgelerine laýyk gelýän ýagdaý (faktor) hökmünde seretmeli. Muňa garamazdan, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary özbaşdak halkara guramalar bolup durýar. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň gurluşy, ygtyýarlygy we beýleki meseleleri şol edaralaryň işiniň halkara-hukuk düzgüni bolan şertnamalarda, ylalaşyklarda ýa-da esaslandyryjy delilnamalarda kesgitlenen. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň işi üçin 1947-nji ýylyň 21-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan tassyklanan ýöriteleşdirilen edaralaryň ýeňillik hukugy we dahylsyzlygy baradaky Konwensiýanyň uly ähmiýeti bardyr. BMG-niň ýöriteleşdirilen esasy edaralary 3-nji tablisada görkezilendir.

Bütindünýä meteorologiýa guramasy (World Meteorological Organization, WMO) – meteorologiýa (atmosferanyň fiziki ýagdaýyny we atmosfera hadysalaryny öwrenýän ylym; howa hem-de nähili howa boljagyny öňünden aýtmak usuly hakyndaky taglymat; howa ylmy), klimatologiýa (howa ýagdaýyny öwreniş ylmy), gidrologiýa (Ýer togalagynyň suw giňişliklerini we tebigatdaky suwuň aýlanyşygyny öwrenýän ylym) meseleleri boýunça BMG-niň ýöriteleşdirilen hökümetara edarasydyr. Ol ýer atmosferasynyň, ummanlaryň, klimatyň (howanyň) ýagdaýynyň meseleleri boýunça BMG-niň ygtybarly çeşmesidir. Häzirki wagtda 185 döwlet bu guramanyň agzasy bolup durýar. Guramanyň esasy wezipeleri: meteorologiýa we beýleki baglanyşykly ugurlar boýunça ylmy işleri, barlaglary geçirmek üçin şertleri döredýär we hünärmenleri taýýarlamaga ýardam berýär; ýakyn hyzmatdaşlyk, tizden maglumat alyşmak üçin şertleri döredip, milli meteorologiýa, gidrologiýa institutlaryň işlerini sazlaşdyrýar; uçarçylykda, deňiz gatnawynda, oba hojalygynda, beýleki önümçilik işlerinde meteorologik maglumatlary ulanmak boýunça amaly gollanmalary neşir edýär; statistiki maglumatlary gaýtadan işlemek, saklamak, ulanmak maksady bilen gözegçiligiň maglumatlaryny bir nusga getirýär; meteorologiýa we beýleki maglumatlary alyşmak

*3-nji tablisa*

**BMG-niň ýöriteleşdirilen esasy edaralary**

| Guramalar | Resmi ady | Döredilen wagty | Ýerleşýän ýeri | Türkmenistanyň agza bolan wagty |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Bütindünýä meteorologiýa guramasy | World Meteorological Organization, WMO | 1950-nji ýyl | Ženewa | 3-nji ýanwar, 1993-nji ýyl |
| Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy | World Health Organization, WHO | 7-nji aprel, 1948-nji ýyl | Ženewa | 2-nji iýul, 1992-nji ýyl |
| Çagalar gaznasy | United Nations International Children's Emergency Fund; UNI-CEF | 11-nji dekabr, 1946-njy ýyl | Nýu-Ýork | 1993-nji ýyl |
| Bütindünýä poçta bileleşigi | Universal Postal Union, UPU | 9-njy oktýabr, 1874-nji ýyl | Bern | 26-njy ýanwar, 1993-nji ýyl |
| Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy | United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization, UNESCO | 16-njy noýabr, 1945-nji ýyl | Pariž | 17-nji awgust, 1993-nji ýyl |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Bütindünýä syýahatçylyk guramasy | United Nations World Tourism Organization, UNWTO | 1974-nji ýyl | Madrid | 1993-nji ýyl |
| Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy | World Intellectual Property Organization, WIPO | 14-nji iýul, 1967-nji ýyl | Ženewa | 1-nji mart, 1995-nji ýyl |
| Halkara deňiz guramasy | International Maritime Organization, IMO | 6-njy mart, 1948-nji ýyl | London | 26-njy awgust, 1993-nji ýyl |
| Halkara raýat awiasiýa guramasy | International Civil Aviation Organization, ICAO | 1944-nji ýyl | Monreal | aprel, 1993-nji ýyl |
| Halkara zähmet guramasy | International Labour Organization, ILO | 1919-njy ýyl | Ženewa | 24-nji sentýabr, 1993-nji ýyl |
| Azyk we oba hojalyk guramasy | Food and Agriculture Organization, FAO | 16-njy oktýabr, 1945-nji ýyl | Rim | 1995-nji ýyl |
| Senagat taýdan ösüş guramasy | United Nations Industrial Development Organization, UNIDO | 1966-njy ýyl | Wena | agza |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Halkara Elektroaragatnaşyk bileleşigi | International Telecommunication Union, ITU | 17-nji maý, 1865-nji ýyl | Ženewa | agza |
| Oba hojalygy ösdürmegiň halkara gaznasy | International Fund for Agricultural Development, IFAD | dekabr, 1977-nji ýyl | Rim | |
| Halkara ösüş assosiasiýasy | International Development Association, IDA | 1960-njy ýyl | Waşington | agza däl |
| Halkara maliýe korporasiýasy | International Finance Corporation, IFC | 20-nji iýul 1956-njy ýyl | Waşington | agza |
| Halkara täzeleniş we ösüş banky | International Bank for Reconstruction and Development, IBRD | 1944-nji ýyl | Waşington | 22-nji sentýabr, 1992-nji ýyl |
| Halkara pul gaznasy | International monetary fund, IMF | 27-nji dekabr, 1945-nji ýyl | Waşington | sentýabr, 1992-nji ýyl |
| Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi | International Atomic Energy Agency, IAEA | 29-njy iýul, 1957-nji ýyl | Wena | 14-nji sentýabr, 2015-nji ýyl |

gullugyny döredýär we ösdürmegi goldaýar; meteorologiýa, gidrologiýa gözegçilikleri we ylmy-barlag işläp taýýarlamalary ulanmak üçin döwletleriň we halkara guramalaryň özara hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Bütindünýä howa gullugy guramasynyň işiniň esasy daýanjy bolup durýar. Ol gözegçilik we telekommunikasiýa aragatnaşyklar ulgamynyň kömegi bilen bütin dünýä howa barada maglumat berýär. Bütindünýä meteorologiýa guramasy «Dünýä klimaty», «Atmosfera we daşky gurşawa gözegçilik etmek», «Meteorologiýany, gidrologiýany we suw serişdelerini ulanmak» ýaly birnäçe ýörite maksatnamalary, şeýle hem bilim, okuw we tehniki hyzmatdaşlyk boýunça maksatnamalary amala aşyrýar. «Atmosferanyň global gullugy» maksatnamasynyň çäginde atmosferanyň düzümindäki parnik gazlaryň, ozonyň we beýleki gazlaryň mukdar derejesiniň monitoringini (gözegçiligini) ýöredýär. Gurakçylyk, zyýan berijiler, keseller bilen bagly meteorologik maslahatlary tiz almak oba hojalygyndaky ýitgileri düýpli azaltmaga ýardam berýär. WMO özüniň döredilen wagtyndan bäri ähli adamzadyň howpsuzlygyna we abadançylygyna ýardam bermekde wajyp orny tutýar. WMO-nyň ýolbaşçylygynda we guramanyň maksatnamasynyň çäginde milli meteorologik we gidrologik gulluklar tebigy betbagtçylyklardan adam durmuşyny, emlägi we daşky gurşawy goramaga hem-de jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň azyk howpsuzlygy, suw serişdeleri we ulag ýaly ugurlary boýunça ykdysady we durmuş goraglylygyny berkitmeklige düýpli goşant goşýar.

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, BSGG (World Health Organization, WHO) özüne 194 agza ýurtlary jemleýän BMG-niň ýöriteleşdirilen iri edarasy bolup durýar. Guramanyň esasy wezipesi dünýä ilatynyň saglygyny goramak we saglygy goramagyň halkara meselelerini çözmek bolup durýar. Gurama saglygy goramaklyga gönükdirilen ylmy-barlag işler üçin gün tertibini düzýär, kadalary we ülňüleri kesgitleýär, anyk maglumatlara esaslanýan syýasaty işläp taýýarlaýar, döwletlere tehniki goldaw berýär, şeýle hem saglygy goraýyş işleriniň ýagdaýlaryny barlaýar we onuň özgerişine baha berýär. Saglygy goramak boýunça halkara howpsuzlygyň esasy

howplarynyň biri täze we ýoň bolmaga ukyply keselleriň tiz ýaýramagy bolup durýar. Tiz ýaýraýan keseller ýygy-ýygydan ýüze çykýar we onuň döremegine ýokary derejede ösýän urbanizasiýa (ykdysady we medeni durmuşyň uly şäher merkezlerinde jemlenmegi), daşky gurşawyň hapalanmagy, azyk iýmitleriniň öndüriliş we söwda usullary ýaly ýagdaýlar sebäp bolýar. Sol sebäpli saglygy goramagyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ähli ýurtlaryň bilelikde işleri alyp barmaklygy zerur bolup durýar. BSGG-nyň esasy iş ugurlary: milli saglygy goraýyş gullugy berkitmek we kämilleşdirmek; ýokanç we ýokanç däl keselleri öňünden duýdurmak we olaryň garşysyna göreşmek; daşky gurşawy goramak we sagdynlaşdyrmak; eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak; lukman hünärmenleri taýýarlamak; lukmançylyk-biologik barlaglary ösdürmek.

BMG-niň Çagalar gaznasy, UNISEF (United Nations International Children's Emergency Fund; UNICEF) 1946-njy ýyldan bäri hereket edýän BMG-niň çagalara kömek berýän adatdan daşary halkara gaznasy. Işiniň esasy maksady – çagalaryň hukuklaryny goramak we olaryň howpsuz, sagdyn we bagtly çagalyk hukugyny goldamak. Häzirki wagtda Gazna 190-dan gowrak ýurtda işleýär. UNISEF-iň esasy wezipeleri: her bir çaga üçin durmuş adalatlylygyny, ýokary hilli bilimi üpjün etmek; elýeterli lukmançylyk üpjünçiligini we iýmit bermek; çagalara, ýetginjeklere we aýallara lukmançylyk-hukuk kömegini bermek; sançgy we immunitet (ýokmazlyk) döretmek üçin Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Bütindünýä banky bilen bile işleşmek; ösýän ýurtlary sançgy, dermanlar bilen üpjün etmek; tebigy weýrançylyk, harby hereketler we beýleki ýagdaýlar netijesinde çagalaryň talaba laýyk ösmegi üçin zerur şertleriň ýok sebitlerine ynsanperwer kömegini bermek. Çagalaryň sagdyn ösmegini, hukugyny berjaý etmegi, olaryň mümkinçiliklerini açmagy üpjün etmek boýunça strategik meýilnamalary amala aşyrmak üçin UNISEF ýöriteleşdirilen guramalar we hökümetler bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Bütindünýä poçta bileleşigi (Universal Postal Union, UPU) halkara poçta hyzmatlaryny düzgünleşdirýän edaradyr. Ol 1874-nji ýylda Bern ylalaşygyna laýyklykda döredildi we 1948-nji ýylda BMG-niň

ýöriteleşdirilen edarasy boldy. Häzirki wagtda 192 döwlet Bütindünýä poçta bileleşiginiň agzasydyr. Bütindünýä poçta bileleşigi poçta gulluklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy guraly bolup hyzmat edýär. Ol teklip we tehniki kömegini berýär, araçy bolup çykyş edýär. Bileleşigiň esasy wezipeleriniň biri – poçta önümleriniň we hyzmatlarynyň häzirki zaman görnüşlerini ornaşdyrmak, müşderilere edilýän poçta hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmagyň hasabyna bütindünýä poçta gullugyny ösdürmeklige, ýollanylýan poçtalaryň möçberini artdyrmaklyga ýardam bermekdir. Bileleşigiň esasy wezipeleri: birmeňzeş halkara poçta aragatnaşyklaryny kesgitlemek we Bütindünýä poçta konwensiýasy we goşmaça ylalaşyklar arkaly halkara poçta alyşmalary ýeňilleşdirmek; bileleşigiň agza ýurtlarynyň poçta hyzmatdaşlygyna ýardam bermek; halkara poçta aragatnaşyklary üçin nyrhlary kesgitlemek (şol sanda üstaşyr çykdajylary); bileleşigiň agzalarynyň arasyndaky dawaly meseleleri kadalaşdyrmak. Bütindünýä poçta bileleşigiň işiniň kömegi bilen halkara poçta tejribesine täze önümler we hyzmatlar ornaşdyrylýar. Şonuň netijesinde dünýäniň ilatynyň uly bölegi sargyt poçtasy, poçta üsti bilen pul ibermek, halkara hat ýazyşyp durmak, gyssagly poçta ýaly hyzmatlardan peýdalanyp bilýär. Guramaçylyk we düzüm taýdan Bütindünýä poçta bileleşigi dört esasy edara bölünýär: 1) Bütindünýä poçta kongresi (ýokary edara). Ol dört ýyldan bir gezek çagyrylýar we oňa bileleşigiň ähli agza döwletleri gatnaşýar. 2) Administratiw Geňeş. 3) Poçtalary ulanmak Geňeşi. Onuň düzümine poçta-maliýe hyzmatlary boýunça iş topary girýär. 4) Halkara edara. Onuň düzümine hemişelik işleýän sekretariat we dolandyryş edarasy girýär.

BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy, ÝUNESKO (The United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization, UNESCO) bilim, ylym we medeniýet boýunça döwletleriň we halklaryň hyzmatdaşlygyny giňeltmegiň üsti bilen parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmeklige ýardam berýän edaradyr. Häzirki wagtda dünýä ýurtlarynyň 195-si guramanyň hakyky we 10-sy assosirlenen agzasy bolup durýar, şeýle hem 182 sany agza ýurtlarynyň hemişelik wekilleri guramanyň Pariždäki Baş edarasynda

işleýär. Guramanyň düzümine dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşen 60-dan gowrak edaralar we bölümler girýär. 1948-nji ýylda BMG--niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasynyň başlangyjy boýunça Bütindünýä tebigaty goramak bileleşigi döredildi. Bileleşik ÝUNESKO-da tebigatyň dürlüligini gorap saklamak meselesi boýunça maslahatçy hukugyna eýedir.

Gurama örän dürli maksatnamalary, şol sanda daşky gurşawy goramak boýunça ylmy-derňew işlerini ýerine ýetirýär. Gurama özüniň esasy işini bäş maksatnamalaýyn ugur boýunça alyp barýar: bilim, tebigy ylymlar, durmuş we ynsanperwer ylymlary, medeniýet, kommunukasiýa we maglumat. ÝUNESKO döredilen gününden başlap, bilimi özüniň ileri tutýan ugry hasaplaýar. 2000-nji ýylda Senegalyň paýtagty Dakar şäherinde bilim boýunça geçirilen Bütindünýä gurultaýynda 2015-nji ýyla çenli «Bilim hemmeler üçin» maksatnamasynyň esasy ýörelgesi we wezipeleri kesgitlendi. Maksatnamanyň maksady hökmany mugt başlangyç bilim, bilimiň hilini ýokarlandyrmak, kiçi ýaşly çagalary terbiýelemegiň toplumlaýyn çärelerini geçirmek, ýaşlaryň we uly ýaşlylaryň bilim talaplaryny kanagatlandyrmak, şeýle hem uly ýaşlylaryň sowatlylygyny ýokarlandyrmak bolup durýar. «Bilim hemmeler üçin» maksatnamasynyň maksatlary BMG--niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň sanawynda hem beýan edilendir. Bilimde tejribe we tehnologiýa alyşmak, okatmagyň hilini kämilleşdirmek, hünärmenleri taýýarlamak we ylmy işlere ýardam bermek üçin mugallymlaryň hünärini ýokarlandyrmak guramanyň bütindünýä kafedra torunyň esasy işidir. Guramada bilim boýunça kitaplary, ylmy işleri, maglumat berýän habarlary çap etmek hem ýola goýlandyr.

Tebigy ylymlaryň berýän netijeleri durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam edýär. Guramanyň bu ylmy ugur boýunça alyp gelýän işleriniň hataryna «Adam we biosfera» maksatnamasy degişlidir. 1979-njy ýylda ÝUNESKO-nyň «Adam we biosfera» maksatnamasynyň Halkara sazlaşdyryjy Geňeşiniň karary bilen Repetege halkara derejesi berildi we biosfera goraghanalarynyň Bütindünýä ulgamyna girizildi. Ulgamyň çäginde bu goraghanalaryň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek maksady bilen maglumat we tejribe alyşmak ýola goýlandyr.

5. Sargyt № 2070

ÝUNESKO-nyň durmuş we ynsanperwer ylymlar boýunça wezipesi bolup durmuş özgertmelerine, adamlaryň hukuklaryna we azatlygyna gönükdirilen bilimi, ülňini, aňlaýyş ukyply birleşmeleri öňe sürmek çykyş edýär. Gurama bu ugur boýunça durmuş özgertmeleri dolandyrmak maksatnamasyny amala aşyrýar. Guramanyň medeniýet boýunça esasy işi adamlaryň özara gatnaşyklaryna esaslanýan medeni dürlüliklere ýardam bermekdir. Bu ugur 2001-nji ýylda kabul edilen medeni dürlülikler boýunça Ähliumumy deklarasiýada öz beýanyny tapdy. 1972-nji ýylda ÝUNESKO Bütindünýä medeni we tebigy miraslary goramagyň Konwensiýasyny kabul etdi. Ol her iki ýyldan Bütindünýä mirasynyň komitetiniň mejlisini geçirýär we onda Bütindünýä mirasynyň obýektlerine dereje berilýär.

Gurama Bütindünýä medeni we tebigy miras bilen bir hatarda, ähli adamzat üçin gymmatly bolan maddy däl medeni mirasyň, halk döredijiliginiň ajaýyp nusgalarynyň dürli görnüşlerini goramak işini hem alyp barýar. Maddy däl medeni mirasyň aýratynlyklaryna tebigat we taryh bilen baglanyşygy, medeni dürlülik we döredijilik, olaryň nesilden-nesle geçmegi degişlidir. Medeniýet ugry boýunça Ähliumumy miras, Maddy däl medeni miras maksatnamalary amala aşyrylýar. 2009-njy ýylda halklaryň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklary berkidýän we Gündogar halklarynyň taryhy-medeni däplerini wagyz edýän Nowruz baýramy, şeýle hem 2015-nji ýylda türkmen halkynyň meşhur «Görogly dessançylyk sungaty», 2017-nji ýylda «Küştdepdi aýdym we tans dessury» ÝUNESKO-nyň adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Durnukly ösüş üçin talaba laýyk we elýeterli maglumat üpjünçiligi zerurdyr. Şol sebäpli gurama bu ugur boýunça Maglumat hemmeler üçin hem-de Kommunikasiýany ösdürmegiň halkara maksatnamalaryny alyp barýar.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasy, BSG (United Nations World Tourism Organization, UNWTO) durnukly we umumy elýeterli syýahatçylygy ösdürmek bilen meşgullanýan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Ol syýahatçylyk pudagynda esasy halkara guramadyr. Guramanyň taryhy 1925-nji ýylda başlanýar. Şol ýyl Gaaga şäherinde resmi syýahatçylyk assosiasiýalarynyň Halkara kongresi döredildi. Ikinji Jahan urşundan soň onuň ady çalşyrylyp, resmi syýahatçylyk

guramalaryň Halkara bileleşigi diýlip atlandyryldy. 1967-nji ýylda ol hökümetara edara öwrüldi. 1974-nji ýylda bolsa Bütindünýä syýahatçylyk guramasyna öwrüldi. 1970-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda Mehiko şäherinde Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň maksatlaryny, meselelerini, wezipelerini, guramaçylyk düzümini we iş ýörelgelerini kesgitleýän Tertipnamasy kabul edildi. Bütindünýä syýahatçylyk guramasy halkara syýahatçylyk boýunça köp sanly beýannamalary, şol sanda syýahatçylyk boýunça Gaaga beýanyny, Hartiýany we jahankeşdeleriň özüni alyp barmagy boýunça Kodeksini, şeýle hem dünýäde syýahatçylyk boýunça Manila beýanyny kabul etdi. Bütindünýä syýahatçylyk guramasyna 2006-njy ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy derejesi berildi. Häzirki wagtda 157 döwlet guramanyň agzasydyr. Syýahatçylygyň birnäçe ösen döwletleri (ABŞ, Beýik Britaniýa, Belgiýa, Täze Zelandiýa, Demirgazyk Ýewropa döwletleri, BAE we beýlekiler) guramanyň agzasy däldir.

BSG-niň baş maksady – halkara parahatçylygy we özara düşünişmegi, halkara söwdany we döwletleriň arasyndaky dünýä hojalyk gatnaşyklaryny berkitmegi üpjün etmek bilen syýahatçylygy ösdürmeklige ýardam bermekdir. BSG-niň esasy iş ugry syýahatçylyk iş tejribelerini alyşmak we resminamalary aňsatlaşdyrmak, syýahatçylygy kadalaşdyrmagyň hukuk düzgünini kesgitlemek we ylalaşmak, şol sanda adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda (ýoň bolma, tebigy betbagtçylyk we beýlekiler), syýahatçylyga gatnaşýan taraplaryň arasyndaky özara gatnaşygy amala aşyrmak boýunça döwlet syýasatyny işläp taýýarlamaga ýardam bermek bolup durýar. Iki ýyldan bir gezek çagyrylýan Baş Assambleýa bu guramanyň ýokary edarasydyr. Dolandyryş edaralaryň düzümine Ýerine ýetiriji Geňeş we sekretariat girýär. Baş Assambleýanyň wezipesine guramanyň prezidentini we wise-prezidentini saýlamak, Ýerine ýetiriji Geňeşiň agzalaryny saýlamak, Baş sekretary bellemek (Ýerine ýetiriji Geňeşiň hödürnamasy boýunça), guramanyň umumy iş maksatnamasyny hem-de býujetini tassyklamak, guramanyň we onuň edaralarynyň işi barada hasabata seretmek we tassyklamak, şeýle hem hasabatlar boýunça görkezmeleri amala aşyrmak boýunça zerur çäreleri kabul etmek degişlidir. 1979--njy ýylyň 27-nji sentýabrynda Ispaniýanyň Torremolino şäherinde ge-

çirilen Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Baş Assambleýasynyň 3-nji mejlisinde Syýahatçylyk güni esaslandyryldy. 1980-nji ýyldan başlap, bu baýramçylyk dünýäniň köp sanly ýurtlarynda döwlet derejesinde bellenilip geçilýär. Baýramçylygyň maksady syýahatçylygy wagyz etmek, onuň dünýä ykdysadyýetindäki goşandyny görkezmek, dürli ýurtlaryň halklarynyň arasyndaky gatnaşygy ösdürmek bolup durýar.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasy syýahatçylyk pudagyny ösdürmegiň taslamalaryny maliýeleşdirýär we amala aşyrýar, durnukly ösüş maksatlary üçin ösýän ýurtlaryň syýahatçylyk işlerine tejribe berýär. Şeýle hem bu gurama BMG-niň Ösüş Maksatnamasyny ýerine ýetiriji gulluk bolup durýar. Ol bazary öwrenmekligi guraýar, syýahatçylyk boýunça bäsdeşlige we durnukly syýasata ýardam berýär, syýahatçylyk bilimine we hünär taýýarlygyna kömek edýär, hem-de syýahatçylygyň esasy ösüş guraly bolar ýaly dünýäniň 100-den gowrak döwletlerine tehniki kömek berýär. Gurama syýahatçylygy ykdysady ösüş we ekologik durnuklylyk üçin hereketlendiriji güýç hökmünde öňe itermeklige ýardam berýär. Gurama syýahatçylygyň ählumumy etiki kodeksini ýerine ýetirmeklige, syýahatçylygyň durmuş-ykdysady goşandyny has ýokarlandyrmaga, onuň ýetirip biljek oňaýsyz netijesini azaltmaga, garyplygyň derejesini peseltmäge we bütin dünýäde durnukly ösüşe ýardam bermäge gönükdirilen syýahatçylygy ösdürmäge çagyrýar. Syýahatçylyk ykdysady işiň esasy görnüşleriniň biri bolup, dünýä ykdysadyýetiniň gurluşyna we umumy ýagdaýyna, şeýle hem dünýäniň köp sanly döwletleriniň we aýry-aýry sebitleriň hojalygyna düýpli täsir edýän çylşyrymly we toplumlaýyn pudakdyr. Syýahatçylyk ykdysadyýetiň ulag, aragatnaşyk, gurluşyk, oba hojalyk ýaly pudaklarynyň ösmegine uly täsirini ýetirýär, ýagny ol durmuş-ykdysady ösüşi özboluşly çaltlandyryjy bolup çykyş edýär. Syýahatçylyk özüne hyzmat edýän pudaklary döredip we ösdürip, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam berýär. Syýahatçylykda işleýänleriň sanynyň köpelmegi bilen ilatyň girdejisi artýar we milletiň maddy üpjünçilik derejesi ýokarlanýar. Gelýän puluň we halkara gatnaşyklary giňeltmegiň çeşmesi hökmünde syýahatçylygyň ähmiýeti hemişe artýar. Soňky 30 ýylda dünýäde

syýahatçylaryň sany 4 esse köpeldi, syýahatçylardan düşýän girdeji bolsa 25 esse artdy. 2016-njy ýylda syýahatçylykdan gelýän göni girdeji 2,5 trln, umumy girdeji bolsa 7,2 trln amerikan dollaryna deň boldy. Üçünji müňýyllygyň başynda syýahatçylyk köp sanly ýurtlaryň hem-de sebitleriň gurluşyna we syýasatyna ep-esli derejede täsirini ýetirýän durmuş-ykdysady we syýasy görnüşe öwrüldi. 2016-njy ýylda halkara syýahatçylyga dünýä eksportynyň umumy möçberiniň 7%-i we dünýä hyzmat eksportynyň 30%-i düşdi. Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň berýän maglumatlaryna görä, dünýä ýurtlarynyň 80%-inde giriş syýahatçylygy esasy eksport pudagynyň birinji bäşligine girýär, 40%-inde bolsa esasy eksport pudagy bolup durýar. Ýene-de dünýä döwletleriniň 40%-inde syýahatçylykdan gelýän girdeji ABŞ-nyň 1 mlrd dollaryndan geçýär. Bütindünýä syýahatçylyk guramasy syýahatçylygy durnukly ösdürmek boýunça «Jahankeşdelik we syýahatçylyk pudaklary üçin XXI asyryň gün tertibinde» görkezilen düzgünleri amala aşyrmaga işjeň gatnaşýar. Köp sanly gyzyklanýan döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň gatnaşmagynda «Ýüpek ýoly» maksatnamasy, 2002-nji ýylda durnukly syýahatçylyk boýunça Ýohannesburgda geçirilen Bütindünýä maslahatynda makullanan «Durnukly syýahatçylyk – garyplygy aradan aýyrmagyň girewi» atly maksatnamasy işjeň amala aşyrylýar.

Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy (World Intellectual Property Organization, WIPO) intellektual eýeçilige degişli wajyp halkara konwensiýalary, ilkinji nobatda, edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern Konwensiýasyny we senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž Konwensiýasyny dolandyrmak bilen meşgullanýar. Gurama 1893-nji ýylda Pariž we Bern konwensiýalarynyň wezipelerini ýerine ýetirýän iki edaranyň birleşmeginde döredi we oňa intellektual eýeçiligi goramak boýunça Birleşen halkara edara ady berildi. Bu edaranyň agza döwletleri onuň doly hukukly hökümetara gurama derejesine geçmegini maksat edindiler. Sol sebäpli 1967-nji ýylda Stokgolmda Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasyny döretmek boýunça Konwensiýa gol çekildi. 1974-nji ýyldan başlap, ol BMG-niň döredijilik we intellektual eýeçilik meseleleri boýunça

ýöriteleşdirilen edarasydyr. Häzirki wagtda 188 döwlet guramanyň agzasydyr. Guramanyň işi döredijilik iş üçin pul hakyny, innowasiýalary höweslendirmegi, jemgyýetiň bähbidini goramak bilen ykdysady ösüşe goşant goşmagy üpjün edýän sazlaşykly halkara ulgamy ösdürmek bolup durýar. Kesgitlenen maksatlara ýetmek üçin Guramanyň şu aşakdaky esasy wezipeleri işlenilip taýýarlanyldy:

– bütin dünýäde intellektual eýeçiligi goramagy gowulandyrmagy we bu ugur boýunça milli kanunçylyklaryň sazlaşygyny nazara alýan çäreleri işläp taýýarlamaga ýardam bermek;
– intellektual eýeçilik boýunça halkara kanunlary we kadalary işläp taýýarlamak;
– intellektual eýeçilik boýunça tehniki-hukuk kömegini bermek;
– maglumatlary ýygnamak we ýaýratmak, barlaglary geçirmek we olaryň netijelerini çap etmek;
– Pariž we Bern bileleşiginiň administratiw wezipelerini ýerine ýetirmek;
– intellektual eýeçiligiň halkara goragyny ýeňilleşdirýän gullugyň işini üpjün etmek.

Halkara deňiz guramasy (International Maritime Organization IMO) – Halkara hökümetara gurama, BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy, halkara söwda deňiz gämi gatnawy bilen baglanyşykly tehniki meseleler boýunça hyzmatdaşlyk we maglumat alyşmak üçin diwanhana bolup hyzmat edýär. Gurama 1948-nji ýylyň 6-njy martynda Ženewa şäherinde Hökümetara deňiz maslahat guramasy barada Konwensiýanyň kabul edilmegi bilen döredildi. Konwensiýa 1958-nji ýylyň 17-nji martynda güýje girdi we täzeden döredilen gurama öz işine başlady. Halkara deňiz guramasy halkara söwda hem-de gämileriň deňzi hapalamagynyň öňüni almak meseleleri boýunça gämi gatnawynyň howpsuzlygyna we ýokary ygtybarlylygyna jogap berýär. Gurama halkara gämi gatnawyna täsir edýän hem-de deňiz gurşawyny goramak boýunça hökümetara hyzmatdaşlyga ýardam berýän tehniki meseleler bilen baglanyşykly bolan kadalary we düzgünleri guraýar. Häzirki wagtda gurama tarapyndan işlenip taýýarlanan we kabul edilen 40-dan gowrak konwensiýalar we ylalaşyklar,

şeýle hem müňe golaý kodeksler we hödürnamalar dünýä möçberinde amala aşyrylýar. 170 döwlet bu guramanyň agzasydyr, şeýle hem 3 assosirlenen agzasy bar (Farer adalary, Gonkong, Makao). Agza döwletleriň Assambleýasy guramanyň ýokary edarasy bolup durýar. Guramanyň çäginde Assambleýadan başga-da 5 komitet hereket edýär: deňizde howpsuzlyk boýunça Komitet; deňiz gurşawyny goramak boýunça Komitet; ýuridik Komitet; tehniki hyzmatdaşlyk boýunça Komitet; deňiz gämi gatnawyna degişli resmi işleri ýeňilleşdirmek boýunça Komitet.

Guramanyň wajyp orny deňiz gämi gatnawy üçin hemme ýerde ulanylýan, adalatly we netijeli kada-hukuk binýadyny döretmekden durýar. Halkara deňiz guramasynyň esasy wezipeleri: deňizde howpsuzlygy we ýaşaýşy goramagy üpjün etmek boýunça, şol sanda gämilere deňiz galtamanlarynyň hüjümini öňünden duýdurmaklyga gönükdirilen degerli çäreleri kabul etmek; deňiz gämileriniň taslamasyna, gurluşygyna, enjamlaşdyrylmagyna, ulanylmagyna degişli bolan, halkara derejesine laýyk gelýän standartlary we düzgünleri işläp taýýarlaýar we kesgitleýär; deňiz infrastrukturalaryny ösdürýär; innowasion tehnologiýalary we öňdebaryjy tejribeleri ornaşdyrýar; dünýä deňiz gämi gatnawynyň howpsuzlygyny, ekologik talabyny we energiýa netijeliligini üpjün etmek üçin deňiz daşamalaryny dolandyrýar. Deňizde howpsuzlyk guramanyň has wajyp wezipesi bolup durýan hem bolsa, 1960-njy ýyllardan başlap daşky gurşawy, ilkinji nobatda deňiz gurşawy hapalamak meselesi birinji ýere çykdy. Deňiz ýollary bilen daşalýan nebit önümleriniň möçberiniň, şeýle hem nebit önümlerini daşaýan gämileriň gabarasynyň artmagy aýratyn ynjalyksyzlyk döretdi. Meseläniň möçberini 1967-nji ýylda bolan Torrey Canyon tankeriniň heläkçiligi görkezdi. Şol heläkçilikde deňze 120 müň tonna nebit düşdi. Dünýä söwdasynyň 90%-e golaýy deňiz gämi pudagyna baglydyr. Bu bolsa Halkara deňiz guramasynyň barha artýan ähmiýetini görkezýär.

Halkara raýat awiasiýa guramasy (International Civil Aviation Organization, ICAO) – Raýat awiasiýasynyň halkara kadalaryny kesgitleýän we howpsuzlygyny we netijeliligini ýokarlandyrmak

maksady bilen onuň ösüşini sazlaşdyrýan, BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Häzirki wagtda 191 döwlet Halkara raýat awiasiýa guramasynyň agzasydyr. Tertipnama laýyklykda, guramanyň maksady bütin dünýäde halkara raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyny we ösüşini üpjün etmek hem-de raýat awiasiýasynyň ähli meselelerini, şol sanda halkara gatnawlar boýunça halkara hyzmatdaşlygyny sazlaşdyrmak bolup durýar. Guramanyň düzgünlerine laýyklykda, halkara howa giňişligi uçuş maglumat ýerlerine, ýagny elektron ulgam serişdelerine we howa hereketlerine gözegçilik etmek mümkinçiligi nazara alnyp, araçägi kesgitlenen howa giňişligine bölünýär. Guramanyň esasy wezipeleriniň biri dünýäniň howa menzillerine aeronawigasiýa we meteorologiýa maglumatlary alyşmak üçin ulanylýan dört harply şahsy şertli bellikleri bermek bolup durýar. Gurama parahatçylyk maksatly uçarlary düzmek we ulanmak, şeýle hem howa ýollaryny, howa menzillerini we nawigasiýa enjamlaryny döretmek we ösdürmek işlerini höweslendirýär. Bu maksatlary we wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Halkara raýat awiasiýa guramasy uçarlarda ulanylýan enjamlara, uçarmanlaryň, tehniki hyzmat edýän gulluklaryň iş düzgünine we tertibine halkara standartlary we hödürnamalary kabul edýär; uçarlaryň zyňyndylaryny azaltmagyň we ses derejesini çäklendirmegiň hasabyna howa ulaglarynyň daşky gurşawa ýetirýän täsirini has peseltmek boýunça çäreleri kabul edýär; gümrük, immigrasiýa, sanitar düzgünleri we beýleki resmi işleri standartlaşdyrmagyň hasabyna serhet üstünden geçýän uçarlaryň, ýolagçylaryň, ýükleriň hereketlerini ýeňilleşdiýär. Gurama häzirki wagtda raýat awiasiýasynyň aragatnaşyk, nawigasiýa, radiolokasion gözegçiliginiň we howa hereketlerini dolandyrmagyň geljekki talaplaryny kanagatlandyrmak üçin hemra ulgamyny işläp taýýarlaýar.

Halkara zähmet guramasy, HZG (International Labour Organization, ILO) – zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak meseleleri bilen meşgullanýan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. 185 döwlet guramanyň agzasydyr. Halkara zähmet guramasy 1919-njy ýylda Wersal parahatçylyk ylalaşygy esasynda döredildi. Guramanyň maksatlary we wezipeleri onuň Tertipnamasynda beýan edilen. HZG-niň

işi üç taraplaýyn esasda, ýagny işgärleriň, iş bilen üpjün edýänleriň we hökümetiň wekilçiliginde alnyp barylýar. HZG-niň ýokary edarasy Halkara zähmet konferensiýasy bolup, onda guramanyň ähli resminamalary kabul edilýär. Halkara zähmet konferensiýasy umumy zähmet we durmuş meselelerini hem-de halkara zähmet kadalaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin bütindünýä gurultaý bolup hyzmat edýär. Ol guramanyň umumy syýasatyny kesgitleýär. Her iki ýyldan geçirilýän Konferensiýa HZG-niň iki ýyllyk iş maksatnamasyny we býujetini kabul edýär. Halkara zähmet guramasy zähmet meselelerine bagyşlanan Konwensiýalary we Hödürnamalary kabul edýär. Konwensiýalardan we Hödürnamalardan başga-da üç deklarasiýa kabul edildi: HZG-niň maksatlary we wezipeleri barada Halkara zähmet guramasynyň 1944-nji ýyldaky Filadelfiýa Deklarasiýasy (häzirki wagtda HZG-niň Tertipnamasyna girizilen); köpmilletli kärhanalar we durmuş syýasaty barada HZG-niň 1977-nji ýyldaky Deklarasiýasy; şeýle hem zähmet çygryndaky hukuklaryň we ýörelgeleriň esasyny düzýän HZG-niň 1998-nji ýyldaky Deklarasiýasy.

Halkara zähmet guramasynyň esasy maksatlary durmuş-ykdysady ösüşe, ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga we zähmet şertlerini gowulandyrmaga, adam hukugyny goramaga ýardam bermekdir. Şu maksatlardan ugur almak bilen, HZG-niň esasy wezipeleri aşakdakylardan durýar:

- durmuş-zähmet meselelerini çözmeklige gönükdirilen ylalaşykly syýasaty we maksatnamalary işläp taýýarlamak;
- konwensiýalar we hödürnamalar görnüşinde halkara zähmet kadalaryny işläp taýýarlamak we kabul etmek;
- gatnaşyjy ýurtlara iş bilen üpjünçilik, işsizligi azaltmak we migrasiýany kadalaşdyrmak meselelerini çözmeklige kömek bermek;
- adam hukugyny goramak (zähmete bolan hukugyny, mejbury zähmetden goramak);
- garyplyga garşy göreş, zähmetkeşleriň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak, durmuş üpjünçiligini ösdürmek;
- işleýänleriň we işsizleriň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmagyna ýardam bermek;

- zähmet şertlerini we önümçilik gurşawyny, tehniki howpsuzlygyny we zähmet gigiýenasyny, daşky gurşawy goramagy we dikeltmegi gowulandyrmak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak;
- zähmetkeşleriň we telekeçileriň hökümet bilen bilelikde durmuş-zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak boýunça işlerine ýardam bermek;
- zähmetkeşleriň has gowşak goralýan toparlaryny (aýallar, ýaşlar, gartaşan ilat, zähmet çekýän migrantlar) goramak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we amala aşyrmak.

Azyk we oba hojalyk guramasy (Food and Agriculture Organization, FAO) BMG-niň ulgamynda oba sebitlerini we oba hojalyk önümçiligini ösdürmek meseleleri bilen meşgullanýan esasy guramadyr. Guramanyň şygary: «Açlyk çekmeýän dünýäni gurmaga kömek edýäris!». Guramanyň esasy iş ugry hemmeler üçin azyk howpsuzlygyny gazanmakdan, ýagny adamlary ýokary hilli azyk önümleri bilen ýeterlik möçberde, wagtly-wagtynda üpjün etmek mümkinçiligini döretmekden ybarat bolup durýar. Häzirki wagtda 194 döwlet, şol sanda Türkmenistan hem bu guramanyň agzasydyr. Dünýäniň garyplyk we açlyk meselelerini azaltmak üçin BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy oba hojalygyny ösdürmäge, iýmiti gowulandyrmaga we azyk howpsuzlygyny çözmäge gönükdirilen işlere ýardam berýär. Ösýän ýurtlaryň oba, tokaý we balyk hojalyklaryny kämilleşdirmäge we gowulandyrmaga kömek edýär. Azyk we oba hojalyk guramasynyň ýöriteleşdirilen maksatnamalary azyk meseleleri boýunça döräp biljek ýagdaýlara ýurtlaryň taýýarlyk görmegine ýardam edýär, zerurlyk ýüze çykanda bolsa, kömek bermegi göz öňünde tutýar. Gurama bir wagtda ýerlerde ortaça 1800-e golaý çäreleri amala aşyrýar. FAO-nyň kömegi bilen obalary we oba hojalygy ösdürmek üçin amala aşyrylýan taslamalara her ýyl ýurtlar we guramalar tarapyndan bagyş edilen 2 milliarddan gowrak dollar gönükdirilýär. FAO-nyň ýene-de bir iş ugurlarynyň biri oba hojalygynyň genetiki serişdelerini we adam tarapyndan ulanylýan ösümlik we haýwanat görnüşleriniň biodürlüligini goramakdyr. Gurama biodürlüligi azyk

önümlerini öndürmek we oba hojalygyny alyp barmak üçin zerur şert hökmünde seredýär we ony Ýer togalagynyň wajyp serişdesine degişli edýär. FAO-nyň berýän maglumatlaryna görä, dünýäniň maldarçylyk önümleriniň 90%-ni öý haýwanlarynyň we guşlaryň 14 görnüşi (30 görnüşinden) üpjün edýär.

BMG-niň Senagat taýdan ösüş guramasy (United Nations Industrial Development Organization, UNIDO) – bu senagat ösüşine we halkara senagat hyzmatdaşlygyna ýardam bermeklige ygtyýarlandyrylan, BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Gurama bilim, tejribe, maglumat we tehnologiýalary toplamak bilen birlikde ösýän döwletleriň öndürijilikli işliligini ýokarlandyrmaga, bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti ösdürmäge we önümçilik kuwwatlyklarynyň ekologik durnuklylygyny üpjün etmäge kömek berýär. Gurama öz tagallalaryny üç ileri tutulýan ugra jemleýär: öndürijilikli işlilik esasynda garyplyga garşy göreşmek; söwda kuwwatlygyny döretmek; şeýle hem daşky gurşawa zelel ýetirmeýän senagat ösüşi we energetika meseleleri. BMG-niň Senagat taýdan ösüş guramasy 170 agza döwletiň ählumumy forumy hökmünde döwlet we hususy bölegiň, ylmy-önümçilik birleşikleriň, ylmy guramalaryň wekilleri üçin senagaty ösdürmegiň meseleleri boýunça halkara gepleşikleri üpjün edýär. Guramanyň esasy wezipeleri: milli senagatyň ösüşine degişli maglumatlary ýygnaýar we ýaýradýar; milli ykdysadyýetiň talaplaryny we ýagdaýyny nazara alyp, gatnaşyjylara senagaty ösdürmek üçin tehniki we maliýe kömegini bermek boýunça maksatnamalary işläp taýýarlaýar we amala aşyrýar; durnukly senagata we innowasiýa ýardam bermek maksadyna ýetmek üçin dürli derejedäki guramalar bilen hyzmatdaşlyk gatnaşygyny goldamak; önümçilik obýektleri täzeden guramak we enjamlaşdyrmak, bäsdeşlige ukyplylygy üpjün etmek, tehniki özara hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça maslahatlary bermek. Guramanyň ýokary edarasy Baş konferensiýa bolup, ol her iki ýyldan bir gezek çagyrylýar. Baş konferensiýa Guramanyň ýörelgelerini we syýasatyny kesgitleýär, çykyşlara seredýär we Guramanyň kömekçi edaralarynyň düzümini saýlaýar, Baş direktory tassyklaýar, iş maksatnamalary, býujeti we maliýe ýagdaýlary makullaýar hem-de maliýe serişdeleriniň netijeli ulanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýar.

Halkara Elektroaragatnaşyk bileleşigi (International Telecommunication Union, ITU) – telekommunikasiýa we radio ugry boýunça hödürnamalary kesgitleýän, şeýle hem radio tolkuny halkara ulanmak (radio tolkuny maksatlar we döwletler boýunça paýlamak) meselelerini düzgünleşdirýän halkara guramadyr. Gurama 1865-nji ýylda Halkara telegraf bileleşigi hökmünde esaslandyrylan häzirki adyny 1934--nji ýylda alýar we 1947-nji ýyldan bäri BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. 193 döwlet bu Guramanyň agzasydyr, şeýle hem ITU-nyň bölümleri we assosiasiýalary boýunça 700-den gowrak agzalary (ylmy-senagat kärhanalary, döwlet we hususy aragatnaşyk operatorlary, radiogepleşik kompaniýalary, sebit we halkara guramalar) bardyr. Guramanyň esasy orny aragatnaşygyň häzirki zaman tehnologiýalary bilen jemgyýeti üpjün etmek boýunça işleri amala aşyrmakdan durýar. ITU-nyň esasy maksady ähli ilatyň durmuş-ykdysady ösüş bähbidine düýpli ýardam bermäge gönükdirilen maglumatyň we aragatnaşygyň nyrhynyň her bir adam üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek bolup durýar. Guramanyň wezipeleri: jemgyýet üçin maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň elýeterligini üpjün etmek; halkara tehniki standartlary işläp taýýarlamak; aragatnaşyk hemralaryň işlerini sazlaşdyrmak; torlary kämilleşdirmäge, telekommunikasiýa hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen innowasion tehnologik çözgütleri ornaşdyrmak üçin pudak düzümleri bilen özara gatnaşyklary ösdürmek; tebigy betbagtçylykdan zyýan çeken sebitleri aragatnaşyk bilen üpjün etmäge kömek bermek. Gurama wagtly-wagtynda döwletler boýunça maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ösüşiniň san görkezijilerini hasaplaýar we hasabaty çap edýär. Guramanyň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ösüşine baha bermekde ulanýan san görkezijileri 2007-nji ýylda 11 sany görkezijiler esasynda işlenilip taýýarlanyldy. Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň elýeterli bolmagy ähli dünýä bileleşigi, aýratyn hem, fiziki taýdan mümkinçiligi çäklendirilen ilat üçin deň şertleri döredýär. Smartfon, aragatnaşyk hemralary, internet – bu öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary öz içine alýan, ählumumy ulanylýan esasy hyzmatlaryň bolmagyny giňeldýän, aragatnaşygyň örän zerur serişdesidir.

Oba hojalygyny ösdürmegiň halkara gaznasy (International Fund for Agricultural Development, IFAD) ösýän ýurtlaryň ilatynyň garyp toparynyň iýmit ýagdaýyny gowulandyrmak we azyk önümçiligini artdyrmak maksady bilen, maliýe serişdelerini toplamak bilen meşgullanýan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. 1974-nji ýylda geçirilen Bütindünýä azyk maslahatynda Gaznany döretmek boýunça çözgüt kabul edildi. 1976-njy ýylda Gaznany döretmek boýunça ylalaşyk baglaşyldy we ol 1977-nji ýylda güýje girdi. Häzirki wagtda 176 döwlet gaznanyň agzasydyr. Gaznanyň esasy maksady ösýän ýurtlardaky oba garyplygyny aradan aýyrmak. Dünýäniň garyp ilatynyň 75%-i bu döwletleriň oba ýerlerinde ýaşaýar. Gaznanyň serişdeleri garyp oba öý hojalyklarynyň iýmitini gowulandyrmaga, oba hojalyk önümçiligini we girdejini artdyrmaga gönükdirilýär. Gaznanyň maliýe serişdeleri hökümetleriň meýletin töleglerinden, ýörite gatançlardan, berlen karzlary üzmekden we gelýän maýa goýum girdejilerinden emele gelýär. Gazna ýeňillikli şertlerde ýa-da pes göterimde karz berýär. Gazna dünýäniň 87 döwletinde dürli çäreleri maliýeleşdirmäge gatnaşýar. Oba hojalygyny ösdürmegiň halkara gaznasy 1978-nji ýyldan bäri ösýän ýurtlarda oba hojalygy ösdürmek üçin grant we pes göterimli karz görnüşinde 14 mlrd dollardan gowrak serişde gönükdirdi. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän taslamalara – suwarmak we suw serişdelerine gözegçilik etmek, oba sebitlerini toplumlaýyn ösdürmek, maldarçylygy ösdürmek, dökün üpjünçiligi we beýleki işler degişlidir. Gazna karz bermekden başga-da, taslamalaryň ykdysady taýdan maksada laýyklygyna seljerme geçirmek, işgärleri taýýarlamak, taslamalaryň monitoring ulgamyny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak ýaly meseleler boýunça döwletlere tehniki goldawyny berýär. Gaznanyň ýokary ýerine ýetiriji edarasy Dolandyryjylar Geňeşi bolup, oňa ähli agza döwletleriň wekilleri girýär. Ol gaznanyň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar, işiň esasy ugurlaryny, amala aşyrylmaly maksatnamalaryň ölçeglerini tassyklaýar.

Halkara ösüş assosiasiýasy (International Development Association, IDA) – 1960-njy ýylda döredilen, Bütindünýä bank toparynyň

düzümine girýän, wajyp döwletara gaznadyr. Guramanyň maksady – agza döwletleriň meýletin bagyş eden serişdeleriniň hasabyna örän garyp döwletlere kömek bermek. Jemi içerki önümiň jan başyna düşýän görkezijisi 1165 dollardan geçmeýän döwletler Halkara ösüş assosiasiýasyndan karz almaga hukuklydyr. Gurama karz almak görkezijilerine laýyk gelmeýän döwletlere eger olaryň Halkara täzeleniş we ösüş bankyndan karz almak üçin karzy tölemäge ukyplylygy ýok bolsa kömek berýär. Häzirki wagtda bu görkezijilere laýyk gelýän 80 döwlet bar, şolaryň 39-sy Afrikada ýerleşýär. Gurama göterimsiz karzy 20, 35, 40 ýyllyk möhletde üzmek we esasy tölegi ilkinji on ýylyň dowamynda yza süýşürmek şerti bilen berýär. 173 döwlet Halkara ösüş assosiasiýasynyň agzasydyr. Hereket edip başlan wagtyndan bäri assosiasiýa ABŞ-nyň 222 mlrd dollaryndan gowrak möçberde karz berdi. Bu karzlar dünýäniň garyp döwletlerinde ykdysady ösüşe, garyplygyň möçberini azaltmaga we ilatyň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmaga ýardam berýän taslamalary we maksatnamalary amala aşyrmaklyga gönükdirilýär. Hukuk we maliýe nukdaýnazardan Halkara ösüş assosiasiýasy özbaşdak institut bolup durýar. Şeýle hem bolsa, onuň Halkara täzeleniş we ösüş banky bilen umumylygy bar. Halkara ösüş assosiasiýasynyň dolandyryş edarasy Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň prezidentiniň ýolbaşçylygynda hereket edýär. Halkara täzeleniş we ösüş banky bilen Halkara ösüş assosiasiýasy umumy strategik ugry amala aşyrýar. Köp sanly taslamalar bilelikde karzlaşdyrylýar. Muňa garamazdan, Halkara ösüş assosiasiýasynyň karz düzüminiň durmuş ugra gönükdirilýändigi açyk bildirýär, ýagny karzyň uly bölegi bilimiň, saglygy goraýşyň, oba hojalygynyň we oba sebitlerini ösdürmegiň paýyna düşýär.

Halkara maliýe korporasiýasy (International Finance Corporation, IFC) – Bütindünýä bankynyň düzümine girýän halkara maliýe instituty. Korporasiýa ösýän ýurtlara hususy maýa goýumlarynyň durnukly akymyny üpjün etmek maksady bilen 1956-njy ýylda döredildi. Bütindünýä bankynyň prezidenti bir wagtda Halkara maliýe korporasiýasynyň prezidentidir. 184 döwlet Halkara maliýe korporasiýasynyň paýdary bolup durýar. IFC öz işini Bü-

tindünýä bank toparynyň düzümine girýän beýleki guramalar bilen sazlaşdyrýar, emma hukuk we maliýe taýdan garaşsyz gurama bolup durýar. Korporasiýanyň serişde çeşmesi bolup agza ýurtlaryň gatanjy, dünýä maliýe bazarlaryndaky gymmat bahaly kagyzlaryň emissiýasy we özleriniň amala aşyrýan amallaryndan gelýän girdejiler çykyş edýär. Serişdeleri bermegiň esasy görnüşi – maýa goýuma öz paýy boýunça gatnaşmak. Korporasiýanyň maksady hususy telekeçilik işini ösdürmek üçin maliýeleşdirmegiň beýleki çeşmelerini çekmek hem-de ösýän ýurtlarda açyk we bäsleşikli bazarlary ösdürmek arkaly ilatlara garyplygy ýeňip geçmeklige we öz durmuşyny gowy tarapa üýtgetmeklige ýardam berýän mümkinçilikleri döretmekdir. Korporasiýanyň esasy işi maýa goýumlar bazaryndaky pul serişdeleri çekmek arkaly gatnaşyjy döwletleriň ykdysadyýetiniň hususy bölegini ösdürmekligi maliýeleşdirmekdir. Maliýeleşdirmegi gazanmak üçin korporasiýa birnäçe şertleri ýerine ýetirmegi talap edýär. Hususan hem, kärhana döwlete degişli bolmaly däl we geljekde gowy girdejili bolup biljek önümçiligiň tehniki we tehnologik taýdan esaslandyrylan taslamasyny bermeklige borçludyr. Onuň üstesine-de, amala aşyrylýan ýerinde ol döwlete peýda bermeli we şonuň bilen birlikde daşky gurşawa zelel ýetirmeli däl. Halkara maliýe korporasiýasynyň karzlary ösýän ýurtlardaky täze kärhanalary, şeýle hem öň hereket edýänleri ösdürmegi maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýär. Korporasiýa şeýle hem karz ýolunyň hasabyna araçy banklara, lizing kompaniýalaryna we beýleki maliýe edaralaryna karz berýär. Karz ýollary köp halatda belli bir maksatly häsiýetde bolýar hem-de kiçi we orta kärhanalar ýa-da anyk pudaklar üçin niýetlenendir.

Halkara täzeleniş we ösüş banky (International Bank for Reconstruction and Development, IBRD) – Bütindünýä bankynyň esasy karz edarasy. 1944-nji ýylda Halkara pul-maliýe maslahatynyň çözgüdine laýyklykda, Ikinji Jahan urşy wagtynda zyýan çeken döwletleriň ykdysady ösüşini höweslendirmek maksady bilen döredilen BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy. Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň esasy wezipeleri: agza döwletleriň ykdysady ösüşini höweslendirmek; halkara söwdany ösdürmäge we töleg balansyny saklamaga ýardam ber-

mek. Häzirki wagtda 188 döwlet Bankyň agzasydyr. Diňe Halkara pul gaznasynyň agzalary Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň agzasy bolup bilýär. Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň iş maksady orta girdejili we karzy tölemäge ukyply garyp döwletlerde garyplygy azaltmakdyr. Bu maksatlara ýetmek üçin Bank karz berýär hem-de karz bilen baglanyşykly bolmadyk seljerme barlaglaryny geçirýär we maslahat hyzmatlaryny berýär. Döwlet kepillendirmesi bolan halatynda Bank döwlet we hususy kärhanalara uzak möhletleýin karz berýär. Bank bilim we ekologiýa maksatnamalaryny goldaýar. Bank ilkibaşda ýol, uçar, elektrostansiýa gurmak ýaly iri möçberli taslamalary amala aşyrmak bilen meşgullanýardy. Ýaponiýa we Ýewropa döwletleri mynasyp ykdysady derejä ýetenlerinden soň, Halkara täzeleniş we ösüş banky öz kömegini ösýän ýurtlara gönükdirdi. Bankyň işe başlan ýylyndan bäri beren karzynyň umumy möçberi 150 *mlrd* dollardan geçýär. Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň ýokary edarasy bolup Dolandyryjylar Geňeşi durýar. Onuň wezipesine Bankyň umumy syýasatyny kesgitlemek, täze agzalary kabul etmek, esas maýasynyň möçberi, sap girdejini paýlamak barada çözgütleri kabul etmek degişlidir.

Halkara pul gaznasy (International monetary fund, IMF) – Birleşen Milletler Guramasynyň 1944-nji ýylda geçirilen pul-maliýe meseleleri boýunça Maslahatynyň karary bilen 1945-nji ýylyň 27-nji dekabrynda döredildi we oňa BMG-niň ýöriteleşdirilen edara derejesi berildi. Gazna 1947-nji ýylda resmi taýdan öz işine girişdi. Halkara pul gaznasy 189 döwleti özüne birleşdirýän halkara guramadyr. Baş edarasy Waşington şäherinde ýerleşýär.

Halkara pul gaznasynyň orny töleg balansynyň we pul ulgamynyň meselelerini çözmek üçin gysga möhletli karzlary bermek arkaly agza ýurtlaryň milli ykdysadyýetiniň durnukly hereket etmegini gazanmakdan ybaratdyr. Gaznanyň esasy wezipeleri: halkara derejesinde pul hyzmatdaşlygyny saklamak; durnukly ösüşe we halkara söwda gatnaşyklarynyň giňelmegine ýardam bermek; pul bazarynda durnuklylygy üpjün etmek; köptaraply tölegler ulgamlaryny ösdürmäge kömek bermek; işgärleri taýýarlamaga maglumat-tehniki goldawy

bermek; maliýe ulgamlarynyň durnuklylygyny üpjün etmek ýoly bilen, döwletleriň ykdysady ösüşine ýardam bermek; ilatyň arasynda garyplygyň möçberlerini azaltmak boýunça ösýän ýurtlaryň tagallalaryny höweslendirmek. Halkara pul gaznasynyň wezipelerini ýerine ýetirmek işi üç usul boýunça amala aşyrylýar: ykdysady ýagdaýyň dünýä meýillerine gözegçilik etmek, töleg balansynda kynçylyklar çekýän ýurtlara karzlary goýbermek, döwletleriň hökümetlerine tejribe kömeklerini bermek.

Halkara pul gaznasy halkara derejesinde pul-maliýe ulgamlarynyň ýagdaýyna monitoring geçirýär, agza ýurtlaryň ykdysadyýet we maliýe syýasatlaryna gözegçilik edýär. Durnuklylyga mümkin bolan howplary kesgitlemek üçin, Gazna makroykdysadyýete oňyn täsirini ýetirmäge ukyply bolan zerur çäreler boýunça maslahatlary bermek maksady bilen, ählumumy derejede we anyk ýurtlarda monitoring geçirýär. Halkara pul gaznasyna töleg geçirmegiň hakyky ýa-da bolup biljek meselelerine sezewar bolan agza ýurtlara karzlary bermek boýunça aýratyn jogapkärçilik ýüklenen. Bu maliýe kömekleri ýurtlara öz pul ätiýaçlyklaryny dikeltmäge, milli puluň durnuklylygyny üpjün etmäge, import (ýurda getirilýän) harytlaryň tölegleri dowam etmäge, durnukly ykdysady ösüşiň şertlerini döretmäge mümkinçilik berýär. Halkara pul gaznasy karzlary diňe anyk taslamalary amala aşyrmak üçin berýär. Dolandyryjylar Geňeşi Gaznanyň esasy dolandyryjy edarasydyr. Geňeş maliýe ylalaşyklaryna üýtgeşmeleri girizýär, ýurtlary agzalyga kabul edýär we çykarýar, maýa goýuma göterim paýlaryny kesgitleýär, ýerine ýetiriji direktorlary belleýär. Ýerine ýetiriji Geňeş Halkara pul gaznasynyň işine we onuň syýasatyna jogapkär. Ol öz işini Halkara pul gaznasynyň ýolbaşçylary we hünärmenleri tarapyndan taýýarlanan resminamalara esaslanyp ýöredýär. Ýerine ýetiriji Geňeş iş borçlaryny ýerine ýetirýän we Gaznanyň başlygy hökmünde karzlara buýruk beriji direktory saýlaýar. Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri Halkara pul Gaznasynyň agzasydyr. Her ýyl Halkara pul gaznasy bilen Türkmenistanyň ykdysady we maliýe meseleleri boýunça ikitaraplaýyn maslahatlar geçirilýär. Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň hünärmenleri Halkara pul gaznasy tarapyndan geçirilýän okuw maksatnamalaryna işjeň gatnaşýarlar.

6. Sargyt № 2070

Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi (International Atomic Energy Agency, IAEA) ýadro energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin ulanmak ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmekde köpugurly guramadyr. 1956-njy ýylyň 23-nji oktýabrynda BMG-niň Maslahatynda 81 döwlet tarapyndan tertipnamasy kabul edildi, ol 1957-nji ýylyň 29-njy iýulynda güýje girdi. Agentligiň wezipesi atom energetikasyny ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara ylmy forumlary geçirmek, barlag işlerine kömek berýän hünärmenleri dürli ýurtlara ugratmak, ýadro enjamlaryny we materiallary gowşurmak üçin döwletara dellalçylyk hyzmatyny alyp barmak. IAEA-nyň esasy wezipesi ýadro energetikasynyň howpsuzlyk meselesini üpjün etmek. Agentligiň alyp barýan esasy iş ugry ýadro ýaragyny ýaýratmazlygy üpjün etmek. Agentligiň üstüne ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakyndaky Şertnama goşulan ýurtlaryň borçlaryny ýerine ýetirişini barlamak tabşyrylan.

## 3.5. BMG-niň maksatnamalary we maksatly gaznalary

BMG-niň Ösüş maksatnamasy (United Nations Development Programme, UNDP) – milletleriň ykdysady ösüşine kömek bermek boýunça BMG-niň guramasy. BMG-niň Ösüş maksatnamasy 1966-njy ýylda BMG-niň Ýörite gaznasy bilen tehniki kömek bermegiň giňeldilen maksatnamalarynyň birleşmegi netijesinde döredildi. Dünýäniň 177 döwletinde wekilleri işleýän BMG-niň Ösüş maksatnamasy ösýän ýurtlara maliýe kömegini bermek üçin hödürnamalary taýýarlaýar. Kömek bäş ýyllyk meýilnamalar we anyk taslamalar boýunça berilýär. Maliýeleşdirmek işiniň möçberi kömege mätäç bolan şol döwletiň ösüş derejesine baglylykda 50-den 100%-e çenli bolup biler. BMG-niň Ösüş maksatnamasy Halkara täzeleniş we ösüş banky bilen işjeň hyzmatdaşlygy saklaýar. BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň maliýe serişdelerini BMG-niň we beýleki iri halkara guramalaryň agza ýurtlarynyň meýletin goýumy emele getirýär. Häzirki wagtda meýletin goýumlary berýän guramalaryň we

döwletleriň sany 200-den geçýär. BMG-niň Ösüş maksatnamasy hökümetleriň tebigy serişdeleri gözläp tapmak we öwrenmek, okuw mekdeplerini döretmek, energetiki serişdelerini ösdürmek, hünärmenleri taýýarlamak, enjamlar bilen üpjün etmek we beýleki işlerine kömek berýär. Şeýle hem garyplygy azaltmak, çökgünlikleriň öňüni almak we onuň netijesini aradan aýyrmak, daşky gurşawy goramak, maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalar meseleleri boýunça çözgütleri tapmaga we tejribe alyşmaga kömek berýär. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ählumumy we milli derejelerde alnyp barylýan işleri sazlaşdyrýar. BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň kömegi muzdsuzdyr. 1990-njy ýyldan başlap, her ýyl adam ösüşi hakynda hasabaty taýýarlaýar we çap edýär. Ýolbaşçylygy düzümi 36 adamdan ybarat bolan Dolandyryjylar Geňeşi amala aşyrýar. Türkmenistan BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen işjeň hyzmatdaşlygy saklaýar. 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Türkmenistanyň hökümeti bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda ylalaşyga gol çekildi. 1994-nji ýylyň dekabr aýynda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň wekilhanasy resmi taýdan Aşgabatda işe başlady. 1995–2015-nji ýyllar aralygynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy hyzmatdaşlary bilen ýurdumyzyň çäginde umumy bahasy 37 mln dollardan gowrak 120-ä golaý taslamalary amala aşyrdy we häzirki wagtda 10-dan gowrak taslamalary amala aşyrýar. Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary: durmuş goraglylyk ulgamyny ösdürmek; saýlaw ulgamyny kämilleşdirmek; buhgalterçilik hasaby ulgamyny kämilleşdirmek; Hazar döwlet tebigy goraghanasynyň ählumumy ähmiýetli biodürlüligini gorap saklamak we durnukly ulanmak; energetiki serişdeleri we dikeldip bolýan energiýa çeşmeleri ulanmak üçin Türkmenistanyň kanunçylyk we strategik binýadyny berkitmek; kiçi we orta kärhanalary ösdürmek mümkinçiligine ýardam bermek.

BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň, ÝUNEP-iň (United Nations Environment Programme, UNEP) esasy maksady häzirki we geljekki nesilleriň abadançylygy üçin daşky gurşawy goramaga we gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri guramak we amala aşyrmakdyr. Maksatnama «Daşky gurşaw ösüşiň bähbidinedir» diýen şygar bilen hereket edýär. BMG-niň daşky gurşaw boýunça esasy

kömekçi edarasy bolmak bilen, ÝUNEP ählumumy ekologik maksatnamalary işläp taýýarlaýar, durnukly ösüşi üpjün edýän tebigaty goraýyş işlerini amala aşyrmaga ýardam berýär, Ýer togalagynyň tebigy gurşawyny gorap saklamagy gyşarnyksyz durmuşa geçirmäge çagyrýar. Gurama BMG-niň beýleki ýurtlary bilen hyzmatlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär, şeýle hem öz işine ynsanyýet jemgyýetini çekmäge kömek edýär. Hut ÝUNEP-iň goragy astynda her ýyl daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni bellenilýär. Guramanyň işine giň dürli meseleleri derňemek degişli bolup durýar. Olardan: toprak we suw, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak, energetikanyň durmuş-ykdysady ugry, şäher gurluşyk meselesi, daşky gurşawy goramak boýunça bilim we maglumat alyşma hyzmatdaşlygy, ekologik meseleler boýunça halkara şertnamalary we teklipleri işläp düzmek, seredilýän meseleler boýunça halkara maslahatlary guramak, ekologik howpsuzlyk meselelerini durmuşa geçirmekligi üpjün edýän taslamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak ýaly meseleleri sanap geçmek bolar. Bütindünýä meteorologiýa guramasy ÝUNEP bilen bilelikde 1988-nji ýylda howanyň üýtgemegi boýunça Hökümetara barlag-gözegçilik toparyny döretdiler. ÝUNEP Global ekologik gaznasyny esaslandyryjylaryň hem biri bolup durýar. ÝUNEP-iň düzüminde üç bölüm hereket edýär: Dolandyryjylar Geňeşi, ýerine ýetiriji direktoryň ýolbaşçylygyndaky müdiriýet, daşky gurşawyň gaznasy. Dolandyryjylar Geňeşi BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylyp, 58 ýurduň wekillerinden düzülýär. Ol her ýyl daşky gurşawy goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin ýygnanyşylýar. ÝUNEP-iň müdiriýetine baştutanlyk edýän ýerine ýetiriji direktor dört ýyl möhlet bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan saýlanylýar. Ol ähli gündelik işlere ýolbaşçylyk edýär, aýratyn hem, Dolandyryjylar Geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirmekde taýýarlygyny üpjün edýär. Daşky gurşawyň gaznasy ÝUNEP-iň çäginde amala aşyrylýan halkara tebigaty goraýyş çärelerine goşmaça maliýe goldawyny bermek maksady bilen döredilen. Gazna ýurtlaryň meýletin berýän tölegleriniň esasynda döreýär we ÝUNEP-iň Dolandyryjylar Geňeşiniň görkezmesi esasynda harçlanylýar.

BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissary (United Nations High Commissioner for Refugees, UNHCR) 1950-nji ýylyň 14-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň karary bilen döredildi. UNHCR-iň esasy wezipesi bosgunlary goramak we bütin dünýäde olaryň meselelerini çözmek boýunça halkara tagallalary sazlaşdyrmak bolup durýar. Esasy maksady – bosgunlaryň hukugyny we maddy üpjünçiligini goramak. Agentlik her bir adamyň beýleki döwlete gaçalga gözlemek hukugyny amala aşyrmaga, şunuň bilen birlikde watanyna dolanyp barmagyna ýa-da üçünji döwlete göçmegine ýardam berýär. UNHCR-iň wezipesine raýatlygy bolmadyk adamlara hem kömek bermek degişlidir. Häzirki wagta çenli UNHCR tarapyndan 113 döwletde 50 mln-dan gowrak bosgunlara kömek berildi. Türkmenistan hemişelik esasda BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzasy bolmak bilen, halkara Konwensiýalaryň talaplaryna laýyklykda öz üstüne alan borçnamalaryny doly ýerine ýetirýär. 2017-nji ýylda kabul edilen «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda» Konwensiýanyň kadalaryna, şeýle hem Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna esaslanylyp taýýarlanyldy. Şu Kanunda Türkmenistanda bosgun diýlip ykrar edilmeginiň, goşmaça we wagtlaýyn gorag berilmeginiň tertibi we esaslary, şeýle hem Türkmenistanda bosgun statusy, goşmaça we wagtlaýyn gorag berlen adamlaryň hukuklaryny goramagyň hukuk, ykdysady we durmuş kepillikleri kesgitlenildi. Şeýle-de bosgunlary we raýatlygy bolmadyk adamlary raýatlyga kabul etmek meselesinde ýurdumyzyň alyp gelýän netijeli işleri we gazanan tejribesi halkara bileleşiginde hem-de beýleki daşary ýurt döwletlerinde uly gyzyklanmalary döredýär. Abraýly halkara guramalaryň we daşary ýurt döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda 2012-nji ýylda «Musulman dünýäsinde bosgunlar», 2014-nji ýylda «Migrasiýa we raýatsyzlyk boýunça halkara maslahaty: meseleleri we indiki ädimleri anyklamak» we 2017-nji ýylda «Raýatsyzlygy azaltmak boýunça Türkmenistanyň oňyn tejribesi» atly halkara maslahatlaryň we duşuşyklaryň ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde geçirilmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki wagta çenli ýurdumyzda

hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlaryň 20 müňe golaýy Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edildi.

Bütindünýä azyk maksatnamasy (World Food Programme, WFP) her ýyl 4 mln tonna golaý azyk önümleri bilen üpjün edýän ynsanperwer guramadyr. Ol BMG-niň ulgamynda azyk kömegi boýunça edara hökmünde 1963-nji ýylda döredildi. Ol azyk kömegini ykdysady we durmuşy ösüşe ýardam bermek maksady bilen ulanýar. Maksatnamanyň işi dünýä boýunça horluk çekýän çagalaryň mekdeplerde naharlanmagyna we bilim almagyna gönükdirilendir. Bütindünýä azyk maksatnamasynyň düzümine BMG-niň ähli agzalary girýär. Dolandyryş edarasy Rim şäherinde ýerleşýär. Bütindünýä azyk maksatnamasynyň maksady – kömege mätäç döwletleri azyk önümleri bilen üpjün etmek, açlygy we garyplygy aradan aýyrmak. Ol her ýyl dünýäniň 80 döwletinde ýaşaýan 100 mln-a golaý ilata azyk kömegini berýär. Maksatnamanyň hereket edip başlan wagtyndan bäri açlyk meselelerini çözmek we durmuş-ykdysady ösüşe ýardam bermek üçin ABŞ-nyň 30 mlrd dollary gönükdirildi. Bütindünýä azyk maksatnamasy dünýäniň döwlet hökümetleri tarapyndan bagyş edilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär. 2019-njy ýylyň 7-nji maýynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň guramaçylyk meseleleri boýunça mejlisinde Türkmenistan 2020–2022-nji ýyllar döwri üçin Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanyldy.

BMG-niň neşeler we jenaýatçylyk boýunça müdirligi (United Nations Office on Drugs and Crime, UNODC) neşe maddalarynyň bikanun dolanyşygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, adam söwdasyna, halkara terrorçylyga garşy göreşmek bilen meşgullanýan BMG-niň bölümidir. Ol 1997-nji ýylda BMG-niň neşe maddalaryna gözegçilik boýunça Maksatnamasy bilen halkara jenaýatçylygyň öňüni almak boýunça Merkeziň birleşmegi netijesinde döredi. Dolandyryş edarasy Wena şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda 150 döwleti özüne alýan 21 bölüm hereket edýär. BMG-niň neşeler we jenaýatçylyk boýunça müdirligi dünýäniň ähli döwletlerinde neşe maddalaryny ulanmagyň howpy barada düşündiriş işlerini geçirýär, bikanun neşe önümçiliginiň we onuň dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatçylygyň garşysyna halkara çäreleri işjeňleşdirmäge ýardam

berýär. Türkmenistan BMG-niň Neşe we psihotrop maddalarynyň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça halkara konwensiýalaryna, şeýle hem neşeleriň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmäge, düzüminde neşe bolan maddalary ýüze çykarmak maksady bilen serhet gözegçiligini güýçlendirmäge, hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine tehniki kömegi bermäge we okatmaga gönükdirilen sebit we halkara taslamalarynyň we maksatnamalarynyň birnäçesine gatnaşýar. Neşekeşligi ýok etmek boýunça yzygiderli görülýän çäreler, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge bolan üýtgewsiz taýýarlyk döwletimiziň dünýä möçberindäki howpa garşy göreşmek, sebitde we tutuş dünýäde howpsuzlyk ýagdaýyny üpjün etmek boýunça tagallalary birleşdirmek, parahatçylygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi berkitmek işine ygrarlydygyna şaýatlyk edýär. 2019-njy ýylyň 7-nji maýynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşeniň guramaçylyk meseleleri boýunça mejlisinde Türkmenistan 2020–2023-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça Komissiýasynyň agzalygyna saýlanyldy.

BMG-niň Ilat gaznasy (United Nations Population Fund, UNFPA) ösýän ýurtlaryň demografik meselelerini çözmeklige ýardam berýän BMG-niň edarasydyr. Dünýäde ilat ulgamy we adamlaryň fiziki, psihiki (ruhy) we durmuş saglygy boýunça maksatnamalary maliýeleşdirýän bu Gazna 1969-njy ýylda döredildi. Ol 150-den gowrak döwletleriň hökümet we hökümete degişli bolmadyk guramalary bilen hyzmatdaşlygy saklaýar. Esasy maksatnamalary: eneleriň saglygyny goramak we maşgalany meýilnamalaşdyrmak; ilat ulgamy boýunça işlenilip taýýarlanylýan maksatnamalara milli mümkinçilikleri kämilleşdirmäge, şeýle hem ilat we ösüş meselelerini çözmek üçin wagyz-düşündiriş işlerine ýardam bermek. Gazna ýaşaýşyň hilini gowulandyrmaga hem-de hossarsyz raýatlaryň we maşgalalaryň mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen işleri hem ýerine ýetirýär. Gaznanyň esasy wezipeleri: ählumumy hökmany başlangyç bilim; eneleriň we çagalaryň ölüm sanyny azaltmak; ömrüň ortaça dowamlylygyny ýokarlandyrmak. Öz işiniň çäklerinde Türkmenistana bilermenlik we tehniki goldawy arkaly gender deňliginiň ilerledilmegine, şol sanda seminarlaryň, iş mejlisleriniň guralmagy bilen ýardam berýär, şeýle-de milli kanunçylygyň kämilleşdirilmegi boýunça bu

ulgamdaky halkara tejribesiniň öwrenilmegi boýunça tanyşdyryjy saparlary hem guraýar. Türkmenistanyň hökümeti bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky Hyzmatdaşlygyň 2016–2020-nji ýyllar üçin ýurt boýunça maksatnamasynyň Hereketler meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy. Türkmenistan BMG-niň 2012–2015-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş boýunça Komissiýasyna agzalyga, 2020–2024-nji ýyllar döwri üçin agzalyga täzeden saýlanyldy.

BMG-niň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy, ÝUNKTAD (United Nations Conference on Trade and Development, UNCTAD) söwda we ösüş meseleleri boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň esasy edarasydyr. Ol 1964-nji ýylda döredildi. Dolandyryş edarasy Ženewada ýerleşýär. 194 döwlet, şol sanda Türkmenistan Konferensiýanyň agzasydyr. Ýokary edarasy – söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy hem-de Geňeşi. 2019-njy ýylyň 27-nji iýunynda Söwda we ösüş boýunça Konferensiýanyň esasy dolandyryjy düzümi bolan söwda we ösüş boýunça Geňeşi Türkmenistany bu Geňeşiň hemişelik agzasyna saýlady. Söwda we ösüş boýunça Konferensiýanyň çözgütleri rezolýusiýa görnüşinde kabul edilýär we maslahat beriji häsiýete eýedir. Konferensiýanyň maksatlary: ösýän ýurtlaryň ykdysady ösüşini çaltlandyrmak üçin halkara söwdany ösdürmeklige ýardam bermek; söwda boýunça hökümetleriň we sebitleriň ykdysady toparlarynyň syýasatlaryny utgaşdyrmak; halkara söwda degişli ýörelgeleri we syýasatlary kesgitlemek. Söwda we ösüş boýunça Konferensiýa BMG-niň ulgamynda ösüş hem-de söwda, maliýe, tehnologiýa, maýa goýum we durnukly ösüş meseleleri boýunça sazlaşdyryjy merkez bolup çykyş edýär. Konferensiýanyň esasy iş ugurlary: döwletleriň arasyndaky söwda we ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmak; çig mal harytlaryň halkara söwdasyny kadalaşdyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak; ösýän ýurtlaryň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmeklige ýardam bermek; öz ygtyýarlygyna degişli meseleler boýunça seljerme işlerini alyp barmak. Konferensiýa ösýän ýurtlarda kärhanalary döretmek we telekeçiligi ösdürmek işlerine kömek berýär.

BMG-niň ilatly ýerler boýunça Maksatnamasy (The United Nations Human Settlements Programme, UN-HABITAT) – ilatly ýerleriň durnukly ösüşine ýardam bermek boýunça BMG-niň maksatnamasy. 1978-nji ýylda esaslandyrylan ilatly ýerler boýunça Maksatnamanyň

dolandyryş edarasy Keniýanyň Naýrobi şäherinde ýerleşýär. Ilatly ýerler boýunça Maksatnamanyň esasy iş ugry – hemmeleri gerekli ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek we şäheriň durnukly ösüşi. Şeýle hem Maksatnama «Dünýämizi özgertmek: durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin gün tertibiniň» Maksatlaryna ýetmek üçin halkara jemgyýete kömek berýär. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin gün tertibiniň çäginde görkezilen 11-nji Maksat şäherleriň we ilatly ýerleriň açyklygyny, howpsuzlygyny, durmuşa ukyplylygyny we ekologik durnuklylygyny üpjin etmeklige gönükdirilendir. BMG-niň ilatly ýerler boýunça Maksatnamasy hökümetler, ýerli dolandyryş edaralary bilen hyzmatdaşlykda işleýär. Onuň tehniki taslamalary we maksatnamalary şäherlerde garyplygy azaltmak, tebigy betbagtçylyklaryň netijesini aradan aýyrmak we dikeltmek, şäher suw we lagym üpjünçiligi, ilaty ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek meselelerini çözmeklige gönükdirilen. Türkmenistan 2016–2019-njy ýyllar aralygynda BMG-niň ilatly ýerler boýunça Maksatnamasynyň Dolandyryjylar Geňeşiniň agzasydyr.

# IV TEMA

# HALKARA YKDYSADY GURAMALAR

## 4.1. Halkara ykdysady guramalary döretmegiň zerurlygy

Häzirki zaman şertlerinde her bir ýurduň ykdysadyýeti beýleki ýurtlaryň ykdysadyýeti bilen baglanyşyky bolýar. Bu ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň köp dürlüliginden ýüze çykýar. Ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar indi diňe bir daşary söwda, haryt alyş-çalşygy bilen çäklenmeýär. Ol ýurtlaryň arasyndaky maýa goýumyň, işçi güýjüniň hereketini, ylmy-tehniki alyşmalary özüne alýar.

Halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň geriminiň düýpli giňelmegi, ykdysadyýetde döreýän meseleleriň sanynyň artmagyny şertlendirdi. Olary çözmegi gözlemek ikitaraplaýyn ylalaşyklary ýuwaş-ýuwaşdan

köptaraplaýyn gepleşiklere çalyşmagy talap edýär. Degişli taraplaryň garaýyşlaryny sazlaşdyrmak işini ýeňilleşdirmek we baglaşylan köptaraplaýyn ylalaşyklaryň we şertnamalaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin bu wezipeleri ýerine ýetirýän institutlary döretmek zerurlygy ýüze çykdy. Bu institutlar halkara guramalar diýlip atlandyrylyp başlanyldy.

Häzirki wagtda hereket edýän halkara guramalaryň köpüsi Ikinji Jahan urşundan soň döredi, şeýle-de bolsa, olaryň käbirleri ondan ozal hem bardy. Hususan hem, Halkara elektrotehniki komissiýa – 1906-njy ýylda, Halkara zähmet guramasy – 1919-njy ýylda, Halkara hasaplaşyklar banky – 1930-njy ýylda, Däne boýunça halkara Geňeş – 1933-nji ýylda, Pagta boýunça halkara maslahat komiteti – 1939-njy ýylda döredildi. Uruşdan öňki döwürde bulardan başga hem guramalar döredildi, emma olaryň birnäçesi biziň günlerimize ýetmedi. Onuň üstesine-de, uruşdan soňky döwürde dörän käbir guramalar dürli sebäplere görä, öz işlerini bes etdiler (mysal üçin, Kofe boýunça halkara gurama 1962-nji ýyldan 2002-nji ýyla çenli hereket etdi).

Umuman, halkara guramalary döretmek nukdaýnazardan dünýä ykdysadyýetiniň uruşdan öňki we soňky ösüş döwürlerini deňeşdirip, bir düýpli aýratynlygy görkezmek bolar: Ikinji Jahan urşuna çenli halkara ykdysady gatnaşyklary köptaraplaýyn düzgünleşdirmek işi düýpli ýaýramady; diňe ykdysady meseleler boýunça az sanly köptaraply konwensiýalar bardy, halkara guramalaryň tertipnamalarynda bolsa (ilkinji nobatda – Milletler Ligasynda) hatda guramalaryň ykdysadyýet boýunça ygtyýarlylyk meseleleri hem işlenip taýýarlanylmady. Şol sebäpli uruşdan soňky döwürde halkara ykdysady guramalaryň sanynyň artmagy we olaryň köpüsiniň hemişelik hereket edýän edaralara öwrülmegi şu aşakdaky ýagdaýlar bilen şertlenendir:

– önümçilik işleriniň transmillileşmegi, harytlaryň we hyzmatlaryň halkara akymynyň ösmegi, maýa goýum işjeňliginiň güýçlenmegi;
– dürli ýurtlaryň ykdysady edaralarynyň arasynda döreýän dawalary çözmegiň usullaryny bir nusga getirmek talaby;
– ylalaşykly walýuta-maliýe syýasatyny işläp taýýarlamak we ony bilelikde hereket etmek ýoly bilen amala aşyrmak zerurlygy;

– ösen we ösýän döwletleriň arasyndaky artýan aratapawudy ýeňip geçmegiň ýollaryny gözlemek;
– oýlanyşyksyz çözgütleriň oňaýsyz netijeleriniň ählumumy we uzak wagtlaýyn häsiýetiniň güýçlenmegi.

Özara hojalyk gatnaşyklarynyň has giňelýän we ýurtlaryň özara baglanyşyklygynyň artýan şertleri, halkara zähmet bölünişiginiň artykmaçlygyny has giň ulanmaga ýardam berýän, dünýä hojalyk gatnaşyklaryny köptaraplaýyn düzgünleşdirmegiň ähmiýetiniň ýokarlandyrylmagyny talap edýär. Emma köptaraplaýyn kadalaşdyrmagyň ösüşiniň gerimi we ugry uly derejede anyk döwletlere we olaryň syýasatlaryna baglydyr.

Halkara ykdysady guramalar köptaraply döwletara gatnaşyklaryň instituty bolup, ol oňa gatnaşyjylaryň maksatlaryny, ygtyýarlyklaryny we beýleki syýasy-guramaçylyk kadalaryny sazlaşdyrmaga eýedir. Şolar ýaly kadalara çözgütleri kabul etmegiň tertibi, tertipnama, agzalyk, iş düzgüni, şeýle hem maslahatlar, mejlisler degişlidir. Özara gatnaşygy halkara düzgünleşdirmegiň şu aşakdaky usullaryny görkezmek bolar:

1) halkara guramalar tarapyndan işlenip taýýarlanylýan we kabul edilýän görkezmeler we rezolýusiýalar. Olar onuň ähli agzalary üçin hökmany bolup durýar;
2) hökümetara derejesinde baglaşylan köptaraplaýyn ylalaşyklar;
3) şertnamalar we ylalaşyklar;
4) sebit derejesindäki maslahatlar we hyzmatdaşlyk.

Döwletiň ykdysady syýasatyny düzgünleşdirmek işi sebit, şeýle hem halkara derejelerinde alnyp barylýar we ol halkara hususy hem-de jemagat hukugynyň kadalaryna esaslanýar. Bu hukuga döwletleriň, ýuridik we fiziki şahslaryň, ykdysady birleşikleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar täsir edýär. Bellenen kadalar adaty we konwensiýa görnüşlerine bölünýär. Kadalar döwletiň özi hem-de halkara sebit guramalary tarapyndan berjaý edilýär. Şeýle-de bolsa, özara hojalyk gatnaşyklar çylşyrymlaşýar, şol sebäpli belli bir döwletleriň arasynda degişli halkara düzgünlere we kadalara üýtgeşmeler ýa-da düzedişler girizilýär.

Häzirki wagtda sebit hökümetara guramalar wajyp ähmiýete eýe bolýar. Olaryň sany artýar we ähli yklymlary özüne alýar. Bu sebit

guramalarynyň işine diňe ykdysadyýet däl, eýsem, durmuş ösüşiniň, syýasy bähbitleriň, howpsuzlyk we medeniýet meseleleri hem degişli bolýar. Dünýä hojalyk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde we olaryň ösüşine kömek etmekde hökümete degişli bolmadyk guramalar aýgytly orun tutýar. Bu, esasan, telekeçilik birleşmeleri bolup, olara mysal edip, halkara söwda palatasyny, çig mal harytlaryny öndürýän we eksport edýän assosiasiýany, hökümete degişli bolmadyk guramalar tarapyndan döredilýän ösüş gaznalary, ykdysady syýasaty sazlaşdyrmak, işewürligiň halkara düzgünlerini işläp taýýarlamak üçin dürli ýurtlaryň telekeçileri tarapyndan geçirilýän maslahatlary görkezmek bolar. Häzirki döwürde halkara kadalaşdyrmagyň esasy meselelerine şu aşakdakylar degişlidir:

1) dünýä ykdysadyýetiniň we walýuta-maliýe ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmek;
2) ýurtlaryň arasynda dürli-dürli görnüşli ykdysady hyzmatdaşlygy emele getirmek;
3) ýurtlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryndaky hukuk kemsitmeleri ýok etmek;
4) hususy telekeçiligi ösdürmeklige ýardam bermek;
5) kesgitli döwletde ýa-da dünýä bazarynda döreýän çökgünliklerden çykmak boýunça anyk çäreleri tassyklamak.

Halkara ykdysady guramalar döwletara ykdysady gatnaşyklaryň ähli taraplaryna aýgytly täsirini ýetirýär. BMG-niň hökümetara guramalar ulgamlarynyň halkara-hukuk kadalaşdyrmagy ösdürmekde aýratyn ähmiýeti bardyr. Öz işiniň barşynda olar milli hukuk ulgamlaryna we döwlet kanunlaryna örän ähmiýetli täsirini ýetirýän gurallary we kadalary işläp taýýarlaýar. Halkara ykdysady guramalaryň maksady we wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– halkara ykdysady gatnaşyklaryň has wajyp meseleleri boýunça ylmy barlaglary geçirmek we çäreleri kabul etmek;
– walýutanyň (altyn puluň) durnuklylygyny üpjün etmek;
– döwletleriň arasyndaky söwda päsgelçiliklerini ýok etmeklige we haryt alyş-çalşygy ösdürmeklige kömek bermek;
– tehnologik we ykdysady ösüşe kömek bermek üçin şahsy maýa goýumlara goşmaça serişdeleri goýbermek;

– zähmet gatnaşyklaryny we zähmet şertlerini gowulandyrmagy höweslendirmek;
– dünýä hojalyk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň çäginde rezolýusiýalary we hödürnamalary tassyklamak.

Halkara hökümetara guramalar, obýektiw zerurlyga görä, döwletleriň arasyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň guramaçylyk görnüşleri hökmünde esaslandyrylýar. Bu guramalar, ilkinji nobatda, halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň zerurlygy bilen kesgitlenen. Halkara kadalaşdyrmagyň esasy ugurlary:

1) senagat we ykdysady hyzmatdaşlyk;
2) ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk;
3) walýuta-maliýe ulgamynda hyzmatdaşlyk;
4) dünýä söwda çäginde hyzmatdaşlyk;
5) intellektual eýeçilik ulgamynda hyzmatdaşlyk;
6) önümleri standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlyk;
7) ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk;
8) halkara täjirçilik tejribesi boýunça hyzmatdaşlyk.

Ýokarda görkezilen hyzmatdaşlygyň görnüşlerini amala aşyrmak bilen degişli ugurdaky we ygtyýarlykdaky halkara ykdysady guramalar meşgullanýar. BMG-niň guramalary, şeýle hem sebit guramalary halkara ykdysady hyzmatdaşlygy ýöriteleşdirilen we özbaşdak edaralaryň, EKOSOS-yň edaralarynyň üsti bilen amala aşyrýarlar. Ykdysady hyzmatdaşlygyň her dürli görnüşlerini amala aşyrýan sebit guramalary möhüm ähmiýete eýedir. Sebit gaznalary we banklary olara belli bir derejede kömek berýär. Sebit ykdysady hyzmatdaşlygyň maksady ösýän ýurtlaryň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmegi, wajyp ykdysady pudaklary döretmegi, durmuşy ösüşiň derejesini ýokarlandyrmagy, ilatyň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagy goldamak bolup durýar.

Halkara ykdysady guramalar iş ugurlary boýunça köpugurly we ýöriteleşdirilen görnüşlere bölünýär. Köpugurly halkara ykdysady guramalara BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi (EKOSOS), Bütindünýä söwda guramasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy we beýlekiler degişlidir. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalara anyk has çäkli ykdysady gatnaşyklar bilen meşgullanýan gura-

malar degişlidir. Olara mysal edip, Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasyny, Halkara howa ulag assosiasiýasyny, Bütindünýä syýahatçylyk guramasyny, Halkara statistika institutyny görkezmek bolar. Halkara maliýe guramalaryny halkara ykdysady guramalaryň aýratyn topary hökmünde görkezmek bolar.

## 4.2. Köpugurly halkara ykdysady guramalar

Bütindünýä söwda guramasy, BSG (World Trade Organization, WTO) BMG-niň düzümine degişli bolmadyk köpugurly halkara ykdysady guramalaryň hatarynda aýratyn orun tutýar. Bütindünýä söwda guramasy – bu haryt we hyzmat söwdasyny, intellektual eýeçiligi köptaraplaýyn kadalaşdyrmak meseleleri bilen meşgullanýan halkara ykdysady guramadyr. Guramada ara alyp maslahatlaşmak we gepleşikler esasynda halkara söwdanyň düzgünleri işlenilip taýýarlanylýar we onuň ösüş ýolundaky päsgelçilikleri azaltmak meselelerine seredilýär. Bütindünýä söwda guramasy 1947-nji ýylda döredilen Tarif we söwda boýunça Baş ylalaşygyň orun tutary bolup durýar. Bütindünýä söwda guramasynyň resmi döredilen senesi – 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwary. Guramanyň wezipeleri:

– Söwda ylalaşyklarynyň ýerine ýetirilişini barlamak.
– Guramanyň agza ýurtlarynyň arasyndaky söwda jedellerini çözmek.
– Guramanyň agza ýurtlarynyň söwda syýasatlaryna gözegçilik etmek.
– Ösüş meseleleri boýunça döwletlere her hili goldaw bermek.
– Guramanyň täze düzgünleri boýunça söwda gepleşiklerini guramak we üpjün etmek.
– Dürli halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk ylalaşyklaryny baglaşmak.
– Täze agzalary kabul etmek.

Gurama gümrük hakyny azaltmak ýoly bilen harytlaryň söwdasyny liberallaşdyrmagyň başyny başlady. Häzirki wagtda Bütindünýä söwda guramasynyň köptaraplaýyn söwda ylalaşyklarynyň düzgünini eksport-import özara gatnaşygy kadalaşdyrýan esas

hökmünde 160-dan gowrak döwlet ulanýar. 2017-nji ýylyň maglumatyna laýyklykda, 164 döwlet Bütindünýä söwda guramasynyň doly hukukly gatnaşyjysy bolup durýar. Ýene-de 20-den gowrak döwlet guramada synçy hukugyna eýedir. Halkara guramalardan BMG, Bütindünýä banky we Halkara pul gaznasy guramada synçy hukugyny aldylar. Bütindünýä söwda guramasyna gatnaşmak şu aşakdaky artykmaçlyklary berýär:

- gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda durnukly, berk özara söwda gatnaşyklaryny ösdürmek görnüşinde halkara söwda bazarynda amatly şertleri döretmeklige ýardam bermek (şol sanda daşary ykdysady syýasatynda bähbitli şertleri döretmeklige kömek bermek);
- her dürli hukuk kemsitmeleri ýok etmek, guramanyň agza ýurtlarynyň milli we umumy bähbitlerini goramak, eger olar beýleki hyzmatdaş döwletleriň bähbidini çäklendirýän bolsa;
- bellenilen meýilnamalaryň amala aşyrylmagyna, täze söwda-ykdysady bähbitleriň döremegine ýardam bermek.

Bütindünýä söwda guramasyna giren ähli döwletler bir umumy «Köptaraplaýyn söwda ylalaşygy» adalgasy bilen jemlenen ylalaşygyň şertlerini, hukuk resminamalaryny ýerine ýetirmeklige borçlanýarlar. Başgaça aýdylanda, gurama ähli dünýä söwdasyny dolandyrýan ylalaşyklar bukjasyny (şertnamalary), düzgünleri, belli bir kadalary özüne jemleýär.

Ministrler Maslahaty Bütindünýä söwda guramasynyň ýokary dolandyryjy edarasydyr. Ol azyndan iki ýyldan bir gezek çagyrylýar, adat boýunça, ol guramanyň agzalarynyň söwda ministrleri ýa-da daşary işler ministrleri derejesinde geçirilýär. Maslahatyň has esasy, mysal üçin, köptaraplaýyn gepleşikleriň täze tapgyrlaryna degişli meseleler boýunça çözgütleri kabul etmeklige ygtyýarlygy bar. Ministrler maslahatlarynyň arasyndaky döwürde guramanyň dolandyryş işini Baş Geňeş amala aşyrýar. Ol ýylda birnäçe gezek Ženewa şäherinde ýygnanýar. Baş Geňeşde Bütindünýä söwda guramasynyň agzalary, adat boýunça, ilçi derejesinde bellenen. Baş Geňeş öz tabynlygyndaky edaralaryň işlerine gözegçilik edýär. Baş Geňeş bilen bir hatarda Bütindünýä söwda guramasynyň ýene-de iki

sany wajyp edarasy hereket edýär: Jedelleri çözmek boýunça edara (guramanyň kazyýeti) we Söwda syýasat maglumaty boýunça edara. Bütindünýä söwda guramasynyň wagtlaýyn edarasy bolan Söwda gepleşikler boýunça komitetiň uly ähmiýeti bardyr. Bu komitet Doha tapgyr gepleşiklerine jogapkärdir. Doha tapgyry ýa-da müňýyllygyň tapgyry – Bütindünýä söwda guramasynyň çäginde köptaraplaýyn söwda gepleşikleriniň birinji tapgyry. Tapgyry açmak boýunça çözgüt 2001-nji ýylyň noýabrynda Doha şäherinde (Katar) geçirilen Bütindünýä söwda guramasynyň agza ýurtlarynyň Dördünji ministrler maslahatynda kabul edildi. Gepleşikler tapgyrynyň Maksatnamasy – Bütindünýä söwda guramasynyň hukuk kadalaryny we ýörelgelerini mundan beýläk ösdürmek hem-de haryt we hyzmat söwdasyndaky päsgelçilikleri aradan aýyrmak. Komitetiň ähmiýetini nazara alyp, onuň başlyklygyna Bütindünýä söwda guramasynyň Baş direktory bellenildi.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy, YHÖG (Organisation for Economic Co-operation and Development, OECD) – demokratiýanyň we erkin bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerini ykrar edýän, ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň halkara hökümetara guramasy. Gurama 1961-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda döredildi. Baş edarasy Pariž şäherinde ýerleşýär. Gurama 1948-nji ýylyň aprel aýynda Marşall meýilnamasynyň çäginde Ikinji Jahan urşundan soň Ýewropanyň ykdysadyýetini täzeçe guramagyň taslamasyny sazlaşdyrmak üçin Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy ady bilen döredildi. Marşallyň meýilnamasy ýerine ýetirilenden soň, Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasyny döretdi. Häzirki wagtda ösen demokratik institutlary we bazar ykdysadyýeti bolan 35 döwlet Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň agzalary bolup durýar. Şeýle hem guramanyň işine aýry agza hukugynda Ýewropa komissiýasy (Ýewropa Bileleşiginiň edarasy) gatnaşýar. Guramanyň agzasy bolmadyk 70-den gowrak döwletler bilen işjeň hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Guramanyň agza döwletleriniň paýyna dünýäniň jemi içerki önüminiň 60%-e golaýy düşýär. Häzirki wagtda guramanyň işi ählumumy häsiýete

eýedir we ykdysady we durmuş meseleleriniň giň toparyny, ýagny makroykdysadyýetden we söwdadan başlap, bilime, daşky gurşawy goramaga, ylma we innowasiýa çenli bolan iş ugurlaryny özüne alýar.

Guramanyň çäginde agza ýurtlaryň hökümetleriniň ykdysady we durmuş syýasaty ara alyp maslahatlaşmaga, işläp taýýarlamaga we sazlamaga, tejribe alyşmaga mümkinçilikleri bar. Şeýle hem guramada umumy meseleleri çözmegiň usullary gözlenilýär we ylalaşykly içerki we daşarky syýasat işlenip düzülýär. Guramanyň esasy maksatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

– maliýe durnuklylygyny saklamak arkaly agza ýurtlaryň ýokary we durnukly ykdysady ösüşini we ýokary ýaşaýyş-durmuş derejesini gazanmak;
– ykdysady syýasatyň hilini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri taýýarlamak;
– agza ýurtlarynda, şeýle hem ykdysady ösüş ýoly bilen gelýän guramanyň agzasy bolmadyk döwletlerinde pähimli ykdysady garaýyşlary we usullary öňe sürmek;
– halkara borçnamalara laýyklykda, köptaraplaýyn esasda halkara söwdany ösdürmek.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň esasy wezipesi – dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine ýardam bermek, agza ýurtlaryň ykdysady ösüşine hemaýat etmek we olaryň ählumumy ykdysady ösüşe goşandyny ýokarlandyrmak. Öňde goýlan maksatlary amala aşyrmak üçin guramanyň agza ýurtlary şu aşakdakylara borçlandylar:

– maksatlara ýetmek üçin bir-birine we gurama zerur bolan maglumatlary bermek;
– bar bolan serişdeleri dogry ulanmagy üpjün etmek;
– hemişelik maslahatlary, barlaglary geçirmek we bilelikdäki taslamalara gatnaşmak;
– ylmy barlaglary we bilimi höweslendirmek;
– maliýe durnuklylygyny saklamaga çalyşmak;
– maýa goýumlarynyň, harytlar we hyzmatlar söwdasynyň hereket ýolundaky päsgelçilikleri azaltmak boýunça zerur çäreleri görmek;

7. Sargyt № 2070

– maýa goýum we tehniki ýardam etmek ýoly bilen ösýän ýurtlara kömek bermek;
– ýakyn özara gatnaşykda bolmak we zerurlyk ýüze çykanda ylalaşykly çäreleri kabul etmek.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy häzirki wagtda dünýäniň ösen ýurtlarynyň durmuş-ykdysady syýasatyny sazlaşdyrýan esasy guramalaryň birine öwrüldi. Guramanyň çäginde ählumumy ösüşiň ähli has wajyp meselelerini düzgünleşdirmek işi amala aşyrylýar, aýry ýurtlaryň ösüş meýilleri seljerilýär we çaklanylýar, dünýäniň ykdysady meselelerini çözmegiň nazary we amaly ugurlary işlenilip taýýarlanylýar. Işleriň şol ugurlary gurama ählumumy häsiýet berýär.

Guramanyň işi çözgütleri kabul etmek boýunça ygtyýarlyk berlen Geňeşiň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar. Geňeşiň düzümine her bir agza ýurtdan bir wekil, şeýle hem Ýewropa komissiýasynyň wekili girýär. Çözgütler ylalaşyk esasynda Geňeşde kabul edilýär. Geňeşe Baş sekretar ýolbaşçylyk edýär. Geňeş öz mejlisini wagtly-wagtynda guramanyň agza ýurtlarynyň ilçileri derejesinde geçirýär. Şol mejlislerde guramanyň umumy iş ugurlary işlenip taýýarlanylýar. Ýylda bir gezek, adat boýunça maý ýa-da iýun aýynda daşary işler, maliýe we daşary söwda ministrleriniň derejesinde ministrleriň duşuşyklary geçirilýär. Geňeşiň garamagynda hereket edýän Ýerine ýetiriji komitetiň maksady Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň Geňeşi tarapyndan kabul edilen kararlaryň berjaý edilişine umumy gözegçiligi alyp barmakdyr.

Müdiriýet Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň hemişe hereket edýän edarasy bolup, ol maglumatlary ýygnamak we işläp taýýarlamak, resminamalary we hödürnamalary işläp düzmek, ykdysady we durmuş meseleleri boýunça materiallary çap etmek bilen meşgullanýar. Gurama dürli meseleler boýunça konwensiýalar, deklarasiýalar, ylalaşyklar, görkezmeler görnüşlerinde resmileşdirilen çözgütleri hödürlemek häsiýetine eýedir. Guramanyň kada-hukuk binýadyna 200-den gowrak hukuk gurallary, şol sanda kodeksler, ylalaşyklar, konwensiýalar, kararlar, deklarasiýalar we görkezmeler

girizilen. Guramanyň ähli kada-hukuk resminamalaryny iki topara bölmek bolar:

1. Gatnaşyjy ýurtlar üçin hökmany hukuk güýji bolan döwletara ylalaşyklar.
2. Ýurtlara hökmany borjy ýüklenilmedik deklarasiýalar we konwensiýalar. Olar ol ýa-da beýleki ugurlaryň milli kadalaşdyrylyşynyň oňat tejribesini ornaşdyrmagyň teklibi bolup durýar.

Guramanyň işi iki sany çeşmeden maliýeleşdirilýär. Maliýeleşdirmegiň esasy bölegi guramanyň agza ýurtlarynyň hökmany gatanjynyň hasabyna emele gelýär. Gatanjyň her ýyldaky möçberi döwletiň jemi içerki önüminiň guramanyň ýurtlarynyň umumy önüminiň möçberine bolan paýy boýunça kesgitlenilýär. Maliýeleşdirmegiň ikinji çeşmesini agza ýurtlaryň we esasy ugurlar boýunça taslamalaryň we maksatnamalaryň işlerine gatnaşýan hyzmatdaş ýurtlaryň meýletin gatançlary düzýär.

Halkara söwda palatasy (International Chamber of Commerce, ICC) – serhetara işewürligi alyp barmagy kesgitleýän zerur düzgünleri we standartlary işläp taýýarlaýan halkara ykdysady gurama. Birinji Jahan urşundan soň dünýäde hereket edýän halkara guramalar azdy, şol sebäpli söwda gatnaşyklary, maýa goýumlary, maliýe serişdeleri amala aşyrmagy kadalaşdyrýan düzgünleriň we gurallaryň dünýä ulgamlary kesgitlenilmedi. Hususy bölegiň wekilleri halkara derejesinde söwdany alyp barmagyň hemmeler tarapyndan kabul edilmeli ýörelgelerini we usullaryny döretmeklige gönükdirilen kada binýatlaryny emele getirmeklige girişdiler. 1919-njy ýylda maliýe, söwda, senagat böleginiň wekillerini özüne alýan toparda, dünýä giňişliginde işewürleriň bähbitlerini göz öňünde tutýan guramany esaslandyrmak niýeti döredi. Ol gurama Birinji Jahan urşundan zyýan çeken ähli ýurtlaryň ykdysady ýagdaýlaryny gowulandyrmaga ýardam berip bilerdi. Şol ýyl hem Halkara söwda palatasy döredildi. Halkara söwda palatasynyň Baş edarasy Pariž şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda palatanyň halkara syýasy gün tertibini guramaklyga gatnaşýan 140-dan gowrak döwletleriň 7 mln-a golaý kompaniýalary,

işewür-assosiasiýalary we söwda-senagat edaralary Halkara söwda palatasynyň agzalary bolup durýar. Köp sanly abraýly halkara guramalar Halkara söwda palatasynyň agzalygyny gazanýarlar.

Halkara söwda palatasy 1933-nji ýylda söwdany maliýeleşdirmek üçin ilkinji bolup bütin dünýäniň maliýe edaralarynda ulanylýan bank hasaplaşyk resminamalarynyň bir nusga getirilen düzgünlerini we ýörelgelerini neşir edýär. 1936-njy ýylda söwda amallary amala aşyrylanda ulanylýan, Inkoterms, hemmeler tarapyndan kabul edilen adalgalar çap edilýär. 1946-njy ýylda Halkara söwda palatasyna BMG-de maslahatçy hukuk derejesi berilýär. Bu bolsa giň möçberli meseleler boýunça BMG we onuň düzümindäki edaralar bilen özara hyzmatdaşlyga badalga berdi. Halkara söwda palatasy BMG, Bütindünýä banky, Halkara Pul gaznasy, Bütindünýä söwda guramasy, BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy, Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlygy ösdürýär.

Halkara söwda palatasy – halkara işewürligiň taglymyny beýan ediji, ykdysady ösüşi, iş orunlary döretmegi we eşretli durmuşy üpjün etmäge ukyply bolan dünýä ykdysadyýetini esasy faktor (şert, ýagdaý) hökmünde goraýan gurama. Onuň esasy maksady söwdany we maliýeleşdirmegi, harytlar we hyzmatlar üçin bazarlary açmagy, şeýle hem maýa goýumlarynyň erkin hereketini höweslendirmek ýoly bilen bütin dünýäde işewürlige ýardam bermekden ybaratdyr. Halkara söwda palatasy dürli wezipeleri ýerine ýetirýär. Olaryň sanawyna arbitraž, erkin söwda we bazar ykdysadyýetiniň ulgamlary baradaky dawalary sazlaşdyrmak, işewürligi düzgüne salmak, parahorlyga we täjirçilik jenaýatçylygyna garşy göreş degişlidir. Erkin we adalatly bäsdeşligiň düzgünlerini berjaý etmek şertlerinde agza ýurtlarda söwdany we işewürligi alyp barmak, hyzmatlary ösdürmek we maýa goýumlary çekmek üçin iň amatly gurşawy döretmekde Halkara söwda palatasyna esasy orun degişlidir.

Halkara söwda palatasynyň üç esasy iş ugurlaryny görkezmek bolar: düzgünleri kesgitlemek, dawalary çözmek, işewürligi alyp barmagyň syýasatyny we usullaryny işläp taýýarlamak. Düzgünleri ýazmaklygy özüniň esasy wezipesi edinen Halkara söwda palatasy

işewürligi alyp barmagy ýeňilleşdirýän, öňdebaryjy tejribäni alyşmaga ýardam berýän köp sanly düzgünleri, gollanmalary, kodeksleri işläp taýýarlady. Bu düzgünler işewür düzümleriň özara gatnaşyklaryny berkitmäge kömek edýär, bütin dünýäniň kärhanalaryna goldaw berýär, özara bähbitli söwda şertnamalaryny baglaşmaga ýardam berýär. Palatanyň jedelleri çözmek boýunça ähli hyzmatlary diňe Halkara söwda palatasyna girizilen düzgünlere esaslanýar. Halkara söwda palatasynyň ähli kabul edilen düzgünleri bitarap, ykdysady taýdan netijeli bolup durýar we halkara jedelleri çözmek üçin ýörite işlenilip taýýarlanylan. Halkara söwda palatasynyň Komissiýalarynyň kömegi bilen kompaniýalaryň söwda bilen meşgullanmak ukyplylygyna täsir edýän esasy meseleler boýunça ählumumy işewür-syýasy syny işlenilip taýýarlanylýar. Halkara söwda palatasynyň syýasatlary, düzgünleri we standartlary agza kompaniýalar bilen giň maslahatlar esasynda ýöriteleşdirilen iş edaralary tarapyndan taýýarlanylýar.

Bütindünýä geňeşi – Halkara söwda palatasynyň ýokary dolandyryjy edarasy bolup, ol Palatanyň Konstitusiýasynyň we Tertipnamasynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Bütindünýä geňeşi her ýyl çagyrylýar. Milli komitetler geňeşe öz wekillerini belleýärler. Ýerine ýetiriji geňeş Halkara söwda palatasynyň strategiýalaryny (baş ýörelgelerini), syýasatyny, maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga jogapkärçilik çekýär, Bütindünýä işewür guramasynyň maliýe işlerine gözegçiligi alyp barýar, Palatanyň Bütindünýä geňeşine Başlygy we Baş sekretary bellemek boýunça teklipleri berýär, ähli maksatnamalaryň resminamalaryny taýýarlaýar. Bütindünýä geňeşi tarapyndan bellenilen Halkara söwda palatasynyň Baş sekretary Halkara müdiriýete ýolbaşçylyk edýär we Palatanyň maksatnamaly işlerini ýerine ýetirmek üçin Milli komitetler bilen ýakyn hyzmatdaşlykda işleýär. Halkara söwda palatasynyň Komissiýalarynyň esasy iş ugurlary: arbitraž, bank işi, täjirçilik hukugy, bäsdeşlik, korporatiw jogapkärçilik we parahorlyga garşy göreş, elektron işewürligi, maglumat tehnologiýalary we telekommunikasiýa, daşky gurşawy goramak we energetika netijeliligi, intellektual eýeçilik, marketing we mahabat, salgyt salmak, söwda we maýa goýum, şeýle hem gümrük we söwda düzgünini ýeňilleşdirmek.

## 4.3. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar

Bütindünýä gümrük guramasy, BGG (World customs organization, WCO) – hökümetara halkara gurama bolup, onuň baş edarasy Belgiýanyň Brýussel şäherinde ýerleşýär. Gurama 1952-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Gümrük hyzmatdaşlyk Geňeşi ady bilen döredildi we 1994-nji ýylyň oktýabr aýyndan başlap Bütindünýä gümrük guramasy diýlip atlandyrylýar. Dünýäniň 180-den gowrak döwletiniň gümrük gulluklary Bütindünýä gümrük guramasynyň agzasydyr. Häzirki wagtda Bütindünýä gümrük guramasy dünýä möçberinde gümrük işine ýöriteleşdirilen ýeke-täk halkara hökümetara gurama, gümrük işi çygrynda halkara hyzmatdaşlygyň esasy halkasy, onuň institusional esasy bolup durýar. BGG gatnaşyjy ýurtlar dünýä söwdasynyň 98%-ine gözegçilik edýär. BGG Interpol, BMG-niň neşeler we jenaýatçylyk boýunça müdirligi bilen ýakyn gatnaşygy saklaýar.

BGG-niň esasy wezipeleri gümrük ulgamyny sazlaşdyrmak we bir nusga getirmek, gümrük kanunçylygyny kämilleşdirmek, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek bolup durýar. BGG-niň wezipesi howpsuzlygy üpjün etmek, kanuna laýyk gelýän söwdany aňsatlaşdyrmak, girdeji almak, jemgyýeti goramak, söwda mümkinçiliklerini amala aşyrmak maksady bilen, umumy ýolbaşçylygy, görkezme bermegi, gümrük edaralary goldamagy üpjün etmek bolup durýar. Bütindünýä gümrük guramasy öz wezipeleriniň çäginde şu aşakdaky strategik meseleleri goýýar:

1. <u>Howpsuzlyga, halkara söwdany ýeňilleşdirmeklige ýardam etmek.</u> Gurama hereket edýän agza ýurtlaryň ykdysady bäsdeşligini ýokarlandyrmak, berkitmek boýunça işleri alyp barýar. Howpsuzlyk, söwda işini ýeňilleşdirmek – milli ykdysadyýetiň ösüş depginine täsir edýän esasy ýagdaýdyr. Guramanyň çäginde gümrük işlerini aňsatlaşdyrmagyň we sazlaşdyrmagyň gurallaryny ösdürmek boýunça maslahatlar geçirilýär.

2. Adalatly, netijeli we degerli gümrük ýygymlaryny kesgitlemäge ýardam etmek. Gümrük edaralarynyň ileri tutulýan iş ugry paç ýygymy bolup durýar. Bu ýagdaý, aýratyn hem, gümrük paçlarynyň býujete getirýän esasy çeşmesi bolup durýan ýurtlar üçin zerurdyr.
3. Jemgyýeti, jemgyýet saglygyny, howpsuzlygy goramak. Gümrük araçäginiň peýdalylyk we netijelilik şertlerine laýyk gelmegi, kanunlary we düzgünleri berjaý etmegiň, jemgyýetiň howpsuzlygyny gazanmagyň, ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň we dünýä söwda bazaryny ösdürmegiň esasyny düzýän faktorlar bolup durýar.
4. Guramaçylyk kuwwatyny berkitmek. Bütindünýä gümrük guramasy häzirki zaman gümrük standartlaryny, düzgünlerini, gurluşlaryny işläp taýýarlamak, ilerletmek, goldamak boýunça bütindünýä merkezi bolup çykyş edýär. Gümrük kuwwatyny berkitmek, gurluşyk üçin tehniki kömekleri bermek boýunça öňdebaryjy bolup durýar.
5. Degişli toparlaryň arasynda maglumat alyşmaga ýardam bermek. Maslahatlara gatnaşmak arkaly aragatnaşyklary ýola goýmaga, maglumatlary, gümrük edaralarynyň, halkara guramalaryň, beýleki degişli adamlaryň arasynda amaly tejribeleri alyşmaga mümkinçilik berýär.
6. Hünär derejesini we gümrük öndürijiligini ýokarlandyrmak. Guramanyň we ähli halkara gümrük birleşiginiň maksatlaryna hyzmatdaşlyk, gepleşik, hökümetleriň, dürli halkara we sebit guramalarynyň, hususy bölegiň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly ýetilýär.
7. Ylmy-barlag seljermesini geçirmek. Bütindünýä gümrük guramasy synalyp görlen köp sanly usullary ulanyp, gümrük edaralarynyň işlerine, halkara söwda degişli köp sanly temalar boýunça ylmy-barlag seljermesini geçirýär. Ylmy-barlagyň maksady kär derejesini, hünär medeniýetini, gatnaşýan taraplaryň bilim binýadyny ýokarlandyrmak bolup durýar.

Gurama gümrükhana düzgünlerini bir nusga getirýän we aňsatlaşdyrýan birnäçe halkara hukuk ylalaşyklaryny (konwensiýa-

lary) taýýarlady. Olaryň hataryna harytlary ýazmagy we kodlamagy sazlaşdyrmak ulgamy barada Konwensiýa, gümrükhana düzgünlerini bir nusga getirmek we ýeňilleşdirmek hakynda Kioto Konwensiýasy degişlidir. BGG-niň çäginde 20-den gowrak konwensiýalar, 50-den gowrak hödürnamalar we aýry-aýry gümrük meseleleri boýunça onlarça halkara kadalar hereket edýär.

Geňeş BGG-niň Ýokary edarasy bolup, mejlisini 6 aýdan bir gezek guramanyň ähli agzalarynyň wekiliniň gatnaşmagynda geçirýär. Geňeşiň esasy wezipeleri: gümrük ulgamyny sazlaşdyrmagy gazanmagyň ýollaryny hödürlemek; gümrük düzgünleriniň üýtgemegi barada maglumat bermek; Guramanyň üç ýyllyk strategik meýilnamasyny ýerine ýetirmek boýunça Baş sekretaryň jemleýji hasabatyna garamak; Guramanyň geljekki iş ugurlaryny kesgitlemek; wajyp gümrük meseleleri boýunça pikirleri we tejribeleri alyşmak üçin ýokary derejede maslahatlary guramak; býujeti kabul etmek; geljekki ýyl üçin maliýe çykdajylaryny, agza ýurtlaryň gatanç möçberini tassyklamak; Geňeşiň Başlygyny we onuň orunbasarlaryny, Syýasat komissiýasynyň agzalaryny we Başlygyny, Maliýe boýunça komitetiň agzalaryny saýlamak; Baş sekretary we onuň orunbasaryny bellemek. Syýasat Komissiýasynyň esasy borçlary: garalan meseleler boýunça Geňeşe, degişli komitetlere teklipleri bermek; Baş sekretara maslahat bermek; Müdiriýet tarapyndan taýýarlanan Strategik meýilnama seljerme geçirmek. Maliýe komitetiniň maksady: Geňeşiň makullan maliýe düzgünleri boýunça ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek; Geňeş tarapyndan gönükdirilen maliýe, býujet meselelerini öwrenmek; Guramanyň ähli serişdelerine baha bermek boýunça maglumat taýýarlamak.

Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri Bütindünýä gümrük guramasynyň agzasydyr. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy özüniň ygtyýarlylygynyň çäklerinde ÝHHG, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Işler öňdebaryjy gümrük gözegçiligi serişdeleri bilen üpjün edilen iň döwrebaplaşdyrylan we häzirki zaman logistik merkezlerinde amala aşyrylýar. Gümrük Terminallarynyň işi Türkmenistan tarapyndan halkara ýüklerini daşamak baradaky kitaby ulanmak bilen,

halkara ýüklerini daşamak hakynda Gümrük konwensiýasynyň (TIR Carnet) we Bütindünýä gümrük gullugy tarapyndan kabul edilen gümrük işlerini ýeňilleşdirmek we sazlaşdyrmak hakynda Kioto Konwensiýasynyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek bolup durýar. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy Türkmenistanyň gümrük ulgamynyň işini düzgünleşdirmek babatdaky döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini, gümrük meseleleri boýunça halkara borçnamalarynyň berjaý edilmegini üpjün edýän edaradyr. Gümrük ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň biri tejribe alyşmak bolup durýar. Ýurdumyzyň Döwlet gümrük gullugynyň hünärmenleri ýöriteleşdirilen halkara mejlislere, maslahatlara gatnaşýarlar, daşary ýurtlarda hünär ýokarlandyryş okuwlaryny geçýärler. Aziada – 2017-ä taýýarlyk çäginde türkmen gümrükhana gullukçylary Braziliýada geçirilen RIO – 2016 iş saparyna gidip, tejribe alyşdylar.

Nebiti eksport edýän ýurtlaryň guramasy (Organization of Petrolium Exporting Countries, OPEC) – gazylyp alynýan nebitiň möçberine gözegçilik etmek maksatlary bilen, nebiti gazyp alýan ýurtlar tarapyndan döredilen halkara hökümetara gurama. Köp halatda kartel hökmünde seredilýär. OPEC 1960-njy ýylyň 10–14-nji sentýabrynda Bagdatda geçirilen Maslahatda döredildi. Guramanyň Baş edarasy ilki Ženewada, soňra 1965-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan başlap, Wena şäherinde ýerleşdi. OPEC-iň düzgünnamasy 1965-nji ýylda Karakas şäherinde (Wenesuela) geçirilen Maslahatda kabul edildi. Soňra oňa birnäçe gezek üýtgeşmeler girizildi.

OPEC-iň esasy maksatlary: agza ýurtlaryň nebit syýasatyny sazlamak we bir nusga getirmek; guramanyň agza ýurtlarynyň bähbitlerini goramagyň has netijeli usullaryny kesgitlemek; dünýä bazarynda nebitiň durnukly nyrhyny üpjün etmek; nebit öndürýän ýurtlaryň durnukly girdejilerini, bähbitlerini we üpjünçilik zerurlygyny nazara almak; sarp edýän ýurtlary netijeli, girdejili we üznüksiz üpjün etmek; nebit senagatyna gönükdirilýän maýa goýumlaryndan adalatly girdeji almak; häzirki we geljekki nesilleriň bähbitleri üçin daşky gurşawy goramak; dünýäniň nebit bazaryny düzgünleşdirmek boýunça başlangyçlary amala aşyrmak üçin OPEC-iň agza däl ýurtlary

bilen hyzmatdaşlyk alyp barmak. Guramanyň esasy maksatlarynyň biri täze garaşsyz ýurtlaryň öz serişdelerine gözegçilik etmegine we olary milli bähbitleri nazara alyp özleşdirmegine ýardam etmekdir. Bu maksatlary çözmek üçin gurama 1968-nji ýylda «OPEC-iň agza ýurtlarynyň nebit syýasaty barada» Deklarasiýa kabul etdi. Onda ähli ýurtlaryň milli ösüş bähbidi üçin öz tebigy serişdelerine hemişelik özygtyýarlygynyň aýrylmaz hukugy aýratyn bellenilýär.

OPEC-iň ilkinji agzalary Eýran, Yrak, Kuweýt, Saud Arabystany, Wenesuela döwletleri boldy. Soňra guramanyň düzümine Katar (1961-nji ýylda girdi we 2018-nji ýylyň dekabrynda çykdy), Indoneziýa (1962-nji ýylda girdi we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda çykdy, 2016-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda täzeden girdi we 2016-njy ýylyň 1-nji dekabrynda ikinji gezek çykdy), Liwiýa (1962 ý.), BAE (1967 ý.), Alžir (1969 ý.), Nigeriýa (1971 ý.), Ekwador (1973-nji ýylda girdi we 1992-nji ýylda çykdy, 2007-nji ýylda täzeden girdi), Gabon (1975-nji ýylda girdi we 1996-njy ýylda çykdy, 2016-njy ýylyň noýabrynda täzeden girdi), Angola (2007 ý.), Ekwatorial Gwineýa (2017 ý.), Kongo Respublikasy (2018 ý.) goşuldy. 2019-njy ýylyň oktýabr aýyndaky maglumata görä OPEC-e 14 sany agza ýurtlar girýär: Eýran, Yrak, Kuweýt, Saud Arabystany, Wenesuela, Kongo Respublikasy, Liwiýa, BAE, Alžir, Nigeriýa, Gabon, Ekwador, Angola we Ekwatorial Gwineýa. Tertipnama laýyklykda, çig nebiti uly möçberde eksport edýän we agza ýurtlar bilen bir umumy bähbitleri bolan döwletler OPEC-e agza ýurt bolup bilerler, eger agzalyga kabul etmek barada hakyky agzalaryň uly böleginiň (¾), şol sanda guramany dörediji ähli agzalaryň sesleri berlen ýagdaýynda. OPEC-iň Tertipnamasy hakyky agzalyga hukugy bolmadyk ýurtlara assosirlenen agza derejesini bermegi hem göz öňünde tutýar. OPEC-iň synçy ýurtlaryna Russiýa, Meksika, Müsür Arap Respublikasy, Oman degişlidir.

OPEC-e girýän ýurtlaryň subut edilen nebit gorlary häzirki wagtda 1 220,21 mlrd barrele, ýa-da 171,1 mlrd tonna deň. Guramanyň agza ýurtlary dünýäniň subut edilen nebit gorlarynyň 2/3 bölegine gözegçilik edýär. Gorlaryň möçberi boýunça öňdäki orunda Wenesuela, Saud Arabystany we Eýran durýar. OPEC-iň paýyna dünýä boýunça gazylyp alynýan nebitiň 40%-e golaýy ýa-da eksport edilýän nebitiň ýarysy düşýär. Gurama gazylyp alynýan nebitiň kwotasyny kesgitle-

mek üçin döredildi. Şol sebäpli ýylda iki gezek geçirilýän OPEC-iň maslahatlarynda nebiti gazyp almagyň kwotasy kesgitlenilýär. Kwota – bu her bir gatnaşyjy ýurt üçin her günki gazylyp alynmaly nebitiň mümkin bolan iň ýokary möçberi. OPEC-iň kwotalary günde müň barrelden hasaplanýar we onuň möçberi anyk döwletiň tutýan meýdanyna, ilatynyň gürlügine, jemi içerki önümine, nebit ýataklaryna, gazyp almak kuwwatlyklaryna baglydyr. OPEC-iň kwotasy 31,422 mln barrele deň bolup, gazylyp alynýany 32,302 mln barrele deňdir. OPEC-iň kwotalary we ýurtlar boýunça nebit çykarylyşy 4-nji tablisada görkezilendir.

*4-nji tablisa*

**OPEC-iň kwotalary we ýurtlar boýunça nebit çykarylyşy**

(2016-njy ýyl, mln barrel/gün)

| t/n | Ýurtlar | Kwota (01/07/05) | Nebit çykarylyşy (06/16) | Nebit çykarmak mümkinçiligi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Alžir | 894 | 1,085 | 1,430 |
| 2 | Angola | 1,900 | 1,773 | 1,700 |
| 3 | Gabon | 202 | 193 | 250 |
| 4 | Ekwador | 520 | 476 | 500 |
| 5 | Eýran | 4,110 | 3,644 | 3,750 |
| 6 | Ekwatorial Gwineýa | 210 | 280 | 300 |
| 7 | Yrak | | 4,217 | |
| 8 | Kuweýt | 2,247 | 2,800 | 2,600 |
| 9 | Liwiýa | 1,500 | 332 | 1,700 |
| 10 | Nigeriýa | 2,306 | 1,523 | 2,250 |
| 11 | Katar | 726 | 662 | 850 |
| 12 | Saud Arabystany | 10,099 | 10,308 | 10,500 |
| 13 | BAE | 2,444 | 2,914 | 2,600 |
| 14 | Wenesuela | 3,225 | 2,095 | 2,450 |
| | **Hemmesi** | **31,422** | **32,302** | **32,230** |

*The Geňeşization of the Petroleum Exporting Countries. ru. wikipedia. org

1970-nji ýyllarda OPEC-iň agza ýurtlarynyň öz çägindäki nebit önümçiligini öz eýeçiligine alandan soň, guramanyň dünýä bazaryna ýetirýän täsiri düýpli ýokarlanyp başlady. Şol döwürde çig nebitiň bahasy guramanyň alyp barýan syýasatyna bagly boldy. Oňa dünýäde bolup geçen iki wajyp ýagdaý: 1973-nji ýylda arap ýurtlaryndan alynýan nebiti gadagan etmek we 1979-njy ýylda Eýranda başlan rewolýusiýa täsir etdi. 1980-nji ýyllaryň başynda nebitiň bahasy iň ýokary derejä ýetdi, emma soňra ol aşaklap başlady we teklibiň islegden artanlygy hem-de onuň ornuny çalyşýan energiýa çeşmeleriniň hasabyna sarp edilýän uglewodorod çig mallarynyň azalmagy netijesinde, 1986-njy ýylda nyrhy iň pes derejä ýetip, 1 barreliň bahasy ABŞ-nyň 10 dollaryna golaý boldy. Şol döwürde dünýäniň nebit önümçiliginde OPEC-iň agza ýurtlarynyň paýy juda peseldi, nebit satmakdan alynýan umumy girdeji öňki ýetilen derejesinden üç esse azaldy, bu bolsa öz gezeginde guramanyň köp sanly agza ýurtlarynda agyr ykdysady kynçylyklary döretdi. Emma guramanyň agza ýurtlary nebiti gazyp almagyň paýy kesgitlenenden we ylalaşylandan hem-de nyrhy emele getirmegiň gurallary bellenenden soň, OPEC-iň dünýä önümçiliginde tutýan orny ýokarlanyp başlady.

1990-njy ýyllarda SSSR-iň we sosialistik ulgamyň dargamagy netijesinde nebit bazarynyň uly derejede birleşmegi bu pudagyň dünýä boýunça durnukly ösüşine getirdi. Bu döwür üçin ählumumylaşmak ýagdaýynyň güýçlenmegi, aragatnaşyk serişdeleriniň we beýleki ýokary tehnologiýaly ugurlaryň düýpli özgermegi häsiýetlidir. Nebit öndürijileriň we sarp edijileriň arasyndaky gepleşik, şeýle hem OPEC-iň agza we agza bolmadyk ýurtlarynyň arasyndaky özara gatnaşyk meselelerinde uly oňyn üýtgeşmeler bolup geçdi. Atmosferanyň düzüminde parnik gazlarynyň yzygiderli artmagy netijesinde döreýän howply ýagdaýlary nazara alyp, 1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýroda BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly Konwensiýasyna gol çekilmegi, bu meseleleri has netijeli çözmek üçin 1997-nji ýylda kabul edilen Kioto beýany we 2015-nji ýyldaky Pariž ylalaşygy OPEC-iň dünýä bazaryna çykarýan nebitiniň deňagramlylygyny saklamaga mejbur etdi.

2000-nji ýyllarda OPEC-iň alyp gelýän innowasion nyrh syýasaty birinji on ýyllygyň başynda nebitiň durnukly bahasyny saklamaga we

berkitmäge ýardam etdi. Emma bazardaky güýçleriň utgaşmagy, alyp satyjylyk we beýleki sebäpler çig nebit bilen oňat üpjün edilen bazarda 2004-nji ýyldan başlap bahanyň ýokary galmagyna getirdi. Bahalar 2008-nji ýylyň ortalaryna çenli iň ýokary derejä ýetdi. 2008-nji ýylda başlan maliýe çökgünligi we ykdysadyýetiň pese gaçmagy şertlerinde nebitiň bahasy aşaklap başlady. Bu döwürde durnukly energetiki bazar döredildi we durnukly ösüş gazanyldy, daşky gurşawy goramak meselesi ýokary derejä çykaryldy, howanyň ählumumy ýylamak meselesi dünýäde sarp edilýän uglewodorod bilen baglaşdyryldy. 2014--nji ýylyň iýul aýyndan başlap, nebitiň bahasy güýçli arzanlap başlady. Onuň gymmaty ýarym ýylyň dowamynda 1 barreli 110 dollardan 50 dollara çenli arzanlady. Bu ýagdaýyň dowam edýänligi sebäpli, 2016--njy ýylyň 30-njy noýabrynda geçirilen OPEC-iň maslahatynda 2017--nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, gazylyp alynýan nebitiň gündelik möçberini 1,164 mln barrele çenli azaltmak boýunça karara gelindi.

Guramanyň agza ýurtlarynyň energetika we nebit ministrleriniň Maslahaty OPEC-iň ýokary edarasy bolup durýar. Her ýarym ýylda geçirilýän maslahatda guramanyň işiniň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenilýär. Maslahatda täze agzalary kabul etmegiň maksada laýyklygy baradaky meseleler çözülýär, býujet, Dolandyryş Geňeşiniň düzüm agzalary tassyklanylýar, maliýe hasabatlaryna seredilýär, OPEC-iň Tertipnamasyna üýtgetmeler girizilýär. Dolandyryjy Geňeş dolandyryş edarasy bolup, oňa agza ýurtlaryň wekillendiren dolandyryjylary girýär. Geňeşiň mejlisi ýylda azyndan iki gezek geçirilýär. Umumy ýolbaşçylyga jogapkär bolan Geňeş, OPEC-iň Maslahatynda kabul edilen kararlary amala aşyrýar. Müdiriýet OPEC-iň hemişelik hereket edýän, ýerine ýetiriji wezipesi ýüklenen, bäş bölümden durýan (administratiw, hukuk, ykdysady, tehniki we maglumat) edarasydyr. Müdiriýet OPEC-iň Maslahatynda seredilmeli meseleleri işläp taýýarlaýar, bazarlarda barlaglary geçirýär, guramada kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişini seljerýär, býujeti, maliýe hasabaty düzýär we beýleki gündelik işleri amala aşyrýar. Müdiriýet Tertipnama laýyklykda Wena şäherinde ýerleşýär we OPEC-iň esasy edara jaýy hökmünde

hereket edýär. Müdiriýetiň düzümine Baş sekretar, Baş sekretaryň Diwanhanasynyň, hukuk meseleleri boýunça Dolandyryş edarasynyň, Ylmy-barlag bölüminiň, kömekçi hyzmatlar bölüminiň hünärmenleri girýär. Baş sekretar OPEC-iň ýerine ýetiriji direktory hökmünde dürli derejeli duşuşyklara, çärelere we forumlara guramanyň adyndan wekilçilik edýär. Geňeşiň görkezmelerine, tekliplerine we kararlaryna esaslanyp, ol guramanyň ýolbaşçylyk işine baştutanlyk edýär.

OPEC özüne, köplenç, aýrybaşga bähbitli ýurtlary birleşdirýär. Saud Arabystany we Arap ýarymadasynyň beýleki ýurtlary az ilatly, emma nebitiň uly möçberli gorlaryna, iri daşary ýurt maýa goýumlaryna eýedir. Guramanyň beýleki ýurtlaryna, mysal üçin, Nigeriýa, Wenesuela köp sanly ilatlyk we garyplyk häsiýetlidir. Bu has garyp ýurtlar ykdysady ösüşiň uly maýa goýum talap edýän maksatnamalaryny amala aşyrýarlar we daşary ýurtlara köp möçberli pul bergilidirler. Olar köp möçberde nebiti gazyp almaga we satmaga mejbur bolýarlar, aýratyn hem, çig nebitiň bahasy arzanlan ýagdaýynda.

OPEC-iň çäginde nebiti gazyp almak boýunça agza ýurtlaryň paýy üstünlikli ylalaşylan hem bolsa, oňa gözegçilik etmegiň we düzgünleşdirmegiň gurallary ýokdur. OPEC-iň ýurtlary üçin bir günde 31,4 mln barrel derejesinde paýy kesgitlenen hem bolsa, 2012-nji ýyldan bäri ortaça her günde 32 mln barrel çig nebiti öndürýärler. Häzirki wagtda guramanyň gazyp almaly nebitiniň möçberi kesgitlenen çäkden geçýän hem bolsa, ykdysady sanksiýa (gadagan etme) aýrylandan soň, Eýran günde goşmaça 1 mln barrel çig maly çykarmagy meýilleşdirýär.

XXI asyrda OPEC-iň nebitiň bahasyna we bu çig malyň dünýä bazaryny düzgünleşdirmäge täsir edip biljek mümkinçiligi ep-esli peseldi. Bu, esasan, gurama girmeýän Russiýa (dünýä boýunça gazylyp alynýan nebitiň 12,7%-i), ABŞ (12,3%-i), Kanada (5,0%-i), Hytaý (5,0%-i), Braziliýa (2,9%-i), Gazagystan (1,9%-i) döwletlerinde nebitiň uly möçberde gazylyp alynýanlygy netijesinde ýüze çykdy. Bu ýurtlaryň gazyp almak boýunça üstünliklerine adaty bolmadyk nebitiň (ABŞ-nyň slanes nebiti, Kanadanyň nebitli çägesi) özleşdirilmegi hem täsirini ýetirdi. Dünýä maliýe çökgünliginiň

başlanmagy bilen 2008-nji ýyldan bäri nebite bolan isleg pese gaçdy, 2015-nji ýylyň ýagdaýy boýunça bolsa teklibiň islegden artýanlygy görünýär. Teklibiň artyklygyna we nebitiň bahasynyň 2-3 esse arzanlamagyna garamazdan, OPEC-iň agza ýurtlary bazardaky orunlaryny bäsdeşleri eýelemez ýaly gazyp almagyň möçberini azaltmaýarlar. Netijede, nebitiň ýokary derejede gazylyp alynmagyna garamazdan, OPEC-iň käbir döwletleri girdejiniň azalmagyna, beýlekileri býujet ýetmezçiligine duçar bolýar.

Häzirki wagtda OPEC-iň esasy meseleleriniň biri guramanyň käbir agza ýurtlaryndaky syýasy durnuksyzlyk ýagdaýy bolup durýar. Liwiýada we Yrakda raýatlyk (graždan) urşunyň dowam etmegi nebiti gazyp almaklygy kynlaşdyrýar. Nigeriýa durnuksyz syýasy ulgama eýe bolup, etnik we konfessional dawalara duçar bolýar. Ynjalyksyz ýagdaýy Wenesuelada hem synlamak bolýar.

Gazy eksport ediji ýurtlaryň forumy (Gas Exporting Countries Forum, GECF) – bu dünýä boýunça tebigy gazy eksport etmekde öňdebaryjy ýurtlary birleşdirýän halkara hökümetara guramadyr. Forum 2001-nji ýylda Tähran şäherinde esaslandyryldy, 2008-nji ýylyň 23-nji dekabrynda bolsa Moskwa şäherinde kanuna görä döredildi hem-de gatnaşyjy ýurtlaryň energetika ministrleri tarapyndan GECF-niň Tertipnamasy kabul edildi we hökümetara ylalaşyklara gol çekildi. Bu hökümetara ylalaşyk GECF-niň işiniň ýörelgelerini kesgitleýär: gazy sarp edýän ýurtlar bilen özara gatnaşygyň tertibini; öndürijileriň meýilnamalaşdyrmak we amala aşyrmak boýunça maýa goýum maksatnamalary, gaz pudagynda täze tehnologiýalary ulanmak baradaky maglumatlary alyşmagy; suwuklandyrylan tebigy gaz boýunça bilelikde işleri guramagy.

12 döwlet: Alžir, Boliwiýa, Wenesuela, Müsür Arap Respublikasy, Eýran, Katar, Liwiýa, Nigeriýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Russiýa Federasiýasy, Trinidad we Tobago, Ekwatorial Gwineýa bu guramanyň agzalarydyr. 6 ýurt: Yrak, Gazagystan, Niderlandlar, Norwegiýa, Oman we Peru synçy derejesine eýe bolup durýarlar. Dünýä gaz gorlarynyň 70%-e golaýy, eksport edilýän gazyň 45%, gazgeçirijileriň 40% we suwuklandyrylan gazyň söwdasynyň 85%

gazy eksport ediji ýurtlaryň Forumynyň paýyna düşýär. Forumyň ministrleriniň käbir duşuşyklaryna Türkmenistan hem gatnaşýar. GECF-niň maksady: öndürijileriň, sarp edijileriň, hökümetleriň we senagat pudaklarynyň arasyndaky energetika bilen bagly gepleşikleri goldamak, özara düşünişmegi gazanmak; tejribe alyşmak we ylmy-barlag işleri üçin binýat döretmek; durnukly we açyk energiýa bazaryny döretmek. Hormatly Prezidentimiz 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda Tähranda GECF-niň «Tebigy gaz durnukly ösüş üçin iň gowy ýangyç» şygary bilen geçirilen Maslahatyna ýörite myhman hökmünde gatnaşdy. Bu maslahatda gaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça esasy garaýyşlary beýan edýän deklarasiýa kabul edildi.

Guramanyň esasy maksady agza ýurtlaryň öz tebigy gaz gorlaryna özbaşdak ygtyýarlylygyny we ekologiýa durnuklylygyny, gazy aýawly hem-de netijeli işläp taýýarlamagyny hem-de öz halklarynyň bähbidine peýdalanmagyny üpjün etmek, gaz senagatyny ösdürmegiň esasy meseleleri boýunça tejribe, pikir we maglumatlary alyşmakdan ybaratdyr. Tertipnama laýyklykda, Forumyň esasy wezipesi agza ýurtlaryň öz tebigy gaz gorlaryna ygtyýarlyk hukugyny we öz halklarynyň bähbitleri üçin gazy ekologik taýdan durnukly, tygşytly we netijeli işläp taýýarlamagy we ulanmagy özbaşdak meýilnamalaşdyrmak mümkinçiligini üpjün etmek, gaz senagatyny ösdürmegiň esasy meseleleri boýunça tejribeleri, pikirleri we maglumatlary alyşmak bolup durýar. GECF-niň ýakyn geljekdäki esasy wezipeleri şu aşakdakylardan durýar:

– guramaçylyk düzümi resmileşdirmegi ýerine ýetirmek;
– doly gerimli işe girişmek;
– guramanyň halkara abraýyny berkitmek;
– energiýa bazaryna esasy gatnaşyjylar bilen özara düşünişmek çygryndaky gepleşikleri dowam etdirmek;
– Indoneziýa, Malaýziýa, Awstraliýa, Kanada ýaly döwletleri çekmegiň hasabyna agzalaryň sanyny artdyrmak.

Tertipnama laýyklykda, Forumyň üç dolandyryjy edarasy bar: Ministrleriň duşuşygy (adat boýunça, ýylda bir gezek geçiril-

ýär), Ýerine ýetiriji Geňeş we Müdiriýet. Ministrleriň duşuşygy Forumy dolandyrýan esasy edaradyr, Ýerine ýetiriji Geňeş bolsa ministrleriň duşuşygynyň arasyndaky döwürde GECF-niň işini dolandyrýar. Guramanyň tehniki we guramaçylyk işini üpjün etmek üçin Baş sekretaryň ýolbaşçylygynda Müdiriýet döredildi. Forumyň işi gatnaşyjy ýurtlaryň GECF-niň býujetine geçirýän gatançlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýär.

XX asyryň tutuş dowamynda nebit esasy energiýa serişdesi hasap edilýärdi. Tebigy gaza dünýä nyrhlarynyň pesligi sebäpli, ol pes girdejili energiýa serişdesi hasap edilýärdi we energiýa önümlerini öndürijiler tarapyndan hem, maýa goýujy işewürler tarapyndan hem aýratyn üns berilmeýärdi. Şol sebäpli hem uglewodorod ýataklary işlenip taýýarlanylanda nebiti gaýtadan işlemek üçin peýdalanylýardy, gaz bolsa ugurdaş önüm hökmünde uzak wagtlap peýdalanylmandy. Emma geçen ýüzýyllygyň soňky çärýeginde dünýäniň ykdysady ösüşi, gazylyp alynýan ýangyjyň we ondan alynýan önümleriň sarp edilişiniň durnukly ösüş meýilleri, energiýanyň beýleki çeşmeleriniň bäsdeşlige pes ukyplylygy hem-de nebitiň nyrhlarynyň durnuksyzlygy adamzady ozal uly ähmiýet berilmedik energiýa serişdesi bolan tebigy gaza has içgin üns bermäge mejbur etdi we bu energiýa serişdesi dünýä bazarlarynda barha ornuny berkitdi.

Häzirki döwürde «mawy ýangyç» senagat taýdan ösen ähli döwletlerde öz täsirini durnukly artdyrmagyny dowam edýär we dünýä bazarlarynda diňe bir özboluşly «walýuta» bolmak bilen çäklenmän, örän möhüm syýasy gural, käbir ýagdaýlarda bolsa syýasy taýdan täsir etmegiň serişdesi bolup çykyş edýär. Emma Türkmenistanyň daşary ykdysady strategiýasy syýasy, ideologiýa hem-de haýsydyr bir beýleki garaýyşlardan tapawutlanmak bilen, ähli daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen deňhukuklylyk we özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmaga gönükdirilendir. Türkmenistan özüniň energetika syýasatynda şu garaýyşlardan ugur alýar diýip, milli Liderimiz aýtdy we munuň biziň ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlaryň hem-de iş ýüzünde amala aşyrylýan çäreleriň esasy many-mazmunyny kesgitleýändigini belledi. Ener-

8. Sargyt № 2070

giýa serişdelerini dünýä bazarlaryna iberilmeginiň ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmegiň kepilleri barada Türkmenistanyň başlangyçlary dünýäde barha giň goldawa eýe bolýar. Birleşen Mlletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2008-nji we 2013-nji ýyllarda energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi baradaky Rezolýusiýalarynyň kabul edilmegi, onuň awtordaşlary hökmünde 70-den gowrak döwletleriň çykyş etmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Halkara awtomobil ulaglar birleşigi (The International Road Transport Union, IRU) – milli awtomobil ulag birleşikleriniň we assosiasiýalarynyň bähbitlerini birleşdirýän halkara gurama. Birleşik 1948-nji ýylyň 23-nji martynda Ženewa şäherinde döredildi. Awtomobil (mundan beýläk – awtoulag) bilen ýük daşaýan we ýolagçy gatnadýan 74 döwletiň 180-den gowrak milli birleşikleri we assosiasiýalary Halkara awtomobil ulaglar birleşiginiň agzasy bolup durýar. Birleşigiň esasy wezipesi – awtoulagy ösdürmek we awtoulag serişdeleriniň kömegi bilen berilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga ýardam etmek. Pudagyň bähbitlerini goramak, dünýä ykdysadyýetiniň durnukly we sazlaşykly ösmegini gazanmak üçin ýük we ýolagçy awtoulaglaryň halkara hyzmatdaşlygyny guramak birleşigiň wezipesi bolup durýar. Bu maksatlara ýetmek üçin birleşik öz düzümine girýän milli awtoulag assosiasiýalary bilen şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça giň topar taslamalary amala aşyrýar:

- Emeli päsgelçilikleri ýok etmek, tehniki standartlary bir nusga getirmek, düzgünleri we gümrük standartlary ýeňilleşdirmek arkaly awtoulaglaryň ösmegini höweslendirmek;
- Ulag operatorlary we sürüjiliri üçin bilim maksatnamalary döretmek we ornaşdyrmak. Şonuň üçin birleşikde ýöriteleşdirilen Akademiýa döredildi;
- Awtoulagyň çäginde durnukly ösüş taglymyny öňe sürmek, hususan hem, energiýa tyşytlylygy, ýol howpsuzlygy we daşky gurşawy goramagy kämilleşdirmek arkaly;
- Awtoulagda milli, şeýle hem halkara derejelerinde hukuk kemsitmeleriň ähli görnüşlerine garşy göreşmek, multimodal

daşamak konsepsiýasyny ilerletmek.

BMG-niň maslahatçy edarasy hökmünde Halkara awtomobil ulaglar birleşigi köp sanly ýurtlaryň milli hökümetleri we hususy işewürleri bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar, şeýle hem Bütindünýä Banky, Bütindünýä söwda guramasy, Bütindünýä gümrük guramasy, Bütindünýä syýahatçylyk guramasy ýaly onlarça halkara guramalar bilen gatnaşygy saklaýar.

Halkara awtomobil ulaglar birleşigine agza bolmak hökmany däl, emma ol öz agzalaryna birnäçe ýeňillikleri berýär. Awtoulag pudagyna zerur bolan amaly hyzmatlar halkara ýüklerini daşamak baradaky kitaby ulanmak, halkara ýüklerini daşamak hakynda Gümrük konwensiýasy (TIR Carnet) arkaly amala aşyrylýar. TIR Carnet – bu ugradylýan ýerinde gümrük möhüri we beklegiçi goýlan ýük awtoulaglaryna, ahyrky bellenen ýerine gelýänçä, ähli araçäkleri aralyk ýük barlaglary geçirmesiz eltmäge mümkinçilik berýän ulgamdyr. Aslyýetinde, ol ulag operatorlarynyň we daşary söwda guramalarynyň çykdajylaryny azaltmaga, şonuň bilen birlikde gümrük ýygymyny ýygnamaga mümkinçilik berýän çylşyrymly kepillendirilen ulgamdyr. Birleşik ýükleri daşamak baradaky kitap (TIR Carnet) ulgamynyň esasy resminamalaryny taýýarlaýar, berýär we gözegçilik edýär, ýük ähli serhetleri geçip, sargytça gowşurylandan soň, resminamalar Halkara awtomobil ulaglar birleşiginiň baş edarasyna barlag üçin gaýtaryp berilmäge degişlidir.

Halkara awtomobil ulaglar birleşiginiň ýolbaşçy edarasy – Dolandyryş Geňeşi, ýerine ýetiriji – Müdiriýet we Baş sekretar. Dolandyryş Geňeşi Halkara awtomobil ulaglar birleşiginiň Baş assambleýanyň wezipelerini ýerine ýetirýän ýokary edarasydyr. Onuň ygtyýarlylygyna birleşigiň baş syýasatyny kesgitlemek, Tertipnama üýtgetme we goşmaça girizmek, Müdiriýeti saýlamak we täze agzalary kabul etmek, işiň esasy ugurlary boýunça çözgütleri işläp taýýarlamak degişlidir. Tertipnama laýyklykda Dolandyryş Geňeşi azyndan ýylda bir gezek mejlisini geçirýär. Müdiriýet dolandyryjy Geňeşiň kararlaryny amala aşyrýar, komissiýalaryň we ekspert toparlaryň işlerine gözegçilik edýär, birleşigiň işiniň wajyp meseleleri boýunça

Geňeşe teklipleri berýär, Baş sekretaryň işine ýolbaşçylyk edýär. Baş sekretar Müdiriýetiň kararlaryny we birleşigiň maksatlaryndan gelip çykýan ähli beýleki dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýär, birleşigiň iş edaralarynyň we onuň agzalarynyň arasyndaky aragatnaşygy üpjün edýär, dürli halkara guramalar bilen gatnaşygy amala aşyrýar.

Türkmenistan Halkara awtomobil ulaglar birleşigi bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. 2014-nji ýylda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň arasynda ýurdumyzyň çäginiň üstünden geçýän Ýewraziýa awtoulag gatnawlaryny ösdürmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Häzirki wagtda Türkmenistanda Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň sebitde söwdanyň we ulagyň ösmegine ýardam etjek «Nusga ýoly» taslamasy amala aşyrylýar. Bu ýol awtoulag arkaly Türkmenistanyň çäginden üstaşyr ýük daşamagy ýeňilleşdirip, Aziýa, Ýewropa we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ulag aragatnaşygyny birleşdirer. Birleşigiň ýöriteleşdirilen Akademiýasynyň maksatnamasy boýunça hünärmenlere we sürüjilere bilim bermek we tejribe alyşmak işi alnyp barylýar.

Howa ulaglarynyň Halkara assosiasiýasy (International air transport association, IATA) – hökümete degişli bolmadyk halkara gurama. 1945-nji ýylyň 19-njy aprelinde Gawana şäherinde 31 döwletiň 57 awiakompaniýalarynyň gatnaşmagynda howa gatnawy boýunça geçirilen Maslahatda IATA-ny döretmek barada karar kabul edilýär. Bu gurama 1919-njy ýylda döredilen howa hereketiniň Halkara assosiasiýasynyň orun tutary bolýar. Baş edarasy Monreal şäherinde, Ýewropa merkezi Ženewada ýerleşýär. Häzirki günde howa ulaglary bilen ýük daşamagyň 93%-ni üpjün edýän 260-dan gowrak awiakompaniýalar Howa ulaglarynyň Halkara assosiasiýasynyň agzalary bolup durýar.

Howa ulaglarynyň Halkara assosiasiýasy – howa gatnawynyň howpsuzlygyny we ýolagçylara berilýän hyzmatyň derejesini ýokarlandyrmaga ýardam edýän, howa ulaglary bilen ýük daşaýjylar üçin düzgünleri we kadalary kesgitleýän halkara guramadyr. Assosiasiýanyň ýerine ýetirýän esasy wezipesi halkara we içerki gatnawlar boýun-

ça ýük daşaýan we ýolagçy gatnadýan awiakompaniýalaryň işini sazlaşdyrmak, howa gatnawynyň howpsuzlygy boýunça standartlary we düzgünleri kesgitlemekden durýar. IATA-nyň wezipeleri giňdir, emma olaryň arasynda şu aşakdaky esasylary görkezmek bolar:

- howa ulaglary arkaly ýük daşamagyň adalatly tarifini döretmäge gatnaşmak;
- degişli kodlary (şertli belgileri) bermek usuly bilen howa gämileri, howa menzilleri we awiakompaniýalary toparlara bölmek;
- bütin dünýäde durmuş-ykdysady ösüş üçin howa ulaglar pudagynyň netijeli ösmegini üpjün etmek we howa ulagynyň wajyplygynyň ykrar edilmegini gazanmak;
- ýangyja, ýygymlara we salgytlara çykdajylary azaltmagyň hasabyna, düşewüntligiň barabarlyk derejesini gazanmak üçin howa ulaglar senagatyna kömek bermek;
- howa ulaglary arkaly daşalýan ýükleri we gatnadylýan ýolagçylary kadalaşdyrýan düzgünleri we kadalary işläp taýýarlamak;
- ýolagçylaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin uçup geçmek howpsuzlygyny we howa hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam bermek;
- howa ulaglarynyň atmosfera taşlaýan zyňyndylaryny azaltmak üçin ykdysady we ekologik standartlary gowulandyrmak.

Howpsuzlyk IATA üçin birinji nobatdaky wezipedir. Howpsuzlyga baha bermek üçin esasy guraly bolup howpsuz ulanmagyň Halkara auditi durýar. Ol awiakompaniýalaryň howpsuzlygynyň halkara talaplara laýyk gelşini barlagdan geçirýär. Assosiasiýanyň düzgünlerine laýyklykda, IATA-nyň agzasy bolup durýan ähli awiakompaniýalar hökmany ýagdaýda howpsuz ulanmagyň Halkara auditiniň 872 talabynyň laýyk gelşine audit geçirmeli. Auditor barlaglaryny üstünlikli geçen kompaniýalar howpsuz ulanmagyň Halkara auditiniň Operatorlar ýazgysyna girizilýär. Bu diňe bir howa ýolagçylaryň däl, eýsem, dünýä howa ulaglar bileleşikleriniň öňünde howa gatnawynyň howpsuzlyk derejesini kepillendirýän artykmaçlygy berýär. IATA howa ulaglarynyň daşky gurşawa ýetirýän täsirini (klimatyň üýt-

gemegi, howa ulagynyň sesi, ýerli howanyň hili) azaltmak boýunça işleri alyp barýar. IATA-nyň ekologik syýasat baradaky Komiteti ekologik syýasatlary we strategiýalary işläp taýýarlamak boýunça teklipleri berýär. Howa hereketlerini dogry dolandyrmagyň esasynda daşky gurşawy gowulandyrmak boýunça netijeli ekologik jogapkärçilikli ugra ýardam bermek maksady bilen IATA Halkara raýat awiasiýa guramasy, awiakompaniýalar, beýleki guramalar, howa menzilleri, aeronawigasiýa enjamlary üpjün edijiler bilen ählumumy möçberde işleýär.

Iş orunlaryny döretmek, özara düşünişmek, şeýle hem howa ulagy pudagynyň köp ugurlary boýunça maslahat berilýän tejribeleriň standartlaryny taýýarlamakda IATA bilen Halkara raýat awiasiýa guramasynyň degişlilikde senagat bilen hökümetiň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň durmuş we ykdysady peýdalylygyny has ýokarlandyrmak, howa ulagyny ösdürmek üçin aýgytly ähmiýeti bardyr. IATA Halkara raýat awiasiýa guramasynyň Assambleýasyna synçy hökmünde gatnaşmaga çäkli sanly ygtyýarlyk berlen esasy halkara guramalaryň biridir.

Baş Assambleýa – IATA-nyň ýokary edarasy bolup, ol her ýyl Assosiasiýanyň agzalarynyň ähli awiakompaniýalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýär. Baş Assambleýanyň esasy wezipeleri: prezident wezipesine dalaşgäri saýlamak we tassyklamak; Dolandyryjy Geňeşiň agzalaryny saýlamak; iş toparlary we beýleki hasabat berýän edaralary döretmek; Maslahatlary çagyrmak; Baş direktoryň, Dolandyryjy Geňeşiň, komitetleriň hasabat nutuklaryny diňlemek; Geňeşiň hödürnamasy boýunça her ýylky we bir gezeklik gatançlaryň möçberini kesgitlemek; häzirki ýyla daşarky auditory bellemek. Dolandyryjy Geňeş – bu üç ýyllyk ygtyýarlyk möhleti bolan, 30 agzadan durýan IATA-nyň hökümetidir. Dolandyryjy Geňeş öz mejlisini ýylda iki gezek geçirip, onda pudak komitetleri, beýleki düzüm bölekleri üçin teklipler, görkezmeler we kararlar işlenilip taýýarlanylýar we Assosiasiýanyň işiniň strategik ugurlary kesgitlenilýär. Prezident – IATA-nyň ýokary wezipeli adamy bolup, oňa Baş Assambleýany açmak we işine ýolbaşçylyk etmek wezipeleri ýüklenilendir.

# V TEMA

# HALKARA PUL WE MALIÝE GURAMALARY

## 5.1. Halkara pul we maliýe institutlarynyň maksatlary, wezipeleri, düzümi we ähmiýeti

Dünýä we sebit derejeli halkara maliýe institutlary guramalary esaslandyryjy ýurtlaryň ykdysady ösüşine ýardam bermek maksady bilen döredilýär. Döwletleriň arasynda köptaraplaýyn ylalaşyklar netijesinde döredilýän maliýe institutlarynyň baş wezipesi serişdeleri toplamak we wajyp ykdysady taslamalary amala aşyrmak üçin karz esaslarynda kömek bermek bolup durýar. Halkara maliýe gatnaşyklarynyň ösmeginiň esasy sebäpleri – ýurtlaryň arasyndaky daşary söwda, medeni-tehniki we beýleki gatnaşyklaryň giňelmegi. Dünýä maliýe institutlarynyň düzümine Bütindünýä banky, Halkara pul gaznasy, Halkara täzeleniş we ösüş banky we beýlekiler girýär. Olardan başga-da Halkara maliýe korporasiýasy, Halkara ösüş assosiasiýasy ýaly maliýe düzümleri hem hereket edýär. Halkara karz-maliýe institutlaryny döretmek zerurlygy XX asyryň 20-nji ýyllarynda ýüze çykdy. Olar şu aşakdaky sebäpler bilen şertlendirilendir:

- ylmy-tehniki rewolýusiýa 1850–1900-nji ýyllarda güýçli depginde ösdi. Halkara söwda täze derejä çykdy, nusgawy gymmat bahaly kagyzlardan başga-da täze maliýe gurallary döredi. Gitdigiçe köp sanly ýurtlar dünýäniň halkara söwdasyna çekildi;
- uruşdan soňky ýyllarda ýeňen, şeýle hem ýeňlen ýurtlara maksatly maliýe kömeklerini bermek zerurlygy döreýär. Hut şonda anyk meýilleşdirilýän maksatlar üçin gatançlary gönükdirýän birleşikler döräp başlady. Halkara maliýe guramalarynyň karzlary durmuş maksatnamalary goldamak, pudaklary maliýeleşdirmek maksatlaryna niýetlenildi. Halkara maliýe institutlarynyň köpüsi uruşdan soňky döwürde köp sanly ýurtlaryň ykdysadyýetini dikeltmek üçin tagallalary

birleşdirmek maksady bilen döredildi. Umuman, bu şol döwürdäki dünýäniň ykdysady ösüşini üpjün etmek üçin ýeterlik derejede oňyn ähmiýete eýe boldy.

1980-nji ýyllarda işjeň ösýän pul bazary birsyhly gözegçiligi talap edýär. Altyn-pul nusgasyndan daşlaşmak bilen pul akymlaryna gözegçilik zerurlygy döreýär, sebäbi gymmat bahaly kagyzlary, kagyz pullary hemişe çykaryp durmak aýry ýurtlaryň ykdysadyýetiniň bütinleý pese gaçmagyna getirip biler. Köp sanly ýurtlaryň ählumumylaşýan dünýä hojalygyna goşulýan (söwda, ykdysady, syýasy) şertlerinde bir ýurduň meseleleri hökmany ýagdaýda beýleki döwletlere täsirini ýetirýär (aýdyň mysal, ABŞ-nyň 2008-nji ýyldaky ipoteka çökgünligi). Şol säbäpli, ählumumylaşýan dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmekde halkara maliýe guramalaryna möhüm orun degişlidir.

Häzirki wagtda aýry-aýry telekeçileriň maliýeleşdirýän maksatly gaznalaryndan başga 25 iri maliýe guramalary hereket edýär. Häzirki zaman maliýe ulgamy iki derejeli bolup durýar: birinji dereje halkara täjirçilik banklary, ikinji dereje – döwletara maliýe edaralary. Dünýä maliýe bazarynda täjirçilik banklaryna merkezi orun degişlidir. Olar diňe halkara tölegleri amala aşyrmak bilen çäklenmän, eýsem, halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ähli taraplaryny diýen ýaly giňişleýin almak mümkinçiligine eýedir. Halkara maýa goýumlar bazarynda diňe ýokary hilli we doly maglumatlara eýe bolan aňrybaş maliýe dellalçylary we saldamly karzçylar hereket edýär. Halkara banklar haryt alyş-çalşyga az derejede, maýa goýum alyşmaga köp derejede hyzmat edýär.

Iri banklar dünýä maliýe merkezlerini emele getirýär, olaryň üsti bilen halkara maliýe akymlarynyň hereketi amala aşyrylýar. Häzirki wagtda halkara banklaryň jemlenen üç esasy sebiti döredi (ABŞ, Günbatar Ýewropa we Günorta-Gündogar Aziýa). Halkara pul we maliýe guramalarynyň döremegi dünýäde integrasiýa ýagdaýlaryň güýçlenmegi, uly möçberde halkara amallary amala aşyrýan kuwwatly senagat we bank birleşikleriniň ýüze çykmagy bilen şertlendirilendir. Şular ýaly guramalaryň esasy maksady halkara maliýeleri saz-

lamak meselelerini çözmek, şeýle hem karz-maliýe ulgamyny düzgünleşdirmek üçin dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmek bolup durýar. Ygtyýarlyk wekilçiliginiň alamatlary boýunça (çözgütleri taýýarlamagyň we kabul etmegiň erkinlik derejesi) halkara maliýe guramalarynyň üç esasy toparyny tapawutlandyrmak bolar:

– birinji topara guramany esaslandyryjy döwletlere hyzmat edýän maliýe düzümleri degişlidir. Bu guramalar çözgütleri kabul etmekde özbaşdaklyga eýe däldir we olar döwletara pul hasaplaşygyny amala aşyrmagyň guraly hökmünde ulanylýar (GDA-nyň Döwletara banky, Gündogar Afrika ösüş banky);
– ikinji topara döwletara ylalaşyklary amala aşyrýan maliýe institutlary degişlidir. Bu guramalar öz tertipnamasynyň maksatlaryny we wezipelerini amala aşyranda özbaşdaklyga eýedir, emma hakykatda milli hökümetlere bagly bolup hereket edýär (Aziýa ösüş banky, Afrika ösüş banky, Yslam ösüş banky);
– üçünji topara öz ileri tutýan iş ugurlaryny we öňde goýlan maksatlaryna ýetmek ýollaryny özbaşdak kesgitleýän, häzirki dünýäde has ähmiýetli halkara maliýe institutlary degişlidir (Bütindünýä bank topary, Halkara pul gaznasy, Halkara täzeleniş we ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky). Hut şu guramalar maliýe-karz syýasatynyň dünýä standartlaryny emele getirýär we dünýäniň ähli döwletleriniň ykdysady ösüşine düýpli daşarky täsirini ýetirýär.

Halkara maliýe guramalaryny toparlara bölmegiň esasy ölçeglerine agzalyk şertleri, ygtyýarlylyk derejesi we gatnaşyjylar topary, wekilçilik häsiýeti degişlidir. Ygtyýarlylyk derejesi (iş ugry) boýunça ähli halkara guramalar umumy we ýörite ygtyýarlykly guramalara bölünýär. Bu ölçeg boýunça halkara maliýe guramalary ýörite ygtyýarlyklyga degişlidir. Emma halkara maliýe guramalarynyň käbir alamatlary umumy ygtyýarlykly, şeýle-de başga (maliýe däl) ugurly guramalara hem mahsusdyr. Ähli halkara maliýe guramalarynyň arasynda has giň ygtyýarlylyga Halkara pul gaznasy eýedir. Agzalyk şertleri boýunça açyk we ýapyk agzaly halkara maliýe guramalaryny görkezmek bolar. Ýapyk guramalara täze agzalar diňe ony esaslandyryjylaryň

çakylygy boýunça, açykda bolsa – guramanyň ýörelgelerini we tertipnamasyny goldaýan her bir döwlet kabul edilýär. Wekilçilik häsiýeti boýunça: öz wekilçiligini döwlet bilen paýlaşýan we şol wekilçilik gatnaşyklary we kadalaşdyrmak usullary tapawutlandyrýan (mysal üçin, pul-maliýe meseleleri bilen meşgullanýan BMG-niň köp sanly edaralary); esaslandyryjy resminamalarynda gatnaşyjy döwletleriň aýry-aýry ugurlar boýunça wekilçiligi göni çäklendirilen aýratyn döwletüsti halkara maliýe guramalar. Olarda döwletleriň çözgütleri diňe şol guramalaryň razylygy bilen kabul edilýär (Halkara pul gaznasy, Halkara täzeleniş we ösüş banky); gatnaşyjy ýurtlar üçin hökmany düzgünleri we kadalary döretmek aýratynlygyny özüne alýan döwletüsti halkara maliýe guramalar görnüşlerini görkezmek bolar (Ýewraziýa merkezi banky).

Gatnaşyjylar topary boýunça ählumumy we sebit halkara maliýe guramalaryny tapawutlandyrmak bolar. Bu ölçegiň esasy görkezijisi bolup guramalaryň geografik taýdan ýerleşişi çykyş edýär. Islendik döwletiň geografik ýerleşişine garamazdan, agza bolup bilýän ählumumy halkara maliýe guramalaryna Halkara pul gaznasy, Bütindünýä bank topary, Halkara hasaplaşyklar banky degişlidir. Bu topara Pariž we London klublaryny hem goşmak bolar. Ählumumy halkara maliýe guramalaryndan başga-da, dünýäde köp sanly sebit halkara maliýe guramalary hereket edýär, olara, ilkinji nobatda, sebit ösüş banklary, şeýle hem pul-karz we maliýe guramalary degişlidir (Aziýa ösüş banky, Ýewropanyň merkezi banky).

Islendik döwletara halkara maliýe guramalary döretmegiň tertibi esaslandyryjy resminamany kabul etmegi, guramanyň gurluşyny düzmegi we onuň hereket edip başlamagyna esas berýän baş edarany çagyrmagy göz öňünde tutýar. Esaslandyryjy resminama – bu ozaly bilen halkara şertnama (ol şeýle hem tertipnama ýa-da konwensiýa diýlip atlandyrylyp bilner). Esaslandyryjy rezolýusiýa agza döwletleriň oňa ses bermek ýoly bilen kabul edilen wagtyndan güýje girýär. Halkara guramalarynyň gurluşyny düzmek üçin ýörite taýýarlyk edaralary ulanylýar. Olaryň wezipesi guramanyň geljekki edaralarynyň düzgün taslamalaryny işläp taýýarlamaga, baş edara

jaýyny döretmäge, esasy edaralaryň gün tertibini düzmäge gönükdirilen. Esasy edaralary çagyrmak we olaryň hereket edip başlamagy bilen guramany döretmegiň guramaçylyk işi tamamlanýar. Halkara maliýe guramalarynyň ygtyýarlygy onuň esaslandyryjy resminamasynda kesgitlenilýär we iş ugry hökmünde seredilýär. Öz ygtyýarlygynyň çäginde halkara guramalara tabşyrylan maksatlary we wezipeleri ýerine ýetirmek üçin wekilçilik berilýär. Halkara maliýe guramalarynyň maliýe serişdeleri, adatça, agza döwletleriň gatançlaryndan ybarat bolýar we umumy zerurlyk üçin ulanylýar. Guramanyň çäginde hereket edýän her bir edaranyň öz içerki gurluşy we anyk düzümi, çözgütleri kabul etmegiň kesgitlenen tertibi bar. Onuň ygtyýarlygy diňe agza ýurtlaryň razylygy bilen üýtgedilip bilner. Halkara maliýe guramalarynyň iş maksatlaryny jemlemek bilen, şu aşakdaky esasylaryny görkezmek bolar:

– halkara pul-maliýe ulgamlaryny sazlamak we ösdürmek;
– döwletara pul we karz-maliýe meselelerini düzgünleşdirmek;
– dünýäniň maliýe we pul ulgamlaryny ösdürmegiň baş ýörelgelerini we usullaryny işläp taýýarlamak we sazlamak;
– ýurtlaryň, sebitleriň we dünýäniň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmek maksady bilen, maliýe serişdelerini we olaryň ulanylyşyny jemlemek;
– halkara maliýe gatnaşyklar meseleleri boýunça maglumatlary toplamak we işläp taýýarlamak, ylmy-barlag işlerini geçirmek.

Halkara maliýe guramalarynyň wezipeleri olaryň maksatlaryny we ygtyýarlyklaryny nazara almak bilen kesgitlenilýär. Halkara guramalarynyň wezipeleri diýip öz meselelerini ýerine ýetirmek boýunça olaryň işiniň daşky görnüşi hasaplanylýar. Halkara maliýe guramalarynyň wajyp wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

– halkara pul-maliýe gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek;
– halkara pul ulgamlarynyň ýagdaýyna gözegçilik etmek;
– ykdysadyýetiň hakyky bölegininiň makroykdysady durnuklylygyna we düzümini täzeden guramagyna ýardam bermek;
– agza ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň monitoringi we olaryň halkara maliýe guramalarynyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmek.

## 5.2 Ählumumy halkara maliýe guramalary

*Bütindünýä banky* (The World Bank) ösýän ýurtlara maliýe we tehniki kömegini bermek maksady bilen döredilen, BMG-niň ýöriteleşdirilen halkara maliýe guramasydyr. Bütindünýä banky 1944-nji ýylda ABŞ-da geçirilen Bretton-Wuds maslahatynyň netijesi boýunça döredilen iki iri (Halkara pul gaznasy bilen bir hatarda) maliýe guramalarynyň biridir. Bank guramanyň 189 agza ýurtlary tarapyndan dolandyrylýar we olara hasabat berýär. Bütindünýä bankynyň işiniň baş maksady ählumumy möçberde ähli ugurlary öz içine alýan durnukly ösüşi goldamak bolup durýar. Bank ösýän ýurtlara garyplyk derejesini azaltmak we ykdysady ösüşi çaltlandyrmak ýörelgelerini amala aşyrmaga uzak möhletli az göterimli we göterimsiz karz, grantlar (bir gezeklik pul kömegi) we tehniki kömegini berýär. Bütindünýä bankynyň işiniň umumy maksatlary – ilatyň ähli gatlaklarynyň bähbitleri üçin durnukly ählumumylaşmaga ýardam bermek, garyplygyň möçberini azaltmak, daşky gurşawa zelel ýetirmeýän ykdysady ösüşi çaltlandyrmak, şeýle hem adamlar üçin täze mümkinçilikleri we olarda geljege umyt döretmek.

Bütindünýä banky karzlaryň iki esasy görnüşini berýär: maýa goýum karzlary we ösüş maksatly karzlar. Maýa goýum karzlary ykdysadyýetiň dürli ugurlaryny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek taslamalarynyň çäginde haryt we hyzmat önümçiliklerini maliýeleşdirmek üçin berilýär. Ösüş maksatly karzlar syýasy we institusional özgertmeleri goldamak maksatlary bilen berilýär. Grantlar innowasiýalary, guramalaryň özara hyzmatdaşlygyny we ýerli gyzyklanýan taraplaryň taslamalarynyň işine gatnaşmagyny höweslendirmek ýoly bilen taslamalary işläp taýýarlamagy maliýeleşdirmek üçin berilýär. Bütindünýä bankynyň karzlarynyň möçberi her ýylda ABŞ-nyň onlarça mlrd dollaryna ýetýär.

Bütindünýä bankynyň gündelik işleri guramanyň ýokary ýolbaşçysy bolan prezidentiniň we iş ugrunyň anyk sebitlere, bölümlere jogap berýän we aýdyň wezipeleri ýerine ýetirýän wise-prezidentleriň baştutanlygynda amala aşyrylýar. Prezident Direktorlar geňeşiniň maslahatyna başlyklyk edýär we bankyň işiniň umumy

ýolbaşçylygyna jogap berýär. Ýerine ýetiriji direktorlar Bütindünýä bankynyň Direktorlar geňeşini düzýär. Adat boýunça, olar öz maslahatlaryny hepdede iki gezek geçirýär we guramanyň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar, şol sanda ähli karzlary tassyklamaga we bankyň işine galtaşýan meseleler boýunça syýasy çözgütleriň (işiň täze ýörelgeleriniň, ýurtlara ýardam bermegiň strategiýalarynyň) kabul edilmegine jogap berýär.

Bütindünýä banky öz ösüş döwrüniň dowamynda dürli gurluş üýtgemelere sezewar boldy, şol sebäpli Bütindünýä bank adalgasyna dürli döwürlerde dürli atly gurama düşünildi. Ilkibada Bütindünýä bankyny Halkara täzeleniş we ösüş banky bilen baglanyşdyrdylar. Soňra 1960-njy ýylda bu bankyň syýasat bilen baglanyşykly wezipeleriniň bir bölegini özüne alan Halkara ösüş assosiasiýasy döredildi. Dürli döwürde olara Bütindünýä bankynyň meselelerini çözmek üçin döredilen guramalar goşuldy. Ýokarda görkezilen ähli bäş gurama Bütindünýä bank guramalar toparyna girýär we ol Bütindünýä bank topary diýlip atlandyrylýar.

Bütindünýä bank topary (World Bank Group, WBG) – bu ösen döwletleriň maliýe we tehniki kömekleriniň hasabyna, ösýän ýurtlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, özara baglanyşykly institutlary özüne birleşdirýän, köptaraply karz edaradyr. Bütindünýä bank topary BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolup, onuň düzümine Halkara täzeleniş we ösüş banky, Halkara ösüş assosiasiýasy, Halkara maliýe korporasiýasy, Kepillikler boýunça köptaraply agentlik, Maýa goýum boýunça jedelleri düzgünleşdirýän Halkara merkez girýär. Bütindünýä bankynyň birinji üç düzümi Bütindünýä ösüş bankynyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Beýleki ikisiniň iş ugry ösýän döwletlere we bazar ykdysadyýetine geçmegi amala aşyrýan ýurtlara daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny höweslendirmek bolup durýar. Bütindünýä bankyna girýän düzümleriň işi guramanyň umumy ýörelgelerine tabyndyr, emma olaryň her biri, umumy maksatlardan ugur almak bilen, öz aýratyn wezipelerini ýerine ýetirýär.

*Kepillikler boýunça köptaraply agentlik* (Multilateral Investment Guarantee Agency, MIGA) – ösýän ýurtlara daşary ýurt maýa goýum-

laryny çekmäge ýardam bermek maksatlary bilen 1988-nji ýylyň 12-nji aprelinde Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň 42 agza döwletleri tarapyndan döredildi. Öz işine resmi taýdan 1990-njy ýylda başlady. Bu guramanyň maksady maýa goýujylara maýa goýum kepillendirmesini, ösýän ýurtlara maýa goýum akymyny höweslendirmek üçin tehniki kömek bermek, daşary ýurt maýalaryny çekmegiň zerur bolan şertlerini gowulandyrmak boýunça hökümetlere maslahat bermek bolup durýar. Gurama maýa goýujylara pullary serhetara geçirmek, harby ýa-da raýat bulagaýlyklary wagtynda maýa goýumlardan mahrum etmek howpunyň töwekgelçiliklerini kepillendirýär. Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň islendik agzasy Kepillikler boýunça köptaraply agentligiň agzasy bolup bilýär. Häzirki wagtda 180-e golaý döwlet guramanyň agzasydyr. MIGA-nyň öz amallar we ýuridik düzümi bar we Halkara täzeleniş we ösüş bankyndan maliýe taýdan garaşsyz bolup durýar. MIGA-nyň maýasy diňe agzalyk gatançdan durýar we ol bir taslamanyň pul çägi ABŞ-nyň 50 mln dollaryna çenli bolan maýa goýum serişdeleriniň 90%-ni diýen ýaly ätiýaçlandyryp bilýär.

Kepillikler boýunça köptaraply agentligiň esasy iş ugurlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) ýerli puluň beýleki ýurtlaryň pullaryna erkin çalşyp bolmaýan, bolýan ýurdunda hususy emlägiň zor bilen alynýan, uruş bolýan ýurdunda öz üstüne borç alan edaralar tarapyndan şertnamanyň bozulýan ýagdaýlaryndaky ýitgileri goramak maksady bolan kepillikleri bermek;
2) bilelikdäki ätiýaçlandyrmalar we täzeden ätiýaçlandyrmalar boýunça amallary amala aşyrmak;
3) halkara bank birleşiklerine kepillendirme bermek;
4) ösýän ýurtlara taslamalary işläp düzmäge we kepillendirme almak üçin talaplary taýýarlamaga ýardam bermek;
5) ösýän ýurtlara göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge, täze maýa goýum taslamalary barada maglumatlary ýaýratmaga ýardam etmek, marketing maksatnamalary taýýarlamaga (şonuň üçin Maýa goýum marketing gullugy döredildi) tehniki kömek bermek.

MIGA-nyň işiniň wajyp ugry täjirçilik maýa goýum töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmakdyr. Ol diňe agza ýurtlardan gelýän maýa goýumlary kepillendirýär. Gurama anyk taslamalara täze maýa goýumlary, şol sanda öň bar bolan maýa goýumlarynyň artdyrylmagyna, şeýle hem hususylaşdyrmak we maliýe üýtgedip gurmalar bilen baglanyşykly işleri kepillendirýär. Esasan, hususy bölege maýa goýujylary, käbir ýagdaýlarda bolsa täjirçilik häsiýete eýe bolan döwlet kärhanalaryny kepillendirmek MIGA-nyň aýratynlygy bolup durýar. Guramany dolandyrmagyň ygtyýarlygy Dolandyryjylar Geňeşine degişlidir. Dolandyryjylar Geňeşi öz ygtyýarlygyny guramanyň Direktorlar Geňeşine tabşyryp bilýär. Bütindünýä bankynyň prezidenti MIGA-nyň Direktorlar Geňeşiniň başlygy bolup durýar.

*Maýa goýum boýunça jedelleri düzgünleşdirýän Halkara merkez* (International Centre for Settlement of Investment Disputes, ICSID) 1966-njy ýylda hökümetler bilen daşary ýurt maýadarlaryň arasyndaky jedelli meseleleri ylalaşdyrmagy we düzgünleşdirmegi üpjün edýän şertleri döretmek arkaly halkara maýa goýumlarynyň artmagyna ýardam bermek maksady bilen, döwletleriň we beýleki ýurtlaryň raýatlarynyň arasyndaky maýa goýum jedelleri düzgünleşdirmek baradaky Konwensiýa (1965-nji ýylyň Waşington konwensiýasy) esasynda döredildi. Merkez ondan başga-da, ylmy-barlag işlerini geçirýär, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hukuk kadalaşdyryş meseleleri boýunça neşirleri çykarýar, şeýle hem maslahatlary berýär. Şular ýaly gurallary 1985-nji ýylda «Kepillikler boýunça köptaraply agentligi döretmek barada» kabul edilen Seul Konwensiýasy hem üpjün edýär. Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň islendik agzasy Maýa goýum boýunça jedelleri düzgünleşdirýän Halkara Merkeziň agzasy bolup biler. Häzirki wagtda 145 döwlet guramanyň agzasydyr. Merkeziň baş edarasy Waşington şäherinde Halkara täzeleniş we ösüş bankynyň binasynda ýerleşýär.

Merkez halkara emläk hukugynyň çäginde jedelleri çözmek üçin döredilen. Bu ýerde, bir tarapdan döwletleriň, beýleki tarapdan bolsa maýa goýujy daşary ýurt hususy we ýuridik şahslaryň arasynda döreýän jedellere düşünilýär. Şular ýaly jedeller şahsy hukuk

hökmünde seredilýär, emma döwletler özygtyýarlygyna laýyklykda kazyýet we beýleki dahylsyzlyk hukugyna eýedir. Maýa goýum boýunça jedelleri düzgünleşdirýän Halkara merkezi döretmek barada Konwensiýanyň maksady şular ýaly maýa goýum jedelleri milli kazyýet hukugyndan aýryp, olary halkara arbitraža geçirmekdir. Merkeziň esasy maksady halkara maýa goýum jedelleri ýaraşdyrmak we arbitražda seretmek üçin zerur bolan şertleri döretmekden durýar. Ol arbitražyň ýa-da ylalaşdyrmagyň üsti bilen taraplaryň arasyndaky ýuridik jedelleri çözmek üçin serişde bolup hyzmat edýän adalatly halkara edara hökmünde döredildi. Taraplaryň bu edara ýüz tutmagynyň şerti olaryň jedelleri çözmeklige ýazmaça razyçylyk bermegi bolup durýar. Merkez halkara maýa goýum we ykdysady ösüş çygrynda wajyp orny eýeleýär, köp sanly müşderiler, şeýle hem onuň maýa goýum ylalaşyklaryny dürli ýurtlaryň belläp geçmegi we salgylanmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki wagtda garalan arbitraž işleriniň umumy sany 400-e golaýdyr. Merkeziň gurluşy Administratiw Geňeşden we müdiriýetden durýar. Administratiw Geňeş – merkeziň dolandyryjy edarasy. Onuň düzümine gepleşik geçirýän tarapyň her döwletinden bir wekil girýär. Müdiriýet Baş sekretardan, Baş sekretaryň orunbasaryndan we işgärler düzüminden durýar. Baş sekretar – merkeziň ýuridik wekili we esasy wezipeli adamy. Ol işgärleri belleýär, arbitraž çözgütleri bellige alýar we tassyklaýar, olaryň nusgalaryny kepillendirýär.

Halkara maliýe ulgamlary gurmakda aýratyn orun hökümetara hyzmatdaşlygyň halkara maliýe guramasy bolan Halkara pul gaznasyna degişlidir. Halkara pul gaznasyna agza bolmak Halkara täzeleniş we ösüş bankyna girmegiň şerti bolup durýar. Halkara pul gaznasyna ilkibaşda halkara söwdanyň ösmegine şertleri döretmäge, pul çalyşmak hümmetiniň durnuklylygyna we döwletleriň arasynda amala aşyrylýan işler boýunça köptaraplaýyn hasaplaşyk ulgamlary döretmäge gönükdirilen wezipeler goýuldy. Gaznanyň resmi wezipesi – dünýä söwdasynyň ösmegine päsgel berýän pul çäklendirmeleri ýok etmek, şeýle hem döwletlere daşary söwdada we hasaplaşyklarda çäk goýmak çärelerini ulanmasyz töleg balansyndaky deň ölçegsizligi aýyrmak üçin maliýe serişdelerini bermek.

*Halkara hasaplaşyklar banky* (Bank for International Settlement, BIS) 1930-njy ýylda alty döwletiň (Belgiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Italiýa, Fransiýa, Ýaponiýa) hökümetara Gaaga ylalaşygy, şeýle hem ABŞ-nyň banklar topary we bu döwletleriň bankyň hereket edýän ýeri bolan Şweýsariýa bilen baglaşylan Konwensiýa esasynda döredilen karz guramadyr. Ol merkezi banklaryň halkara banky hökmünde hereket edýär. Baş edarasy Şweýsariýanyň Bazel şäherinde ýerleşýär. Halkara hasaplaşyklar banky Şweýsariýanyň bank kanunçylygyna tabyn däldir. Bankyň hukuk derejesi Şweýsariýanyň Federal Geňeşi bilen baglaşylan ylalaşyk esasynda tassyklanyldy. 1931-1932-nji ýyllarda Halkara hasaplaşyklar bankyna Ýewropa ýurtlarynyň merkezi banklarynyň 19-sy goşuldy. Häzirki wagtda Halkara hasaplaşyklar bankynyň 34 agzasy bolup, oňa Günbatar Ýewropanyň ähli ýurtlary, Gündogar Ýewropanyň 6 döwleti, ABŞ, Ýaponiýa, Awstraliýa, GAR, Russiýa girýär.

Halkara hasaplaşyklar bankyna ilkibaşda Germaniýanyň reparasiýa töleglerini (uruşda ýeňen ýurda çeken zyýanlaryny tölemek), harby bergileri kabul etmek we tölemek, şeýle hem merkezi banklaryň hyzmatdaşlygyna we olaryň özara halkara hasaplaşyklarynyň ösmegine ýardam bermek wezipeleri ýüklendi. Reparasiýa we harby bergiler boýunça tölegleriň bes edilmegi bilen 1931-nji ýyldan başlap, bankyň iş häsiýeti üýtgeýär. Halkara hasaplaşyklar banky altyny we daşary ýurt pullaryny satyn alýar we satýar, saklamak üçin merkezi banklardan altynlary kabul edýär, döwletara pul-karz gatnaşyklary kadalaşdyrýar, merkezi banklaryň wekili ýa-da habarçysy hökmünde dünýä bazarlarynda pul, karz, gymmat bahaly kagyzlar, altyn amallaryny amala aşyrýar. Tertipnama laýyklykda, Bankyň amallary degişli ýurtlaryň merkezi banklarynyň pul-karz syýasatlary bilen utgaşdyrylmaly.

Bank Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň töleg ylalaşyklaryny guramakda we amala aşyrmakda (1947–1958-nji ýyllarda), dünýä pul bazarynda alyp-satyjylaryň hüjüminden üstün çykmagyň çärelerini işläp taýýarlamakda, pul bazarlary we pul syýasaty barada çäreleri we maglumatlary alyşmagy sazlamakda, ýewropa bazarynyň meselelerini ara

alyp maslahatlaşmakda, bank gözegçiligini, hususan hem, banklaryň halkara amallaryny kämilleşdirmekde wajyp orny eýeledi. Halkara hasaplaşyklar banky käbir ýörite wezipeleri amala aşyrýar, hususan hem, esasy dünýä pullarynyň hümmetini saklamak maksady bilen, şeýle hem hökümetara karzlar boýunça hossar hökmünde, merkezi banklar bilen bilelikde pul dolanyşygyna gatyşýarlar. Merkezi banklar Halkara hasaplaşyklar bankyna ýewropa bazarynyň ýagdaýyna we hereket edişine gözegçilik wezipesini tabşyrdylar. Merkezi banklardan gelýän maglumatlar esasynda Halkara hasaplaşyklar banky bu bazaryň möçberini özüniň, milli kanunçylyga tabyn bolmaýan, has sypaýy usullary bilen hasaplaýar. Halkara hasaplaşyklar bankynyň aýratynlygy onuň işiniň, şeýle hem pul-karz gatnaşyklarynyň wajyp meseleleri we geljegi ara alnyp maslahatlaşylýan Bazel klubunyň (oňa bankyň agza ýurtlary girýär) her aýdaky mejlisindäki çözgütleriň berk gizlin häsiýeti bolup durýar. Bu Halkara hasaplaşyklar bankynyň Halkara pul gaznasy we Bütindünýä bank toparynyň üstüni ýetirýän edara hökmünde ornuny kesgitleýär. Halkara hasaplaşyklar banky Halkara Gyzyl Haç, Bütindünýä poçta bileleşigi ýaly guramalaryň maliýe wekilidir. Bank öňdebaryjy maglumat-barlag merkezidir. Bankyň ýyllyk hasabatlary dünýäde iň abraýly ykdysady neşirleriň biridir.

Bankyň serişdeleriniň esasy çeşmesi – merkezi banklaryň daşary ýurt pulunda ýa-da altynda gysga möhletli goýumy (3 aýa çenli). Onuň göterimini tölemek üçin Bank olary beýleki merkezi banklara, halkara guramalara ýerleşdirýär. Bankyň esasy işjeň amallary merkezi banklara karz pul bermek bolup durýar. Paýnamalaryň 75%-i merkezi banklara we 25%-i hususy banklara degişlidir. Banky döredijiler paýnamanyň 50%-den gowragyny jemleýär. Bankyň gündelik işlerine Direktorlar Geňeşi ýolbaşçylyk edýär.

## 5.3. Sebit halkara maliýe guramalary

*Ýewropanyň maýa goýum banky* (European Investment Bank, EIB) 1958-nji ýylda Ýewropanyň durmuş-ykdysady taýdan yza galan sebitlerini uzak möhletli karzlar görnüşinde ösdürmegi maliýe-

leşdirmek maksady bilen döredilen Ýewropa Bileleşiginiň döwlet maliýe-karz edarasydyr. Ýewropa Bileleşiginiň ähli döwletleri guramanyň agzasydyr. Baş edarasy Lýuksemburg şäherinde ýerleşýär. Ýewropanyň maýa goýum bankynyň baş wezipesi, esasan, Ýewropa Bileleşiginiň agza ýurtlarynyň çägindäki maýa goýum taslamalary karzlaşdyrmak arkaly Bileleşigiň maksatlaryna ýetmegine ýardam bermek. Ýewropanyň maýa goýum banky – bu täjirçilik däl bank bolup durýar, ol Ýewropa Bileleşiginiň býujet serişdelerini ulanmaýar. Onuň esasy wezipesi ýewropa integrasiýasynyň çuňlaşmagyna ýardam berýän taslamalara jemgyýetçilik we şahsy maýa goýumlary maliýeleşdirmekdir. Bankyň maliýe bazarlarda gazanan serişdeleriniň uly bölegi saýlap alnan taslamalara gönükdirilýär. Ýewropanyň maýa goýum banky Ýewropanyň maýa goýum gaznasyny dörediji we esasy paýdary (maýa goýumyň 62,1%) bolup durýar, ol şonuň bilen bilelikde kiçi we orta işewürlige goldaw bermek boýunça taslamalary amala aşyrýarlar. Ýewropanyň maýa goýum gaznasynyň ýene-de 30% paýnamasy Ýewropa komissiýasyna, galan paýy Ýewropanyň hususy maliýe institutlaryna degişlidir. Ýewropanyň maýa goýum banky we Ýewropanyň maýa goýum gaznasy bilelikde Ýewropanyň maýa goýum bank toparyny emele getirýär. Her ýyl 50–70 mlrd ýewro möçberinde karzlary berýän Ýewropanyň maýa goýum banky dünýäniň halkara maliýe institutlarynyň arasynda öňdebaryjy bolup durýar.

Ýewropanyň maýa goýum bankynyň karzlar syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna energetika, ulag, aragatnaşyk we şäher hojalyk infrastrukturalaryny ösdürmek degişlidir. Öz karzlary bilen innowasiýa ykdysadyýetini goldamaklyga çalyşýar. Bank adat boýunça täzeçiligiň wajyp çeşmesi hökmünde kiçi we orta telekeçilige karz serişdelerini berýär. Bankyň karz amallarynyň esasy möçberi Ýewropa Bileleşiginiň ykdysady taýdan has ösen ýurtlary bolan Germaniýa, Fransiýa, Ispaniýa, Italiýa düşýär. Ýewropanyň maýa goýum banky «Jogapkärçilikli karz pul bermek» ýörelgesine meýilliligini resmi taýdan yglan edýär. Bu diňe Ýewropa Bileleşiginiň berk ekologik, durmuş we beýleki talaplaryna laýyk gelýän taslamalaryň maliýeleşdirilýändigini aňladýar. Maýa goýumlar şu aşakdaky ölçeglere jogap bermeli:

- olar maliýeleşdirmegiň beýleki çeşmelerini çekmeklige ýardam ediji bolup hyzmat etmeli;
- olar ýewropa senagatlarynyň, kiçi we orta kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, transýewropa torlaryny döretmeklige ýardam bermek (ulag, telekommunikasiýa we energetiki), tebigy we şäher gurşawy goramaga kömek bermek, saglygy goraýşy, bilimi we maglumat tehnologiýalaryny ösdürmek ýaly ugurlara gatnaşmaly;
- olar, esasan, ykdysady taýdan has yza galan sebitlere gönükdirilmeli.

Ýewropanyň maýa goýum bankyna Dolandyryjylar Geňeşi, Direktorlar Geňeşi, Iş dolandyryjy komiteti we Auditer komiteti ýolbaşçylyk edýär.

*Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky* (European Bank for Reconstruction and Development, EBRD) 1991-nji ýylda 61 döwlet, Ýewropa Bileleşigi we Ýewropanyň banky tarapyndan Merkezi Ýewropadan Merkezi Aziýa çenli aralykda ýerleşen 34 ýurduň bazar ykdysadyýetini goldamak üçin döredilen halkara maliýe guramadyr. Baş edarasy London şäherinde ýerleşýär. Bankyň paýnamasynyň 51%-i Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryna degişlidir. Ýokary edarasy – Dolandyryjylar Geňeşi, olar bolsa, düzgün boýunça, gatnaşyjy ýurtlaryň maliýe ministrleri bolýar. Gündelik işlerine, düzümi 23 adamdan we dört ýyl möhlet bilen saýlanylýan prezidentden ybarat bolan Direktorlar Geňeşi ýolbaşçylyk edýär. Bank diňe bir gatnaşyjylardan toplanan öz serişdelerini bermek bilen çäklenmän, eýsem, maýadarlary çekmek bilen hem meşgullanýar. Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky taslamalary maliýeleşdirmäge ýöriteleşýär, aýratyn hem, täze döredilýän önümçiliklere, şeýle-de öňki hereket edýänlere serişdeleri goýberýär, banklary, kärhanalary we kompaniýalary maliýeleşdirýär. Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky telekeçilik işi üçin amatly şertleri döretmek, hususylaşdyrmagy geçirmek, hakyky bazar ykdysadyýetini döretmek maksatlary bilen sebitiň ýurtlarynyň hökümetleri bilen ýola goýlan gatnaşyklary giňden peýdalanýar.

Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň esasy iş görnüşlerine karzlary we bank kepilliklerini bermek, kärhanalaryň paýnamalaryny

satyn almak degişlidir. Bankyň ilkibaşdan wajyp tapawutlandyryjy alamatlarynyň biri hemişe işjeňligi hem-de döwrüň wakasyna (Sowet Soýuzynyň dargamagy, maliýe çökgünligi, «arap ýazy») tiz we aýgytly garaýşyny bildirmek bolup durýar. Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky bank ulgamlaryny özgertmek, emläk hukuklaryna degişli zerur bolan kada-hukuk binýatlary emele getirmek ýaly çärelere işjeň gatnaşýar. Ähli ösüş banklarynyň hatarynda diňe Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky syýasy wekilçilige eýedir, ol «köp partiýaly demokratik ýörelgelere we bazar ykdysadyýetine meýilli we olary durmuşa geçirýän» ýurtlara kömek bermegi aňladýar. Hemmesini jemläp aýdanyňda, bank tarapyndan 3 müňe golaý taslamalar işlenip taýýarlanyldy we ýerine ýetirildi.

*Gara deňiz söwda we ösüş banky* (Black Sea Trade and Development Bank, BSTDB) – Gara deňiz sebitiniň ýurtlarynyň ösüşini goldamak maksady bilen, 1997-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda döredilen halkara maliýe gurama. Häzirki wagtda 11 döwlet: Albaniýa, Azerbaýjan, Bolgariýa, Gresiýa, Gruziýa, Moldowa, Russiýa, Rumyniýa, Türkiýe, Ermenistan we Ukraina guramanyň agzasydyr. Baş edarasy Gresiýanyň Tessaloniki şäherinde ýerleşýär. Gara deňiz söwda we ösüş bankynyň maksatlary agza ýurtlaryň döwlet we hususy bölegine degişli taslamalary we söwdany maliýeleşdirmek üçin karzlary bermek, maýa goýmak we kepillendirmek arkaly ykdysady ösüşi we sebit hyzmatdaşlygyny goldamak bolup durýar. Gara deňiz söwda we ösüş bankynyň esasy wezipeleri: agza ýurtlaryň arasyndaky sebit söwda gatnaşyklaryny goldamak; durnukly ösüşi we iş bilen meşgullygy ýokarlandyrmagy üpjün etmek; sebitde amala aşyrylýan amallaryň maliýe aýdyňlyk derejesini ýokarlandyrmak; halkara taslamalary amala aşyrmaga we hyzmat edilýän sebite daşary ýurt maýa goýum akymyna ýardam bermek; kiçi we orta telekeçilige ýeňillikli karzlary bermek; sebitiň daşky gurşawyny goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek; tebigy betbagtçylyk bolan halatynda agza ýurtlara göterimsiz karzlary bermek. Bank ykdysady ösüşe we iş bilen meşgullygy ýokarlandyrmaga gös-göni täsir edýän pudaklara, ýagny gaýtadan işleýän senagata, energetika, ulag, telekommunikasiýa, oba-

senagat toplumlaryna, daşary söwda we maliýe ugurlara degişli hyzmatlara artykmaçlyk berýär. Bankyň esaslyk maýasy 3,5 mlrd ýewro deňdir.

*Ýewraziýanyň ösüş banky* (Eurasian Development Bank, EDB) 2006-njy ýylyň ýanwar aýynda Russiýanyň we Gazagystanyň başlangyjy boýunça, gatnaşyjy ýurtlaryň bazar ykdysadyýetini ösdürmek, olaryň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmek we özara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmek maksady bilen döredilen halkara maliýe guramadyr. Banka Belarus döwleti, Ermenistan, Täjigistan we Gyrgyzystan döwletleriniň goşulmagy bilen agza döwletleriň sany alty boldy. Emma esasy gatnaşyjylar bolup ony döredijiler çykyş edýär – Russiýa (maýanyň 65,98%) we Gazagystan (32,99%). Bankyň esaslyk maýasy ABŞ-nyň 7 mlrd dollaryna deňdir. Bankyň tertipnamasyna laýyklykda, onuň düzümine agzalyk bolmak beýleki gyzyklanýan döwletler we halkara guramalar üçin açykdyr. Baş edarasy Almaty şäherinde ýerleşýär. Guramany dolandyrýan ýokary edarasy – gatnaşyjy ýurtlaryň doly ygtyýarly wekillerinden we olaryň orunbasarlaryndan durýan bankyň Geňeşidir. Gündelik işlerine bankyň dolandyrmasy ýolbaşçylyk edýär, onuň başlygy dört ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

Ýewraziýanyň ösüş banky agza ýurtlaryň dürli döwlet we halkara taslamalaryny maliýeleşdirmeklige gatnaşýar, gymmat bahaly kagyzlar we daşary ýurt pullary bilen işleşýär. Bankyň ileri tutulýan iş ugurlaryna täze gatnaşyjy ýurtlary çekmek, integrasiýalaşmagyň netijeliligini ýokarlandyrýan taslamalary amala aşyrmaga tehniki kömek bermek, ykdysady integrasiýa meseleleri boýunça ylmy-barlag işleri alyp barmak degişlidir. Bankyň maliýe iş ugurlarynyň arasynda infrastrukturalary ösdürmegi (ulag, energetika, telekommunikasiýa), şeýle hem ykdysadyýetiň energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaryny aýratyn bellemek bolar. Bank häzirki wagtda senagatyň dürli pudaklarynda amala aşyrylýan 40-dan gowrak taslamalara gatnaşýar. Bank 2007-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň synçy derejesini aldy.

*Demirgazyk maýa goýum banky* (Nordic Investment Bank, NIB) 1976-njy ýylda Skandinaw sebitiniň durnukly we bäsdeşlige ukyp-

ly ösüşini goldamak maksady bilen Daniýa, Şwesiýa, Norwegiýa, Finlýandiýa we Islandiýa döwletleriniň başlangyjy boýunça döredildi. Soňra oňa Estoniýa, Latwiýa we Litwa goşuldy. Baş edarasy Helsinki şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda bankyň esasy wezipesi Skandinaw we Baltika sebitiniň durnukly ösüşine ýardam bermekdir. Demirgazyk maýa goýum banky özüniň umumy bähbitlerine laýyk gelýän maýa goýum taslamalary maliýeleşdirmek arkaly Demirgazyk ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürýär.

NIB Demirgazyk ösüş toparlarynyň düzüminde hereket edýär we özüne garyp ýurtlaryň ösmegine grantlary berýän Demirgazyk ösüş gaznasyny, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň daşky gurşawy goramak işlerini goldaýan Demirgazyk ekologiýa maliýe korporasiýasyny, kiçi we orta telekeçilige ýeňillikli we bähbitli şertlerde karzlaşdyrmagy amala aşyrýan Demirgazyk taslama gaznasyny alýar. NIB-iň esasy iş ugurlaryna bankyň wezipelerine laýyk gelýän şertlerindäki maýa goýum taslamalary uzak möhletleýin maliýeleşdirmek, agza ýurtlaryň milli kompaniýalarynyň dünýä bazarynda öndürijiligini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, garyp ýurtlara we bazar ykdysadyýetine geçýän döwletlere kömek bermek, maliýeleşdirilýän taslamalaryň tehniki taýdan enjamlaşdyrylyş derejesini ýokarlandyrmak, gatnaşyjy ýurtlaryň adam maýasyny ösdürmek maksatnamalaryny işläp taýýarlamak, Skandinawiýa we Baltika sebitleriniň bazar infrastrukturalaryny we ulag ulgamyny gowulandyrmak degişlidir. NIB sebit we köptaraply ösüş banklary, şolaryň arasynda Aziýa ösüş banky, Afrikanyň ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Bütindünýä bank topary bilen işjeň hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýar.

*Aziýa ösüş banky* (Asian Development Bank) 1966-njy ýylda sebit ösüş banky hökmünde döredildi. Onuň esasy wezipesi Aziýa we Uzak Gündogar sebitlerine göni karz we tehniki ýardam bermek arkaly ykdysadyýeti ösdürmegi höweslendirmek bolup durýar. Bankyň baş edarasy Filippini döwletiniň Manila şäherinde ýerleşýär. Aziýa ösüş bankynyň karz serişdelerine gatnaşyjy ýurtlaryň hökümeti bilen bir hatarda, ýuridik şahslar hem bäsdeşlik edip bilýär. Bir karzyň orta

möçberi 15 mln dollara deňdir. Uly möçberli karzlary (50 mln dollara çenli) bank juda seýrek ýagdaýda berýär. Goýumlaryň ileri tutulýan ugurlary – ulag we aragatnaşyk, senagat, energetika, oba hojalyk, maliýe bölegi. Karzlar iki gaznadan berilýär: adaty we ýörite. Adaty täjirçilik şertlerinde karzlaşdyrmak üçin niýetlenen, ýagny bazar göterimi boýunça we gysga möhletleýin, köplenç, 1–25 ýyla berilýär. Ýörite gazna uzak möhletli – 25–40 ýyla, ýeňillikli göterim (1–3%) esasynda karzlaşdyrmak üçin niýetlenendir. Adaty gaznadan karzlar üçin ýeňillikli möhlet 3–5 ýyla deň, ýörite gaznadan bolsa, kada boýunça 10 ýyl. Bankyň serişdeleri agza ýurtlaryň gatançlarynyň, halkara bazarda alnan obligasiýalaryň we karzdan gelen girdejileriň hasabyna emele gelýär. Aziýa ösüş bankynyň ady belli taslamalaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- Trans-owgan nebit geçirijisi;
- Indoneziýadaky ýer titremeden we suwasty ýer titremeleri netijesinde ýüze çykan ägirt tolkunlardan gyssagly kömek taslamasy;
- Mekong derýasyny ulanmagyň sebit maksatnamasy;
- Filippinide garyplyga garşy göreşmek üçin hususy bölek bilen strategik hyzmatdaşlyk;
- Eýrandan Türkmenistanyň üsti bilen Gazagystana çekilen «Demirgazyk–Günorta» demir ýol geçelgesi.

*Yslam ösüş banky* (Islamic Development Bank, IsDB) – Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde ýerleşýän halkara maliýe guramasy. Ol 1973-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Yslam Konferensiýa guramasynyň agza ýurtlarynyň maliýe ministrleriniň birinji maslahatynda döredildi. Bank öz işine 1975-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda başlady. Bankyň maýasy guramaçy ýurtlaryň gatanjynyň hasabyna döredildi, olaryň esasy bolup Saud Arabystany, Sudan, Kuweýt, Liwiýa, Türkiýe, BAE, Eýran, Müsür, Indoneziýa, Pakistan döwletleri durýar. Yslam ösüş banky BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy derejesine eýedir. Häzirki wagtda Yslam ösüş bank topary döredilip, ol öz düzümine şu aşakdaky guramalary alýar:

- hususy bölegi ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy;

- maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasy;
- yslam ylmy-barlag we okuw institutlary;
- Halkara Yslam söwda-maliýe korporasiýasy.

Yslam ösüş bank toparlarynyň wezipeleri agza ýurtlaryň durmuş we ykdysady ösüş taslamalaryny maliýeleşdirmek arkaly gatnaşmak bolup durýar. Bank öz işini şerigatyň kanunlaryna we ýörelgelerine esaslanyp amala aşyrýar. Resmi dili arap, emma iňlis we fransuz dilleri hem iş dili hökmünde ulanylýar. Häzirki wagtda 56 sany döwlet bankyň agzasy bolup durýar. Yslam ösüş bank toparlaryna agza bolmagyň esasy talaplaryna Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna gatnaşmak, bankyň maýasyna agzalyk gatanjy tölemek we bankyň Direktorlar Geňeşiniň kabul eden düzgün-tertiplerini berjaý etmek degişlidir. Bankyň esasy iş ugurlaryna agza ýurtlaryň garyplyk derejesini azaltmaga ýardam bermek, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, kiçi we orta telekeçiligi goldamak, zähmete ukyply ilat üçin bilim we ylmy maksatnamalary guramak we adatdan daşary ýagdaýlarda agza ýurtlara kömek bermek degişlidir. Yslam ösüş banky Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Bütindünýä banky ýaly halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Türkmenistan yslam ösüş banky bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. Yslam ösüş banky Türkmenistan-Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň biziň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin ABŞ-nyň 700 million dollary möçberinde karz berdi.

*Afrikanyň ösüş banky* (African Development Bank, AfDB) Afrika birligi guramasynyň teklibi boýunça 1964-nji ýylda döredildi. Bankyň esasy maksady Afrika ýurtlarynyň ykdysady ösüşine we senagatlaşmagyna ýardam bermek. Baş edarasy Abidjan (Kotд’Iwuar) şäherinde ýerleşýär. Afrikanyň ösüş banky Afrikanyň 53 sany we 24 sany Afrika yklymyna degişli bolmadyk ýurtlardan (ABŞ, Kanada, Argentina, Braziliýa, Ýaponiýa, Hytaý, Hindistan, Günorta Koreýa, Kuweýt, Saud Arabystany, Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy döwletleri) durýan maliýe gurama bolup, onuň esasy we-

zipesi karzlaryň üsti bilen Afrikanyň ykdysady we durmuşy ösüşini höweslendirmekdir. Esasy paýdarlary – Nigeriýa, Alžir, Liwiýa, Marokko, GAR, Müsür we Zair. Bankyň hususy maýasy ABŞ-nyň 33 mlrd dollaryna deňdir.

Bankyň esasy iş ugurlary: sebitiň agza ýurtlarynyň ykdysady we durmuşy ösüşine ýardam bermek; maýa goýum maksatnamalary we taslamalary maliýeleşdirmek; döwlet – hususy eýeçilik hyzmatdaşlygynyň gurallaryny ösdürmek; gatnaşyjy ýurtlara bank kepilliklerini bermek; agza ýurtlaryň ösüş taslamalaryny taýýarlamaga tehniki kömek bermek. Bankyň maliýeleşdirýän esasy ugruna oba hojalyk we infrastruktura degişlidir. Sebite degişli bolmadyk agza ýurtlar Bankyň karzlary arkaly gurulýan obýektlere harytlary we hyzmatlary üpjün etmek söwdasyna gatnaşmakda artykmaç hukuklylyga eýedir.

*Amerikanara ösüş banky* (Inter-American Development Bank, IADB) 1959-njy ýylda Amerika ýurtlarynyň guramasynyň başlangyjy boýunça, Latyn Amerika we Karib sebitiniň ýurtlaryna maliýe goldawyny bermek we durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmek maksady bilen döredildi. Soňra Amerikanara ösüş bankynyň işi bilen baglanyşykly Amerikanara maýa goýum korporasiýasy we köpugurly maýa goýum Gaznasy döredildi. Şu üç gurama Amerikanara ösüş bank toparyny emele getirýär. Baş edarasy Waşington şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda 48 döwlet bankyň dürli derejeli paýdarydyr, şolaryň 26-synyň karz almaga hukugy bar, 22-siniň bolsa hukugy ýok. Bank sebiti ösdürmegiň iri halkara çeşmesi bolup çykyş edýär. Beýleki maliýe institutlardan tapawutlandyrýan alamatyna karz berýän ýurtlaryň Amerikanara ösüş bankynyň esasy paýdarlary bolmagy degişlidir. Olaryň bilelikdäki paýy 50%-den geçýär, şol bir wagtda ABŞ-nyň paýy 30%-e deňdir.

Bankyň esasy iş ugurlary: agza ýurtlaryň ykdysady we durmuş ösüşini çaltlaşdyrmaga ýardam bermek; gatnaşyjy ýurtlaryň ykdysady ösüşini üpjün etmek maksatlary bilen döwlet we hususy maýa goýumlarynyň akymyny höweslendirmek; hyzmat edilýän sebitiň çäginde ýokary ykdysady we durmuş ähmiýetli taslamalary maliýeleşdirmek; sebitiň ýurtlarynyň serişdeleri rejeli ulanyşyna gözegçilik etmek; agza ýurtlaryň ösüş taslamalaryny işläp taýýarla-

maga we maliýeleşdirmäge tehniki kömek bermek. Bankyň iki aýry görnüşli serişdeleri bar: adaty gaznalar we ýörite amallar gaznasy. Adaty gaznalar anyk wagtyň döwründe harjy ödeýän taslamalary maliýeleşdirmek üçin niýetlenen. Şolar ýaly karzlar şol pul birliginde hem yzyna gaýdyp berilýär. Aýratyn dolandyrylýan ýörite amallar gaznasy serişdeleri tiz wagtda yzyna gaýdyp bermeýän taslamalary maliýeleşdirýär.

# VI TEMA

# HALKARA EKOLOGIÝA WE YNSANPERWER GURAMALAR

## 6.1. Halkara ekologiýa guramalarynyň wezipesi we ähmiýeti

Daşky gurşawy goramak häzirki döwriň iň wajyp meseleleriniň biridir. Daşky gurşawyň ýokary derejede hapalanmagy we onuň öňüni almak boýunça işjeň çäreleri geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Hut şol ýagdaý köp sanly halkara guramalaryň ekologiýa meselelerini çözmäge gatnaşmagyny kesgitledi. Olaryň sany, esasan, tebigaty goramak meselelerine ýörite ugur alýan guramalaryň hasabyna yzygiderli artýar. Olaryň käbiri ýörite daşky gurşawy goramak üçin döredilen, beýlekileri bolsa – esasy wezipeleri bilen bir hatarda daşky gurşawy goramagyň aýry wezipelerini ýerine ýetirýär. Ekologiýa we daşky gurşawy goramak bilen meşgullanýan guramalaryň birnäçe topary bar. Birinjiden, bu BMG-niň guramalar ulgamlary, ikinjiden, bu dürli hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalar, üçünjiden, bu daşky gurşawyň ýagdaýyna monitoring we gözegçilik ulgamlary, şeýle hem şu meseleleri öwrenmek bilen meşgullanýan dürli ylmy we okuw institutlary. Onuň üstesine-de, häzirki döwürde ekologiýa meseleleri dünýäniň ähli abraýly guramalarynyň hereket maksatnamalaryna girizilendir.

Tebigat döwlet araçägini bilmeýär, ol ählumumy we ýekedir. Şonuň üçin bir ýurtda ekoulgamyň bozulmagy hökmany suratda ýanaşyk döwletlere täsirini ýetirýär. Biosferanyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy netijesinde halkara gatnaşyklarda ekologik ýagdaýyň ýokary derejede ileri tutulmagy elmydama artýar. Ähli ekologik howplar (parnik netijesi, ozon gatlagynyň bozulmagy, topragyň ýaramazlaşmagy, radiasion howplulyk, energetiki we beýleki tebigy serişdeleriň azalmagy we ş.m.) häzirki zamanyň ekologik talaby bolup durýar hem-de ýurtlaryň özara baglanyşygynyň täze görnüşlerini we düzgünlerini kesgitleýär. Tebigaty peýdalanmak we daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyň maksady tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we gorap saklamak işinde döwletleriň gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekdir.

Halkara tebigaty goraýyş guramalary – bu daşky gurşaw we durnukly ösüş meseleleri bilen meşgullanýan, şeýle hem başga ugurly halkara guramalaryň çäginde ýöriteleşdirilen tebigaty goraýyş maksatnamalary amala aşyrýan halkara guramalaryň jemidir. Häzirki wagtda dünýäde tebigaty goraýyş we ekologiýa meseleleri bilen meşgullanýan 500-den gowrak halkara guramalar bar. Olaryň ählisi geografik gurşawy (ählumumy, sebit, sebitara), öz içine alýan meseleleri (birnäçe ýa-da bir), wekilçilik ýagdaýy we degişlilikde halkara-hukuk derejesi (hökümetara, hökümete degişli bolmadyk) boýunça tapawutlanýarlar. Özüne alýan ekologik meseleleriň mazmuny boýunça ähli halkara guramalaryny üç topara bölmek bolar: tebigaty goraýyş ugurly guramalar (BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Bütindünýä tebigaty goramak bileleşigi), toplumlaýyn tebigaty goraýyş görnüşli (Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Bütindünýä meteorologiýa guramasy), ýörite tebigaty goraýyş görnüşli (uçup göçýän guşlary, balyklaryň gorlaryny, halkara derýalary we ş.m. goraýan).

«Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 65-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistan tebigaty goramak babatda halkara hyzmatdaşlygyny tebigaty goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak meseleleri boýunça halkara şertnamalaryny

we ylalaşyklaryny baglaşmak, halkara ekologik guramalaryň we gaznalaryň işine gatnaşmak arkaly amala aşyrýar. Türkmenistanyň tebigaty goramak baradaky syýasaty ählumumy ykdysady howpsuzlygy üpjün etmegiň we häzirki we geljekki nesilleriň bähbitleri üçin halkara tebigaty goraýyş hyzmatdaşlygy ösdürmegiň zerurlygyndan ugur alyp, şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

- her bir adamyň amatly daşky gurşawa bolan hukugyny üpjün etmek, adamyň ýaşaýşynyň we saglygynyň goralyp saklanylmagynyň ileri tutulmagyny, adamyň ýaşamagy we işlemegi üçin amatly şertleri, daşky gurşawy gorap saklamagy we dikeltmegi üpjün etmek;
- durnukly ösüşi we amatly daşky gurşawy üpjün etmek maksady bilen jemgyýetiň ekologik, ykdysady we durmuş bähbitlerini utgaşdyrmak;
- tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak meselelerini ylmy esasda çözmek;
- ekologik howpsuzlygy üpjün etmek we bozulan tebigy ekologik ulgamlary diketmek;
- biologik dürlüligiň we daşky gurşawyň aýratyn ekologik, ylmy we medeni ähmiýete eýe bolan obýektleriniň goralyp saklanylmagyny üpjün etmek;
- amatly daşky gurşawy we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, tebigy serişdeleri goramak, gaýtadan dikeltmek we rejeli peýdalanmak;
- tebigy serişdeleri peýdalanmagyň tölegliligi we daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;
- tebigatdan peýdalanmagyň we tebigaty goramagyň wezipeleriniň bölünmegi, tebigaty goramak babatdaky gözegçiligiň garaşsyzlygy;
- hojalyk we beýleki işi amala aşyrmak hakynda kararlar kabul edilende daşky gurşawa ýetirilip bilinjek täsire baha bermegiň hökmanylygy;
- hojalyk we beýleki işi esaslandyrýan taslamalaryň we beýleki resminamalaryň döwlet ekologik seljermesinden geçirilmeginiň hökmanylygy;

- raýatlaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň tebigaty goramak babatdaky işe gatnaşmagy;
- tebigaty goraýyş wezipelerini çözmekde açyklygy, habar bermek we raýatlaryň tebigaty goramak hem-de tebigatdan rejeli peýdalanmak babatynda ygtybarly maglumatlary almak hukugyny üpjün etmek;
- döwlet edaralarynyň kararlaryna şikaýat etmegiň administratiw we kazyýet tertibini kepillendirmek;
- ekologik bilimiň ulgamyny guramak we ösdürmek, ekologik aňy terbiýelemek hem-de ekologik medeniýeti kemala getirmek;
- tebigaty goramak babatda halkara hyzmatdaşlygy.

Türkmenistan daşky tebigy gurşawyň meseleleri boýunça ylmy-tehniki maglumatlary we öňdebaryjy tebigaty goraýyş tehnologiýalary erkin we päsgelçiliksiz alyşmagy üpjün edýär. Daşky tebigy gurşawyň meseleleri bilen baglanyşykly ähli jedelleri diňe parahatçylykly serişdeler arkaly çözmeklige çagyrýar. Şeýlelikde, Türkmenistan daşky tebigy gurşawy goramak çygrynda halkara hukuk kadalarynyň ähmiýetini ykrar edýär.

## 6.2. Halkara ekologiýa guramalary

Birleşen Milletler Guramasy daşky gurşawy goramak meselelerini çözmeklige uly goşant goşýar. Tebigaty goramak we peýdalanmak boýunça halkara guramalar dünýäniň ähli ýurtlarynda diýen ýaly hereket edýär, ýolbaşçylyk edýän edaralar bolsa, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynda jemlenen. BMG-niň Baş Assambleýasy tebigaty goramaga degişli wajyp meselelere garaýar, guramanyň umumy syýasatyny we esasy iş ugurlaryny kesgitleýär, rezolýusiýalary we beýannamalary kabul edýär, halkara maslahatlary geçirýär. BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň Tertipnamasyna laýyklykda, halkara ekologik hyzmatdaşlykda aýratyn orny tutýar. BMG daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri peýdalanmak boýunça köptaraply işlerini

Ykdysady we Durmuş geňeşiniň üsti bilen amala aşyrýar. Onuň ähli esasy edaralary we ýöriteleşdirilen guramalary tebigaty goraýyş işlerine gatnaşýar. BMG-niň daşky gurşawy goramak meselelerine ýöriteleşdirilen edaralary:

- *BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy* (United Nations Environment Programme, UNEP) 1972-nji ýylda döredilen we BMG-niň esasy kömekçi edarasy. UNEP-iň esasy maksady häzirki we geljekki nesilleriň abadançylygy üçin daşky gurşawy goramaga we gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri guramak we amala aşyrmakdyr. UNEP-iň esasy wezipesi daşky tebigy gurşawyň hapalanmagyna we ýaramazlaşmagyna, ýerleriň çölleşmegine, topragyň hasyllylygynyň ýitirilmegine, suwuň hiliniň erbetleşmegine garşy göreşmekde ýurtlaryň tagallalaryny sazlamak. UNEP Ykdysady we Durmuş geňeşiniň üsti bilen her ýyl BMG-niň Baş Assambleýasyna öz işi barada maglumat berýär.
- *BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet baradaky guramasy,* ÝUNESKO (United Nalions Education, Scientific and Cultural Organization, UNECKO) – parahatçylyga we halkara howpsuzlyga, döwletleriň arasynda bilim, ylym we medeniýet boýunça hyzmatdaşlyga ýardam bermek maksady bilen, 1946-njy ýylda döredilen gurama. Gurama durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň ösüşi we adam bilen daşky gurşawyň özara gatnaşygy boýunça ylmy-derňew işlerini ýerine ýetirýär. ÝUNESKO-nyň has belli alyp gelýän işleriniň hataryna, 1970-nji ýylda kabul edilen «Adam we biosfera» ylmy maksatnamasy degişlidir.
- *BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy* (Food and Agriculture Organization, FAO) oba sebitlerini we oba hojalyk önümçiligini ösdürmek meseleleri bilen meşgullanýan esasy gurama hökmünde 1945-nji ýylda döredildi. Dünýäniň garyplyk we açlyk meselelerini azaltmak üçin, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy oba hojalygyny ösdürmäge, iýmiti gowulandyrmaga we azyk howpsuzlygyny çözmäge gönükdirilen işlere ýardam berýär. Ösýän ýurtlaryň oba, tokaý we balyk hojalyklaryny kämilleşdirmäge we gowulandyrmaga kömek

edýär. Azyk we oba hojalyk guramasynyň ýöriteleşdirilen maksatnamalary azyk meseleleri boýunça döräp biljek ýagdaýlara ýurtlaryň taýýarlyk görmegine ýardam edýär, zerurlyk ýüze çykanda bolsa, kömek bermegi göz öňünde tutýar.

- *Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy* (World Health Organization, WHO) 1948-nji ýylda döredilen BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Baş maksady ilatyň saglygy barada alada etmek, ol bolsa gös-göni daşky gurşawy goramak bilen baglanyşyklydyr. Guramanyň esasy wezipesi dünýä ilatynyň saglygyny goramak we saglygy goramagyň halkara meselelerini çözmek bolup durýar. Gurama saglygy goramaklyga gönükdirilen ylmy-barlag işleriniň gün tertibini düzýär, kadalary we ülňüleri kesgitleýär, anyk maglumatlara esaslanýan syýasaty işläp taýýarlaýar, ýurtlara tehniki goldaw berýär, şeýle hem saglygy goraýyş işleriniň ýagdaýlaryny barlaýar we onuň özgerişine baha berýär.
- *Bütindünýä meteorologiýa guramasy* (World Meteorological Organization, WMO) BMG-niň ýöriteleşdirilen halkara hökümetara edarasy hökmünde 1947-nji ýylda Halkara meteorologiýa guramasynyň esasynda döredildi. Guramanyň wezipeleri: meteorologiýa we gidrologiýa gullugyny we gözegçiligini üpjün edýän beketler we merkezler toruny döretmek arkaly halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak; meteorologiýa we beýleki zerur maglumatlary işjeň alyşmaga ýardam edýän hyzmatlar ulgamyny döretmegi üpjün etmek; meteorologiýa gözegçiliginiň standartlaşdyrylmagyny üpjün etmek; gözegçilik we statistik görkezijileriň neşirini bir nusga getirmek; uçarçylykda, deňiz gatnawynda, oba hojalygynda we beýleki işlerde peýdalanylýan meteorologiýa hyzmatyny kämilleşdirmek; işjeň gidrologiýa çärelerini üpjün etmek hem-de meteorologiýa we gidrologiýa gulluklarynyň arasyndaky ýakyn hyzmatdaşlygy berkitmek; meteorologiýa boýunça barlag we okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmek.
- *Halkara zähmet guramasy* (International Labour Organization, ILO) zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak meseleleri bilen

meşgullanýan BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy hökmünde 1919-njy ýylda döredildi. Halkara zähmet guramasynyň esasy maksatlary durmuş-ykdysady ösüşe, ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga we zähmet şertlerini gowulandyrmaga, adam hukugyny goramaga ýardam bermekdir. Şu maksatlardan ugur almak bilen, Halkara zähmet guramasynyň esasy wezipeleriniň biri–zähmet şertlerini we önümçilik gurşawyny, tehniki howpsuzlygyny we zähmet gigiýenasyny, daşky gurşawy goramagy we dikeltmegi gowulandyrmak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak.

- *Halkara energetika agentligi* (International Energy Agency, IEA) 1974-nji ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň çäginde özbaşdak halkara edara hökmünde döredildi.Halkara energetika agentligniiň esasy maksady bilelikdäki energetiki howpsuzlyk ulgamyny döretmek. Agentligiň esasy maksatlary we wezipeleri Halkara energetiki maksatnamada, uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň Maksatnamasynda, şeýle hem «Umumy maksatlar» resminamasynda kesgitlenen. Agentligiň ygtyýarlylygyna energiýanyň alternatiw çeşmelerini işläp taýýarlamaga we ony ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýän ýol bilen dünýä energetikasynyň isleg we teklip düzümini kämilleşdirmek; ekologik we energetiki syýasatlary utgaşdyrmaga ýardam bermek degişlidir.
- *Halkara deňiz guramasy* (International Maritime Organization, IMO) – halkara söwda gämi gatnawy bilen bagly hyzmatdaşlyga we tehniki meseleler boýunça maglumat alyşmaga gulluk edýän BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy. 1948-nji ýylda döredilen bu Guramanyň esasy iş ugry deňizde howpsuzlygy üpjün etmek boýunça kadalary kabul etmek we gämileriň daşky gurşawy, ilkinji nobatda, deňiz gurşawyny hapalamagyň öňüni almak. Gurama deňizde howpsuzlyk we deňizleriň bioserişdelerini goramak meselesine dünýä jemgyýetiniň ünsüni çekmek maksady bilen, 1978-nji ýyldan başlap, her ýyl bellenilip geçilýän Bütindünýä deňiz gününi döretdi.

10. Sargyt № 2070

Häzirki wagtda öz iş ugruna tebigaty goraýyş çärelerini alýan, şeýle hem ekologik meselelere gyzyklanma bildirýän hökümete degişli bolmadyk ýüzlerçe halkara guramalar hereket edýär.

*Bütindünýä tebigaty goramak bileleşigi* (International Union for Conservation of Nature, IUCN) ÝUNESKO-nyň başlangyjy boýunça 1948-nji ýylda döredilen hökümetara ylmy-maslahat guramasy. Bileleşigiň baş edarasy Şweýsariýanyň Glande şäherinde ýerleşýär. Bu halkara bileleşik Ýer togalagyndaky biodürlüligi goramak meselelerini düşündirmek, bu tema degişli täzelikleri bermek, dürli ýurtlarda degişli maslahatlary guramak we dünýäniň ähli sebitlerinde aýratyn goraga mätäçlik çekýän görnüşleriň sanawyny düzmek bilen meşgullanýar. Bileleşik BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy we ÝUNESKO-da maslahatçy hukugyna eýedir. Bileleşigiň esasy wezipesi janly tebigatyň dürlüligini saklamagy we jemgyýetiň tebigy baýlyklary durnukly we paýhasly esasda ulanmagyny goldaýan dünýäniň tebigaty goraýyş hereketlerine ýolbaşçylygy amala aşyrmak hem-de ýardam bermekdir. Bileleşik tebigaty goramagyň umumy ýörelgelerini we strategiýasyny işläp taýýarlaýar, bu meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygyň we döwletleriň milli syýasatynyň ugurlaryny kesgitleýär. Ýörite iş toparlarynyň we milli komitetleriň kömegi bilen Ýer togalagynyň biologik dürlüligini gorap saklamagyň anyk maksatnamalaryny taýýarlaýar, ýitmek howpy abanýan ösümlikleriň we haýwanlaryň bütindünýä sanawyny görkezýän Gyzyl kitaby neşir edýär. Bileleşigiň Gyzyl kitaby 1963-nji ýyldan bäri ýöredilýär we ol hemişe täzelenip durýar. Bütindünýä tebigaty goramak bileleşigi köp sanly halkara tebigaty goraýyş ylalaşyklary we resminamalary taýýarlamaklyga we kabul etmeklige gatnaşýar. Bu bileleşigiň işi ýitmek howpy abanýan ýabany haýwanat we ösümlik görnüşleriniň Halkara söwdasy baradaky Waşington hem-de BMG-niň Biodürlülik hakyndaky halkara konwensiýalarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär. Häzirki günde bileleşik biodürlülik bilimi boýunça özüniň öňdebaryjy ornuny berkitmäge çalyşýar we ekologik syýasaty has netijeli işläp taýýarlamak, kesgitlemek we ösdürmek maksady bilen, BMG-niň Daşky gurşaw bovunca maksatnamasy, Azyk we oba ho-

jalyk guramasy, Bütindünýä tebigat gaznasy hem-de beýlekiler bilen möhüm hyzmatdaşlygy giňeldýär we berkidýär.

Bileleşik 82 döwleti (şol sanda Türkmenistan döwletiniň adyndan Tebigaty goramak jemgyýeti), 111 hökümet edaralaryny, 800-den gowrak hökümete degişli bolmadyk guramalary hem-de dünýäniň 181 döwletinden 10 müňe golaý alymlary we bilermenleri özüne birleşdirýär. Bileleşigiň düzümine onuň agzalaryndan, guramalaryndan başga hem 6 sany, ýagny: görnüşleri saklamak; goralýan tebigy ýerler; ekologik hukuk; ekologik, ykdysady we durmuş syýasaty; bilim we kommunikasiýa; ekoulgamlary dolandyrmak boýunça hemişelik ylmy iş toparlary girýär. Bileleşigiň hemişelik ylmy iş toparlary dürli taslamalar boýunça anyk işleri alyp barýarlar. Bileleşigiň işiniň netijeleri her aýdaky we yzygiderli goýberilýän neşirlerde, ylmy-tehniki maslahatyň ýygyndylarynda, Gyzyl kitapda çap edilýär.

Bileleşigiň ýokary guramasy Baş Assambleýadyr. Bütindünýä ekologik syýasaty ösdürip durmak we maksatnamalaryň hereketine baha bermek maksady bilen, her üç-dört ýyldan Assambleýanyň mejlisleri geçirilýär. Tebigaty goramak meselesinde bileleşigiň has uly abraýa eýe bolmagynda 60 ýurtdan müňden gowrak wekilleriň gatnaşmagynda Aşgabatda geçirilen Baş Assambleýanyň ähmiýeti uludyr. 1978-nji ýylyň 25-nji sentýabr – 5-nji oktýabr aralygynda Aşgabat şäherinde geçirilen bileleşigiň 14-nji Baş Assambleýasynda Bütindünýä tebigaty goramak strategiýasynyň taslamasy düzüldi. Bu strategiýa 1979-njy ýyldan başlap bileleşigiň maksatnamalaýyn resminamasy bolup, ol bedenleriň genetiki dürlüligini goramak, jemgyýete tebigy baýlyklary üznüksiz ulanmak mümkinçiligini döretmek, ekologik deňagramlylygy saklamak işine gönükdirilendir. Şeýle hem Aşgabat şäherinde geçirilen Assambleýada adamlaryň tebigata garaýşynyň esasy borçlaryny yglan edýän tebigaty goramagyň Hartiýasy kabul edildi. Aşgabat Assambleýasynda Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti bileleşigiň resmi taýdan agzasy boldy.

*Ýabany tebigatyň Bütindünýä gaznasy* – häzirki wagtda resmi ady Bütindünýä tebigat gaznasy (World Wide Fund for Nature, WWF)

1961-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Bütindünýä tebigaty goramak bileleşiginiň baş edarasynyň ýerleşýän ýeri bolan Şweýsariýanyň Morge şäherinde döredildi. Bütindünýä tebigat gaznasy dünýäde hökümete degişli bolmadyk iri tebigaty goraýyş halkara guramasy bolup, onuň esasy tagallasy dünýäniň ähli künjegindäki iň wajyp tebigaty goraýyş meselelerini çözmeklige gönükdirilendir. Bütindünýä tebigat gaznasy bu ugurda düýpli barlaglary amala aşyrýar, pul kömegini berýär hem-de aň-bilim we magaryf işi bilen meşgullanýar. Gazna 28 milli guramalary we 5 milliona golaý şahsy agzalary öz işine alýar. Şu günki gün Bütindünýä tebigat gaznasy aýry biologik görnüşleri, topragy, landşaftlary, suwy we howany goramak bilen meşgullanýar. Döredilen wagtyndan bäri Bütindünýä tebigat gaznasy dünýäniň 130 ýurdunda 11 müňe golaý taslamalary amala aşyrmak üçin serişde gönükdirdi. Gaznanyň maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan serişdeler şahsy adamlardan haýyr-sahawat görnüşinde, dürli ýurtlaryň hökümetlerinden, halkara guramalardan we kompaniýalardan gelip gowuşýar.

1962-nji ýylda Gazna ähli ýurtlary «Ýabany haýwanlary goramak baradaky Bütindünýä hartiýasyna» gol çekmäge çagyryp ýüzlendi. Onuň ýedi maddasy, häzirki zaman dünýä şertlerinde haýwanlaryň örän howply ýagdaýlaryny nazara alyp, şu aşakdakylary hödürledi:

1. Geljekde ýabany haýwanlary gyrmagyň öňüni almak;
2. Ýabany haýwanlary goramak we köpeltmek üçin zerur çäkleri bölüp bermek;
3. Ähli ýabany haýwanlary bilkastlaýyn ýa-da tötänden bolan zalymlyk hereketlerinden goramak;
4. Çagalarda tebigata bolan söýgini ösdürmeklige ýardam etmek, oňa düşünmegi öwretmek;
5. Tebigat bilen baglanyşykly işleýänlere tebigaty goramakda uly jogapkärçiligiň düşýändigini düşündirmek;
6. Ýabany haýwanlary goramagyň gaýragoýulmasyz meselesi dogrusynda beýleki halklara ýardam etmek;
7. Dünýäniň ähli ýurtlarynyň ýabany haýwanlaryny halas etmekde tagallalary birleşdirmek.

*Global ekologik gazna* (Global Environment Facility, GEF) ählumumy ekologik meseleleri çözmekde wajyp orun tutýan garaşsyz halkara maliýe guramadyr. Baş edarasy Waşington şäherinde ýerleşýär. 1991-nji ýylda hereket edip başlan bu gazna, esasan, ösýän ýurtlara ählumumy häsiýetli ekologik meseleleri çözmeklige ýardam berýär. Global ekologik gaznanyň işine üç halkara düzümler: BMG-niň Ösüş Maksatnamasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy we Bütindünýä banky gatnaşýar. Gazna ilkinji nobatda klimatyň global ýylamagy, halkara suwlaryň hapalanmagy, biodürlüligiň azalmagy we çölleşmä garşy göreşmek ýaly meseleleri maliýeleşdirýär. Ondan başga-da, Monreal beýanyny ýerine ýetirmegiň çäginde Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa ýurtlaryna ozon gatlagyny bozýan maddalary dolanyşykdan aýyrmaga mümkinçilik berýän taslamalary maliýeleşdirýär. Global ekologik gazna hereket edip başlan wagtyndan bäri ABŞ-nyň 7,5 mlrd dollaryndan gowrak grantlary goýberdi, şeýle hem bilelikdäki işleri amala aşyrmak üçin goşmaça 16 mlrd gowrak dollary gönükdirdi. Bu serişdeler 140 döwletde 1900 taslamalary işläp taýýarlamaga mümkinçilik berdi. Dolandyryjy edarasy Assambleýa. Onuň işine gaznanyň agzalary bolan 182 döwletiň wekilleri gatnaşýar.

Araly halas etmegiň Halkara gaznasy Aral deňziniň sebitlerinde durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmaga gönükdirilen bilelikdäki maksatnamalary we taslamalary işläp düzmek we maliýeleşdirmek maksady bilen, 1993-nji ýylda döredildi. Gaznanyň tagallalary bilen Merkezi Aziýa sebitinde özara düşünişmek hereketleri, suw hojalyk we ekologiýa häsiýetli wezipeler çözülýär, döwletleriň hyzmatdaşlygy ösdürilýär. Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň düzüminde Aral deňziniň basseýniniň meseleleri boýunça Döwletara Geňeşiň karary bilen 1994-nji ýylda Durnukly ösüş boýunça döwletara topar döredildi. Bu toparyň esasy iş ugry Merkezi Aziýa döwletlerinde daşky gurşawy goramak we durnukly ösüş boýunça sebitara hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak we dolandyrmak bolup durýar. 2008-nji ýylda Araly halas etmegiň Halkara gaznasyna BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy derejesiniň berilmegi halkara guramalar, maliýe goldawyny berýän

ýurtlar, ekologiýa gaznalary bilen hyzmatdaşlygy has işjeňleşdirmäge oňyn täsirini ýetirdi. 2018-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly rezolýusiýa Aral sebitiniň ekologik we durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam berer.

*Dikeldip bolýan energiýa çeşmeleri boýunça Halkara agentligi* (International Renewable Energy Agency, IRENA) dikeldip bolýan energiýa çeşmeleriň ähli görnüşlerini ulanmaklygy goldaýan gurama hökmünde 2009-njy ýylda döredildi. IRENA dikeldip bolýan energiýa çeşmeler barada ähli zerur maglumatlary, şol sanda tehniki görkezijileri almaga ýardam edýär. IRENA bütin dünýä boýunça dikeldip bolýan energiýany ulanmagyň depginini güýçlendirmäge we bu ugurda bilimi we tehnologiýany ýaýratmaga ýardam edýär.

*Ekologik ykdysadyýetiň halkara jemgyýeti* (International Society for Ecological Economics, ISEE) – dünýäniň durnukly ösüş maksadyna gönükdirilen, ekologik ykdysadyýeti dersara ylma girizmek wezipesini ýerine ýetirýän ykdysatçylaryň halkara bileleşigi. Ekologik ykdysadyýetiň maksady ykdysady netijeliligi we ekologik talaplara laýyk gelýän ykdysady ösüşi, ýagny «tygşytly jemgyýeti» gazanmaga esaslanýan ýaşaýşyň iň oňat ýoluny gözlemek. Bileleşigiň esasy iş ugry halkara maslahatlary, ylmy taslamalary hem-de ekologik ykdysadyýet we durnukly ösüş konsepsiýalary ösdürmek üçin jemgyýetçilik we hökümet guramalary bilen özara gatnaşyklary guramak.

*Grinpis* (Greenpeace, Ýaşyl dünýä) – bu iň belli garaşsyz halkara jemgyýetçilik guramasydyr. Grinpis ýadro synaglarynyň, gurşawyň senagat galyndylary bilen hapalanmagynyň, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek görnüşleriniň ýok edilmeginiň, agaçlaryň çapylmagynyň we şuňa meňzeşleriň garşysyna göreşýär. Grinpis guramasy 1971-nji ýylda Kanadada döredildi. Şol wagt adamlaryň uly bolmadyk topary kärendesine alnan gämi bilen Kanadanyň Wankuwer şäherinden ABŞ-nyň Alýaska ştatynyň Amçitka adasynda geçirilýän ýadro synagyna närazylyk hökmünde ýöriş etdiler. Bu toparyň närazylykly çykyşyndan soň, ABŞ şol çäkde ýadro synagyny geçirmekligi bes etdi. Grinpis öz guramasy üçin ekologiýa meselesi barasyndaky

tagallalary aňladýan we ýadro howpundan azat dünýäni görmek arzuwyny şöhlelendirýän ady saýlap aldy. Şeýlelik bilen, dünýäni üýtgetmäge ukyply Grinpis döredi. Grinpis Ýer togalagynyň hapalanmagy we zeper ýetirilmegi bilen ylalaşmaýan bütin dünýäniň köp sanly adamlary üçin meşhur gurama öwrüldi.

Grinpisiň esasy ýörelgesi parahatly çykyşlaryň hem-de hereketleriň esasynda daşky gurşawy goramak we saklamak bolup durýar. Ýokary derejeli ylmy derňewler, syýasy we hökümet gatnaşyklaryna garaşsyzlygy Grinpisi BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar etmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa Grinpise daşky gurşaw meselesi boýunça BMG-niň ähli maslahatlaryna gatnaşmaga hukuk berýär. Häzirki wagtda Grinpisiň 2500 işgärler düzümi we dünýä boýunça 14500 meýletin agzalary bar. Grinpisiň baş edarasy Niderlandiýanyň paýtagty Amsterdamda, sebit we milli bölümleri bolsa 47 ýurtda ýerleşýär. Guramanyň ýolbaşçylygynda hereket edýän sebit bölümleri belli bir derejede özbaşdak işleýärler. Esasy dolandyryjy guramasy ähli sebit bölümleriniň wekillerinden ybarat bolan Grinpisiň Geňeşidir. Geňeş guramanyň geljekki iş meýlini ara alyp maslahatlaşmak, her ýylky býujeti işläp taýýarlamak we dolandyryjylary saýlamak üçin ýylda bir gezek ýygnanyşýar. Dolandyryjylar öz gezeginde guramanyň gündelik işlerine jogap berýän başlygy saýlaýarlar we ýerine ýetiriji direktory belleýärler.

*Rim kluby* (Club of Rome) – bu biosferanyň ösüşiniň geljekki ýagdaýyny öwrenýän we adam bilen tebigatyň sazlaşykly gatnaşygynyň zerurlyk taglymatyny wagyz edýän hökümete degişli bolmadyk halkara guramadyr. Rim kluby 1968-nji ýylda meşhur italýan ykdysatçysy we telekeçisi Aurelio Peççeiň başlangyjy boýunça döredildi. Dünýäniň alymlaryny, ykdysatçylaryny, işewür adamlaryny, halkara guramalaryň baş hünärmenlerini özüne birleşdirýän Rim kluby adamzadyň wajyp syýasy, ykdysady, durmuş, ekologik, tehnologik we medeniýet meseleleri bilen meşgullanýar we olary dünýä meseleleriniň jemi bilen baglanyşykda seljerýär we çaklaýar. Rim klubuna agzalyk çäklendirilen (100 adam). Bu adamlar resmi hökümet wezipelerini eýelemeýär we haýsydyr bir ýurduň bähbidini göz öňünde tutmaýar. Klubuň işiniň esasy ugry giň topar, aýratyn

hem, durmuş-ykdysady meseleler boýunça uly möçberli ylmy-derňew işlerini guramakdyr. Rim klubunyň alymlary dünýä ulgamynyň serişdeler nusgasyny düzýärler we seljerýärler. Rim kluby «Ähumumy meseleler» diýlip atlandyrylan meseleleri ylmy taýdan öwrenmek boýunça işleriň başyny başlady. Öňde goýlan soraglara jogap bermek üçin şol döwrüň birnäçe meşhur alymlaryna «Adamzat kynçylyklary» diýlip umumy at berlen «Rim klubuna nutuklar» tapgyry sargyt edildi. Kompýuter modelleri boýunça dünýäniň ösüşiniň geljegini çaklamak arkaly alnan netijeler bütin dünýäde çap edildi we ara alnyp maslahatlaşyldy. Dünýäniň meselelerini çaklamagyň esasy özeni global modelirlemekdir. Onuň düýbüni tutujy Massaçuset tehnologik institutynyň professory, amerikan alymy Jeý Forresteriň dünýäniň ösüşini çaklamak boýunça ýerine ýetiren modelleri «Dünýä-1» we «Dünýä-2» diýlip atlandyrylypdyr. Massaçuset tehnologik institutynyň professory Dennis Medouzyň 1972-nji ýylda Rim klubunda ilkinji nutugy «Ösüşiň çägi» («Dünýä-3») diýen at bilen bellidir. J.Forressteriň usulyny ulanmak we hakykatda şol bir delilleri derňew etmek bilen, D.Medouz hem iş ýüzünde «Dünýäniň dinamikasynyň» awtorynyň netijeleri bilen meňzeş netijä gelýär. Ýagny XXI asyryň ortalarynda çig mal baýlyklary doly gutarar, eger-de ykdysadyýetiň we ilatyň ösüşi durnuklaşmasa, azyk ýetmezçiligi adamzady heläkçilige getirer diýip belleýär. 1973–1980-nji ýyllarda (Rim klubunyň işiniň we halkara abraýynyň pajarlap ösýän ýyllary) ýene-de birnäçe nutuklar taýýarlanyldy, şol sanda Ýan Tinbergeniň «Halkara ykdysady düzgüne täzeden seretmek» we Erwin Laslonyň «Ähumumy jemgyýet üçin maksatlar» atly nutuklary. 1978–1980-nji ýyllarda galyndylary gaýtadan işlemek, energiýany ulanmak, jemgyýeti guramak, bolçulyga we maddy üpjünçilige ýetmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. 1980-nji ýylda Jeýms Botkiniň ýolbaşçylygynda ýerine ýetirilen «Öwrenmegiň çägi ýok» nutugy wajyp orun tutdy. 1997-nji ýylda Ernst Waýszekker, Eýmori Lowins, L. Hanter Lowins tarapyndan taýýarlanan «Dört faktor. Harçlama – ýarysy, netije – iki esse» atly Rim klubunyň nobatdaky nutugy çykdy. Bütin dünýäde uly gyzyklanma döreden bu işde häzirki zaman jemgyýetiniň ýeten ösüş derejesiniň ykdysadyýete goşmaça

serişdeleri we energiýany çekmezden hojalygyň ähli pudaklarynda önümçiligi ösdürmäge mümkinçiliginiň bardygy görkezilýär. Häzirki wagtda Rim kluby dünýäde bolup geçýän düýpli özgerişlere, aýratyn hem, geosyýasatdaky öwrülişiklere ylmy barlaglary geçirmegi dowam edýär, şunuň bilen birlikde, Ýer togalagynyň ekologik ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy dowam edýär.

*Halkara durmuş-ekologiýa bileleşigi* (Social Ecological Union International, SEU) – 1968-nji ýylda döredilen, daşky gurşawyň hukugyna üns berýän, tebigaty goraýyş häsiýetli halkara-hukuk delilnamalary taýýarlamaga gatnaşýan gurama. Halkara durmuş-ekologiýa bileleşigi – jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky sazlaşygy gazanmaklyga, tebigy we medeni gurşawy gorap saklamaklyga we dikeltmeklige, tebigy we ruhy gymmatlyklaryň, ilatyň saglygynyň bozulmagyna getirýän meýilleriň we hereketleriň garşysyna gönükdirilen işler bilen meşgullanýan gurama. 1988-nji ýylyň 24-nji dekabrynda döredilen bu gurama 19 döwletden 10 müňden gowrak adam agzadyr. Bileleşigiň Geňeşi Moskwa şäherinde ýerleşýär. Bileleşigiň maksady dünýä tebigatyny we onda ýaşaýan janly bedenleri goramagyň hatyrasyna, ynsanyýetiň tebigy we medeni mirasyny, ilatyň fiziki we ruhy saglygyny gorap saklamak we dikeltmek, ekologik howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek üçin guramanyň agzalarynyň intellektual kuwwatyny, maddy we maliýe serişdelerini, guramaçylyk mümkinçiliklerini birleşdirmekdir. Bileleşigiň wezipeleri: 1) ekologik dünýägaraýşy emele getirmek, tebigy we medeni gurşawyň ýagdaýy baradaky bilimi, ýerli we ählumumy möçberli ekologik howplaryň öňüni almak boýunça işleriň tejribesini we ýörelgelerini wagyz etmek; 2) ekologik äşgärligi ösdürmek, ilaty tebigy gurşawyň we ilatyň saglygynyň ýagdaýy baradaky maglumatlar bilen üpjün etmek; 3) ekologik howpsuzlyga, ilatyň saglygyna, biologik köpdürlüligiň goralmagyna, jemgyýetiň durnukly ösüşi üçin şertlere howp salýan ýagdaýlaryň öňüni almak işlerine ýardam bermek; 4) tebigaty peýdalanmak, ekologik howpsuzlygy üpjün etmek, tebigy we medeni gymmatlyklary we obýektleri goramak, ilatyň hukugy we saglygy baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine jemgyýetçilik ekologik gö-

zegçiligi guramak; 5) hereket edýän tebigaty goraýyş kanunçylygyny kämilleşdirmeklige ýardam bermek, olary berjaý etmeýänlere garşy göreşmekde döwlet edaralaryna hemme taraplaýyn kömek bermek; 6) energiýa we serişde tygşytlaýjy, ekologik talaplara laýyk gelýän tehnikalary we tehnologiýalary hojalyk işleriniň ähli pudaklarynda ornaşdyrmaga ýardam bermek; 7) tebigy gurşawy we tebigy serişdeleri goramagy, dikeltmegi we rejeli peýdalanmagy üpjün etmäge ýardam bermek. Bileleşigiň ýokary dolandyryjy edarasy Bileleşigiň maslahaty bolup durýar. Maksatnamalary döretmek, daşky gurşawy goramak boýunça hereketleri geçirmek baradaky Maslahatyň kararlary Bileleşigiň agzalary we bölümleri üçin hödürleme häsiýete eýedir. Türkmenistan Halkara durmuş-ekologiýa bileleşiginiň agzasy bolmak bilen, guramanyň maksatlaryny we wezipelerini üstünlikli amala aşyrýar.

*Halkara ekologik arbitraž we ylalaşdyryjy kazyýeti ýa-da Halkara ekologiýa kazyýeti* (International Court of the Environment) – daşky gurşawy goramak we tebigaty peýdalanmak çygryndaky halkara dawalary çözmek maksady bilen, 1994-nji ýylyň noýabrynda Mehiko şäherinde döredilen hökümete degişli bolmadyk gurama. Kazylaryň ilkinji düzümine 24 döwletden 29 hukukçy ekologlar girizildi. Kazyýetiň dolandyryjy edaralarynyň hemişelik ýerleşýän ýeri Mehiko (Meksika) we San-Sebastian (Ispaniýa) şäherleri. Halkara ekologiýa kazyýeti döwletleriň, fiziki we ýuridik şahslaryň aralarynda döreýän ekologik dawalary ylalaşdyryjy we arbitraž düzgüni esasynda kadalaşdyrmaga ýardam berýär. Ol hyzmatlary üç görnüşde amala aşyrýar: 1) degişli taraplaryň haýyşy boýunça howply ýagdaýlara ekologik-hukuk seljerme geçirmek arkaly hukuk maslahatlaryny berýär; 2) dawalaşýan taraplary ylalaşdyrýar; 3) ikitaraplaýyn isleg boýunça talaba laýyk kazyýet arbitraž işini geçirmek arkaly karar çykarýar. Halkara ekologiýa kazyýeti ylalaşdyrmak, arbitraž, maslahat bermek wezipelerini ýerine ýetirýär. Bulara kazyýetiň ygtyýarlylygyna daşky gurşawyň serhetüsti hapalanmagy netijesinde ýetirilen zeleliň öwezini doldurmak boýunça dawalar; ekologik taýdan howply we zyýanly işleri ýüze çykarmak, baha bermek, goýbermezlik, ýok et-

mek, wagtlaýyn togtatmak bilen bagly dawalar; harby hereketler ýa-da harby işler netijesinde bozulan tebigy gurşawyň ekologik zeleliniň öwezini doldurmak bilen baglanyşykly jedeller; raýatlaryň ekologik hukugyny goramak boýunça dawalar degişlidir. Ondan başga-da, iki we birnäçe döwletleriň çäklerinde ýerleşip, bilelikde peýdalanylýan tebigy serişdeleri ulanmaklyga we goramaklyga degişli dawalara hem seredýär. Halkara ekologiýa kazyýete şahsy adamlar, jemgyýetçilik guramalary, döwlet edaralary, hökümetler ýüz tutup bilýär.

*Bellona (Bellona) – halkara ekologik birleşik.* Baş edarasy Norwegiýanyň Oslo şäherinde ýerleşýär. Ol öz işine hökümete degişli bolmadyk gurama hökmünde 1986-njy ýylyň 16-njy iýunynda başlady. Bellona 1980-nji ýyllaryň ahyrynda düýpli ekologik ýalňyşlyklara ýol beren birnäçe senagat kompaniýalarynyň garşysyna gurnan hereketleri bilen giň meşhurlygy gazandy. Ol ekologik seljerme geçirýän iri gurama bolup, onuň esasy maksady hapalanmak we dünýä ykdysady ösüşiniň ol ýa-da beýleki strategiýalarynyň oňaýsyz ekologik netijeleri esasynda adamyň saglygy üçin howplary döredýän daşky gurşawyň bozulmaklygyna garşy göreşmekdir. Bellona Arktikanyň daşky gurşaw meseleleri bilen hem meşgullanýar. Bellona halkara ekologik birleşiginiň esasy wezipeleriniň biri amatly daşky gurşawa bolan öz hukuklaryny goramaga gyzyklanýan jemgyýetiň arasynda önjeýli gatnaşyklary guramak bolup durýar. Guramanyň işi adamyň amatly daşky gurşawda ýaşamak we hakyky ekologik maglumaty almak hukugyna esaslanýar. Bu her bir adamyň esasy hukugy, bu hukuklar has gymmatly bolan adam saglygyna we durmuşyna galtaşýar.

Arktika geňeşi (Arctic Council) – Demirgazyk polýar zolagyň seýrek duş gelýän tebigatyny goramak üçin Finlýandiýanyň başlangyjy boýunça 1996-njy ýylda döredilen halkara forum. Geňeşiň düzümine 8 döwlet girýär: Daniýa, Islandiýa, Kanada, Norwegiýa, Russiýa, ABŞ, Finlýandiýa we Şwesiýa. Arktika geňeşini döretmegiň esasy maksady arktiki ýurtlaryň hyzmatdaşlygyny ösdürmek, sebitiň durnukly ösüşini üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, asly oturymly Demirgazyk halklaryň medeniýetini, däp-dessurlaryny we dillerini saklamak üçin olaryň işlerini sazlamakdyr. Arktika geňeşiniň 2011-nji

ýyla çenli hemişelik ýerleşýän Baş edarasy, müdiriýeti ýokdy. Arktika geňeşiniň 2011-nji ýylyň 12-nji maýynda geçirilen 7-nji ministrlik duşuşygynda Nuuksk deklarasiýasy kabul edildi. Onda Arktika geňeşiniň hemişelik hereket edýän müdiriýetini Norwegiýanyň Troms şäherinde ýerleşdirmegiň zerurdygy ykrar edildi. Arktika geňeşiniň ýokary edarasy agza ýurtlaryň daşary işler ministrleri derejesinde iki ýyldan bir gezek geçirilýän mejlisi bolup durýar. Geňeşiň gündelik meseleleri we mejlisleri geçirmegiň taýýarlyk işleri bilen onuň iş edarasy – ýokary wezipeli adamlaryň Komiteti meşgullanýar. Ileri tutulýan wezipeleri çözmek üçin, Arktika geňeşinde 6 iş topary hereket edýär: Arktikanyň hapalanmagyna garşy göreşmek; Arktikanyň florasyny we faunasyny gorap saklamak; Arktikanyň deňiz gurşawyny goramak; Arktika monitoringi; adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak; durnukly ösüş.

## 6.3. Halkara ynsanperwer guramalaryň maksatlary we wezipeleri

**Ynsanperwer kömek** – bu dürli häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlarda, kynçylygy ýeňletmek we horluk çekýänleriň mätäçliklerini üpjün etmek maksady bilen, ilata meýletin esasda berilýän kömekdir. Horluk çekýänlere muzdsuz berilýän ýardam, hemaýat etmegiň haýyr-sahawatly düzgüni ynsanperwer kömegiň wajyp aýratynlygydyr. Betbagtçylyga garşy hereketleriň halkara işi halkara ynsanperwer kömegiň esasy düzüm bölegidir. Ynsanperwer kömegiň edaralary bolup BMG-niň guramalar ulgamlary, beýleki halkara ynsanperwer guramalar, kömek berýän ýurtlar çykyş edýär. Ynsanperwer guramalaryň käbiri adam hukugyny goramak, beýlekileri bolsa ähli mätäçlik çekýänlere zerur lukmançylyk we ykdysady kömegini bermek bilen meşgullanýar. Köp sanly ynsanperwer guramalaryň iki esasy maksatlary bar: heläkçilik ýa-da uruş netijesinde zyýan çekýän adamlara gyssagly kömek bermek we örän zerur mätäçlik çekýänlere uzak wagtlaýyn kömek bermek. Bu azyk önümleri, arassa suw, bilim we saglyk barada alada. Bu guramalar ilatyň ýaşaýyş şertlerini gowu-

landyrmak maksady bilen kömek bermäge çalyşýarlar: olara sowat öwredýär, oba hojalygyny we suw üpjünçiligini kämilleşdirmek üçin gurallary we enjamlary berýär.

Horluk çekenlere ynsanperwer kömegini bermek adamkärçilik we hyzmatdaşlyk, adamyň esasy hukuklaryna hormat goýmak ýörelgeleri esasynda amala aşyrylýar. Ynsanperwer kömegini almak ýa-da hödürlemek hukugy – bu ähli adamlara degişli bolan ynsanperwer hukugyň esaslarynyň biridir. Şonuň üçin betbagtçylykdan zyýan çekenlere päsgelçiliksiz barmaga bolan ygtyýarlygyň zerurlygy ynsanperwer kömegini bermegiň esasy ähmiýeti bolup durýar. Ynsanperwer işlerine daşary ýurt harby we raýat goranyş güýçleriniň bölümleriniň gatnaşmagy hiç haçan tarap tutujy ýa-da syýasy bähbidi maksat edinmeli däldir. Olaryň işi elmydama ynsanperwer bolmaly. Içerki we halkara ynsanperwer kömegi esas bolup durýan üç ýörelge arkaly amala aşyrylýar: ynsanyýetçilik, tarap çalmazlyk we goşulmazlyk.

**Ynsanyýetçilik.** Ähli ilatyň Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda yglan edilen öz hukuklaryny amala aşyrmaga we goramaga hukuklary bardyr. Kynçylykly ýagdaýlarda ähli adamlaryň mertebesi we hukugy kepillendirilmelidir. Ynsanyýetçilik ýörelgesini berjaý etmek ynsanperwer kömegini bermek boýunça işlere gatnaşýanlaryň ählisiniň borjy bolup durýar.

**Tarap çalmazlyk.** Ejir çekýän adamlaryň sanyny azaltmaga çalyşýan ynsanperwer kömegi milli, jynsy, dini ynamlar, synpa degişlilik ýa-da syýasy garaýyşly alamatlar boýunça hiç hili tapawutlary ykrar etmeýär. Kömek diňe olaryň zerurlyklaryna gönükdirilen, onda ilkinjilik juda agyr ýagdaýlylara berilýär. Kömegi hödürlemek, gowşurmak ýa-da paýlamak kömek alýanlaryň dini ýa-da beýleki ynamlaryna baglylykda geçirilmeli däldir.

**Goşulmazlyk.** Ynsanperwer kömegi amala aşyrýan daşary ýurt harby we raýat goranyş güýçleri şol döwletiň syýasy, jynsy, dini ýa-da ideologiýa häsiýetli jedellerine goşulmaly däl, esasan hem, daşary ýurt harby we raýat goranyş güýçleriniň bölümleri haýsydyr bir öz hereketleri, pikirlerini aýtmak bilen berilýän ynsanperwer kömegiň tarap çalmazlyk we goşulmazlyk ýörelgelerini bozmaly däl.

Ynsanperwer işleri geçirmegiň halkara tejribesinde hereketleriň esasy alty ugruny görkezmek bolar: gözlemek we halas etmek, pena bermek, agyz suwy bilen üpjün etmek, lukmançylyk we durmuş üpjünçiligi, sütemden we gorkuzmadan goramak, azyk önümleri bilen üpjün etmek. Olaryň wajyplyk we ilkinjilik derejesi basgançaklygy, zerurlygy we möçberi boýunça üýtgäp durýar. Umuman, bu ugurlary esas bolup hyzmat edýän diýip hasaplamak bolar. Heläkçilikli döwürde berilýän kömek öz öňünde şu aşakdaky maksatlary goýýar:

– heläkçilikde pida bolýanlaryň sanyny azaltmagy üpjün etmek, adatdan daşary ýagdaýlarda mümkin boldugyça olaryň saglygyna seretmek;
– gysga wagtda ähli ilat toparynyň ykdysady özbaşdaklygyny we durmuş üpjünçilik gullugynyň işlerini dikeltmek, has mätäçlik çekýänlere aýratyn üns bermek;
– zyýan çeken infrastrukturany bejermek we dikeltmek, ykdysady işi täzeden herekete getirmek. Bu işler geljekde gaýtalanyp biljek heläkçilige garşy berkidilmeli.

Ynsanperwer kömegine, ozaly bilen, Afrikanyň, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň ýurtlary mätäçlik çekýär. Ýakyn Gündogaryň we Ýewropanyň ýurtlaryna ynsanperwer jemgyýetiň işleri az derejede ýaýran. BMG öz edaralarynyň üsti bilen hereket edýär, mysal üçin, çagalara kömek gaznasy (UNISEF) arkaly. Kömek hökümet düzümlerine berilýär we gös-göni mätäçlik çekýän ýurtlara ugradylýar. Hökümet serişdeleriniň beýleki bölegi BMG-niň we maliýe kömegini paýlaýjy bolup durýan Bütindünýä banky ýaly guramalaryň üsti bilen geçirilýär.

BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda onuň esasy maksatlarynyň biri «halkara ykdysady, durmuş, medeni we ynsanperwer häsiýetli meseleleri çözmek üçin halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak» bolup durýar. Häzirki wagtda halkara jemgyýetçiligi adatdan daşary we uzak möhletli kömekleri, şol sanda azyk, lukmançylyk we maddy-tehniki goldawy bermek boýunça işleri sazlaşdyrmak meselelerinde BMG-ä bil baglaýar. Bu kömek bermek boýunça hökümet we beýleki edaralaryň hereketleriniň işjeňleşmegine ýardam beriji bolup durýar.

Ynsanperwer diplomatiýa umumadamzat häsiýetli bolup, ol şol halkara hereketiň ähli gatnaşyjylaryna asylly wezipe hökmünde çykyş edýär. Ynsanperwerlik köptaraply häsiýete eýe bolup, onda millet, din ýa-da syýasy degişlilik hiç hili orun tutmaýar. Ynsanperwer diplomatiýa, birinjiden, Milli jemgyýetiň, halkara guramalaryň işi bilen gös-göni baglydyr. Ikinjiden, bu diplomatiýa diňe bir sebit häsiýetli bolman, eýsem, hakykatdan-da ählumumy mesele bolup durýar. Üçünjiden, biz globallaşmak ýagdaýynyň şaýady we tötänden gatnaşyjysy bolýan döwründe wagtyň emri boýunça jogapkär bolmaly.

Ynsanperwer hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Halkara ynsanperwer hukuk düzgünleriniň berjaý edilmeginde, milli ynsanperwer diplomatiýanyň emele gelmeginde Türkmenistanyň Bitaraplygy binýat bolup hyzmat edýär. Türkmenistan özüni esasy ýörelgeleri we düzümleri birleşdirýän ynsanperwer hukugy ulgamynda halkara borçnamalaryny yzygiderli berjaý edýän döwlet hökmünde görkezdi. Munuň özi adamyň, milletleriň we halkyýetleriň hukuklarynyň üpjün edilmegine we goralmagyna gönükdirilendir. BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, Türkmenistan bosgunlaryň, migrantlaryň hem-de raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny üpjün etmek we goramak babatda halkara tagallalaryny birleşdirmegiň işjeň tarapdary bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýörite Permanlaryna laýyklykda bosgunlar Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilýär. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda BMG-niň Adam hukuklary baradaky geňeşiniň 36-njy maslahatynda hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer başlangyjy boýunça Türkmenistanyň «Parahatçylygy we adam hukuklaryny berkitmekde Bosgunlaryň olimpiýa toparlarynyň goşýan uly goşandyny höweslendirmek hakynda» Jarnama kabul edildi. Bu Jarnama laýyklykda bosgunlar we bosgunlaryň toparlary 2017-nji ýylyň 17–27-nji sentýabrynda Aşgabatda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna gatnaşdylar. Aziýa oýunlarynyň taryhynda bosgun

türgenleriň toparlary ilkinji gezek «Aziada 2017»-de çykyş etdiler. Ýurdumyz sebitde ilkinjileriň biri bolup, migrasiýa meselelerine we raýatlygy bolmadyk adamlara uly üns berip, ynsanperwer çäreleriniň bu ugurda halkara tejribesini baýlaşdyryp, tutuş dünýä bileleşiginiň üns merkezine öwrüldi. Döwrüň ynsanperwer meseleleri babatda Türkmenistanyň ileri tutýan ýörelgelerinde Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak meselesi aýratyn orun tutýar. Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap ýurdumyz Owganystana durmuş-ykdysady taýdan uly ýardam berýär.

## 6.4. Halkara ynsanperwer guramalar

Ynsanperwer işleri alyp barmak üçin BMG-niň çäginde ýörite edaralar, guramalar, maksatnamalar, komitetler we komissiýalar döredildi. BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda, onuň maksatlarynyň biri «halkara ykdysady, durmuş, medeni we ynsanperwer häsiýetli meseleleri çözmek üçin halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak». BMG ilkinji gezek bu meseleleri çözmek üçin Ikinji Jahan urşundan soň ýykyp-ýumrulan Ýewropa yklymyna girişdi, täzeden gurmaga kömek etdi. Häzirki wagtda halkara bileleşigi adatdan daşary we uzak möhletli kömekleri, şol sanda azyk, lukmançylyk we maddy-tehniki goldawy bermek boýunça işleri sazlaşdyrmak meselelerinde Birleşen Milletler Guramasyna bil baglaýar. Bu kömek bermek boýunça hökümetleriň we beýleki edaralaryň hereketleri üçin ýardam edijі bolup durýar. BMG-niň dört bölümi: BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasy, UNISEF we Bütindünýä azyk maksatnamasy adatdan daşary kömekleri bermek işlerinde esasy orun tutýar. BMG-niň Ösüş maksatnamasy tebigy betbagtçylyklaryň netijesini aradan aýyrmak, öňüni almak maksatlary bilen tiz we toplumlaýyn gurnalýan işlere jogap berýär. BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasy bosgunlary goramak boýunça halkara hereketleri geçirýär we sazlaýar hem-de bütin dünýä boýunça bosgunlaryň meselelerini çözýär. Çagalaryň hukuklaryny goraýan UNISEF-iň esasy wezipesi

halkara bileleşikleriň çagalaryň saglygy, goragy we ösüşi ählumumy ösüşiň zerur talabydygyny ykrar etmegini gazanmakdyr. BMG-niň Çagalar gaznasy urşuň pidasy we zulumyň beýleki görnüşleri, tebigy betbagtçylyk we juda garyplyk ýaly oňaýsyz şertlere düşen çagalaryň meseleleri bilen meşgullanýar. BMG-niň Bütindünýä azyk maksatnamasy heläkçilikleriň pidasy bolan millionlarça adamlara kömek berýär. Ol bosgunlara kömek bermegiň ähli iri möçberli işleriniň çäginde azyk önümlerini toplamaga we olary ulag serişdeleri bilen eltmäge jogap berýär.

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara hereketi (International Red Cross and Red Crescent Movement) 1863-nji ýylda esaslandyrylan hem-de dünýäniň 181 döwletiniň 500 milliondan gowrak işgärlerini we meýletinçilerini birleşdirýän halkara ynsanperwer hereketi bolup durýar. Hereketiň işi adamlaryň ömrüni we saglygyny goramaga hem-de ynsan şahsyýetine hormat goýulmagyny üpjün etmäge, halklaryň arasynda özara düşünişmegiň, dostlugyň, hyzmatdaşlygyň we parahatçylygyň gazanylmagyna ýardam etmäge, olaryň milleti, jynsy, dini, synpy ýa-da syýasy garaýyşlary boýunça kemsitmelere ýol bermezlige gönükdirilendir. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara hereketi özüne Halkara Gyzyl Haç Komitetini, Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara Federasiýasyny, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetlerini birleşdirýär. Olaryň üçüsi hem garaşsyz gurama bolup durýar, öz tertipnamalary bar we olaryň hiç biri beýlekileriň garamagynda bolmaýar. Olar iki ýyldan bir gezek Wekiller Geňeşiniň mejlisine ýygnanýarlar. Bu guramalar öz wezipelerini ýerine ýetirenlerinde Hereketiň esas goýujy 7 ýörelgesini goldanýarlar:

– **ynsanperwerlik.** Ýnsanperwerlik ýörelgeleriniň ilkinjisi we esasysy bolup, ol aýratyn orun eýeleýär, sebäbi Hereketiň öz manysy onuň aňladylmasydyr, galan ýörelgeler ondan gelip çykýar. Ynsanperwerlik – Hereketiň adamlaryň ömrüni we saglygyny goramaga, adam şahsyýetine hormat goýulmagyny üpjün etmäge çagyrýandygyny aňladýar. Ol özara düşünişmegi, dostlugy, hyzmatdaşlygy we halklaryň arasyndaky berk parahatçylygy gazanmaga ýardam edýär. Ýörelgäniň esasy

manysyny esasy üç wezipede: adamlaryň hasratynyň öňüni almakda we ýeňilleşdirmekde; adamlaryň ömrüni we saglygyny goramakda; şahsyýete we ynsan mertebesine hormaty üpjün etmekde beýan edip bolar;

– **tarap çalmazlyk.** Bu ýörelge Hereketiň jynsy, dini, synp ýa-da syýasy ynanç alamatlary boýunça hiç bir tapawudy goýmaýandygyny aňladýar. Ol diňe adamlaryň hasratyny, ilkinji nobatda bolsa kömege has mätäçleriň hasratyny ýeňilleşdirmäge çalyşýar. Bu ýörelgede üç ugur tapawutlanýar: hasrat çekýän adama kömek bermekde kemsitmä ýol bermezlik; tarap çalmazlyk – bu häsiýet kömek bermek bilen meşgullanýana ýüklenen häsiýetdir; deňlik taglymaty – ilkinji nobatda, aýratyn mätäçlere kömek bermek;

– **bitaraplyk.** Bu ählumumy ynamy saklamak üçin Hereket dawalarda hiç bir tarapyň bähbidini aramaýar, hiç haçan syýasy, jyns, dini ýa-da ideologik häsiýetli jedellere gatnaşmaýar. Bu ýörelge 1864-nji ýylyň Ženewa konwensiýasyna gol çekilmegi bilen ýüze çykdy. Gyzyl Haçyň söweş meýdanyndaky bitaraplygy kem-kemden ählumumy ýörelge boldy, onuň berjaý edilmegi ähli ýagdaýlara degişlidir we berk berjaý edilmegi hökmanydyr. Bitaraplyk ýörelgesi ähli taraplaryň ynamyny saklamaga, adatdan daşary ýagdaýlarda pidalara kömek bermek üçin başga hiç bir gurama barmaga ygtyýary bolmanda hereket etmäge mümkinçilik berýär;

– **garaşsyzlyk.** Hereket garaşsyzdyr. Milli jemgyýetler öz hökümetlerine olaryň ynsanperwerlik işinde kömek bermek we öz ýurtlarynyň kanunlaryna tabyn bolmak bilen, şol bir wagtda Hereketiň ýörelgelerine laýyklykda hereket etmäge mümkinçilik almaga hemişe öz-özüni dolandyrmagy saklamalydyrlar. Bu ýörelge ynsanperwerlik işine, ynsanperwerlik başlangyçlaryna bolan hukuga degişli kararlary kabul etmekde garaşsyzlygy aňladýar. Milli jemgyýetiň döwlet derejesinde ykrar edilmegi ynsanperwerlik işini giňeltmäge hem-de bu babatda ýaşlaryň işjeňligini ösdürmäge we meýletinçileri çekmäge mümkinçilik berýär;

– **meýletinlik.** Bu ýörelge haýsydyr bir bähbit bolmadyk halatynda ynsanperwerlik kömeginiň ak göwünli erk bilen berilmegini aňladýar. Hereket öz işini adamlaryň iň gowy duýgularyna ýüzlenip we olarda rehimi oýaryp amala aşyrýar. Meýletinlik ýörelgesi bu işiň telekeçilik esasynda peýda görmek işine amala aşyrylmaly däldigini ýatladýar. Ýöne munuň özi ynsanperwerlik işi üçin serişdeleri ýygnamak boýunça çäreleri – haýyr-sahawat sergilerini we konsertleri geçirmegi aradan aýyrmaýar;
– **bitewülik.** Ýurtda Gyzyl Haçyň ýa-da Gyzyl Ýarymaýyň diňe bir Milli jemgyýeti bolmalydyr. Ol hemmeler üçin açyk we özüniň ynsanperwerlik işini ýurduň ähli ýerinde amala aşyrýar. Milli derejede bitewülik ýörelgesiniň berjaý edilmegi, Milli jemgyýete adatdan daşary ýagdaýlarda ýa-da tebigy betbagtçylyklarda aýratyn möhüm bolan maksada gönükdirilip, netijeli hereket etmäge mümkinçilik berýär. Diňe birleşdirilen tagallalar bilen islendik betbagtçylygy ýeňip geçip bolar;
– **köptaraplylyk.** Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Hereketi bütindünýä möçberlidir. Hereketiň çäklerinde Milli jemgyýetler deň hukuk derejesine eýedirler we birek-birege kömek bermekde deň jogapkärçilik çekýärler, deň borçnama alýarlar. Köptaraplyk düşünjesi iki taglymaty özüne birleşdirýär: kömek kim oňa mätäç bolsa, şolara elýeterli bolmalydyr hem-de Hereketiň işi ähli ýurtlara ýaýramalydyr. Gyzyl Ýarymaýyň ýa-da Gyzyl Haçyň borjy kimdigine garamazdan, adamlara kömege barmakdan we olary goramakdan ybaratdyr.

Hereketiň esas goýujy ýörelgeleri diňe 1965-nji ýylda Gyzyl Haçyň XX Halkara maslahatynda biragyzdan kabul edildi we 1986--njy ýylda Hereketiň Tertipnamasynyň giriş bölümine goşuldy. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Jemgyýetleriniň Halkara hereketi öz işinde ynsanperwerlik, bitaraplyk, garaşsyzlyk, meýletinlik, bitewülik we köpugurlylyk ýaly ýörelgelerine esaslanmak bilen, öz işini Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň hem-de Gyzyl Haç we Gyzyl

Ýarymaý Jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlary bilen baglanyşdyrýar.

*Halkara Gyzyl Haç Komiteti* (International Committee of the Red Cross, ICRC) 1863-nji ýylda döredildi we Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Hereketini esaslandyryjy boldy. Baş edarasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Halkara Gyzyl Haç Komiteti bitaraplyk we tarap çalmazlyk ýörelgelerine esaslanyp, bütin dünýäde öz işini amala aşyrýan ynsanperwer guramadyr. Komitetiň wezipesi ýaragly dawalarda we içerki bulagaýlyklarda horluk çekenlere kömek bermek we goramakdyr. Halkara Gyzyl Haç Komiteti dawaly ýerlerde Hereketiň halkara işini sazlaýar. Ondan başga-da, halkara ynsanperwer hukuk we köpugurly ynsanperwer ýörelgeleri barada bilim ýaýradýar. Jemi 12 müňden gowrak işgärleri bolan guramanyň wekilhanalary dünýäniň 80-e golaý ýurtlarynda ýerleşýär. Halkara Gyzyl Haç Komiteti ýuridik nukdaýnazardan halkara ýa-da hökümetara gurama däldir. Emma ony Ženewa konwensiýasy ýaly wajyp halkara şertnamalarda ykrar etmeklik, onuň halkara derejesini we wekilçiligini kesgitleýär, ýeňillik we dahylsyzlyk hukugyny üpjün edýär. Bu şertlere salgyt we gümrük ýygymyndan boşadylmagy, jaýlaryň we resminamalaryň el degrilmesizligi we kazyýetiň gatyşmaklyga dahylsyzlygy degişlidir.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esasy dolandyryjy edaralaryna Assambleýa (ýokary dolandyryjy edara), Assambleýanyň Geňeşi (Assambleýanyň tabşyrygy boýunça hereket edýän edara), prezident we onuň orunbasarlary (Assambleýanyň we Assambleýanyň Geňeşiniň işini üpjün edýär we komitetiň daşary gatnaşyklaryna jogapkärçilik çekýär), Direktorlyk (Baş direktordan we üç direktorlardan ybarat bolan ýerine ýetiriji edara), Barlag edarasy degişlidir. Halkara Gyzyl Haç Komiteti Ženewa konwensiýasyna gatnaşyjy ýurtlaryň, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleriň, döwletara guramalaryň (mysal üçin, Ýewropa komissiýasy), şeýle hem jemgyýetçilik we hususy düzümleriň berýän meýletin bagyş etmeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

*Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara jemgyýetleriniň Federasiýasy* (International Federation of Red Cross and Red Crescent So-

cieties, IFRC) – halkara gurama (hökümete degişli bolmadyk assosiasiýa), Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleriniň hemişelik wekilli edarasy, öz öňünde ýaralanan, harby ýesir we urşuň beýleki pidasy bolanlara, şeýle hem tebigy betbagtçylykdan horluk çekenlere kömek bermek maksadyny goýýan milli we halkara guramalaryň birleşigi. 1919-njy ýylda döredilen Federasiýa bosgunlara we tebigy betbagtçylygyň we tehnogen heläkçiligiň pidalaryna halkara kömegini bermek babatda iş hereketlerini sazlaşdyrýar, şeýle hem sanitariýa--epidemiologiýa şertleriniň ýitileşmegi netijesinde döreýän adatdan daşary ýagdaýlardaky iş hereketlerine ýolbaşçylyk edýär. Federasiýa tebigy betbagtçylykdan zyýan çeken ýurtlaryň Milli jemgyýetleriniň üsti bilen halkara kömegini gurnaýar we sazlaşdyrýar. Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara jemgyýetleriniň Federasiýasynyň Baş edarasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Düzgün boýunça Federasiýa adatdan daşary ýagdaýlarda heläkçiligi aradan aýyrýan gullugy döredýär we oňa şu aşakdaky wezipeler ýüklenýär: uçarlar üçin gonalga üpjün etmek, lukmançylyk kömegi üçin hassahana döretmek, maglumat üpjünçiligi, telekommunikasiýa üpjünçiligi. Federasiýa milli jemgyýetleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge, tebigy betbagtçylyk, şeýle hem saglygy goraýyş we durmuş meseleleri boýunça kömek bermek ýagdaýy ýüze çykan halatynda hereketleriň taýýarlygyny üpjün edýän netijeli maksatnamalary geçirmek üçin olaryň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Häzirki wagtda ynsanperwer işleri bilen bir hatarda Federasiýa özüniň esasy wezipeleriniň biri hökmünde dünýäde halkara ynsanperwer hukugyň taglymatyny ýaýratmak boýunça aň-bilim bermek işlerini amala aşyrýar.

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleri – bu öz Tertipnamalaryna we diňe öz ýurdunyň çägindäki milli kanunçylyklara laýyklykda hereket edýän jemgyýetçilik guramalarydyr. Olar ynsanperwer çygrynda öz ýurdunyň döwlet hökümetlerine kömekçi hökmünde çykyş edýär we adatdan daşary ýagdaýlarda kömek bermek, lukmançylyk we durmuş maksatnamalary amala aşyrmak ýaly birnäçe hyzmatlary ýerine ýetirýär. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýary-

maý Milli jemgyýetleri keselleriň öňüni almak, saglygy goramak, adamlaryň çekýän ejirini ýeňletmek, ýaşuly adamlara, maýyplara, ýetimlere we beýleki mätäçlik çekýänlere kömek bermek meseleleri boýunça döwlet hökümetleri bilen hyzmatdaşlyk alyp barýar. Häzirki wagtda dünýäniň 189 döwletinde Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleri hereket edýär. Türkmenistanyň çäginde Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hereket edýär. Dünýäniň 190 döwleti tarapyndan tassyk edilen 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky dört Ženewa konwensiýasy we olaryň teswirnamalary halkara ynsanperwer hukuklarynyň möhüm guraly bolup durýar. Türkmenistan Halkara bileleşiginiň işjeň agzasy hökmünde sebitde we Ýer ýüzünde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmegiň bähbidine netijeli döwletara gatnaşyklary guramagy goldap, 1992-nji ýylda Konwensiýalary tassyk etdi. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti 1995-nji ýyldan bäri Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň deňhukukly agzasy bolup durýar. Häzir bu gurama ynsanperwer taslamalaryň birnäçesini üstünlikli amala aşyrýar. Şol taslamalaryň maksady jemgyýetiň pes goralýan toparlaryna lukmançylyk we durmuş kömegini bermek, dürli keselleriň öňüni almak, ilaty mümkin bolan adatdan daşary ýagdaýlara we tebigy betbagtçylyklara taýýarlamak bolup durýar. Bu düzümiň işi saglygy goraýyş, bilim ulgamlarynda we beýleki ugurlarda döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmak bilen gös-göni baglydyr. 2012--nji ýylyň 22-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, bu jemgyýetçilik gurama öz işlerini ýurduň kanunçylygyna hem-de Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý hereketiniň ýörelgelerine laýyklykda amala aşyrýar. Türkmenistanyň raýatlary haýsy millete degişlidigine, tenininiň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykatyna, haýsy partiýa degişliligine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, jemgyýetiň agzalary bolup bilerler.

*Serhetsiz lukmanlar* (Médecins Sans Frontières, MSF) – harby dawalar we tebigy betbagtçylyklar netijesinde horluk çeken adam-

lara lukmançylyk kömeklerini bermek boýunça hökümete degişli bolmadyk halkara ynsanperwer gurama. Gurama 1967–1970-nji ýyllarda Nigeriýada bolup geçen raýat urşunyň pidalaryna kömek bermek maksady bilen 1971-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Pariž şäherinde döredildi. Baş edarasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Gurama her ýyl 3 müňden gowrak meýletinçileri dünýäniň 80-den gowrak ýurtlaryna, şol sanda harby dawaly sebitlere we zolaklara ugradýar. Guramanyň meýletinçileri köp sanly howply ýerlerde işleýärler. Ondan başgada, «serhetsiz lukmanlar» neşekeşlige we howply kesellere garşy göreşmek boýunça öňüni alyş we aň-bilim işlerini alyp barýar. Gurama hususy bagyş etmeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Halkara migrasiýa guramasy, HMG (The International Organization for Migration, IOM) ilkibaşda Ýewropada migrantlary göçürip ýerleşdirmek boýunça wagtlaýyn hökümetara komitet hökmünde mälim bolan, Ikinji Jahan urşy netijesinde Ýewropadaky migrantlaryň uly akymlaryny düzgünleşdirmek maksady bilen 1951-nji ýylda döredildi. Gurama migrasiýa boýunça esasy hökümetara edara bolup, ol hökümet, hökümetara we hökümete degişli bolmadyk guramalar bilen ýakyn özara gatnaşygy saklaýar. Baş edarasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Häzirki wagtda 166 döwlet Halkara migrasiýa guramasynyň agzasy, ýene-de 8 döwlet synçy derejesine eýedir. Guramanyň bölümleri 100-den gowrak ýurtlarda hereket edýär. Halkara migrasiýa guramasy öz işinde ynsanperwer we tertibe salnan migrasiýa hem migrantlara hem-de olary kabul edýän jemgyýete peýda bermeli diýen ýörelgäni alyp barýar. Bu ýörelgäni amala aşyrmak üçin gurama hökümetlere we migrantlara hyzmatlary we maslahatlary berýär. Halkara migrasiýa guramasynyň işi migrasiýa çygryndaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge, migrantlaryň meselelerini çözmäge, mätäçlik çekýän migrantlara, şol sanda bosgunlara we içerki göçýänlere ynsanperwer kömegini bermäge gönükdirilen. Halkara migrasiýa guramasynyň Tertipnamasynda migrasiýa ýagdaýy ykdysady, durmuş we medeni ösüş, şeýle hem adamlaryň erkin göçmek hukugy bilen baglydyr diýlip görkezilen.

Halkara migrasiýa guramasynyň migrasiýany düzgünleşdirmek boýunça işi dört esasy ugur boýunça amala aşyrylýar:

- migrasiýa we ösüş;
- migrasiýa ýardam bermek;
- migrasiýany düzgünleşdirmek;
- mejbury migrasiýa.

Halkara migrasiýa guramasynyň şu ähli ugurlar boýunça alyp gelýän çäreleri halkara migrasiýa kanunçylygy ösdürmeklige, migrasiýa syýasatynyň meseleleri barada teklipleri taýýarlamaklyga, migrantlaryň hukuklaryny goramaklyga, saglygy goraýyş meselelerini çözmeklige ýardam bermäge gönükdirilen. Halkara migrasiýa guramasynyň ýerine ýetirýän wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- migrantlara, bosgunlara, mejbury göçüp gelen adamlara ynsanperwer goldawyny bermek;
- harby, adatdan daşary ýagdaýlar döwründe adamlara halkara kömegi talap edýän howpsuz, ygtybarly hyzmatlary üpjün etmek;
- migrasiýa meselelerini öwrenmek we tehniki hyzmatdaşlyk, göçürmek boýunça bilelikdäki maksatnamalary döretmek üçin döwletlere, hökümetara we beýleki guramalara kömek bermek;
- migrasiýa meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlyga ýardam bermek;
- halkara hukugyň kadalaryny nazara alyp, göçürmek boýunça amatly maksatnamalary ýaýratmak üçin migrasiýa boýunça monitoring geçirmek, maglumatlary ulgamlaşdyrmak;
- migrantlaryň täze durmuş-medeni şertlere uýgunlaşmagyna ýardam bermek;
- migrantlaryň öz watanyna meýletin dolanyp gelmegi boýunça maksatnamalaryna gatnaşmak;
- migrantlary, bosgunlary, wagtlaýyn öz ýurdundan zorluk bilen göçürilen adamlary durmuş we ynsan mertebesine degýän bikanun täsirlerden goramak.

Halkara migrasiýa guramasynyň dolandyryjy edaralaryna Geňeş, maksatnamalar we maliýe boýunça Hemişelik komiteti, Administrasiýa degişlidir. Geňeş guramanyň ýokary edarasy bolup, onuň nobatdaky mejlisleri her ýylda geçirilýär. Geňeşiň esasy wezipeleri: Halkara

migrasiýa guramasynyň syýasatyny kesgitlemek, berilýän maglumatlary öwrenmek, Ýerine ýetiriji komitetiň iş ugurlaryny tassyklamak, maksatnamalara we býujete garamak we tassyklamak, guramanyň maksatlaryna ýetmäge ýardam berýän islendik beýleki degişli çäreleri kabul etmek. Maksatnamalar we maliýe boýunça Hemişelik komiteti her bir administratiw we maliýe meseleleri öwrenýär we garaýar, guramanyň syýasatyny we maksatnamaly işlerini, Baş direktoryň hasabatyny, beýleki ýörite nutuklary seljerýär. Komitet Geňeşe ýa-da Baş direktora maslahatlary, hödürnamalary we teklipleri berip bilýär. Halkara migrasiýa guramasynyň Administrasiýasy – bu Baş direktor, onuň orunbasary, şeýle hem Geňeş tarapyndan kesgitlenen guramanyň işgärler düzümi. Administrasiýa Halkara migrasiýa guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda guramanyň işiniň dolandyrylyşyna we ýolbaşçylygyna, Geňeşiň we Ýerine ýetiriji komitetiň syýasatyna we çözgütlerine jogap berýär. Baş direktor guramanyň ýokary wezipeli adamydyr.

Halkara migrasiýa guramasy häzirki wagtda dünýäde bolup geçýän syýasy, ykdysady, durmuş wakalary dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmegiň bähbidine döwletleriň hem-de iri halkara guramalaryň has ysnyşykly we utgaşykly özara hereket etmegini talap edýär. Ynsanperwer ulgamda, şol sanda migrasiýa babatda hyzmatdaşlyk etmäge Türkmenistan daşary syýasat ugrunyň esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde garaýar. Iri halkara guramalar bilen ýakyndan özara hereket edip, adam hukuklary babatda birnäçe esasy maksatnamalara we teswirnamalara goşulyp, şeýle hem BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň hemişelik agzasy, Halkara migrasiýa guramanyň agzasy bolmak bilen, ýurdumyz dünýä möçberli işlerde strategik gatnaşyjy hökmünde orun tutýar.

Ýurdumyzyň goşulan esasy halkara şertnamalarynyň we maksatnamalarynyň hatarynda BMG-niň «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda» Konwensiýasyny we oňa degişli Teswirnamany, şeýle hem BMG-niň «Apatridleriň derejesi hakynda», «Raýatsyzlygy

azaltmak hakynda» Konwensiýalaryny görkezmek bolar. Migrasiýa meselelerini milli derejede hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň wajypdygyny göz öňünde tutup, ýurdumyzda migrantlaryň, bosgunlaryň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuk derejesini düzgünleşdirýän hem-de olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýän kanunçylyk namalary kabul edildi. Olaryň hatarynda «Migrasiýa hakynda», «Raýatlyk hakynda», «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryny görkezip bolar. BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi hem-de Halkara migrasiýa guramasy bilen köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlyk edilmeginiň ýyllary içinde bu babatda wajyp wezipeleri iş ýüzünde çözmäge gönükdirilen onlarça taslamalar we maksatnamalar durmuşa geçirildi. 1997-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistan Halkara migrasiýa guramasynyň agzalygyna synçy döwlet hökmünde goşuldy we 1998-nji ýylyň iýunynda Türkmenistan bilen Halkara migrasiýa guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça Ylalaşyga gol çekildi. 2013-nji ýylda Türkmenistan döwletimiz Halkara migrasiýa guramasynyň agzasy boldy, BMG-niň agzasy hökmünde biziň ýurdumyz parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, belent ynsanperwerlik maksatlaryny we gymmatlyklaryny ykrar etmek boýunça amala aşyrylýan hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşmak bilen, raýatsyzlygy azaltmak boýunça anyk işleri alyp barýar. Halkara migrasiýa guramasynyň edarasy Aşgabatda 1997-nji ýylda açylýar. Türkmenistan bu Gurama bilen şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy amala aşyrýar:

– migrasiýa we saglyk: migrantlaryň, hususan-da, aýallaryň, çagalaryň, maýyplaryň we garry adamlaryň saglygyny goramak meseleleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen HMG, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM), BMG-niň Çagalar gaznasy (UNISEF) bilen bilelikde halkara çäreleriň geçirilmegi;
– migrasiýa we adatdan daşary ýagdaýlary düzgünleşdirmek: Türkmenistanyň Hökümeti HMG we BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi bilen

hyzmatdaşlykda sebit çaknyşyklarynyň we tebigy betbagtçylyklaryň netijesinde ýüze çykan adamlaryň migrasiýasy bilen bagly meseleleri çözmeklige gönükdirilen taslamalary we meýilnamalary durmuşa geçirmek;

– adam söwdasyna garşy göreşmek: Türkmenistanyň HMG bilen adam söwdasyna garşy göreşmek barada Türkmenistanyň kanunçylygyny halkara kadalaryna laýyk getirmek boýunça hyzmatdaşlygy dowam etmek we beýleki ugurlar.

Türkmenistanyň häzirki döwürde Halkara migrasiýa guramasynyň geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy bilen, ýurdumyzyň we Halkara migrasiýa guramasynyň kömege mätäç bolan migrantlaryň we bosgunlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga gönükdirilen ynsanperwerlik ulgamyndaky hyzmatdaşlygynyň düýpgöter täze, netijeli guraly döredilýär.

*Halkara raýat goranyş guramasy* (International Civil Defence Organization, ICDO) 1931-nji ýylyň 1-nji martynda döredilen, halkara derejesinde raýatlary goramaga ýötiteleşdirilen hökümetara gurama. Baş edarasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Halkara raýat goranyş guramasy bilen BMG-niň arasynda hyzmatdaşlyk barada baglaşylan ylalaşyk dürli häsiýetli we derejeli adatdan daşary ýagdaýlar üçin hünärmenleri we ilaty taýýarlamaga täze mümkinçilikleri açdy. Häzirki wagtda 57 döwlet guramanyň hemişelik agzalary, 17 döwletiň synçy derejesi bar, ondan başga-da 30 sany gurama assosirlenen agza bolup durýar. Halkara raýat goranyş guramasy bilen hyzmatdaşlyk edýän ýurtlaryň esasy maksatlary, dürli häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy kämilleşdirmek üçin, raýat goranyşynyň we ilaty goramagyň milli, sebit we halkara mümkinçiliklerini toplumlaýyn berkitmekdir, şeýle hem raýat goranyşynyň milli düzümini ösdürmeklige zerurlyk çekýän ýurtlara ynsanperwer ýardamyny we goldawyny bermekdir. Halkara raýat goranyş guramasy raýat goranyş düzümini döretmeklige we berkitmeklige ýardam berýär, tehniki we maslahat kömegini berýär, raýat goranyş gullugy üçin okuw maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar, öňdebaryjy tejribeleri alyşmagy üpjün edýär.

BMG-niň berýän maglumatlaryna görä, her ýyl dünýä boýunça 200 mln gowrak ilat tebigy ýa-da tehnogen heläkçiligiň oňaýsyz täsirlerine sezewar bolýar we daşky gurşawyň ýaramazlaşmagy, klimatyň üýtgemegi, senagat heläkçilikleri netijesinde olaryň sany ýylsaýyn artýar. Eger 2015-nji ýylda iri möçberli heläkçiliklerden çekilen ykdysady zelel ABŞ-nyň 66,5 mlrd dollaryna deň bolan bolsa, bu görkeziji 2016-njy ýylda 175 mlrd dollara çenli köpeldi. Howpsuz ýaşaýşa bolan hukuk her bir adamyň aýrylmaz hukugy bolup durýar. Howpsuz ýaşaýyş raýat jemgyýetniň durnukly ösmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu ýagdaýda raýat goranyşy her bir ýurduň milli howpsuzlygynyň wajyp esasy bolup durýar. Raýat goranyş gullugy diňe tehniki taýdan enjamlaşdyrylan we ýokary taýýarlykly hünärmenler bolan halatynda, döwletiň we onuň ilatynyň kadaly ýaşaýşa ukyplylygyny üpjün edip bolar. Häzirki zaman şertlerinde adatdan daşary ýagdaýlary, ýangynlary we heläkçilikleri ýok etmeklige we öňünden duýdurmaklyga gönükdirilen hyzmatdaşlyk raýat ilatyna kömek bermek boýunça gös-göni meseleleri çözmekden başga-da, halklaryň ýakynlaşmagyna we ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary berkitmeklige ýardam berýär. Türkmenistanyň raýat goranyş we halas ediş işleri boýunça gullugy adatdan daşary ýagdaýlary aradan aýyrmak we öňünden duýdurmak ugry boýunça hünärmenleri taýýarlamak maksatnamalaryny amala aşyrmagyň okuw ulgamyny kämilleşdirmek we bir umumy usulyny döretmek boýunça Halkara raýat goranyş guramasy bilen bilelikdäki işleri alyp barýar.

*Halkara adam hukuklary federasiýasy* (International Federation for Human Rights, IFHR) 1922-nji ýylda döredilen, adam hukugy boýunça hökümete degişli bolmadyk halkara gurama. Ol özüne 100-den gowrak döwletleriň 178 agza guramalaryny birleşdirýär. Baş edarasy Pariž şäherinde ýerleşýär. Onuň esasy wezipesi Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda, Raýat we Syýasy hukuklar boýunça Halkara paktda, Ykdysady, Durmuş we Medeni Hukuklar boýunça Halkara paktda beýan edilen ähli hukuklara hormat goýmagy üpjün etmek. Federasiýa öz gatnaşyjylarynyň hereketlerini sazlaýar we goldaýar hem-de olaryň hökümetara guramalar bilen

gatnaşygyny gurnaýar. Federasiýanyň BMG, ÝUNESKO we Ýewropa Geňeşinde maslahatçy derejesi bar. Federasiýa milli derejede adam hukugy boýunça guramalaryň ukyplylygyny berkitmeklige gönükdirilen hyzmatdaşlyk maksatnamalaryny amala aşyrýar, okuwlary gurnaýar we hökümetler bilen gepleşikleri geçirmek üçin mümkinçilikleri döretmeklige kömek edýär.

Türkmenistan BMG-niň esasy halkara – hukuk resminamalaryna, şol sanda adam hukugy ulgamyndaky konwensiýalara goşulmak bilen bu resminamalaryň kadalaryny berjaý etmek boýunça netijeli çäreleri geçirýär. Türkmen jemgyýetiniň demokratik we hukuk esaslaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreleriň toplumyny amala aşyrýar. Onuň aýdyň subutnamasy hökmünde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen üstünlikli durmuşa geçirilýän toplumlaýyn hukuk özgertmelerini görkezmek bolar. Bu özgertmeleriň çäklerinde ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny hem-de halkara hukugynyň binýat goýujy ýörelgelerini hasaba almak bilen, kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. 2018-nji ýylyň 9-njy martynda BMG-niň Adam hukuklary baradaky Geňeşi (BMG AHG) Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 70 ýyllygynyň çarçuwasynda Merkezi Aziýada adam hukuklaryny goramak boýunça Bilelikdäki Beýannamany kabul etdi. Bu resminama Merkezi Aziýa ýurtlarynyň BMG-niň Tertipnamasynyň maksatlaryna, wezipelerine hem-de Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramaklyga, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmeklige ygrarlydygyny tassyklaýar. Şeýle hem ozal kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy adamyň we raýatyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar edýär, jynsy, aýal-erkekligi, dili, dini, ýaşaýan ýeri, syýasy we beýleki ynamlary, milleti ýa-da gelip çykyşy, emläk, wezipe ýa-da başga ýagdaýlar ýaly aýratynlyklar boýunça hiç bir suratda tapawut etmän, her bir adamy üpjün edýär diýlip bellenildi.

# VII TEMA

# HALKARA HARBY-SYÝASY, SYÝASY-MEDENI WE SPORT GURAMALARY

## 7.1. Halkara harby-syýasy guramalaryň maksady we wezipeleri

Islendik jemgyýetiň ösüşiniň zerur ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda elmydama onuň howpsuzlygy durýar. Döwletiň harby güýji bilen baglanyşykly meseleler dünýäniň köp sanly döwletleriniň ýolbaşçylyk işlerinde wajyp orny tutýar. Häzirki zaman ýagdaýynda döwletleriň harby guramanyň ähli esaslaryny hemişe kämilleşdirmek we ösdürmek arkaly öz goranyş ukyplylygyny berkitmegi we öz bähbitleriniň harby goranyşyny üpjün etmegi goldamak zerurlygy döreýär. Döwletiň harby güýjüni döretmek mätäçligi, ony düzgünleşdirmek we ulanmak häsiýeti daşary syýasy maksatlara ýetmek zerurlygy bilen baglydyr. Harby syýasat döwletiň harby güýjüni döretmek, kämilleşdirmek we ulanmak işlerini dolandyrmagy amala aşyrýar. Döwletiň harby güýji, syýasatyň sebäpkäri we guraly bolup, onuň talaplaryna doly baglydyr. Häzirki günde uruş we parahatçylyk, ýaragsyzlandyrmak we harby dawalary çözmek meseleleri has ýitileşýär. Döwletleriň öz howpsuzlygy baradaky aladasy harby-syýasy guramalaryň döremegine getirdi.

Harby-syýasy bileleşik – umumy syýasy, ykdysady we harby meseleleri çözmek üçin döwletleriň bilelikde hereket etmek maksatly birleşigi ýa-da ylalaşygy. Harby-syýasy guramalaryň işiniň esasy maksady gatnaşyjy ýurtlaryň syýasy we harby meseleler boýunça hyzmatdaşlygy, bilelikdäki goranyş ulgamlaryny döretmeklige gatnaşmak, çäklerinde we umuman, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça hyzmatdaşlyk, harby-syýasy we hukuk meseleleri çözmek üçin tagallalary sazlaşdyrmak bolup durýar. Harby-syýasy gurama – bilelikde goranmak ýa-da umumy duşmanyň garşysyna söweş hereketlerini alyp barmak üçin döredilen birnäçe

döwletleriň bileleşigi. Guramanyň döredilmegi onuň agzalarynyň arasynda syýasy we ykdysady meseleler boýunça hyzmatdaşlyk etmek maksadyna çalyşmagy hem alyp biler. Bu hyzmatdaşlygyň we özara integrasiýanyň derejesi her bir şolar ýaly bileleşik üçin aýrybaşgadyr. Ylalaşyklar bilelikdäki hereketi diňe anyk harby howplaryň döremeginde ulanmagy ýa-da ähli ugurlarda, hatda parahatçylyk döwründe hem ýakyn gatnaşygy göz öňünde tutýar. Käbir guramalarda bilelikdäki çözgütleri ýerine ýetirmek hökmany bolup durýar, beýlekilerde bolsa maslahat beriji häsiýete eýedir, ýagny her bir agzanyň karary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bar, şol bir wagtda guramadan çykmazlyk şerti bilen. Emma käbir guramalarda bileleşigiň haýsy hem bolsa bir agzasyna ýaragly çozuş bolan halatynda her bir gatnaşyjy ýurt harby herekete başlamaga borçludyr. Bu ýörelge hemme guramalarda hökmany tertipde hereket etmeýär. Mysal üçin, NATO-da bileleşigiň haýsy hem bolsa bir agzasyna hüjüm edilmegi, umuman, tutuş gurama uruş yglan edilmegini aňladýar, emma SEATO-nyň esasnamasynda şolar ýaly düzgün ýokdy. Harby-syýasy guramalar anyk wezipeleri ýerine ýetirmek üçin döredilip bilner we maksatlara ýetilenden soň ýatyrylyp bilner ýa-da hemişelik esasda hereket eder.

Häzirki zaman harby bileleşikleriň özünden ozalkylary gadymy döwürden bäri belli. Anyk taryhda birinji birleşikler biziň eýýamymyzdan öň 691-nji ýylda döreýär. Bu Assiriýa garşy Midiý, Wawilon we Elam bileleşigi. Soňra Elliýsk, Aheýsk we Etoliýsk bileleşikleri döredildi. Şol wagt Orta Italiýada Latyn bileleşigi döredildi, soňra ol gadymy Rim döwleti boldy. Bu ähli bileleşikler häzirki zaman ähmiýetli harby guramalar däl-de, konfederasiýany ýatladýar. Orta asyrlardaky döwletleriň bileleşigi köp halatda uruş ýagdaýynda harby goldaw bilen çäklenýärdi we özara gatnaşygyň beýleki ugurlaryny özüne almaýardy. 1386-njy ýylda Windzor ylalaşygy bilen resmileşdirilen iňlis-portugal bileleşigi döredildi. Ol öz nobatynda Ispaniýanyň güýçlenmeginiň garşysyna gönükdirilen. Ol hakyky ýagdaýda häzirki gün hem bar, şeýlelik bilen, gadymy harby-syýasy gurama bolup durýar, emma barybir häzirki zaman bileleşigini aňlatmaýar. Täze

döwrüň bosagasynda umumy duşmanyň garşysyna birleşýän Ýewropa döwletleriniň birnäçe harby bileleşikleri döredildi. Şolar ýaly bileleşige Rim papasynyň ýardam bermegi bilen döredilen dini we katoliki ligalary, lýuteran we kalwinist döwletlerini birleşdirýän Protestant bileleşigini degişli edip bolar.

1668-nji ýylda Lýudowik XIV döwründe güýçlenýän Fransiýanyň garşysyna gönükdirilen Angliýanyň, Şwesiýanyň we Gollandiýanyň goşulmagynda üçler birleşigi döredildi. 1790–1815-nji ýyllar aralygynda rewolýusiýa we napoleon Fransiýasynyň garşysyna göreşmeklige ugur alýan birnäçe bileleşikler döredildi. 1815-nji ýylda Napoleon urşundan soň bellenilen dünýä düzgünini berkitmek, şeýle hemÝewropada rewolýusiýa ýol bermezlik maksady bilen, Prussiýanyň, Russiýanyň we Awstriýanyň arasynda Mukaddes bileleşik döredildi. 1832-nji ýylda Fransiýada bolup geçen nobatdaky rewolýusiýadan soň bu bileleşik dargady. Häzirki zaman görnüşine ýakyn harby-syýasy guramalar XIX asyryň ikinji ýarymynda döräp başlady. Hut şol bileleşikleriň döremegi, has takygy, Ýewropanyň harby-syýasy guramalary bolan Antanta (Russiýa we Fransiýa) we Dörtler birleşigi (Awstro-Wenger we Osman imperiýalary, Germaniýa, Bolgariýa) Birinji Jahan urşunyň başlanmagynyň aýgytly faktory boldy. Nasistik Germaniýanyň, faşistik Italiýanyň, imperatorlyk Ýaponiýanyň we birnäçe beýleki ýurtlaryň harby bileleşigi Ikinji Jahan urşunyň esasy sebäbi boldy. Sowuk uruş diýlip atlandyrylan döwürde harby-syýasy guramalary döretmek Günbatar ýurtlar bilen SSSR-iň arasynda garşy durmagyň esasy boldy. Olardan täze Jahan urşuna başlamak howpy döreýärdi, emma olar şol bir wagtda urşuň bökdemegine hyzmat etdi.

XX asyryň harby-syýasy guramalary diňe bir ählumumy däl, eýsem, sebit derejesinde hem hereket etdi. Jahan uruşlarynyň arasynda sebit meselelerini çözmeklige we wersal dünýä düzgünini saklamaklyga gönükdirilen birnäçe ýerli bileleşikler döredildi. Olara Kiçi, Ortaýer deňiz, Balkan, Ýakyn Gündogar, Baltika bileleşikleri degişlidir. Sowuk uruş döwründe hem birnäçe sebit bileleşikleri döredildi, olaryň esasy maksady kommunistik döwlet gurluşynyň ýaýramagyna ýol bermezlikdi. Olara SEATO (Günorta-Gündogar Aziýa),

(SENTO (Ýakyn Gündogar), ANZÝUK (Aziýa-Ýuwaş umman sebiti) degişlidir.

Harby syýasatyň ýörelgeleri döwletiň harby syýasatynyň maksatlaryny, häsiýetini we ugurlaryny kesgitleýän has wajyp gönükdirilmedir. Harby syýasatyň düýp esasy we anyk mazmuny obýektiw we subýektiw faktorlaryň jemi bilen şertlendirilen. Şolar sebäpli harby syýasat köp halatda durnukly we uzak möhletli häsiýetde bolýar. Olardan aýrylmak adat boýunça harby-syýasy ýagdaýyň düýpli özgerişinde, döwletiň daşary syýasatynyň umumy maksatlarynyň we ileri tutulýan taraplarynyň, şeýle hem olaryň harby-syýasy ugurlarynyň üýtgedilmeginde ýüze çykýar. Harby syýasatyň esasy ýörelgeleri şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– onuň uzak möhletli syýasy maksatlara we ýurduň hem-de dünýäniň anyk harby-syýasy ýagdaýlaryna laýyklygyny;
– hemişelik harby-syýasy meseleleri çözmek üçin syýasy, ykdysady, diplomatik we harby çäreleriň ulanylyşyny sazlaşdyrmagy;
– öz ýurdunyň durmuş-ykdysady we harby-strategik artykmaçlygyny ulanmaklygy;
– duşman ýurtlaryň harby ulgamynyň güýçsüz we gowşak ýerini, şeýle hem olaryň gatnaşyk ulgamynyň gapma-garşylygyny ýüze çykarmaklygy we ulanmaklygy;
– has az ahlak-syýasy we maddy çykdajylar esasynda harby-syýasy we strategik wezipeleri çözmegi;
– öz tarapyna mümkin boldugyça köp sanly ýaranlary çekmegi we olaryň bilelikdäki tagallalarynyň bitewüligini üpjün etmegi;
– ähtimal duşmanlaryň yzygiderli çetleşdirilmegini we güýçsüzlendirilmegini.

## 7.2. Halkara harby-syýasy guramalar

*Demirgazyk Atlantik Ylalaşygy Guramasy* (North Atlantic Treaty Organization, NATO) – Ýewropanyň köp sanly ýurtlaryny, ABŞ we Kanadany birleşdirýän harby-syýasy bileleşik. NATO Ýewropany

sowet täsirinden goramak maksady bilen 1949-njy ýylyň 4-nji aprelinde ABŞ-da döredildi. Şol wagt 12 döwlet guramanyň agzasydy: ABŞ, Kanada, Islandiýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, Norwegiýa, Daniýa, Italiýa we Portugaliýa. Häzirki wagtda 29 döwlet guramanyň agzasydyr. NATO agza ýurtlaryň wajyp bähbitlerine degişli, şol sanda olaryň howpsuzlygyny howp astyna goýmaga ukyply islendik meseleler boýunça maslahatlary geçirmek üçin «transatlantik forumdyr». Resmi dili iňlis we fransuz. Baş edarasy Brýussel şäherinde ýerleşýär. NATO-nyň resmi maksatlarynyň biri islendik agza ýurtlaryň çägine bolan çozuşyň islendik görnüşini saklamagy üpjün etmek ýa-da ondan goramak. 1949-njy ýylyň Demirgazyk Atlantik ylalaşygyna laýyklykda, NATO öz öňünde Demirgazyk Atlantik sebitiniň durnuklylygyny berkitmek we maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak maksadyny goýýar. Gatnaşyjy ýurtlar öz tagallalaryny bilelikdäki goranyşy döretmek hem-de parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak maksady bilen birleşdiler.

Çözgütleri kabul edýän Baş syýasy edarasy Demirgazyk Atlantik geňeşidir. NATO-nyň Parlament assambleýasy howpsuzlyk meseleleriniň kanunçylygyny ara alyp maslahatlaşmak üçin hereket edýär. NATO-nyň ýaragly güýçleriniň harby gullukçylarynyň sany 3200-e golaý. Resmi däl görkezme boýunça guramanyň agzalary goranyş üçin jemi içerki önümiň 2%-den az bolmadyk serişdelerini harç etmeli. 2016-njy ýylda guramany ýaraglandyrmaga harçlanan serişdeler 918,3 mlrd dollara deň boldy. Ýurdumyzyň iri halkara guramalary we düzümleri, şol sanda NATO bilen oňyn hyzmatdaşlygy ösdürmek hemişelik bitaraplyk derejesine we parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry bolup durýar. Demirgazyk Atlantik ylalaşygy guramasy Bitarap Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär. Türkmenistan umumy ykrar edilen ylalaşdyryjy merkez bolmak bilen, Merkezi Aziýa sebitinde möhüm orun eýeleýär. Türkmenistanyň we Demirgazyk Atlantik Ylalaşygy guramasynyň «Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» maksatnamasynyň çäklerinde üstünlikli gatnaşyklar ösdürilýär. Şol gatnaşyklar birek-

-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk we taraplaryň hoşniýetli erk-islegi esasynda guralýar. Ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek bilen bir hatarda, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda tebigy betbagtçylyklaryň howpuny ýa-da netijelerini aradan aýyrmak, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, halkara terrorçylygyna we guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmek çäreleri bar. Şunda ynsanperwer ulgamda, hususan-da, ylym-bilim ulgamynda gatnaşyklary pugtalandyrmaga möhüm orun berilýär. Bu ulgamy kämilleşdirmek bolsa Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

*Sebit goranyş ulgamy* (Regional security system, RSS) – sebitde goranyş we howpsuzlyk boýunça halkara ylalaşyk. Esasy iş ugry: bilelikde howpsuzlygy üpjün etmek, tebigy betbagtçylygyň netijelerini aradan aýyrmak, ylalaşyga gatnaşyjy ýurtlaryň konstitusion gurluşyny goramak, neşe (narkotik) serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek. Guramanyň agzalary: Antigua we Barbuda, Barbados, Dominika, Grenada, Sent-Kits we Newis, Sent-Lýusiýa, Sent-Winsent we Grenadiny.

*Kollektiw howpsuzlyk şertnamasy guramasy,* KHŞG (Collective Security Treaty Organization, CSTO, Организация Договора о коллективной безопасности, ОДКБ) – parahatçylygy, halkara we sebit howpsuzlygyny we durnuklylygyny berkitmek, kollektiw (köpçülikleýin) esasda agza ýurtlaryň garaşsyzlygyny, tutýan meýdanynyň bitewüligini we özygtyýarlygyny goramak maksady bilen, 1992-nji ýylyň 15-nji maýynda döredilen sebit halkara guramasy. BMG-niň Baş Assambleýasy 2004-nji ýylyň 2-nji dekabrynda KHŞG-ä Baş Assambleýada synçy derejesini bermek boýunça rezolýusiýa kabul etdi. Kollektiw howpsuzlyk şertnamasy guramasy harby howpdan başga-da, halkara terrorizme, neşekeşlige, bikanun migrasiýa, serhedüsti guramaçylykly jenaýatçylyga, kiberjenaýatçylyga garşy göreşmek ýaly meseleler bilen hem meşgullanýar. Kollektiw howpsuzlyk şertnamasy guramasynyň wezipesi şertnamanyň agza ýurtlarynyň territorial-ykdysady giňişligini goşunlaryň we kömekçi bölümleriň bilelikdäki

tagallalary esasynda islendik daşary harby-syýasy çozuşlardan, halkara terrorçylykdan, şeýle hem uly möçberli tebigy betbagtçylyklardan goramakdyr. Häzirki wagtda 6 döwlet, Belarussiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Ermenistan, Russiýa we Täjigistan guramanyň agzasydyr. Baş edarasy Moskwa şäherinde ýerleşýär. Guramanyň ýokary edarasy kollektiw howpsuzlyk Geňeşidir. Onuň düzümine agza ýurtlaryň döwlet baştutanlary girýär. Geňeş guramanyň işiniň esasy meselelerine garaýar we onuň maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen çözgütleri kabul edýär, şeýle hem bu maksatlary ýerine ýetirmek üçin agza ýurtlaryň bilelikdäki işlerini we hereketlerini sazlaşdyrýar. Daşary işler ministrler Geňeşi Guramanyň maslahatçy we ýerine ýetiriji edarasy bolup, agza ýurtlaryň daşary syýasatlarynyň özara gatnaşygyny sazlaşdyrmak meseleleri bilen meşgullanýar. Goranyş ministrler Geňeşi agza ýurtlaryň harby syýasatynyň, harby gurluşygynyň we harby-tehniki hyzmatdaşlygynyň özara gatnaşygyny sazlaşdyrmak meseleleri boýunça Guramanyň maslahatçy we ýerine ýetiriji edarasy.

*Goşulyşmazlyk hereketi* (Non-Alignment Movement) – harby bileleşiklere gatnaşmazlyk ýörelgelerine esaslanýan, halkara parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge ýardam berýän, dünýäniň 120 döwletini özüne birleşdirýän halkara syýasy gurama. Resmi agzalardar başga-da, 17 döwlet we 10 halkara gurama Goşulyşmazlyk hereketinde synçy derejesine eýedir. Goşulyşmazlyk hereketi resmi taýdan 1961-nji ýylyň sentýabrynda Belgrad maslahatynda döredildi. Baş edarasy Indoneziýanyň Jakarta şäherinde ýerleşýär. Döwletleriň herekete gatnaşmagynyň şertleri özüne şu aşakdaky talaplary alýar: 1. Döwletiň dürli syýasy we jemgyýetçilik ulgamlara ýa-da juda bolmasa şol ýörelgelere raýdaşlyk bildirip, parahat ýaşamak ýörelgelerine esaslanýan garaşsyz syýasaty alyp barmak. 2. Milli azat ediş hereketlerini hemişe goldamak. 3. Islendik köptaraply harby bileleşiklere girmezlik. 4. Öz ýurduň çäginde daşary ýurt harby goşunlaryny döretmezlik. Goşulyşmazlyk hereketi XX asyryň ikinji ýarymynda halklaryň parahatçylyk, ýaragsyzlanmak, azatlyk, demokratiýa we durmuşy ösüş ugrundaky göreşlere aýratyn täsirini ýetirdi.

Goşulyşmazlyk hereketine gatnaşyjy ýurtlaryň maslahatlaryndaky çözgütler, olaryň Birleşen Milletler Guramasyndaky wekilleriniň amaly işlerinde, BMG-niň dürli edaralarynyň rezolýusiýalarynda öz beýanyny tapdy. Bu bolsa Goşulyşmazlyk hereketiniň abraýynyň we zerur halkara güýjüniň ýokarlanmagyna getirdi. Goşulyşmazlyk hereketi, hakykatdan-da, BMG-den soň möhüm ähmiýetli maksatnamalary amala aşyrmaga ukyply bolan ikinji iri halkara gurama bolup durýar. 120 döwletiň, ýagny BMG-niň agzalarynyň 60%-niň gatnaşmagy hereketiň çözgütleriniň ähmiýetini iki esse artdyrýar. Türkmenistan Goşulyşmazlyk hereketiniň agzasy bolmak bilen parahatçylykly ösüş meseleleri boýunça umumy garaýyşlary işläp taýýarlamaga we amala aşyrmaga işjeň gatnaşýar. Goşulyşmazlyk hereketiniň Aşgabatda geçirilen ministrlikler maslahatynda Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe ugry boýunça Lapis Lazuli taslamasynyň amala aşyrylmagy makullanyldy. Taslama laýyklykda demir we awtoulag ýollary Owganystanyň Turgundy şäheri bilen Aşgabady birleşdirip, soňra Türkmenbaşy portuna barar. Geçelge Baku şäherine çenli, soňra Tbilisiden Poti we Batumi şahalarynyň üsti bilen Ankara, ondan soň Stambula barar. Goşulyşmazlyk hereketiniň 2018-nji ýylda Bakuwda geçiren maslahatynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşyk taslamalaryny amala aşyrmak boýunça tagallalary görkezýän deklarasiýa kabul edildi.

*Arkalaşyk* (The Commonwealth) ýa-da *Milletleriň arkalaşygy* (Commonwealth of Nations), 1946-njy ýyla çenli Milletleriň Britan arkalaşygy (British Commonwealth of Nations) – garaşsyz döwletleriň meýletin birleşigi bolup, onuň düzümine Beýik Britaniýa we öň onuň golastynda bolan we howandarlyk eden ýurtlary girýär. Şeýle hem Mozambik, Ruanda, Namibiýa we Kamerun arkalaşygyň agzasydyr. Häzirki wagtda 54 döwlet arkalaşygyň agzasydyr. Arkalaşyga agza bolmak, onuň işiniň esasy maksatlaryny ykrar edýän ähli döwletler üçin açykdyr. Adat boýunça Arkalaşygyň Baştutany Beýik Britaniýanyň monarhy. Ol Arkalaşygyň baştutany hökmünde hiç hili wezipäni ýerine ýetirmeýär, onuň iş wezipesi we orny diňe nyşan, hormat hökmünde garalýar. Arkalaşygyň 17 döwletinde Beýik Britaniýanyň

monarhy ýuridik taýdan döwlet baştutany bolup durýar, şol bir wagtda ol hiç hili wezipeleri ýerine ýetirmeýär. Arkalaşygyň administratiw ýolbaşçylygyny Müdiriýet amala aşyrýar, onuň baş edarasy 1965-nji ýyldan bäri London şäherinde ýerleşýär. Arkalaşyga girýän döwletler öz aralarynda adaty diplomatik gatnaşyklary saklaýar.

*Bäş döwletiň goranyş ylalaşygy* (Five-Power Defense Agreement, FPDA) – 1971-nji ýylda Malaýziýa ýarymadasyny ýa-da Singapury daşarky çozuşdan ýa-da hüjüm etmek howpundan goramak maksady bilen döredilen halkara harby hyzmatdaşlyk guramasy. Bäş döwletiň goranyş ylalaşygyna Awstraliýa, Beýik Britaniýa, Malaýziýa, Täze Zelandiýa, Singapur girýär. 1971-nji ýylyň aprelinde Kuala-Lumpur şäherinde bäş döwletiň goranyş edaralarynyň baştutanlarynyň geçiren duşuşygynda hyzmatdaşlygyň maksatlary we şertleri kesgitlendi. Onda eger Malaýziýa ýa-da Singapura harby çozuş bolaýan halatynda, ylalaşyga gatnaşyjylar haýal etmän görülmeli çäreler barada bilelikde ýa-da bir-birine garaşsyz maslahata girişmeli. Ylalaşyk goranmak boýunça hyzmatdaşlygy, Malaýziýada we Singapurda howa hüjüminden goranmagyň toplumlaýyn ulgamyny ýerleşdirmegi göz öňünde tutýar. 1997-nji ýyldan bäri aýry döwletler tarapyndan geçirilýän harby-deňiz we howa tälim okuwlary birleşdirilen ýagdaýlarda amala aşyrylýar.

*Amerika ýurtlarynyň guramasy* (Organization of American states, OAS) – 1889-njy ýyldan bäri hereket eden PanAmerika bileleşiginiň esasynda 1948-nji ýylyň 30-njy aprelinde döredilen halkara gurama. Gurama özüne 33 döwleti birleşdirip, Amerika yklymynyň esasy syýasy, ýuridik we durmuşy güýji bolup çykyş edýär. Baş edarasy Waşington şäherinde ýerleşýär. Ýokary edaralary – Baş Assambleýa, Hemişelik geňeş, daşary işler ministrleriniň Maslahatlar mejlisi, Baş müdiriýet. Amerika ýurtlarynyň guramasynyň ýokary dolandyryjy edarasy bolan Baş Assambleýanyň ygtyýarlylygyna rezolýusiýalar we deklarasiýalar arkaly umumy syýasaty kesgitlemek, býujeti tassyklamak, gatnaşyjy ýurtlaryň gatançlarynyň möçberini kesgitlemek, guramanyň ýöriteleşdirilen edaralarynyň çykyşlaryny we ýyllyk hasabatlaryny diňlemek we ara alyp maslahatlaşmak hem-de şol edaralaryň düzüminiň agzalaryny saýlamak degişlidir. Gurama

agza ýurtlaryň arasynda parahatçylygy gazanmak maksady bilen döredildi. Tertipnamanyň 1-nji maddasynda guramanyň maksatlary «Parahatçylygy we adalatlylygy goldamak, raýdaşlyga ýardam bermek, hyzmatdaşlygy berkitmek we özygtyýarlygyny, öz territorial bitewüligini we garaşsyzlygyny goramak» bolup durýar diýlip görkezilen. Gurama özüniň baş ýörelgelerinden gelip çykýan esasy maksatlaryny netijeli amala aşyrmak üçin dört ugry ulanýar: demokratiýa, adam hukugy, howpsuzlyk we ösüş. Amerika ýurtlarynyň guramasynyň gün tertibiniň beýleki esasy ugurlaryna neşe söwdasyna, terrorçylyga, ýaraglaryň bikanun dolanyşygyna, korrupsiýa, tebigy betbagtçylyklaryň netijelerine garşy göreşmek meseleleri degişlidir. Soňky ýyllarda howpsuzlyk meselelerine bolan aýratyn üns güýçlenýär. Özara kömek baradaky Amerikara şertnama harby hyzmatdaşlygyň esasy bolup durýar, ol 1947-nji ýylda Rio-de-Žaneýroda gol çekilen Rio Paktydyr.

## 7.3. Halkara syýasy-medeni guramalaryň maksatlary we wezipeleri

Köptaraplaýyn medeni hyzmatdaşlyk häzirki zaman ynsanperwer halkara gatnaşyklarynyň esasy bolup durýar. Köptaraplaýyn gatnaşyklar hakyky syýasaty we häzirki zaman döwletara gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryny hem-de dünýäniň medeni ösüşiniň gidişini görkezýär. Olarda medeniýetiň ählumumylaşmagy we halklary birleşdirmegi, halkara gatnaşyklarynyň demokratiýalaşmagy ýaly zerur meseleler tassyknamasyny tapýar. Halkara gatnaşyklaryndaky köptaraplaýyn medeni hyzmatdaşlyk – bu medeniýet, ylym we bilim boýunça halkara we sebit guramalaryna gatnaşýanlaryň hyzmatdaşlygy. Medeniýet düşünjesine din, ylym, bilim, adamlaryň özüni alyp barşynyň ahlak we ruhy kadalary girýär. Köptaraplaýyn medeni hyzmatdaşlyk gatnaşyjylaryň giň toparyny we dürli görnüşlerini, ugurlaryny we iş usullaryny göz öňünde tutýar.

Medeniýet işi jemläniňde ählumumy häsiýetde bolýar. Medeni gymmatlyklara – ahlak we estetiki nusgalar, özüňi alyp barmagyň ka-

dalary we göreldeleri, diller, dialektler we gepleýişler, milli däp-dessurlar we adatlar, taryhy ýer-ýurt atlary, halk döredijiligi, çeperçilik we senetçilik, medeni we sungat eserleri, taryhy-medeni ähmiýeti bolan binalar, desgalar, predmetler we tehnologiýalar, taryhy-medeni nukdaýnazardan seýrek duş gelýän territoriýalar we obýektler degişlidir. Adam mertebesini goldamak üçin adalatlylyk, erkinlik we parahatçylyk esasynda ähli ilatyň arasynda medeniýeti we bilimi giňişleýin ýaýratmak zerurdyr, ony özara hyzmatdaşlygyň esasynda amala aşyrmaly.

Köptaraplaýyn medeni hyzmatdaşlyk diňe täze döwürde, ýagny häzirki zaman halkara gatnaşyklar ulgamynyň döremegi bilen işjeň ösüp başlady. Döwletleriň diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy köptaraplaýyn esasda medeni gatnaşyklaryň işjeň ösmegine getirdi. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk halkara guramalaryň işlerine gatnaşmak esasynda has üstünlikli amala aşyrylýar. 1966-njy ýylyň 4-nji noýabrynda bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça BMG-niň Baş maslahatynda halkara medeni hyzmatdaşlygyň ýörelgeleriniň Deklarasiýasy kabul edildi. Bu deklarasiýanyň 1-nji maddasynda şeýle ýazylan:

1. Her bir medeniýet mertebä we gymmatlyga eýedir, olary hormatlamaly we gorap saklamaly;
2. Öz medeniýetiňi ösdürmek her bir halkyň hukugy we borjy bolup durýar;
3. Olaryň köpdürlüliginde we özara täsirliliginde ähli medeniýetler adamzadyň umumy emläginiň bölegi bolup durýar.

Halkara medeni hyzmatdaşlygynyň maksatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1. Bilimleri ýaýratmak, zehinleri ösdürmäge we dürli medeniýetleri baýlaşdyrmaga ýardam bermek;
2. Halklaryň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklary we dostlugy ösdürmek, her bir adamyň ýaşaýyş ýörelgesine dogry düşünilmegine ýardam bermek;
3. BMG-niň deklarasiýalarynda yglan edilen ýörelgeleri ulanmaklyga ýardam etmek;

4. Her bir adama ähli halklaryň sungatyny we edebiýatyny bilmeklige mümkinçilik döretmek, dünýäniň ylmy ösüşine gatnaşmak, onuň eşretlerini peýdalanmak we medeni durmuşy baýlaşdyrmaga ýardam bermek;
5. Dünýäniň ähli böleginde adamyň maddy we ruhy durmuş şertlerini gowulandyrmak.

Ynsanperwer hyzmatdaşlyk milletara gepleşikleri ýola goýmagyň, agzybirligi gazanmagyň we halklaryň arasyndaky özara düşünişmegi üpjün etmegiň has netijeli serişdesi bolup durýar. Netijede, hut medeni-ynsanperwer meseleler häzirki zaman ählumumy dolandyrmagyň köp merkezli ulgamlaryny döretmeklige we ösdürmeklige has ýokary derejede täsirini ýetirýär. Halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmegiň düýp özeni öňdebaryjy halkara hökümetara guramalar bilen özara gatnaşyk bolup durýar. Bu hyzmatdaşlykda BMG-niň ulgamynda ynsanperwer meselelere jogapkär bolan bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça gurama aýratyn orun degişlidir. Hut ol medeniýeti «sungatdan we edebiýatdan başga-da ýaşaýyş ýörelgeleri, adamyň esasy hukuklaryny, gymmatlyklary, däp-dessurlary we garaýyşlary özüne alýan jemgyýeti we durmuş topary häsiýetlendirýän ruhy we maddy, intellektual we ykdysady alamatlaryň jemi» hökmünde garaýar. Bu guramanyň işinde soňky onýyllyklarda dünýäniň medeni ulgamyny ösdürmeklige we bütindünýä medeni maddy we maddy däl mirasy gorap saklamaklyga düýpli ähmiýet berildi. ÝUNESKO-nyň medeni köpdürlülik barada ählumumy deklarasiýasy (2001 ý.), medeni maddy däl mirasy goramak boýunça Halkara konwensiýasy (2003 ý.) häzirki zaman dünýäde ösen medeni gatnaşyklara täzeçe düşünmegiň esasyny goýdy. Mysal üçin, «medeni harytlar we hyzmatlar» düşünjesi ilkinji gezek täze many aldy: ol hem ykdysady hem-de medeni häsiýete eýe boldy. Medeni gatnaşyklar – halklaryň arasyndaky aragatnaşygyň hemişelik we iň netijeli düzüm bölegi. Hut medeniýet giň manyda biziň durmuşymyzyň ruhy gymmatlyklaryny gorap saklaýan we toplaýan ulgamyny özüne alýar, olaryň haýsy millete degişlidigine garamazdan, adamlaryň özara düşünişmegi we durnukly özara gatnaşygy üçin esas döredýär.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigindäki tutýan ornuny we abraýyny diňe bir onuň tebigy, syýasy-ykdysady däl, eýsem, halkymyzyň medeni baýlyklary kesgitleýär. Türkmenistan zerur bolan kuwwatlyklara eýe bolup, dünýäniň ruhy-ahlaklygynda öňdebaryjysy, ruhlulyk we medeniýet daýanjy bolmaga uly mümkinçiligi bar. Bu maksatlara ýetmek üçin häzirki wagtda baý medeni mirasymyz ösdürilýär, içeri (aýratyn hem, innowasion medeniýeti ösdürmek), şeýle hem daşary medeni syýasat (Türkmenistanyň dünýäniň medeniýet giňişligine ulgamlaýyn esasda işjeň goşulyşmagy) ulgamlaýyn kämilleşdirilýär. Asyrlaryň dowamynda toplanan Türkmenistanyň baý ruhy-medeni kuwwatlyklary onuň dünýäniň medeni giňişliginde tutýan beýik ornuny kesgitleýär. Şol bir wagtda türkmen medeniýetiniň ösüşiniň taryhy aýratynlyklary beýleki ýurtlaryň we halklaryň medeniýeti üçin açyklygy we kabul edijiligi bilen tapawutlanýar. Halkara medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk syýasaty türkmen döwletiniň halkara giňişligindäki syýasatynyň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýar. Özara bähbitli halkara medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasyny düzýän maksatlara ýetmäge we netijeliligini ýokarlandyrmaga düýpli goşandyny goşmaga ukyplydyr.

## 7.4. Halkara syýasy-medeni guramalar

*Türki halklaryň medeniýetiniň halkara guramasy* (International Organization of Turkic Culture) 1993-nji ýylyň 12-nji iýulynda türki dilli halklaryň arasyndaky ruhy gatnaşyklary dikeltmek maksady bilen döredilen halkara gurama. Baş edarasy Ankara şäherinde ýerleşýär. Guramanyň esasy maksady türki halklaryň umumy maddy we medeni ýadygärliklerini goramak, ösdürmek we geljekki nesillere geçirmek. Türki halklaryň medeniýetiniň halkara guramasy 2009-njy ýyldan başlap ÝUNESKO bilen özara hyzmatdaşlygy alyp barýar. Türki halklaryň medeniýetiniň halkara guramasy 2009-njy ýylda türki ýurtlaryň geosyýasy guramasy bolan Türki geňeşiň düzümine girdi. Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşi 2009-njy ýylyň oktýa-

brynda döredildi. Ylalaşyga laýyklykda, oňa Türkiýe Respublikasy, Azerbaýjan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy we Gyrgyzystan Respublikasy gatnaşýar. Türkmenistan bu ýerde synçy hökmünde wekilçilik edýär. Döwlet Baştutanymyz hormatly myhman hökmünde türki dilli döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygyna birnäçe gezek gatnaşdy. Häzirki wagtda ähli türki dilli garaşsyz ýurtlar bolan Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Türkiýe we Özbegistan guramanyň agzalarydyr. Gagauz awtonom Respublikasy we Demirgazyk Kipr guramada synçy derejesine eýedir. Gurama türki halklaryň maddy we maddy däl medeni mirasyny goramak boýunça işleri alyp barýar. Hususan hem, taryhy we medeni ýadygärlikleri täzeden dikeltmek, halk döredijiligi, adatlary we däp-dessurlary öwrenmek, şeýle hem türki halklaryň seýrek duş gelýän taryhy-medeni, arhitektura we arheologik ýadygärliklerini gorap saklamak boýunça işleri ýerine ýetirýär. «Türk dünýäsiniň medeni paýtagty» taslamasy halkara giňişliginde türki halklaryň medeniýetini görkezmäge mümkinçilik berýär. Bu taslama 2012-nji ýylda Astana şäherini medeni paýtagt hökmünde yglan edilmegi bilen başlandy. Soňra türki halklaryň medeni paýtagty 2013-nji ýylda Eskişehir (Türkiýe), 2014-nji ýylda Kazan (Russiýa), 2015-nji ýylda Mary (Türkmenistan), 2016-njy ýylda Şeki (Azerbaýjan), 2017-nji ýylda Türküstan (Gazagystan) şäherleri boldy. Türki halklaryň medeniýetiniň halkara guramasy 2014-nji ýyly Magtymguly ýyly diýip yglan etmek bilen, şahyryň örän baý edebi we ylmy-pelsepewi mirasyny öwrenmek hem-de dünýä derejesinde wagyz etmek işine uly goşant goşdy.

*Halkara Frankofoniýa guramasy* ýa-da *Frankofoniýa* (Organization internationale de la Francophonie) – dünýäniň fransuz dilli ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň halkara hökümetara guramasy. Ol özüne 58 agza ýurtlary we 26 synçy döwletleri birleşdirýär. Gurama girmegiň esasy şerti ol ýa-da beýleki ýurduň ilatynyň fransuz dilini bilmek derejesi däl-de, has dogrusy, onlarça ýyllaryň we hatda asyrlaryň dowamynda Fransiýa bilen emele gelen medeni gatnaşyklar bolup durýar. Frankofoniýa häzirki zaman görnüşinde 1970-nji ýyldan bäri hereket edýär. Baş edarasy Pariž şäherinde ýerleşýär. Guramanyň

şygary bolup «deňlik, özara üstüni ýetirmek, raýdaşlyk» ýaly fransuz dana sözleri hyzmat edýär. Fransuz diliniň esasy ýaýran ýeri – bu, elbetde, Ýewropa (Fransiýa, Belgiýa, Lýuksemburg we Şweýsariýa), Demirgazyk Amerika (Kwebek, Kanada) we Afrika. Öň Fransiýanyň golastynda bolan köp sanly tireli, taýpaly we milletli Afrika ýurtlary üçin fransuz dili ýokary medeni dil bolup hyzmat edýär. Guramanyň esasy iş ugry dünýäniň ähli yklymynda fransuz dilini öwrenmeklige ýardam bermek. Her ýylyň 20-nji martynda dünýäniň 70-den gowrak döwletinde halkara Frankofoniýa güni bellenilýär. Fransuz dili dünýäde ikinji öwrenilýän dil bolup durýar. Bu halkara habar beriş serişdeleriniň ikinji dili, halkara iş gatnaşygynyň üçünji we internet giňişliginiň dördünji dili. Fransuz dili ähli halkara guramalaryň wajyp iş dili. Häzirki wagtda 274 mln adam fransuz dilinde gürleşýär.

*Portugal dilli ýurtlaryň arkalaşygy* (Community of Portuguese Language Countries) 1996-njy ýylyň 17-nji iýulynda döredilen, resmi döwlet dili portugal dili bolan ýurtlary birleşdirýän halkara gurama. Arkalaşyga Portugaliýa we onuň öňki koloniýalary bolan Angola, Braziliýa, Gwineýa-Bisau, Kabo-Werde, Mozambik, San-Tome we Prinsipi, Gündogar Timor döwletleri girýär. Ekwatorial Gwineýa, Mawrikiý we Makao guramada synçy derejesine eýedir. 2005-nji ýylda Angolanyň paýtagty Luanda şäherinde geçirilen maslahatda Arkalaşygyň agzalary 5-nji maýy bütin dünýäde portugal diliniň we medeniýetiniň güni diýip kesgitlediler. Baş edarasy Lissabon şäherinde ýerleşýär. Portugal dilli ýurtlaryň arkalaşygy – özüniň doly hukukly agzalarynyň hyzmatdaşlyk arkaly dostlugyny, agzybirligini we ösüşini berkitmek maksady bilen döredilen halkara bileleşik. Arkalaşyk ýuridik we maliýe taýdan garaşsyz bolup, şu aşakdaky maksatlary ýerine ýetirmeklige ýöriteleşen:

– dünýä giňişliginde agza ýurtlaryň syýasy-diplomatik hereketlerini sazlaşdyrmak;
– agza ýurtlar bilen ähli ugurlar, şol sanda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet boýunça köptaraply hyzmatdaşlygy amala aşyrmak;
– Portugal dilini ýaýratmak we ony öwrenmegiň derejesini ýokarlandyrmak boýunça taslamalary amala aşyrmak.

Arkalaşygyň ileri tutulýan iş ugurlaryna dürli yklymlarda ýerleşen portugal dilli ýurtlaryň integrasiýasyny berkitmek, her bir gatnaşyjynyň öz bähbitlerini we demokratiýany goramak ukyplylygyny ýokarlandyrmak, garyplyk we açlyga garşy göreşmek degişlidir. Arkalaşyk halkara guramalarda öz agzalarynyň umumy bähbitlerini aýan edýär. Ykdysadyýetde halkara hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini hemişe ulanmagy zerur ýagdaý hökmünde garaýar.

*Ispanidad* (Hispanidad) – Ispan diliniň we onuň esasynda emele gelen medeniýetiň aýratyn orun tutýan köpmilletli halklaryň we döwletleriň birleşigi. Ispanidad birleşigine Latyn Amerikasynyň, Afrikanyň we Ýuwaş umman sebitiniň 23 döwleti girýär. Ispanidad konsepsiýasyny 1492-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Hristofor Kolumbyň ýolbaşçylygynda birinji ispanlaryň Amerika gelmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Ispan dili 333 mln gowrak adamyň ene dili bolup durýar (hytaý we iňlis dillerinden soň üçünji). Ispan dilinde umumy gürleşýän adamlaryň sany 395 mln-dan gowrakdyr. Häzirki syýasy integrasiýa döwründe Ispanidad birleşigine taryha hormat goýmak hökmünde garaýarlar. Ispaniýada her ýylyň 12-nji oktýabrynda Ispanidad Güni ýa-da «Ispaniýanyň milli baýramy» bellenilýär. Ol ispanlaryň öz medeni we ispan dilinde gürleýän ýurtlaryň bir umumy medeniýet baýramy.

*Niderland dili bileleşigi* (Dutch Language Union) – niderland dilini standartlaşdyrmak we ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, Niderlandlar we Belgiýa tarapyndan 1980-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda döredilen gurama. 2005-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Surinam döwleti guramanyň üçünji agzasy boldy. Esasy iş ugurlary:

- bir umumy dürs ýazuw ulgamyny işläp taýýarlamak.
- bilelikde maglumathana we şoňa meňzeş materiallary döretmek.
- niderland diliniň okadylyşynyň tejribesini toplamak we umumylaşdyrmak.
- niderland dili üçin mugallymlary we edebiýat terjimeçilerini taýýarlamagy artdyrmak.

- Ýewropa baglanyşygynda dil syýasaty.
- Germaniýanyň günbatar sebitlerinde, Fransiýanyň demirgazygynda we Belgiýanyň wallan böleginde niderland diliniň okadylmagyny goldamak.
- GAR, Namibiýa we Indoneziýa bilen diller gatnaşygyny ýola goýmak.
- niderland edebiýatçylarynyň baýragyny bermek (üç ýyldan bir gezek).

## 7.5. Halkara sport guramalary

Häzirki wagtda köp sanly halkara sport guramalary hereket edýär, olaryň sany hemişe artýar. Halkara sport guramalary – bu bedenterbiýe, beden medeniýeti we sport boýunça hökümete degişli bolmadyk bütindünýä we sebit halkara guramalary. Sport döwletiň halkara abraýynyň zerur bölegi bolup durýar. Halkara ýaryşlardaky ýeňişler, sport çärelerini guramagyň üstünlikleri döwletiň abraýyny ýokarlandyrýar. Şol sebäpli köp sanly öňdebaryjy ýurtlar öz ýerinde iri halkara ýaryşlary geçirmek boýunça bäsleşýärler. Häzirki zaman dünýäde sport halkara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi boldy. Ol barada birnäçe wajyp halkara resminamalar şaýatlyk edýär. Olara sportda hukuk düzgünini berkitmek we oňa hemmeleriň gatnaşmak mümkinçiligini üpjün etmek boýunça ÝUNESKO-nyň hereketler Meýilnamasy; BMG-niň Adam hukugy boýunça Geňeşiniň «sportuň üsti bilen adam hukugyny we olimpiýa hereketiniň göreldesini höweslendirmek» Rezolýusiýasy; Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahatyň howpsuzlygy döretmekde sportuň wajyp ornuny belläp geçýän jemleýji karary degişlidir. Sportuň halkara gatnaşyklar ulgamyna çekilmegi bilen sport diplomatiýasynyň döremegini baglanyşdyrýarlar, ol soňky wagtda diplomatik işiň görnüşi hökmünde işjeň ösýär. Sport diplomatiýasy, hakykatda, halkara meseleleri çözmekde wajyp ähmiýete eýedir. Oňa aýdyň mysal bolup, ping-pong ýaly sportuň görnüşi arkaly 1971-nji ýyldan başlap HHR bilen ABŞ

arasyndaky gatnaşyklaryň ýola goýulmagy hyzmat edýär. Köp sanly halkara sport guramalarynyň arasynda Halkara olimpiýada komitetine aýratyn orun degişlidir.

*Halkara olimpiýa komiteti* (International Olympic Committee) olimpiada oýunlaryny dikeltmek we olimpiýa oýunlaryny wagyz etmek maksady bilen 1894-nji ýylyň 23-nji iýunynda döredilen halkara gurama. Baş edarasy Şweýsariýanyň Lozanna şäherinde ýerleşýär. Her ýylyň 23-nji iýunynda Halkara Olimpiýa güni bellenilýär. Halkara olimpiýa komitetiniň esasy wezipesi Olimpiýa hartiýasyna laýyklykda olimpiýa hereketlerine we olimpiada oýunlarynyň ösdürilmegine ýolbaşçylyk etmek. Halkara olimpiýa komiteti sporty we sport ýaryşlaryny guramagy we ösdürmegi höweslendirýär, olimpiada oýunlarynyň wagtly-wagtynda geçirilmegini üpjün edýär. Halkara olimpiýa komitetine olimpiada oýunlarynyň ähli hukuklary degişlidir. Şol bir wagtda, olimpiada oýunlary geçirmegi guramagyň wezipelerini Halkara olimpiýa komiteti amala aşyrmaýar, ony oýunlary geçirýän ýurtda döredilen Guramaçylyk komiteti ýerine ýetirýär. Halkara olimpiýa komitetini maliýeleşdirmegiň ýeke-täk çeşmesi – bu hususy bölekdir. 1984-nji ýyla çenli Halkara olimpiýa komiteti 80% býujetini lotereýalary we ýadygärlik şaýy pullary satmakdan gazanýardy. Ondan soňky ýyllarda geçirilen olimpiadalarda esasy girdejini teleýaýlymlarda alyp görkezmeklige we hemaýatkärlik-lisenziýa işlerine hukugy satmakdan gazanýarlar. Halkara olimpiada komitetiniň gazanan pullary olimpiýa hereketlerini goldamaklyga, ýagny milli olimpiýa komitetlerine gönükdirilýär.

Halkara olimpiada komitetiniň ygtyýarlylygyny onuň edaralary bolan mejlis, ýerine ýetiriji komitet we prezident amala aşyrýar. Mejlis (ýylda bir gezek geçirilýär) Halkara olimpiýa komitetiniň ýokary edarasy bolup durýar we onuň çözgütleri gutarnykly. Mejlis Olimpiýa hartiýasyna düzedişleri kabul edýär ýa-da girizýär, Halkara olimpiýa komitetiniň agzalaryny saýlaýar, prezidenti, wise-prezidentleri we ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryny saýlaýar, olimpiada oýunlaryny gurnaýan şäheri saýlaýar, Halkara olimpiýa komitetiniň ýyllyk ha-

sabatyny we býujetini tassyklaýar. Halkara olimpiýa komitetiniň agzalary Milli olimpiýa komitetleri bolman, eýsem, 115 adamdan köp bolmadyk fiziki şahslar bolup durýar. Olaryň 70-si hiç hili wezipe we işiň görnüşi bilen bagly bolmadyk agzalar, 15-si häzirki wagtda çykyş edýän türgenler, 15-si sport federasiýalarynyň ýa-da olaryň assosiasiýalarynyň wekilleri, 15-si milli olimpiýa komitetleriň ýa--da olaryň assosiasiýalarynyň wekilleri. Milli olimpiýa komitetleri Halkara olimpiýa komitetiniň ykrar etmegi esasynda hereket edýär. Häzirki wagtda Halkara olimpiýa komiteti tarapyndan ykrar edilen milli olimpiýa komitetleriniň 206-sy hereket edýär. Şolaryň 193-si BMG-niň agza ýurtlary. Milli olimpiýa komitetleri öz yklymyndaky olimpiada assosiasiýalaryna garaşlydyr.

*Aziýa olimpiýa geňeşi* (Olympic Council of Asia, OCA) – özüne Aziýanyň 45 döwletiniň milli olimpiýa komitetlerini birleşdirýän halkara olimpiýa guramasy. Gurama 1982-nji ýylyň 16-njy noýabrynda döredildi. Baş edarasy El-Kuweýt şäherinde ýerleşýär. Guramanyň başda durmagynda Aziýa oýunlary (Aziada) geçirilýär. 2017-nji ýylyň 17–27-nji sentýabrynda Aşgabatda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary geçirildi.

*Halkara paralimpiýa komiteti* (International Paralympic Committee) – paralimpiada hereketleri dolandyrýan, hökümete degişli bolmadyk halkara gurama. Gurama 1989-njy ýylda döredildi. Ony döredijilere maýyplar üçin sport federasiýasy, şeýle hem dürli ýurtlaryň milli maýyplar sport guramalarynyň 42-si degişlidir. Baş edarasy Germaniýanyň Bonn şäherinde ýerleşýär. Komitet paralimpiada oýunlaryny geçirmek meseleleri boýunça çözgütleri kabul edýär, şeýle hem sportuň birnäçe paralimpiýa görnüşleri üçin sport federasiýasy bolup durýar. Halkara paralimpiýa komiteti paralimpiada oýunlaryna sportuň haýsy görnüşleriniň girizilmegini, oýunlary guramagyň umumy beýanyny, ulanylmaly standartlary kesgitleýär. Emma paralimpiýa oýunlary gös-göni guramagy Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlary geçirmek üçin degişli döwletde döredilen Olimpiada oýunlarynyň Guramaçylyk komiteti amala aşyrýar. Häzirki wagtda milli paralimpiýa komitetleriniň 161-i, sebit guramalarynyň (yklym-

lar boýunça) 5-i, halkara sport federasiýalarynyň (sportuň görnüşleri boýunça) 10-sy we maýyplar üçin halkara sport guramalarynyň 4-si Halkara paralimpiýa komitetiniň agzasy bolup durýar. Halkara paralimpiýa komitetiniň ýokary edarasy onuň agzalarynyň Baş Assamleýasy bolup durýar, ol her iki ýyldan bir gezek geçirilýär.

*Sport ylmy we bedenterbiýe boýunça Bütindünýä geňeşi* (International Council of Sport Science and Physical Education, ICSSPE) sporty we bedenterbiýäni ösdürmek bilen gyzyklanýan milli we halkara guramalaryň we edaralaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmek maksady bilen 1958-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda döredildi. Baş edarasy Berlin şäherinde ýerleşýär. Sport ylmy we bedenterbiýe boýunça Bütindünýä geňeşi sporta we bedenterbiýä girizilen medeni gymmatlyklary ylmy, okuw we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan ykrar etmeklerini üpjün etmäge çalyşýar, edebiýatlary we ylmy maglumatlary alyşmaga, şeýle hem dürli ýurtlaryň sport ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriniň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam berýär. Geňeş sport we bedenterbiýe boýunça ylmy barlaglary geçirýär, sport temalaryny işläp taýýarlaýan sungat we ylmy işgärler bilen hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Geňeş we onuň komissiýalary dürli temalar boýunça öz işlerini hünär okuwy, maslahatlar, mejlisler görnüşinde alyp barýar.

*Köpçülikleýin sporty ösdürmeklige ýardam berýän Halkara assosiasiýa* (The Association For International Sport for All, TAFISA) – saglyk, şadyýanlyk, bütin dünýäniň adamlary bilen aragatnaşygy saklamak üçin fiziki işjeňligi höweslendirmeklige gönükdirilen işleri alyp barýan halkara gurama. TAFISA – köpçülikleýin sportuň dünýä hereketiniň esasy guramasy bolup, onuň düzümine 200-den gowrak agzalar we 130-dan gowrak gatnaşyjy ýurtlar girýär. Assosiasiýa 1991-nji ýylda döredildi, baş edarasy Maýne boýundaky Frankfurtda (GFR) ýerleşýär. Assosiasiýanyň esasy maksatlary: köpçülikleýin sporty halkara derejesinde öňe sürmek; maksatnamalary we çäreleri geçirmek we sazlaşdyrmak; tejribeleri alyşmak üçin gatnaşyklary we mümkinçilikleri bermegi ýola goýmak. Bu maksatlary amala aşyrmak üçin TAFISA köpçülikleýin sporty we fiziki işjeňligi adam

*6-njy tablisa*

**Halkara sport federasiýalarynyň, bileleşikleriň we assosiasiýalaryň sanawy**

| Sportuň görnüşi | Gurama | Resmi ady | Gysgaldylan ady | Döredilen ýyly |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Awiasiýa sporty | Halkara awiasiýa federasiýasy | Fédération Aéronautique Internationale | FAI | 1905 |
| Awtomobil sporty | Halkara awtomobil federasiýasy | Fédération Internationale de l'Automobile | FIA | 1904 |
| Akrobatika | Halkara sport akrobatika federasiýasy | International Federation of Sports Acrobatics | IFSA | 1973 |
| Alpinizm | Alpinistler assosiasiýa-larynyň halkara bileleşigi | International Climbing and Mountaineering Federation | UIAA | 1932 |
| Badminton | Bütindünýä badminton federasiýasy | Badminton World Federation | BWF | 1934 |
| Basketbol | Halkara basketbol federasiýasy | International Basketball Federation | IBF | 1932 |
| Beýsbol we softbol | Bütindünýä beýsbol we softbol konfederasiýasy | World Baseball Softball Confederation, | WBSC | 1938 |
| Biatlon | Biatlonistleriň halkara bileleşigi | International Biathlon Union | IBU | 1993 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Bobsleý | Halkara bobsleý we skeleton federasiýasy | International Bobsleigh & Skeleton Federation | IBSF | 1923 |
| Boks | Halkara höwesjeň boksçular assosiasiýasy | Amateur International Boxing Association | AIBA | 1920 |
| Sport göreşi | Höwesjeňleriň Halkara göreş federasiýasy | United World Wrestling | UWW | 1912 |
| Welosiped sporty | Halkara welosipedçiler bileleşigi | Union Cycliste Internationale | UCI | 1900 |
| Suw-motorly sport | Halkara suw-motorly sportuň bileleşigi | Union Internationale Motonautique | UIM | 1922 |
| Woleýbol | Halkara woleýbol federasiýasy | International Volleyball Federation | IVF | 1947 |
| Gandbol | Halkara gandbol federasiýasy | International Handball Federation | IHF | 1946 |
| Gimnastika | Halkara gimnastika federasiýasy | International Federation of Gymnastics | IFG | 1881 |
| Kürekleme sporty | Halkara kürekleme federasiýasy | International Rowing Federation | IRF | 1892 |
| Dzýudo | Halkara dzýudo federasiýasy | International Judo Federation | IJF | 1951 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| At sporty | Halkara at sporty federasiýasy | International Federation for Equestrian Sports | IFES | 1921 |
| Kýerling | Bütindünýä kýerling federasiýasy | World Curling Federation | WCF | 1965 |
| Kulturizm | Bütindünýä kulturizm federasiýasy | World Bodybuilding Federation | WBF | 1946 |
| Ýeňil atletika | Ýeňil atletika federasiýalarynyň halkara assosiasiýasy | International Association of Athletics Federations | IAAF | 1912 |
| Lyža sporty | Halkara lyža sporty federasiýasy | International Ski Federation | ISF | 1924 |
| Motosport | Halkara motosiklet federasiýasy | International Motorcycling Federation | IMF | 1904 |
| Stoluň üstünde oýnalýan tennis | Stoluň üstünde oýnalýan tennisiň halkara federasiýasy | International Table Tennis Federation | ITTF | 1926 |
| Ugry kesgitlemek sporty | Halkara ugry kesgitlemek sporty federasiýasy | International Orienteering Federation | IOF | 1961 |
| Ýelkenli gaýykçy-lar sporty | Halkara ýelkenli gaýykçylar federasiýasy | International Sailing Federation | ISAF | 1907 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Suwasty sport | Halkara suwasty işler konfederasiýasy | Confédération Mondiale des Activités Subaquatiques | CMAS | 1958 |
| Ýüzmek, suwa bökmek, suwda top oýny | Halkara ýüzüjiler federasiýasy | International Swimming Federation | ISF | 1908 |
| Regbi | Halkara regbi geňeşi | World Rugby | WR | 1886 |
| Restoran sporty | Bütindünýä restoran sporty federasiýasy | World Federation of restaurant activities | WFRS | 2017 |
| Sambo | Halkara sambo federasiýasy | International Sambo Federation | ISF | 1985 |
| Gaýa çykmak | Halkara gaýa çykmak sporty federasiýasy | International Federation of Sport Climbing | IFSC | 1997 |
| Häzirki zaman bäş görnüşli ýaryş | Häzirki zaman bäş görnüşli ýaryşyň halkara bileleşigi | Union international de pentathlon modern | UIPM | 1948 |
| Balyk tutmak sporty | Halkara balyk tutmak sportunyň konfederasiýasy | International confederation of sports fishing | ICSF | 1952 |
| Atyşyk sporty | Halkara atyşyk sport federasiýasy | International Sport Shooting Federation, | ISSF | 1907 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Ýaý atmak | Halkara ýaý atmak federasiýasy | International archery federation | IAF | 1931 |
| Tennis | Halkara tennis federasiýasy | International Tennis Federation | ITF | 1913 |
| Agyr atletika | Halkara agyr atletika federasiýasy | International Weightlifting Federation | IWF | 1920 |
| Gylyçlaşma | Halkara gylyçlaşma federasiýasy | International fencing federation | IFF | 1913 |
| Futbol | Halkara futbol federasiýasy | World Amputee Football Federation | WAFF | 1904 |
| Ot üstünde oý-nalýan hokkeý | Halkara ot üstünde oý-nalýan hokkeý federasiýasy | International Hockey Federation | IHF | 1924 |
| Toply hokkeý oýny | Halkara toply hokkeý oýny federasiýasy | Federation of International Bandy | FIB | 1955 |
| Şaýbaly hokkeý oýny | Halkara şaýbaly hokkeý oýny federasiýasy | International Ice Hockey Federation | IIHF | 1908 |
| Şaşka | Halkara şaşka federasiýasy | International Draughts Federation | IDF | 1947 |
| Şahmat | Halkara şahmat federasiýasy | Fédération Internationale des Échecs | FIDE | 1924 |

hukugynyň esasy bölegi hökmünde yglan edýär; köpçülikleýin sporta adamyň ýaşaýyş hiliniň bir görkezijisi hökmünde garaýar; halkara hyzmatdaşlygy goldaýar. TAFISA-nyň maksatnamalaryna we çärelerine 1991-nji ýyldan bäri her ýylyň 1–2-nji oktýabrynda bellenip geçilýän Bütindünýä ýöreýiş Güni, «Hemmeler üçin sport» atly Bütindünýä oýunlary, «Işjeň şäher – Işjeň jemgyýet – Işjeň raýat» maksatnamasy degişlidir.

Halkara sport guramalarynyň hatarynda sport federasiýalary, bileleşikleri hereket edýär. Sport federasiýasy ýa-da bileleşigi – bu sporta we bedenterbiýä degişli meseleleri çözýän, hökümete degişli bolmadyk jemgyýetçilik guramalardyr. Sport federasiýalary şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- ýaryşlary gurnaýar, zerurlyk bolsa hemaýatkärleri çekýär we tersine, eger-de kimdir biri ýaryşlary gurnajak bolsa, onda ol federasiýa bilen baglanyşyk saklaýar;
- ýaryşlaryň senenamasyny taýýarlaýar we çap edýär;
- oýunlaryň düzgüni, ygtyýar berilýän egin-eşikleriň görnüşi, ýaryşlary geçirmegiň düzgüni, sport derejeleriniň normatiwi ýaly düzgünleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýar;
- sport eminlerini taýýarlaýar;
- türgenleriň we eminleriň reýtingini ýöredýär, günäkärlere jerime salýar;
- sporty giň köpçülige ýaýradýar.

Sport federasiýalary, esasan, sportuň bir ýa-da birnäçe ýakyn görnüşlerini özüne alýar. Öz içine alýan territoriýasyna laýyklykda federasiýalar bütindünýä, sebit, milli görnüşlerinde hereket edýär. Häzirki wagtda dünýäde 200-den gowrak halkara sport federasiýalary we birleşikleri hereket edýär. Dünýäniň iri Halkara sport federasiýalary, bileleşikleri we assosiasiýalary 6-njy tablisada beýan edilendir.

# VIII TEMA

# HALKARA YKDYSADY INTEGRASIÝANYŇ MAZMUNY

## 8.1. Halkara ykdysady integrasiýanyň emele gelmegi we mazmuny

Ykdysady integrasiýa halkara derejesine XX asyryň ikinji ýarymynda çykýar. Halkara ykdysady integrasiýanyň ýüze çykmagy dünýä ykdysadyýetindäki we halkara ykdysady gatnaşyklardaky obýektiw ýagdaýlara we meýillere esaslanandyr. Dünýä bazarynyň we dünýä hojalyk ulgamynyň emele geliş döwründen başlap her bir milli ykdysadyýetiň bu ulgama integrirleme ýagdaýy dowam edýär. Onuň hereketlendiriji güýji bolup öndüriji güýçleriň iki taraplaýyn ösüşi çykyş edýär. Bir tarapdan, önümçilige gatnaşyjylaryň arasynda zähmet bölünişiginiň gyşarnyksyz çuňlaşmagy, dürli pudaklaryň we jemgyýetçilik önümçiliginiň tutuş hereket ediş ýaýrawlarynyň açylmagy we özbaşdaklaşmagy, beýleki tarapdan bolsa, edil şonuň ýaly jemgyýetçilik önümçiligine gatnaşyjylaryň, pudaklaryň we ýaýrawlaryň arasynda gatnaşyklaryň we özara garaşlylygyň gyşarnyksyz ösüşi we çylşyrymlaşmagy bolup geçýär. Öndüriji güýçleriň ösüşiniň ikinji netijesi bolup önümçiligiň umumylaşdyrylma ýagdaýy çykyş edýär.

Önümçilige täsir ediji ýagdaýlaryň özgerişli ösüşi ýurtlaryň daşary ykdysady hyzmatdaşlygynyň we özara gatnaşyklarynyň güýçli depginde giňelmegine ýardam etdi. Önümçilik işlerine täze-täze tebigy serişdeler çekilýärdi. Bu halkara (çäkleýin) zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagyna we ýöriteleşdirilen ykdysadyýetleriň özara garaşlylygynyň ösmegine getirip, serişdeleriň we jemlenmäge ukyply önümçilige täsir ediji ýagdaýlar bolan zähmetiň we sermaýanyň paýlanylyşynda täze çemeleşmeleriň zerurlygyny ýüze çykardy.

Hojalyk durmuşynda bu hereketlere esasy gatnaşyjy bolup sermaýa, ilkinji nobatda bolsa, transmilli sermaýa çykyş edýär. Ol peý-

da almak maksady bilen öz ýerine ýetirýän işiniň giňişligini kärhana, etrap çäklerinden, milli hojalyk serhetlerinden çykyp yzygider giňeldýär. Bu deň derejede şahsy sermaýa-da (kapitala-da) tutuş ýurduň sermaýasynyň ähli jemine-de degişlidir. Jemi milli maýa öz aýlanyş hereketinde ýurduň çäklerinden çykyp, beýleki ýurtlaryň maýasy bilen özara gatnaşyga girýär. Bu özara gatnaşykda milli maýalaryň dolanyşygynyň ýuwaş-ýuwaşdan özara baglanyşmagy we şunuň bilen birlikde hem jemgyýetçilik önümçiliginiň gaýtadan döremegi bolup geçýär. Haçanda özara baglanyşma köpçülikleýin häsiýete eýe bolup, kesgitli derejede ösüşe ýetende we maýanyň ähli hereket edýän ýaýrawlaryny (bank-maliýe, önümçilik we söwda) gurşap alanda, mukdar hile öwrülýär: jemi milli sermaýalaryň dolanyşygynyň özara aralaşmasy we birleşdirilmegi, ýagny ähli jemgyýetçilik sermaýasynyň önümçiliginiň gaýtadan döremeginiň milli hereketleriniň özara aralaşmasy we birleşdirilmegi bolup geçýär.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň gaýtadan döremeginiň milli hereketleriniň özara aralaşmasy we birleşdirilmegi tejribede degişli milli hojalyklaryň arasynda karz, altyn pul, söwda, önümçilik we beýleki aragatnaşyklar ulgamlarynyň üznüksiz ösüşinde ýüze çykýar. Bu aragatnaşyklar tory ýyl-ýyldan ulalýar, has çylşyrymlaşýar we berkeýär. Ýöne onuň berkligi, elbetde, dünýä hojalygynyň ähli künjeginde birmeňzeş bolup bilmeýär. Käbir ýerlerde bu ýagdaý gowşak ösen bolup, tiz dargaýar, käbir ýerlerde öňküsinden hem berkeýär, käbir künjeklerde bolsa, ol milli ykdysadyýetler biri-birinden üzňe hereket edip bilmez ýaly derejä çenli berkleşýär, degişli ýurtlaryň hökümetleri bolsa ähli bar bolan gapma-garşylyklara garamazdan, nähili hem bolsa hojalyk işleriniň gyşarnyksyz giňeýän meýdanyny özara utgaşdyrmaga mejbur bolýarlar.

Halkara ykdysady we syýasy özara gatnaşyklaryň şeýle aýratyn berkleşen çäkleri hem integrasion hereketleriň merkezleri bolup çykyş edýär. Hut şunuň ýaly ýerlerde amatly syýasy şertlerde sebitleýin integrasiýa toplumlary emele gelip başlaýar, ýagny döwlet tarapyndan işjeň ýardam berilýän milli hojalyklaryň ýurtlar topary bir-biri bilen has ýokary derejede goşulyşmaga ýykgyn edýärler.

XX asyryň ahyrynda ylmy-tehniki ösüşiň (YTÖ) we maglumat tehnologiýalarynyň täsiri astynda ýurtlaryň özara baglanyşygy täze hile, berk tehniki esasa we görülmedik depginlere eýe boldy: ykdysady integrasiýa halkara derejä çykdy. Senagata ylmyň gazananlarynyň ornaşdyrylyşy jemgyýetçilik önümçilik hereketiniň yzygider bölünişi üçin şertleri döretdi. Bu ýagdaý milli hojalyklaryň içinde-de, arasynda-da önümçilikleriniň has çäkli ýöriteleşmesiniň alyş-çalşyna köpçülikleýin isleg döredýärdi. Aragatnaşyk serişdeleriniň tizleşmegi, ulagly daşamalaryň arzanlamagy daşary ykdysady aragatnaşyklary tizleşdirýärdi, arzanladýardy we ýeňilleşdirýärdi, bu bolsa öz gezeginde halkara işewürligiň mukdar we hil ösüşi üçin esas döredýärdi.

Dünýä ykdysadyýetiniň halkaralaşmagy we ählumumylaşmagy integrasiýa hereketlerini güýçlendirýär. Önümçilige täsir ediji ýagdaýlaryň, harytlaryň, hyzmatlaryň, maglumatlaryň ählumumy bazarlary emele geldi. Kärhanalaryň, ilkinji nobatda, transmilli korporasiýalaryň önümçilik mümkinçilikleri ýokarlandy; harytlaryň we hyzmatlaryň täze-täze görnüşleri ýüze çykýar; ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň dünýä bazary emele gelýär; ählumumy maliýe tory ösýär we çuňlaşýar; ählumumy ulag-logistik ulgam giňelýär. Bularyň ählisi ýurtlaryň arasynda halkara ykdysady alyş-çalşygy tizleşdirýär, ýeňilleşdirýär we olaryň geljekki ýakynlaşmagyna we ykdysady taýdan goşulyşmagyna ýardam berýär.

Halkara ykdysady integrasiýa öndüriji güýçleriň ösüşiniň, halkara zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagynyň, dünýä ykdysadyýetiniň halkaralaşmagynyň we ählumumylaşmagynyň netijesinde ýüze çykýar. Emma halkara ykdysady integrasiýanyň döremek mümkinçiligi onuň hökman emele gelmegini aňlatmaýar.

Integrasiýa hereketleriniň ösüşi häzirki zaman dünýä hojalygynyň wajyp häsiýetnamalarynyň biridir. Kärhanalaryň we ýurtlaryň arasyndaky bäsdeşlik göreşleriniň birden ýokarlanmagy, bäsleşigiň täze ýaýrawlarynyň emele gelmegi we öňden hereket edýän bazarlardaky bäsdeşligiň güýçlenmegi aýry-aýry döwletlere ýa-da korporasiýalara başartmaýar. Bu ýagdaý çäk boýunça bir-birine ýakyn ýerleşen ýurtlara maddy-maliýe we öndüriji güýçleriniň bileleşme zerur-

lygyny şertlendirýär we ählumumylaşýan ykdysadyýetde öz ornuny güýçlendirmäge, iri ykdysady giňişligiň mümkinçiliklerini ulanmaga, ahyrsoňunda bolsa dünýä bazaryndaky umumy bäsdeşlere garşy ýeke-täk güýç bolup çykyş etmäge mümkinçiliik berýär. Netijede, diňe bir milli-döwlet bähbitleriň ýönekeý kesgitli baglanyşygy emele gelmän, eýsem, olaryň sebitleýin bähbitleri aramak derejesine çenli ösmegi bolup geçýär.

Şeýlelikde, dünýä hojalygyndaky ählumumylaşma hereketleri sebitleşme, ýagny ýurtlaryň hojalyklarynyň sebitleýin esasda ýakynlaşmagynyň netijesinde bolup geçýär we halkara ykdysady integrasiýa häsiýetine eýe bolýar.

Halkara ykdysady integrasiýa – bu ykdysadyýetleriň çuň we durnukly aralaşmasyny häsiýetlendirýän we uzak möhletleýin tehniki, tehnologik we ykdysady özara garaşlylyga eltýän ýurtlaryň işleriniň dürli ýaýrawlarynda bolup geçýän halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň toplumydyr.

Integrasiýa hereketi, adatça, özara söwdanyň erkinleşmeginden başlanýar, harytlaryň, soňra hyzmatlaryň, maýalaryň hereketiniň çäklendirmeleri aradan aýrylýar we soňra ýuwaş-ýuwaşdan talaba laýyk şertlerde we hyzmatdaş ýurtlaryň gyzyklanma bildiren halatynda sebitiň çäklerinde ýeke-täk ykdysady, hukuk, maglumat giňişligine getirýär. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň täze hili, görnüşi emele gelýär. Şu ýerde integrasiýanyň tebigy hereket däldigini bellemeli. Ol ýurtlaryň degişli syýasaty alyp barmaklaryny we öz aralarynda ol ýa-da beýleki görnüşli sebitleýin integrasiýa toparyny döretmek hakynda ylalaşygyň baglaşylmagyny göz öňünde tutýar. Hojalyklaryň bilelikdäki hereketi barada degişli hukuk binýady emele getirilýär. Özara söwda-ykdysady aragatnaşyklarynyň oýlanyşykly maksada okgunly düzgünleşdirmesi alnyp barylýar.

«Sebitleýin» düşünjesi berlen ýagdaýda ol ýa-da beýleki integrasiýanyň diňe bir geografik çäklerini aňlatmaýar. Bu ýerde ykdysady-geografik we hojalyk-medeni toplumlar, demografik düzümler, etnik taryh we beýlekiler boýunça meňzeşlikler barada pikir edilýär. Bu umumylyklar häzirki döwrüň talaplaryna gabat gelýän iri syýasy-ykdysady birleşikleriň emele gelmegi üçin obýektiw mümkinçilikleri

döredýär, käbir alymlaryň pikirlerine görä, ol «ykdysady giňişligiň» artykmaçlyklarynyň köplügini ulanyp, ýakyn geljekde milli ykdysadyýetlere garanyňda halkara ykdysady gatnaşyklaryň (HYG) netijeli we hakyky subýektlerine öwrüler we häzirkiden has durnuklylygy bilen tapawutlanýan köpmerkezli täze dünýä gurluşynyň emele gelmegini üpjün etmäge mükinçiligi bolar. Sebitleýin bileleşikler saýlanyp alnan integrasiýanyň geljek üçin wajyp ugrunyň we institusional gurluşynyň çuňlugy we häsiýeti, işiniň ýaýrawy we göwrümi, agza ýurtlaryň sany boýunça tapawutlanýarlar.

Halkara ykdysady integrasiýa käbir esasy häsiýetnamalary boýunça häsiýetlendirilýär we jemi boýunça ýurtlaryň ykdysady özara baglanyşygynyň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar:

– ylalaşyga gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda harytlaryň, şeýle-de hyzmatlaryň, maýalaryň, adam baýlyklarynyň hereketindäki çäklendirmeleriň aradan aýrylmagy;
– agza ýurtlaryň milli önümçilik işleriniň özara aralaşmasy we bir-birine ulaşmagy boýunça ykdysady syýasatyň ylalaşylmagy;
– önümçilik işiniň tehnologik bitewüliginiň sebitleýin çäkde emele getirilmegi;
– has ösýän we çuň görnüşleriň esasynda önümçilikde, ylymda we tehnikada halkara ýöriteleşmäniň we bileleşmäniň ýokary derejedäki ösüşi, ykdysady ösüşiň we onuň innowasiýa gurluşynyň bilelikdäki maliýeleşdirmesi;
– agza ýurtlaryň ykdysadyýetindäki şunuň bilen baglanyşykly düzümleýin üýtgeşmeler;
– milli kanun çykaryjylygyň, kadalaryň we standartlaryň ýakynlaşmagy;
– integrasiýa hereketiniň maksada okgunly düzgünleşdirilmesi, hojalygyň bilelikdäki hereketini dolandyrýan edaralaryň ösüşi (Ýewropa Bileleşigindäki (ÝB) ýaly dolandyrmagyň ýurdara we ýurt üsti gurluşlar görnüşinde bolup biler);
– integrasiýa giňişliginiň sebitleşmegi.

Netijede, integrasiýanyň obýektiw düzümi «bölekleýin integrasiýalar» görnüşinde hereket edýän üznüksiz önümçiligiň ulaşma-

syndan, özara aralaşmasyndan we birleşdirilmeginden ybaratdyr. Integrasiýa hereketi bir bitewi ulgamyň aýry-aýry düzümlerini gurşap alýar:

– bazar dolanyşygy (söwdanyň erkinleşmegi we önümçilige täsir ediji ýagdaýlaryň akymlarynyň ösüşi esasynda) harytlaryň, hyzmatlaryň, pul serişdeleriniň, gymmat bahaly kagyzlaryň dolanyşygy we ş.m. – bular integrasiýanyň iň ýokarky ýa-da ýumşak görnüşi;
– önümçiligiň özi (çuň integrasiýa);
– çözgütleri kabul etmegiň ýaýrawy (kärhanalaryň, telekeçilik bileleşikleriniň, milli hökümetleriň, halkara, hökümetara we milli guramalaryň derejesinde).

***Integrasiýa*** – bu çylşyrymly, gapma-garşylykly hereketdir. Gapma-garşylyklar, köplenç, taraplaryň dürli bähbitlerine, üznüksiz önümçilik düzümleriniň aýry-aýry bölekleriniň işe gatnaşyp bilmek ukybynyň bir-biriniňkä meňzeş bolmazlygyna esaslanýar. Ol bazar dolanyşygy (esasan hem haryt) ýaýrawynda has ýeňil alnyp barylýar, gönüden-göni önümçilik ýaýrawynyň integrirleme derejesi pes bolýar, integrirlemegiň has kyn görnüşi bolsa pul goşulyşmasydyr.

Integrasiýanyň çuň hereketleri diňe Günbatar Ýewropada we Demirgazyk Amerikada bolup geçýär. Onuň çuňlugy Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde hem ösýär. Latyn Amerikasynyň, Afrikanyň, Ýakyn Gündogaryň köp sebitlerinde sebitleýin hyzmatdaşlyk entek ýeterlik derejede görnükli netije berenok. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyndaky (GDA) integrasiýa hereketleri hem entek doly derejede ösmedik. Ýöne eýýäm şu gün öz ykdysady geljegi üçin wajyp ugrunda integrasiýanyň ägirt uly mümkinçiliklerini ulanmaýan döwlet häzirki zaman ählumumy bäsleşige, ählumumylaşmagyň çagyryşlaryna garşy gelip bilmeýär.

Integrasiýanyň ösüşi kesgitli başlangyçlaryň bolmagyny çak edýär:

Birinjiden, integrirleýän döwletler ykdysady ösüşiň derejesiniň we bazar ykdysadyýetiniň kämilliginiň birmeňzeş derejesine eýe bolmalydyrlar.

Ikinjiden, umumy çäkleriň we taryhy kämillige ýeten ykdysady gatnaşyklaryň bolmagy. Adatça, ulag, dil we beýleki meseleleri

çözmek ýeňil bolan bir yklymda, gös-göni geografik taýdan ýakyn ýerleşýän ýurtlar birleşýärler.

Üçünjiden, integrirleýän ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň bir-biriniň üstüni doldurýan düzümleriniň bolmagy (onuň bolmazlygy Afrikanyň, arap dünýäsiniň integrasiýasynyň pes netijeliliginiň esasy sebäpleriniň biridir).

Dördünjiden, ol ýa-da beýleki sebitiň ýurtlarynyň öňünde duran hakyky hojalyk we beýleki meseleleriň umumylygy.

Bäşinjiden, döwletleriň syýasy islegi, integrasiýanyň ýolbaşçy döwletiniň bolmagy.

Altynjydan, «görkezme netijäniň» bolmagy. Ol ýa-da beýleki integrasiýa bileleşikleriniň üstünlikleriniň täsiriniň netijesinde beýleki ýurtlarda hem bu goşulyşma goşulyşmak islegi döreýär. Mysal üçin, ÝB-niň görkezme netijesi Günorta Gündogar Ýewropanyň 10 döwletiniň Ýewropa Bileleşigine girmek boýunça arza bermekligine getirdi.

Ýedinjiden, «domino netijesiniň» bolmagy. Integrasiýanyň agza ýurtlaryň ykdysady aragatnaşyklaryny sebitiçre hyzmatdaşlyga ugruny üýtgetmekligine getirýänligi üçin, bileleşigiň daşynda galan ýurtlar toparlanma girýän ýurtlar bilen söwda edilende käbir kynçylyklara duş gelýärler. Netijede, olar hem integrasiýa bileleşigine goşulmaga mejbur bolýarlar. Mysal üçin, Latyn Amerikasynyň «Üçler topary» Meksikanyň (onuň bilen erkin söwda etmek boýunça ylalaşyga Wenesuella we Boliwiýa gol çekdiler) Demirgazyk Amerikanyň erkin söwda zolagyna (NAFTA) agza bolanyndan soň ýüze çykdy.

Sebitleýin integrasiýanyň takyk maksatlary bar:

- milli bäsleşige ukyplylygy ýokarlandyrmak, ählumumylaşmagyň çagyryşlaryna bilelikde garşy durmak;
- bazaryň ululygyny giňeltmäge, transaksiýa çykdajylaryny peseltmäge, önümçilige täsir ediji ýagdaýlaryň täze birleşiklerini emele getirmäge, göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny höweslendirmäge mümkinçilik berýän «ykdysadyýetiň giňliginiň» artykmaçlyklaryny ulanmak. Şeýle maksatlary Günorta Konusyň umumy bazary (MERCOSUR), And bilileşigi, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň assosiasiýasy (ASEAN) göz öňünde tutupdy.

- ykdysadyýetde geçirilýän täzelemelere we düzümleýin özgertmelere ýardam bermek;
- bazar ykdysadyýetini ýa-da çuňlaşdyrylan ykdysady özgertmeleri alyp barýan ýurtlary ösüşi has ýokary derejeli ýurtlaryň sebitleýin söwda ylalaşyklaryna goşmak. Bu hereketi hojalyk tejribesini ýöretmegiň wajyp ugry hökmünde kabul etmeli. Has ösen ýurtlar öz goňşularyny integrasiýa hereketine goşmak bilen özgerişlikleriň tizleşmegine, ol ýerlerde talaba laýyk göwrümli bazarlaryň döremegine gyzyklanma bildirýärler;
- milli öndürijiler üçin maliýä, zähmete, maddy baýlyklara, täze tehnologiýalara giňden ýol açmak, has giň bazarda işlemeklige mümkinçilik almak;
- ýurtlaryň arasynda ähli ugurlar boýunça hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmek. Gapma-garşylykly ýagdaýlaryň ýitmegi bolup geçýär. Amatly daşary syýasy gurşaw emele gelýär – bu maksat, esasan hem, Ýakyn Gündogar, Afrika ýurtlary üçin häsiýetlidir;
- gatnaşyjy ýurtlaryň dünýä ykdysadyýetindäki ýagdaýlaryny berkitmek. Söwda syýasatynyň kesgitli wezipeleri çözülýär. Integrasiýa halkara guramalara bilelikde gatnaşmaga, gatnaşyjy ýurtlaryň BSG-niň köptaraplaýyn gepleşikleriniň çäklerinde gepleşik geçiriji ýagdaýlaryny berkitmäge mümkinçilik berýär.

Dürli sebitleýin integrasiýa toparlarynda (SIT) integrasiýanyň ösüşiniň tizligini we derejesini birnäçe gökezijileriň jemi boýunça görüp bolýar.

Olaryň içinde has giň ýaýrany sebit içindäki haryt dolanyşygyna, eksporta, importa düşýän Jemi milli önümiň (JMÖ) jeminiň göterimde aňladylan paýydyr. Şunda ykdysady ösüşde integrasiýa görkezijisiniň ýokarlanýandygyny ýa-da peselýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýän bu görkezijiniň depgini hem wajyp bolup durýar.

Indiki görkeziji SIT döwletleriniň sebitiçre haryt dolanyşygynyň göterimdäki paýynyň umumy jemi daşary söwda dolanyşygyna gatnaşygydyr. Ol näçe ýokary bolsa, şonça-da agza ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň özara baglanyşygy we bir-birine ýardam bermekligi ýokary bolup, ýeke-täk sebitleýin giňişlik hakynda ynamly gürlemäge mümkinçilik berýär.

SIT-iň ösüş derejesini häsiýetlendirýän indiki görkezijisi toparyň agza ýurtlarynyň dünýäniň beýleki ýurtlaryna goýýan göni maýa goýumlar (GMG) bilen deňeşdireniňde özara göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň integrasiýa toparynyň içindäki göwrümidir. Hususan-da, ÝB-de Bileleşigiň agza ýurtlarynyň özara göni maýa goýumlary 1980-nji ýylda ÝB-niň çägindäki ähli umumy maýa goýumlarynyň 25%-ni tutdy, 2010-njy ýylyň ahyrynda bolsa bu görkeziji 60%-e ýetdi.

Dünýäniň beýleki ýurtlarynyň firmalary bilen birleşen we bilelikdäki kärhanalary emele getiren kärhanalaryň sany bilen integrasiýa toparynyň içinde kompaniýalaryň birleşmeleriniň sanynyň deňleşmesi integrasiýanyň ösüşiniň aýdyň mysaly bolup durýar.

Mysal üçin, Günbatar Ýewropada senagatyň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen birleşme we ýuwutma hereketleri işjeň dowam edýär. Germaniýanyň, şeýle-de Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň banklary şu wagta çenli esasy hereketlendiriji güýç bolup çykyş edýärdiler. Ýewropanyň kärhanalarynyň, hususan-da, telekommunikasiýa kompaniýalary we maliýe hyzmatlaryny hödürleýän kompaniýalarynyň giňelmegi we berkleşmegi bolup geçýär.

Kärhanalaryň ykdysady integrasiýanyň çäklerinde bileleşmegine ýardam berýän esasy ýagdaýlara:

- önümçiligiň möçberiniň täsiri;
- tehnologiýalaryň özara alyş-çalşygy;
- kärhanalaryň ýerleşiş artykmaçlyklarynyň peýdalanylmagy (Demirgazyk we Merkezi Ýewropada çylşyrymly bölekleriň önümçiligi ýola goýlan, Günortada bolsa arzan işçi güýji tarapyndan ýygnama işleri ýerine ýetirilýär);
- ýerli sarp edijileriň isleglerini has doly kanagatlandyrmak üçin önümçiligiň görnüşleriniň köpeldilmegi;
- ylmy barlag, tejribe-konstruktorçylyk işlerine (YBTKI) çykdajylary köpeltmek mümkinçiligi;
- ýerleme ugurlarynyň jemlenmegi;
- transfert bahalarynyň ulanylmagy (ilkinji nobatda, maliýe şertleri we salgytlary bir-biriniňkiden tapawutlanýan dürli ýurtlaryň pudaklarynda);

– döwlet buýurmalaryny almak;
– daşamalaryň kärhananyň içindäki paýlanmagynyň hasabyna ulag çykdajylaryny azaltmak degişlidir.

## 8.2. Sebitleýin integrasiýanyň esasy görnüşleri we ösüş döwürleri

Her bir integrasiýa toparynyň ykdysady nusgasy – bu uzak taryhy hereketiň netijesidir, onuň dowamynda sebitleýin hojalyk toplumyny emele getirýän düzüm bölekleriň gatnaşygy gurulýar, olaryň özara baglanyşygynyň gurluşy berkidilýär. Hut şonuň üçin her bir sebitleýin ykdysady ulgama mahsus aýratynlyklar bolup, onuň tejribesiniň emeli ýagdaýda alynmagy az netije berýär.

Emma bar bolan söwda-ykdysady toparlaryň deňeşdirme seljermesiniň geçirilmegi sebitleýin integrasiýanyň ösüşiniň kesgitli umumy kanunalaýyklyklarynyň bardygyny, onuň aýratyn tapgyrlaryň (olaryň her haýsysyna aýratyn häsiýetler mahsus) bir toparynyň üstünden yzygiderli geçýändigini, integrasiýanyň ösüş tizliginiň, dürli derejeleriniň, çuňlugynyň we giňliginiň bardygyny görkezýär.

Integrasiýa ýeňilden çylşyrymly görnüşe geçip ösýän hereket hökmünde seretsek, integrasiýa hereketiniň döwürleriniň toparlanmalaryny emele getirmäge mümkinçilik alarys.

Integrasiýa ylalaşyklarynyň esasy görnüşlerine aşakdakylar degişli:

- erkin söwda zolagy;
- gümrük bileleşigi;
- umumy bazar;
- ykdysady bileleşik (kämil görnüşde ykdysady we pul bileleşigi; doly kämilleşen ýagdaýynda ykdysady we syýasy bileleşik).

Olara aýratynlykda seredip geçeliň.

Erkin söwda zolagy – bu gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda gümrük paçlar, salgytlar we ýygymlar, şeýle-de özara söwda edilende san çäklendirmeler aradan aýrylýan halkara integrasiýanyň görnüşidir. Bu ýeňillikli ylalaşykdan tapawutlylykda integrasiýanyň has çuň

14. Sargyt № 2070

görnüşidir. Her bir gatnaşyjy ýurda üçünji ýurtlar bilen söwda edilende söwdanyň özbaşdak we garaşsyz tertibini kesgitlemäge hukuk saklanyp galýar. Köplenç ýagdaýda, erkin söwda zolagynyň şertleri oba hojalyk önümlerinden galan önümleriň ählisine degişlidir. Erkin söwda zolagynyň işi agza ýurtlaryň birinde ýerleşen kiçiräk döwletara geňeş tarapyndan utgaşdyrylyp bilner, ýöne, adatça, onsuz oňulýar, özüniň ösüşiniň esasy ugurlaryny bolsa ýurtlar degişli edaralaryň ýolbaşçylarynyň wagtal-wagtal geçirýän ýygnaklarynda ylalaşýarlar. Gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda olaryň döwlet çäklerinden geçýän harytlaryň gelip çykyşyna gözegçilik edýän gümrük çäkler we nokatlar saklanyp galýar. Esasy erkin söwda zolaklar:

Günorta – Gündogar Aziýa ýurtlarynyň erkin söwda hakyndaky ylalaşygy Günorta Gündogar Aziýanyň ähli ýurtlaryny birleşdirýän iri sebitleýin gurama (1967 ý.);

Demirgazyk Amerikanyň erkin söwda zolagy – NAFTA – ABŞ-nyň, Kanadanyň we Meksikanyň arasynda 1994-nji ýylda güýje giren ylalaşyk;

Ýewropanyň erkin söwda assosiasiýasy – 1960-njy ýylda Islandiýa, Lihtenşteýn, Norwegiýa, Şweýsariýa tarapyndan gol çekilen ylalaşyk;

Baltikanyň erkin söwda zolagy – 1993-nji ýylda Latwiýanyň, Litwanyň we Estoniýanyň arasynda baglaşylan ylalaşyk;

Merkezi Ýewropanyň erkin söwda baradaky ylalaşygy – 1992-nji ýylda Wengriýanyň, Polşanyň, Rumyniýanyň, Slowakiýanyň, Sloweniýanyň we Çehiýanyň arasynda baglaşylan ylalaşyk;

Awstraliýa – Täze Zelandiýa söwda ylalaşygy – 1983-nji ýylda bu iki ýurduň arasynda ykdysady aragatnaşyklary çuňlaşdyrmak barada baglaşylan ylalaşyk;

Kolumbiýanyň, Ekwadoryň we Wenesuellanyň arasyndaky söwda ylalaşygy, 1992-nji ýylda atlary sanalan ýurtlaryň arasynda baglaşyldy;

Bangkok ylalaşygy – 1993-nji ýylda Bangladeşiň, Hindistanyň, Koreýa Respublikasynyň, Laosyň, Şri-Lankanyň arasynda baglaşylan ylalaşyk.

Integrasiýa hereketiniň indiki tapgyry gümrük bileleşiginiň döredilmegidir.

Gümrük bileleşigi bileleşige gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda milli gümrük tarifleriniň ylalaşykly aradan aýrylmagyny we üçünji ýurtlar bilen söwdada ýeke-täk tarif däl düzgünleşdirme ulgamynyň girizilmegini, ýeke-täk gümrük çäginiň döredilmegini göz öňünde tutýan halkara integrasiýadyr. Şeýlelikde, gümrük bileleşigi – bu erkin söwda zolagyna garanyňda integrasiýanyň has çuňlaşdyrylan görnüşidir.

Gümrük bileleşigini döretmek hakyndaky ylalaşykda indiki ýagdaýlar ylalaşylýar:

- bileleşigiň agza ýurtlarynyň arasynda içerki gümrük çädleriniň aýrylmagy;
- gümrük gözegçiliginiň bileleşigiň daşky çägine geçirilmegi;
- milli önümçiligiň harytlarynyň özara söwdasynda gümrük tertipleriniň aýrylmagy;
- daşary söwda statistikasyny ýygnamaklygyň görnüşleriniň we usullarynyň bir tertibe getirilmegi;
- daşary ykdysady işe gatnaşyjylara ýeňillikleri bermekligiň görnüşleriniň we usullarynyň ylalaşylmagy;
- gümrük bileleşiginiň ähli gatnaşyjy ýurtlaryna üçünji ýurtlar bilen edilýän söwdada tarif we tarif däl sazlaşdyrmanyň umumy ulgamyny girizmek;
- umumy ýeňillikler ulgamyny döretmek.

Ýurtlar ylalaşykly daşary söwda syýasatyny geçirmeklige gözegçilik edýän döwletara edaralary döretmek hakynda ylalaşýarlar. Adatça, olar degişli edaralara ýolbaşçylyk edýän ministrleriň wagtal-wagtal maslahatlary geçirmeklerini göz öňünde tutup, öz işini hemişe hereket edýän Geňeşiň işine esaslanyp alyp barýarlar. Şeýle bileleşiklere aşakdakylar mysal bolup biler:

ÝB-niň Türkiýe bilen Assosiasiýasy – 1963-nji ýylda döredilen Ýewropa Bileleşigi bilen Türkiýäniň arasyndaky gümrük bileleşigi;

Umumy Arap bazary – Müsüri, Yragy, Iordaniýany, Ýemeni, Liwiýany, Mawritaniýany, Siriýany birleşdirýän gümrük bileleşigi. Onuň döredilmegi baradaky ylalaşyk 1964-nji ýylda baglaşyldy;

Merkezi Amerikanyň umumy bazary – 1961-nji ýyldan bäri bu gümrük bileleşiginiň agzalary bolup Gwatemala, Gonduras, Kosta – Rika, Nikaragua, Salwador çykyş edýär;

Gündogar – Karib ýurtlarynyň guramasy – 1991-nji ýylda döredilen gümrük bileleşigi. Bu guramanyň agza ýurtlary bolup Antigua we Barbuda, Grenada, Dominika, Montserrat, Sent-Kits we Newis, Sent-Lýusiýa, Sent-Winsent we Grenadinler çykyş edýär;

Merkezi Aziýa bileleşigi – 1994-nji ýylda döredilip, Gazagystany, Gyrgyzystany we Özbegistany özüne birleşdirýär;

Belarus döwletiniň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýanyň we Täjigistanyň arasyndaky gümrük bileleşigi.

Integrasiýanyň indiki tapgyry umumy bazardyr.

Umumy bazar – bu milli çäklerden harytlaryň we hyzmatlaryň erkin hereket etmegi bilen birlikde önümçilik sertleri bolan maýanyň we işçi güýjüniň hem erkin hereketini üpjün etmek hakyndaky agza ýurtlaryň ylalaşygyny göz öňünde tutýan halkara integrasiýadyr. Şeýlelikde, umumy bazar giňişligi döreýär. Bu gümrük bileleşigine garanyňda integrasiýanyň has çuň görnüşidir.

Ýeke-täk daşary tarifiň goraglylygy esasynda döwletara hereketiň, önümçilige täsir ediji ýagdaýlaryň (faktorlarynyň) ýurtlaryň arasynda erkin hereket etmegi ykdysady syýasatyň döwletara gözegçiliginiň has ýokary derejede guralmagyny talap edýär. Degişli utgaşdyrma işleri wagtal-wagtal geçirilýän (adatça, ýylda bir ýa-da iki sapar) maslahatlarda gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet ýa-da hökümet ýolbaşçylary tarapyndan alnyp barylýar, öz işinde hemişe hereket edýän Geňeşiň işine esaslanýan maliýe ministrleriniň, merkezi banklaryň we beýleki ykdysady edaralaryň ýolbaşçylarynyň duşuşygy has ýygyrak esasda bolup geçýär.

Umumy bazary emele getiren ýurtlaryň toparlaryna aşakdakylar mysal bolup biler:

Pars aýlagynyň arap ýurtlarynyň hyzmatdaşlyk Geňeşi – 1981-nji ýylda umumy bazary döretmek hakyndaky ylalaşyga Bahreýn, Katar, Kuweýt, Oman, Birleşen Arap Emirlikleri, Saud Arabystan gol çekdiler;

And umumy bazary – 1990-njy ýyldan bäri hereket edip, özüne Boliwiýany, Kolumbiýany, Ekwadory, Peruny, Wenesuellany birleşdirýär;

Latyn Amerikasynyň assosiasiýa integrasiýasy – 1980-nji ýylda Latyn Amerikasynyň erkin söwda assosiasiýasynyň esasynda döredildi, Argentinany, Boliwiýany, Braziliýany, Wenesuellany, Kolumbiýany, Meksikany, Paragwaýy, Peruny, Urugwaýy, Çilini, Ekwadory özünde jemleýär;

Karib Bileleşigi – 1973-nji ýylda şu ýurtlar tarapyndan esaslandyryldy: Antigua we Barbuda, Bagam adalary, Barbados, Beliz, Dominika, Grenada, Gaýana, Ýamaýka, Montserrat, Sent-Kits we Newis, Sent-Lýusiýa, Sent-Winsent we Grenadinler, Trinidad we Tobago. Karib umumy bazary 1968-nji ýylda hereket eden Karibiň erkin söwda assosiasiýasynyň ýerine işläp başlady;

Günorta Konusyň umumy bazary MERCOSUR – Argentinany, Braziliýany, Paragwaýy, Urugwaýy birleşdirip, 1991-nji ýyldan bäri hereket edip gelýär. Ol umumy bazaryň Geňeşi (düzüminde daşary işler ministrleri bar) tarapyndan dolandyrylýar. Umumy bazaryň Topary ýerine ýetiriji geňeş bolup, hemişe hereket edýär we Montewideoda dolandyryjy geňeşi bolan baş kabulhanasy bar.

Ykdysady integrasiýanyň indiki basgançagy ýurtlaryň ykdysady bileleşikleri döretmekligidir.

Ykdysady bileleşik umumy gümrük paçlarynyň we harytlaryň, hyzmatlaryň, önümçilige täsire edýär ýagdaýlaryň (faktorlarynyň) erkin hereket etmegi bilen birlikde makroykdysady syýasat, pul we býujet syýasatlary ýaly esasy ugurlarda kanunçylygyň bir nusga getirilmegini göz öňünde tutýar. Bu ykdysady integrasiýanyň iň ýokary derejesidir. Integrasiýanyň ösüşiniň bu tapgyrynda onuň işini alyp barýan edaralar diňe bir agza ýurtlaryň hereketlerini ugrukdyrmak we ykdysady ösüşe gözegçilik etmek bilen çäklenmän, eýsem, toparyň adyndan umumy işjeň çözgütleri kabul etmäge ukyply bolmalydyrlar. Hökümetler ylalaşyp, özleriniň döwlet özbaşdaklygynyň bir bölegini ýurtlaryň üstünden gözegçilik edýän döwletara edaralaryň hasabyna geçýärler. Şeýle döwletara edaralaryň gurama degişli meseleler boýunça çözgütleri agza ýurtlaryň hökümetleri bilen ylalaşman kabul etmäge hukuklary bardyr.

Ykdysady bileleşmelere aşakdakylar mysal bolup biler:

Benilýuks ykdysady bileleşigi – 1948-nji ýyldan bäri hereket edýär, agza ýurtlary: Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg;

Arap Magribi bileleşigi – 1989-njy ýylda döredildi, agza ýurtlary: Alžir, Liwiýa, Mawritaniýa, Marokko, Tunis;

Işleriň Lagos meýilnamasy – 1973-nji ýylda döredildi, Afrikanyň Saharadan günortadaky ähli ýurtlaryny birleşdirýär;

Manu derýasynyň bileleşigi – bileleşigi döretmek hakyndaky ylalaşyga 1973-nji ýylda gol çekildi, agza ýurtlary – Gwineýa, Liberiýa, Sýerra-Leone;

Ýewropa Bileleşigi – 1957-nji ýylda döredildi, dünýäniň iň kämil ykdysady topary.

Doly integrirlenen topar – integrasiýanyň iň ýokary görnüşi, Ýewropa Bileleşiginiň geljegi üçin ulanmaga niýetlenip, häzirki wagtda diňe nazaryýet gurluşyndadyr.

Integrasiýanyň aşakdaky basgançaklaryndan has ýokarky basgançaklaryna geçmek integrasiýanyň tapgyrlaryny aňladýar. Tapgyrlaryň dowamlylygy ykdysadyýetiň içindäki, daşary ykdysady we syýasy häsiýetli köpgörnüşli ýagdaýlaryň bitewi toplumy esasynda kesgitlenilýär.

Integrasiýanyň hakyky hereketi özüniň içki gapma-garşylygynyň aýratynlyklaryna laýyklykda özakymlaýyn we ylalaşykly bolup, çak edilişi ýaly kän bir göni we güýçli tizlik bilen hereket edip bilmez. Sebitleýin integrasiýanyň tejribesi (has ösen görnüşlerde ÝB-niň çäklerinde jemlenen) ýeke-täk ykdysady giňişligi döretmekligiň agirt uly kynçylygyna we taraplaryň özara täsirliliginiň çuňlugyna bildirilýän gyzyklanmanyň derejeleriniň dürlüligi kabul edilen beýana sygmaýar. Demirgazyk Amerikadaky, Latyn Amerikasyndaky, Aziýa-Ýuwaş umman sebitindäki (AÝUS), Afrikadaky, Ýakyn Gündogardaky integrasiýa nusgalarynyň dürli-dürlüligi ýurtlaryň, sebitleriň we sebitara ykdysady ulgamlaryň, üznüksiz önümçilikleriň, ösüşiň beýleki esasy ölçegleriniň ep-esli derejede biri-birinden bölünip aýrylmagyna getirdi. Ol bir tarapdan, nusgawy düzümleriň bölekleýin üýtgedilip gurulmagyň, beýleki tarapdan, görnetin üýtgemegini görmäge müm-

kinçilik berýär. Taryhdan belli bolsy ýaly, sebitleýin integrasiýanyň basgançaklarynyň arasynda kän bir berk kanunalaýyklyklar ýokdur, ähli zat HYG-daky takyk-taryhy şertlere, aýry-aýry ýurtlarda bolsa berlen döwletiň ykdysady we syýasy bähbitlerine bagly bolup durýar. Mysal üçin, ÝB-den tapawutlylykda NAFTA-nyň agza ýurtlary erkin söwda zolagyny döretmek bilen, öz öňünde soňlugy bilen gümrük bileleşigine geçmek (bu bileleşigiň gatnaşyjy ýurtlarynyň ykdysady mümkinçiliginiň agirt uly aratapawutlarynda mümkin hem bolmaz) wezipesini goýmaýarlar, ýöne şol bir wagtda ilkinji ädimlerinden umumy bazaryň kesgitli gurallaryny girizýärler (maýa goýumlarynyň erkinleşmegi, standartlary ýakynlaşdyrmak boýunça çäreler, aýry-aýry ýaýrawlarda, mysal üçin, daşky gurşawy goramak çygrynda syýasatyň sazlaşdyrylmagy we beýlekiler).

Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (APEC) öňde goýan wezipesi erkin söwda zolagyny we maýa goýumlarynyň erkin hereketini emele getirmek (2020-nji ýyla çenli) bolupdy. Osako maksatnamasynyň işlerine laýyklykda, 1997-nji ýyldan erkinleşdirmek diňe bir harytlaryň söwdasyndaky tarif we tarif däl çärelerine, maýa goýum akymlaryna däl-de, eýsem, hyzmatlara, standartlara we laýyklyklara, intellektual eýeçilige, bäsdeşlik syýasatyna, hökümet satyn almalaryna, jedelleriň çözülmegine, işewürleriň çalasynlygyna, maglumatlaryň we seljermeleriň toplanylmagyna hem ýaýraýar. APEC-iň çäklerinde şol bir wagtda esasy möhüm gurallaryň biri – bu syýasy gepleşikdir.

Integrasiýanyň çeýe, däp bolmadyk nusgalarynyň biri AÝUS-da «Intensiw ösüşiň üçburçlugy» atly birnäçe ýurtlaryň serhede ýakyn etraplarynyň integrasiýasydyr. Şu günki gün integrasiýanyň hojalygynyň özara täsirleşmeginiň bu görnüşini Ýewropa Bileleşiginiň bilermenleri işjeň öwrenýärler we «ösüşiň üçburçluklarynyň» birnäçe taslamalaryny hödürleýärler.

Latyn Amerika ýurtlary APEC-iň Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygynyň täze tapgyrynyň başlangyçlaryny döretmäge başladylar. Bu ýerde hyzmatdaşlygyň ikitaraplaýyn ugurlary bilen sebitara gu-

rallary boýunça aragatnaşyklaryň utgaşdyrylmagy sazlaşykly ýagdaýda alnyp barylýar. Muňa Çili döwleti mysal bolup biler. Bu ýurt MERCOSUR-yň assosiirlenen agzasy bolmak bilen, şeýle-de käbir Latyn Amerika ýurtlary bilen erkin söwda zolagy hakynda ylalaşyga gol çekip, şol bir wagtda APEC-e hem girýär. Soňky ýyllarda Çili integrasiýanyň sebitleýin we sebitara derejelerini özünde jemleýän täze strategiýany ulanýar. Ol Aziýanyň Ýuwaş umman ýurtlary bilen Latyn Amerikasynyň – Braziliýa, Argentina ýaly atlantik ýurtlarynyň arasynda özboluşly «köpri» hökmünde çykyş edýär. Çili özüniň erkinleşdirmek boýunça özboluşly syýasatynyň esasynda Aziýa harytlary üçin Günorta Amerika bazarlaryna «girelge gapysy» şeýle-de Braziliýa we Argentina harytlary üçin Ýuwaş ummanyň beýleki tarapynda ýerleşen bazarlara «çykalga gapysy» bolup hyzmat edýär.

Edil ÝB-däki ýaly, GDA-da hem «dürli tizlikli» integrasiýa nusgasy durmuşa ornaşdyrylýar. Ol bir sebitleýin integrasiýa toparynyň çäklerinde dürli agza ýurtlar tarapyndan integrasiýanyň dürli görüşleriniň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. ÝB-de hakykatda «toparlaryň jemlenmesiniň ornaşdyrylmagy» (merkeziň daş-töweregi – «ýewro zolak» / pul bileleşigi) ýörelgesi iş ýüzüne geçirilýär. GDA-da integrasiýanyň köp derejeli nusgasy durmuşa ornaşdyrylýar: Ýewraziýa ykdysady bileleşigi; Kaspi dörtlügi.

Galyberse-de, integrasiýanyň däp bolmadyk nusgalary ösýär, bu integrasiýanyň dürli institusional gurallary nukdaýnazaryndan hem şeýledir. Olaryň içinde ilki bilen «günbatar» (berk institusional düzüme we ahli gatnaşyjy ýurtlar tarapyndan bellenilen möhletlerde çözgütleri ýerine ýetirmekligiň hökmanlygyna esaslanan) we her bir hyzmatdaş ýurt üçin emel etmegiň erkinligini hödürleýän «aziýa» nusgalary tapawutlanýar.

# IX TEMA

# ÝEWROPA BILELEŞIGI: INTEGRASIÝANYŇ AÝRATYNLYKLARY WE ONY SAZLAMAGYŇ GURALLARY

## 9.1. Günbatar Ýewropa integrasiýasynyň ösüş tapgyrlary

Günbatar Ýewropa integrasiýasynyň ösüşinde agza ýurtlaryň hojalyklarynyň özara gatnaşygynyň çuňlugynyň derejesi boýunça (integrasiýanyň aşaky görnüşlerinden ýokarky görnüşlerine geçiş), hem-de giňeliş meýilleri boýunça (bileleşige gatnaşyjylaryň sanynyň artmagy) bir-birinden tapawutlanýan birnäçe tapgyrlaryny belläp bolar.

*Birinji tapgyr* (1951–1957-nji ýyllar). 1951-nji ýylyň 18-nji aprelinde Parižde Ýewropanyň kömür we polat bileleşiginiň (ÝKPB) döredilmegi hakynda şertnama baglaşyldy. ÝKPB-niň düzümine Belgiýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy (GFR), Niderlandlar, Italiýa, Lýuksemburg, Fransiýa girdi. Birleşme hereketleriniň başlangyç nokady pudaklaýyn (has takygy, ýaýrawlaýyn) hyzmatdaşlyk boldy, ol ykdysadyýetiň düýpli pudaklaryny (kömür gazyp çykarýan we polat guýýan senagaty) öz içine alýar.

Integrasiýanyň döredilmegi bilen baglanyşykly işleriň başynda, şol döwrüň öňdebaryjy fransuz syýasy işgärleri Rober Şuman we Žan Monne durýardylar. Fransiýanyň Daşary işler ministri R. Şumanyň 1950-nji ýylyň maý aýynyň 9-yna öz hökümetiniň adyndan Germaniýanyň hökümetine ýüz tutan resminamalarynda (deklarasiýasynda) Ýewropanyň böleklere bölünmeginiň, däp bolup gelen franko-german bäsleşiginiň soňuna çykmak we halkara bileleşmäniň çäklerinde ýurtlaryň arasynda deň hukukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak teklip edildi. Fransiýada we GFR-de ähli kömür we polat önümçiligini bir umumy ýolbaşçylygyň astyna

goýup, Ýewropanyň gurluşygyna başlamak göz öňüne tutuldy. Ýöne netijede, Ýewropanyň kömür we polat bileleşigini (ÝKPB) döretmek hakynda Pariž ylalaşygy Ýewropanyň 6 ýurduny birleşdirdi.

ÝKPB-niň çäklerinde import we eksport paçlary, her dürli mukdar çäklendirmeleri, kömür, demir magdany, polat söwdasyndaky beýleki diskriminasiýa çäreleri ýatyryldy. Kömrüň we poladyň Umumy bazaryna girmedik ýurtlar bilen söwdada bu harytlaryň importyna bitewi paçlar girizildi. Milletleriň üstünden ýolbaşçylyk edýän ýokary geňeş bileleşigiň ýurtlarynyň garaşsyz wekillerinden ybarat bolup, kömrüň we poladyň öndürilişini umumy düzgüne salmak işini, ykdysadyýetiň bu pudaklarynyň döwrebaplaşdyrylmagyny we düýpgöter üýtgedilmegini amala aşyrýardy. Onuň kararlary ähli agza ýurtlar we bu pudagyň ähli kärhanalary üçin hökmany boldy, ýöne işler beýleki umumy geňeşler, ilki bilen hem ýurtlaryň weto goýmak (gadagan etmek) hukugyna eýe bolan Ministrler geňeşi bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýardy. Şeýlelik bilen, integrasiýanyň umumy ösüşinde, aýratyn hem, onuň guramaçylyk işlerinde Pariž ylalaşygynyň tapawutly ýeri seresaplylyk, yzygiderlilik we tapgyrlylyk bilen bagly boldy.

Köp sanly gapma-garşylyklara we işiň çäklendirilen ýaýrawyna garamazdan, ÝKPB, gürrüňsiz, üstünlikli aragatnaşyklaryň aýdyň mysaly boldy. Rur, Saar etraplarynda, Limburgda, Walloniýada, Lýuksemburgda we Lotaringiýada jemlenýän Ýewropanyň agyr senagatynyň merkezi söweşleriň we jedelleriň dowamly ýeri bolmagyny bes etdi we hyzmatdaşlyk bilen öňe gidişligiň ösýän giňişligine öwrüldi. ÝKPB-niň işiniň gazanan institusional innowasiýalary hem öz oňyn netijelerini berdi. Bu guramanyň çäklerindäki halkara hyzmatdaşlyk ýagdaýy Ýewropanyň birleşmegine bolan ynamy berkitdi hem-de Ýewropa integrasiýasynyň çäklerinde alnyp barylmaly işleriň çygrynda bir topar täze pikirleriň döremegine ýol açdy.

*Ikinji tapgyr* (1950-nji ýyllaryň soňy – 70-nji ýyllaryň başy) bileleşiginiň taryhynda «altyn asyr» diýlip atlandyrylmaga mynasyp döwür boldy. 1957-nji ýylyň mart aýynda şol öňki alty döwlet («altylar»): Fransiýa, GFR, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg Ýewropanyň ykdysady bileleşigini (ÝYB; onuň ikinji resmi ady «Umumy bazar») we Atom energiýasy boýunça Ýewropa Bileleşigini

(Ýewratom) döretmek hakynda iki sany Rim ylalaşygyna gol çekdiler. Bularyň soňkusy ÝKPB-niň nusgasyna görä döredildi we pudaklaýyn ugurlydyr, ýagny önümçilik bileleşigini we atom energetikasy pudagynda ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işini (YBTKI) bilelikde ösdürmäge ugrukdyrylandyr.

Bu ýerde Ýewropanyň ykdysady bileleşigini döretmek hakyndaky ylalaşyk esasy ähmiýete eýedir, ol agza ýurtlaryň öz aralarynda hojalyk gatnaşyklaryna toplumlaýyn köptaraply çemeleşmäniň çäklerinde «harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň we maýanyň erkin hereketini» amala aşyrýan umumy bazary döretmek ýoly bilen ykdysady integrasiýany giňeltme pikiri bilen tapawutlanýar. ÝYB hakyndaky ylalaşyk jikme-jik işlenip, ol 275 maddadan ybarat bolan, bölümlere we jiltlere bölünen, birnäçe goşundydan ybarat bolan örän göwrümli resminamadyr.

ÝYB-yň («Umumy bazaryň») esasy maksatlary şeýle kesgitlendi:

– agza ýurtlaryň arasyndaky söwdada ähli çäklendirmeleri ýuwaş-ýuwaş aýyrmak;
– üçünji ýurtlar bilen söwdada umumy gümrük tarifini kesgitlemek;
– maýanyň, adamlaryň, hyzmatlaryň erkin hereket etmekleri üçin çäklendirmeleri aradan aýyrmak;
– oba hojalyk we ulag ýaýrawlarynda umumy syýasaty amala aşyrmak;
– salgyt ulgamlarynyň bitewüleşdirilen ýeke-täk ulgamyny emele getirmek;
– «Umumy bazarda» bäsdeşlik düzgünlerini kesgitlemek;
– agza ýurtlaryň kanunçylyklaryny ýakynlaşdyrmak;
– ykdysady syýasaty ylalaşmagyň ýörelgelerini işläp taýýarlamak we ş.m.

Täze bileleşikleriň döredilmegine getiren Rim ylalaşyklarynyň aýry-aýry ugurlar boýunça umumy syýasatynyň döredilmegini we ýurtlar tarapyndan bu meselelerde käbir özygtyýarlyk hukuklarynyň umumy ýurtlaryň üstünden gözegçilik edýän geňeşlere berilmegini göz öňüne tutýandygy sebäpli, Beýik Britaniýanyň wekilleri hojalyk

we syýasy özara gatnaşyklaryň şeýle çuňňur görnüşi bilen razy bolmandyklary üçin, ylalaşyklaryň taýýarlyk tapgyrynda «altylar» bilen hökümetara gepleşiklere gatnaşmakdan boýun gaçyrdylar. 1956-njy ýylyň oktýabr aýynda London Birleşen Korollygyň erkin söwda zolagyny döretmegi makul görýändigi hakynda habar berdi. 1960-njy ýylyň maý aýynyň 4-ine Stokgolm resminamasyna (deklarasiýasyna) gol çekildi, şoňa görä beýleki Ýewropa ýurtlarynyň «ýedisi»: Beýik Britaniýa, Awstriýa, Daniýa, Norwegiýa, Portugaliýa, Şwesiýa we Şweýsariýa Ýewropanyň erkin söwda bileleşigini döretdiler (ÝESB). Şeýlelikde, şol bir wagtda Ýewropada ýurtlaryň hyzmatdaşlyk işlerinde dürli bähbitleri we düşünjeleri öz içine alýan integrasiýanyň iki görnüşi ösmäge başlady.

Rim ylalaşygynyň talaplarynyň durmuşa geçirilmegi ikinji tapgyrda örän üstünlikli, ylalaşykly we kynçylyksyz alnyp baryldy we eýýäm 1968-nji ýylyň iýul aýynyň 1-ine (göz öňünde tutulan möhletden 1,5 ýyl öň) ÝYB-yň ýurtlary gümrük birleşigini döretdiler. Agza ýurtlaryň söwdasyndaky söwda çaklendirmeleri aradan aýryldy we üçünji ýurtlar babatda ýeke-täk gümrük tarifi kesgitlendi. ÝYB-da basdeşlik boýunça işjeň syýasat durmuşa geçirilip başlandy. Standart we tehniki kadalaryň özara ylalaşykly hereketi ýola goýuldy, hojalyk kanunçylygynyň, esasan hem, paýdarlar kanunçylygynyň utgaşdyrylmagy boýunça işler amala aşyryldy. Senagat syýasaty çygrynda bir-birine ýakynlaşma boldy, ÝYB-yň ýurtlarynyň milli monopoliýalarynyň transmilli monopoliýa öwrülmek hereketi tizleşdi, ÝYB-da maýalaryň we işçi güýjüniň hereketiniň erkinleşmegi ýokarlandy. Bu döwrüň iň uly üstünligi Ýeke-täk oba hojalyk syýasatynyň (ÝOHS) işlenip düzülmeginden, bileleşigiň derejesinde «agrar Ýewropanyň» emele gelmeginden ybarat boldy.

*Üçünji tapgyr.* ÝYB-yň integrasiýasynyň üçünji tapgyry (1970-njy ýyllaryň başlaryndan 80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli) bileleşigiň işinde gapma-garşylyklar we uly kynçylyklar döwri boldy. Integrasiýa topary wajyp çökgünlikden baş alyp çykmaly boldy. Günbataryň beýleki ýurtlaryna garanyňda, önümçiligiň gowşak ösüş depginleri, işsizligiň iň ýokary derejesi, hyzmatdaş ýurtlaryň arasynda «söwda

söweşleri», «ýewropessimizm», «ýewroskleroz» diýlip atlandyrylýan alamatly ýagdaýlary döretdi. Şonuň bilen birlikde, ÝYB bu tapgyrda hem integrasiýada az bolmadyk ösüşi gazanyp bildi.

1973-nji ýylyň ýanwar aýynda üç döwletiň – Beýik Britaniýanyň, Daniýanyň we Irlandiýanyň oňa birleşmegi netijesinde, ÝYB-yň birinji mukdar giňelmesi bolup geçýär.

Integrasiýanyň ösüş basgançagy pul integrasiýasynyň düzgünleri esasynda amal edilip başlanýar. 1978-nji ýyldan başlap, Ýewropa pul ulgamy (ÝPU) döredilýär, ol üç esasy düzüm bölekden: Ýewropanyň hasaplaşyk pul birligi bolan ekýudan; «Ýewropanyň pul ýylany» ulgamyndan, ýagny bir tarapdan, ÝB-niň ýurtlarynyň pullaryny bir-birine ykjam baglaýan ýörelge (deň gelmezlik 1,125%-den geçmeli däldi), beýleki tarapdan – dollara görä bilelikdäki üýtgäp durmak ýörelgesi (deň gelmezlik 2,25%-den geçmeli däldi); gatnaşyjy agza ýurtlaryň milli altyn-pul ätiýaçlyklarynyň bir bölegini (20%) birleşdirmegiň hasabyna Ýewropanyň pul hyzmatdaşlyk gaznasynyň (ÝPHG) döredilmeginden ybarat boldy. Hereket ediş gurluşlaryna düzedişler girizilen pul integrasiýasy sebitleýin integrasiýanyň öňe gitmeginde uly ädim boldy we häzirki wagtda hereket edýän ykdysady we pul bileleşiginiň emele gelmeginiň başlangyç basgançagy boldy. Ol önümçilik we ylmy-tehniki pudaklara işjeň girizildi.

Integrasiýa gurluşlarynyň ösdürilmegi dowam etdirildi. 1981-nji ýylda ÝYB-yň täze giňelişi bolup geçdi – oňa Gresiýa girdi.

*Dördünji tapgyr* (1980-nji ýyllaryň ortasyndan 90-njy ýyllaryň başlaryna çenli). Hil taýdan täze tapgyr (ÝYB-yň integrasiýa işiniň düýpli özgerdilmegi) ÝYB-yň çäklerinde ýeke-täk içerki bazaryň döredilmeginiň tamamlanmagy bilen bellidir. 1985-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasy «Ak kitap» diýlip atlandyrylýan resminamany ýaýratdy, onda Rim ylalaşygyna gol çekilenden soň gümrük paçlarynyň ýatyrylandygyna garamazdan, ÝYB-yň bitewüligi raýatlar hem-de ykdysady düzümler üçin doly bolmandygy we onuň şeýle bolup galýandygy bellenilip geçilýärdi. Agza ýurtlaryň arasynda çäkler we köp sanly söwda çäklendirmeleri, dolandyryş formallyklary, gümrük gözegçiligi, dürli ýurtlarda tehniki ýöriteleşmede we kadalar-

da tapawutlyklar, käbir ýaýrawlarda çäklendirmeler dowam edýärdi, kärhanalara ÝB-niň çäklerinde milli derejedäki ýaly hereket etmäge päsgel berýän çäklendirmeler – bularyň ählisi ykdysadiýetiň ösmegini haýalladyp, oňa her ýyl ençeme milliard ekýu sarp edilýärdi. Barlaglaryň netijelerine görä, diňe serhet formallyklaryna ýylda 9 milliard ekýu töweregi ýa-da bileleşmäniň agza ýurtlarynyň arasyndaky ähli söwda amallaryň jeminiň 1,8% töweregi gidýärdi. Senagatda ähli şol formallyklara ýeke-täk kada-kanun ulgamynyň ýoklugyny goşmak bilen, beýleki söwda çäklendirmelere ýylda 40 milliard ekýu töweregi pul sarp edilýärdi. Agzalan ýagdaýlar ÝB-niň ýurtlarynyň halkara bäsdeşlige bolan ukybyny düýpli pese gaçyrýardy, düzümleýin üýtgedip gurmagy kynlaşdyrýardy, tehnologiýa we guramaçylyk täzeçillikleri ýeterlik derejede höweslendirmeýärdi.

Ýeke-täk içerki bazaryň, bitewi ýewro ykdysadyýetiň döredilmegi ÝB-ni üýtgedip gurmagyň esasy maksady boldy, bu ýagdaý 1987-nji ýylda güýje giren Ýeke-täk Ýewropa teswirnamasynda (ÝÝT) kesgitlenildi. ÝÝT «harytlaryň, maýalaryň, hyzmatlaryň we raýatlaryň erkin hereket etmegini üpjün edýän içerki serhetleri bolmadyk giňişlikdir», ony 1992-nji ýylyň 31-nji dekabrynda döretmek meýilleşdirilýärdi. ÝB-niň giňişliginde fiziki, tehniki, salgyt we beýleki bökdençlikleri doly aradan aýyrmak göz öňüne tutulýardy, netijede, bu ýagdaý milli serhetleriň aýrylmagyna we bir görnüşli ykdysady giňişligiň döremegine alyp barýardy. Bu wezipäniň esasy bölegi 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli çözüldi. Integrasiýanyň ýagdaýy yzyna gaýtarylmaýan derejä ýetdi.

Bu tapgyrda 1986-njy ýylda ÝB-niň üçünji giňelmesi bolup geçdi – bileleşige Ispaniýa we Portugaliýa girdi.

*Bäşinji (häzirki zaman) tapgyry.* ÝB-niň bitewi hojalyk ulgamynyň bir görnüşe eýe bolmagynyň bu tapgyry ykdysady, pul we syýasy bileleşiginiň emele gelmegine geçiş döwrüdir.

1991-nji ýylyň dekabr aýynda Ýewropa geňeşiniň mejlisi Gollandiýanyň Maastriht şäherinde geçirildi hem-de Ýewropa Bileleşigi hakynda ylalaşygyň taýýarlyk nusgasy ylalaşyldy (Ýewro-

pa Bileleşigi hakynda Maastriht ylalaşygy), 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda bolsa, şol ýerde ähli agza döwletleriň oňa gol çekmegine degişli resmi dabara boldy (ylalaşyk 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda güýje girdi we bileleşige – Ýewropa Bileleşigi diýlip täze at dakyldy).

Ylalaşyga laýyklykda, ýeke-täk ýewropa raýatlygy, syýasy birlik (umumy daşary syýasat we içeri işler we hukuk pudaklarynda syýasat) tassyklanýar, şeýle hem ykdysady we pul bileleşigi döredilýär.

Maastriht ylalaşygy Ykdysady we pul bileleşigi (YPB) diýlen düşünjäni girizdi we ony döretmegiň takyk möhletlerini (1999-njy ýylyň 1-nji ýanwary) belledi. Şol günden başlap, ilki bilen, nagt däl dolanyşyga täze pul görnüşi – ýewro girizilýär, ol üç ýarym ýylyň dowamynda YPB giren döwletleriň milli pullary bilen bile hereket edýär, 2002-nji ýylyň 1-nji iýunyndan başlap, olaryň ýerine doly geçýär. Bu möhletde agza döwletleriň milli ykdysadyýetleriniň doly ykdysady konwergensiýany ÝB-niň bu ýeke-täk pul syýasatyna geçmegiň esasynda amala aşyrmak niýet edilýärdi.

Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigi 28 döwleti birleşdirýär.

Integrasiýanyň çuňlaşmagy bilen bir hatarda, bileleşigiň ösüşiniň häzirki wagtky tapgyry, agza düzüminiň Merkezi we Gündogar Ýewropanyň we Ortaýer deňziniň birnäçe ýurtlarynyň birleşmeginiň hasabyna täze uly möçberde giňelmegi bilen häsiýetlenýär. ÝB-niň giňelmegi bilen bar bolan meseleler we gapma-garşylyklar görnetin ýokarlandy, täzeleriniň hem ýüze çykjagy ikuçsuzdyr.

«Basgançakly integrasiýa» ýa-da «jemlenen toparlaryň Ýewropasy» nusgalary has takyk işlenip taýýarlanyldy. Olaryň binýadynda ÝB-niň agzalarynyň bir böleginiň häzirki wagtda integrasiýany çuňlaşdyrmak boýunça işleri dowam etmeklige ýagdaýy bolmasa-da, ony ýerine ýetirmek zerurlygy ýatyr. Şeýlelikde, ÝB-de has ösen ýurtlardan ybarat «esasy bölek» emele gelýär; onuň töwereginde integrirleme derejesiniň peselme yzygiderliligi boýunça «toparlar» jemlenýär. Bu nusganyň özüne çekiji tarapy, onuň hakykata meňzeşligi we durmuşa ýakyn bolmagyndadyr.

«Köp derejeli integrasiýa» nusgasy ýokarda agzalan nusgalaryň gowy taraplaryny özüne birleşdirýär. Meşhur Günbatar biler-

menleriniň köpüsiniň pikirine görä, ÝB-de bölünme hereketleriniň ýokarlanmagynyň ornuny tutujy bolup, dürli ýurtlar boýunça integrasiýa hereketleriniň tizliginiň düşünjeli bölünmesi çykyş edýär. Edil «basgançakly» integrasiýadaky ýaly, «köp derejeli integrasiýada» hem diňe umumy ylalaşyk çäklerini we wagt tertibini göz öňünde tutmazdan, integrasiýa hereketlerini çuňlaşdyryp alyp barmak maksadyny öňde goýýar. «Jemlenen toparlaryň» nusgasy ýaly, ol hem «esasy bölegi» döretmekden başlanýar, emma ol integrasiýanyň ähli ugurlaryny öz içine alýan ýeke-täk «esasy bölekden» ybarat bolman, gatnaşyjylaryň dürli düzüminden ybarat bolan köp «esasy böleklerden» ybarat bolmagy göz öňünde tutýar.

## 9.2. ÝB-niň çäklerinde gümrük bileleşiginiň emele gelmeginiň esasy tapgyrlary

Gümrük bileleşiginiň kämilleşmegi 1957-nji ýylda alty döwletiň gol çeken Ýewropa ykdysady bileleşigini döretmek hakyndaky Rim ylalaşygynda bellenilen birinji derejeli işleriň biridir. Gümrük bileleşiginiň esasy ýörelgeleri we hereket etmeginiň tertibi Rim ylalaşygynyň birinji bölüminiň birinji we ikinji bölümçelerinde kesgitlenýär. Şol bir wagtyň özünde, birinji bölümde (9–29 sah.) Bileleşigiň agza döwletleriniň arasyndaky söwdada gümrük paçlaryny tapgyrlaýyn aradan aýyrmagyň düzgünleri we tertibi bellenilýär, ikinji bölümde (30–37 sah.) garşylyklaýyn söwdada mukdar çäklendirmeleri aradan aýyrmagyň tertibi ýola goýulýar. Harytlaryň erkin hereketi hakyndaky bölümiň 9-njy maddasy Bileleşigiň gümrük birleşiginiň ýörelgelerine esaslanyp, onuň «harytlaryň ähli söwdasyny öz içine almagyny we söwda gatnaşyklarynda import we eksport gümrük paçlarynyň we her dürli meňzeş gymmatlykdaky ýygymlaryň gadagan edilmegini göz öňüne tutmalydyr» diýip belleýär. Gadagan etme hereketleri fiskal häsiýetli paçlara hem deň derejede ýaýraýardy. Rim ylalaşygynyň 14-nji maddasyna laýyklykda, soňky peselmek hereketleriniň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly pajyň esasy göterim derejesi hökmünde 1957-nji ýylyň 1-nji ýan-

warynda bellenilen paç kesgitlenildi. Birinji peselmäni Ylalaşyk güýje girenden bir ýyl soň, ikinjisini – birinjiden 18 aý geçenden soň, üçünji peselmäni – ÝYB-yň hereket edýän dördünji ýylynda amala aşyrmak meýilleşdirildi.

Rim ylalaşygy gümrük bileleşiginiň döredilmeginiň esasy maksatlaryny kesgitledi we esaslandyrdy, oňa 29-njy madda laýyklykda aşakdakylar degişlidir:

- ÝYB ýurtlarynyň arasynda söwdanyň ösdürilmegine goldaw bermek;
- kärhanalaryň bäsdeşlik ýagdaýyny berkitmek;
- taýýar önümleriň, çig malllaryň we ýarym fabrikatlaryň bazarynda deňagramsyzlygy aradan aýyrmak.

Ylalaşýan ähli taraplaryň dürli tariflere eýediklerini hasaba almak bilen, ikinji wezipe gümrük paçlarynyň göterim derejelerini ylalaşmak we ýeke-täk gümrük tarifini (ÝGT) işläp taýýarlamak boldy we Rim ylalaşygynyň 19-njy maddasynda göz öňünde tutuldy.

Gümrük bileleşiginiň döredilmegi we gümrük nyrhlarynyň ylalaşykly ýagdaýa getirilmegi Ýewropa ýurtlarynyň bazarlarynyň möhüm harytlar bilen üpjün edilmegindäki we olaryň bahalarynyň pese düşürilmegindäki deňagramsyzlygyň aradan aýrylmagynda möhüm orny eýeledi.

Şu ýerde tarif syýasaty işlenip düzülende Rim ylalaşygynyň milli gümrük düzgünleriniň deňagramlylygy üçin takyk kanunçylyk binýady üpjün etmändigini bellemek gerek. Rim ylalaşygynyň 13-nji maddasynda: «ÝYB-yň agza döwletleri zerur ýagdaýda gümrük düzgünleşdirmesi bilen baglanyşykly kanunçylyk namalary, dolandyryş çäreleri boýunça bir-birine ýakynlaşmak babatda işleri alyp bararlar. Geňeşiň wezipesine bu meseleler boýunça maslahat bermek girýär» diýlip, bellenilip geçilýär. ÝGT güýje giren we Bileleşigiň çäklerinde söwda paçlary aradan aýrylan halatynda, gümrük bileleşiginiň kämilleşmeginiň, gümrük kadalarynyň we düzgünleriniň bir bitewi ulgama getirmek bilen baglanyşykly ikinji tapgyry başlaýar. 1968-nji ýylda Ministrler geňeşi kadaly ýagdaýa getirmekligi zerur bolan gümrük düzgünler bilen baglanyşykly üç sany wajyp ähmiýetli karary we bir kanunçylyk namasyny kabul etdi.

15. Sargyt № 2070

Ilki bilen üçünji ýurtlardan gelýän harytlaryň importyny gümrük taýdan düzgüne salýan meselelere degişli kanunçylyk namasy kabul edildi. Kararlarda aşakdaky meselelere seredildi:

1) ÝB-niň gümrük çäkleriniň bellenilmegi;

2) harydyň gelip çykýan ýurduny bellemegiň düzgünleri;

3) harydyň gümrük bahasyny bellemegiň düzgünleri.

Eýýäm şol döwürde bazar deňagramsyzlygyny aradan aýyrmak, ynsapsyz bäsdeşlige garşy durmak maksady bilen gümrük edaralarynyň ähli iş ugurlaryny hem-de ähli gümrük kadalaryny bir bitewi ulgama getirmekligiň zerurlygy ýüze çykdy. Şol bir wagtyň özünde, gümrük gurluşy, ÝB-niň çäklerinde ylalaşylan syýasatlaryň köpüsini geçirmegiň, mysal üçin, oba hojalyk, durmuş, senagat, sebitleýin we käbir beýleki syýasatlaryň guraly bolup çykyş edýärdi.

1980-nji ýyllaryň başynda ýeke-täk içerki bazary döretmek obýektiw zerurlyga we Ýewropanyň bäsdeşlik ýagdaýlaryny güýçlendirmegiň möhüm şertine öwrülen wagtynda, köp sanly kararlar we düzgünnamalar kabul edildi, olar gümrük bileleşiginiň iş ýüzünde hakykat bolandygyna şaýatlyk etdi we onuň düzgünleri gönüden-göni üçünji ýurtlar bilen gatnaşyklara degişlidi. Emma ähli kanunçylyk namalar we resminamalar Resmi çap ýygyndylarynyň dürli ýyllarynyň aýry-aýry neşirlerinde çap edildi we käbir gapma-garşylyklardan ybarat bolup, yzygider tertipde däldi, şeýle ýagdaý bolsa kanunçylyk namalarynyň dürli wagtlarda we dürli hünärmenler tarapyndan taýýarlanylyp, neşir edilen halatynda ýüze çykýar. Mundan başga-da Bileleşigiň gümrük kadalaryna hemme ýurtlarda birmeňzeş düşündiriş berilmän, birmeňzeş ulanylmaýardy. Bu ýagdaý ÝB-niň ýurtlaryna ýeke-täk gümrük çäklerini saklamaga mümkinçilik bermeýärdi. Bu sebäpleriň ählisi ÝB-niň ýeke-täk gümrük kodeksiniň üstünde işläp başlamak zerurlygyna getirdi. Bu ugurda 1988-nji ýylda ÝB-ä üçünji ýurtlardan edilýän import üçin gümrük resminamalarynyň (deklarasiýasynyň) bitewüleşdirilen görnüşli ýeke-täk dolandyryş resminamasynyň girizilmegi bilen, ilkinji ädim ädildi. Häzirki wagtda şol resminamanyň düzgünlerini Ýewropanyň ähli ýurtlary ulanýarlar. Ýeke-täk dolandyryş resminamanyň girizilmegi ÝB-niň serhetlerinde gümrük çäreleriniň netijeli işlemegine kö-

mek etdi, ýöne resmiligi saklamagyň beýleki görnüşleri boýunça uly tapawutlar öňküsi ýaly saklanyp geldi.

1990-njy ýylyň mart aýynda Ýewropa geňeşiniň garamagyna Gümrük kodeksiniň taslamasy hödürlenildi we 1992-nji ýylyň oktýabr aýynda makullanyldy. 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, ÝB-niň ýeke-täk içerki bazaryny döretmek hakyndaky karar Gümrük kodeksiniň öz wagtynda kabul edilendigine şaýatlyk edýär. ÝB-niň çäklerinde içki serhetleriň ýoklugy we ýeke-täk daşky serhediň bolmagy, hemme gümrük kadalarynyň, çäreleriň we düzgünleriň ähli ýurtlarda birmeňzeş ulanylmagyna getirdi. Öz gezeginde, ÝB-niň söwda hyzmatdaşlary hem ýeke-täk bazaryň ähli gatnaşyjylary tarapyndan birmeňzeş gatnaşyga garaşmaga ygtyýarlydyrlar.

Ýokarda agzalan resminamalaryň kabul edilmegi 1985-nji ýyldaky Ak kitaba möhüm goşmaça bolup çykyş etdi, ol ýeke-täk içerki bazaryň döredilmeginiň tamamlaýjy meýilnamasydyr. Ak kitabyň çäklerinde, ÝB-niň ýurtlarynda ulanylýan hemme gümrük barlag çärelerini bir tertibe getirmek zerurlygy bellenilip geçilýär. Ýeke-täk içerki bazary emele getirmek meýilnamasynda 300-e golaý çäre görkezilýär, olary, ýagny üç sany: fiziki, fiskal we tehniki bökdençlikleri içerki söwdadan aýyrmak we daşary söwdada bir nusga getirmek boýunça çäreleri ÝB-niň ýurtlary kabul etmelidi. Şol düzgünler 1987-nji ýylda kabul edilen Ýeke-täk ýewropa namasynyň 8 a maddasynda kesgitlenilýär.

Ýükleriň gümrük resmileşdirilmeginiň möhüm bölegi – olaryň gümrük taýdan arassalanmagydyr. Umumy düzgünler ýüküň ÝB-niň çäklerine gelen birinji nokadynda (port, howa menzili, demir ýol menzili we ş.m.) gümrük taýdan arassalanmagynyň durmuşa geçirilmeginiň zerurdygyny belleýär, emma ýurduň içinde hem gümrük taýdan arassalama işleri (konteýnerli daşamalar) geçirilip bilner. Bu amal gümrük gullugyndan rugsat almak arkaly amala aşyrylýar.

Umumy tertipde ÝB-ä import edilýän harytlara paç, goşmaça gümrük tölegleri, içerki salgytlar we ýygymlar salynýar. Käbir ýurtlar häzirki wagta çenli goşmaça ýygymlary (daşky gurşawy gorap saklamaga ýygymlar (Daniýa), parafiskal salgytlar (Fransiýa), söw-

dany ösdürmäge ýygymlar (Awstriýa) we käbir beýlekiler) gorap saklaýarlar. ÝB-niň eksporty babatda bolsa, ähli harytlary diňe gümrük gulluklarynyň kesgitlän, ÝB-niň serhedini kesip geçýän belli bir nokatlardan çykaryp bolýar, şol bir wagtyň özünde, ýük we onuň aýratynlygy hakynda has doly maglumatlary öz içine alýan gümrük resminamasyny tabşyrylmalydyr. Eksport edilýän harytlaryň köp bölegi paçlardan we ýygymlardan boşadylýar.

ÝB-niň käbir ýurtlar babatda daşary söwda syýasatynyň çärelerini ulanmakda ähmiýetli bölünmeleri saklap galýan bolsa gümrük kadalarynyň arasynda esasy orun harydyň gelip çykýan ýurduny kesgitlemegiň düzgünlerine degişlidir. Belli bir harydyň ÝB-niň çäklerine getirilende iki ýa-da has köp döwletler harydy öndürmeklige ýa-da gaýtadan işlemeklige gatnaşan bolsalar, onuň gelip çykyşyny kesgitlemek ÝGT-ni ulanmakdaky esasy kynçylyklaryň biri bolup çykyş edýär. Beýleki mesele, ÝB-niň ähli ýurtlarynda harytlaryň gelip çykyşyny kesgitlemegiň bir görnüşli tertibini üpjün etmekdir. 1968-nji ýylda ÝB ýurtlary harydyň gelip çykan ýurdy harydyň öndürilen ýa-da uly möçberde gaýtadan işlenen ýurdudyr diýip kesgitlediler (gelip çykan ýurdy – iň soňky uly möçberli, ykdysady taýdan esaslanan amalyň geçirilen, esasan hem, bu maksatlar üçin ýörite enjamlaşdyrylan kärhananyň ýurdy hasaplamaly. Bu amal degişli önümiň öndürilmeginde möhüm tapgyr bolmaly ýa-da onuň maksady täze önümiň öndürilmegi hem bolmaly).

Ýöne birnäçe wagtdan soň bu kesgitleme dürli manylary aldy we aýry-aýry pudaklar üçin käbir ýörite kadalar kesgitlenildi. Bu kadalaryň ähmiýeti bäsdeşligiň ýokarlanmagy we ÝB-niň ýewropa öndürijilerini höweslendirmäge, daşary ýurtly kärhanalaryň ýewropa bazarlaryna girmegini çäklendirmäge çemeleşmegi bilen has hem güýçlenýär. Bu ýagdaý, esasan hem, goşulan baha göteriminiň we Ýewropadan gelip çykyşyny kesgitlemek gerek bolan harydyň gaýtadan işlenilmegine degişlidir:

- radiýo we telewizorlar eger goşulan bahanyň 35–45%-i ÝB-de öndürilen bolsa, Ýewropanyňky hasaplanar;
- Ýewropanyňky diýlip hasaplanmagy we ÝB-niň içki serhetlerinden päsgelçiliksiz geçmegi üçin ýapon awtomobilleriniň

goşulan bahasynyň 90%-e çenli bölegi ÝB-de öndürilen bolmaly;

- ÝESB (Ýewropanyň erkin söwda bileleşigi) ýurtlaryndan gelip çykýan awtomobillere nyrhlaryň pes derejesi diňe goşulan bahanyň 60%-i ÝB-de öndürilen bolsa ulanylýar;
- Integral ulgamlar Silikon platada Ýewropada toplanan bolmalydyr.

Şeýlelikde, şuňa meňzeş düzgünler import harytlarynyň ýolundaky ýokary derejeli päsgelçiliklerden sowlup geçmek üçin käbir haryt görnüşlerini öndürijileri öz önümlerini Ýewropada ýerleşdirmeklige mejbur edýär. Öz gezeginde, Ýewropa goýulýan maýa goýumlar Ýewropadaky yza galan ykdysady sebitleriň ösmegini çaltlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

ÝGT, esasan, adwalor paçlary özünde jemleýändigi sebäpli ÝB-niň gümrük syýasatynyň beýleki wajyp kadasyny – harydyň gümrük bahasyny bellemek düzgünidir. ÝGT-ni dogry ulanmak üçin harydy ÝB-niň çäkleriniň niresine getirilýändigine garamazdan, gümrük ýygymlarynyň hasabynyň bir görnüşde amala aşyrylmagy talap edilýär. Gümrük ýygymlary hasaplama usulyny kadalaşdyryjy we ÝB-niň ähli ýurtlarynda derejeleriň bir görnüşde bolmagyny üpjün ediji düzgünleriň sanawy №1224/80 belgili buýrukda kesgitlenilendir.

Oňa laýyklykda, eger şertnamada başga zatlar ylalaşylmadyk bolsa, harydyň gümrük bahasy onuň Ýewropanyň serhedine gelen mahalynda hasaplanylýar, ýagny ÝB-niň çäklerinde ammarda saklamaga we daşamaga degişli ähli çykdajylar gümrük bahasynda hasaba alynmaýar.

ÝB-niň çäklerinde örän berk sanitar-weterinar kadalar we standartlar hereket edýär, olar ilkibaşda ösümliklerden we haýwanlardan gelip çykýan harytlara ulanylýar. Bu harytlar getirilende fitoarassaçylyk şahadatnamasynyň tabşyrylmagy zerurdyr, harytlaryň birnäçe görnüşleri bolsa, gümrük taýdan arassalaýyş işleri geçirilýän nokatda arassaçylyk-weterinar barlagyndan geçirilmelidir. Muňa mysal hökmünde, meşhurlyga eýe bolan we ÝB-niň köp resminamalarynda ýazylan bananyň sortuny kesgitleýän «egrilik» standartyny getirip bileris.

## 9.3. Ýewropa Bileleşiginiň söwda syýasatynyň bir bölegi hökmünde bitewi gümrük tarifi

1968-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden güýje giren we Ýewropa Bileleşigi üçin umumy gümrük salgytlaryny belleýän Ýeke-täk Gümrük Tarifi Ýewropa Bileleşiginiň ýeke-täk gümrük syýasatynyň esasy bolup çykyş etdi (ÝGT – Ýeke-täk Gümrük Tarifi). ÝGT üçünji ýurtlardan gelýän harytlar üçin ähli milli gümrük tölegleriň ornuny tutdy. ÝGT-niň kämilleşdirilmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň tertibi Ýewropanyň Ykdysady Bileleşigini esaslandyran Ylalaşygyň birinji bölüminiň 18-29-njy maddasynda bellenilendir.

Ýewropa Bileleşiginiň bitewi gümrük tarifi integrasiyasynyň ösüşüniň esasy alamatlarynyň biri bolup durýar. ÝGT tarifler we söwda boýunça baş Ylalaşygyň (GATT) agzasy bolan ähli döwletler üçin has amatly şert tertibiniň ýörelgelerine esaslanyp Ýewropa Bileleşiginiň çäklerine getirilýän ähli harytlar üçin öz güýjüni saklaýar, Ýewropa Bileleşiginiň Ýeke-täk Gümrük Tarifiniň iň soňky görnüşi 2886/89 belgili Ýewropa Geňeşiniň karary bilen tassyklanyldy.

Ýeke-täk Gümrük Tarifi herekete girizilen mahaly gümrük birleşigine gatnaşýan ýurtlaryň gümrük tarifleriniň utgaşykly ýagdaýa getirilmegi zerurdy. Şu nukdaýnazardan, her bir harydyň topary üçin bitewi bir gümrük tarifiniň göterimleri, milli gümrük tarifleriniň göterimleriniň ortaça arifmetiki bahasyna esaslanyp hasaplandy (Rim Ylalaşygynyň 19-njy maddasy, ÝGT-niň bahalarynyň dört sany: Fransiýa, Italiýa, Germaniýa we Benilýuks gümrük çakleriň bahasynyň arifmetiki ortaça bahasy hökmünde hasaplanmagyny şertlendirýär). GATT döredilýänçä gümrük salgytlarynyň ortaça derejesi, takmynan, 40%-di, kabir önümler üçin bolsa bu ululykdan hem geçýärdi. Şondan bäri GATT-yň çäklerinde alnyp barlan ylalaşyklaryň kämilleşmeginiň netijesinde, Ýewropa Bileleşiginiň Gümrük Tarifine möhüm üýtgetmeler girizildi. Dillon tapgyr (1960–1962) we Kennedi tapgyr (1960-njy ýyllaryň ortasy) tamamlanandan soňra, Tarif goragynyň derejesi iki esse peseldi. Tokio tapgyrynyň çözgütleri tarifleriň geljekde has hem peselmegine getirdi (1978-nji ýylda ýene-de 30%). Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigindäki ortaça gümrük goragynyň

derejesi 3,5%-den ybaratdyr, bu bolsa dünýädäki iň pes derejeleriň biri bolup durýar. Tarif goragynyň derejesindäki peselme, Bütindünýä Söwda Guramasynyň (BSG) çäklerinde salgytlaryň azaldylmagyna degişli ylalaşyklaryň netijeleri, şeýle hem üçünji döwletler bilen amala aşyrylan artykmaçlykly ylalaşyklaryň sanyndaky artyş bilen şertlendirilendir. Ýöne muňa garamazdan, gümrük salgytlarynyň Ýewropanyň býujetini doldurmagyň serişdesi hökmündäki orny örän möhüm bolup galýar. 1999-njy ýylda import gümrük salgytlary Ýewropa Bileleşiginiň býujetiniň 17,3%-ni emele getirdi. Onuň üstesine-de, gümrügiň bahasy we tölenen paçlar, maliýe taýdan olaryň ornuny güýçlendirýän goşulan baha boýunça salgydy (GBüS) hasaplamak üçin esas bolup durýar.

Rim Ylalaşygy esasynda integrasiya toparynyň agza döwletleriniň arasyndaky söwda gümrük paçsyz esasda alnyp barylýar we pesinden bir gatnaşyjy döwletiň bähbitlerine täsir edýän hem bolsa, gümrük we tarif düzgünleşdirmelerine degişli islendik karar Geňeşiň çözgüdi esasynda kabul edilýär. Şonuň netijesinde, Bitewi Ýewropa akty Ýewropa Ykdysady Bileleşiginiň esaslandyrylmagy baradaky ylalaşygyň 28-nji maddasyna üýtgetme girizdi, ol ýerde «Bitewi gümrük Tarifiniň çägindäki paçlaryň hereketi boýunça ähli awtonom üýtgeşmeler ýa-da togtatmalar Komissiýanyň teklip etmegi boýunça, Geňeşiň aglaba böleginiň karary esasynda kabul edilýär» diýlip görkezilendir.

Ýewropa Bileleşiginiň gümrük düzgünleşdirmesiniň möhüm aýratynlyklarynyň biri, eger harytlar Ýewropa Bileleşiginiň (agza-döwletlerden biri) çägini ilkinji gezek geçip, onda zerur ähli resmilikler amala aşyrylan we salgyt hem-de ýygymlar tölenen bolsa, üçünji döwletlerden gelýän harytlar babatda harytlaryň erkin hereketi ýörelgesiniň ýerine ýetirilmegi çykyş edýär.

Ýewropa Bileleşiginiň gümrük gurluşy diňe bir söwda syýasaty üçin däl, eýsem, şol bir wagtyň özünde senagat we oba-hojalyk syýasatlaryny amala aşyrmak üçin hem möhüm serişde bolup durýar. ÝGT Ýewropa Bileleşiginiň ykdysadyýeti üçin haýsy harytlaryň möhüm orna degişlidigini aýdyň açyp görkezýär.

Gümrük paçlarynyň möçberleri, harytlaryň işlenilip taýýarlanma derejesine bagly bolup durýar. Iň pes bahalar Ýewropanyň harytlary

bilen bäsdeşlik edýän dokma we käbir beýleki harytlardan daşgary, çig mal, işçi güýjüni köp talap edýän harytlar we senagat harytlary üçin bellenen bahalar bolup durýar. Şu bahalar Tarifiň ähli maddalary üçin, takmynan, birmeňzeş görnüşdedir. Bu bolsa ony oba hojalyk harytlarynyň bahasyndan düýpli tapawutlandyrýar. Öz gezeginde, tehnologik taýdan çylşyrymly önümçiligi bilen tapawutlanýan ylym siňňitli harytlar we önümler ýokary derejede gümrük goraglylygy bilen häsiyetlendirilýär. Hut şu harytlar Ýewropa Bileleşiginiň ykdysadyýetiniň eksport ugry we dünýä derejesinde bäsdeşligiň wajyp predmeti bolup çykyş edýär. Ýöne şeýle bolsa-da, Ýewropa Bileleşigi şol bir wagtyň özünde çylşyrymly önümleri döretmek üçin aýratyn jemleýji bölekler boýunça paçlary wagtlaýyn azaldyp biler ýa-da düýbünden ýatyryp biler we şeýtmek bilen önümçiligiň çykdajylaryny peseldýär we taýýar önümiň bäsdeşlik güýjüni ýokarlandyrýar. Muňa mysal hökmünde, himiki önümçilik, mikroelektronika, uçar we gämi gurluşygy, ýokary tehnologik we ylym siňňitli önümçilik ýaly senagat pudaklaryny görkezmek bolar. Şeýlelikde, Ýewropa Bileleşiginde gümrük düzgünleşdirme gurluşy işlenip düzülende we kämilleşdirilende senagat syýasatynyň bähbitleri göz öňünde tutulýar.

Ýewropa Bileleşiginiň ähli importy, Utgaşdyrylan Ýewropa Bileleşiginiň Tarifiniň haryt toparyna laýyklykda gümrük pajy salynýan we salynmaýan toparlara bölünýär. Salgytlaryň köpüsi adwalor bolup durýar.

Has amatly şert ýörelgesinden ugur alyp, Ýewropa Bileleşiginiň Ýeke-täk Gümrük Tarifi ilki bilen GATT-a gatnaşýan ýurtlardan ýa-da has amatly şert hödürlemek boýunça ylalaşygy bolan ýurtlardan gelýän harytlar üçin ylalaşylan (konwensiýa) paçlary ulanýar.

Ylalaşylan paçlardan daşgary awtonom paçlar hem ulanylýar. Olar örän seýrek, ylalaşylan möçberlerden pes ýa-da ylalaşylan paçlar bolmadyk harytlar topary (mysal üçin, köp oba hojalyk harytlaryna) üçin ulanylýar.

Bileleşigiň çäklerinde berlen harytlaryň önümçiligi ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda ýa-da düýbünden ýok bolsa, Ýewropa

Bileleşiginiň Geňeşi kesgitli möhlet üçin awtonom paçlary doly ýa-da bölekleýin ýatyrmaga ygtyýar berip biler.

Käbir ýagdaýlarda aýry-aýry harytlaryň importy boýunça paçlaryň azaldylmagy ýa-da ýatyrylmagy amala aşyrylyp bilner. Bu Ýewropa Bileleşiginiň aýry-aýry ýurtlar bilen söwda we hyzmatdaşlyk boýunça ikitaraplaýyn ylalaşyklaryna, assosiirlenen agzalyga, erkin söwda zolagynyň esaslandyrylmagyna degişli ylalaşyklar bilen baglanyşyklydyr. Gümrük salgydynyň derejesiniň peseldilmegi, mysal üçin, Ýeňillikleriň umumy ulgamynyň (ÝUU) çäklerinde we Afrika, Karib suwlary ýa-da Ýuwaş ummany ýurtlary boýunça Lomeý konwensiýasyna laýyklykda ýardam bermek syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şu ýagdaýlarda harytlaryň importynyň göwrümine laýyklykda, ylalaşylan pajynyň möçberiniň üýtgedilmegine rugsat berýän paçlaryň doly ýatyrylmagy, azaldylmagy ýa-da iň pes tarif möçberi ýa-da çägi bellenilip bilner.

Daşary söwda syýasaty Ýewropa Bileleşiginiň umumy ykdysady syýasatynyň bir bölegi bolup durýar. Bu käbir harytlaryň integrasiýa bileleşiginiň ykdysadyýeti üçin degişli wajyplygyny görkezýän Bitewi Gümrük Tarifiniň bahalarynyň gurluşy bilen tassyklanylýar. Ýokarda agzalyp geçilişi ýaly, çig mal ýa-da işçi güýjüne gümrük salgytlarynyň pes derejesi, jemgyýetiň şu harytlary import etmäge gyzyklanma bildirýändigini görkezýär.

Beýleki tarapdan, ýokary tehnologiýaly we ylym siňňitli harytlar bazarynyň ýokary derejeli goraglylygy, ÝB-niň ady agzalan harytlaryň dünýä bazarynda möhüm bäsdeş bolup durýandygyna baha bermäge ýardam berýär. Şol bir wagtyň özünde, ýokary tehnologik pudaklar üçin zerur bolan käbir böleklerini gümrük salgytlarynyň doly ýa-da bölekleýin, wagtlaýyn ýa-da hemişelik azaldylmagynyň netijesinde alyp bolar. Şu ýörelge oba hojalyk syýasatynyň esaslanýan import salgytlary we eksport pul kömekleri üçin hem öz güýjüni saklaýar. Salgytlaryň azalmagy ýa-da aradan aýrylmagy kesgitli artykmaçlyklaryň berilmeginiň çäginde amala aşyrylýan bolsa, syýasy maksatlara hem hyzmat edýär. Bellenilip geçilişi ýaly, Ýewropa Bileleşiginiň daşary söwda syýasaty ýokary derejede agza ýurtlaryň daşary syýasatyna we diplomatik bähbitlerine hyzmat edýär.

Wagtyň geçmegi bilen we ilkinji nobatda, GATT-yň işleriniň netijesi hökmünde, Ýewropa Bileleşiginiň Tarifi hem beýleki ýurtlaryň Tarifleri ýaly söwda syýasatynyň esasy guraly hökmünde ornuny saklamagy başardy, emma tejribede Tarif däl çäklendirmeleriň orny ýokarlandy. GATT öz agzalaryna Tarifi galdyrmaklygy gadagan edýär we Urugwaý Tapgyry tamamlanandan soň, senagat harytlary boýunça Tarifleriň köpüsi aradan aýryldy. Şunuň bilen baglanyşykly gümrük kadalary we dolandyryş resmilikleri, Tarifden daşgary çäreler, duýgur harytlaryň bazaryny gorap saklamak üçin möçberleýin çäreler, senagat taýdan ösen ýurtlaryň daşary söwda işlerinde has hem köp ulanylmaga başlandy. 2001-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasy dünýä we integrasiýa ösüşiniň täze şertlerinde gümrük bileleşiginiň kämilleşmeginiň geljekki wajyp ugurlaryny görkezýän nutugy Ýewropa Geňeşiniň we Ýewropa Mejlisiniň garamagyna hödürledi. Harytlaryň erkin hereketiniň özbaşdaklygyny gazanmak boýunça Ýewropa Bileleşiginiň geljek üçin wajyp ugurlarynyň üýtgemegine täsir edýän esasy ýagdaýlar hökmünde aşakda görkezilenler iň wajyp hasaplanylýar:

- Ýewropa Bileleşiginiň giňelmegi;
- tarif gurallarynyň maliýe ornunyň üýtgemegi;
- daşary söwda işlerini düzgünleşdirmekligiň guraly hökmünde gümrükhananyň ornunyň we oňa talaplaryň ýokarlanmagy;
- raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek meselesinde gümrük edaralaryna bildirilýän ýokary talaplar; kompýuter tehnologiyasyny ulanmak bilen bilelikde, gümrük işlerini gowulandyrmak zerurlygyny şertlendirýän söwda hyzmatdaşlarynyň sanawynyň giňeldilmegi;
- dünýä bazarlarynda adalatly bäsdeşligi ýola goýmak tagallalarynda ykdysady kärhanalara goldaw bermek nukdaýnazaryndan gümrük edaralaryna bildirilýän ýokary talaplar;
- gümrükhanada guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmekligiň zerurlyklary.

2000-nji ýylda işlenilip taýýarlanylan «Gümrükhana – 2000» maksatnamasy umumylykda gümrük nokatlaryndan harytlaryň geçişini we gümrük operatorlarynyň işleriniň tertibini ýuwaş-ýuwaşdan iň ýokary derejede bir nusga getirmeklige mümkinçilik berýär.

Gümrük edaralarynyň işlerine bolan talaplaryň ýokarlanmagy şol bir wagtyň özünde artýan göwrümler halkara söwdanyň önümleriniň sanawy bilen hem şertlendirilýär. Bitewi bazar we içerki çäkleriň ýoklugy bu işi has hem jogapkärçilikli ýagdaýa getirýär. Milli gümrük tertibi bolan ýagdaýynda, bir gümrük nokadynyň ýalňyşy başga ýurduň gümrük nokadynda düzedilip bilinýärdi, gümrük bileleşiginiň şertlerinde bolsa harytlar diňe Ýewropa Bileleşiginiň gümrük çäklerini geçen ilkinji nokadynda gümrük barlagyna degişlidir. Şu mesele Ýewropa Bileleşiginiň çäkleriniň we geografik giňişliginiň ulalmagy esasynda has ýiti häsiýete eýe bolýar.

Halkara söwdanyň intellektual eýeçiligiň goraglylygy we ekologik kadalaryň ýerine ýetirilişiniň gözegçiligi ýaly jähtlerinde gümrük arassaçylygy we gümrük gözegçiliginiň dogry tertibiniň ähmiýeti ýokarlanýar.

Gümrük edaralarynyň işiniň täze ýaýrawy hökmünde harytlaryň we hyzmatlaryň elektron söwdasynyň kämilleşmegi çykyş edýär. Bu şertleriň esasynda harytlaryň eksportçylaryny ýa-da importçylaryny kesgitlemek has kyndyr, bu bolsa Ýewropa bazaryna harytlaryň kanuny däl esasda girmek mümkinçiligini has hem ýokarlandyrýar.

Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde gümrük nokatlarynyň işleriniň we ukybynyň ýokarlanmagyny talap edýän ýagdaýlaryň ýene-de biri ýokary tizlikli poçtalaryň kämilleşdirilmegidir. 24 sagadyň dowamynda ýüki tabşyrmak şertleri gümrük işleriniň we gümrük barlagynyň çalt amala aşyrylmagyny talap edýär. Şu meseläniň çözgüdi diňe ähli gümrük barlag ulgamynyň kompýuterleşdirilmegi we milli operatorlaryň arasynda ýakyn özara baglanyşygy ýola goýmak şertlerinde mümkindir.

Gümrük bileleşiginiň işleýşi üçin täze şertler täze agzalaryň goşulyşmagy bilen ýüze çykýar. Goşulyşýan ähli ýurtlar, bitewi hukuk (kommunitar) kadalaryny kabul etmäge borçludyrlar. Gümrük düzüm gurluşynyň täzelenmegine we hukuk taýdan maslahat bermek kömegine serişdeleriň goýberilmegini göz öňünde tutýan maksatnama gümrük we nyrhanama düzgünleşdirmelerini hem öz içine alýan kanunçylyk-hukuk kadalarynyň (normalarynyň) durmuşa

ornaşdyrylmagynda möhüm orny eýeleýär. Şol bir wagtyň özünde, täze ýurtlar goşulyşandan soň hem çözülmeli ençeme meseleler bardyr.

Ýokarda agzalan ýagdaýlar Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde, umuman, goşylyşan ýurtlarda aýratynlykda gümrük binýadyny ösdürmeklige goýulýan maýa goýumlaryny ýokarlandyrmak zerurlygyny ýüze çykarýar. Maýa goýumlary ilki bilen gysga wagtda we ýokary netijelilikde harytlaryň ähli taraplaýyn gümrük barlaglarynyň amala aşyrylmagyna, şeýle-de ähli Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň gümrük kärhanalarynyň işleriniň utgaşdyrylmagyna gönükdirilmelidir. Şeýle hem halkara guramalaryň, ilki bilen hem BSG-niň we Bütindünýä Gümrük Guramasynyň talaplaryny göz öňünde tutup gümrük kanunçylygy yzygider kämilleşdirilmelidir. Gümrük bileleşiginiň içindäki gümrük kärhanalarynyň işjeňleşdirilmegi maglumat tehnologiýasynyň we elektron gümrükhana ulgamlarynyň kämilleşdirilmegini talap edýär.

Gümrük bileleşiginiň ösdürilmeginiň strategik wezipeleri hökmünde, Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasy aşakdaky ýagdaýlary kesgitledi:

- ylalaşylan esasda ulanylýan açyk, görnüp duran we ygtybarly kanunçylyk kadalarynyň binýadynda halkara söwdanyň kämilleşdirilmegine ugrukdyrylan şertleriň üpjün edilmegi;
- maliýe ugrunyň kämilleşdirilmegi we Ýewropa Bileleşiginiň we Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň býujetiniň üpjün edilmegi;
- milli bähbitleri goramak, ynsapsyz işewürlik tejribesine garşy we milli öndürijilere zeper ýetirme töwekgelçiligine garşy durmak, şeýle-de Ýewropa Bileleşiginiň içindäki saglygy we daşky gurşawy goramak.

Şu nukdaýnazardan netije çykarmak bilen, häzirki wagtda Ýewropa döwletleriniň ykdysady we pul bileleşigi integrasion özara gatnaşygynyň iň ýokary derejesinde, gümrük bileleşiginiň integrasiýa ösüşi boýunça binýat görnüşinde tutyan ornunyň peselmegi bilen däl, eýsem, ýokarlanmagy bilen görkezilýär. Gümrük Bileleşigi ählumumy bazarda integrasion toparynyň bähbitlerini amala aşyrýan esasy gural hökmünde öz ornuny saklaýar.

## 9.4. Ýewropa Bileleşiginiň institusional ulgamy we maliye çeşmeleri

Esaslandyrylan gününden bäri Ýewropa Bileleşiginiň esasy düzüm bölekleri: Geňeş, Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasy, Ýewropa Mejlisi (1962-nji ýyla çenli Assambleýa diýlip atlandyrylýardy), Ýewropanyň kazyýeti, Ykdysady we durmuş geňeşi bolup durýar.

Biraz soňra Ýewropa Bileleşiginiň agzalaryndan, döwlet we hökümet ýolbaşçylaryndan düzülen Ýewropa Geňeşi döredildi. Ýewropa Geňeşini döretmek barada karar 1974-nji ýylda döwlet we hökümet ýolbaşçylary tarapyndan kabul edildi, emma şular ýaly ýygnaklar mundan ozal hem amala aşyrylýardy we 1974-nji ýylda Bitewi Ýewropa kanuny esasynda kanunlaşdyryldy. Ýewropa Geňeşiniň mejlisleri ýylda iki gezek geçirilýär (köplenç, iýun we dekabr aýlarynda), şeýle-de adatdan daşary ýygnaklar hem geçirilýär. Ýewropa Geňeşindäki kararlar ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar. Ýygnaklaryň işlerine agza döwletleriň daşary işler ministrleri gatnaşýar.

Ýewropa Geňeşiniň wezipeleri Maastriht Ylalaşygy tarapyndan kesgitlenip, ykdysady syýasatlaryň utgaşdyrylmasy, iş bilen üpjünçilik boýunça umumy ýörelgeleriň kämilleşdirilmegi, umumy daşary ykdysady we howpsuzlyk syýasatlarynyň kesgitlenilmegi ýaly meseleleri öz içine alýar. Aslynda, durmuşda bularyň işiniň çägi has hem giňdir. Ýewropa Geňeşiniň çaklerinde Ýewropa mejlisine gös-göni we umumy saýlawlary geçirmek, Ýewropa pul ulgamyny esaslandyrmak, oba hojalyk syýasatynyň özgerdilmegi, Bitewi içerki bazaryň gurluşyny tamamlamak, Ykdysady we pul birleşigini esaslandyrmak, Ýewropa Bileleşigini giňeltmek ýaly integrasiýanyň gurluşy üçin iň wajyp bolup duran meseleler bilen baglanyşykly syýasy kararlar kabul edilýärdi.

Geňeş (Ministrler Geňeşi) karar kabul etmek hukugy bolan Jemgyýetiň iň ýokary kanuny geňeşi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde agza döwletleriň umumy ykdysady syýasatlarynyň utgaşyklylygyny üpjün edýär, Ýewropa Bileleşigi döwletleriniň býujetlerini (Mejlis bilen bilelikde) dolandyrýar, halkara ylalaşyklary baglaşýar.

Geňeş Ýewropa Bileleşigi döwletleriniň wekillerinden birinji milli hökümetleriň (daşary işler ministri, oba hojalyk, ulag we ş.m.) ministrleriniň derejesinden ybarat bolyar. Geňeşiň ýygnaklary garalýan meselä baglylykda degişli ministrleriň düzüminde Lýuksemburgda we Brýusselde geçirilýär. Daşary işler ministrlerinden ybarat bolan umumy meseleler bilen gyzyklanýan Geňeş esasy geňeş bolup durýar. Ol Ykdysadyýet we Maliýe, şeýle hem Oba hojalyk ministrler geňeşi hökmünde her aýda, beýlekileri bolsa ýylda 2–4 gezek ýygnanyşýarlar. Geňeşe nobatçylyk esasynda gezekleşmek görnüşinde alty aý möhlet bilen Daşary işler ministrleri ýolbaşçylyk edýär.

Mejlisleriň arasyndaky aralykda ýygnaga taýyarlyk boýunça ähli gündelik işler we Geňeşiň kararlary Bileleşik boýunça milli wekiliýet baştutanlaryndan ybarat hemişelik wekilleriň Geňeşi tarapyndan alnyp barylýar. Ol Geňeşe hödürlenýän meseleleri deslapdan ara alyp maslahatlaşmak işini amala aşyrýar.

Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasy (ÝBK) Ýewropa Bileleşiginiň hemişelik ýerine ýetiriji geňeşi bolup durýar. Ol kanun çykaryjy başlangyçda hereket edýär: kanunçylyk tekliplerini işläp taýyarlaýar we olary Geňeşe ugradýar. Şol bir wagtyň özünde Geňeş tarapyndan kabul edilen kanun çykaryjylyk hereketleriniň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär we kanun bozulan ýagdaýynda çäklendirmeleriň berilmegi üçin ýüz tutup bilýär, ýagny jedeli kazyýete geçirip bilyär. Geňeş aşakdaky pudaklarda çözgüt kabul etmek ygtyýaryna eýedir: oba hojalyk, söwda, bäsdeşligi sazlamak, ulag, bitewi içerki bazary ýola goýmak, daşky gurşawy goramak we beýlekiler. Ýewropa Bileleşiginiň býujetini we gorlaryny dolandyrýar we býujet çykdajylary boýunça jogapkärçilik çekýär.

Geňeş ähli gatnaşyjy döwletleriň wekillerinden (giňeldilmezden ozal, Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa we Beýik Birtaniýa döwletleriniň her birinde iki wekil we beýleki döwletlerden bolsa bir wekili bardy) düzülendir. Häzirki wagtda 28 döwletiň hersinden bir wekil bardyr. Olar öz hökümetleri tarapyndan bäş ýyllyk wezipä

saýlanýarlar. Ýewropa Bileleşigi agza döwletleriniň bähbitlerine wekillik edýän beýleki Ýewropa Bileleşiginiň edaralarynyň agzalaryna garanyňda, ÝBK-nyň agzalary öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekde doly garaşsyzdyrlar.

Geňeşler Ýewropa Bileleşginiň kesgitli işleri (Söwda, energetika we ulag baş müdirligi we ş.m.) ýa-da dürli ýurtlaryň toparlary bilen gatnaşyklary boýunça jogapkärçilik çekýän Baş müdirlige baglydyr. Geňeşiň işgärler düzüminde 15 müňden gowrak işgär bar – bu Ýewropa Bileleşiginiň iň uly guramasy bolup durýar.

Ýewropa Mejlisi (ÝM) maslahat beriji we gözegçilik edarasydyr. Ol agza döwletleriň halklarynyň wekillerinden ybaratdyr we Bileleşigiň işleri boýunça «demokratik» gözegçilik serişdesi bolup durýar. Ýewropa Mejlisi 1979-njy ýyldan bäri Bileleşigiň ähli döwletleriniň halklary tarapyndan gös-göni saýlawlar esasynda emele getirilen Ýewropa Bileleşiginiň ýeke-täk instituty bolup durýar (mundan ozal milli mejlislerden deputatlary wekiliýete bellemek arkaly döredilýärdi).

Ýewropa Bileleşiginiň Mejlisini (ÝM), şu düşünjäniň doly manysynda, düzgün boýunça milli mejlisler bolan bir kanun çykaryjy edara hökmünde atlandyrmak bolmaýar. Rim Ylalaşygy Mejlise aýratyn bir maslahat beriji wezipe beripdi. Ýewropa Mejlisinde hakyky kanun çykaryjylyk ygtyýarynyň bolmazlygy, saýlawlarda raýatlaryň az derejede gatnaşyk görkezmegine sebäp bolýar. Wagtyň geçmegi bilen, Ýewropa Mejlisinyň ygtyýarlyklary, hususan hem, Bitewi Ýewropa kanunynyň we Ýewropa Bileleşigi Ylalaşygynyň kabul edilmegi esasynda giňeldildi.

Kanun çykarmak boýunça kararlary (kadalaryň we kanunçylyk namalaryň) tassyklamakdaky kesgitleýji söz Geňeşe bagly bolup dursa-da, Ýewropa Mejlisiniň kanun çykaryjylyk işlerindäki orny ulalýar, käbir kanun çykaryjylyk namalar diňe Geňeş we Ýewropa Bileleşigi tarapyndan kabul edilýär.

Şeýlelik bilen, Ýewropa Bileleşiginiň institusion ulgamynyň esasynda ençeme ýurtda Ýewropa Bileleşiginiň agza döwletleri ýaly

ösen demokratiýalar bilen bilelikde bar bolan güýçleriň bölünmesiniň nusgawy ýörelgelerine esaslanýar. Şonuň bilen bilelikde, döwlet üsti edaralar hökmünde Bileleşigiň institutlary öz aýratynlyklaryna eýedir. Ýewropa Bileleşiginde döredilen döwlet üsti edaralar ýaly institutlaryň heniz dünýä tejribesinde ýokdugyny belläp geçmek wajypdyr.

Karar kabul etmek, şeýle hem hökmany güýje eýe bolan kesgitleýji kararlary, Bileleşigiň namalaryny tassyklamak işine Ýewropa Bileleşiginiň üç instituty gatnaşýar – Geňeş, Komissiýa we Mejlis, şunda olaryň her biri anyk kesgitlenen ygtyýarlyga eýedir. Umumy kadalar – kararlar Komissiýanyň teklibi boýunça Mejlisiň dürli gatnaşyk görnüşleri esasynda Geňeş tarapyndan kabul edilýär.

Iş ýüzünde Geňeşiň ähli teklipleri we başlangyçlary, Geňeşiň karary, gollanmasy ýa-da görkezmesi hökmünde seredilmezinden, ýagny kesgitleýji ýagdaýa gelmezinden ozal dürli derejelerde takyk görnüşde işlenip düzülýär we utgaşdyrylýar. Käwagt şu hereket birnäçe ýyl dowam edýär.

Rim Ylalaşygy esasynda Geňeşde karar ýönekeý sesleriň köplügi bilen ýa-da agza döwletleriň aglabasyna degişlilikde Geňeşde agza ýurtlaryň ilat sanyna laýyklykda sesleriň ylalaşylmagy bilen kabul edilýär we käbir meselelerde Geňeşiň ähli agzalarynyň biragyzdan ses bermekligi zerur bolup durýar. Ýönekeý sesleriň köplügi kararlary, çözgüt etmek çäresiniň başga görnüşleri göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlarynda ulanylýar. Iş ýüzünde şu iş örän seýrek ulanylýardy. Biragyzdan ses bermek ýörelgesi, Ýeke-täk Ýewropa Namasyna (ÝÝN) gol çekilmezden ozal agdyklyk edýärdi.

ÝÝN hünär derejeli köpçülik amalynyň ulanylýan ulgamyny giňeltdi. Hususan hem, bu amala laýyklykda Ýeke-täk içerki bazaryň döredilmegine degişli ähli çözgütler kabul edilmelidi. Soňra bu ýörelge Ykdysady we pul birleşiginiň ulgamyna ýaýradyldy.

Çözgütleri ýerine ýetirmek Komissiýanyň we agza döwletleriň üstüne ýüklenildi. Kazyýet häkimiýetini ÝB-niň Kazyýeti we onuň tabynlygyndaky birinji derejeli Kazyýet, gözegçilik wezipelerini Hasaplaşyk edarasy amala aşyrýar.

ÝB-niň institusional ulgamynda häzirki wagtda iki maslahat beriji edara bar – Ykdysady we durmuş geňeşi we sebitleriň geňeşi, şunda ÝB-niň kanunçylygynda çözgütleri kabul etmekden öň, institutyň bu edaralar bilen maslahatlaşmaga borçly edilýän soraglarynyň toplumy kesgitlenildi.

Edil ÝB-niň institutlary ýaly, çözgütleri kabul etmegiň tertibi hem Bileleşigiň hereket etmeginiň dowamynda uly üýtgeşmelere sezewar edilmedi. Bu ilkibaşdan agza ýurtlaryň döwlet üsti häkimlik etmegiň örän dogry «çözgüdini» saýlandygy barada aýdýar. ÝB-niň institutlarynyň işinde çökgünlikleriň bolandygyna garamazdan, soňky ýyllarda integrasiýanyň täze hadysalary bilen baglylykda Ýewropa Bileleşiginiň institusional özgerişiniň zerurlygy barada aýdylýar.

Ýewropa Bileleşiginiň işinde onuň býujetiniň wajyp ähmiýeti bardyr. Ýewropa Bileleşiginiň maliýe we býujet syýasaty on ýyllyklaryň dowamynda býujetiň girdejileriniň emele getirilmegini amala aşyrýan we ondan serişdeleri sarp etmeklige dalaşgärlik edýän agza ýurtlaryň arasynda, şeýle hem ÝB-niň dürli edaralarynyň – Geňeşiň we Mejlisiň arasyndaky býujet syýasatyna täsir etmegini kesgitlemegiň sebäplerine görä agyr dawalaryň özeni boldy.

ÝB-niň býujet syýasatynyň esasy wezipeleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:

- býujeti maliýeleşdirmegiň usullaryny kesgitlemek we serişdeler bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek;
- býujet serişdeleriniň ÝB-niň wezipelerine we onuň geçirýän syýasatyna laýyklykda sarp edilmegini üpjün etmek;
- çykdajylaryň esassyz köpelmeginiň öňüni almak maksady bilen serişdeleriň sarp edilmegine gözegçilik.

ÝKPB hakynda ylalaşyga laýyklykda, onuň agza ýurtlarynyň kömür we polat erediji senagatynyň önümlerinden göni ýygymlary ýygnap almaga hukugy bardyr. Beýle döwletüsti hereket agza döwletler tarapyndan oňyn däl seslenmeleri ýüze çykardy. Şol sebäpden, maliýe serişdeleri babatda Rim ylalaşygy bilen döredilen iki täze bileleşik ilkibaşda adaty halkara guramalary hökmünde, ýagny her ýylky agzalyk goýumlaryň esasynda (assignowaniýeler) hereket

etdiler, olaryň möçberi ýurtlaryň JIÖ-ine deň möçberde hasaplanylýardy. Soňra Bileleşigiň wezipeleriniň we işleriniň giňeldilmegi bilen onuň çykdajylary, hususan hem, oba hojalyk syýasatynyň amala aşyrylmagy üçin köpeldi.

Eýýäm 1960-njy ýyllarda serişdeleriň ýetmezçilik edýänligi bildirdi. Muňa görä, 1965-nji ýylda agza döwletleriň ara alyp maslahatlaşmaklary üçin ÝYB maliýe işlerinde özbaşdaklygy bermegiň ýoly bilen ýüze çykýan meseleleri çözmek barada teklipler berildi (Rim ylalaşygy Bileleşige «hususy serişdeleri bermek» hukugyna rugsat berdi, ýöne diňe gümrük birleşigine geçilmek tamamlanandan soňra).

1970-nji ýylda Geňeş Bileleşigiň edaralaryna agza ýurtlaryň milli býujetlerinden aýlanyp geçip, olaryň býujetlerine awtomat ýagdaýda gelip gowuşýan hususy maliýe serişdeleri diýlip atlandyrylýan serişdeleri bermek barada çözgüt kabul etdi. Bu serişdeleriň düzümine Bileleşigiň ýurtlary tarapyndan üçünji ýurtlardan harytlaryň importyna salynýan gümrük paçlaryndan we öwez tölegi ýygymlaryndan alynýan girdejiler we goşulan baha salgydynyň kesgitli bölegi girdi.

Şeýlelik bilen, maliýe serişdeleriniň ähmiýetli böleginiň ýygnalmagy we sarp edilmegi milli mejlisleriň gözegçiliginiň daşyna çykaryldy. Jemgyýetiň hususy serişdeleriniň sarp edilmegine gözegçilik etmek hukugy ÝB-niň Assambleýasyna (Mejlisine) berildi, girdeji bölegini emele getirmek bolsa mejlisiň gözegçilik ulgamyndan daşynda galdyryldy. Býujetiň girdejili bölegi ýeke-täk ylalaşyk ýörelgesiniň esasynda hereket edýän agza ýurtlaryň ykdysadyýet we maliýe ministrleriniň düzüminde Geňeşiň alyp barýan işi bolup durýar.

1967-nji ýyldan başlap, üç Bileleşigiň býujeti bir umumy býujete birikdirildi. Emma ÝKPB-niň hususy amallar býujetine bardy. Onuň girdejili bölegi, esasan hem, kömri gazyp almakdan we poladyň öndürilmeginden alynýan ýygymlaryň hasabyna, şeýle hem karzlaryň esasynda emele getirildi. Sarp edilýän bölegi senagatyň adaty, emma ýitgili bolan pudaklarynyň ösdürilmegi üçin goýberilen pullardan ybarat boldy, ýagny:

- täze tehnologiýalaryň we önümçilik kuwwatlyklaryň täzelenmegine;

- işsiz galan şahtýorlaryň we metallurglaryň hünär taýdan gaýtadan taýýarlanylmagyna.

1988-nji ýylda Bileleşigiň girdejileriniň ýokarlanmagy we oba hojalyk önümleriniň importynyň we gümrük ýygymlarynyň gelip gowuşmasynyň azalmagy sebäpli, ÝB-niň maliýe işlerine üýtgeşmeler girizildi. Olar býujetiň girdejisiniň täze maddasynyň emele getirilmegini göz öňünde tutýarlar – olar agza döwletleriň goýumlaryndan JIÖ-niň ululygy boýunça kesgitlenýär we Bileleşigiň hususy serişdelerinden, umumy JIÖ-niň 1,2% möçberinde ýokary derejesini belleýär.

Mundan başga-da, umumy oba hojalyk syýasaty üçin çykdajylaryň çäklendirilmegi we tersine, Gurluş gaznalarynyň maliýe serişdeleriniň köpelmegi göz öňünde tutuldy. Ýeke-täk Ýewropa Namasynyň kabul edilmegi bilen bir hatarda, bu ylalaşyk Ýeke-täk içerki bazary gurmagyň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň wajyp guraly boldy.

1992-nji ýylda ÝB-niň hususy serişdeleriniň möçberiniň 1,27%-e çenli köpelmegi, 1999-njy ýylyň ahyryna umumy JIÖ-niň köpelmegi, Gurluş gaznalaryny maliýeleşdirmegiň soňky giňeldilmesi, şeýle hem Ýewropanyň senagatynyň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen çäreleriň görülmegi bolup geçdi.

Häzirki wagtda býujetiň girdejili böleginiň çeşmeleri bolup aşakdakylar çykyş edýärler:

- senagat we oba hojalyk önümleriniň importy bilen baglanyşykly gümrük ýygymlary;
- goşulan bahanyň 1% indeksi (1988 ý. çenli – 1,4%);
- «býujeti sazlaşdyrmak» üçin ulanylýan agza ýurtlaryň JIÖ-ne barabar möçberde hasaplanylýan goşmaça serişde we Umumy JIÖ 1,27%-den köp bolmadyk derejesine deň;
- beýleki gelip gowuşmalar.

Iki sany adaty «hususy serişdeler» – oba hojalyk önümleriniň importyndan gelýän gowuşmalar we üçünji ýurtlar bilen söwdadan alynýan gümrük ýygymlary gitdigiçe öz ähmiýetini ýitirip barýar.

Muňa GATT/BSG çäklerinde söwdanyň erkinleşdirilmegi itergi berýär (býujetiň girdejilerinde gümrük ýygymlarynyň paýy 1999 ý. – 13,8%). GBÜS göterimine edil şol ýylda býujet gelip gowuşmalarynyň 35,2% paýyna düşdi. Ýokarda görkezilen gelip gowuşmalaryň möçberleriniň azalanlygy sebäpli, 1988-nji ýyldan başlap, ÝB-niň hususy serişdelerini emele getirmegiň bölekleriniň hakyky hasaplamalarynda ösýän bölek bolup «goşmaça serişde» çykyş etdi, ol agza ýurtlaryň JIÖ-ne barabar derejede hasaplanylýar we býujeti dogrulamak üçin ulanylýar. Onuň hasaplanylmagy şeýle görnüşde bolup geçýär: hususy serişdeleriň başga görnüşleri goşulandan soňra galýan maliýeleşdirmegiň ýetmezçiliginiň jemi agza döwletler tarapyndan ÝB-niň umumy JIÖ-inde her ýurduň JIÖ-niň bölegine barabar möçberde geçirilýär. Soňky ýyllarda beýle geçirimleriň paýy ÝB-de hemişe ýokarlanýar. Mysal üçin, 1990-njy ýylda şeýle serişdeler asla çekilmedi, 1999-njy ýylda bolsa olar eýýäm Ýewropa Bileleşiginiň býujetiniň girdejili böleginiň 48,1%-ine deň boldy.

ÝB-niň býujetiniň sarp edilýän böleginiň şu aşakdaky maddalary bar:

- umumy oba hojalyk syýasaty;
- sebitleýin syýasat we syýasat;
- daşary syýasat;
- dolandyryş çykdajylary;
- beýleki çykdajylar.

ÝB çykdajylary hökmany we hökmany däl çykdajylara bölünýär. Geňeş tarapyndan kesgitlenilýän we Mejlisde býujet tassyklanylanda azaldylmaga degişli bolmaýan hökmany çykdajylaryň düzümine häzirki wagtda diňe goldaw bölümini we oba hojalyk ulgamynda salgylanmalaryň we kepillikleriň Ýewropa gaznasynyň kepilliklerini maliýeleşdirmek üçin çykdajylar degişlidir (FEOGA). Galan bölegi Ýewropa Mejlisiniň basyşy esasynda hökmany däl çykdajylaryň düzümine geçirildi.

1981-nji ýylda Bileleşigiň býujeti 19,3 mlrd ýewro, 1997-nji ýylda – 86,5 mlrd ýewro, 2013-nji ýylda bolsa – 150,9 mlrd ýewro deň

boldy. Býujetiň aglaba bölegi (40%-den gowragy) – häzirki wagtda oba hojalygyna sarp edilýär, serişdeleriň üçden bir böleginden gowragy sebitleýin syýasatynyň amala aşyrylmagyna («gurluş amallary») goýberilýär. Oba hojalyk syýasatynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly býujet çykdajylarynyň paýy ýokary derejede galýan hem bolsa, 1960–1970-nji ýyllar bilen deňeşdirilende görnetin peseldi, onda sebitleýin we durmuş syýasaty üçin çykdajylaryň paýy ýokarlanýar. Umumy býujetiň üsti bilen ÝB içki syýasatynyň başga ugurlary hem bölekleýin maliýeleşdirilýär, mysal üçin, ylmy-tehniki, ulag, şeýle hem daşary syýasat maliýeleşdirilýär.

ÝB býujeti her ýylda kabul edilýär, 1988-nji ýyldan başlap, maliýe geljegi diýlip atlandyrylýan birnäçe ýyl öňünden geljekki býujet taýýarlanylýar. Beýle çäre nobatdaky býujeti taýýarlamagyň töwereginde ýüze çykýan her ýylky jedellerden dynmak üçin girizildi.

Býujetiň girdejili we çykdajyly bölekleri goşulanda, çak edilýän söhbetdeşliklerden gaça durmak üçin ýönekeý düzgün hereket edýär: býujeti deň agramly ýagdaýa getirmek üçin zerur bolan çykdajylaryň azaldylmagy, ähli maddalaryny deňleşdirmek görnüşde azaltmagyň ýoly bilen gazanylýar.

Geňeşiň, Komissiýanyň we Mejlisiň wekilleri tarapyndan geljekki býujetiň ara alnyp maslahatlaşylmagy eýýäm ýazda başlanýar. Býujetiň deslapky taslamasy Ýewropa Komissiýasy tarapyndan tomsuň başynda işlenilip taýýarlanylýar. Soňra ol dürli derejelerde ylalaşylýar we onuň gutarnykly görnüşine Ýewropa Mejlisinde seredilýär. Mejlis öz isleglerini beýan etmek bilen rezolýusiýany kabul edýär. Tomus dynç alşy başlanmanka, býujetiň meselelerine jogap berýän ministrleriň derejesinde Geňeşiň mejlisi çagyrylýar, ol taslamany birinji okaýyşda kabul edýär.

Amal oktýabr aýynda ýene-de dikeldilýär, onda Mejlis Geňeş tarapyndan berilýän taslama seredýär (birinji okaýyş). Taslama ýene-de ylalaşykdan geçýär (beýle ýagdaýda ozal ylalaşylan hökmany çykdajylaryň sanlary eýýäm üýtgedilmäge degişli bolmaýar, edil ýewropa mejlislerde bellikleri ýüze çykarmadyk setirler ýaly).

Geňeş taslama noýabr aýynda ikinji okaýyşda seredýär we kabul edilenden soňra ony mejlisde dekabr aýynda geçirilen umumy

mejlisinde seretmek üçin iberýär. Mejlis býujetiň taslamasyny kabul edýär ýa-da ony ret edip bilýär, emma ikinji ýagdaýda Mejlisiň ähli agzalarynyň ses köplüligi talap edilýär ýa-da ses bermäge gatnaşýan wekilleriň sesleriniň üçden iki bölegini talap edýär. Düzgün býujetiň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmagyň wagtynyň we ses bermegiň arasyndaky kesgitli aralygy göz öňünde tutýar. Bu Mejlisiň Geňeş bilen özara düşünişmek ýagdaýy üçin ýene bir gezek mümkinçiligi bolar ýaly edildi, Geňeşiň mejlisi edil şol wagt, adatça, Strasburgda geçirilýär.

Eger Geňeş we mejlis ahyrky netijede ylalaşygy gazansalar, býujetiň düzedilen taslamasy ses berilmäge goýulýar, ol kabul edilenden soňra bolsa Mejlisiň başlygy tarapyndan tassyklanylan býujete resmi taýdan gol çekmek amaly geçirilýär.

Eger býujet tassyklanylmasa, onda Bileleşik özüniň her aýlyk çykdajylaryny, geçen ýylyň býujetiniň on ikiden bir böleginiň möçberinde kesgitläp, täze býujet ýylyna girýär (ol 1-nji ýanwardan 31-nji dekabra çenli dowam edýär).

ÝB-niň býujetini emele getirmegiň syýasy ýitiligi bu hadysa gatnaşýan dürli güýçleriň bähbitleriniň dawasy bilen kesgitlenilýär.

Birinjiden, ÝB-niň çykdajylarynyň köpelmegini saklamakda agza döwletleriň we Mejlisiň çykdajylaryň maddalaryny milli býujetden ÝB-niň býujetine mümkin boldugyça köp geçirilmegine bolan ymtylyşyndaky aýdyň gapma-garşylyklar ýüze çykýar.

Ikinjiden, ÝB-niň býujetiniň üsti bilen pul serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagy agza döwletleri ýa arassa donorlary (üpjün edijiler), ýa-da arassa resipiýentleriň (alyjylaryň) ýagdaýynda goýýar, şunda maliýe ýagdaýy ykdysady mümkinçiligiň we durmuş talaplaryň hakyky gatnaşygyna hemişe jogap bermeýär.

ÝB-niň maliýe işleriniň ulgamynda iň bir ýiti mesele, bu hyýanatçylykly peýdalanmalaryň we göni hilegärligiň ýygylaşýan ýagdaýlarydyr, hususan hem, umumy oba hojalyk syýasatyny maliýeleşdirmek ulgamynda, ynsanperwerlik kömegini paýlamakda, şeýle hem maslahatçylar hökmünde dürli hünärmenleriň çekilmeginiň ulgamyndaky ýagdaýlardyr. Beýle ýagdaýlar agza döwletler we jemgyýetçilik tarapyndan ýiti ýazgarma hereketlerini ýüze çykardy.

## 9.5 ÝB-niň umumy oba hojalyk syýasaty

Umumy oba hojalyk syýasaty (UOHS) ÝB-niň hereket edip başlan wagtyndan Ýewropa integrasiýasynyň esasy böleginiň biri bolup durýar. Uruşdan soňky ýyllarda azyk önümleriniň ýiti ýetmezçiligini başdan geçirmek bilen, ÝB-ni döreden ýurtlar oba hojalyk ulgamyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berdiler. Şu ulgamda Bileleşik integrasiýanyň ilkinji tapgyrlarynda iň gowy üstünlikleri gazandy diýip hasap edilýär. UOHS-yň geçirilmegi bilen baglanyşykly Günbatar Ýewropa ýurtlary agrar önümleri bilen öz-özüniň üpjün edilmegine geldiler, ýeke-täk bazar döredildi. Hut ýaňy-ýakyna çenli UOHS Bileleşigiň umumy syýasatynda merkezi orny eýeleýärdi, oba hojalygynda we balyk senagatynda umumy bazaryň emele getirilmegi bolsa, ykdysadyýetiň başga pudaklary bilen deňeşdirilende has çalt bolup geçdi. UOHS-yň esasy tapawutlandyryjy aýratynlygy, bu Bileleşik derejesinde agrar ulgamynyň döwlet goldawynyň ylalaşykly ýerine ýetirilip daşary bäsleşikden goramak boýunça güýçli goraglylyk çäreleriniň amala aşyrylmagydyr. UOHS-a ÝYB-y esaslandyrmak baradaky Ylalaşykda tutuş bölüm bagyşlandy.

39-njy madda laýyklykda, onuň maksatlaryna azyk önümleriniň öndürilmegini köpeltmek, oba hojalygynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, oba ilatynyň durmuşynyň mynasyp derejesini goldamak, alyjyny oba hojalyk önümleri bilen elýeterli bahadan üpjün etmek girdi. UOHS hem alyjylary, şeýle hem oba hojalyk önümlerini öndürijileri goramaga gönükdirildi. Tebigy şertleriniň dürlüligi, önümçiligiň möwsümleýin häsiýetli bolmagy we ony guramagyň usullarynyň dürli bolmagy sebäpli, birnäçe gorag çärelerini görmezden ony geçirmek üçin mümkinçilik bolmazdy.

1958-nji ýylda Strezde (Italiýa) geçirilen maslahatda UOHS-y amala aşyrmagyň anyk çäreler toplumy tassyklanyldy. Ol 1962-nji ýylda, Brýussel maslahatynyň çözgütlerine laýyklykda, oba hojalygynyň önümleriniň köp görnüşlerine ýeke-täk nyrh bellenilenden soňra (gal-

la, doňuz eti, ýumurtga, miweler, gök-önümler, çakyrlar) doly güýje girdi.

Agrar bazaryny düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgeleri bolup aşakdakylar kesgitlenildi:

- özara söwdada söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak;
- dünýä bazarynyň bäsleşiginden goraglylygyň ýokary derejesi;
- kepillikli nyrhlar boýunça daýhanlardan önümleri satyn almak boýunça merkezleşdirilen amallar;
- agrar ulgamynda zähmet çekýänleriň durmuş derejesiniň we ykdysadyýetiň başga pudaklarynda işleýänleriň durmuş derejesiniň deňölçegliligini üpjün etmek.

UOHS-yň wajyp düzüm bölegi, bu nyrhlary döretmegiň ýörite işlenilip taýýarlanylan ugrudyr. Jemgyýetde oba hojalyk önümlerine nyrhlaryň birnäçe görnüşleri ulanyldy: esas goýujy nyrhlar, ol içerki bazarda agrar önümleri şol nyrhlardan ýokary satyp bolmajak iň ýokary rugsat berilýän derejesi bolup durýar; iň pes satyn alyş nyrhlary, olar öndürijä iň pes girdejini kepillendirýärler we ahyrsoňunda, importyň iň pes nyrhlary, olar içki agrar bazary üçünji ýurtlaryň bäsdeşliginden goramak maksady bilen ulanylýar. Oba hojalyk önümleriniň daşky bazarlara eksport edilýän ýagdaýynda bolsa, eksport pul kömekleri (subsidiýalary) ulanyldy, olar eksport edijilere Bileleşigiň ýurtlaryndaky içki nyrhlaryň we dünýä bazaryndaky nyrhlaryň arasyndaky tapawutlaryň öweziniň dolunmagyna gönükdirilýär.

Agrar syýasatynyň çäreleri oba hojalyk ulgamynda salgylanma we kepillikleriň Ýewropa gaznasynyň (FEOGA) üsti bilen maliýeleşdirilýär, ol 1964-nji ýylyň 1-nji iýulyndan hereket edip başlady. Gazna iki bölümçeden ybarat – goldaw we kepillikler Bölümi, ol nyrhlary düzgünleşdiriş ulgamyny maliýeleşdirýär we oba hojalygynyň salgylanma Bölümi, ol agrar ulgamynda gurluş syýasatyny maliýeleşdirýär.

Oba hojalyk önümçiligini we oba hojalykda öndürilen harytlary düzgünleşdirmek ÝB tarapyndan şeýle görnüşde amala aşyryldy.

Her ýyl güýzde Ýewropa Komissiýasy oba hojalygynyň her bir ulgamynyň ýagdaýy barada synlary taýýarlaýar we gyzyklanma bildirýän guramalar bilen anyk maslahat berişlik başlanýar. Indiki ýylyň ýanwar aýynda ol özüniň tekliplerini Geňeşe we Ýewropa Mejlisine berýär. Mart ýa-da aprel aýynda Geňeş ähli maslahatlary jemlemegiň esasynda oba hojalykda öndürilýän harytlaryň giňişleýin sanyna nyrhlary belleýärdi.

Içki bazarda nyrhlary goldamagyň esasy guraly, bu ýörite guramalardyr – ÝB-niň ähli agza ýurtlarynda hereket edýän goşulyşmalar (interwensiýa) gullugydyr. Özüniň çözgüdi bilen Geňeş çaklama nyrhlary diýlip atlandyrylýan nyrhlary kesgitleýär, ýagny kadaly bazar şertlerinde şol oba hojalyk ýylynda ähtimal diýlip hasap edilýän nyrhy kesgitleýär. Eger bazar nyrhy çaklanylýan nyrhdan aşak düşse we ozal bellenilen kesgitli çäklerine ýeten ýagdaýynda, goşulyşma (interwensiýa) gulluklary oba hojalyk önümlerini goşulyşma (interwensiýa) nyrhlary diýlip atlandyrylýan nyrhlar boýunça we satyn alyş nyrhlary (çaklama nyrhlaryndan 10%-e çenli pes) boýunça satyn alyp başlaýardylar. Tersine, eger bazarda degişlilikde ýetmezçilik ýüze çyksa we nyrhlar maksatlaýyn nyrhlardan ýokary derejä çenli gymmatlasa, gulluklar bazara özleriniň ätiýaçlygyndaky harytlary çykarýardylar. Şeýlelik bilen, eger daýhan bazarda öz önümlerini kadaly nyrhlarda satmak üçin mümkinçilik tapmadyk ýagdaýynda, ol hökman harytlaryny satyn alyş nyrhlaryndan biraz pes nyrhda satmak üçin gulluga ýüz tutýar.

Beýle görnüşde nyrhlary goldamagyň ulgamy ähli oba hojalyk önümçiliginiň, takmynan 70%-ni gurşap alýar, ilkinji nobatda galla, süýt önümleriniň, tüwiniň, şekeriň, sygyr etiniň, goýun etiniň, gök önümleriň we miweleriň birnäçe görnüşlerini, şeýle hem deňiz önümleriniň önümçiligini gurşap alýar. Beýleki önümler üçin goldawyň başga görnüşi bellenilýärdi (mysal üçin, doňuz eti üçin, naharhana çakyry üçin aýratyn pul kömekleri bolýar).

Göni pul kömekleriniň tölegleri hem ulanylýar – günebakar, zeýtun ýaglaryna, temmäki öndürijilere. Olar önümçiligiň çykdajylarynyň kiçiräk bölegini ýapýarlar.

Içki oba hojalyk önümlerini öndürijileri goramak we içki bazarda nyrhlary goldamak üçin Bileleşik tarapyndan, eýýäm ýokarda

bellenilişi ýaly, import çäklendirmeler bellenilýärdi. Şu maksat bilen 1995-nji ýyla çenli ÝB-niň daşky araçäklerinde ýörite ýygymlar alynýardy, olaryň ululygy dünýä bazarynyň aşaky nyrhynyň arasynda we import edilýän harytlary Bileleşigiň bazarynda ÝB tarapyndan bellenilen nyrhdan pes satylmaz ýaly görnüşde bellenilýän pes nyrhlaryň arasyndaky tapawuda laýyk gelýärdi.

Nyrhlary goldamak ulgamy göz öňünde tutulmadyk harytlaryň birnäçesi boýunça (ýumurtga, guş eti, gök önümleriň we miweleriň birnäçe görnüşleri, markaly çakyrlar, güller) ýerli haryt öndürijileri goramak maksady bilen, tarifden daşary çäklendirmeler ulanylýardy.

Söwdada ýeňillikli düzgünden peýdalanýan ösüp gelýän ýurtlar babatynda import çäklendirmeleriň ulanylmaýandygyny bellemek gerek. Emma görkezilen ýurtlar, esasan hem, ÝB-ä öz tropiki önümlerini eksport edýärler, ol ýerli harytlar bilen bäsleşmeýär.

Eger ÝB ýurtlarynyň öndürijisi özüniň harytlaryny dünýä nyrhlary boýunça üçünji ýurtlara getiren ýagdaýynda we bu nyrhlar Bileleşigiň bazaryndaky nyrhlar bilen deňeşdirilende pes bolsa, ol eksport pul kömegini alýardy, onuň maksady nyrhlaryň arasyndaky tapawutlaryň öwezini dolmakda jemlenýär. Pul kömekleriniň möçberini kesgitlemek usuly edil üçünji ýurtlardan önümler getirilende import ýygymlary hasaplanylandaky ýalydyr. Eksport pul kömekleriniň tölegine oba hojalyk ulgamyna ugrukdyrmalaryň we kepillikleriň Ýewropa gaznasynyň býujetiniň 30%-i gidýärdi.

Ilkibaşdan UOHS ýeterlik berk gurallara esaslanýardy we gyşarnyksyz durmuşa geçirilýärdi, bu bolsa ÝYB gysga möhletlerde – 10–15 ýylyň dowamynda agrar önümlerini sap import edijiden, onuň esasy görnüşlerinde dolulygyna öz-özüni üpjün edijiniň we oba hojalyk önümleriniň, şeýle hem azyk harytlarynyň sap eksport edijisine öwrülmegine çenli ýoly geçmäge mümkinçilik berdi.

UOHS-yň çärelerinden agrar ulgamynyň öndürijileri has gowy utuş gazandylar. Nyrhlar syýasatyna baglylykda, girdejili daýhan hojalyklary üçin dünýä bazarynyň şertlerinden güýçli tapawutlanýan peýdaly şertler döredildi. Daýhanlarda önümçiligiň göwrümine bagly

bolmaýan kepillendirilen pes satyn alyş nyrhlary boldy. Onuň üstesine, nyrhlar ýyl geçdigiçe ýokarlandy. Netijede, oba hojalyk önümlerini öndürmegiň göwrümi 1973–1988-nji ýyllarda ortaça bir ýylda 2% köpeldi, şol bir wagtda sarp edilişi her ýylda bary-ýogy 0,5% köpeldi. Bu ýagdaý wagtyň geçmegi bilen Bileleşigiň çäklerinde önümleriň birnäçe görnüşleriniň gaýtadan öndürilmeginiň ýüze çykmagyna getirdi (süýt, et, ýag we başg.). Artykmaç önümleriň ätiýaçlyklary döredildi, bu bolsa öz gezeginde goşmaça çykdajylaryň çykarylmagyna getirdi.

Wagtyň geçmegi bilen, Bileleşigiň maliýe serişdeleriniň paýlanylmagynda üýtgeşmeler aýdyň bellenildi. Şunda Beýik Britaniýa ýaly käbir döwletler beýle syýasatdan peýda almadylar. Fransiýa bolsa tersine, özüniň oba hojalygynyň gurluşynyň we derejesiniň ýagdaýyna görä utuş gazandy. Agrar önümlerine nyrhlaryň ähmiýetli ýokarlanmagy oba hojalyk önümlerini öndürijileriň syýasatynyň goldanylmagynyň we güýçli goranyş çäreleriniň netijesi bolup, Bileleşigiň içinde olar dünýä derejesinden ýokary boldy. Käbir ýagdaýlarda alyjylar azyk harydy üçin, import edip bolýan şoňa meňzeş haryt bilen deňeşdirilende 2–3 esse köp töleg etmäge mejbur boldular. Şeýle şertlerde nyrhlary emeli saklamak ýaramaz täsir edip başlady.

Goranyş syýasatyna Ýewropanyň agrar önümleriniň bazarynyň Ýewropa bazarynyň ýapyklygyndan we onuň önümçiligine artykmaç pul kömekleriniň berilmegine bolan närazylygyny dünýä jemgyýeti hem ýüze çykaryp başlady.

Nyrhlary emele getirmegiň berk gurallary öz etjek işini etdi, olary üýtgetmegiň wagty geldi. Birinji ýerde ozal uly ähmiýet berilmeýän, pudagyň gurluşy bilen baglanyşykly meseleler durdy. Bu mesele, aýratyn hem, özleriniň oba hojalyga ýöriteleşmesi we oba hojalygynda iş bilen meşgullanýanlaryň ähmiýetli paýy bilen, şeýle hem gurluşynyň üýtgedip gurulmagy zerur bolan Gresiýanyň, Ispaniýanyň, Portugaliýanyň ÝYB-a girenden soň aýdyň duýuldy.

UOHS-y özgertmegiň meýilnamasy 1983-nji ýylyň iýul aýynda yglan edildi, ol «Umumy oba hojalyk syýasatyndaky üýtgeşmeler»

diýlip atlandyryldy, 1984-nji ýylda bolsa Geňeş ony özgertmek boýunça çäreleriň bukjasyny makullady.

UOHS-yň özgerdilmegi önümçiligiň çäkli derejesiniň bellenilmegini göz öňünde tutdy, oňa ýetmek boýunça daýhan öz önümlerine kepillikli nyrhy almaklyga bolan hukugyny ýitirýär. Şol wagt agrar önümleriň artykmaç önümçiligi bu kadanyň täsir etmegine öndürilen oba hojalyk önümleriniň üçden bir bölegine golaýy düşýän derejä çenli baryp ýetdi. Mundan başga-da täze nyrh syýasatyna geçmek bellenildi, ol oba hojalyk önümleriniň dünýä bazarynyň hakyky ýagdaýyny nazara almak bilen esas goýujy nyrhlaryň ep-esli derejede peselmeginde görkezildi. Şeýle-de bu çäre önümçiligiň peselmegine getirmelidi. Täze şertlerde agrar importynda pes nyrhlary bellemek öz manysyny ýitirdi.

Şeýlelik bilen, Bileleşik kepillikli nyrhlaryň we agrar goraglylygyň goldanylmagyna gönükdirilen öňki syýasatyndan el çekip başlady (ol häzirki wagtda hem saklanýar, ýöne başga görnüşde). Özüni dolulygyna azyk harytlary bilen üpjün edip (hatda artykmaçlyk hem edýär), oba hojalyk öndürijisini bolsa önümçiligiň amatly şertleri bilen üpjün etdi. Bileleşik şeýle syýasata bazar güýçlerine hojalygyň bu ulgamyny düzgünleşdirmek wezipesini bermek bilen, onuň gurluş, şol sanda tehnologik taýdan gaýtadan gurulmagynda ünsi jemläp ýetip bildi.

Oba hojalygynyň gurluşynyň üýtgedip gurulmagy FEOGA, ÝB, beýleki gurluş gaznalary: EFRR we Ýewropa durmuş gaznasy, şeýle hem ÝB-niň sebitleýin syýasasynyň çäklerinde Ýewropanyň maýa goýumlar banky bilen içgin aragatnaşykda amala aşyrylyp başlandy. Bu syýasata laýyklykda, agrar sebitleri gurluş gaznalarynyň üsti bilen maliýe kömegini alyp başladylar:

- ösüşde yza galýan sebitler üçin;
- oba hojalyk çäklerini ösdürmäge;
- oba hojalygynda we tokaý senagatynda önümçilik we gaýtadan işleýän gurluşlaryň kybaplaşdyrylmagyna.

1988-nji ýylda UOHS-yň ähli taraplaýyn özgerdilmegi boýunça gutarnykly çözgüt kabul edildi. 1992-nji ýylda onuň geçirilmegi üçin

çykdajylaryň ÝB-niň býujetiniň 55%-inden ýokary bolmaly däldigi bellenildi (1990-njy ýyllaryň ahyryna onuň paýy 40%-e çenli peseldi). Önümleriň aglaba bölegine olary öndürmegiň çäkli derejeleri girizildi. Oba hojalyk meýdanlaryny azaltmak çäresi ulanylyp başlandy: oba hojalygynyň dolanyşygyndan ýerlerini çykarýan daýhanlar we bu ýerlerde tokaýlaşdyrma maksatnamalaryny durmuşa geçirýän ýa-da olary öri meýdanlara öwren daýhanlar ýörite pul kömeklerini aldylar.

Emma bu çäreler diňe çäklendirilen netijäni berdi. Hususan hem, ÝB-niň agrar önümleriniň artykmaç böleginiň artmagy dowam etdi. 1960-njy we 1970-nji ýyllarda Bileleşik özüniň daýhanlary üçin amatly şertleri döretdi we olara goldaw bermek tejribesinden şol bada boýun gaçyrmak mümkin bolmady. Bu ýerde juda seresaplyk bilen çemeleşme talap edildi, ilaty ilkinji zerur önümler bilen üpjün edilmeginde agrar ulgamyň wajyplygyny, şeýle hem durmuş meýilnamasyny nazara almak bilen, seresap çemeleşme talap edildi. Ýiti hereketler we üýtgeşmeler öňünden kesgitläp bolmajak netijelere getirip biljekdi.

Şonuň bilen birlikde, söwdanyň erkinleşdirilmegi boýunça dünýä hadysalarynyň we ÝB integrasiýasynyň bähbitleriniň ösüş, oba hojalyk syýasatynyň çäklerinde aýgytly özgertmeleriň geçirilmegini berk talap etdi. Hususan hem, Ýewropa Bileleşiginiň döwlet býujetinde goldamak üçin çykarylýan çykdajylaryň juda köp bolmagy, köplenç ýagdaýlarda emeli we esaslandyrylmadyk nyrhlar syýasaty we oba hojalygyndaky pul kömegini bermek ýaly agyr mesele döretdiler we integrasiýanyň beýleki ugurlarynyň saklanmagyna getirdi. Onuň üstesine, UOHS üçin berilýän ägirt köp serişdeleriň paýlanylmagynda, köp sanly hyýanatçylykly peýdalanmalar ýüze çykdy. Mundan başga-da, paýlamagyň özi her ýylda kömegi alyjylaryň arasynda köp sanly gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyna getirdi.

1992-nji ýylda UOHS-y özgertmek boýunça aýgytly hereketleriň ýene bir meýilnamasy makullanyldy. Onuň esasy maksady UOHS-yň agrar sebitleri ösdürmegiň umumy strategiýasynyň esasy bölegi bolmalydygyny kesgitledi. Şunda olaryň toplumlaýyn ösdürilmegine esasy üns berildi.

Beýle özgertmäniň esasy maksatlary – Bileleşigiň içinde oba hojalyk önümlerine nyrhlary peseltmek, olary dünýä bahalaryna golaýlatmak; nyrhlary goldamak ulgamyndan daýhanlaryň özleriniň, aýratyn hem, pes girdejileri alýan daýhanlaryň goldanylmagyna geçmek, öňdebaryjy tehnologiýalary we hojalygy ýöretmegiň täze, ekologik taýdan howpsuz usullaryny ulanmak bilen, oba çákleriniň önümçilik mümkinçiligini ösdürmek. Bu ýagdaýda Bileleşigiň iň iri öndürijileriň we oba hojalyk önümlerini eksport edijileriň biri hökmünde orunlaryny goldamak umumy wezipe bolup durýar.

Üç ýylyň dowamynda däneli, ýagly we belogy saklaýan ekinlere bahalaryň maliýe goldawyny 29%-e çenli peseltmek; dolanyşykdan artykmaç ýeriň çykarylmagy netijesinde doly alynmadyk girdeji üçin öwezini dolmagy köpeltmek, pes ösen sebitlerde we dagly ýerlerde oba hojalygyny pul kömegi bilen üpjün etmek, oba ýerlerinde daşky gurşawy goramak maksatnamasyny girizmek göz öňünde tutulýardy.

Şeýle-de durmuş pudagynda hem daýhanlaryň pensiýa ýaşyny 55 ýaşa çenli peseltmek boýunça ýörite maksatnama göz öňünde tutulýardy; bu bolsa öz nobatynda ýaşlara ýaşlyk döwründe oba hojalyk bilen meşgullanmaga mümkinçilik berýärdi. Häzirki wagtda dürli azyk harytlary bilen üpjün edilen ýewropa döwletleriniň ilaty umumy oba hojalyk syýasatyna, ilkinji nobatda bolsa, iýmit önümleriniň howpsuzlygyny kepillendirýän ygtybarly we netijeli çärelere garaşýar. Şeýle-de birinji orna daşky gurşawy goramak meseleleri hem çykarylýar.

Soňky on ýyllykda ÝB-de agrar önümçiligini we oba hojalyk önümleriniň daşky söwdasyny düzgünleşdirmekde bir topar özgerişleriň TSBY/BSG (Tarifler we söwda boýunça Baş ylalaşyk/Bütindünýä söwda guramasy) çäklerinde köp taraplaýyn söwda gepleşikleriniň netijeleri esasynda amala aşyryldy, olar, mälim bolşy ýaly, dünýä söwdasyny erkinleşdirmäge gönükdirilendir. Mysal üçin, BSG-niň oba hojalyk boýunça Ylalaşygyny amala aşyrmaklygyň dowamynda 1995-nji ýyldan başlap, ÝB-niň agrar we iýmit önümleriniň importynda öwezini dolmak boýunça ýygymlar ýatyryldy, olar gümrük paçlaryna çalşyldy. Bu paçlar ýokarda görkezilen Ylalaşyga laýyklykda, soňky alty ýylyň dowamynda binýatlyk göterim dereje-

ler boýunça ortaça 36% peseldilmelidi. Ýöne şonda-da ÝB-de oba hojalyk önümlerine, azyk harytlaryna, içgilere, temmäki önümlerine we dokma önümlerine ýokary göterim derejeleri saklanýar. Mundan başga-da üçünji döwletlerden agrar harytlar import edilende berk arassaçylyk we fitoarassaçylyk gözegçiligi ulanylýar. Şunda ýerli oba hojalyk öndürijilerine pul kömegini bermek saklanyp galýar.

## 9.6. Umumy söwda syýasaty. Üçünji döwletler bilen ykdysady gatnaşyklar

Daşary söwda Ýewropa Bileleşigi döwletleriniň ykdysadyýetinde möhüm orny eýeleýär. Agza döwletleriň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň paýy ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň degişli paýyndan 2–3 esse geçýär. Şunda onuň esasy möçberi ÝB döwletleriniň özara söwdasyna düşýär – olaryň jemi daşary söwda dolanyşygy, takmynan, 2/3, ýöne Bileleşige girmeýän döwletler bilen harytlaryň alyş-çalşygy olaryň JIÖ-niň, takmynan, 10%-ni düzýär, bu ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň görkezijileri bilen meňzeşdir.

Eýýam bellenilişi ýaly, Ýewropa Bileleşiginiň esaslandyrylan wagtyndan bäri onuň esasy wezipesi gümrük birleşigini we harytlaryň umumy bazaryny döretmekden ybaratdy.

Hakykatda gümrük bileleşigi 1968-nji ýylyň 1-nji iýulynda döredildi, bu bellenilen seneden bir ýarym ýyl öň bolup geçdi. ÝB-niň içki gümrük böwetleri doly ýatyryldy we Bileleşigiň daşky çäkleri üçin ýeke-täk gümrük tarifi (ÝGT) girizildi.

Bu pursatdan gümrük syýasaty Bileleşigiň umumy daşary söwda syýasatynda möhüm orny eýeläp başlady. Köp ýyllaryň dowamynda onuň esasy wezipesi Geňeşiň bir taraplaýyn görnüşde ýa-da aýry-aýry döwletler, döwletler topary ýa-da halkara guramalar bilen gepleşikler netijesinde (meselem, TSBY/BSG ýa-da UNCTAD) ÝGT-ä täzeden seretmek we tassyklamak bilen baglanyşykly işler boldy.

Ýeke-täk daşky tarifiň girizilmegi üçünji döwletler bilen söwda gatnaşyklarynda ylalaşylan syýasaty geçirmek zerurlygyna getir-

di, şonuň üçin indiki ädim bellenilen döwletler boýunça degişlilikde umumy söwda syýasatyny (USS) işläp taýýarlamak boldy.

1970-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan onuň işläp taýýarlanylmagy we amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilik ÝB-niň agza döwletlerine geçdi, 1973-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan işiň bu ugry onuň ygtyýaryndaky aýratyn meselä öwrüldi. Şeýlelikde, ÝB-niň agza döwletleri Bileleşigiň daşynda özüniň söwda syýasatyny özbaşdak kesgitlemekden boýun gaçyrdylar.

USS-niň üçünji ýurtlar boýunça alnyp barylmagy Rim ylalaşygynda göz öňünde tutulupdy. Onuň maksatlary 133-nji maddada belgilendi: «Üçünji döwletler bilen söwdada umumy gümrük tarifini kesgitlemek we dolandyrmak, olar bilen umumy söwda ylalaşyklaryny baglaşmak, söwda syýasatynyň gurallaryny deň derejede ulanmak». Bileleşik üçünji döwletler bilen söwda ylalaşyklaryna gol çekmegi öz boýnuna alyp, ähli agza döwletler üçin daşary söwdanyň deň şertlerini belleýärdi we diýmek, ÝB-niň içinde hem-de dünýä bazarynda bäsdeşligiň deň şertlerini belleýärdi. Bileleşik şeýle-de dünýä söwdasyndaky meseleler boýunça köp taraplaýyn gepleşikleri geçirmek hukugyna hem eýedir.

Rim ylalaşygy Ýewropa toparyna tarifler we söwda meseleleri boýunça Bileleşigiň adyndan üçünji döwletler bilen gepleşiklere girişmek hukugyny berdi. Komissiýa umumy söwda syýasaty meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamakda aýratyn hukuga eýedir. Şunuň bilen birlikde olary Geňeş bilen ylalaşmak esasynda kararlary kabul etmäge täsir etmegiň giň mümkinçilikleri bar. ÝB döwletleri üçin daşary söwdanyň möhümligini hasaba alyp, bu barada ýokarda agzalypdy, olaryň takyk bähbitleri belli bir harytlaryň importynda we eksportynda hem daşary söwda alyş-çalşygyna umumy ýakynlaşmadaky tapawutlary hasaba alyp (meselem, Germaniýa, Niderlandlar, Belgiýa ýaly döwletler «erkin söwdanyň» tarapdarlary, Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa – goraglylygyň tarapdarlary), söwda syýasaty meseleleri boýunça kararlary ylalaşmak işi gyzgalaňly jedeller bilen dowam etdirilýär.

Komissiýa tarapyndan hödürlenen USS çygryndaky kararlaryň taslamalary Geňeş tarapyndan seredilýär we hünärmenleriň sesleriniň köplügi esasynda kabul edilýär, dempinge garşy işleriň başlanmagy

we öwezini dolma ýygymlaryň girizilmegi baradaky kararlar sesleriň köplügini, tersine, assosiasiýa baradaky ylalaşyklary baglaşma bolsa biragyzdan ses berilmegi talap edýär.

Ýewropa Mejlisi assosiasiýa we söwda hem-de hyzmatdaşlyk barada ylalaşygy tassyklaýar. Başga ýagdaýlarda Mejlisiň pikiri hökmany güýje eýe däl.

ÝB USS-iň umumy ýörelgelerini örän gapma-garşy diýip häsiýetlendirip bolýar. Bir tarapdan, ÝB halkara söwdanyň erkinleşdirilmeginiň we bilelikde kesgitlenen düzgünleri berk berjaý etmegiň has işjeň tarapdary hökmünde çykyş edýär. Köp ýyllaryň dowamynda ÝB TSBY-nyň tapgyrlarynyň çäklerinde köptaraplaýyn gepleşikleriň üstünlikli tamamlanmagyna özüniň goşandyny goşýardy, munuň netijesinde dünýäde, şol sanda ÝB-de gümrük tarifleriniň umumy derejesi peseldi.

Beýleki tarapdan, bu Ýewropa Bileleşiginiň bähbitlerine degýän bolsa, ol goranyş ýagdaýlardan çykyş edýär, meselem, özüniň bazaryny daşarky bäsdeşlerden goramak üçin söwdada tarif däl çäklendirmeleri (kwotalary, antidemping işleri) ulanýar. ÝB goranyş hereketleriň aýdyň mysaly, onuň oba hojalyk önümleriniň importyndaky syýasatydyr.

ÝB-niň söwda syýasatynda ulanýan gurallaryna ýeke-täk gümrük tarifi, san taýdan çäklendirmeler, antidemping we öwezini dolma paçlary degişli. Aýry-aýry döwletler bilen ylalaşyklarda şeýle hem gorag bellikleri, importyň meýletin çäklendirmeleri ulanylýar. Üçünji döwletlerden girizilýän harytlara umumy söwda tariflerine (UST) laýyklykda paçlar diňe bir gezek ÝB-niň daşky serhedinde salynýar.

Importyň san taýdan çäklendirmeleri barada aýdylanda, Rim ylalaşygy milli döwletlere, eger ÝB başga agza döwletiň çägine üçünji döwletlerden harytlar eýýäm getirilen bolsa-da, importa özüniň milli san çäklendirmelerini kesgitlemek hukugyny berýär. Bu aýry-aýry ýurtlara özüniň senagatyň has gowşak pudaklaryny goramak mümkinçiligini bermek üçin edildi. Ýeke-täk içki bazaryň döredilmegi bilen we ÝB-niň agza döwletleriniň arasynda gümrük serhetlerini

17. Sargyt № 2070

ýatyrmak bilen milli san çäklendirmelerini saklamak mümkinçiligi aradan aýryldy. 1994-nji ýylda olar ýatyryldy. Ýerine bütin Bileleşik üçin umumy ýedi haryt ýagdaýy boýunça çäklendirme girizildi.

ÝB-niň tejribesinde dempinge garşy we öwezini dolma çäreleri giňden ulanylýar. 1990-njy ýyldan bäri dempinge garşy çäreleriň hereketi ÝB-niň bütin çägine ýaýrap başlady. Şeýle çäreleriň kabul edilmegi baradaky beýannamalar Ýewropa Komissiýasyna telekeçileriň pudaklaýyn bileleşikleri ýa-da şu harydyň öndürijileriniň köpçüliginiň adyndan hereket edýän kompaniýanyň biri tarapyndan hödürlenýär. Topar bir ýarym ýyldan köp wagt dowam edip biljek derňew geçirýär. Ol dowam edýän döwri wagtlaýyn ýygymlar bellenip bilner. Dempinge garşy çäreleri kabul etmek baradaky meseleler boýunça gutarnykly kararlar ÝB-niň Geňeşi tarapyndan kabul edilýär. Köplenç ýagdaýda, üçünji döwletleriň kompaniýalary harydyň bahasyna degişlilikde belli bir borçlary öz üstüne alyp, dempinge garşy işleri girizmekden gaçyp bilýär. Eger Komissiýa dempinge garşy çäklendirmeleri girizmeli bolsa, olar üç, käwagt bäş ýylyň dowamynda hereket edip bilýär.

Öwezini dolma çäreleri ÝB-ä özüniň eksportyny pul kömegi bilen üpjün edýän üçünji döwletleriň garşysyna girizilýär. Dempinge garşy ýagdaýlardaky ýaly öwezini dolma çärelerinde hem degişli harytlaryň importyndan ýokary ýygymlar alynýar, bu olaryň ÝB-niň çäginde ýerlemek mümkinçiligini peseldýär.

Gorag şertleri we importyň meýletin çäklendirmeleri eger bu import ÝB-niň içinde senagatyň degişli pudagyna uly zyýan ýetirýän bolsa harytlaryň belli bir görnüşiniň (meselem, awtoulaglaryň) importyna wagtlaýyn çäklendirme goýmak üçin ulanylýar. 1990-njy ýyldan bäri gorag çäreleri ÝB-niň bütin çägine ýaýraýar. Şeýlelikde, eger ýeke-täk içki bazary döredýänçä milli agza döwletler özüniň ygtyýarlygynda söwda syýasatynyň käbir gurallaryny saklaýan bolsa, ol döredilenden soňra üçünji döwletler bilen söwda boýunça meselelerini çözmek ygtyýarlyklary ÝB-niň institutlarynyň elinde jemlendi. Olar boýunça, ilkinji nobatda, ÝB-niň agza döwletleriniň kanunçylygynyň sazlaýşy geçirildi we ýeke-täk içki bazaryň esasyny düzýän syýasatlaryň arasynda daşary söwda syýasaty we gümrük

bileleşiginiň döredilmegi tapawutlanýar. Soňra ylalaşma syýasaty dört erkinligi üpjün etmäge hem ýaýrady.

ÝB-niň ýeke-täk söwda syýasaty öň döredilen söwda bileleşiklerini ösdürmäge, Ýewropa kärhanalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny güýçlendirmäge gönükdirilendi. Onuň esasy düzgünleri ÝYB döretmek barada Rim ylalaşygynyň 110–115-nji maddalary bilen düzgünleşdirilýär. Bu maddalaryň düzgünleri ÝB-niň daşary söwda syýasatynyň esasy ýörelgelerini, Ýewropa geňeşiniň daşary söwda syýasatyny düzgünleşdirmek ýaýrawynda umumy ygtyýarlylyklary belleýär.

ÝB-niň ýeke-täk daşary söwda syýasatynyň amala aşyrylyş ýörelgelerine degişlilikde, Rim ylalaşygynyň 110-njy maddasyna laýyklykda ÝYB döwletleri sazlaşykly halkara söwda gatnaşyklar ulgamyny döretmeklige we dünýä söwdasynda yzygiderli söwda böwetlerini aýyrmaklyga gatnaşmaga borçlandylar.

Şeýlelikde, bu madda ÝB-niň ýeke-täk söwda syýasatynyň esasy bolup TSBY-nyň kadalarynyň we düzgünleriniň çykyş edýänligini tassyklaýar. Emma ÝB-niň TSBY-nyň kadalaryna meýilliligi onuň esasy bäsdeşi bolan ABŞ-nyňkydan pesdir. Amerikanyň Birleşen Ştatlary dünýä söwdasy ýeke-täk kadalar bilen düzgünleşdirilmeli diýlen pikiri tassyklaýan wagty, ÝB söwdanyň düzgünleşdirilmegi milli diplomatiýanyň bähbitleriniň esasynda amala aşyrylmaly diýlen pikirinde galdy. Gürrüňsiz, iki tarap hem öz bähbitlerini goraýardy: ABŞ belli bir derejede «oýnuň amatly düzgünlerini» kesgitläp, dünýä söwdasynyň üstünden gözegçilik etmekligi üpjün etmäge çalyşýardy, Ýewropa döwletleri bolsa özlerini «keseki düzgünleriň» girizilmeginden goramaga we özüne daşary ýurt bäsdeşligine örän duýgur içki bazarynyň gorag serişdelerini we usullaryny saýlamaklyga erkinligi üpjün etmäge çalyşýardylar.

ÝB-niň ýeke-täk daşary söwda syýasatynyň beýleki ýörelgesi özara söwda böwetlerini ýok etmek ýoly bilen Ýewropa döwletleriniň we kärhanalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaklyga ýardam bermekdir.

ÝB-niň ýeke-täk söwda syýasatynyň ýaýraýan giňişligi Rim ylalaşygynyň 113-nji maddasy esasynda kesgitlenilendir. Bu mad-

dada Bileleşik şu aşakdaky pudaklarda ylalaşylan hereketleri amala aşyrýar diýlip görkezilýär:

- ÝB-niň ýeke-täk gümrük tarifiniň tarif göterim derejesini üýtgetmek;
- tarif we söwda ylalaşyklaryny baglaşmak;
- söwdanyň erkinleşdirilmegi boýunça çäreleri amala aşyrmak;
- gorag çärelerini kabul etmek, şol sanda dempinge garşy we öwezini dolma paçlaryny kesgitlemek;
- eksport syýasatyny geçirmek.

Bu ýörelgelere goşmaça 1990-njy ýylyň dekabrynda Rimde Ýewropa geňeşiniň mejlisi tamamlanandan soň geçirilen hökümetara maslahatda ÝB-ni döretmek baradaky ylalaşygyň mazmunyna «Ýeke-täk daşary syýasat» bölümini goşmak teklibi öňe sürüldi, ol ýeke-täk daşary ykdysady syýasaty düzgünleşdirmek boýunça çäreleri, şol sanda halkara ylalaşyklary baglaşmak we işewür hyzmatdaşlygy ösdürmek işlerini öz içine alýar.

«Ýeke-täk daşary ykdysady syýasat» düşünjesi öň ulanylan «ýeke-tak söwda syýasaty» kesgitlemekden tapawutlylykda, ykdysady işiň ähli ugurlaryny, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Täze düşünjäniň döremegi XX asyryň 90-njy ýyllarynda dünýä ykdysadyýetiniň we halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösüşiniň täze meýilleri bilen, ilki bilen, maýa çykarylmagynyň we halkara söwda bilen deňeşdirilende, ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň depginli ösmegi bilen, şeýle hem TSBY-nyň halkara söwdasyny ýöretmek düzgünleriniň bir nusga getirilmegi boýunça tagallalary bilen şertlendirilendir.

## 9.7. ÝB-niň ýeke-täk daşary söwda syýasatynyň aýratynlyklary

*ÝB içinde çäklendirmeleriň ýoklugy*

Ýeke-täk içki bazary döretmek boýunça ilkinji ädimler hökmünde Rim ylalaşygynyň 110-njy maddasy gatnaşyjy döwletleriň özara söwdasyna gümrükhana we san taýdan çäklendirmeleri, Ýewro-

pa döwletleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak faktory hökmünde ýatyrmagy göz öňünde tutýardy. Şu bölümiň 112-nji maddasynda döwletler daşary söwda syýasatynyň ähli çäreleriniň (şol sanda, üçünji döwletlere kömegi) yzygider sazlaşygyny geçirmek borçnamasyny Bileleşigiň hemme döwletleriniň ýagdaýyny hasaba almak bilen öz üstüne aldylar. Netijede, hemme şu agzalan we başga-da köp çäreler ÝB-niň ýeke-täk içki bazaryny şekillendirmek Maksatnamasyna girizildi, bu bazar 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan işläp başlady.

*Ýeke-täk daşary söwda syýasaty*

Dünýäniň ägirt uly bazarlarynyň biri bolan ÝB-niň bazary halkara telekeçiligiň ähli görnüşlerini amala aşyrmak üçin özüne çekiji (öňi bilen söwdany we maýa goýumlary) gurşaw hasaplanylýar. Şu nukdaýnazardan bu bazar bilen özara gatnaşygy, ondan çykmaklygyň tertibini düzgünleşdirýän kadalary we düzgünleri anyk göz öňüne getirip bilmeli we ýeke-täk kadalaryň we düzgünleriň (käwagt örän berk) 28 döwletiň bähbitlerinden gelip çykandygyny we hökümetiň kanunçylyk edaralary derejesinde ylalaşylandygyna düşünmeli.

*Bileleşigiň yzygiderli giňelmegi*

Ýeke-täk böwetleriň we artykmaçlyklaryň bolmagy bilen baglanyşykly mesele toparyň yzygiderli giňelmegi bilen we onuň Merkezi hem Gündogar Ýewropa döwletleriniň hasabyna iki esse ulalmagy has döwrebap bolup, jikme-jik derňewi hem-de seredilmegi talap edýär. Birleşigiň giňelmegi ÝB-niň ähli esasy hyzmatdaşlary we bäsdeşleri üçin hem amatly, hem amatsyz nukdaýnazardan, möhüm netijelere eýedir.

*Döwletleriň toparlary boýunça daşary söwda syýasatynyň we artykmaçlyklaryň çärelerini, gurallaryny ulanmaklygyň aýratynlyklary*

28 döwletiň Bileleşigi bolmak bilen we ep-esli derejede özüniň syýasy bähbitlerini daşary söwda syýasatynyň çärelerini ulanmaklygyň üsti arkaly amala aşyryp, ÝB döwletleri dünýä bazary boýunça esasy hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşygyň bäsdeşleriniňkiden tapawutly we aýratyn tertibini düzdüler, şunuň ýaly ýagdaý üçin ol hyzmatdaşyň aýratynlyklaryny hasaba alyp, daşary söwda aragatnaşyklary

düzgünleşdirmek serişdeleriniň toplumyny işläp taýýarlady. Mysal üçin, MGÝ döwletleri bilen assosiasiýa barada Ylalaşyk, bu olar üçin täze ykdysady integrasion ulgam şertlerinde geçiş ykdysadyýetleriniň yzygiderli uýgunlaşma gurluşy ýa-da GDA döwletleri bilen, şol sanda Russiýa bilen hyzmatdaşlyk baradaky Ylalaşyk, ol hyzmatdaşlyk we tehniki ykdysady kömek çäreleriniň utgaşmasyny, çylşyrymly içerki ykdysady we çökgünlik meselelerini çözmekde maslahatlary göz öňünde tutýar.

Daşary söwda gatnaşyklarynyň dürli meseleleri, şol sanda halkara ylalaşyklary baglaşma meseleleri, ýeke-täk gümrük tarifiniň, harytlaryň gelip çykyş döwletini kesgitlemegiň ýeke-täk düzgünleriniň ulanylmagy, dürli işleriň, şol sanda dempinge garşy hereketleriň ulanylmagy Bileleşigiň milli edaralarynyň ygtyýarlygyna girýär. Bu ygtyýarlyklar Rim ylalaşygynyň 110–115-nji maddalarynda berkidilendir.

ÝB-niň üçünji ýurtlar bilen ylalaşyklary baglaşmak çygryndaky ygtyýarlygy barada aýdylanda, Rim ylalaşygyna laýyklykda, bu ygtyýarlyga dört görnüşli, şol sanda artykmaçlykly ylalaşyklary baglaşmak degişlidir. Diňe ÝB-niň edaralary agza döwletleriň söwda syýasatyny geçirmäge, hususan-da, TSBY/BSG-niň çäklerinde tarif ylalaşyklaryny ara alyp maslahatlaşmaga ygtyýarlydyrlar.

Söwda ylalaşyklaryndan başga, ÝB-niň ýurtlarynyň ählisiniň üstünden ýolbaşçylyk edýän ýokary edaralarynyň ygtyýarlygyna täze agzalary kabul etmek boýunça ylalaşyklary baglaşmak hem degişlidir. Şunuň bilen bir hatarda Bileleşik assosiirlenen agzalyk barada ylalaşyklary baglaşmak hukygyna-da eýe, olar ýönekeý söwda jähtlerinden başga erkin söwda zolagyny düzgünleşdirmek boýunça taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Şeýle ylalaşyklar ÝB tarapyndan Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ähli döwletleri bilen, şeýle-de Baltika ýurtlary bilen hem baglaşylan. Mundan başga-da ÝB-niň ygtyýarlygyna Belgiýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar we Beýik Britaniýa bilen aýratyn gatnaşyklary saklaýan döwletler çygrynda ýörite ylalaşyklary baglaşmak hem girýär.

Emma ÝB döwletleri üçünji döwletler bilen ÝB-niň edaralarynyň ýeterlik ygtyýarlyklary bolmadyk ykdysady pudaklarynda, meselem, maliýe bazarlaryny açmak baradaky ylalaşyklary baglaşmak meselelerinde garaşlylyk saklaýarlar.

## 9.8. ÝB-ni giňeltmek we onuň geljekdäki ösüşi babatdaky meseleler

2004-nji ýylyň maý aýynda Ýewropa Bileleşiginiň bäşinji giňelmesi boldy: Merkezi we Gündogar Ýewropanyň döwletleri, şol sanda Baltiýanyň (MGÝ) döwletleri, şeýle hem Kipr we Malta ÝB-niň agzalygyna kabul edildi. Bu giňelme öňkülerinden diňe san taýdan däl-de, eýsem, hil taýdan hem tapawutlanýardy.

Ýewropa Bileleşiginiň agzalarynyň sany birden 15-den 25-e çenli artdy, öň bolsa ÝB-ä üçden köp döwlet birden goşulyp bilmeýärdi. ÝB-niň çägi we ilaty üçden bir bölek köpeldi, öňki giňelmeleriň netijesinde ol ýuwaşlyk bilen ösýärdi. XXI asyryň başlarynda Ýewropa Bileleşiginiň täze agza döwletleri öň bar bolan 15 agzasyndan özüniň syýasy we ykdysady ösüşi boýunça ep-esli tapawutlanýan döwletler boldy.

Eger öň Bileleşige deň syýasy we durmuş-ykdysady gurluşly we azda-kände deň durmuş-ykdysady ösüşli döwletler girýän bolsa, bäşinji giňelme olaryň syýasy we ykdysady gurluşy üýtgedip gurmak döwründe bolan, ykdysady ösüşi bolsa Günbatar Ýewropanyňkydan has yza galýan döwletleri birleşdirdi. Komissiýanyň bilermenleriniň bahalandyrmalaryna görä, Bileleşigiň giňelmegi netijesinde ortaça JMÖ 12,5% azaldy. Soňky giňelme Bileleşikde, umuman, täze ýagdaýy döredýär.

Ýewropa Bileleşigi baradaky ylalaşykda ÝB-niň giňeltme mümkinçiligi barada düzgün bar. Ylalaşyga laýyklykda Bileleşigiň esasy syýasy we ykdysady ýörelgeleri, esasan hem, demokratiýa we bazar ykdysadyýeti ýörelgeleri bilen ylalaşýan islendik Ýewropa döwleti Bileleşige girip bilýär.

MGÝ döwletleriniň Bileleşige goşulyş hereketi olarda sosialistik düzgünleriň ýatyrylmagyndan soň 1990-njy ýyllaryň ahyrynda başlandy. Ilkibaşda ÝB 1989–1990-njy ýyllarda bazar ykdysadyýetine geçiş ýoluna düşen we özleriniň ÝB-niň agzasy bolmak islegini bildiren Merkezi we Gündogar Ýewropa (MGÝ) döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, bu geçişde olara kömek bermek esasynda gurulýardy.

ÝB we MGÝ döwletleriniň arasynda täze gatnaşyklara ilkinji ädim 1989-njy ýylda ykdysady özgerişleri geçirmekde Polşa we Wengriýa tehniki kömek bermek Maksatnamasynyň herekete girizilmegi bilen başlady. Bu maksatnama ÝB utgaşdyrmaşynda ösen döwletler tarapyndan işlenip taýýarlanyldy. Soňra ol MGÝ-niň ähli döwletlerine ýaýrady we bu döwletlere ÝB-ä girmäge taýýarlygynda kömek etmek maksady bilen, ýylda 1,5 mlrd ekýu gönükdirmäge mümkinçilik berýärdi. Onuň esasy ugurlary ÝB-ä girmek islegini bildiren MGÝ döwletleriniň hökümetlerine Bileleşigiň hukuklaryny özleşdirmek, ulag, daşky gurşawyň goragy, zähmet şertleri, senagat önümleriniň hili ýaly we başga pudaklarda dalaşgär döwletleriň ÝB-niň ülňülerine laýyklygyny üpjün etmek maksady bilen döwlet we hususy maýa goýumlaryny jemlemekde kömek bermekdi.

Görkezilen döwletlere maliýe we tehniki kömek bermegiň başga gurallary dalaşgär döwletleriň içerki gurluşyny üýtgedip gurmaklygy maliýeleşdirmek, şeýle hem oba ýerlerini abadanlaşdyrmak we oba hojalygyny ösdürmäge kömek etmek üçin 1 mlrd ýewro möçberinde serişdeleri bermekligi göz öňünde tutýan maksatnamalar hereket edýärdi. Soňky maksatnama boýunça her ýyl 520 mln ýewro berilýärdi. Bu serişdeleriň hemmesi döwletleriň arasynda olaryň ilat sanyna laýyklykda paýlanýardy. Hemmesinden köp Polşa (ähli serişdeleriň 30%-i) we Rumyniýa alýardy.

ÝB-ä girmäge MGÝ döwletlerini taýýarlamak üçin maliýeleşdirmede möhüm orny Ýewropanyň maýa goýum banky (ÝMGB) eýeleýärdi. Jemi 1990-njy ýyldan 2002-nji ýyla çenli Bank MGÝ-den dalaşgär döwletlere 19,6 mlrd ýewro möçberinde karzlary berdi. Munda ÝMGB Dünýä banky bilen we Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky (ÝB-niň başlangyjy bilen ösen döwletler tarapyndan 1991-nji ýylda karzlary bermek ýoly bilen bazar özgerişlerine kömek bermek üçin döredilen) bilen ýakyn hyzmatdaşlyk edýär.

1990-njy ýyllaryň birinji ýarymynda Bileleşik ÝB-ä goşulmak islegini bildiren döwletler bilen Ýewropa ylalaşyklary diýlip atlandyrylýan ylalaşyklary baglaşdy, olar mazmuny boýunça assosiasiýa baradaky ylalaşyklardy, (beýle ylalaşyklaryň baglaşylmagy

ÝB-niň kanunçylygynda göz öňünde tutulandy). Bu ylalaşyklar taraplaryň arasynda senagat önümleriniň erkin söwda zolagynyň döredilmegini göz öňünde tutýardy, muňa 10 ýyl möhlet berilýärdi. Dokma, oba hojalyk önümleri, kömür we polat ýaly bazar üçin «duýgur» harytlar bilen söwdany erkinleşdiriş işi ylalaşyga goşulýan beýannamalar esasynda düzgünleşdirilýärdi.

Ýewropa ylalaşyklary has amatly şert we ýagdaýa görä üýtgeme ýörelgelere esaslanýardy, bu bolsa assosiirlenen agzalaryň peýdasyna söwda şertleriniň bolmagyny göz öňünde tutýardy. Bu ylalaşyklar harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we raýatlaryň hereketini tapgyrlar boýunça erkinleşdirmek barada düzgüni öz içine alýar.

1993-nji ýylda Kopengagende Ýewropa geňesiniň ýygnagynda assosiirlenen döwletleri ÝB-ä kabul edip bolýandygy barada karar kabul edildi. Munda olara şunuň üçin laýyk gelmeli ölçegler belgilendi (demokratik özgerişleriň, adam hukuklarynyň, az Bileleşik toparlarynyň hukuklaryny hormatlamak we goramak kepillikleri; Bileleşigiň bäsdeşlige we bazar güýçleriniň täsirine ukyply bazar ykdysadyýetiniň bolmagy; ÝB-ä girmek bilen bagly borçnamalary öz üstüne alyp bilmek ukyby). Mundan başga-da, ÝB özüniň Bileleşigiň bitewüligini we durnuklylygyny howp astyna salman, täze agzalary kabul etmek mümkinçiligini kesgitlemegiň möhümligi bellenildi.

1994-nji ýylda Polşa we Wengriýa MGÝ döwletlerinden ilkinji bolup, ÝB-ä agzalyga resmi taýdan arza berdiler, olaryň yzysüre 1995-nji ýylda Rumyniýa, Slowakiýa, Latwiýa, Estoniýa, Litwa we Bolgariýa, 1996-njy ýylda bolsa Ýewropa Bileleşiginiň agzalygyna kabul etmek baradaky arza bilen Çehiýa we Sloweniýa ýüz tutdy.

Soňky 10 ýylyň dowamynda dalaşgär döwletleriň goşulmagynyň mümkin bolan möhleti birnäçe gezek yza çekildi we ahyry 2002-nji ýylyň 24–25-nji oktýabrynda Brýusselde Ýewropa geňeşiniň mejlisi geçirildi, onda möhletler gutarnykly kesgitlenildi. ÝB-niň agza döwletleriniň ýolbaşçylary Komissiýanyň, ýagny Wengriýa, Kipr, Latwiýa, Litwa, Malta, Polşa, Slowakiýa, Sloweniýa, Çeh Respublikasy we Estoniýa eýýäm goşulmagyň ähli syýasy ölçeglerine gabat

gelýänligi baradaky netijesi bilen ylalaşdylar. Bu 10 dalaşgär döwletler goşulmak baradaky ylalaşyga 2003-nji ýylda Afinada gol çekdiler, 2004-nji ýylyň maý aýynyň 1-inden bolsa ÝB-niň agzalary boldular. Bolgariýa we Rumyniýa barada aýdylanda, olar ÝB-ä 2007-nji ýyldan soň goşulyp biler diýlen karara gelindi.

Ýewropa Bileleşiginiň işine, hususan-da, Ýewropa Mejlisiniň we Komissiýasynyň işine, täze döwletleriň gatnaşmagy baradaky teklip öňünden ylalaşylypdy. Täze tertip ÝB-niň 27 agza çenli giňelmegi nazara alnyp düzüldi. Bu karara laýyklykda, Ýewropa Mejlisinde orunlaryň sany 2004-nji ýylyň saýlawynda 732-ä çenli artdy (1999–2004 ýyldaky Mejlis çagyryşynda olar 626, 2015-nji ýylda – 751), munda täze goşulan döwletler üçin ýeterlik orun sanyny döretmek üçin «köne» agzalaryň wekilleriniň sany biraz gysgaldyldy.

ÝB-niň agzalygyna dalaşgär döwletler babatynda Sebitleýin syýasat we jebisleşme syýasaty olaryň goşulmaga taýýarlyk döwründe ulanylyp başlady. Bu döwletler üçin Bileleşigiň syýasatynyň bu ugurlary möhüm ähmiýete eýedir. MGÝ döwletleri oba hojalyk önümlerini iri öndürijilerdir. Olaryň Ýewropa Bileleşigine goşulmagy bilen Bileleşigiň oba hojalyk meýdanlary ýarym esse, agrar ýaýrawda iş bilen meşgul adamlaryň sany bolsa iki esse köpeldi. Bu ÝB-niň oba hojalyk bazarlarynyň guramaçylygyna täzeden seretmegi talap edýär, sebäbi OHÖ-niň täze agza döwletlere ýaýramagy ÝB-niň býujeti üçin düýpli maliýe kynçylygyny döredip bilýär.

Ykdysady we pul bileleşigine (YPB) gatnaşmak babatynda aýdylanda, täze goşulan döwletler ilki bilen yzyndan ýetmek ölçeglerine laýyk derejäni gazanmaly we YPB gatnaşmak bilen baglylykda borçlary ýerine ýetirip bilmek ukybyny subutlandyrmaly. Munuň üçin entek kesgitlenilmedik wagt aralygy gerek. Emma ÝB pul durnuklylygyna berilýän ähmiýeti hasaba alyp, bu döwletler bilen hyzmatdaşlygy Ýewropa pul ulgamy bilen göz öňünde tutulan alyş-çalyş kurslarynyň guraly-2 (AÇKG-2) esasynda amala aşyryp biler. Bu gural ýewro degişlilikde pullaryň aly-çalşygy boýunça durnuksyzlygyň giň çäklerinde – ±15% kesgitlemegi göz öňünde tutýar.

Elbetde, ÝB-niň bäşinji giňelmesi bu toparda integrasiýa işine täze hereketleri girizdi. ÝB-15 täze on iki agzany kabul etmezden öň Bileleşigiň düzüminiň dürli-dürlüligi aýdyň boldy, bu bolsa syýasatyň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmakda tapawutlyklary talap etdi. 15 döwlet Ykdysady we pul bileleşigine gatnaşýan (12 döwlet) we gatnaşmaýan (Beýik Britaniýa, Daniýa, Şwesiýa) döwletlere bölündi. Emma bu «wagtlaýyn kadadan çykma» hasaplanýar we beýle ýagdaý toparyň bölünmegine getirmedi. Häzirki 28 döwletden ybarat Bileleşikde tapawutlyklar boýunça zerurlyk ýene-de artar. Beýle ýagdaý Ýewropa Bileleşiginiň integrasiýa ýörelgelerinde özgerişleriň zerurlygyny döreder. Mümkin, «dürli tizlikdäki» integrasiýa, umuman, ykdysady integrasiýanyň ösüşiniň indiki döwrüdir.

## 9.9. Ýewropadaky integrasiýa toparlar

***Erkin söwdanyň Ýewropa Bileleşigi, ESÝB*** – Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň hökümetara guramasy bolup, häzirki wagtda özüniň gatnaşyjylary hasaplanýan Lihtenşteýn, Şweýsariýa, Islandiýa we Norwegiýa üçin erkin söwda zolagyny döretmek we integrasiýanyň ykdysady artykmaçlyklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen dörediLdi.

ESÝB-ni döretmek baradaky Konwensiýa 1959-njy ýylyň 20-nji noýabrynda Stokgolmda gol çekildi we ol 1960-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda güýje girdi. ESÝB-ni döretmek baradaky Stokgolm Konwensiýasyna gol çekmek bilen aşakdaky maksatlar göz öňünde tutuldy:

- söwda böwetlerini ýuwaş-ýuwaşdan aýyrmak bilen, döwletara söwdanyň ösüşine ýardam bermek, bir-biri bilen daşary söwdada islendik hukuk bozmalary ýok etmek üçin maslahat berme işlerini geçirmek;
- agza döwletleriň çäklerinde ykdysady hereketiň yzygider ösüşine, doly iş bilen meşgullyga, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, baýlyklaryň rejeli peýdalanmagyna, maliýe dur-

nuklylygy üpjün etmäge we ýaşaýyş derejesini gyşarnyksyz ösdürmäge ýardam bermek;
- ESÝB-niň agza döwletleriniň çäginde öndürilýän çig maly ýerlemekdäki deňsizligi ýok etmek;
- özara söwdada bäsdeşligiň halal şertlerini üpjün etmek;
- dünýä söwdasynyň sazlaşykly ösüşine ýardam bermek, onuň ösüş ýolundaky böwetleri ýok etmek.

Ilkibaşda ESÝB ÝYB-a garanda agza ýurt boýunça köp sanlydy, öz düzümine 11 döwleti alýardy, soňra 7 döwlet ondan çykyp, ÝB-ä geçdi. Emma ESÝB döwletleri başdan bir-biri bilen ÝB-ä garanda örän gowşak derejede baglanyşyklydy:1958-nji ýylda bu ýerdäki içki sebitleýin söwdanyň paýy ÝB-ä garanda orta derejeden iki esse pesdi, Angliýa we Awstriýa ýaly öňdebaryjy ýurtlarda ol bary-ýogy 11% boldy. 2001-nji ýylda Wadusda (Lihtenşteýn) ESÝB döwletleriniň baştutanlarynyň Maslahatynda ESÝB-i esaslandyrmak baradaky Stokgolm Konwensiýasyna täzeden seredildi, Guramanyň işi häzirki zaman şertlerine uýgunlaşdyryldy. Ol ýeke-täk ykdysady giňişligi döretmek bilen baglanyşykly 2002-nji ýylyň 1-nji iýunyndan güýje girdi.

Wadus konwensiýasynyň möhüm kadalary:

1. ESÝB döwletleriniň arasynda erkin söwda zolagynyň şertleri indi söwda şertlerine we maýa goýumlara, salgyt salmagyň we tölegiň özara tassyklanmasyna, şahsy taraplaryň we maýanyň erkin hereketine, durmuş üpjünçiligine, diplomlaryň tassyklanmasyna, intellektual eýeçiligine, döwlet üpjünçiligi we utgaşdyrmasy syýasatyny goramaklyga ýaýradylýar.
2. ESÝB-niň Geňeşiniň esasy söwda hyzmatdaşlary bilen gatnaşyjy ýurtlaryň söwdasyndaky üýtgeşmelere laýyklykda alyp barýan işi düzedildi we täzeden seredildi.

ESÝB-niň aýratynlyklaryna aşakdakylar degişli:

1. Özüniň hil aýratynlyklary boýunça ESÝB ykdysady taýdan Ýewropa ykdysady bileleşigine garanda birmeňzeş we ähmiýetli däldi. 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa we Daniýa, 1986-njy ýylda Portugaliýa, 1995-nji ýylda Awstriýa, Şwesiýa we Finlýandiýa ÝB-ä geçmegi bilen onuň düzüminden çykdy.

2. ESÝB döwletleri durmuş-ykdysady derejesi boýunça görnükli tapawuda eýe bolýan Ýewropanyň kiçi ýurtlarydyr, emma dürli pudaklarda dünýä ykdyadyýetiniň öňdebaryjylary hasaplanýarlar. Şweýsariýa we Lihtenşteýn – dünýä maliýe merkezleri. ESÝB-niň Demirgazyk ýurtlarynyň ikisi – Norwegiýa we Islandiýa iri balyk öndürijiler we tebigy baýlyklaryň, şol sanda energetiki baýlyklaryň eýeleridir. Emma ESÝB-niň maliýe-ykdysady mümkinçiligini ÝB bilen deňeşdirip bolmaýar. Hakykatda, bileleşikde Şweýsariýa JIÖ-niň ýokary görkezijilerine eýe, jan başyna düşýän JIÖ boýunça Lihtenşteýn dünýäde öňdäki orunlarda. ESÝB döwletleri – daşary ýurt ykdysadyýetleriniň öňdebaryjy maýadarlary we dünýädäki bäsleşige ukyply 14 ykdysadyýetiň içine girýär. Olar şeýle hem köp sanly daşary ýurt TMK üçin kabul ediji ýurtlar hasaplanýar.
3. Olaryň halkara ýagdaýlary dürli-dürlüdir: Lihtenşteýn we Şweýsariýa bitarap döwletlerdir we öz aralarynda serhet birleşiginden ybarat. Islandiýa we Norwegiýa bolsa NATO-nyň agzalarydyr.
4. ESÝB – bu «erkin söwdanyň kiçi zolagy», ol ýerde daşary ykdysady aragatnaşyklary düzgünleşdirýän hemişelik hereket edýän umumy düzümler ýok. ESÝB-niň dolandyryş düzümleri ESÝB-niň Geňeşi, Komitetleri we Sekretariaty hasaplanýar. ESÝB-niň baş kabulhanasy Ženewada ýerleşýär.
5. ESÝB agza döwletleriniň arasynda erkin gümrüksiz söwda dolanyşyk usuly diňe senagat harytlaryna hereket edýär. Bileleşigiň çäklerinde oba hojalyk önümlerine degişli özara söwdany liberallaşdyrmak örän çäkli häsiýete eýe we gümrük sanawynyň diňe birnäçe böleklerini öz içine alýar.
6. Üçünji ýurtlar babatynda ESÝB özbaşdak daşary ykdysady syýasaty alyp barýar, özünde daşary söwda goraglylygyny galdyrýar we özüniň gümrük paçlaryny saklaýar, ýagny bu pudakda özygtyýarlylykdan ýüz öwürmeýär.

### *ESÝB we Ýewropa ykdysady giňişligi (ÝYG)*

Ýewropa ykdysady giňişligi (ÝYG) baradaky Ylalaşyk taslamasy 1989-njy ýylda ýüze çykdy, emma onuň gutarnykly işi we taraplaryň arasyndaky ýagdaýlaryň ylalaşylmagy ýeterlik derejede uzak wagta çekdi. Ylalaşyga goşulan Baş Ýörelge birmeňzeş kabul edilmedi we taraplarda ençeme garşylyklary ýüze çykardy: aýratyn hem, Bileleşigiň Kazyýeti Ylalaşygyň ygytyýarlyklaryna degişli ençeme ýagdaýlary kabul etmedi.

Gaýtadan seretmelerden we ähli düzedişlerden soň, 1992-nji ýylyň 2-nji maýynda Portoda (Portugaliýa) Ýewropa ykdysady giňişligi baradaky Ylalaşyk baglaşyldy we 1994-nji ýlyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi. Häzirki wagtda ÝYG baradaky Ylalaşyk bir tarapdan öz içine Awstriýany, Şwesiýany we Finlýandiýany alýan ÝB, beýleki tarapdan Islandiýany, Lihtenşteýni we Norwegiýany birleşdirýär.

ESÝB agza döwletleri ylalaşyk baglaşan taraplaryň arasyndaky jogapkärçilikleriň (ÝYG baradaky şertnama boýunça) ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýan ESÝB edarasyny esaslandyrdy.

Şweýsariýa konfederasiýasy Ylalaşygyň mazmunynda bellenip geçilýär, emma bu döwlet entege çenli oňa goşulmady (Şweýsariýa Ylalaşyga gol çekdi, emma ony makullamak boýunça geçen ses berişligiň (referendum) netijeleri onyň däl bolup çykdy). Häzirki wagtda Şweýsariýa bilen Ýewropa Bileleşiginiň gatnaşygy 2002-nji ýylda güýje giren ýörite ylalaşyklaryň esasynda alnyp barylýar.

Ýewropa ykdysady giňişligi hakyndaky Ylalaşyk iki sany integral gurluşy birleşdiriji we onuň düzümine girýän döwletleriň arasynda has ýakyn hyzmatdaşlyklary dörediji halka öwrüldi. Ol Ýewropa Bileleşiginiň we Bileleşigiň resmi agzalary hasaplanmaýan Ýewropa döwletlerine umumy bazaryň hukuk tertibini, ÝB-niň harytlaryň, raýatlaryň, hyzmatlaryň we maýanyň erkin hereketi baradaky kanunlaryny ýaýratmaga mümkinçilik berdi.

Ýewropa ykdysady giňişliginiň döredilmegi bäsdeşligiň deň şertlerinde Ylalaşygyň taraplarynyň arasynda söwda we ykdysady gatnaşyklaryň dowamlylygyna we deň goldaw bermeklige ýetmekligiň serişdesi hasaplanylýar.

Ýewropa ykdysady giňişligi baradaky Ylalaşyk: harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we raýatlaryň erkin hereketini; ylym pudagynda hyzmatdaşlygy; umumy düzgünleri we tertipleri kadalaşdyryjy hukuk ulgamyny döretmegi göz öňünde tutýar.

Ylalaşyk ÝB we ESÝB döwletleriniň arasyndaky käbir oba hojalyk önümleriniň importy baradaky we ÝB-niň, Norwegiýanyň we Islandiýanyň arasynda balygyň erkin söwdasy baradaky ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň üstüni doldurýar.

Ýewropa ykdysady giňişliginiň gümrük bileleşigi däldigini bellap geçmek gerek. ÝB-niň we ESÝB-niň düzümine girýän döwletleriň arasynda hiç hili ýeke-täk söwda syýasaty, üçünji döwlet bilen baglanyşykly hiç-hili umumy gümrük tarifleri hem ýokdur.

***Ýewropa ykdysady giňişligine şu aşakdakylar girýär:***

1. Geňeş (Ylalaşyga gatnaşyjy döwletleriň ministrlerinden ybarat) çözgütleri kabul edýän ýokary gurama hökmünde öz içine ESÝB-niň Geňeşiniň agzalaryny (ESÝB-niň her bir agzasyndan bir wekil) we Ýewropa komissiýasynyň agzalaryny alýar.
2. Pikirleri we maglumatlary alyş-çalyş etmek üçin we gözleg işlerini hem-de çözgütleri kabul etmek üçin gurama bolup, forum hökmünde hereket edýän bilelikdäki geňeşdir we Komissiýanyň, şeýle hem ÝB we ESÝB agza döwletleriň ýokary wezipeli taraplaryndan ybarat.
3. ÝB-niň Ykdysady we Durmuş geňeşinden we ESÝB-niň Maslahat beriş geňeşiniň agzalaryndan ybarat maslahat beriji geňeş.
4. Bilelikdäki mejlis komiteti.

Ýewropa ykdysady giňişligi baradaky Ylalaşykda esasy üns ulag pudagyna we bäsdeşlige berilýär. Beýlekiler – durmuş syýasaty, daşky gurşaw, sarp edijileriň goragy, statistika.

***Günbatar Ýewropa integrasiýasynyň Demirgazyk ugry (Demirgazyk ölçeg). Baltika deňzi döwletleriniň Geňeşi (BDDG).***

Günbatar Ýewropada integral meýilleriň ösüşinde esasy orny Demirgazyk hymatdaşlygy eýeleýär, onuň agzalaryna Daniýa, Nor-

wegiýa, Şwesiýa, Finlýandiýa, Islandiýa degişli. Şu ölçegde 1952-nji ýylda esaslandyrylan Demirgazyk geňeşi we 1971-nji ýylda döredilen Ministrleriň Demirgazyk geňeşi emele getirilýär.

Demirgazyk geňeşiniň işi, onuň Düzgünnamasy 1962-nji ýyldan başlap Helsinki ylalaşygy we Demirgazyk geňeşiniň tertibi (Reglamenti) esasynda kesgitlenilýär. Onuň wezipelerine Demirgazyk ýurtlaryň mejlisleriniň we hökümetleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyga ýardam bermek degişlidir.

Ministrleriň Demirgazyk geňeşi Demirgazyk geňeşine tekliplerini bermegiň üsti bilen Demirgazyk ýurtlaryň hyzmatdaşlygyny dolandyrmagy we ykdysady integrasiýanyň şu ugrunyň ösüşi üçin teklipleri durmuşa geçirmek işlerini amala aşyrýar. Baş Ýörelgäniň maslahat beriji häsiýeti bar, oňa aýratyn býujetiň ýoklugy, şeýle hem ÝB-niň we ýurtlaryň hususy maýany peýdalanmak bilen utgaşykly maliýe gurallaryny ulanmak mahsusdyr. Bu bolsa bileleşmäniň syýasatdan daşgary nusgasy barada gürlemäge mümkinçilik berýär. Emma köp ýagdaýlarda bu çözgütler degişli ýurtlar tarapyndan anyk hereketleriň nusgasyna eýe bolýar. Baş Ýörelgäniň ykdysady netijeliligi ÝB-niň we agza döwletleriň utgaşdyrmak we bir-biriniň üstüni ýetirmek maksatnamalaryna esaslanýar we ÝB-niň Demrigazyk döwletleriniň raýatlary üçin howpsuz, ekologik taýdan arassa gurşawy we ykdysady abadançylygy gurmaklygy maksat edinýär.

Sebit häzirki zaman geosyýasy güýçleri öz ýerinde ulanmakda esasy orny eýeleýär. Ol diňe bir çig malyň möhüm çeşmeleriniň biri bolman, eýsem, balkanlylaryň garşysyna ýeterlik derejede durnukly we ösen düzüm gurluşyna eýe we umumy ýewropa hereketlerine integrirlenendir.

Demirgazyk ölçegde esasy orny Baltika döwletleriniň we bölekleýin Russiýanyň ykdysady integrasiýasynyň zerurlygy oýnaýar. Demirgazyk döwletleriň birleşmesi şu günki günde ýewropa integrasiýasy üçin adaty däl ýagdaýdyr. Çykdajylary azaltmak ykdysady bileleşmäniň esasy ýörelgesidir. Şu bileleşmäniň maksadyna laýyklykda sebitiň çäkleri we düzümi medeni taýdan (taryhy, durmuş, dil bilimi (lingwistik), dini (konfessional) we başg.) meňzeş däl diýlip

kesgitlenilýär we beýleki halkara toparlara we guramalara degişli däl. Olar subýektiň mümkinçiliklerinden we isleglerinden gelip çykýan umumy sebit gurluşynyň öňden bildirilen göni (baýlyklary çekmek) we gytaklaýyn (ekologik meseleleriň çözgüdine toplumlaýyn çemeleşme) goşantlaryny goşmak esasynda kesgitlenilýär.

Hyzmatdaşlygyň möhüm pudaklary:

- ulagy, elektroenergetikany we tekekomunikasiýany goşmak bilen energetika, düzüm gurluşy;
- ekologiýa we ýadro howpsuzlygy;
- saglygy goraýyş we raýatlaryň durmuş üpjünçiligi;
- söwdany we maýa goýumy, şeýle hem jenaýata garşy göreşi, hususan-da, halkara derejesinde jenaýata garşy göreşi öz içine alýan daşary ykdysady iş;

Demirgazyk hyzmatdaşlygynyň ykdysady ulgamynda şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

- serhedüsti hyzmatdaşlyga we ýerli ilata peýda getirjek taslamalaryň ýerine ýetirilişine ýardam bermek;
- Demirgazyk ýurtlarda öndürilýän önümleriň hiliniň we bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam bermek;
- daşky gurşawyň goraglylygyny we tebigy baýlyklaryň ekologiýa taýdan durnukly ulanylmagyny üpjün etmek;
- iş bilen üpjünçiligiň derejesini ýokarlandyrmak, zähmetiň we durmuş üpjünçiliginiň şertlerini gowulandyrmak;

Demirgazyk ölçegleriň çäginde ýeke-täk energetika bazaryny döretmek, kompaniýalaryň milli alamatlary boýunça hukuklaryny kemsitmezlik şertlerini üpjün etmek, tebigy gazyň önümçiligi we daşama işlerini öz içine alýan esasy wezipeler bar.

Baltika deňzi döwletleriniň Geňeşi Baltika sebitiniň döwletlerini sazlaşdyryjy gurama hökmünde 1992-nji ýylda Kopengagende (Kopengagen deklarasiýasy) döredildi. Onuň düzümine 11 ýurt girdi: Germaniýa, Daniýa, Islandiýa, Latwiýa, Litwa, Norwegiýa, Polşa, Russiýa Federasiýasy, Finlýandiýa, Şwesiýa, Estoniýa. Her ýurda daşary işler ministri wekilçilik edýär. Hyzmatdaşlyk saklaýan guramasy ÝB-niň Ýewropa komissiýasydyr. Geňeş sebitleýin hyzmatdaşlyga we beýleki döwletler we halkara guramalary bilen ýakyn gatnaşyklary golda-

18. Sargyt № 2070

magy esasy edip belledi. Ykdysady pudakda işiň esasy ugurlaryna şu aşakdakylar degişli:

- energetikada hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam bermek;
- ykdysady we tehniki kömek, ulag we aragatnaşyk, syýahatçylyk we maglumat;
- daşky gurşawy goramak;
- GDA döwletlerine we Gruziýa tehniki kömek bermek;
- ykdysadyýeti gurluş taýdan täzeden gurmak üçin Polşa we Wengriýa kömek bermek;
- Riga şäherinde (Latwiýa) Geňeşde esaslandyrylan ýewrofakultetde döwlet dolandyryşynda, menejmentde, hukukda we ykdysadyýetde hünär kämilleşdirmek üçin okatmak we kömek bermek.

# X TEMA

# AMERIKA YKLYMLARYNYŇ YKDYSADY INTEGRASIÝALARY

## 10.1. Demirgazyk Amerika integrasiýasynyň aýratynlyklary

1994-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ABŞ-nyň, Kanadanyň we Meksikanyň çäklerinde Demirgazyk Amerika erkin söwda zolagyny döretmek baradaky ylalaşyk güýje girdi. Taryhy tejribäniň görkezişi ýaly, üç ýurduň arasyndaky söwda ykdysady gatnaşyklar Demirgazyk Amerika hojalyk toplumynyň ösüşiniň esasy ýagdaýy bolupdyr we bolmagynda galýar.

Demirgazyk Amerikada integrasiýa amallarynyň işjeňleşmegine gönükdirilen ilkinji resmi hereketler bu Ebbotuň meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen başlanýar. Onuň maksady ABŞ-nyň maýa goýumlaryny Kanadanyň ykdysadyýetiniň öňdebaryjy pudaklaryna goýmak bolupdyr. Bu meýilnama 1947-nji ýylda kabul edi-

lipdir. Soňra 1959-njy ýylda ABŞ we Kanadanyň arasynda Amerika ülňülerini Kanadanyň harby tehniki önümçiligine ornaşdyrmaga ýardam edýän bilelikde harby önümçilik işlerini alyp barmak barada ylalaşyk baglaşyldy. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň indiki tapgyrynyň başlangyjy 1965-nji ýylda ABŞ-nyň we Kanadanyň arasynda maşyn gurluşygyň önümleriniň söwdasyny erkinleşdirmek baradaky baglaşylan ylalaşyk esasynda başlady, bu bolsa öz gezeginde integrasiýany we beýleki pudaklary sazlaşdyrýar. ABŞ-nyň Kanada we Meksika bilen söwda syýasy birleşmesi Waşington tarapyndan öten asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrynda işjeň başlandy. Ilkibaşda gürrüň diňe üç ýurduň energetiki birleşigini resmileşdirmek baradady.

ABŞ-nyň kongresi 1979-njy ýyldaky söwda ylalaşyklary baradaky kanunda ABŞ-nyň Prezidentiniň adyna Demirgazyk Amerika erkin söwda zolagyny döretmegiň mümkinçilikleri baradaky kanunçylyk namany kabul etdi. 1980-nji ýyllarda Prezidentler R. Reýgan we J. Buş Demirgazyk Amerikada erkin söwdany uzak möhletleýin üpjün etmek baradaky teklibi goldaýandyklaryny aýtdylar.

Aňsat bolmadyk üç ýyllyk gepleşiklerden soňra, 1988-nji ýylyň sentýabrynda erkin söwda barada Amerikan-Kanada ylalaşygyna gol çekildi, oňa laýyklykda 10 ýylyň dowamynda ABŞ-nyň we Kanadanyň arasynda erkin söwda zolagynyň emele gelmegi bilen baglanyşykly işler geçirildi.

1980-nji ýyllaryň ahyrynda dünýäde syýasy we ykdysady ýagdaýyň üýtgemegi, Ýewropa we Aziýa, Ýuwaş umman sebitinde integrasion amallaryň işjeňleşmegi, Ýaponiýa tarapyndan bäsleşigiň güýjemegi, Latyn Amerikasy ýurtlarynda durmuş-ykdysady özgertmeler ýene-de ABŞ-nyň, Kanadanyň we Meksikanyň bir-birlerine ykdysady garaşlylygy baradaky meseläni Amerika işewürliginiň Günbatar ýarym togalagyna «gaýtarylmagynyň» zerurlygyny we ahyrsoňunda Demirgazyk Amerikanyň erkin söwda zolagyny döretmek meselelerini ýüze çykardy.

Demirgazyk Amerikanyň ylalaşygy ABŞ-ny diňe bir ykdysady taýdan däl-de, eýsem, geosyýasy taýdan hem kuwwatynyň ýokarlanmagyny üpjün etmelidi. Ol ABŞ-nyň geljek üçin wajyp syýasatynyň

esasy bölegi bolup, şu aşakdaky giň gerimli maksatlara ýetmeklik üçin gönükdirildi: amerikan harytlarynyň we hyzmatlarynyň erkin hereketi; amerikan maýa goýumlary üçin erkin elýeterlik; intellektual eýeçiligiň hukuklaryny goramak; bäsdeşlige ukyplylygyň ýokarlanmagy; ABŞ-nyň ýokary tehnologiýalarynyň we maýa goýumlarynyň Meksikanyň arzan işçi güýji we iki goňşy döwletiň hem arzan tebigy serişdeleriniň birleşmeginiň hasabyna sebitde döreýän amatlyklary ulanmak.

Meksika üçin NAFTA ykdysady özgertmeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak üçin zerur boldy. Geçmişde Meksika nebitiň eksportyna garaşly ýurtdy, bu gün bolsa, ol senagat önümlerini eksport edýän döwlete öwrüldi, bu bolsa ygtybarly ykdysady ösüşi üpjün edýär.

Gepleşikleriň dowamynda Meksika dünýäniň iri bazarlaryna özüniň çykmagynyň üpjün edilmegini, maýa goýum akymlarynyň ýokarlanmagyny, şeýle hem ABŞ-nyň bazarynyň gorag derejesiniň peselmegini gazanmak isläpdi. Gepleşiklere Kanadanyň gatnaşmagy Meksika üçin täze eksport bazaryny we maýa goýumlarynyň göni daşary ýurt çeşmelerini açmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, erkin söwda zolagynyň döredilmegi Meksikada ygtybarly maýa goýumlary üçin amatly şert döredip bilerdi. Diýmek, üçünji ýurtlardan maýa çekmäge mumkinçilik bererdi.

Ylalaşygyň baglaşylmagyna Kanadanyň gyzyklanmasy diňe bir erkin söwda zolagynyň gymmatlyklaryny saklap galmak mümkinçiliginden ybarat bolmak bilen çäklenmän, eýsem, onun käbir ýagdaýlarynyň üýtgedilip gurulmagy bilen baglydyr, mundan başga-da öz harytlarynyň Meksikanyň bazaryna, geljekde bolsa, Latyn Amerikasy ýurtlarynyň çalt ösýän bazarlaryna ygtybarly ýerleşmegini üpjün etmek bilen baglydyr.

NAFTA ösüp gelýän ýurt bilen iki sany ösen ýurtlaryň arasynda baglaşylan ilkinji ylalaşykdyr. Özüniň ykdysady mümkinçiligi boýunça ABŞ dünýäde birinji orny eýeleýär, oňa NAFTA-nyň üç ýurdunyň jemi içerki önüminiň we senagat önümçiliginiň 85%-i degişlidir. Kanada dünýäde 6–7-nji orny eýeleýär, Meksika bolsa ikinji onluga hem

girmeýär. Şol bir wagtyň özünde özara baglanyşygyň deňagramsyzlygy Kanadanyň we Meksikanyň integrasion arabaglanyşygynyň pesligi we ABŞ-nyň agalyk ediji ýagdaýy bilen şertlendirilendir. Bu ýagdaýlar NAFTA-ny beýleki integrasion toparlardan tapawutlandyrdy.

Beýleki tarapdan, Amerika–Kanada we Amerika–Meksika integrirleme derejesi has çuň we giň. Şunuň bilen birlikde, ABŞ we Kanadanyň, ABŞ we Meksikanyň harytlarynyň we hyzmatlarynyň daşary söwdasy boýunça maýanyň hereketi we işçi güýjüniň bazarynda hyzmatdaş hökmünde arabaglanyşygynyň gerimi uludyr. Şeýlelikde, öten asyryň 90-njy ýyllarynyň başlarynda ABŞ-nyň daşary söwda dolanyşygynyň 1/5-i Kanada gönükdirilendi, bu bolsa ABS-nyň jemi içerki önüminiň 1%-dir ýa-da Kanadanyň jemi içerki önüminiň 15%-dir. ABŞ-a Kanadanyň eksportynyň 75–80%-e golaýy, ýa-da Kanadanyň jemi içerki önüminiň 20%-e çenlisi gönükdirildi. 1990-njy ýylyň başynda Amerikanyň daşary döwletlere goýýan maýa goýumlarynyň 16%-ini Kanada goýlupdyr. ABŞ-nyň we Meksikanyň ykdysady gatnaşyklary hem özara baglanyşygy bilen häsiýetlendirilýär. NAFTA ylalaşygyna gol çekilmeginiň öň ýanynda Meksikanyň haryt eksportynyň 2/3 bölegi ABŞ-a düşüpdir. ABŞ-nyň daşary söwda dolanyşygynyň 8%-i Meksikanyň paýyna düşýär. Meksikada göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň 65%-i ABŞ-nyň paýyna düşýär. Amerikan kompaniýalarynyň Meksikadaky göni maýa goýumlary bütin ýakyn Gündogardaky maýa goýumlardan iki esse köpdür. ABŞ--da Meksikanyň göni maýa goýumlarynyň paýy 0,2%-e deň.

Şeýlelik bilen, NAFTA-nyň integrasion toparynda öndebaryjy ýurduň beýleki ýurtlaryň hemmesini bilelikde alanyňda hem öňdeligi görünýär.

Integrasion arabaglanyşygynyň netijesinde Kanada esasy ykdysady görkezijileri boýunça ABŞ-nyň yzyndan ýeten hem bolsa, amerikan kompaniýalarynyň ylmy-tehiniki we maliýe taýdan ýokarylygy saklanyp galdy. ABŞ-da ylmy-barlag işlerine çykdajylar jemi içerki önümiň 3%-ini tutýar, Kanadada bu görkeziji iki esse az.

Meksika bolsa geçen asyryň 70–80-nji ýyllarynda hem ykdysady taýdan yzygalak ýurt bolup, dünýäde daşary bergileri boýunça ikinji

ýerdedi. Meksikanyň ykdysady ösüşi diňe bir ösen ýurtlaryňkydan däl-de, eýsem, käbir ösüp gelýän ýurtlaryň derejesinden hem pesdi. Bu ýagdaý Meksikanyň hökümetiniň geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalaryna ykdysadyýetiniň ugruny düýpli üýtgedeninden soň, 1986--njy ýylyň iýulynda GATT-a girip, söwda ykdysady syýasatynyň erkinleşdirilmeginden soň gowulaşyp başlady, bu bolsa sebitdäki integrasiýalaşma işlerine işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berdi. Muňa garamazdan, Meksika heniz hem öz integrasion hyzmatdaşlaryndan esasy binýatlaýyn görkezjileri boýunça yza galýar.

Demirgazyk Amerikadaky integrasiýa hereketiniň indiki aýratynlygy, ýagny Meksikanyň Demirgazyk Amerika integrasiýa hereketine goşulmagy, oňa aýratyn bir dereje berilmezinden amala aşyryldy. Meksika üçin ýeňillikler, esasan, erkinleşdirilmäge berlen möhletiň ahyrynda bolupdy. Şol bir wagtyň özünde Ýewropa Bileleşiginiň tejribesi ösüş derejesi pes bolan ýurtlara ösen ýurtlar bilen integrirlenmekde uzak möhletli ykdysady kömegiň we goldawyň beýleki görnüşleriniň hem zerurdygyny görkezdi. NAFTA beýle goldawlary Meksika üçin göz öňünde tutmandy, şol sebäpli hem bu integrasiýa topary ykdysady ösüşi dürli-dürli bolan ýurtlaryň arabaglanyşygynyň tejribe nusgasy görnüşindedir.

Ýewropa Bileleşiginden tapawutlylykda NAFTA-da integrasion hereketler hiç hili düzüm bölekler döredilmezden başlandy. Hukuk ýagdaýynyň durnuklylygy döwletara arabaglanyşyk bilen üpjün edilýär, ähli çözgütler bolsa, ylalaşyga gatnaşyjylar tarapyndan özbaşdak kabul edilýär, ýöne bu çözgüt ABŞ-nyň daşary ykdysady syýasatynyň ýörelgesine esaslanýar.

## 10.2. NAFTA ylalaşygynyň esasy düzgünleri

Demirgazyk Amerika erkin söwda zolagy barada ylalaşygyň güýje girmegi dünýäde 490 million adama golaý ilaty bolan we dünýäniň jemi içerki önüminiň 20%-e golaýyny tutýan dünýäde iri bazaryň dörändigini aňladýar.

NAFTA-nyň maksatlary: söwdanyň öňündäki päsgelçilikleri aýyrmak we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň erkin hereket etmegine ýardam bermek; erkin söwda zolagynyň çäklerinde bäsdesligiň adalatly şertlerini üpjün etmek; ylalaşyga gatnaşyjy ýurtlarda maýa goýum mümkinçiliklerini ep-esli ýokarlandyrmak; ýurtlaryň her birini intellektual eýeçiligiň ýokary derejeli we netijeli gorag ulgamy bilen üpjün etmek; meseleleri çözmek üçin bu ylalaşygy netijeli ýerine ýetirmek we ulanmak.

Demirgazyk Amerika ylalaşygynyň maksatlary şu aşakdaky işleriň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar:

– 2009-njy ýyla çenli ähli gümrük paçlaryny, harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasynda tarif däl päsgelçilikleri aradan aýyrmak;
– Demirgazyk Amerikanyň maýa goýumlary üçin Meksikadaky düzgünleri ýeňilleşdirmek;
– Meksikanyň maliýe bazaryndaky Amerikanyň we Kanadanyň banklarynyň işini erkinleşdirmek;
– Intellektual eýeçiligiň netijeli goraglylygyny üpjün etmek üçin üç taraplaýyn arbitraž komissiýasyny döretmek.

Ylalaşyk tarif çäklendirmelerini aradan aýyrmak ýagdaýyny jikme-jik kadalaşdyrýar. Ylalaşyk her bir gatnaşyjynyň öz ykdysadyýetiniň gowşak pudaklaryny goramak zerurlygy bilen baglanyşykly ähli bökdençlikleri tapgyrma-tapgyr aýyrmagy göz öňünde tutýar. Birinji tapgyrda ylalaşyk güýje gireninden soň, haýal etmän gümrük paçlarynyň bir bölegini; ikinjide indiki 5 ýylyň dowamynda; üçünjide – 10 ýylyň dowamynda; dördünji tapgyrda – 15 ýylyň dowamynda aýyrmaklygy göz öňünde tutýar.

Ylalaşyk güýje gireninden soň, senagat we iýmit önümleri boýunça özara söwdada paçlar 65%-e çenli peselipdir, indiki 5 ýylyň dowamynda ýene-de 15%, galanlary boýunça 2003-nji ýyla çenli aradan aýryldy.

Ylalaşyk boýunça ABŞ Meksikanyň ABŞ we Kanada eksporty boýunça tarifleriniň «nebiti» hasaba almazdan 80%-e çenlisini aradan aýyrdy (6,8 müň gümrük paçlary). Beýleki tarapdan, Meksika

ABŞ-nyň we Kanadanyň Meksika eksportynyň nebiti we nebit önümlerini hasaba almazdan tarifleriniň 42%-e çenlisini (5,9 müň gümrük paçlary) aradan aýyrdy. Galan harytlaryň gümrük paçlary her 5, 10, 15 ýyldan aradan aýryldy.

Şeýlelikde, eýýäm 5 ýyldan soň, ýagny 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda NAFTA-nyň çäginde özara söwdanyň 60%-i paçsyz esasda alnyp barylýardy. Ylalaşyk hereket edip başlanyndan 10 ýyl geçenden soň, ýagny 2004-nji ýylda paçsyz özara söwda 99%-e ýetipdir. Uzak möhletleýin döwür üçin, ýagny 15 ýyldan soň, has takygy, 2009-njy ýyla çenli NAFTA-nyň her bir gatnaşyjysy has «duýgur» import harytlaryna (esasan hem, oba hojalyk önümlerine) tarif çäklendirmeleriniň 1%-ini aradan aýyrmalydy. Netijede, erkin söwdanyň Demirgazyk Amerika zolagy 2009-njy ýylda doly güýjünde işäp başlady.

Käbir has «duýgur» oba hojalyk, dokma harytlary we egin-eşik, maşynlar, energoserişdeleri üçin ýuwaş-ýuwaşdan erkinleşdirmek göz öňünde tutuldy.

Oba hojalyk önümlerinde integrasiýa hereketine gatnaşyjylaryň her biri bilen ikitaraplaýyn ylalaşyk göz öňünde tutuldy.

Amerikanyň we Kanadanyň dokma harytlarynyň we egin-eşikleriniň Meksika eksportyndaky 250 million dollarlyk möçberi üçin (bu harytlaryň 20%-den gowragy) çäklendirmeler aradan aýryldy. Ýene-de 700 million ABŞ dollarlyk eksport harytlaryny 6 ýylyň dowamynda çäklendirmelerden boşatmak göz öňünde tutulypdy. Bu ugurdaky ähli bökdençlikler 2005-nji ýyla çenli aradan aýryldy. «Duýgur» pudaklaryň ýene-de biri maşyn-gurluşyk senagatydy. NAFTA-nyň şertlerine laýyklykda ylalaşyk hereket edip başlanyndan soňra Meksikanyň maşynlara bolan tarifi 50%-e çenli peseldildi. 10 ýylyň dowamynda Meksika maşynlaryň importyna çäklendirmeleri ýatyrdy, bu bolsa amerikan eksport edijilerine olaryň ýerlenişini giňeltmäge mümkinçilik berdi. Ulanyşda bolan maşynlaryň tarifini 2019-njy ýyla çenli aradan aýyrmak işleri ýerine ýetirildi.

Ylalaşykda, esasan, harydyň gelip çykan ýurduny kesgitlemek boýunça umumy kadalara üns berilýär. Oňa laýyklykda haryt oňa

gatnaşyjy ýurtlaryň birinde öndürilen ýa-da ep-esli bölegi gaýtadan işlenen bolsa erkin söwdanyň Demirgazyk Amerika zolagynda öndürilen diýip hasap edilýär. Şol bir wagtyň özünde harydyň bahasynyň 50–60%-i Demirgazyk Amerikanyň paýyna düşmeli. Senagatyň käbir aýratyn pudaklaryna (kompýuter, maşyn, dokma önümçiligi, egin-eşikleri öndürmek) harydyň gelip çykyşynyň aýratyn kadalary göz öňünde tutulandy.

Ylalaşykda maýalaryň hereketine bagyşlanan aýratyn bölüm bar. ABŞ-nyň we Kanadanyň arasynda bu gatnaşyklar öňden hem ýeterlik derejede erkinleşdirilendir, şol sebäpli gürrüň Amerika we Kanada maýadarlarynyň Meksikanyň kompaniýalarynyň paýdarlar maýasyndaky paýyna çäklendirmeleri ýumşatmak barada barýar. Maýanyň hereketinde çäklendirmeleri aradan aýyrmak maksady bilen NAFTA-nyň maýadarlaryna milli düzgün berilýär, ýagny kompaniýalary döretmekde, satyn almakda, giňeltmekde we dolandyrmakda milli telekeçilere berilýän amatlyklar beýlekiler üçin hem şeýledir.

Ylalaşyk tarapyndan aýratyn görnüşli kärhanalar üçin daşary ýurt maýasyna ýeňillikli ýagdaýlar döredildi. Meksikanyň eksportynyň esasy bölegi daşary ýurt kärhanalarynda öndürilýär, olar paçsyz import edilýän çig maldan ahyrky önümi ýygnamaklyga ýöriteleşendir. Şeýle kärhanalaryň ösmegi iş bilen üpjünçiligi ýokarlandyrdy we işçi güýjüniň toparlanmasynyň ösmegine ýardam etdi. 2001-nji ýylda Meksikanyň eksportynyň 48,5%-i şu kärhanalaryň paýyna düşýär. Daşary ýurt maýadarlaryna şeýle kärhanalaryň 100% paýnamasyna eýelik etmäge rugsat berýärler. NAFTA-yň çäklerinde serişdeleri (aktiwleri) olaryň bahasyndan ugur alnyp satyn almagy kesgitleýän kadalar hereket edýär. Meksika NAFTA maýadarlaryna eger-de maýa goýumyň möçberi 25 million dollardan geçmeýän bolsa we ylalaşyk güýje gireninden soň ilkinji 3 ýylyň dowamynda goýlan bolsa kompaniýalary döwletden rugsatsyz satyn almaga rugsat berýär. Bu görkezijini indiki 3 ýylyň dowamynda 50 million dollara, ýene 3 ýyldan soň 75 million dollara, ylalaşyk güýje gireninden 10 ýyl soň bolsa 150 million dollara çenli ýokarlandyryp bolýar.

Ylalaşygyň hyzmatlar söwdasy bölümi uly ähmiýete eýedir. Sebäbi ol agza ýurtlaryň jemi içerki önümine saldamly goşant

goşýar. Bu ugurda iş bilen üpçünçilik 60%-e deň. NAFTA-nyň çäklerinde ylalaşyk dürli hyzmatlary: maliýe hyzmatlar, ätiýaçlandyryş, gurluşyk, gozgalmaýan emlägiň söwdasy, ulagyň aýratyn görnüşleri, kommunikasiýa, saglygy goraýyş we ş.m. özünde jemleýär, olar üçin hem tapgyrma-tapgyr erkinleşme göz öňünde tutulandyr. Mysal üçin, Meksikada hyzmatlar onuň JIÖ-niň ýarysyndan gowragyny tutýar. Hususan-da, Meksika daşary ýurt maýadarlaryna maliýe hyzmatlarynyň bazaryny açmaga borçlandy. NAFTA-nyň maýadarlarynyň milli maliýe institutlarynyň maýasynyň 51%-ine çenlisini almaga hukuklary bar. Umumylykda Meksikanyň maliýe ýaýrawy Amerikanyň we Kanadanyň maýadarlaryna diňe 2007-nji ýylda açyldy. Meksikanyň ätiýaçlandyryş bazarynda Amerika we Kanada maýadarlary üçin täze mümkinçilikler döredilýär.

Ylalaşyk baglaşylmazdan öň bilelikdäki kärhanalary bolan kompaniýalar olary doly eýeçiligine 1996-njy ýylda aldylar, bazara täze gelen kärhanalar bolsa Meksikanyň kompaniýalarynyň paýnamalarynyň köp bölegini 1998-nji ýylda aldylar.

Bökdençlikleri tapgyrlaýyn aradan aýyrmak ulag ulgamynda jikme-jik ýerine ýetirilýär (ýükleri awtoulagda daşamagyň halkara derejesi, ýolagçylara awtobus hyzmatlary, ýük terminallary we awtobus menzilleri). ABŞ-nyň Meksika bilen söwdasynyň köp bölegi gury ýer ulagy arkaly amala aşyrylýar. Ylalaşyk baglaşylmazdan öň amerikan ýük daşaýjylaryna Meksikanyň çäginde ýük daşamaga ýa-da ol ýerde golçur kärhana döretmäge rugsat berilmändir, bu bolsa olara tirkegli ýük maşynlary Meksikaly sürüjilere bermäge mejbur edipdir. Erkin söwda zolagyny döretmek baradaky ylalaşyk awto ulag kompaniýalaryna 1995-nji ýyldan halkara ýüklerini Meksikanyň ABŞ bilen araçäkleşýän ştatlaryndan geçirmäge, 1998-nji ýyldan bolsa Meksikanyň bütin çäginden geçirmäge mümkinçilik beripdir. Mundan başga-da, ABŞ-nyň we Kanadanyň maýadarlaryna ylalaşyk baglaşylandan 3 ýyl soň Meksikanyň kärhanasynyň maýasynyň 49%-inden köp bolmadyk bölegine eýeçilik etmäge, 7 ýyldan soň 51%, 10 ýyldan soň bolsa doly eýelik etmäge rugsat berilyär. ABŞ bolsa Meksika halkara ýüklerini awtoulag bilen daşamak işlerine gözegçilik hukuklaryny almakda we eýeçilik etmekde artykmaçlyklary berdi.

Nebit senagaty Meksikanyň geljegi üçin wajyp pudak bolanlygy sebäpli, döwletiň bu pudaga maýa goýmaga aýratyn hukugy bardyr. 1938-nji ýylda Meksikanyň nebit senagaty millileşdirilenden soň döredilen «Petroleum Mehikanos (Pemeks)» döwlet nebit kompaniýasy milli buýsanjyň we özbaşdak ykdysady ösüşiň nyşanyna öwrüldi. Şol sebäpli Meksika ABŞ-nyň bu ugra maýa goýmagyna her dürli garşylyk görkezdi. «Pemeksiň» önümçiligini giňeltmek üçin maýa goýumlar zerur bolup, milli mümkinçilikler çäkli bolsa-da, ABŞ-nyň nebit kompaniýalary bolsa Meksikanyň nebitine uly höwes bilen maýa goýmak isländiklerine garamazdan, Meksika ylalaşykdan bu ugra degişli bölümiň aýrylmagyny talap etdi. Netijede, hiç bir daşary ýurt kompaniýasy Meksikanyň nebit pudagyna maýa goýum goýmaga haky ýokdur.

NAFTA-nyň institusional düzümi özünde erkin söwda boýunça komissiýany, komissiýanyň işine ýardam ediji geňeşi, şeýle-de harytlar, oba hojalyk önümleriniň söwdasy boýunça geňeşleri (sanitar gözegçilik, standartlary, kiçi telekeçilik, maliýe hyzmatlary, söwda we bäsleşik boýunça geňeşler), işçi toparlaryny (harydyň gelip çykan ýurduny kesgitlemegiň kadalary, oba hojalygyna pul kömekleri), ikitaraplaýyn işçi toparlaryny (Meksika-ABŞ, Meksika-Kanada we ş.m.) jemleýär. Esasy geňeş söwda ministrleriniň derejesindäki erkin söwda buýunça komissiýa, ol bolsa öz gezeginde komitetleriň we işçi toparlaryň işine gözegçilik edýär.

1993-nji ýylda NAFTA-nyň işçisi ortaça Amerika ýa-da Kanada işçisiniň alýan zähmet hakynyň 1/8 bölegini aldy.

NAFTA daşyndan goşulan ylalaşyklar bilen bilelikde täzeçilik geleşigidir: erkin söwda ylalaşygy ilkinji gezek öz içine daşky gurşawy we işçileriň hukuklaryny goramak gurallaryny aldy.

Umuman, NAFTA ylalaşygynyň baglaşylmagy gatnaşyjy ýurtlar üçin oňaýly we oňaýsyz netijeleri bolan şanly wakadyr.

## 10.3. NAFTA-nyň oňaýly we oňaýsyz netijeleri

***NAFTA-nyň oňaýly netijeleri***

Söwdanyň erkinleşmegi netijesinde agza ýurtlaryň baýlyklarynyň amatly ýerleşdirilmegine, daşky gurşaw şertleriniň gowulandyrylmagyna, maýa goýumlarynyň işjeňliginiň ýokarlandyrylmagyna we tehniki ösüşiň hasabyna ilatynyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna mümkinçilik döredi. NAFTA-nyň hereket etmeginiň ilkinji 5-nji ýylynyň içinde ABŞ-nyň Kanada eksporty 56%-e, Meksika-92%-e çenli ösdi. Bu döwür üçin Kanadanyň ABŞ-a eksporty 35%-e, Meksikanyňky bolsa 91%-e çenli ösdi. Kanadanyň Meksika eksporty hem ösdi, Kanadanyň statistiki maglumatlaryna görä, 76%-e çenli, Meksikanyň maglumatlaryna görä, 127%-e çenli artdy. Meksikanyň Kanada eksporty bolsa 106%-e çenli ösdi, ýagny 2 esseden hem köp boldy.

Umumylykda, Kanadanyň we Meksikanyň eksporty ýokary depginler bilen ösdi. Netijede, ABŞ-nyň 3 ýurduň umumy eksportyndaky paýy 1995-nji ýylda 66,9%-e, 2001-nji ýylda 61,3%-e çenli azaldy, import bolsa 76,5%-den 74,1%-e çenli peseldi. Eksportda Kanadanyň paýy 1995-nji ýylda 23,3% bolanlygyndan 2001-nji ýylda 24%-e çenli artdy. Importda 16,3% bolanlygyndan 13,9%-e çenli pesedi. Meksikanyň daşary söwdasy has depginli ösüşe eýe boldy, onuň umumy eksportdaky paýy 1995-nji ýylda 9,8% bolanlygyndan 2001-nji ýylda 14,7%-e çenli ösdi. Umumy eksportda 7,2% bolanlygyndan 12%-e çenli artdy. Şeýlelik bilen, Meksikanyň daşary söwdasy NAFTA-nyň ýurtlaryna, esasan hem, ABŞ-a tarap ugur alyp başlady.

NAFTA-nyň işiniň oňyn netijeleriniň ýene-de biri bolup, maýanyň hereketiniň erkinleşmegi netijesinde maýa goýumlarynyň göwrüminiň artmagy çykyş etdi. Mysal üçin, ilkinji 5 ýylda ABŞ-nyň Kanadadaky göni maýa goýumlary 1,5 esse, Meksikada bolsa 1,8 esse artdy. Şu döwür üçin Kanadanyň ABŞ-a maýa goýumlarynyň göwrümi 1,9 esse, Meksika bolsa 3,2 esse artdy. Esasan hem, Meksika daşary ýurt göni maýa goýumlary ABŞ-nyň we Kanadanyň maýa

goýumlarynyň hasabyna ýokarlandy, olaryň paýy 1994-nji ýylda 50% bolanlygyndan 2000-nji ýylda onuň 79%-e çenli artdy.

***Oňaýsyz netijeleri***

NAFTA-nyň çäklerinde Meksikanyň daşary söwdasynyň ösmegi bilen birlikde bu ýurduň ykdysadyýetiniň ABŞ-a gönükdirilişi has hem artdyrdy, bu bolsa ony Amerikanyň ykdysady ýagdaýyna has hem garaşly etdi. Netijede, ABŞ-nyň ykdysady ýagdaýynyň üýtgemegi Meksika üçin düýpli durmuş-ykdysady netijeleri berýär. Mundan başga-da NAFTA iş bilen üpçünçilik ulgamynda garaşylan netijäni bermedi.

Senagaty ösmedik ýurtlardan, şol sanda Meksikadan gelýän importyň göwrüminiň artmagy ABŞ-da we Kanadada iş ýerleriniň ýitirim bolmagyna getirdi. Mundan başga-da, Meksikanyň zähmet bazarynda hem ýagdaý ýaramazlaşdy. Meksika we onuň bäsdeşlige ukyplylygy ýokary bolan demirgazyk goňşulary bilen söwda düzgüniniň erkinleşmegi netijesinde ýerli kiçi kärhanalar batýarlar, orta telekeçilik üçin şertler ýaramazlaşýar.

Meksikanyň oba hojalyk önümleriniň bazarynyň açylmagy bilen olar ABŞ-nyň we Kanadanyň arzan oba hojalyk önümleri, esasan hem, bugdaý, mekgejöwen, nohut bilen bäsdeşlige çydamaýarlar, olar ABŞ-da Meksika garanyňda 3–7 esse arzandyr.

Meksikada işsizlik ýokary derejä ýetdi, ýagny işi ukyply ilatyň 65%-i ýa düýbünden işlänok, ýa-da doly hepde işlänoklar.

Ekologiýa meselesinde hem ýagdaý gowulaşmady. Bu meseleden meksikalylar has erbet ejir çekýärler. Amerika–Meksika serhetleriniň töwereginde awtoulagda ýük daşamaklygyň ösmegi bilen zyýanly serişdeleriň bölünip çykarylmagy hem ösdi. Netijede, serhetýaka zolagynda ýerleşýän şäherleriň 18%-inde arassa agyz suwy ýok, 30%--inde jemagat desgalary, 43%-inde zir-zibili gaýtadan işleýän kuwwatlyklar ýok. Bu ýagdaý ýurtda ekologiýa ministrliginiň döredilendigine we NAFTA ylalaşygy hereket edip başlanda daşky gurşawy goramak hakynda kanunlaryň kabul edilendigine garamazdan dowam etdi. Şeýlelik bilen, önümçiligiň ösmegi netijesinde, daşky

gurşawyň hapalanmagy öndürilmegi üçin serişdeleri we Meksikada kemlik edýän adaty pikirleri üýtgetmäge islegi talap edýän ýörite gorag çärelerinden öňe gidýär. Bularyň hemmesi ösüp gelýän ýurda ösen ýurtlaryň ykdysady giňişligine integrirlemegiň nähili derejede kyndygyny görkezýär.

Mundan başga-da ABŞ sebitde ekologiýanyň ýaramazlaşmagyna saldamly täsir edip, özleri hem ondan kösenýärler. ABŞ-nyň telekeçileri ekologiýa taýdan hapa önümçilikleri Meksika geçirmek bilen öz ýurdunyň ekologiýa ýagdaýyna zyýan ýetirýärler. Sebäbi Meksikanyň kanunlaryna laýyklykda, kärhanalar önümçiligi zyýanly galyndyly çig mal haýsy ýurtdan alnan bolsa, şol ýurda, ýagny ýene-de yzyna – ABŞ-a gaýtarmaga borçlanýarlar. Netijede, kärhanalarynyň zyýanly galyndylarynyň hasabyna Meksikanyň ABŞ eksportynyň paýy ýokarlanýar.

Umuman alanyňda, birnäçe oňaýsyz netijelere garamazdan, NAFTA-nyň gatnaşyjy ýurtlar üçin ähmiýeti uludyr.

## 10.4. Latyn Amerikasynyň ykdysady integrasiýasy üçin umumy häsiýetnama

Latyn Amerikasynda integrasiýa hereketi 1960-njy ýyllarda 3 sany toparlanmany döretmek baradaky ylalaşyga gol çekilende başlandy. Ilkinji integrasion toparlanma Latyn Amerikasy erkin söwda zolagy (LAES) boldy, ol Montewedeo Ylalaşygynyň esasynda döredildi. Onuň maksady Günbatar ýarym şarynda erkin söwda zolagyny döretmekdi. Onuň düzümine 11 ýurt girdi: Meksika, Argentina, Boliwiýa, Braziliýa, Çili, Kolumbiýa, Ekwador, Paragwaý, Peru, Urugwaý, Wenesuella. Bu toparlanma Latyn Amerikasynyň Karib suwlarynyň 85% ýurtlaryny özünde jemledi. Bular jemi içerki önümi boýunça iri we orta döwletlerdir. Olar arassa ykdysady maksatlary yzarlaýardylar, ýagny ykdysadyýeti senagatlaşdyrmak we ýerleşdirmek, satuw bazarlaryny giňeltmek. Ýurtlaryň arasyndaky ýokary derejedäki tapawut taslamany dolulygyna amala aşyrmaga mümkinçilik bermedi. Onuň

çäklerinde özara söwda artykmaçlyklarynyň ulgamy döredildi, onuň esasyny özara eksportyň predmeti bolup durmaýan harytlar düzýär.

20 ýyldan soň (1980 ý.) LAES Latyn Amerikasynyň integrasiýasy (LAI) diýlip atlandyrylyp başlandy – bu has ýumşak, ýeňilleşdirilen ylalaşyk bolup, hyzmatdaşlaryň arasynda söwda ylalaşyklaryny baglaşmaga mümkinçilik berýärdi, emma erkin söwda zolagy döredilmändi. LAI-niň çäklerinde 100%-e çenli tarif ýeňillikleri berilýän bolan harytlaryň sanawy görnüşindäki ikitaraplaýyn ylalaşyklar hereket edýärdi. Kesgitli tapgyrda LAI Latyn Amerikasynyň ykdysady integrasiýasyna saldamly goşant goşdy.

Latyn Amerikasynyň ikinji integrasion toparlanmasy 1960-njy ýylda döredildi. Merkezi Amerikanyň umumy bazary – MAUB boldy, onuň düzümine 5 ýurt: Salwador, Gwatemala, Gonduras, Nikaragua, Kosta-Rika girdi. Agza ýurtlar gümrük bileleşigini döretmekçidiler, emma diňe artykmaçlykly söwda zolagyna ýetdiler. MAUB-yň işiniň ilkinji ýyllarynda paçlaryň peseldilmegi özara söwdanyň ýokarlanmagyna ýardam etdi, emma soňra umumy söwdada özara haryt dolanyşygynyň paýy pese gaçdy. Umuman, 1990–2002-nji ýyllarda toparlanmanyň özara eksporty 667 million dollar bolanlygyndan 2598 million dollara ýetdi. 2000-nji ýylda ýurtlar paçlaryň möçberi 0–15% bolan umumy gümrük tarifini girizdiler. Şunuň bilen birlikde MAUB-yň beýleki döwletler bilen ABŞ, Dominikan respublikasy bilen erkin söwda zolagyny döretmek ugrundaky hereketi işjeňlendi. Demirgazyk üçburçlugyň döwletleri (Salwador, Gwatemala, Gonduras) Meksika bilen 2000-nji ýylda ylalaşyga gol çekdiler. Ikitaraplaýyn söwda zolaklaryny döretmek barada – Nikaragua bilen Meksikanyň arasynda (1997 ý.), Kosta-Rika bilen Meksikanyň arasynda (1994 ý.) ylalaşyklar bar.

Sebitdäki üçünji toparlanma Karib suwlarynyň ýurtlaryny birleşdirdi. 1968-nji ýylda Gündogar Karib döwletleriniň guramasy döredildi (KARIKOM). Onuň düzümine 14 döwlet girýär. Häzirki wagtda KARIKOM gümrük bileleşigidir.

Ýene-de bir öňdebaryjy toparlanma – bu And Bileleşigidir (1969 ý.), onuň düzümine 5 döwlet (Boliwiýa, Kolumbiýa, Ekwador, Peru we Wenesuella) girýär. Iki asyryň çalşygynda bu ykdysady integrasiýa gümrük bileleşigi derejesine ýetdi.

Ösüp gelýän dünýäniň beýleki sebitlerinden tapawutlylykda, Latyn Amerikasynyň döwletleri baknaçylyk garaşlylygyndan beýleki sebitler bilen deňeşdireniňde, ýagny eýýäm XIX asyrda azat bolup başladylar. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň baknaçylyk geçmişi olaryň ykdysady gurluşyna täsir etdi. Onuň esasyny mineral çig malyny gazyp almak we tropiki ekerançylyk önümlerini öndürmek, şeýle hem öňki bakna bolan ýurtlary bilen söwda gatnaşyklary düzüpdir. Köp ýurtlaryň ykdysadyýeti dünýä bazarlarynyň düzümleýin üýtgemelerine garaşly boldy.

Latyn Amerikasynda häzirki zaman integrasion hereketler «Açyk sebit» ýörelgesiniň çäklerinde bolup geçýär. Ol ilkinji gezek Aziýa – Ýuwaş umman sebitinde 1992-nji ýylda tassyklanyldy.

1994-nji ýylda «Açyk sebit» düşünjesi işlenip düzüldi, ol 9 ugra esaslanýar:

1. Harytlaryň we hyzmatlaryň bazarynyň dürli ýurtlar üçin wagt boýunça biri-birinden tapawutlanýan pudaklaýyn erkinleşdirilmegi geçirmek;
2. Has köp ýurtlaryň, ilkinji nobatda, däp bolan hyzmatdaşlaryň gatnaşmagy esasynda bazarlaryň giň möçberli erkinleşdirilmegini geçirmek;
3. BSG-niň kadalaryna laýyklykda erkinleşdirilmegiň ygtybarlylygyny we aýdyňlygyny üpjün etmek;
4. Milli ykdysadyýeti goramak üçin üçünji döwletlere garşy ortaça goranyş çäreleri ulanmaly we ýuwaş-ýuwaşdan umumy daşary tariflere geçmeli;
5. Döwletleriň arasynda we her döwletiň içinde bank hasaby boýunça geçirilýän ylalaşyklaryň çykdajylaryny kemeltmek, milli pullaryň çalşylyp bilijilik ukybyny üpjün etmek, töleg ylalaşyklaryny baglaşmak;
6. Pudaklaýyn ylalaşyklary baglaşmagyň esasynda tehnologiýalary geçirmeklige ýardam etmek;

7. Ykdysady taýdan ösmedik ýurtlaryň we sebitleriň uýgunlaşmagy üçin, şol sanda çäklendirilmeleri azaltmagyň hasabyna maýa goýumlary çekmek üçin salgyt ýeňillikleri bermegiň hasabyna ýörite çäreleri işläp düzmek;
8. Ilaty köpçülikleýin çekmek üçin ýörite institusional düzümleri işläp düzmek.

1990-njy ýyllarda döredilen Günorta Konus ýurtlarynyň umumy bazary «Açyk sebit» ýörelgesine esaslanyp döredilen integrasiýadyr (MERCOSUR). Ol ösüp gelýän we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň has depginli ösýän toparlanmasy bolup, onuň esasy maksady birnäçe ýylyň dowamynda gümrük birleşigini döretmek we umumy bazary emele getirmekden ybarat.

Latyn Amerikasynda doly däl gümrük birleşikleriniň dördüsi hereket edýär: MERCOSUR, And bileleşigi, KARIKOM, MAUB, olar hem umumy bazary döretmäge ymtylýarlar. Eger MERCOSUR bilen And bileleşigi depginli ösýän bolsa, MAUB we KARIKOM diňe soňky birnäçe ýyllarda işjeňleşip başlady. Beýleki integrasion toparlanmalar, şol sanda ikitaraplaýyn integrasiýalar hem erkin söwda zolagy derejesini saklaýarlar. Olar Amerikalaryň erkin söwda zolagyna integrirläp (ФТАА), Günbatar ýarym togalagynyň (Demirgazyk, Merkezi we Günorta Amerika, Karib suwlary) 34 ýurdunyň gatnaşmagynda döremeli.

Latyn Amerikasynda ykdysady baglanyşyklara, integrasion hereketlere ABŞ-nyň uly syýasy täsiri bar, onuň başlangyjy boýunça Amerika ýurtlarynyň ýeke-täk erkin söwda zolagyna birikdirilmeginiň ilkinji taslamasy hödürlendi (ФТАА). Ýewropa bilen berk ykdysady we syýasy baglanyşygy saklaýan ýeke-täk integrasiýa MERCOSUR-dyr, ol Ýewropa Bileleşigi bilen 1996-njy ýylda çekilen we 1999-njy ýylda güýje giren sebitara hyzmatdaşlygy barada ylalaşyk esasynda gatnaşyk alyp barýar. Häzirki döwürde iki toparlanmanyň arasynda erkin söwda zolagyny döretmek barada gepleşikler geçirilýär.

19. Sargyt № 2070

## 10.5. And toparynyň we 3-lük toparynyň çäklerinde ykdysady integrasiýalar

And topary – bu Latyn Amerikasy erkin söwda zolagynyň (LAST) we LAI-niň çäklerindäki iri sebitleýin ykdysady toparlanmadyr. Ol 1969-njy ýylyň 26-njy maýynda Kartahen ylalaşygyna laýyklykda döredildi we Latyn Amerikasynda iň gadymy integrasion birleşmeleriň biri boldy. Onuň düzümine Boliwiýa, Wenesuella, Kolumbiýa, Peru, Çili we Ekwador girdiler. Kartahen ylalaşygy 1969-njy ýylyň oktýabr aýynda güýje girdi. Emma integrasiýanyň işiniň üstünlikli amala aşyrylmagyna ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň aratapawutlary, ähli And döwletleriniň arasyndaky çäkleýin jedeller böwet boldy. Mundan başga-da 1976-njy ýylyň oktýabr aýynda özüniň käbir talaplaryny kanagatlandyryp bilmänligi üçin, Çili ylalaşykdan çykdy.

And bileleşiginiň maksatlary: gatnaşyjy ýurtlaryň ösmegine olaryň integrasiýasynyň we durmuş-ykdysady hyzmatdaşlygynyň kömegi bilen ýardam bermek; ykdysady ösüşi we iş bilen üpjünçiligi tizleşdirmek; Latyn Amerikasy umumy bazaryny döretmek.

And döwletleriniň ykdysady integrasiýasynyň esasy meseleleri:

- ýeke-täk ykdysady syýasaty işläp düzmek, ýerine ýetirilýän taslamalaryň utgaşdyrylmagy;
- gümrük bileleşiginiň döredilmegi;
- senagatlaşdyrmak, And bileleşigi ýurtlarynyň senagat merkezlerinden garaşsyzlyk derejesiniň ýokarlanmagyny we dünýä ykdysadyýetindäki ýagdaýyň gowulandyrylmagyny gazanmak;
- agza ýurtlaryň ösüş aratapawudyny aradan aýyrmak we sebitleýin raýdaşlygy berkitmek;
- ABŞ bilen söwdanyň ep-esli bölegini zolak içindäki haryt alyş-çalşygy bilen çalşyrmak;
- sebitleriň we And toparlanmanyň geňeşleriniň arasynda kömekçi geňeşleriniň, ýagny hususy telekeçileriň bileleşigi we And zähmet institutynyň üsti bilen berk arabaglanyşygy ýola goýmak;
- And toparynyň çäklerinde kabul edilen hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

Şeýlelik bilen, And bileleşiginiň çägindäki ykdysady integrasiýa söwda, maýa goýum we beýleki soraglar bilen bilelikde durmuş we daşary ykdysady aragatnaşyklary hem özünde jemleýär. Bu maksatlara we meselelere ýetmek üçin ulanylýan gurallar hökmünde şular kesgitlenildi: senagaty bilelikde meýilnamalaşdyrmak; söwdany erkinleşdirmek; ykdysady syýasaty durnuklaşdyrmak; umumy gümrük tarifini girizmek.

1996-njy ýylda And ylalaşygy milletleriň And bileleşigi ady bilen hereket edip başlady we And integrasiýa ulgamy döredildi (AIU). Oňa ýöriteleşdirilen sebitiçre guramalar hem girýär – And ösüş bileleşmesi (AÖB), Latyn Amerika ätiýaçlyk gaznasy, Maslahat beriji telekeçilik bileleşigi we ş.m.

And ösüş bileleşmesi netijeli we üstünlikli işleýän esasy maliýe guramasydyr. Onuň düzümine And bileleşiginiň 5 agza döwletinden başga-da Meksika, Trinidad we Tobago (1994 ý.), Braziliýa (1995 ý.) girýär. 1992-nji ýylda 15 ýyllyk arakesmeden soň Çili täzeden gaýdyp geldi. And ösüş bileleşmesi sebitiçre integrasiýanyň baglanyşdyryjy halkasyna öwrüldi. Sebäbi ol And döwletlerinde milli we köpmilletli taslamalary maliýeleşdirýär, kärhanalaryň dolanyşyk maýasyny ýokarlandyrmak üçin serişdeleri berýär. AIU-nyň karz kömeginiň esasynda senagatda we infrastrukturada 300-e golaý taslamalar işlenip düzüldi we amala aşyryldy.

Integrasiýanyň birinji tapgyrynda (1969–1980 ý. çenli) And döwletleri importyň ornuny tutýan harytlary öndürmek bilen we ýapyk sebit syýasatynyň esasynda döwletiň jemgyýetiň ykdysady durmuşynda agalyk etmegini göz öňünde tutýan integrasiýanyň «statistik» nusgasyny durmuşa geçirmäge çalyşdylar. Olar özara söwdany erkinleşdirmekde, ykdysady syýasaty utgaşdyrmakda, senagaty bilelikde meýilnamalaşdyrmakda kesgitli ösüş gazandylar. Bu tapgyrda integrasiýanyň ýolundaky esasy bökdençlikler özara söwdanyň erkinleşdirme derejesi, dolandyryş we salgyt düzgünleri bilen bagly boldy.

And bileleşigi ýurtlarynyň ykdysady integrasiýasynyň ikinji tapgyry (1982–1988 ý.) integrasiýanyň düýpli çökgünligi bilen häsiýetlendirilýär. Ykdysady çökgünlik ähli Latyn Amerika ýurtlaryny integrasiýanyň iş ýörelgelerine we üçünji ýurtlar bilen daşary söwda ýörelgelerini täzeden seretmäge mejbur etdi. Bu özgerişleriň çäklerinde bilelikdäki taslamalary maliýeleşdirmek üçin And ösüş bileleşmesi we töleg balansyny durnuklaşdyrmak boýunça And ätiýaçlyk gaznasy döredildi. 1989-njy ýylda toparlanmany ösdürmegiň üçünji tapgyry başlandy. 1990-njy ýylda «And strategiýasy» kabul edildi, onda And bileleşiginiň ykdysady integrasiýasynyň: And ykdysady giňişligini ösdürmek, And toparynyň ýurtlarynyň halkara baglanyşyklaryny çuňlaşdyrmak, Latyn Amerikasynyň birligine goşant goşmak ýaly esasy 3 maksat kesgitlendi. 1992-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, And bileleşiginiň ýurtlary gümrük birleşigini we ýeke-täk daşary söwda gümrük tarifini döretmäge başladylar.

## 10.6. KARIKOM we MERCOSUR integrasiýa hereketleri

Karib bileleşigi (KARIKOM), ilkibaşda Karib bileleşigi we umumy bazar ady bilen 1973-nji ýylyň awgust aýynda esaslandyryldy. Bu ylalaşyga gol çeken ilkinji dört ýurt Barbados, Gaýana, Trinidad we Tobago hem-de Ýamaýka boldy. KARIKOM 1965-nji ýyldan 1972-nji ýyllar aralygynda hereket eden erkin söwdanyň Karib Assosiasiýasyny çalşyrdy we Karib suwlarynyň iňlis dilli ýurtlarynyň arasyndaky ykdysady baglanyşyklary berkitmek üçin gurnaldy. Ol 1958-nji ýylyň 3-nji ýanwaryndan 1962-nji ýylyň 31-nji maýyna çenli hereket eden West-Ind Federasiýasy ýatyrylandan soň zerur boldy. Häzirki wagtda KARIKOM 15 sany doly hukukly agzadan durýar: Antigua we Barbuda, Bagamlar, Barbados, Beliz, Dominika, Grenada, Gaýana, Gaiti, Ýamaýka, Montserrat, Sent Kitts we Newis, Sent Lýusiýa, Sent Winsent we Grenadinler, Surinam, Trinidad we Tobago. Mundan başga-da 5 assosiirlenen agzasy bar: Angliýa, Bermud-

lar, Britaniýanyň Wirgin adalary, Kaýman adalary, Terks we Kaýkos adalary. Ýene-de 7 döwlet KARIKOM-yň synçy derejesine eýedir: Aruba, Kolumbiýa, Dominikan respublikasy, Meksika, Niderlandlar Antillalary, Puerto-Riko (ABŞ) we Wenesuella.

1990-njy ýylyň iýul – awgust aýlaryndaky KARIKOM-yň döwlet we hökümet baştutanlarynyň duşuşyklarynda integrasiýany tizleşdirmek barada çözgüt kabul edildi. Döwletler üçünji ýurtlardan gelýän harytlara umumy tarifleri girizmek barada, ýagny gümrük bileleşigini döretmek, harytlaryň söwdasynda tarif däl bökdençlikleri aradan aýyrmak barada, daşary ýurt maýa goýumlar üçin maliýe çygrynda maýanyň erkin hereketini üpjün edýän umumy pul birlikleri, umumy bazary döretmek ugrunda özara ylalaşyga geldiler.

1991-nji ýylyň ýanwaryndan ýeke-täk daşky tarif (ÝDT) KARIKOM-yň içerki bazarynyň goragy hökmünde importyň mukdar ulgamyny çalşyrdy.

1992-nji ýylyň oktýabr aýyndaky hökümet baştutanlarynyň ýörite duşuşygynda ÝDT-ni tapgyrlaýyn peseltmegiň tertibi tassyklanyldy. 1998-nji ýylda oba hojalyk harytlaryna, egin-eşiklere, taýyn senagat önümlerine gümrük paçlarynyň iň ýokary derejesini belläp, ony içerki önümçilik bilen kanagatlandyrmak göz öňüne tutuldy.

Häzirki wagtda ykdysadyýetde KARIKOM ýurtlarynyň ykdysady taýdan gümrük paçlaryny we importyň mukdar çäklendirmelerini aradan aýyrmak; ýeke-täk söwda syýasatyny we maliýe syýasatyny utgaşdyrmak; hyzmatlaryň, raýatlaryň, maýanyň erkin hereketiniň çäklendirmelerini aradan aýyrmak; düzüm gurluşy, syýahatçylyk, ulag we aragatnaşyk ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek bellenildi.

MERCOSUR häzirki görnüşde 1991-nji ýylyň 26-njy martynda Argentinanyň, Braziliýanyň, Paragwaýyň we Urugwaýyň Prezidentleriniň Asunsýonda bolan birinji duşuşygynyň barşynda döredildi, 2012-nji ýylda Wenesuella hem onuň doly hukukly agzasy boldy. Duşuşykda Asunsýon ylalaşygy baglaşyldy – bu 4 ýurduň gümrük bileleşiginiň we umumy bazarynyň gurluşyny, düzümini we meselelerini kesgitlän esasy resminamadyr.

MERCOSUR Latyn Amerikasy we Karib suwlarynyň ýurtlarynyň iri integrasiýa bileleşigidir, onuň ilaty 277 million adam, çägi 12,7 million *kw.km,* jemi içerki önümi umumy 3,3 trillion dollar (2018 ý.). Ol öz ykdysady mümkinçiligi we ähmiýeti boýunça dünýä ykdysadyýetinde diňe Ýewropa Bileleşigi, NAFTA we ASEAN-dan yza galýar.

MERCOSUR integrasiýa hereketiniň ösüşi häzirki wagta çenli 3 tapgyry başdan geçirdi. Onuň birinjisi 1991-nji ýylyň martynda, Günorta Amerikasynyň 4 döwletiniň Prezidentleriniň 1991-nji ýylyň mart aýyndaky duşuşygynda başlandy. Olar bu bileleşmäni döretmek barada Asunsýon ylalaşygyna gol çekdiler, onuň ady Günorta Konusyň Umumy bazary diýlip terjime edilýär. Ylalaşyk boýunça 1994-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli özara söwdada ähli paçlary we tarif däl çäklendirmeleri aýyrmak, ýagny erkin söwda zolagyny döretmek, ýeke-täk daşky tarifi girizmek we gümrük birleşigini döretmek meýilleşdirildi.

MERCOSUR-yň döredilmegi Günorta Amerikanyň iri ýurtlary bolan Braziliýanyň we Argentinanyň daşary ykdysady syýasatynda uly öwrümi aňladýardy, olar öň integrasiýa kän bir uly gyzyklanma bildirmeýärdiler. Olaryň ösüş nusgasy ýokary gümrük paçlary bilen goralan giň milli bazarlara gönükdirildi. Braziliýa bu syýasaty has yzygiderli durmuşa geçirdi, emma halkara ykdysady gatnaşyklarynda bolup geçen üýtgeşmeler, uly söwda toparlaryny döretmeklige bolan meýilleriň güýçlenmegi, şeýle-de Latyn Amerikasynda öňdäki orny eýelemeklige ymtylma ony integrasion birleşigini döretmeklige goşulmaga mejbur etdi, ol bu integrasiýada öňdäki orny eýeledi.

MERCOSUR integrasiýasynyň nusgasy – «Açyk bazar ykdysadyýetidir». Hereketiniň birinji tapgyrynda (1991–1998 ý.) bu nusga onuň esasy düzüminiň awtomatlaşdyrylmagynyň hasabyna üstünlikli işledi, integrasiýa hereketi ýokary depginler bilen ösdi. Örän gysga möhletde ýylda 7% gümrük paçlarynyň ählumumy peseldilmegini göz öňünde tutýan özara söwdanyň erkinleşme maksatnamasy amala aşyryldy. Netijede, harytlaryň 90%-niň söwdasy tarif we beýleki bökdençliklerden boşadyldy. Zolagyň içindäki eksport 1990–1994-nji

ýyllarda 4,1 milliard dollar bolanlygyndan 12 milliard dollara ýetdi, agza ýurtlaryň umumy eksportyna bolan gatnaşygy – 8,8% bolanlygyndan 19,3%-e çenli bardy.

1994-nji ýylyň ahyryna agza ýurtlara ýeke-täk gümrük sanawyny, ýeke-täk daşary tarifi, harytlaryň gelip çykyşynyň kadalaryny işläp düzmek we tassyklamak başartdy. Integrasiýa toparlanmada dolandyryş geňeşleriniň hemişelik düzümini döretdiler. Ol esasy syýasy çözgütleri kabul edýän 3 esasy institutdan ybarat (daşary işler ministrleriniň düzüminde bolan umumy bazar geňeşi – ýokary geňeş, 10 sany tehniki komissiýaly umumy bazaryň topary – ýerine ýetirji geňeş, söwda boýunça komissiýa) we 3 kömekçi institutlardan – bilelikdäki parlament komissiýasy, durmuş-ykdysady forum, dolandyryjy sekretariýat. Bu geňeşleriň ählisi hökümetaradyr, olar döwletden ýokary häsiýete eýe däldir.

MERCOSUR-yň üstünlikleri beýleki döwletlerde we ykdysady birleşiklerde oňa bolan gyzyklanma döretdi. Şol bir wagtyň özünde birleşmäniň özünde daşary syýasy we ykdysady täsire eýe bolan, umumy bazary «dörtlügiň» daşynda hem giňeltmäge meýiller güýçlendi, onuň maksady ykdysady mümkinçiliklerini we syýasy täsirini berkitmekdi. 1996-njy ýylda MERCOSUR-a Boliwiýa we Çili assosiirlenen agza hökmünde girdiler we erkin söwda barada ylalaşyk baglaşdylar. Güýçli depginde bolup geçen ösüş döwründen soň, 1991–1998-nji ýyllarda MERCOSUR-da integrasiýa hereketi Argentina we Braziliýadaky ykdysady kynçylyklar bilen baglanyşlykly haýallady. Ol ykdysady kynçylyklaryň ýüze çykmagyna örän howlukmaç täze erkinleşdirmek syýasaty boýunça özgertmeler, şeýle-de daşary ykdysady ýagdaýyň ýaramazlaşmagy esasynda 1998-nji ýylda «aziýa» çökgünligi sebäpli, agza ýurtlaryň arasynda söwda we beýleki gapma-garşylyklaryň toplanmagy täsir etdi.

Ikinji döwür 1999–2002-nji ýyllar toparlanmanyň düýpli çökgünlik, özara söwdanyň pese gaçyş döwri boldy, şeýle hem bilelikdäki ylalaşyklardan yza süýşme döwri boldy. 1999-njy ýylda içerki islegiň pese gaçmagy we realyň hümmetsizlenmegi Braziliýanyň hyzmatdaşlary üçin haryt çalşygynyň şertlerini

ýaramazlaşdyrdy, bu bolsa, Braziliýanyň importynyň kemelmegine getirdi. Argentina, Paragwaý we Urugwaý uly ýitgilere sezewar boldular, olar hem Braziliýanyň harytlaryna garşy goranyş çäreler bilen jogap berdiler. 2000–2002-nji ýyllarda Argentina täze erkinleşme syýasatyň netijesinde ýiti çökgünligi we bergileri berip bilmezlik ýagdaýyny başdan geçirdi. Onuň jemi içerki önümi 11%-e çenli pese düşdi, peso birden hümmetsizlendi, bu bolsa onuň MERCOSUR-daky ýagdaýyny has hem ýaramazlaşdyrdy.

Çökgünlik döwründe zolagyň içindäki söwda 2 esseden hem köpräk kemelip, 1998-nji ýyl boýunça 41,3 milliard dollar bolanlygyndan, 2002-nji ýylda 20 milliard dollara bardy. Çökgünlik aýdyňlyk bilen MERCOSUR-yň düzümleýin, ýörelgeleýin we guramaçylyk ýetmezçiliklerini görkezdi, bu bolsa agza ýurtlarynyň bileleşigi berkitmek maksady bilen integrasiýanyň nusgasyny özgertmek zerurlygy baradaky (umumy bazaryň geňeşi) çözgüde getirdi. 2002--nji ýylyň ýanwar aýynda umumy bazaryň geňeşi «MERCOSUR-yň geljek üçin wajyp goýberilişi» adyny alan täze meýilnama kabul etdi.

2002-nji ýyldan MERCOSUR-yň üçünji häzirki zaman ösüş tapgyry başlandy. Ol gapma-garşylykly meýiller bilen häsiýetlendirilýär. Bir tarapdan, integrasiýanyň nusgasynyň kemçilikleri ýüze çykarylýar we aradan aýrylýar, bileleşigiň institusional düzümi kämilleşdirilýär, durmuş we maliýe ulgamynda hyzmatdaşlyk berkidilýär, MERCOSUR-yň dünýäde abraýy we ähmiýeti ýokarlandyrylýar, onuň agzalarynyň sany artdyrylýar, beýleki tarapdan – integrasiýa hereketiniň geljekki ösüşi boýunça düşünişmezlikler güýçlenýär, gümrük bileleşigini döretmegi tamamlamak işi haýal alnyp barylýar. MERCOSUR-yň ýurtlarynyň halkara gepleşiklerdäki orny ýokarlanyp başlady, şol sanda BSG-niň çäklerinde hem Braziliýanyň baştutanlygynda olar ösüp gelýän ýurtlaryň halkara söwdasynyň şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen başlangyçlaryny öňe sürüp başladylar.

2003-nji ýylda MERCOSUR milletleriň And bileleşigi bilen bilelikdäki Günorta Amerika erkin söwda zolagy barada we garşylyklaýyn assosiirlenen agzalyk barada ylalaşyk baglanyşdylar.

Şeýlelik bilen, MERCOSUR-yň assosiirlenen agzalygyna Boliwiýa we Çiliden başga ýene-de dört ýurt kabul edildi. 2005-nji ýylda Wenesuella milletleriň And bileleşiginden Kolumbiýa bilen Perunyň ABŞ bilen erkin söwda baradaky ylalaşyga gol çekenligi üçin çykdy we MERCOSUR-a girmek barada arza berdi, ol 2006-njy ýylyň iýun aýynda kabul edildi.

Wenesuelladan soňra MERCOSUR-yň doly hukukly agzasy bolmak barada 2006-njy ýylyň dekabr aýynda Boliwiýa arza berýär. MERCOSUR-yň häzirki zaman tapgyrynda Braziliýanyň baştutanlygynda dürli sebitleriň ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary giňeltmek syýasatyny alyp barýar. Bu bolsa toparlanmanyň dünýädäki täsiriniň artmagyna ýardam edýär. Ilkinji nobatda dünýäniň Hytaý, Hindistan, GAR ýaly iri ýurtlary bilen aragatnaşyga üns berilýär. 2004-2009-njy ýyllarda Hindistan, Günorta Afrika gümrük bileleşigi, Müsür, Marokko, Pars aýlagynyň Arap döwletleriniň Geňeşi, Iordaniýa, Kuba, Malaýziýa bilen söwda ylalaşyklary baglaşyldy. 2007--nji ýylyň dekabr aýynda Ysraýyl bilen erkin söwda barada ylalaşyk baglaşylyp, ol 2010-njy ýylda güýje girdi. 1995-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşigi bilen ykdysady we syýasy hyzmatdaşlyk maksady bilen gepleşikler geçirilýär, oňa bileleşikdäki oba hojalygyna pul kömeklerini bermek meselesindäki gapma-garşylyklar päsgel berýär. 2009–2010-njy ýyllarda Ýewropa Bileleşigindäki agrar çäklendirilmeleriň peselmegi we oba hojalyk pul kömekleriniň kemelmegi bilen gepleşiklerde öňe gidişlik bolup, ol tamamlandy we häzirki wagtda bu iki integrasiýanyň arasynda erkin söwda zolagyny döretmek hakyndaky ylalaşygyň üstünde işlenilýär. Soňky 10 ýyllykda görnükli ösüş durmuş ulgamynda gazanyldy. 2003–2008-nji ýyllardaky ykdysady galkynyş döwründe ilatyň garyplykda ýaşaýanlarynyň paýy 40%-den 26%-e çenli peseldi.

Käbir pudaklarda gazanylan üstünlikler bilen bir hatarda häzirki zaman tapgyr syýasy, ykdysady söwda meseleleriniň we kynçylyklarynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär, ol bolsa integrasiýanyň düýpli ösmegini çylşyrymlaşdyrýar we haýalladýar.

# XI TEMA

# AZIÝA – ÝUWAŞ UMMAN SEBITINDE BILELEŞIK HEREKETLERI

## 11.1. Ösüp gelýän ýurtlarda goşulyşyk meýliniň umumy häsiýetleri

Goşulyşyk hadysasynyň ahyrky maksady agza ýurtlaryň ykdysady düzümleriniň önümçilik güýçleriniň ösüşiniň ýokary derejesinde we özara gatnaşyklaryň ýeterlik derejede işjeňliginde, sebitleýin zähmet bölünişikli bitewi hojalyk toplumyny döretmekdir. 1960–1980-nji ýyllarda döredilen, ösüp gelýän ýurtlaryň goşulyşyk toparlarynyň hiç biri şeýle meseläni öz öňünde goýmandy.

Ösen ýurtlarda ykdysady goşulyşyk (integrasiýa) özara söwdanyň erkinleşdirilmeginden başlanyp, diňe soňra önümçilik pudagyna täsirini ýetirýärdi. Tersine, ösüp gelýän ýurtlarda goşulyşyk hadysalary ilki önümçilik pudagyna we soňra özara söwda ýaýraýardy. Muny aşakdaky sebäpler bilen düşündirip bolar: 1) goşulyşýan ýurtlaryň ykdysadyýetiniň oňaýly düzümini döretmäge gümrük-tarif (gümrük nyrhlary) we tarif däl görnüşindäki emeli çäklendirmelerden beter tebigy böwetler – agza ýurtlaryň pes ykdysady ösüş derejesi, özara ykdysady üstüni ýetirmegiň gowşak derejesi päsgelçilik döredýärler, şolary diňe önümçilik hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek arkaly aradan aýryp bolar; 2) önümçilik hyzmatdaşlygy uly sazlaşygy we ýurtlaryň bir toparynyň tagallalaryny talap edýär, muny toparlaryň çäklerinde, ýagny şahsy däl-de, bilelikdäki esasda amala aşyrmak ýeňildir. 1960–80-nji ýyllarda ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady kynçylyklary olary uzak möhletleýin däl-de, gysga möhletleýin bähbitlerden ugur almaga we goşulyşyga ykdysady ösüşiň hem-de senagatlaşmaga ýardam etmegiň derejelerini ýokarlandyrmagyň guraly hökmünde garamaga mejbur etdi. Şol sebäpli hem döredilen ykdysady birleşikleriň çäklerinde özara söwdanyň erkinleşdirilmegine däl-de (ony amala aşyrmak

üçin obýektiw şertler ýokdy, şeýle hem subýektiw sebäpler päsgel berýärdi), önümçilik hyzmatdaşlygyna ähmiýet berildi.

Ösüp gelýän ýurtlarda goşulyşyk hadysalarynyň öňünden emele gelen ykdysady we syýasy şertleriň aýratynlygy dürli görnüşdäki birleşikleriň emele gelmegine getirdi.

Birinjiden, erkin söwda zolaklary döredildi. Ylalaşyga degişli harytlaryň möçberiniň çäkliligini we özara söwda erkinleşdirilmeginiň pes derejesini göz öňünde tutup, «artykmaçlykly söwda zolagy» atly ýörite adalga peýda boldy. Seredilýän döwürde ösüp gelýän ýurtlarda, esasan, hut şeýle görnüşli artykmaçlykly söwda zolaklary döredildi.

Bu ýaýrawda goşulyşyk çäreleri ýokary netijeleri berdi, çünki agza ýurtlaryň tagallalary söwdanyň erkinleşdirilmegine gönükdirildi, mundan başga-da bazarlary ýakynlaşdyrmak barada ylalaşmak işleri ýeňil geçdi. 1960–80-nji ýyllarda ösüp gelýän ýurtlarda döredilen goşulyşmalaryň 30-syndan diňe 5-si doly ýa-da doly däl (olarda özara söwda erkinleşdirilmeginiň derejesi üçünji ýurtlaryňky bilen deňeşdirilende pesdi) erkin söwda zolaklarydy. Olara: Merkezi Amerikanyň umumy bazary (MAUB), Karib birleşigi (KARIKOM), Latyn Amerikasyndaky Gündogar-Karib umumy bazary, Merkezi Afrika ýurtlarynyň gümrük we ykdysady bileleşigi (UDEAC) we Afrikada Ylalaşyk Geňeşi girýär.

Beýleki goşulyşyklarda-da «duýgur» harytlar üçin kadadan çykmalaryň köp sanlysyny saklap galmak bilen özara söwdanyň bölekleýin erkinleşdirilmegi bolup geçdi, ýagny ýeňillikli ýa-da artykmaçlykly söwda zolaklary hereket etdi. Söwdanyň erkinleşdirilmegi özara söwdanyň güýçlenmegine we bilelikdäki haryt dolanyşygynda onuň paýynyň ýokarlanmagyna ýardam etdi. Şol bir wagtyň özünde ösüşiň ýokarlanmagy ykdysady bileleşikler döredilenden soň ilkinji bäş-ýedi ýylyň dowamynda, salgytlaryň ýatyrylmagynyň ýa-da peseldilmeginiň söwdanyň ösüşini höweslendiren döwründe hasaba alyndy. Ýöne şondan soň erkinleşdirilmegiň täsiri tamamlanýardy, çünki soňky tapgyrlarda goşulyşyk bilen baglanyşykly işleri amala aşyrmak üçin obýektiw ykdysady şertleriň bolmagy zerurdy. Olara agza ýurtlaryň eksport düzümleriniň özara üstüni ýetirmek derejesi, ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň derejesi we beýlekiler degişlidi.

Ikinjiden, önümçilik ýaýrawynda ösüp gelýän ýurtlaryň sazlaşdyryjy-maslahat beriji görnüşdäki ykdysady birleşikler döredildi. Agza ýurtlar önümçilik hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny ylalaşýardylar, bellenilen taslamalary amala aşyrmaga bolsa öwez töleginiň ýörelgesi esasynda gyzyklanma bildirýän ýurtlar gatnaşdylar (ykdysady artykmaçlyklar her agzanyň goşandyna laýyklykda bölünýärdi). Şeýle ykdysady bileleşiklere Latyn Amerika ykdysady ulgamyny (LAES), Günorta Afrika ýurtlarynyň ösüşini sazlaşdyrmak boýunça Konferensiýany (SADKK), Günorta Aziýa ýurtlarynyň sebitleýin hyzmatdaşlygy Assosiasiýasyny (SAAPK) mysal getirmek bolar. Önümçilik pudagynda, esasan hem, derýalaryň jülgelerini bilelikde özleşdirmek boýunça pudaklaýyn maksatnamalary bilelikde amala aşyrmak boýunça birleşikler has netijeli boldy. Şolaryň arasynda häzir hem hereket edýän Manu(Afrika) derýasynyň boýundaky ýurtlaryň Ykdysady bileleşigi we Mekong (Günorta-Gündogar Aziýa) derýasynyň jülgesini özleşdirmek boýunça Taslama bar.

Üçünjiden, ösüp gelýän ýurtlaryň maliýe ulgamyndaky ykdysady hyzmatdaşlyk – Aziýa (AzBR), Afrika (ABR), Amerikanara (MABR) we beýleki sebitleýin ösüş banklaryny döretmek ýoly boýunça gitdi. Olaryň maksady – agza ýurtlara maliýe we tehniki kömegi bermekden ybarat boldy.

Dördünjiden, ösüp gelýän ýurtlarda daşarky bazarlaryň ornuny ylalaşmak üçin, şol sanda häzirki hereket edýän haryt assosiasiýalary hem döredildi we halkara haryt ylalaşyklary baglaşyldy. Haryt assosiasiýalary (ýa-da çig mal kartelleri) ol ýa-da beýleki çig mallary iri öndüriji ýurtlary öz içine alýar.

Iň bellileri: Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy (OPEC), misi eksport ediji ýurtlaryň guramasy (SIPEK), boksiti çykarýan ýurtlaryň Halkara Assosiasiýasy (MABS) be beýleki köp birleşiklerdir. Adatça, haryt assosiasiýalary ylalaşylan nyrh syýasatyny alyp barýarlar, nyrhlaryň üýtgäp durmagynyň ýokary we aşak çägini kesgitleýärler, önümçiligiň we çig malyň eksportynyň çäklendirmesini kesgitleýärler, şeýle hem haryt ätiýaçlygynyň umumy gaznasyny döredýärler. Ol soňky agzalan amatsyz ykdysady ýagdaýda dünýä nyrhlarynyň ösüşine täsir etmäge mümkinçilik berýär. Halkara haryt ylalaşyklary öndüriji ýurtlary we çig maly sarp ediji ýurtlary öz içine alýar. Şeýle

ylalaşyklara gol çekmek pikiri ilkinji gezek 1976-njy ýylda Naýrobide Söwda we ösüş boýunça Maslahatyň IV mejlisinde agzalypdy. Bugdaý, tebigy kauçuk, kofe, kakao, tropiki agaç we beýleki harytlaryň bir topary boýunça ylalaşyklara gol çekilipdi.

Şeýlelikde, goşulyşyk meýilleriniň we ösüp gelýän ýurtlarda emele gelen obýektiw ykdysady hem-de syýasy ýagdaýlaryň aýratynlyklary ykdysady bileleşikleriň emele gelmegine getirdi, olaryň köpüsini goşulyşyk toparlary diýip hasap edip bolmaz. Mundan başga-da aýry-aýry toparlaryň özara söwdasynda söwdany erkinleşdirmek boýunça çäreleriň amala aşyrylmagy ýüzleý häsiýete eýedi we hakyky goşulyşyk hadysalarynyň ösüşi üçin obýektiw ýagdaýlar bilen berkidilmeýärdi. Ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady birleşikleri 1980–90-njy ýyllaryň çäklerinde aşakdaky häsiýetlere eýedi:

- zähmetiň sebitiň içinde bölünişiginiň derejesiniň örän pes bolmagy;
- söwda gatnaşyklarynyň, esasan, birleşik boýunça hyzmatdaşlara däl-de, agza däl ýurtlara (esasan, ozalky bakna çäklerine) gönükdirilmegi. Ösüp gelýän ýurtlarda salgytlaryň bölekleýin peseldilmeginiň esasynda özara söwdanyň erkinleşdirilmegi sebitiň içinde harytlaryň akymynyň güýçlendirilmegine ýardam etmedi;
- tebigy baýlyklary özleşdirmek, harydyň ol ýa-da beýleki görnüşi boýunça bilelikdäki taslamalar ýa-da beýlekiler agza ýurtlaryň milli ykdysadyýetleriniň ösüşinde ähmiýetli orna eýe bolmady we köp halatlarda TMK-laryň maýa goýum işjeňliginiň derejesi bilen kesgitlendi;
- ösüp gelýän ýurtlarda birek-biregiň ykdysadyýetleriniň üstüni ýetirmegiň derejesiniň örän pes bolmagy. Milli ykdysadyýetleriň diňe ösen döwletlerden bolan esasy hyzmatdaşlaryň talaplaryna uýgunlaşmak meýli ýüze çykdy. Ösüp gelýän ýurtlaryň bir-biri bilen alyp barýan ykdysady gatnaşyklarynyň ösen ýurtlaryň özara gatnaşyklary bilen deňeşdirilende birnäçe esse pesdi. Bileleşikleriň köpüsi sebitleýin harby-syýasy howpsuzlygy we sebitiň jebisligini üpjün etmek üçin syýasy häsiýete eýedi.

Şeýlelikde, ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady toparlary öz işleriniň häsiýeti we mazmuny boýunça ykdysady goşulyşygyň talaplaryna gabat gelmeýärdi, hakyky ykdysady meýillere eýe däldi. Ýurtlaryň özara ykdysady gatnaşyklary goşulyşykdan öňki derejededi, şonuň üçin muňa ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky goşulyşyk däl-de, sebitleýin hyzmatdaşlyk diýsek has dogry bolardy.

Ösüp gelýän ýurtlaryň goşulyşyk taslamalary 1960–80-nji ýyllarda uly obýektiw kynçylyklar, şol sanda aşakdakylar bilen ýüzbe-ýüz boldular:

- ýurtlaryň ykdysady ösüş derejesiniň pesligi;
- ykdysadyýetleriň bir-biriniň üstüni ýetirmek derejesiniň pesligi;
- içerki bazarlaryň darlygy;
- pudaklaýyn düzümleriň we eksportyň haryt düzüminiň bir görnüşliligi goşulyşyk çäreleriniň mümkinçiliklerini ep-esli daraldýanlygy;
- milli hojalyklardaky görnetin aratapawudy, olaryň diwersifikasiýa derejesiniň pesligi;
- agza ýurtlaryň arasynda ykdysady ösüş derejesindäki düýpli aratapawut erkinleşdirilme çärelerinden gazanylan girdejileriň gyradeň paýlanmazlygyny şertlendirdi we özara ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça maksatnamalaryň amala aşyrylmagy boýunça agzalalyklara getirdi;
- ýurtlaryň arasyndaky syýasy agzalalyklar;
- ykdysady maksatnamalaryň köpüsiniň guramaçylyk gurallarynyň kämillik derejesiniň pesligi.

Bellenilen taslamalaryň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik döreden subýektiw sebäpler hem bolupdy: agza ýurtlar hiç wagt biri-birine paçsyz haryt getirmäge rugsat bermeýärdiler. Hatda bakna düzgünden miras galan afrikan gümrük bileleşikleriniň üçüsi hem ýurtlaryň garaşsyzlyk almaklaryndan soňra özara söwdada täze gümrük we gümrük däl böwetleriň girizilmegi bilen dargadylar; özara söwdanyň çäklerinde toparlaryň has garyp agzalarynyň ýitgileriniň öwezini dolmak tertibi hereket etmeýärdi, pullaryň alyş-çalyş hümmetiniň sazlanmazlygy kynçylyklara we söwdada bökdençliklere getirýärdi.

1980-nji ýyllaryň ahyrlaryna ösüp gelýän ýurtlaryň taglymatçylary goşulyşyga däl-de, özara ykdysady hyzmatdaşlyga ähmiýet bermäge çagyrdylar.

Şeýlelikde, ösüp gelýän ýurtlaryň 60–80-nji ýyllarda ähli sebitleýin goşulyşyk taslamalary boýunça ýerine ýetiren işleri başa barmady. Bu ýagdaý olaryň ykdysady ösüşiniň derejesine görnetin täsir etmedi. Ykdysadyýetleriň ösüşiniň we ykdysadyýetleriň birek-biregiň üstüni dolmak derejesiniň umumy pes şertlerinde döredilýän toparyň bilelikdäki kuwwatyny ähli agza ýurtlaryň bähbitleri üçin peýdalanmagyň uly bolmadyk mümkinçilikleri bar. Tersine, öndüriji güýçleriniň derejesi näçe ýokary bolsa, hojalyk düzümleri hem şonça çeýe bolýar we olaryň döredilýän ykdysady kuwwatyny giňeltmäge gatnaşmak ukyplary ýokarlanýar.

Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň Assosiasiýasyny (ASEAN) ösüp gelýän ýurtlaryň iň belli topary hökmünde mysal getirmek bolar. 1980-nji ýyllaryň ahyrlaryna Assosiasiýada gümrük tölegleriniň (şol bir wagtyň özünde artykmaçlykly söwda zolagyna özara söwda dolanyşygynyň diňe 5% düşýärdi) peseldilmeginiň esasynda ýeňillikli söwdanyň bölekleýin zolagy döredildi. Göz öňünde tutulan bilelikdäki önümçilik hyzmatdaşlygy taslamalarynyň otuzysyndan diňe ikisi amala aşyryldy. Muňa garamazdan, agza ýurtlar daşarky (daşary ýurt maýa goýumlary) we içerki (arzan işçi güýji) ýagdaýlary ulanmagyň hasabyna ykdysady ösüşde uly üstünlikleri gazandylar. «Kowup ýetmek» nusgasyny esas hökmünde alyp, ASEAN-y esaslandyryjy ýurtlaryň bäşisi (Singapur, Malaýziýa, Taýland, Filippinler, Indoneziýa) taryhyň gysga döwründe – onýyllyklaryň dowamynda ykdysady ösüşiň artýan depginini görkezýän täze senagat ykdysadyýetlerine öwrüldiler.

1990-njy ýyllaryň başlarynda ösüp gelýän ýurtlarda täze goşylyşyk birleşiklerini döretmek we ozal döredilen toparlaryň çäklerinde täze ylalaşyklara gol çekmek meýli göze ilip başlady. Muňa 90-njy ýyllaryň dünýäniň dürli sebitlerine mahsus goşulyşyk hadysalarynyň gyzgalaňlylygy (1); özara söwdanyň paýynyň ösüşi (2); umumy sebit goşulyşyk toparlaryny döretmäge (şeýle synanyşyklar ozal hem bolupdy) ymtylyşlar (3) öz täsirini ýetirdi.

Bütindünýä Söwda Guramasynyň maglumatlaryna görä, BSG-niň Tarifler we söwda boýunça Baş Ylalaşygy (ГАТТ) (ýagny 1948ý. bäri) tarapyndan ykrar edilen goşulyşyk toparlarynyň 243-sinden 30–40%-i ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda döredildi ýa-da toparlaryň 7397-den ösüp gelýän ýurtlaryň toparlarynyň bary-ýogy 24-si azda-kände netijeli hasaplanypdy.

1990–2010-njy ýyllar ösüp gelýän ýurtlarda goşulyşyk taslamalarynyň işjeňleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýöne olaryň köpüsiniň alyp barýan işi goşulyşyk derejesinden öň ýandaky basgançakdadyr.

## 11.2.Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň Assosiasiýasy (ASEAN)

Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň Assosiasiýasy(ASEAN) 1967-nji ýylda döredilip, bäş döwleti – Singapury, Taýlandy, Filippinleri, Indoneziýany we Malaýziýany öz içine aldy. 1984-nji ýylda oňa Bruneý, 1995-nji ýylda Wýetnam, 1997-njii ýylda Laos we Mýanma Bileleşigi, 1999-njy ýylda Kamboja goşuldy. ASEAN ýurtlary Ýuwaş umman suwlaryny Ýakyn Gündogar, Afrika we Ýewropa bilen baglanyşdyrýan çatrykda ýerleşmek bilen, Hindi ummanyndan Ýuwaş ummanyna çenli aralykda wajyp orny eýeleýär. Topar tebigy ätiýaçlyklaryň iri gorlaryna eýedir. Dünýäniň tebigy kauçuk önümçiliginiň 81%, palma ýagynyň 38%, kokos ýagynyň 53%, abaki köpürjiginiň 98%, galaýynyň 62%, mis magdanynyň 60%, hrom magdanynyň 12%, şeýle hem nebitiň we tebigy gazyň ähmiýetli gory agza döwletleriň paýyna düşýär. Bangkok jarnamasynda (1967) kesgitlenişi ýaly, Assosiasiýa esasy maksatlaryň üçüsini amala aşyrmak üçin sebitleýin hyzmatdaşlygynyň çarçuwalaýyn gurluşyny emele getirmäge gönükdirilendir: olar bilelikdäki hereketleriň esasynda sebitiň medeniýetini, durmuş öňe gidişligini, ykdysady ösüşi höweslendirmek; Günorta-Gündogar Aziýada parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek; ykdysady, durmuş, medeni, tehnika, ylym we dolandyryş pudaklarynda umumy bähbitli mesele-

ler boýunça hyzmatdaşlygy we birek-birege kömek bermegi ösdürmekdir. Esasy meseleler hökmünde ýeňillikli söwda ylalaşygynyň çäklerinde gümrük bileleşigini, şeýle hem bilelikdäki senagat kärhanalaryny we harydyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini öndüriji ýurtlaryň haryt assosiasiýasyny döretmek kesgitlenildi.

***Dünýäde ASEAN-yň orny aşakdakylar bilen kesgitlenilýär:***

1. APEC-däki köp beýleki toparlardan tapawutlylykda, Assosiasiýa merkezden aýrybaşgalaşdyrylan görnüşdäki köpugurly guramaçylyk düzümine eýedir. Onuň kömegi bilen aýry-aýry agza ýurtlaryň ykdysady üstünliklerini ykdysady hyzmatdaşlygyň çäklerinde toparyň işiniň netijesi hasaplamak bolar;
2. Aziýa ýurtlaryny (APEC-den, Kolombo meýilnamasyndan, ESKATO-dan tapawutlylykda, goşulyşyk toparynyň ykdysadyýetine esasy goşant Aziýada ýerleşmeýän ýurtlaryň baştutanlyk etmeginiň hasabyna gazanylýar) birleşdirýär;
3. Assosiasiýanyň ilkinji 25 ýylyň dowamynda gazanan ykdysady üstünlikleriniň ujypsyz bolandygyna garamazdan, onuň syýasy üstünlikleri Assosiasiýanyň dünýä giňişliginde oňyn abraýyny döretdi.

ASEAN-yň 1960-njy ýyllaryň ortalarynda döredilmegi Günorta-Gündogar Aziýada ykdysady pikirleriň ýüze çykmagynyň netijesinde däl-de, harby-syýasy durnuklylygyň zerurlygy bilen şertlendirilendir. Netijede, (70-nji ýyllaryň ortalarynda) syýasy ýagdaý ykdysady ýaýrawda goşulyşyk boýunça özara gatnaşyklaryň emele gelmegine ýardam etdi. Eger-de ASEAN bilen ÝB-ni deňeşdirseň, onda Ýewropada, tersine, ykdysady goşulyşyk syýasy hyzmatdaşlygy höweslendirdi.

ASEAN-yň hereket edýän 50 ýylynyň dowamynda onuň işinde san we hil taýdan özgerişlikler bolup geçdi. Ykdysady goşulyşygyň giňligine ösüşi ASEAN-yň düzüminiň 5-den 10 ýurda çenli artmagy bilen tapawutlandy, bu bolsa bilelikdäki jemi içerki önümi 738 mlrd dollara barabar bolan 500 mln adamy özüne birleşdirýän toparyň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagyna ýardam etdi.

20. Sargyt № 2070

1990-njy ýyllaryň başlaryna çenli ýokary hilli ösüş, esasan, harby-syýasy pudagy öz içine aldy we Günorta-Gündogar Aziýada ýagdaýyň durnuklaşmagyna ýardam etdi. Ykdysady pudakda (erkin söwda zolagyny döretmek baradaky meseläniň goýlandygyna garamazdan) obýektiw we subýektiw sebäpleriň täsiri netijesinde özara hyzmatdaşlyk çäklendirilen möçberlerde ösdi. Hakyky ykdysady goşulyşyk bolmady we ol agza ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň hem-de özara baglanyşygyň we birek-birege ýardam bermegiň pes derejesinde bolup hem biljek däldi. Eger-de ASEAN-da 80-nji ýyllaryň ahyryna diňe özara gümrük nyrhlarynyň ýeňillikleriniň möçberi we girizilen harytlaryň sanawy bilen çäklendirilen ýeňillikli söwda zolagy hereket eden bolsa, daşarky we içerki ýagdaýlaryň hil taýdan özgermegi (çuňlaşma ýörelgelerine laýyklykda) netijesinde 2000-nji ýylda eýýäm agza ýurtlaryň ýedisi üçin erkin söwda zolagynyň döredilmegine getirdi.

ASEAN-yň çäklerinde goşulyşyk ýörelgesiniň işlenilip düzülmegi 70-nji ýyllaryň başlaryna başlanypdy, şonda agza ýurtlaryň haýyşy bilen BMG-niň düzümleýin guramalarynyň bir topary özara ykdysady hyzmatdaşlygy höweslendirmek boýunça maslahatlary işläp düzüpdiler. Şol maslahatlar «Kansu Nutugy» bilen berkidilipdi we ASEAN-yň goşulyşyk hereketiniň esasyny düzüpdi. Bilermenler agza ýurtlaryna harytlaryň söwdasynyň saýlanylyp erkinleşdirilmegine, bilelikdäki senagat desgalarynyň gurluşygyna, şeýle hem göni daşary ýurt goýumlarynyň ýurtlaryň ykdysadyýetlerine gelmegine ýardam etmek maksady bilen, olara ygtyýar bermegiň hukuk düzgünini erkinleşdirmegi maslahat berdiler.

Özara söwdanyň erkinleşdirilmeginiň meýilnamalary diňe 1970-nji ýyllaryň ortalaryndan, Assosiasiýasynyň döredilmeginden 10 ýyl soň ýerine ýetirilip başlandy. Muňa ykdysady ösüşiň derejesindäki aratapawut, üçünji ýurtlar bilen daşary ykdysady gatnaşyklara bolan ýokary garaşlylyk, ykdysadyýetiň birmeňzeş düzümi we eksportyň birgörnüşli haryt düzümi ýaly obýektiw sebäpler öz täsirini ýetirdi. Soňky ýagdaý ASEAN-yň birmeňzeş önümler boýunça (tebigy kauçuk, tüwi, palma ýagy, galaýy we ş.m) dürli agza ýurtlarynyň arasynda (üpjün edijileriň arasynda) bäsdeşligiň alnyp barylmagyna getirdi.

1976-njy ýylda Bali maslahatynda (Bali jarnamasy ady bilen belli) jarnamanyň we ýerine ýetirilmeli işleriň maksatnamasy baradaky Ylalaşygyň kabul edilmegi Assosiasiýanyň agza ýurtlarynyň bäşisiniň çäklerinde goşulyşyk hadysasynyň ösüşinde hil taýdan täze tapgyr boldy. Resminamalar ykdysady özara hyzmatdaşlygyň 4 ugruny kesgitlediler:

1) esasy eksport harytlarynyň (esasan, ýangyç we azyk önümleri) sebitleýin bazaryna ýeňillikli elýeterliliginiň üpjün edilmegi;
2) önümçilik hyzmatdaşlygy;
3) söwda hyzmatdaşlygy (şol sanda üçünji ýurtlaryň bazarlarynda);
4) agza ýurtlaryň özara bähbitli ykdysadyýetleriniň meseleleri boýunça umumy maksatnamalary işläp düzmek.

ASEAN-da ykdysady goşulyşyk önümçilik hyzmatdaşlygynyň ösüşinden başlanypdy, şonda O. Robinsonyň baştutanlygynda BMG-niň bilermenler toparynyň maslahat bermegi bilen gyzyklanma bildirýän agza ýurtlaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin maşyngurluşyk we himiýa senagaty pudaklarynda bilelikdäki senagat kärhanalaryny döretmek boýunça taslamalaryň 13-si teklip edilipdi. 1970-nji ýyllaryň birinji ýarymynda maslahatlary durmuşa geçirmek maksady bilen Assosiasiýada bilelikdäki desgalaryň maksatnamasy we zähmet bölünişiginiň tertibi kabul edildi.

Zähmet bölünişiginiň tertibi toparlaýyn öz-özüňi üpjün etmek ýörelgesine esaslanýar we bar bolan tebigy ätiýaçlyklary doly ulanmagyň hasabyna agza ýurtlaryň azyk önümlerine, çig mala, taýýar senagat önümleriniň käbir görnüşlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Gurluşyk işlerini alyp barmak bilelikde maliýeleşdirmegiň esasynda göz öňünde tutulýardy: çykdajylaryň 60%-i desgalaryň ýerleşýän ýurtlarynyň hökümetleri, 40%-ni bolsa beýleki döwletler çekýärdi. Ýöne maliýe kynçylyklary, guramaçylyk meseleleriniň köpüsiniň çözülmezligi bellenilen taslamalary doly amala aşyrmaga mümkinçilik bermedi. Diňe Indoneziýada we Malaýziýada mineral dökünleriň önümçiligi (moçewina we ammoniý) boýun-

ça zawodlaryň ikisi guruldy. Bu pudakdaky şowsuzlyklar, esasan hem, ikitaraplaýyn esasda bilelikdäki kärhanalary döretmekde hususy maýanyň ornunyň artmagyna getirdi. 1981-nji ýylda agza ýurtlaryň serişdelerini birleşdirmäge mümkinçilik beren ASEAN-yň Maliýe korporasiýasynyň döredilmegi senagat kooperasiýasynda hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam etdi. Maliýe korporasiýasy hakykatda maýa goýumlar bankydyr. Şeýle-de ýapon maýasynyň gatnaşmagynda ASEAN-Ýaponiýa ösüş korporasiýasy döredildi. ASEAN-yň ýene bir maksady bolan bilelikdäki haryt assosiasiýalaryny bölekleýin döretmek işi amala aşyryldy. Bilelikde üçünji ýurtlaryň bazarlaryna çykmak üçin kofe önümçiligi we satuwlary boýunça Assosiasiýa döredildi.

1977-nji ýylda ýeňillikli ýa-da artykmaçlykly söwda zolagyny döretmek barada karar kabul edildi. Ilkibaşda ýeňillikler 20, soňra 71 haryda ýaýrady. Zolagyň hereket etmeginiň esasy kynçylyklarynyň biri – agza ýurtlaryň içerki bazarlarynyň goraglylygynyň dürli derejeleri çykyş etdi, munuň özi birmeňzeş bolmadyk özara gümrük tölegleri ylalaşyklaryna getirdi. Şeýlelikde, 90-njy ýyllaryň başlaryna Singapurda gümrük tölegleri ortaça 2,3%, Malaýziýada – 42%-di.

1992-nji ýylda özüniň 25 ýyllyk toýuna çenli ASEAN-yň agza ýurtlary ykdysady goşulyşygyň bellenilen meýilnamalaryny doly durmuşa geçirip bilmediler, emma sebitleýin topara gatnaşmak bilen baglanyşykly däl-de, içerki we daşarky ätiýaçlyklary jemlemek bilen baglanyşykly ykdysady ösüşde kesgitli üstünlikleri gazandylar.

Içerki we daşarky ykdysady we syýasy ýagdaýyň üýtgemegi Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň ykdysady goşulyşygynyň çuňlaşmagyna ýardam etdi. Olaryň hatarynda: agza ýurtlaryň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak, ykdysady özara garaşlylygy ösdürmek; söwda syýasatyny erkinleşdirmek, şol sanda eksporty höweslendirmegi ileri tutmak (artykmaçlykly söwda zolagynyň taslamasy importyň ornuny tutujy we goraglylyk syýasatyna esaslanypdy; ykdysady hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi goşulyşyk meýillerini, şol sanda goşulyşygyň ýumşak tertibiniň çäklerinde – ykdysady ösüş zolaklaryny döretmekligi höweslendirmek; daşarky ýagdaýlaryň tä-

siri – dünýäde ykdysady goşulyşygy çuňlaşdyrylmak we goşulyşyk toparlarynyň («domino» täsiri) sanyny depginli ösdürmek boýunça işler bar.

ASEAN-yň erkin söwda zolagy: esasy ugurlar we söwdanyň erkinleşdirilmeginiň amaly netijeleri.

1992-nji ýylda Singapurdaky maslahatda ASEAN ýurtlary erkin söwda zolagyny emele getirmek (AFTA) baradaky karary kabul etdiler. AFTA-nyň geljege gönükdirilen maksady söwda böwetleriniň aýrylmagynyň, döwletleriň daşary ýurt maýa goýumlar üçin özüne çekijiligini artdyrmagyň, sebitde ykdysady durnuklylygy gazanmagyň esasynda agza ýurtlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan ybarat boldy.

***AFTA-nyň işiniň esasy ugurlary:***

- nebithimiýa, awtomobil gurluşyk, metallurgiýa önümlerinden galan senagat we oba hojalyk önümlerine gümrük töleglerini 0-5%-e çenli peseltmek;
- umumy netijeli ýeňillikli tölegi girizmek;
- milli standartlary halkara kadalaryna laýyklykda sazlaşdyrmak;
- senagat harytlarynyň özara söwdasynda san çäklendirmelerini aradan aýyrmak;
- hil güwanamalaryny özara ykrar etmegiň ýörelgesini girizmek;
- makroykdysady syýasaty dolandyrmak.

Söwdany erkinleşdirmegiň esasy guraly bolup umumy ýeňillikli gümrük tölegi çykyş etdi, onuň çäklerinde 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, senagat we oba hojalyk harytlarynyň (1994-nji ýylda oba hojalyk çig maly goşuldy) özara söwdasynda gümrük tölegini 0-5%-e çenli peseltmek göz öňünde tutuldy. Umuman, AFTA erkinleşdirilmegi dürli möhletde tamamlamak we satuwdan aýyrmagy saklamak bilen baglanyşykly senagat we oba hojalyk önümlerini öz içine alýar.

Harytlar dört sanawa birleşdirildi: goşulan harytlaryň sanawy, wagtlaýyn aýrylan harytlaryň sanawy, «duýgur» önümler babatda kadadan çykýanlaryň sanawy, umumy kadadan çykýan harytlaryň sanawy.

Goşulan harytlaryň sanawy, ilkinji nobatda, erkinleşdirilmeli önümleri öz içine aldy. 1998-nji ýylda onuň gümrük tölegi 20% bo-

lanlygyndan, 2002-nji ýylda 0-5%-e çenli peseldildi. Wagtlaýyn kadadan çykarylan harytlaryň sanawy erkinleşdirmekden wagtlaýyn boşadylan, ýedi ýyldan soňra bolsa goşulan harytlaryň sanawyna girizilýär. Şolaryň gümrük tölegleri 0–5%-e çenli peseldilýär. Duýgur önümler babatda kadadan çykýanlaryň sanawy oba hojalyk çig malyny öz içine alýar, olary erkinleşdirmek bilen bagly ygtyýarlyklar 2010-njy ýylda «esasy altylyga», 2013-nji ýylda Wýetnama, 2015-nji ýylda Laosa we Mýanma, 2018-nji ýylda Kamboja berildi. Umumy kadadan çykma sanawy AFTA-nyň erkin söwda zolagyndan çykarylan: (ýagny erkinleşdirilmäge degişli bolmadyk) milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik ahlagy, haýwanlaryň ömri, ösümlikler, ilatyň saglygyny goramak bilen baglanyşykly harytlary, şeýle hem çeperçilik, taryh we arheologiki gymmatlygy bolan harytlary öz içine alýar. ASEAN-da milli gümrük goragynyň deň bolmadyk derejesiniň saklanyp galynmagynda ortaça gümrük tölegleri 2002-nji ýylda 3,17% we 2003-nji ýylda 2,63%-e çenli peseldildi.

ASEAN-yň goşulyşyk meýilnamalarynyň aýratynlyklary hökmünde daşary söwdany erkinleşdirmegiň milli maksatnamalarynyň çäklerinde olaryň amala aşyrylmagyny agzamak bolar. Netijeleri jemlemek bilen, ASEAN ýurtlary, esasan, Erkin Söwda Zolagyny (ESZ) (ýedi ýurt üçin) döredendigini bellemelidir. Özara söwda gatnaşyklarynyň saklanyp galýan ýokary bolmadyk derejesi, ASEAN-yň çäklerindäki ykdysady goşulyşygyň sebitiň içerki söwdasyny güýçlendirmegi özüniň ilkinji nobatdaky maksady edip goýmaýandygyna şaýatlyk etdi. Berilýän bahalara laýyklykda, eksportyň, esasan, ösüp gelýän ýurtlara, ABŞ-a, Ýaponiýa, Ýewropa gönükdirilmeginiň şertlerinde haryt dolanyşygynyň ähmiýetli ösüşine garaşmak bolmaýar. Esasy maksat bütewi sarp edijilik bazaryny döretmekdir. ASEAN-yň çäklerinde gümrük tölegsiz söwdanyň girizilmegi önümçilik üçin daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny we soňra agza ýurtlaryň harytlarynyň eksportyny höweslendirmäge niýetlenendir.

1994-nji ýylda hyzmatlar boýunça ASEAN-yň Çarçuwalaýyn ylalaşygyna gol çekildi. Ylalaşygyň esasy maksady hyzmatlar söwdasynda ähli päsgelçilikleri aradan aýyrmakdan we hyzmatlaryň er-

kin söwda zolagyny döretmekden ybaratdy. Hyzmatlaryň bäş pudagy (deňiz ulagy, telekommunikasiýa, howa ulagy, syýahatçylyk we telekeçilik hyzmatlary) erkinleşdirmegiň ilkinji bukjasyna girdi. 2001-nji ýylda çaltlaşdyrylan we kadaly erkinleşdirmegiň çäklerinde 2020-nji ýyla çenli hyzmatlar pudagyny doly erkinleşdirmek bellenildi.

Şeýle hem intellektual eýeçiliginiň (ygtyýarnamalar, lizensiýalar, awtorlyk hukuklary we beýlekiler) hukuklaryny goramak maksady bilen bitewi ygtyýarnama ulgamyny döretmek; ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmegiň meýilnamasyny işläp düzmek; raýat awiasiýasynda «açyk asman» diýlip atlandyrylýan ýörelgeden peýdalanmak; awtomobil ulag pudagynda kanunçylygy sazlaşdyrmak baradaky kararlar kabul edildi. Şeýlelikde, obýektiw we subýektiw kynçylyklara garamazdan, ASEAN ýurtlarynyň 7-si harytlaryň erkin söwda zolagyny döretdiler we özara söwda hyzmatlaryny erkinleşdirmegi alyp barýarlar.

## 11.3. ASEAN-yň maýa goýumlar zolagy: maksatlar, döretmegiň esasy ugurlary we netijeler. Özara ykdysady hyzmatdaşlyk

ASEAN-yň maýa goýumlar zolagyny emele getirmek baradaky ylalaşygyna 1998-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda gol çekildi. Ol baglanyşdyryjy häsiýete eýedir, ýagny hyzmatdaşlaryň kabul eden borçnamalaryny ýerine ýetirmek zerurulygyndan ugur alýar. Ylalaşygyň maksady maýa goýumlaryny artdyrmak üçin has erkinleşdirilen we aýdyň düzgünli, bäsdeşlige ukyply maýa goýumlar zolagyny emele getirmekden; agza ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan; maýa goýum böwetlerini we maýa goýumlarynyň hereket etmegine we ASEAN-yň çäklerinde maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagyna päsgelçilik döredýän düzgünleri yzygider peseltmekden ýa-da aradan aýyrmakdan ybaratdyr.

Ylalaşyk esasy ugurlaryň aşakdakylaryny öz içine alýar:

1) Milli düzgüniň 2010-njy ýyla çenli ASEAN-yň agza ýurtlaryndan bolan maýadarlara we kadadan çykmany saklap galmak bilen 2020-nji ýyla çenli üçünji ýurtlardan bolan maýadarlara degişli bolmagy;
2) ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň 2010-njy ýyla çenli agza ýurtlardan bolan maýadarlar we 2020-nji ýyla çenli topara girmeýän döwletlerden bolan maýadarlar üçin açyk bolmagy, ASEAN-yň çäklerinde maýa goýumlarynyň akymynyň, ýokary hünärli işçi güýjüniň we hünärmenleriň, tehnologiýanyň möçberini höweslendirmek;
3) özara çäklerden, şeýle hem 3-nji döwletlerden maýa goýumlary artdyrmak maksatlarynda maýa goýum hyzmatdaşlygy boýunça maksatnamalary ugrukdyrmak;
4) maýa goýmak bilen baglanyşykly maýa goýum taslamalaryny we işini amala aşyrmak boýunça tagallalary kadalaşdyrmakda telekeçilik pudagyna has ýokary erkinlik bermek.

Ylalaşygyň kadalary diňe göni maýa goýumlaryna we olar bilen baglanyşykly işe degişlidir. Pudaklaýyn göni goýumlar çäklendirilen: kadalar gaýtadan işleýän senagata, oba hojalygyna, dag magdanyna, tokaý hojalygyna, balykçylyk pudagyna degişlidir. Halkara çäklerde milli düzgüniň has amatly, aýdyňlyk ýörelgesine eýerýän düzgünleri hökmünde ykrar edilen esasy maýa goýum düzgünlerini elýeterli etmek göz öňünde tutulandyr. Hyzmatdaş ýurtlaryň esasy borçnamalary ylalaşykda berkidilen, adalatly we ýeňillikli esasdaky çäreleri amala aşyrmagy öz içine alýar. Olaryň maksady ASEAN-yň çäklerinde durnukly we çaklap bolýan maýa goýum düzgünini emele getirmek üçin kanunlary we dolandyryş düzgünlerini işläp düzmegiň we düşündirmegiň aýdyňlygyny hem-de deňeşdirmek mümkinçiligini üpjün etmekdir. Agza ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak, geljekki maýadarlaryň sebit we ýerli hökümet tarapyndan ASEAN-yň erkin maýa goýumlar zolagynyň hereket edişiniň şertleri barada maglumat üpjünçiligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri görmek zerurdyr.

Hyzmatdaş ýurtlardan bolan maýadarlar üçin ykdysadyýetleriň ähli pudaklaryny haýal etmän açmak we milli düzgüni ASEAN-dan bolan maýadarlar babatda senagatyň ähli pudaklaryna, şeýle hem maýa goýumlara (olaryň elýeterliligine, döredilmegine we alynmagyna) ýaramaz täsir edýän çärelere ýaýratmak göz öňünde tutulandyr. Milli düzgünden 6 aý (2010-njy ýyla çenli mümkin boldy) möhleti bilen wagtlaýyn kadadan çykma rugsat berilýär. Wagtlaýyn kadadan çykmalardan başga-da, milli howpsuzlyga, jemgyýetçilik ahlagyna, ömri we saglygy goramaga, şahsy taraplaryň hususy eýeçiligini we howpsuzlygyny goramaga ýardam etmek maksady bilen kabul edilen umumy kadadan çykmalar hem bar.

Has amatly düzgün ASEAN-yň ähli agza ýurtlaryna haýsydyr bir çäklendirmesiz berilýär. Taraplar milli töleg deňeçerliginiň bozulmagy bilen emele gelen ykdysady ýagdaýda ýa-da daşarky maliýe kynçylyklarynda we olaryň döremek howpunda goranmagyň adatdan daşary çärelerini kabul edip bilerler. Ylalaşykda degişli ýörelgeleriň çäklerinde maýa goýum jedellerini çözmegiň düzgüni kesgitlenýär.

Maýa goýumlaryny erkinleşdirmegiň meýilnamalary milli çäklerde amala aşyrylýar. 1990-njy ýyllaryň ahyrlaryna çenli ASEAN ýurtlary göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň elýeterliligini berk kadalaşdyrmak bilen tapawutlanýardylar, ýöne daşary ýurt maýa goýumlaryny ösdürmek maksady bilen (maliýe çökgünliginden has çalt we agyrysyz çykmak üçin) maýa goýumlaryny erkinleşdirmäge başladylar.

1960-njy ýyllarda ASEAN-yň çäklerinde senagat hyzmatdaşlygy işjeň ösýär. Şu nukdaýnazardan Assosiasiýa 1960-70-nji ýyllarda ösüp gelýän ýurtlar tarapyndan döredilen toparlarda özara ykdysady gatnaşyklaryň nusgawy mysaly bolup hyzmat edýär. Ykdysady ösüşiň pes şertlerinde hyzmatdaşlar senagat hyzmatdaşlygyny güýçlendirmegiň – zerur harytlara islegleri kanagatlandyrmak üçin bilelikdäki desgalary döretmegiň we bar bolan maliýe hem-de tebigy ätiýaçlyklary, önümçilik kuwwatyny, ýokary hünärli işçi güýjüni birleşdirmegiň ýoly boýunça gitdiler. Hyzmatdaşlykda uly orny maýa goýumlaryny, tehnologiýany we dolandyryjylyk endiklerini üpjün edýän daşary ýurt transmilli kompaniýalary (TMK) eýelediler.

Senagat hyzmatdaşlygynyň işlenip düzülen maksatnamalary maliýe we önümçilik mümkinçiliklerini, şeýle hem hyzmatdaşlaryň degişli önümlere isleglerini göz öňünde tutmaýan, örän mahabatly maksatnamalar bolup çykdylar. Netijede, taslamalaryň diňe 2-si amala aşyryldy, beýlekileri bolsa soňa goýuldy. Bilelikdäki senagat kompaniýalarynyň maksatnamasyna ýörite şu maksatlar üçin döredilen we kagyz, awto we moto serişdeleri üçin bölekleriň (detallaryň), et önümleriniň, meýdan şpatynyň we beýlekileriň önümçiligini amala aşyrýan bilelikdäki kärhanalaryň 15-si gatnaşdylar.

1995-nji ýylda (1997-nji ýylda güýje girdi) täze maksatnama – ASEAN-yň senagat hyzmatdaşlygynyň Meýilnamasy işlenip düzüldi. Onuň maksady gyzyklanma bildirýän taraplaryň mümkinçiliklerini we isleglerini göz öňünde tutup, harytlaryň bilelikdäki önümçiligini ýola goýmakdyr. Bu maksatnama ASEAN ýurtlarynyň 4-siniň (Malaýziýa, Taýland, Filippinler we Indoneziýa) şereketleri has işjeň gatnaşdylar.

ASEAN-yň agza ýurtlarynyň özara gatnaşyklary beýleki (ykdysady we ykdysady däl: energetika, oba hojalygy, maliýe, ulag we aragatnaşyk, bilim we ylmy-barlaglar) pudaklarda hem işjeň ösýär.

Energetika hyzmatdaşlygy ýörite maksatnamanyň çäklerinde 1980-nji ýyllaryň başlaryna ösüp başlady. Onuň maksady atom elektrostansiýalarynyň, gidroelektrostansiýalarynyň gurluşygy, elektroenergiýany öndürmek üçin geotermal çeşmelerden, şeýle hem kömürden peýdalanmakdyr. 1990-njy ýyllarda agza ýurtlaryň ykdysady ösüş derejesiniň ep-esli ýokarlanmagy energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmaga mümkinçilik döretdi. Gaz geçirijilerinden we elektroulgamlardan ybarat bitewi sebitüsti energo ulgamyny döretmek göz öňünde tutuldy. Şeýle hem energiýa pudagynyň durkuny täzelemek, hususylaşdyrmak we erkinleşdirmek, şol sanda elektroenergiýasyny satmak meýilleşdirilýär. Elektrik ulgamlaryny döretmegiň maksatnamasy maýa goýumlarynyň esasy möçberini amala aşyrýan Ýewropa Bileleşiginiň we Ýaponiýanyň goldaw bermeginde durmuşa geçirilýär.

Goşulyşyk toparlarynyň köpüsi ýaly, ASEAN-yň jedelleri çözmekde özüniň ugry bar. Jedelleri çözmegiň bitewi hereketi milli

düzgünlerden tapawutlylykda, agza ýurtlaryň bähbitlerini we hukuklaryny goramagyň has ýokary ülňüsini üpjün edýär. Dogrusy, jedelleri çözmek usulynyň artykmaçlygy agza ýurtlar tarapyndan bir gezek hem ulanylmanlygyndadyr, şol sebäpli-de onuň amaly taýdan netijeliligi barada aýtmak ýeterlik derejede kyn.

## 11.4. APEC: işiň maksatlary we ugurlary. Guramaçylyk düzümi

1989-njy ýylda Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde (AÝOS) ilkinji sebitleýin hökümetara ykdysady gurama – «Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy» Forumy –APEC döredildi.

Ilkibaşda APEC-iň düzümine Ýuwaş umman suwlarynyň ýurtlarynyň 12-si: ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy we ASEAN-yň agza ýurtlary (Singapur, Malaýziýa, Tailand, Filippinler, Indoneziýa we Bruneý) girdiler. 1991-nji ýylda HHR, Gongkong (Hytaý) we Taýwan, 1993-nji ýylda – Meksika we Papua – Täze Gwineýa, 1994-nji ýylda – Çili, 1998-nji ýylda – Russiýa Federasiýasy, Peru we Wýetnam kabul edildi. Häzirki wagtda APEC-iň Forumy ýurtlaryň we Ýuwaş umman suwlarynyň çäkleriniň (resmi maglumatlarda ýurtlar ykdysadyýetler diýlip atlandyrylýar, çünki Gongkong we Taýwan özygtyýarly döwletler däl-de, HHR-iň ýörite dolandyryş sebitleri hasaplanýar) 21-sinden ybaratdyr. 1998-nji ýylda täze agzalary kabul etmäge moratoriýa (gadaganlyk) girizildi. APEC-e girmäge Hindistan, Kamboja, Makao, Mongoliýa, Pakistan we Şri-Lanka arza berdiler. APEC-iň esasy wezipesi sebitleýin söwdanyň we maýa goýumlarynyň düzgünlerini kesgitlemekdir. APEC ýurtlarynyň iri ykdysady kuwwaty bar, erkin söwda zolagyny döretmek dünýädäki iň uly toparyň emele gelmegine getirer. Forumyň işiniň maksatlary Seul jarnamasynda (1991-nji ýyl) kesgitlenildi:

- sebitiň ýurtlarynyň ykdysady ösüşini goldamak;
- agza ýurtlaryň ykdysady özara garaşlylygynyň ösüşini göz öňünde tutup, söwdanyň köptaraplaýyn ulgamyny berkitmek;

- BSG-niň we Tarifler we söwda boýunça Baş Ylalaşygyň (ГАТТ) kadalaryna laýyklykda harytlaryň, hyzmatlaryň, maýalaryň hereket etmegine päsgelçilik döredýän çäklendirmeleri aradan aýyrmak.

Seul Jarnamasy agza ýurtlaryň açyk sebit ýörelgesiniň esasynda erkin söwdany we sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygy gazanmaga ygrarlydygyny kesgitledi. APEC-iň işi çözgütleri kabul etmekde Bütindünýä söwda guramasynyň kadalaryna we «ulgamlaýyn» hyzmatdaşlyga laýyklylykda, (agza ýurtlaryň her biriniň mümkinçiliklerini göz öňünde tutmak bilen) ylalaşyga gelmek, hukuklary kemsitmezlik, özara hormat we deňlik ýörelgelerine esaslanýar.

APEC-iň düzümi merkezden uzaklaşma häsiýetine eýedir. Her bir ýurt APEC-de bir ýylyň dowamynda başlyklyk edýär. Onuň baştutany bolsa Foruma ýolbaşçylyk edýär we döwlet baştutanlarynyň, ministrleriň, ýokary wezipeli adamlaryň, APEC-iň syýahatçylyk, kiçi we orta telekeçilik, gümrük, ülňüler we degişlilikdäki meseleler boýunça toparlarynyň duşuşyklaryna ýolbaşçylyk edýär. APEC-iň beýleki işçi toparlaryndaky başlyklar ylalaşyga gelmek ýörelgesiniň esasynda saýlanýar. Forumyň baş kabulhanasy Singapurda ýerleşýär. APEC-iň ýokary guramasy agza ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 1993-nji ýyldan bäri ýylda bir gezek resmi däl görnüşde geçirilýän maslahatydyr. Beýleki möhüm guramasy Daşary işler we daşary söwda ministrleriniň Forumyň işiniň, şol sanda işçi guramalaryň gündelik meselelerini çözýän mejlisleridir. 1993-nji ýylda wezipeleriniň üýtgemeginden soňra, olar maslahatlara diplomatik goldawy üpjün edýärler.

Ýene bir gurama hyzmatdaşlygyň pudaklarynyň birnäçesi: ýagny bilim, energetika, durnukly ösüş we ekologiýa, maliýe, telekommunikasiýa we maglumatlar, söwda, ulag, zenanlaryň meseleleri boýunça pudaklaýyn ministrleriň mejlisleridir.

1995-nji ýylda işewürleriň wekilleriniň düzüminde (her ýurtdan 3 sany Işewürlik maslahat beriji Geňeşi (IMBG) hereket edip başlady. IMBG-niň esasy wezipesi hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ileri tutulan ugurlary we hereketleri kesgitlenilen Osaka maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça teklipleri işläp düzmekdir. Şeýle-de APEC-iň çäkle-

rinde kabul edilýän çözgütlere, hereket etmegiň şahsy we jemgyýetçilik meýilnamalaryny amala aşyrmak maksatlarynda döwlet we hökümet baştutanlaryna täsir etmek, söwdany we maýa goýumlaryny erkinleşdirmäge ýardam bermekdir. IMBG-niň düzümine: maliýe binagärligi, tehnologiýa we telekeçilige ýardam bermek boýunça işçi toparlaryň 3-si girýär. Hyzmatdaşlygyň anyk ugurlaryny işläp düzmek işi bilen pudaklaýyn geňeşler we işçi toparlar meşgullanýarlar.

Şeýle hem Forumyň guramalarynyň düzümine möhüm ugurlar – energetika, balykçylyk, adam ätiýaçlyklaryny ösdürmek, senagat, ylym we tehnologiýa, deňiz ätiýaçlyklaryny gorap saklamak, söwda we maýa goýumlar hasabaty, söwda ýardam etmek, ulag, syýahatçylyk, oba hojalygynda tehniki hyzmatdaşlyk, kiçi we orta telekeçilik boýunça işçi toparlaryň 11-si girýär.

## 11.5. Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady goşulyşygynyň aýratynlyklary

Milli ykdysadyýetleriň dürli derejelerinde (ikitaraplaýyn, sebitiçre, sebit we sebitara) ykdysady taýdan özara garaşlylygynyň güýçlenmegi, bir ýurduň ykdysadyýetiniň dar milli çäkler bilen çäklenmek däl-de, deňeşdirilende artykmaçlyklara daýanyp, halkara zähmet bölünişigine işjeň gatnaşmalydygyny jedelsiz subut edip, häzirki zaman halkara ykdysady gatnaşyklarynyň talabyna öwrüldi. 1989-njy ýylda esaslandyrylan «Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy» (APEC) hökümetara forumy bolmak bilen, ähmiýeti boýunça ykdysady goşulyşygyň esasylarynyň biridir. Häzirki wagtda oňa 21 ýurt we Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň çäkleri girýär. APEC-iň agzalarynyň paýyna dünýäniň jemi içerki önüminiň (JIÖ) 57%-i, halkara söwda dolanyşygynyň 48%-i, göni maýa goýumlarynyň möçberiniň 40%-den gowragy we Ýer togalagynyň ilatynyň 40%-e golaýy düşýär. APEC öz çäklerinde sebitiçre toparlaryň köp sanlysynyň hereket edýändigine garamazdan, sebitleýin erkin söwda zolagyny döretmek pikirini anyk amala aşyrmak boýunça Ýewropadan mese-mälim yza galýar.

Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde güýçli goşulyşyk we bölünişik hadysalarynyň sazlaşmagy Ýewropadaky ykdysady goşulyşykdan tapawutly goşulyşyk meýilleriniň düýpli aýratynlyklaryny kesgitledi. Merkeze ymtylmak bilen baglanyşykly esasy meseleler: ykdysady ösüşiň ýokarlanmagy, ykdysady özara garaşlylygyň we özara üstüni ýetirmegiň ösüşi; Ýewropa Bileleşiginiň täsiriniň artmagyna garşy durmaga ymtylyşdyr. Şol bir wagtyň özünde sebit merkezinden daşlaşýan meseleler: ýurtlaryň arasynda ýokary ykdysady, syýasy we durmuş-medeni tapawudyň bolmagy, özlerini ýeke-täk millet hasap etmeýän Aziýa ýurtlarynyň özüne mahsuz pikirleriniň ýoklugy, şeýle-de bütewi topara gatnaşmagyň dürli syýasy maksatlarynyň bolmagy. Ýöne goşulyşyk hadysalary ýurtlara mese-mälim bähbit getirmek bilen üstünlikli ösýär, bu tejribe Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny ösdürmekde hem ulanylyp bilner. Meseläniň döwrebaplygy dünýä ykdysadyýetinde sebitleýin goşulyşyk arkaly bäsleşmäge çalyşýan, şol bir wagtyň özünde syýasy, ykdysady gapma-garşylyklaryň we merkezden daşlaşýan meýilleriň kynçylyklaryny çekýän ýurtlaryň ykdysady taýdan ýakynlaşmagyna ýardam edýän ýagdaýlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Häzirki günde APEC bazarlarda bäsdeşler bolup çykyş edýän ýurtlaryň arasynda söwdany ösdürmek boýunça alnyp barylýan netijeli işiň nusgasy diýip nygtamak bolar. Guramanyň resmi barlaglarynda soňky 5 ýylda bank hasaby boýunça geçirilýän ylalaşyklaryň söwda çykdajylarynyň 5%-e çenli pese gaçandygy, agza ýurtlaryň telekeçiligi üçin 58,7 mlrd dollaryň tygşytlanylandygy nygtalýar. Edil şol döwürde salgytlaryň we tölegleriň umumy möçberiniň tutuş sebit boýunça ABŞ-nyň 6,3 mlrd dollaryna çenli ýokarlanandygyna garamazdan, eksport-import amallary 4,8% artdy. Söwda işlerini tamamlamak üçin zerur bolan wagtyň umumy möçberiniň gysgalmagyny hem goşulyşygyň oňyn netijesi diýip hasaplamak bolar. 2006-njy ýylda standart haryt konteýnerleriniň eksporty üçin APEC-e ortaça 17 gün we ABŞ-nyň 941 dollary, 2010-njy ýylda 15 gün we ABŞ-nyň 856 dollary talap edildi. Şeýlelikde, diňe ýük dolanyşygynyň tizleşdirilmeginiň hasabyna ABŞ-nyň telekeçiligi üçin 58,7 mlrd dollar tygşytlanyldy.

APEC-de ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda diýen ýaly dürli taslamalaryň 30-dan gowragy işlenilip düzüldi. Işiň iri ugurlarynyň biri hem söwda çäreleriniň ýeňilleşdirilmegidir. Söwdanyň we maýa goýum ýagdaýynyň erkinleşdirilmegi APEC-iň we onuň bu ugurlardaky ähli işini sazlaşdyryjy gurama bolan söwda we maýa goýumlar boýunça Komitetiň (KTI) esasy işine öwrüldi.

GDA ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmekde APEC-iň ilkinji aýratynlygy «açyk sebitlilikden» peýdalanmak bolar. Ol ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ähmiýetli netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär. «Açyk sebitlilik» sebitleýin goşulyşyga ykdysady umumylaşmagyň bir bölegi hökmünde garaýar. Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi sebitleýin ykdysady bileleşikleriň kem-kemden birleşmek we birek-birege ornaşmak hadysasy hökmünde göz öňüne getirilýär. APEC ýurtlarynyň köpüsi GDA döwletleri ýaly goşulyşyk toparlarynyň birnäçesine agzalyk edýärler. «Açyk sebitlilik» ýörelgesi APEC ýurtlarynyň arasynda söwda we önümçilik ýagdaýlarynyň göçürilmegi boýunça çäklendirmäniň aradan aýrylmagyny, tarapgöýlikden kem-kemden ýüz öwürmegiň borçlarynyň kabul edilmegini göz öňünde tutýar, APEC-iň söwda we maýa goýumlar boýunça komiteti sebitiň içinde ykdysady gatnaşyklary höweslendirmegiň üstünde işjeň iş alyp barýar.

APEC-iň ikinji aýratynlygy döwletara hyzmatdaşlygyna esas döredýän Transmilli kompaniýalaryň (TMK) öňdebaryjy orny arkaly goşulyşyk hadysalaryny ösdürmekden ybaratdyr. Esasan, Ýaponiýadan, ABŞ-dan, Hytaýdan we Koreýa Respublikasyndan gelýän göni daşary ýurt goýumlary şereketiň içindäki söwdany höweslendirýär, täze önümi döretmegiň barlaglaryndan başlap, öndürmeklige, ýygnamaklyga we gutarnykly harydy satuwa çykarmaklyga çenli bitewi önümçilik zynjyryny emele getirýär.

Göni daşary ýurt maýa goýumlary Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde goşulyşyk giňişligini emele getirmekde we ykdysady ösüşi artdyrmakda möhüm ähmiýete eýe boldy. 60-njy ýyllarda Amerika we ýapon maýa goýumlary Singapuryň, Koreýa Respublikasynyň, Gonkongyň

we Taýwanyň zähmeti köp talap edýän (maşyngurluşyk, himiýa we ýeňil senagat) pudaklaryna gönükdirildi. Şol ýurtlaryň ykdysady taýdan ösmegi bilen, önümçilik çykdajylary az bolan ykdysady taýdan pes ösen ýurtlara (Malaýziýa, Taýlanda, Filippinlere we Indoneziýa) göçürildi. Netijede, zähmet çykdajylarynyň we pullaryň alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagynyň artykmaçlyklarynyň degişlilikde peseldilmeginiň esasynda zähmeti köp talap edýän pudaklardan maýany köp talap edýän pudaklara ähmiýet berlip başlandy.

Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady goşulyşygynyň üçünji aýratynlygy goşulyşygyň dürli derejelerine, mysal üçin, daşary söwdanyň erkinleşdirilmeginiň derejesine we sebitleýin goşulyşygyň umumysebit goşulyşyk meýillerinden ileri tutulmagyna ýol berilmegi bilen baglanyşyklydyr.

APEC-de goşulyşyk hereketi 1960-njy ýyllarda Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň (ANZSEPTA) arasynda we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň (ASEAN) çäklerinde ylalaşyklaryň baglaşylmagyndan başlanýar. 90-njy ýyllarda täze goşulyşyk başlangyçlarynyň köpüsi: ASEAN-yň çäklerinde (1992) erkin söwda zolagynyň döredilmegi we APEC (1994), AÝUS (1989-njy ýyldan başlap) ykdysady ösüş zolagynyň döredilmegi öňe sürlüpdi.

90-njy ýyllaryň başlarynda hojalyk işleriniň halkaralaşmagynyň we transmillileşmeginiň çuňlaşdyrylmagy we APEC-de goşulyşyk meýilleriniň işjeňleşdirilmegi göze ilýär. Oňaýly we oňaýsyz ýagdaýlaryň garylyp-gatylmagy Aziýa-Ýumaş umman ykdysady goşulyşygyň dördünji aýratynlygyny – dünýäniň beýleki sebitleri we biri-birinden düýpli tapawutlanýan durmuş-ykdysady ösüşli, medeniýetli we syýasy ulgamly ýurtlaryň birleşmegi goşulyşma üçin mahsus bolmadyk ýumşak goşulyşyk hadysasynyň peýda bolmagyny kesgitledi. APEC-de şeýle ykdysady goşulyşyk tertibi, aýratyn hem, sebitiň içinde – Demirgazyk–Gündogar Aziýada we Günorta–Gündogar Aziýada («Uly Hytaý» we ykdysady ösüşiň beýleki zolaklary, «Ýapon deňziniň halkasy» we «Sary deňziň halkasy» köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk taslamalary) ösýär.

APEC integrasiýasynyň esasy aýratynlygy onda ABŞ, Russiýa we Ýaponiýa ýaly beýik döwletleriň, şeýle hem soňky onýyllygyň ykdysady ägirdi bolan Hytaýyň birleşmegindedir, şeýle hem oňa Hindistan girmek isleýär (ýagny BRIKS ýurtlarynyň 5-sinden 3-si APEC-iň agzasy bolup durýar). Ýaponiýa babatda aýdylanda bolsa, APEC – bu döwletiň agza bolup durýan goşulyşyk görnüşli ýeke-täk halkara düzümidir. APEC-e HHR we Taýwan girýär, olaryň arasyndaky ýöne-keý bolmadyk özara gatnaşyklar amatly daşarky şertleri talap edýär.

Umuman, XXI asyryň başlaryna çenli diňe Demirgazyk-Gündogar Aziýa goşulyşygyň (ilkinji ylalaşyga 2002-nji ýylda erkin söwda zolagy barada Ýaponiýa bilen Singapuryň aralygynda gol çekilipdi) çäklerinden daşarda galypdy. Günbatarly ykdysatçylaryň bir toparynyň tassyklamaklaryna görä, sebit içinde Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, HHR, Gonkongyň we Taýwanyň arasynda özara daşary-ykdysady gatnaşyklaryň ösüşiniň esasynda «ýumşak sebitleşmek» ýörelgesi ösýär.

Umuman, APEC-iň içindäki goşulyşyk meýilleri sebitleşmegiň we sebitiçre bileleşigiň sazlaşmagy bilen tapawutlanýar. Has takygy, Aziýa-Ýuwaş umman sebiti (AÝUS) ýa-da Ýuwaş umman halkasy makrosebit ýa-da ýokary derejeli sebit hasaplanýar, çünki Demirgazyk-Gündogar Aziýa, Günorta-Gündogar Aziýa, Demirgazyk Amerika, Ýuwaş umman Latyn Amerikasy, Okeaniýa ýaly aýry-aýry sebitleri öz içine alýar. Agzalan subýektleriň her biri sebitlere mahsus häsiýetnamalara eýedir. Ýöne sekretariat we APEC Forumynyň beýleki düzümleri AÝUS-i – sebit, DGA, GoGdA, Demirgazyk Amerikany, Okeaniýany we Ýuwaş umman Latyn Amerikasyny sebitiçre bileleşik diýip atlandyrýarlar.

Şeýlelikde, Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady goşulyşygyň aýratynlyklary mikroykdysady goşulyşygy makroykdysadydan agdyklyk etmeginden (muňa maýa goýumlary hem-de Amerika we ýapon transmilli kompaniýalarynyň tehnologiýalary az ýardam etmedi); sebitiçre goşulyşygyň sebitleýin meýillerden ileri tutulmagyndan; Gündogar Aziýadaky ykdysady ösüş zolaklarynda, şeýle hem

APEC-iň çäklerinde ýumşak goşulyşyk çyzgylaryndan; goşulyşygyň köpderejeli häsiýetinden ybaratdyr.

## 11.6. APEC-de söwdany we maýa goýumlaryny erkinleşdirmek: ugurlar, geçirmegiň çylşyrymlylygy we netijeler

***APEC-de söwdanyň erkinleşdirilmegi üç ugur boýunça alnyp barylýar:***

1) her bir ýurduň hereketleriniň şahsy meýilnamasynyň esasynda;
2) pudaklaýyn meýletin çaltlaşdyrylan erkinleşdirmegiň çäklerinde;
3) sebitiçre ykdysady goşulyşygyň çäklerinde.

Söwdany erkinleşdirmegiň çygrynda APEC-iň esasy işi has ösen ýurtlar bilen deňeşdirilende ösmedik ýurtlaryň hukuklarynyň kemsidilmegini azaltmaga, şeýle hem agza däl döwletleriň hukuklarynyň kemsidilmegini aradan aýyrmaga gönükdirilen hereketleriň şahsy meýilnamalarydyr (HŞM). Forumyň agza ýurtlarynyň köpüsiniň hereketleriň şahsy meýilnamalarynyň seljerilmegi hasaba alnan çäreleriň – BSG/WTO borçnamalarynyň, sebitiçre goşulyşyk toparlarynyň we erkinleşdirmegiň milli maksatnamalarynyň, ýagny bir wagtyň özünde üç – milli, sebit we halkara derejesinde amala aşyrylýan erkinleşdiriş çäreleriniň jemidigini görkezdi. Netijede, işlenilip düzülen we amala aşyrylýan çäreler ol ýa-da beýleki ýurduň APEC-e gönüden-göni gatnaşmagy bilen baglanyşykly däl bolup çykýar we söwdany erkinleşdiriş hereketlerinde iş ýüzünde artykmaç agza öwrülýär.

Hereketleriň şahsy meýilnamalarynyň ýokary bolmadyk ykdysady netijeliligi pudaklaýyn erkinleşdirmek meselelerini birinji orna süýşürdi. Şeýle başlangyç üç ugurdan gelip çykýar: bazaryň açyklygy; söwda hemaýat etmek; ykdysady we tehniki hyzmatdaşlyk. APEC ýurtlary meýletin erkinleşdirmegiň we birtaraplaýyn esasda söwda ýardam bermegiň gyzykly we seýrek gurluşyny döretdiler. GATT/

WTO çemeleşmesine gapma-garşylykda, (ylalaşyklar baglaşdyryjy häsiýete eýe bolup, olaryň düzgünleri bozulanda çäklendirmeler ulanylýar) APEC-iň işi baglaşdyryjy däl (az derejede hökmany) häsiýete eýedir. APEC-iň dürli derejeli ykdysady ösüşli we daşary söwda ulgamynyň birmeňzeş bolmadyk açyklyk derejeli agza ýurtlaryň integrasiýadygyny unutmaly däldir. Şol sebäpli-de, başlangyç tapgyrda hyzmatdaşlary özara borçlar bilen baglanyşdyrmak mümkin däldir – Aziýa ýurtlary milli ykdysadyýet üçin şeýle ýeňillikli ädimlere razylyk bermeýärler.

Umuman, çaltlaşdyrylan we meýletin pudaklaýyn erkinleşdirmek pikiri agza ýurtlaryň 2010–2020-nji ýyllara çenli aýry-aýry pudaklarda tarapgöýlik goragynyň derejesini peseltmäge bolan ymtylyşlary bilen baglanyşyklydyr. Ol käbir pudaklaryň önümlerine gümrük tölegleri 0–5%-e çenli peseltmek, beýlekiler boýunça – diňe gümrük tölegleri sazlaşdyrmak, üçünjileri boýunça – ülňüleri bilelikde ykrar etmek baradaky ylalaşyga gol çekmek ýaly çäreleri öz içine aldy. Netijede, onuň möhüm meseleleriniň biri (gümrük tölegleriniň peseldilmegi) Bütindünýä Söwda guramasyna berildi. Gümrük däl böwetleriň meseleleri, harytlaryň anyk toparlary boýunça söwda we ykdysady hem-de tehniki hyzmatdaşlyga ýardam bermek bolsa APEC-e berildi.

Çaltlaşdyrylan meýletin erkinleşdirmegiň synanyşygy agza ýurtlary özara borçnamalar bilen baglanyşdyrmagy, ýagny Bütindünýä Söwda Guramasynyň arkalaşmak ýörelgesine eýermegi maksat edinýärdi. Ýöne ol APEC ýurtlarynyň çäreleriň tutuş bukjasy boýunça borçlary kabul etmekden ýüz döndermekleri zerarly başa barmady. Ýaponiýa oba hojalygy we tokaý hojalygy önümleri, ABŞ bolsa WTO-nyň çäklerinden daşardaky (Özara ylalaşmak ýörelgesine ygrarlydygyny tassyklap) hukuklary kemsidilmezlik esasynda erkinleşdirmek boýunça borçlary kabul etmekden ýüz dönderdiler. Netijede, Forumyň ýurtlary göz öňünde tutulan haryt toparlarynyň 15-sinden 9-sy boýunça erkinleşdirmek babatda ylalaşyga geldiler.

APEC-e agza ýurtlar üçin söwdany erkiinleşdirmegiň üçünji ugry sebitiçre toparlaryň çäklerinde borçnamalaryň durmuşa geçirilmegi-

dir. APEC ýurtlarynyň köpüsi goşulyşyk toparlarynyň agzalarydyrlar (ýa-da bu barada gepleşikleri alyp barýarlar), azyndan özara çäklerde gümrük töleglerini peseltmegiň esasynda söwdany erkinleşdirmegi amala aşyrdylar ýa-da amala aşyrýarlar. Bu ýerden hem aýry-aýry toparlaryň APEC-iň agza ýurtlarynyň ählisine söwda ýeňilliklerini ýaýratmaga taýýarlygy baradaky mesele ör-boýuna galýar. NAFTA ilkinji bolup bu işi ornaşdyrdy. 1997-nji ýylda gümrüksiz söwda artykmaçlyklarynyň, birmeňzeş hereketlerine razylyk beren ýagdaýlarynda Forumyň beýleki ýurtlaryna-da ýaýratmak barada yglan edildi. Kanada tarapyndan («NAFTA-nyň çagyryşy» adyny aldy) öňe sürlen teklipleriň kabul edilmegi 2005-nji ýyla çenli harytlaryň köpüsiniň söwdasynyň erkinleşdirilmegini çaltlaşdyrmaga mümkinçilik berdi. 1997-nji ýylda ABŞ tarapyndan teklip edilen ýene bir pikir APEC-iň aýry-aýry ýurtlary bilen (Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Singapur, Çili) ikitaraplaýyn söwda ylalaşyklaryny baglaşmakdyr. NAFTA-nyň şeýle başlangyçlary Forumyň guramaçylyk düzümleri (has takygy, ýokary wezipeli şahsyýetleriň toparlary) tarapyndan birmeňzeş kabul edilmedi. Olaryň pikirlerine görä, NAFTA ýurtlarynyň teklipleri APEC-de (ähtimal wagtlaýyn) hukuk kemsidilmelerini çuňlaşdyrmaga; NAFTA-nyň tekliplerini kabul etmedik ýurtlar üçin söwda akymyny sowmaga we goşulyşygyň Demirgazyk Amerika nusgasyny Aziýa göçürmäge ukyplydyr.

Agza ýurtlaryň hereketleriniň şahsy meýilnamasynyň seljerilişiniň görkezişi ýaly, borçnamalaryň çuňlugy we durmuşa geçirmegiň möhletleri düýpli tapawutlanýar. Mysal üçin, Gündogar Aziýanyň ösüp gelýän ýurtlarynyň köpüsi hereketleriň şahsy meýilnamamasynda milli daşary söwda özgerişlikleri tarapyndan göz öňünde tutulan çäreleri, beýleki ýurtlar (Meksika) diňe özara arkalaşmak esasynda we gepleşikleriň çäklerinde erkinleşdirmegi geçirmäge taýýar; üçünji (ABŞ, Russiýa) ýurtlar anyk borçnamalary öz üstlerine almadylar we hereketleriň şahsy meýilnamalary dagynyk häsiýete eýedir. 2010-njy ýyla çenli diňe ýurtlaryň altysy gümrük töleglerini nola ýa-da hasaba alnan 2010–2020-nji senä çenli noluň bäri ýanyna

çenli peseltmek maksadyny kesgitlediler; beýleki ýurtlar gysga, orta we uzakmöhletleýin borçnamalaryň (käwagtlar asla takyk bolmadyk) dar meýilnamalaryndan ugur aldylar.

APEC-de söwdany erkinleşdirmegiň ýene bir ugry takyk düşünjesi bolmadyk, gümrük däl çäklendirmelerdir. Baha berlişine görä, 2000-nji ýylda APEC ýurtlarynyň hereketleriniň şahsy meýilnamalaryna girizilen gümrük däl çäklendirmeleriň sany uly däl we käbir haryt ýagdaýlary bilen çäklendirilendir.

Hyzmatlar söwdasynyň erkinleşdirilmegi islendik döwlet üçin has «duýgur» pudaklara degişli bolup, kesgitlemegiň çylşyrymlylygy bilen baglanyşyklydyr. Ol APEC-de hyzmatlar bazaryna elýeterliligiň çäklendirilmegini kem-kemden peseltmegiň, has amatly düzgünleriň we hyzmatlar söwdasyndaky milli düzgüniň ýaýradylmagynyň, GATS boýunça borçnamalaryň giňeldilmeginiň, has amatly düzgünden kadadan çykmany aradan aýyrmagyň, hyzmatlar söwdasyny höweslendirmegiň çärelerini işläp düzmegiň esasynda 2010–2020-nji ýyllara çenli tamamlanmalydyr. APEC-iň ýene bir maslahaty – çäklendirmeler we kadadan çykmalar, olary aradan aýyrmagyň çäreleri barada jikme-jik maglumatlary elýeterli etmegiň esasynda aýdyňlygyň derejesini ýokarlandyrmakdyr.

APEC ýurtlarynyň köpüsi (şol sanda ösen ykdysadyýetler) mese-mälim maýa goýum böwetlerini saklaýarlar. Göni daşary ýurt goýumlary babatda pes çäklendirmeler Gonkong, Singapur we Täze Zelandiýa üçin häsiýetlidir, uly (maksimal) çäklendirmeler bolsa Filippinlerde, Meksikada, Indoneziýada saklanýar. APEC-de maýa goýumlar çygrynda hyzmatdaşlygy kesgitleýän esasy resminama bolup 1994-nji ýylda kabul edilen, bagly bolmadyk Maýa goýum ýörelgeleridir, şeýle hem ilkinji gezek erkin maýa goýum zolagyny emele getirmek baradaky maksady öňde goýan Osaka hereketler maksatnamasydyr. Maýa goýumlarynyň erkinleşdirilmegi bazarlaryň elýeterliliginden başlap, döretmek hukugyna çenli, şol sanda pudaklaýyn çäklendirmeleri öz içine almak bilen, tutuş maýa goýumlar pudagyna degişlidir. Onuň esasyny ýörelgeleriň birnäçesi: milli düzgün, hukuklaryň kemsidilmezligi we aýdyňlyk düzýär.

Umuman, APEC-iň sebitde maýa goýumlarynyň erkinleşdirilmegini höweslendirmäge gönükdirilen, bagly bolmadyk maýa goýum ýörelgeleri çäklendirilen täsire eýedir, şahsy hereket meýilnamalary bolsa häsiýeti boýunça bu meseläniň çözgüdine hakyky goşant goşmalydylar, ýöne olar ýurtlaryň arasynda gepleşikleriň we maslahatlaryň zerurlygyndan ugur alýarlar we häzirlikçe hiç hili takyk netije bermediler, olarda hatda maýa goýumlaryny erkinleşdirmegiň anyk meýilnamasy hem ýok. Olary ýerine ýetirmegiň birtaraplaýyn we meýletin häsiýeti, maýa goýum böwetleriniň saklanyp galmagy özüniň ýaramaz täsirini ýetirýär. Maýa goýumlaryny erkinleşdirmegiň ýolundaky beýleki päsgelçilikleriň arasynda syýasy ýagdaýyň we milli bähbitleriň bardygyny aýtmalydyr.

## 11.7. Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (ECO)

1964-nji ýylda Pakistan, Türkiýe we Eýran bilelikde durmuş-ykdysady ösüş, söwda, aragatnaşyk, ulag, şol sanda demir ýollary, senagat we bank ulgamlarynyň ösüşi üçin Sebitleýin hyzmatdaşlyk ady bilen belli bolan Hökümetara hyzmatdaşlygyň sebitleýin toparyny esaslandyrdylar. Ýöne bu gurama köp wagt hereket edip bilmedi. XX asyryň 70-nji ýyllarynyň soňunda Eýranda Yslam öwrülişiginiň bolup geçmegi we Türkiýede täze hökümetiň bellenilmegi sebäpli, gurama 1979-njy ýylda öz işini bes etdi.

Muňa garamazdan, birnäçe ýyldan soň şol üç döwlet – Pakistan, Türkiýe we Eýran ykdysady ulgamda ýakyn hyzmatdaşlygy dikeltmegiň zerurlygyny duýdular we guramanyň guramaçylyk düzümini üýtgedip, Economic Cooperation Organization (ECO), ýagny Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy (YHG) ady bilen dikeltdiler.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy – bu 1985-nji ýylda döredilen sebitleýin hökümetara guramasy we Ösüş üçin sebitleýin hyzmatdaşlyk guramasynyň hukuk mirasdüşeridir. YHG üç esaslandyryjy döwletler – Eýran Yslam Respublikasy, Pakistan we Türkiýe Respublikasy tarapyndan gol çekilen Izmir ylalaşygy düzgün-

namasy esasynda hereket edýär. Guramanyň ýokary geňeşiniň ilkinji ýygnagy Tähranda geçdi.

1992-nji ýylyň başyna çenli YHG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn häsiýete eýedi. 1992-nji ýyldan başlap, Gurama 7 sany täze döwletiň – Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Owganystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň goşulmagy bilen işjeňleşdi. YHG-ä Gazagystanyň resmi taýdan goşulmagy 1992-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Yslamabatda geçirilen Daşary işler ministrleriniň adatdan daşary ýygnagynda bolup geçdi. Şol gün resmi taýdan YHG-niň güni diýlip bellenilýär. YHG-niň resmi dili iňlis dilidir. Häzirki wagtda YHG-niň döwletleriniň sebitiniň çägi 7 million $km^2$ deňdir, ilaty bolsa 380 million adam. Bu bolsa YHG-niň ykdysady mümkinçiliginiň aýdyň subutnamasydyr. YHG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlyk agza döwletleriň özbaşdak deňligi, özara hormat we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýar. YHG-niň esasy meseleleri sebitiň ykdysady ösüşi üçin amatly şertleri döretmek, özara bähbitli sebitiçre ykdysady hyzmatdaşlygyň we durmuş-medeni, ylmy-tehniki ösüşiniň dürli jähtleri boýunça özara kömek ýoly bilen sebitiň döwletleriniň integrasiýasynyň halkara hojalyk gatnaşyklar ulgamyna yzygiderli we tapgyrlaýyn girmegi bolup durýar. YHG-niň sebitiniň söwda-ykdysady we ylmy-medeni hyzmatdaşlygyny ösdürmekde uly mümkinçilikleri bardyr. Guramanyň halkara ähmiýeti ösýär. Emma şunuň bilen birlikde YHG henize çenli öz maksatlaryny amala aşyrmak boýunça birnäçe kynçylyklara duş gelýär. Geçen ýyllarda agza ýurtlar sebitleýin ösüşiň depginini ýokarlandyrmak üçin hyzmatdaşlyk alyp bardy. Medeni we taryhy umumylyklardan başga-da, agza döwletler bar bolan düzüm gurluşyny we iş gatnaşyklaryny ulanmaklygy başardylar. YHG hyzmatdaşlygyň birnäçe öňdebaryjy ulgamlaryndaky taslamalaryň başlangyçlary, şol sanda energetika, ulag, söwda, oba hojalyk, we neşe serişdelere garşy göreş bilen çykyş etdi. Guramanyň esasy ykdysady işleri ýylda iki gezek geçirilýän YHG-niň döwlet baştutanlarynyň ýygnagynda bellenilýär. Ýygnaklarda YHG-niň syýasatynyň we geljek üçin wajyp işleriň amala aşyrylmagynyň şertlerine seredilip geçilýär. Bu ýygnaklar sebitleýin häsiýete-de

ähli umumy häsiýete-de eýe bolan dürli meseleler boýunça pikirleriň alyş-çalyş forumy bolup hem çykyş edýär. YHG-niň Serkretariatynyň agza döwletleriň gatanjy arkaly emele gelen merkezleşdirilen býujeti bar. 2004-nji ýyla çenli býujetiň emele gelmeginiň şu görnüşi ulanylýardy: 75% gatançlary deň paýlamak esasynda esaslandyryjy döwletler (Eýran, Türkiýe, Pakistan) galan 25% täze goşulan döwletleriň gatançlary. 2005-nji ýylyň ýanwar aýyndan başlap býujetiň emele gelmeginiň täze görnüşi girizildi: 66% we 34% gatnaşykda. Şunuň bilen birlikde Gazagystanyň gatançlarynyň paýy ýokarlandy we 16%-e barabar boldy (YHG-niň esaslandyryjylaryndan soň 4-nji ýerde). YHG-niň Sekretariatynyň başlygy 3 ýyl möhletli Ministrler Geňeşi tarapyndan saýlanylýan, YHG-niň tertipnamasyna laýyklykda gaýtadan saýlanyp bilmeýän Baş Sekretardyr. Ol guramanyň iň esasy we ýokary ýolbaşçysy bolup, ol Ministrler Geňeşiniň öňünde guramanyň ähli işleri boýunça jogap berýär we ol ilçi wezipesine eýedir. Ol ähli geňeşleriň ýygnaklaryna gatnaşýar we şol geňeşleriň onuň üstüne ýüklän başga wezipelerini hem ýerine ýetirýär. YHG-niň halkara işgärler düzümi şulardyr: Baş sekretar, Baş sekretaryň 3 orunbasary, 6 direktor, direktorlaryň 3 kömekçileri we beýleki hünärmenler we tehniki-dolandyryjy işgärler.

***YHG-niň guramaçylyk düzümi:***

– Daşary işler ministrleriniň Geňeşi – guramanyň syýasatyny kesgitleýän we çözgütleri kabul edýän esasy edara. Geňeş daşary işler ministrlerinden ybaratdyr. Daşary işler ministrleriniň Geňeşine ýylda hökman bir gezek ýygnanylýar.
– Hemişelik wekilleriniň Geňeşi Daşary işler ministrleriniň çözgütleriniň we syýasatynyň amala aşyrylmagyna jogap berýän, hemişe hereket edýän edaradyr. Onuň düzümine YHG-niň Sekretariatynda tassyklanan hemişelik wekiller/ ilçiler girýär. Hemişelik wekiller Geňeşiniň ýygnaklary aýda bir gezek geçirilýär.
– Sebitleýin meýilnamalaşdyryş Geňeşi YHG-niň agza döwletleriniň döwlet meýilnamalaşdyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan ýa-da başga-da bu döwletleriň döwlet edaralarynyň

ýa-da hökümetleriň adyndan çykyş edýän ygtyýarlykly wekillerden ybaratdyr. Sebitleýin meýilnamalaşdyryş Geňeşi Guramanyň öňünde durýan meseleleri amala aşyrmak üçin işlenilip düzülýän taslamalaryň durmuşa geçirilmegine jogap berýär.

– YHG-niň Sekretariaty YHG-niň işiniň monitoringini amala aşyrýar we utgaşdyrylmagyny üpjün edýär, şeýle hem YHG-niň tassyklanan meýilnamasynyň çaklerinde çäreleriň guramaçylygyna we geçirilmegine jogap berýär. Serkretariatyň baş kabulhanasy Tähranda ýerleşýär.

YHG-niň işjeňligi Baş sekretaryň we onuň orunbasarlarynyň gözegçiliginde bolan ýolbaşçy düzümler arkaly amala aşyrylýar. Ol şu aşakdaky ulgamlardaky maksatnamalara we taslamalara seredýär we işläp düzýär:

- söwda we maýa goýumlar;
- ulag we telekommunikasiýa;
- energetika, mineral serişdeler we daşky gurşawy goramak;
- oba hojalyk, senagat we syýahatçylyk;
- adam serişdeleri we durnukly ösüş;
- taslamalaýyn we ykdysady barlaglar, statistika;
- halkara gatnaşyklar.

1992–2002-nji ýyllarda YHG şol wagt göz öňüne tutan ähli maksatlaryna ýetdi. YHG-niň agzalary söwda ulgamyndaky birnaçe çäreleri geçirdiler, şol sanda 2000-nji ýylyň martynda gol çekilen YHG hyzmatdaşlygynyň çäkleýin ylalaşygy, şeýle-de 2004-nji ýylda kabul edilen YHG-niň söwda ylalaşygy kabul edildi.

Şeýle-de guramanyň çäklerinde sebitleýin institutlaryň altysyny döretmek baradaky resminamalara hem gol çekildi: söwda we ösüş banky, täzeden ätiýaçlandyryş kompaniýasy, gämi Kompaniýasy we awiakompaniýa, söwda-senagat edarasy, ätiýaçlandyryş kolleji we üç sany ýöriteleşdirilen gulluklar: medeniýet instituty, ylmy fond we YHG-niň bilim instituty. 2005-nji ýylda Astanada YHG-niň Ministrler Geňeşiniň çözgüdi bilen sebitleýin institut derejesi Maslahat beriş inženerçilik kompaniýasyna berildi.

Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň maksatlary:
– agza ýurtlarynyň durnukly ösüşi;
– söwda çäklerini aýyrmak we sebitiçre söwda ýardam bermek;
– YHG-niň sebitiniň dünýä söwdasyndaky ornuny ýokarlandyrmak;
– agza döwletlerini biri-biri we dünýä bileleşigi bilen baglanyşdyrýan ulag we kommunikasiýa düzüm gurluşyny ösdürmek;
– ykdysady erkinleşme we hususylaşdyrmak;
– jemlemek we YHG-niň sebitiniň maddy baýlyklaryny ulanmak;
– YHG-niň sebitiniň oba hojalyk we senagat mümkinçiliklerini netijeli ulanmak;
– neşe serişdelerini gözegçilikde saklamak, ekologiýany we daşky gurşawy goramak hem-de YHG-niň sebitiniň halklarynyň taryhy we medeni gatnaşyklaryny berkitmek boýunça sebitleýin hyzmatdaşlyk;
– halkara we sebitleýin guramalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk.

1994–2012-nji ýyllar aralygynda YHG-niň agza döwletleriniň özara söwdasynyň umumy möçberi ýokarlandy. Diňe iki onýyllygyň içinde YHG döwletleriniň importy 1994-nji ýylda 55,6 milliard dollardan 2012-nji ýylda 428,6 milliard dollara çenli galdy, eksporty bolsa 54,5 milliard dollardan 436,9 milliard dollara çenli galdy.

YHG sebitinde umumy haryt dolanyşygynyň möçberi 2007--nji ýylda 511,5 milliard dollarda çenli köpeldi, 2008-nji ýylda bolsa 585,84 milliard dollara ýetdi. Agza döwletleriň söwdasynyň sebitiçre möçberi 2008-nji ýylda 33 milliard dollara ýetdi, bu bolsa dünýä söwdasynyň 6%-ne deň boldy.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde 13 duşuşyk geçirildi. Soňkusy bolsa 2017-njji ýylyň 1-nji martynda Yslamabatda geçirildi. Ýygnaga gatnaşyjylar YHG-niň sebitiniň ähli ykdysady meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar, YHG-niň sebitiniň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin YHG-niň durmuş, ykdysady, düzüm gurluş we geljek üçin wajyp ulgamlardaky hyzmatdaşlygy berkitmek me-

selelesini ýada saldylar. Bu maslahata Hytaýyň myhman hökmünde çagyrylmagy uly ähmiýete eýedir. Pekiniň YHG sebitine bildirýän gyzyklanmasy Hytaý we YHG-niň agza ýurtlarynyň arasyndaky geljekki gatnaşyklara uly umyt berýär. Maslahatyň dowamynda ähli agza ýurtlar Pakistan-Hytaý geçelgesine goldaw berýändigini nygtadylar.

***YHG-niň işiniň esasy üstünlikleri şu aşakdakylardyr:***

1) *Hyzmatdaşlygyň hukuk-ylalaşyk özeniniň emele gelmegi*
   Agza döwletleriniň arasyndaky deňhukukly köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmek üçin YHG işiniň dowamynda giň hukuk – ylalaşyk özeni emele geldi, ol 60 sany deklarasiýany, şertnamalary, ylalaşyklary, düzgünnamalary, protokollary we memorandumlary öz içine alýar.
2) *Ulag we kommunikasiýa ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň ösüşi*
   YHG-niň geljek üçin wajyp ugurlarynyň biri ulag we kommunikasiýa ulgamlaryndaky hyzmatdaşlykdyr. Şu hyzmatdaşlyk boýunça kabul edilen resminamalar şulardyr:

– ulag düzüm gurluşynyň ösüşiniň esasy meýilnamasy (Almaty meýilnamasy 1993 ý.), ol YHG-niň ulag ulgamynyň ösüşi baradaky ilkinji resminamadyr;
– on ýyl möhletli YHG-niň ulag we kommunikasiýa ulgamlarynyň işiniň maksatnamasy (1998–2007 ý.)
– alty ýurduň arasyndaky demir ýol dolandyryş edaralarynyň memorandumy (2001), Transaziýa magistraly boýunça ýolagçy ýolunyň açylmagy Almaty–Daşkent–Türkmenabat–Tähran–Stambul;
– YHG sebitiniň ulag ulgamynyň iň esasysy demir ýol ulagydyr, ol ýük dolanyşygynyň 80%-ni we ýolagçy gatnadylyşynyň 50%-ni amala aşyrýar. Guramanyň esasy işleriniň biri demir ýol kommuniksiýalarynyň täzelenmegi we ösüşi bolup durýar.
– Türkiýede 420 *km* uzynlygy bolan Stambul–Ankara bölegi doly derejede elektrikleşdirilen we dispetçer enjamlary bilen üpjün edilen. Ýolagçy otlularyň hereketiniň tizligi 260 *km/s*.
– Eýranda türk serhedinden Tähranyň üsti bilen, soňra bolsa Maşada çenli böleginiň durky täzelendi we doly elektrikleşdirildi. Otlularyň tizligi 240 *km/s*.

– Türkmenistan–Eýran serhedinde Tejen–Sarahs–Maşat geçelgesi işe girizildi.
– Gazagystanda Dostluk–Gorgan (Eýran) demir ýolunuň gurluşynyň taslamasy amala aşyryldy. Onuň ýoly Aktokaýdan, Žezkazgandan we Beýneýden we soňra bolsa Türkmenistan bilen Eýran serhedinden Gorgan nokadyna çenli geçdi. Ýük geçirijiliginiň möçberi magistral boýunça 100 million t/ýylda.
– optiki-süýüm ugrunyň uzynlygy 2500 *km* deň bolan günbatar böleginiň gurluşygy amala aşyryldy. Bu bolsa Günorta-Gündogar Aziýanyň we Ýewropa döwletleriniň arasynda üstaşyr kommunikasion geçelgesiniň has hem gysga ýol boýunça guralmagyna mümkinçilik berdi.

YHG döwletleri tarapyndan sebitiň daşary söwda işini sazlaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Bu ulgamda esasy resminamalaryň 4-siniň baglaşylmagy hyzmatdaşlygyň gazanan üstünlikleriniň biridir. Olar:

- Üstaşyr söwda baradaky ylalaşyk (1995), YHG-niň üstaşyr döwletleriniň arasynda haryt daşamagy we söwdanyň şertlerini gowulandyrmagy maksat edindi;
- Söwda hyzmatdaşlygy barada ylalaşyk (2000), söwda çäklendirmeleriniň peselmegini göz öňüne tutdy;
- YHG-niň Söwda ylalaşygy ECOTA (2003), bu ylalaşykda tarif we tarif däl çäklendirmeleriň azaldylmagynyň we aýrylmagyň has giň çäreleriniň sanawy;
- ECOTA ylalaşygyna goşmaça protokol (2005).

YHG-niň çäklerinde öňde durýan esasy meseleleriň biri nebiti daşamak, nebiti gaýtadan işlemek we elektrik geçiriji torlaryň ösüşidir.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda 15-den gowrak dürli sebitleýin we halkara guramalar bilen gatnaşyklary berkitmek boýunça işler alnyp barylýar.

1995-nji ýylda gurama BMG-niň synçy guramasy wezipesi berildi, bu bolsa BMG-niň beýleki institutlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge mümkiçilik berýär. BMG-niň ösüş maksatnamasy (UNDP) bilen ylalaşyk wajyp taslamalary amala aşyrmak üçin we guramanyň umumy işini işjeňleşdirmek üçin maýa goýujylary özüne çekýär.

YHG şeýle hem Bütindünýä gümrük guramasy, Yslam Konferensiýa Guramasy, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň assosiasiýasy (ASEAN) bilen hyzmatdaşlygy alyp barýar. YHG-niň halkara guramalar bilen gatnaşygy onuň ähmiýetini has-da ýokarlandyrdy we birnäçe taslamalaryň maliýe serişdeleri bilen üpjün edilmegine mümkinçilik berdi.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy eýýäm 33 ýyllap hereket edýär. Bu ýyllaryň içinde YHG özüni işjeň we ösýän gurama hökmünde tanatdy. YHG öz maksatlaryna ýetmek üçin gaty çalt hereket edýär. YHG sebitiniň örän uly geljegi bardyr, şonuň üçin hem YHG döwletleriniň maksatlaryna ýetmek üçin YHG sebitiniň we galan dünýäniň kommunikasiýasyny, durmuş-ykdysady ulgamyny, düzüm gurluşyny we medeni gatnaşyklaryny has hem gowulandyrmak mümkinçiligini döretmeli. YHG ýurtlaryna sebitiň içindäki çaknyşyklary çözmek, terrorizme garşy göreşi alyp barmak we howpsuzlygyň derejesini ýokarlandyrmak, ykdysady, durmuş, syýasy meseleleri çözmek zerurdyr.

# XII TEMA

# AFRIKA YKLYMYNDAKY INTEGRASIÝALAR

## 12.1. Günbatar Afrikada ykdysady integrasiýa. Günbatar Afrika döwletleriniň ykdysady integrasiýasy (EKOWAS)

Günbatar Afrika döwletleriniň ykdysady bileleşigi EKOWAS 1975-nji ýylyň 28-nji maýynda döredildi. Ylalaşyga gol çekenler: Benin, Burkina-Faso, Kot-d'Iwuar, Ýaşyl Burun Adalary (Kabo Werde), Gambiýa, Gana, Gwineýa, Gwineýa-Bisau, Liberiýa, Mali, Mawritaniýa, Niger, Nigeriýa, Senegal, Sierra-Leone, Togo, 1999-njy ýylda Mawritaniýa EKOWAS-yň düzüminden çykdy.

EKOWAS-a dünýäniň iň garyp döwletleri girýärler. Birligiň ähli döwletleriniň önümçilik binýatlary pes we köp ýa-da az derejede çig

maly eksport edijiler we taýýar senagat önümi import edijiler bolup durýarlar, şol sanda azyk önümlerini we durmuş ähmiýetli halkyň sarp edýän harytlaryny hem import edýärler. Önümçilik düzümleri biri-biriniňkiden düýpli tapawut edýär.

Azyk meselesi EKOWAS döwletleriniň ykdysady ösüşinde aýratyn orna eýedir. Onuň çözgüdi EKOWAS döwletleriniň ählumumylaşma şertlerinde ykdysadyýetleriniň durnukly ösüşine ýetmekde we durmuş-ykdysady howpsuzlygy üpjün etmekde iň wajyp şert bolup durýar.

EKOWAS Afrika bilen dünýäniň beýleki yklymlarynyň arasyndaky söwda-ykdysady arabaglanyşykda uly orun tutýar. Bu ýerde möçberi boýunça uly tebigy baýlyklaryň bolmagy – ýangyç-energetika, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň dürli görnüşleri, şeýle-de amatly agro-klimat şertleri we ýol-ulag-geografik ýerleşişi önümçiligiň we EKOWAS döwletleriniň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegi üçin esas bolup biler.

Ilatyň köplügi we gorlara baýlygy sebäpli, Nigeriýa sebitiň esasy bazary hasap edilýär, bu bolsa ol ýere Ýewropadan, Amerikadan, Aziýadan we Afrikadan hyzmatdaşlary çekýär. Ýöne muňa garamazdan, Nigeriýa dünýäniň iň garyp 25 döwletiniň arasyna girýär. Şol bir wagtyň özünde Günbatar Afrika sebiti harytlar we hyzmatlar üçin giň bazar bolup durýar (sebitiň ýaşaýjylarynyň dörtden bir böleginden gowragy), ýöne şonda-da EKOWAS-yň JIÖ-niň umumy jemi köp däldir.

Günbatar Afrika döwletleriniň ilatlary garyndaş etnoslardan emele gelýärler, olaryň umumy medeniýeti we däpleri bar, bu bolsa olaryň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynda bolmaklaryny, özara gatnaşyklaryny ösdürmeklerini we daşary dünýä bilen gatnaşykda bilelikde hereket etmeklerini şertlendirýär. Hut şu sebäpden hem EKOWAS bileleşigi döredildi.

Düzgünnamasyna laýyklykda, onuň esasy wezipesi hojalyk işleriniň ähli ugurlarynda, esasan hem, senagatda, ulagda, energetikada, oba hojalykda, tebigy baýlyklarda (şol sanda suwda), söwdada, telekommunikasiýada, maliýede, jemgyýetçilik we medeniýet pudaklarynda bir-biriňe ýardam bermekden ybarat bolup durýar.

EKOWAS-yň esasy maksady – aýry-aýry milli haryt we hyzmat, maýa goýum we zähmet bazarlarynyň, umumy Bileleşik üçin hem-de agza döwletleriň aýratynlykda sazlaşykly we durmuş-ykdysady ösüşi üçin birleşdirilmeginden ybarat. Bileleşigiň agzalary üçin özüniň ykdysady we durmuş ösüşlerini çaltlaşdyrmak, öz halklarynyň durmuş şertlerini ýokarlandyrmak gerek diýip ylalaşykda aýratyn bellenilýär, bu bolsa ykdysady mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegini we bu işe her bir döwletiň gyzyklanmasynyň bolmagyny talap edýär.

EKOWAS döwletleriniň Günbatardan garaşlylygyny peseltmegiň zerurlygy saklanyp, munuň üçin serişdeleriň täzeden paýlanmagy, işçi güýjüniň we maýa goýumlarynyň sebitiň çäklerinde erkin hereket etmegini üpjün edip, aratapawudy peseltmekligi göz öňünde tutýar.

Baknaçylyk ulgamdan miras galan gümrük, pul-maliýe, dil we beýleki päsgelçilikleri aýyrmak çärelerine aýratyn üns bermek göz öňünde tutulýar we şonuň esasynda integrasiýa gatnaşyjy döwletler 15 ýylyň içinde umumy bazara ýetmegi maksat edinýärler.

Öňde goýlan maksada ýetmek üçin EKOWAS-yň agza döwletleri aşakdaky uzak möhletli wezipeleri öňe sürdüler:

- ykdysady birlige alyp gelýän ähli taraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek;
- tebigy çeşmeleriň hereketlendirilmegi;
- sebitiň döwletleriniň ösüş derejelerini deňlemek;
- 15 ýylyň dowamynda tapgyrlaýyn umumy Afrika bazaryny döretmek;
- bilelikdäki ykdysady syýasaty ýöretmek, hyzmatdaş döwletleriň ösüş meýilnamalaryny sazlaşykly etmek;
- sebitde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek.

Orta möhletleýin döwür üçin meýilleşdirilen işler:

- eksport we import boýunça, tarif we tarif däl päsgelçilikleri azaltmak arkaly toparyň içindäki söwdänyň ösdürilmegi, hyzmatdaş ýurtlaryň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn söwda gepleşikleriniň arassalaýyş we monitoring bilen baglanyşykly gümrük işleriniň ýeňilleşdirilmegi we tizleşdirilmegi;

- ýeke-täk daşary gümrük tarifiniň bellenilmegi we üçünji döwletlere degişli ýeke-täk syýasatyň girizilmegi arkaly gümrük birligini emele getirmek; sebitiçre bäsdeşlik syýasatynyň ýöredilmegi;
- EKOWAS-a integrasiýanyň işi bilen meşgul bolýan hyzmatdaş döwletlerden degişli ýygymlaryň derejeleriniň we öwez tölegleriniň tölenilişiniň üstünden gözegçilik etmek ygtyýaryny bermek;
- gümrük we salgyt kadalaşdyrmalaryny sazlamak.

Sebitleýin ykdysady integrasiýa ýetilmeginiň çäklerinde yzygiderli tertipde gysga möhletli bileleşme meseleleri hem belli edilýär. Olar, köplenç ýagdaýda, dürli pudaklardaky: senagatdaky, oba hojalykdaky, ulagdaky, telekommunikasiýadaky, energetikadaky, tebigy baýlyklardaky, söwdadaky, maliýedäki, şeýle-de durmuş we medeni pudaklardaky hyzmatdaşlygy öz içine alýar.

EKOWAS-yň iň ýokary Geňeşi – döwlet we hökümet baştutanlarynyň Maslahaty (ýylda bir gezek geçirilýär, başlyk agza ýurtlardan gezekleşmek esasynda saýlanylýar).

Ministrler Geňeşi (EKOWAS Mejlisi) ýylda iki gezek, şol wagtdaky iň wajyp meseleleri seljermek üçin ýygnanyşýar, her döwlet onuň düzümine iki wekil belleýär.

Hemişelik dolandyryş we ýerine ýetiriji Geňeş – Sekretariat Ministrler Geňeşine hasabat berýär. Baş kabulhanasy Logos şäherinde (Nigeriýa) ýerleşýär. Bileleşigiň Tribunaly, söwda boýunça, gümrük, immigrasiýa, pul-maliýe, senagat, oba hojalyk we tebigy baýlyklar meseleleri, ulag, telekommunikasiýa we energetika, medeniýet we durmuş üpjünçilik boýunça ýöriteleşdirilen komissiýalary döredilendir, Günbatar Afrika hasaplaşyk edarasy döredildi (degişli söwda amallary boýunça özara hasaplaşyk geçirmekde agza döwletleriň pul birliklerini ulanmagy höweslendirmek üçin döredildi).

Ykdysady we Maýa goýum ösüş banky hereket edýär. EKOWAS çäklerinde hyzmatdaşlyk, öwezini dolmak we ösüş Gaznasy(FKKD) döredildi, onuň baş kabulhanasy Lome (Togo) şäherinde ýerleşýär.

Hyzmatdaşlyk, öwezini dolmak we ösüş Gaznasynyň işleriniň arasynda erkin söwda zolagynyň döredilmegi sebäpli, paç peselt-

mek esasynda emele gelen ýitgileriniň öwezini dolmak, bilelikdäki obýektleriň gurluşyklaryny maliýeleşdirmek we ş.m. bar.

Hünärmenleriň pikirine görä, EKOWAS-yň iň uly kemçiligi – bu çözgütleriň işlenilip taýýarlanylmagy boýunça geňeşiň ýoklugy, bu ýagdaý beýan edilen maksatlaryň başdan başa barmanlygy esasynda ýüze çykýar; mundan başga-da onuň ululygy we gymmat bahaly häsiýeti öňde goýlan maksatlaryň durmuşa geçirilmegine köplenç ýagdaýda päsgelçilik döredýär.

EKOWAS-yň çäklerinde ykdysady integrasiýanyň aşakdaky ugurlary boýunça işler durmuşa geçirilýär:

- sebitleýin söwdanyň erkinleşdirilmegi, EKOWAS gümrük bileleşiginiň we umumy bazaryň emele getirilmegi;
- raýatlaryň we maýa goýumyň erkin hereket tertibiniň ýola goýulmagy;
- energetika, dag gazyp alyş senagaty we ýol gurluşyk pudaklarynda bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi;
- maliýe we pul gatnaşyklarynda netijeli hyzmatdaşlyk ulgamynyň döredilmegi.

Söwdanyň ösdürilmegi we erkinleşdirilmegi EKOWAS-yň çäklerinde integrasion hyzmatdaşlygynyň iň esasy ugrudyr. 1990-njy ýylda Bileleşik tarapyndan EKOWAS-yň çäklerinde söwdanyň erkinleşdirilmegi boýunça Maksatnama kabul edildi, ol gümrük çäklendirmeleriniň tapgyrlaýyn peseldilmegini we soňunda ýatyrylmagyny göz öňünde tutýar, şol sanda käbir harytlar üçin gümrük paçlarynyň azaldylmagyny we senagata degişli bolmadyk harytlar üçin gümrük tarifleriniň ýatyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ýöne bellenen möhletlerde, meselem, Nigeriýa diňe serhetlerdäki gümrük nokatlarynyň sanyny azaltmak başartdy; araçägi geçmekde hyýanatçylyk we bikanun geçişleriň sany azalmady diýen ýaly. Sebitiň beýleki döwletleriniň köpüsine-de bellenilen möhletlerde maksatlara ýetmek başartmady.

1990-njy ýyllarda EKOWAS döwletleriniň arasyndaky özara söwda janlandy. 1990-njy ýylda çig mallaryň we senetkärçilik önümleriniň köpüsi üçin içki tarifler aýryldy, şol wagtda hem senagat harytlaryna bolan tarifleriň yzygiderli peselmegi bolup geçdi.

1990-njy ýylda gümrük bileleşigini emele getirmek boýunça söwdany erkinleşdirmegiň Maksatnamasy durmuşa geçirildi we özara üpjün edilýän harytlar üçin gümrük paçlary 80% ýatyryldy, ýöne gatnaşyjylaryň arasyndaky içerki söwda dolanyşygy 2005-nji ýylda yzygiderli ösmek bilen gara bazaryň we alyp satarlaryň söwdasyny hasaba almanyňda 10%-den az boldy. Daşary söwdanyň esasy bölegi Ýewro zolagyň paýyna düşýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklar Günbatar Afrika döwletleri üçin diýseň ähmiýetli orna eýedir. Sebitiň içindäki 8 döwletde daşary söwda ugurlary boýunça döwletleriň JIÖ-leriniň 20%-den gowrak bölegi durmuşa geçirilýär. Iň ýokary eksport çäklendirmesi bolan Günbatar Afrika döwletlerine şular degişlidir: Kot-d’Iwuar (eksport çäklendirmesi – 49,8%), Mawritaniýa (eksport çäklendirmesi – 47,7%)), Nigeriýa (eksport çäklendirmesi – 45,3%), Niger (eksport çäklendirmesi – 28,6%), Gana (eksport çäklendirmesi – 27,5%) we Gwineýa (eksport çäklendirmesi – 27,1%).

Günbatar Afrika döwletleriniň eksporty çig mal häsiýetine eýedir. Şunda sebitiň içindäki döwletler üçin onuň haryt jemlenmesiniň örän ýokary derejeli häsiýetleri bar. Meselem, Nigeriýanyň eksportynyň 96%-i nebit, Nigeriň eksportynyň 59%-i uran. Sierra Leonanyň eksportynyň 50%-i almazlaryň çykarylmagy esasynda emele gelýär. Mawritaniýanyň eksportynyň 40%-i demir magdany, Gwineýanyň eksportynyň 70%-den gowragy boksitleriň, alýuminiň, altynyň we almazyň çykarylmagynyň esasynda emele gelýär. Gananyň daşary ýurt pul çeşmeleri – altynyň we kakao-kösükleriniň eksportynyň hasabyna emele gelýär, bu bolsa dünýä eksport mukdarynyň 2/3 bölegini emele getirýär. Bileleşigiň esasy eskport harytlary boýunça dünýädäki orunlary: kakao-kösükleriň eksporty boýunça dünýäde 1-nji ýer; palma ýagy we kauçuk önümçiligi we eksporty boýunça dünýäde 2-nji ýer; kofe önümçiligi we eksporty boýunça dünýäde 3-nji ýer.

Dag gazyp alyş senagatynyň iň uly pudagy bu nebitiň (günlük 2 million barrel töweregi) we gazyň alynmagydyr, bu Bileleşigiň daşary ýurt puly girdejisiniň 65%-ni emele getirýär. Günbatar Afrika döwletleriniň daşary söwdasyny ösdürmek mümkinçiligi gönüden-göni olaryň haryt eksportyny köpugurly ösdürmek bilen baglanyşyklydyr.

2004-nji ýylyň dekabr aýynda Nigeriýa–Togo–Benin–Gana nebit geçirijisiniň gurluşygy başlandy, onuň gatnaşyjy ýurtlar üçin hem umumy Bileleşik üçin hem ähmiýeti uludyr. EWOKAS-da gaz we nebit geçirijileriniň gurluşygy eýýäm birnäçe ýyl bäri alnyp barylýar. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Nigeriýanyň energiýa daşaýjylaryny Benin, Togo we Gana eltmäge mümkinçilik berer. Bu sebitleýin tor Günbatar Afrikanyň ösüp gelýän bazarlaryny arassa we gymmat bolmadyk energiýa daşaýjylar bilen üpjün eder, bileleşigiň ykdysady integrasiýasynyň ösmegine goşant goşar.

Ulag – ählumumy we sebitleşme hereketlerindäki esasy ýagdaý, integrasion ösüşleriň girewidir. Şol sebäpden ýokary netijelilikdäki ulag torunyň Gwineýa aýlagynda gurulmagy EKOWAS-yň göz öňünde tutýan maksatlarynyň biri bolup durýar. EKOWAS-yň gury ýer ulag tory pes derejede ösendir. Bu döwletleriň ulag ulgamlarynyň ejiz ýeri gurlup gutarylmadyk ýollar bolup durýar, olaryň jemi uzynlygy 1500 *km* töweregidir. Uly mümkinçilikleri bolan demir ýollaryň gurulmagyna degişli taslamalar taýýarlanýar (Atlantikanyň kenary boýunça Lagosdan Dakara çenli, Abidjandan Dakara çenli, Bamakonyň üsti bilen Uagadugudan Niameýa çenli).

EKOWAS-yň işleriniň arasynda sebitiň içinde parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjünçiligine wajyp orun degişlidir. Esasy üns «gyzgyn nokatlardaky» ýagdaýlaryň kadalaşmagyna, çaknyşyklaryň öňüniň alynmagyna, serhedüsti jenaýatçylyk bilen göreşe we atyş ýaraglarynyň bikanun ýaýramagynyň öňüniň alynmagyna berilýär.

EKOWAS döwletleriniň integrasiýasynyň, aýratyn hem, söwda aragatnaşyklarynyň ösmegini kynlaşdyrýan ýagdaýlaryň biri hem, olaryň özara gatnaşyklarynyň pul-maliýe ýagdaýy bilen baglanyşyklylygydyr. Şol sebäpden toparyň döremeginiň ilkinji ýyllaryndan başlap, pul birligi we karz pudaklaryndaky hyzmatdaşlyga aýratyn üns berildi.

Umuman, EKOWAS döwletleri 10 sany pul birligini ulanýarlar. Şunda Bileleşigiň 10 sany fransuz dilde gepleýän döwletlerinden 7-si dolanyşykda Günbatar Afrika Pul Goşulyşmasynyň frankyny ulanýarlar. 5 iňlis dilinde gepleýän döwletleriň her biri we Ýaşyl Burun Adalary (portugal dili) öz pul birliklerini ulanýarlar.

1975-nji ýylda özara hasaplaşyklar meselesini çözmek üçin, gatnaşyjylaryň birnäçe pul birlikleriniň bolmagy bilen baglanyşykly Günbatar Afrika hasaplaşyk edarasy döredildi. Häzirlikçe sebitleýin ykdysady birleşme derejesini hasaplaşyk ulgamynyň kämilleşdirilmegi arkaly ýokarlandyrmak meýli garaşylan netijeleri bermedi, emma taraplar çözgüdiň gözlegini dowam edýärler.

## 12.2. Merkezi Afrika döwletleriniň pul we ykdysady hyzmatdaşlygy

Merkezi Afrika döwletleriniň pul we ykdysady hyzmatdaşlygy (SEEAC), öz içine 10 döwleti we 100 milliondan gowrak ilaty alýar: Angola, Burundi, Kamerun, Merkezi Afrika Respublikasy, Kongo Respublikasy, Kongo Demokratik Respublikasy, Çad, Ekwatorial Gwineýa, Gabon, San-Tome we Prinsipi. Integrasiýany döretmek boýunça ylalaşyk 1983-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda Librewilde (Gabon) baglaşyldy, 1985-nji ýylda bolsa güýje girdi, ilki Bileleşigiň hataryna Ruanda hem girýärdi, ýöne ol 2007-nji ýylda Bileleşikden çykdy.

Resmi taýdan 1985-nji ýyldan bäri hereket edýän Bileleşik agza bolan döwletleriň maliýe kynçylyklar (gatnaşyjy agzalaryň agzalyk töleglerini tölemezlikleri) we Beýik Köller sebitindäki çaknyşyklar sebäpli kesgitli döwrüň dowamynda yzygiderli işjeňlik görkezmedi. Kongo D.R.-da bolan söweş, Ruanda we Angolanyň arasyndaky gapma-garşylyklar hem ýurtlaryň arasyndaky garşylyklary ýokary derejede güýçlendirdi.

SEEAC-a degişli döwletleriň dürli sebitiçre guramalara «çatryklaýyn» agzalyklary bölüji ýagdaý däl-de, umumy Afrika bileşigini döretmeklige başlangyç diýlip hasaplanylýar. Hünärmenleriň pikirine görä, Angola, Ruanda, Burundi, Kongo Demokratik Respublikasy Merkezi, Günorta we Gündogar Afrikanyň arasynda özboluşly «köpriniň» ornuny ýerine ýetirýärler. Bir wagtda birnäçe gurama agza bolmak döwletler üçin Afrika yklymynda hyzmatdaşlyk mümkinçilik-

lerini doly ulanmaga rugsat berýär. Integrasion birleşmeler döwletler boýunça-da, ýyllar boýunça-da uly durmuş-ykdysady tapawutlanmalar bilen häsiýetlendirilýär.

Merkezi Afrika döwletleriniň köpüsi üçin esasy ykdysady pudak oba hojalyk bolup durýar, onda sebitiň hususy işjeň ilatynyň uly bölegi işleýär, jemi milli önümiň jeminiň uly bölegi öndürilýär. Merkezi Afrika döwletleriniň köpüsi üçin oba hojalyk önümleri eksportynyň uly bölegini emele getirýär we daşary ýurt girdejisiniň esasy böleginiň gelmegini üpjün edýär.

Merkezi Afrika döwletlerinde durmuş meseleleriniň köpüsi adam başyna düşýän pes girdeji, zähmet öndürijiliginiň pes netijeliligi, ýygnalan baýlyklaryň, fiziki we adam maýalaryna bolan islegiň we maýa goýumlarynyň çäkliligi sebäpli ýiti häsiýete eýe. Şol bir wagtda bu ýerde ilatyň artyş derejesi örän ýokary bolup 2,7%-e deň, ösen döwletlerde bu görkeziji 0,7%-e deň. Bu bolsa döwletleriň ykdysady ösüşine täsir edýän özboluşly demografik meseleleri döredýär, ýagny önümçilige, işsizlige we bazaryň düzümine täsir edýär.

Döwlet we sebit derejesinde esasy çözülmedik meselelere aşakdakylar degişli:

- azyklaryň esasy görnüşleri boýunça öz-özüňi üpjün etmegiň pes derejesi;
- oba hojalyk önümçiliginiň ösdürilmegine degişli ykdysady çäreler toplumynyň taýýarlanmagy;
- milli azyk ätiýaçlyklarynyň emele getirilmegi (esasan hem bugdaý);
- daşary söwda işiniň durnuklaşdyrylmagy;
- bileleşigiň iň pes goralan bölekleriniň azygyň esasy görnüşleri bilen üpjün edilmegi we ş.m.

Merkezi Afrikada ykdysady ösüş tizlikleri we syýasy durnuklylyk mümkinçilikleri ýokary derejede sebitdäki integrasion hereketleriniň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

SEEAC-yň maksady – sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygyň öňe sürülmegi, toparlaýyn garaşsyzlyga ýetilmegi, ilatyň durmuş

derejeleriniň ýokarlanmagy we sazlaşykly gatnaşygyň esasynda ykdysady durnuklylygyň saklanmagy. SEEAC-yň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

- sazlaşykly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň, ähli taraplaýyn ösüş üçin durmuş ykdysady ugurlar boýunça özara goldawlaryň giňemegi we berkemegi;
- SEEAC döwletleriniň arasyndaky söwdada eksport we import boýunça gümrük paçlarynyň we beýleki tölegleriň aýrylmagy;
- gatnaşyjy ýurtlaryň garşylykly söwdalarynda mukdar we beýleki tarif däl çäklendirmelerden boşadylmagy;
- bileleşigiň ýeke-täk daşary gümrük tarifiniň döredilmegi we saklanmagy;
- üçünji döwletler bilen gatnaşykda SEEAC döwletleriniň ýeke-täk daşary ykdysady syýasata eýe bolmaklary;
- SEEAC-a gatnaşyjy döwletleriň arasynda hyzmatlaryň, maýa goýumlarynyň we şahsy taraplaryň hereketindäki çäklendirmeleriň yzygiderli aýrylmagy;
- senagat we oba hojalyk pudaklarynda milli syýasatlaryň sazlaşdyrylmagy, düzüm gurluş, ulag we kommunikasiýa obýektleriniň döredilmegi we ulanylmagy, energetikada baýlyklaryny ulanmak (tebigy, maliýe we adam, olara maýa goýmak bilen birlikde), medeniýet, ylym we tehnika syýasatlarynyň sazlanylmagy;
- özara hyzmatdaşlyk we ösüş gaznasynyň döredilmegi;
- integrasiýanyň has yza galak döwletleriniň ykdysady-durmuş taýdan ösmegine kömek bermek;
- deňze çykalgasy bolmadyk döwletler üçin (Çad, Merkezi Afrika Respublikasy) özara maliýe kömekleriň we ýeňillikli gümrük şertleriniň döredilmegi;
- Merkezi Afrika sebitinde asudalygyň we howpsuzlygyň ýola goýulmagy.

Başgaça aýdylanda, SEEAC döwletleri integrasiýa hyzmatdaşlygynyň ösüşini erkin söwda zolagynyň (ESZ) emele getirilmeginden Umumy bazara çenli çäklerde bolar diýip beýan edýärler.

Şeýle-de döwletler daşary dünýä bilen aragatnaşykda umumy çemeleşmeleriň döredilmegine ymtylýarlar (esasy hyzmatdaş döwletleri, toparlar we guramalar bilen). Uzak möhletli durmuş-ykdysady maksatnama «Afrikanyň ösüşi üçin täze hyzmatdaşlygyň» amala aşyrylmagy boýunça syýasat ýöretmek we onuň ýörelgelerini ýerine ýetirmek barada karar kabul etdi. Öz-özüňi kämilleşdirmek mümkinçilikleriniň ösdürilmegi boýunça Bileleşigiň döwletleri yzygiderlilikde iş alyp barýarlar we integrasiýa hereketleriniň güýçlenmegi üçin zerur şertleri kämilleşdirýärler. Şol bir wagtda Merkezi Afrika döwletleriniň ählisine degişli bolan garyplyk we işsizlik meseleleri bellenen maksatlara ýetmegi kynlaşdyrýar.

## 12.3. Merkezi Afrika pul-ykdysady bileleşigi (SEMAC)

Merkezi Afrikanyň pul-ykdysady Bileleşigi (SEMAC) Merkezi Afrika döwletleriniň söwda-ykdysady bileleşigidir, ol 1994-nji ýylyň mart aýynda Malaboda (Ekwatorial Gwineýa) Merkezi Afrikanyň (UDEAC) gümrük we ykdysady bileleşigi esasynda döredildi. Gatnaşyjy döwletler: Gabon, Kamerun, Çad, Kongo Respublikasy, Ekwatorial Gwineýa, Merkezi Afrika Respublikasy.

UDEAC 1996-njy ýylda Brazzawilde häzir SEMAC-a degişli bolan döwletler tarapyndan esaslandyryldy. UDEAC-yň hereket etmeginiň 25 ýylynyň dowamynda sebitiçre söwda 30 esse köpeldi, ýeke-täk daşary gümrük tarifi girizildi, UDEAC döwletleriniň bilelikde gatnaşmaklarynyň esasynda «fransuz franky zolagynda» Merkezi Afrikanyňyň Pul Bileleşigi döredildi, onuň merkezi guramasy bolsa Merkezi Afrika döwletleriniň Banky bolup durýar. Ol gatnaşyjylaryň ähli üçin töleg serişdesini çykarýar. Şeýle-de UDEAC-yň çäklerinde karz hyzmatdaşlygynyň Merkezi Afrika döwletleriniň galkynyş Banky we jebislik Gaznasy edaralary hereket edýär. Beýleki tarapdan, toparda köp sanly meseleler hem bar, olaryň çözülmegi üçin, hünärmenleriň pikirlerine laýyklykda, guramada çynlakaý özgertmeleriň geçirilmegi zerur bolup durýar.

1994-nji ýylda beýan edilen «Malabiýa beýannamasy» resmi taýdan Merkezi Afrikanyň Ykdysady we Gümrük Bileleşiginiň (UDEAC) ýatyrylýandygyny aňladýardy we Merkezi Afrikanyň pul-ykdysady Bileleşiginiň (SEMAC) sebitiçre derejede esasy ugurlaryny kesgitledi.

Alty döwletiň Merkezi Afrikanyň pul-ykdysady Bileleşigi (SEMAC) 1999-njy ýylda güýje girdi we ykdysady hyzmatdaşlygyň şu esasy ugurlaryny içine alýar:

- pul hyzmatdaşlygy;
- umumy bazaryň we gümrük bileleşiginiň döredilmegi;
- ykdysady syýasatyň sazlaşdyrylmagy;
- maliýe syýasatynyň özgerdilmegi;
- ykdysadyýetiň pudaklary boýunça maksatnamalaryň ylalaşykly ýöredilmegi.

SEMAC-a gatnaşyjy döwletler, takmynan, deň derejeli ykdysady ösüş, umumy durmuş-ykdysady meseleler we medeni dil Bileleşigi bilen häsiýetlendirilýär. Merkezi Afrika döwletleri üçin döwrebap aýratynlyk oba hojalyk önümçiligini ösdürmek zerurlygy bolup durýar.

Bu ykdysady bileleşigiň ösüş meselelerine şulary degişli etmek bolar: döwletleriň ykdysady ösüşiniň dürli derejelerini, düzüm gurluşynyň ösüşiniň pesligi, milli ykdysadyýetleriň köpugurlylygynyň birmeňzeşligi we gowşaklygy, döwletleriň birnäçesinde syýasy durnuksyzlyk. Bileleşigiň maksatlarynyň arasynda Merkezi Afrika döwletleriniň umumy bazaryny tapgyrlaýyn emele getirmek we ösdürmek, şeýle-de hereket edýän bazaryny berkitmek.

Bileleşigiň hereketleriniň esasy ugurlary diýip şular görkezildi:

- SEMAC döwletleriniň gümrük, salgyt we tarif syýasatlary boýunça esasy ugurlaryň, esasan hem, üçünji döwletler bilen tarif meseleleri boýunça ýöredilýän gepleşikler babatynda anyklanmagy we sazlaşykly hereket etmegi;
- agza döwletleriň öz aralarynda umumy syýasatyň we ykdysadyýetiň sazlaşdyrylmagy üçin ýörelgeleriň işlenip taýýarlanmagy;

- SEMAC döwletleriniň arasynda SEMAC ylalaşygyna düşünmekde döreýän soraglaryň we jedelleriň çözülmegi. Ykdysadyýet, gümrük we salgyt pudaklarynda emele gelýän soraglaryň hyzmatdaş döwletleriň milli edaralaryna seljeriş üçin berilmegi;
- Afrika döwletleriniň sebitleýin guramalary bilen hyzmatdaşlyk edilmegi, olar: Merkezi Afrika döwletleriniň Banky (Kamerunda), Merkezi Afrika döwletleriniň ösüş Banky (Kongoda), taslamalary bahalandyrma boýunça sebitiçre köp pudakly tehnologiýa Instituty (Gabonda) we ş.m.;
- halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk – UNDP, Dünýä banky, HPG, FAO, UNESCO, ÝB we ş.m.

UDEAC-yň täzeden işlenip düzülmegi Fransiýanyň gönüden-göni gatnaşmagy we maliýe kömegini bermegi esasynda ýerine ýetirildi. Bileleşigiň binýatlyk guramaçylyk düzümine-de täzelikler girizildi. Döwletleriň üstünden gözegçilik edýän guramalar emele getirildi: Mejlis we Kazyýet. Sekretariatyň ygtyýarlyklary giňeldildi. Onuň ygtyýarlyklaryna işgär almak, agzalaryň arasynda deň derejeli wekilçiligiň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilikli wezipelere bellemek; üçünji taraplar babatynda SEMAC-a wekilçilik etmek (öň bu ygtyýarlyk diňe şol wagtky başlyga degişlidi) degişli. Öz gezeginde esasy geňeşiň (Maslahat) wezipesi indi diňe umumy ugra degişli meseleler bilen çäklendirildi.

SEMAC-yň çäklerinde ýerine ýetirilýän integrasion işleriniň netijeleri kän uly bolmasa-da, kesgitli netijelerdir. Bileleşigiň içinde haryt dolanyşygy mese-mälim, esasan hem, soňky ýyllarda köpeldi. Özara söwdanyň düzümi milli ykdysadyýetleriň önümçilik binýatlarynyň pes derejede köpugurlylygyny häsiýetlendirýär. Bileleşik tarapyndan alnyp-satylýan harytlaryň az görnüşli bölegi (nebit we nebit önümleri, käbir azyk önümleri, gurluşyk materialary) sebit içindäki haryt dolanyşygynyň uly bölegini emele getirýär. Şeýle-de bolsa onuň ýokarlanmagy SEMAC döwletleriniň makroykdysady depginlerine oňaýly täsir etdi, özem bu görkezijileriň ikisi hem öz depginleriniň ýokary derejesini 2000–2010-njy ýyllar aralygyndaky dünýä nebit bazarynyň depginleri arkaly üpjün etdiler.

Integrasion başlangyçlarda bilelikdäki taslamalaryň uly orny bardyr. Mysal üçin, Çad-Kamerun turba geçirijisiniň taslamasy, onuň gurluşygy, takmynan, 3,7 milliard dollara düşer we öz gezeginde iň ireleriň biri bolar. Bu taslama Merkezi Afrikanyň deňze çykalgasy bolmadyk iň garyp döwletleri üçin uly ähmiýete eýedir. Hyzmatdaşlygy alyp barýan döwletleriň serhedüsti aragatnaşyklarynyň ösüşiniň hem uly ähmiýeti bardyr.

Sebitiçre integrasiýa aragatnaşyklaryny haýalladýan esasy kemçilikleriň arasynda şulary görkezmek bolar:

- bileleşigiň ulag we kommunikasiýa düzüm gurluşynyň pesligi;
- pes ykdysady ösüş;
- milli ykdysadyýetleriň gowşaklygy we olaryň dünýä bazaryna, esasan hem, nebit bazaryna garaşlylygy;
- ykdysady taýdan biri-biriňe ýardam bermekligiň gowşaklygy;
- durmuş-ykdysady ösüşlerdäki tapawutlar we netijede SEMAC-yň kenarýakadaky we yklymyň içindäki döwletleriniň ykdysady gyzyklanmalaryndaky tapawutlar;
- güýçli «ösüş çäginiň» ýoklugy (lokomotiw döwlet);

Uly institusional kemçilik hökmünde birnäçe sebitleýin guramalaryň barlygyna garamazdan, olaryň arasynda ylalaşykly aragatnaşyklaryň ýoklugyny görkezmek bolar. Bu bolsa sebitleýin bazaryň böleklere bölünmegine, serişdeleriň ýitmegine we syýasy göreşiň ýitileşmegine getirýär.

Bu meseleler sebitiçre çäkleýin we beýleki gapma-garşylyklar bilen we käbir ýolbaşçylaryň sebitde agalyk edýän orny tutmak islegleri bilen has-da ýitileşýär. Şeýle ýagdaý sebit üçin netijesiz bolan başlangyçlara getirýär.

Mundan başga-da ykdysady integrasiýa daşyndan gelýän howplar abanýar. Mysal üçin, SEMAC döwletleri Nigeriýa, Sudan, Kongo Demokratik Respublikasy we Angola döwletlerindäki çaknyşyklaryň oňaýsyz netijeleri bilen ýüzbe-ýüz bolmaly bolýarlar. BMG-niň halkara Kazyýeti 2002-nji ýylda Kamerunyň (Nigeriýa bilen bolan jedelinde) serhetdäki Bakassi (belki, nebite baý bolup biler) adalaryna hukugynyň bardygyny ykrar etdi. Şeýle-de nebitiň bahasynyň depgi-

ni (peselmegi hem, galmagy hem bolup biler) sebitiň wajyp daşary meselesi bolup, ol gysga möhletde nebiti eksport ediji we import ediji döwletler üçin sebitleýin makroykdysady ölçütlerdäki ýetilen derejeleri we özgerme görkezijilerini howp astyna salýar. Nebit import ediji döwletler üçin bu mesele aýratynlykda töleg balansynyň ýetmezçiliginiň ýokarlanmagy, eksport ediji döwletler üçin bolsa hümmetsizlenme meýli bilen baglanyşykly bolup, milli ykdysadyýetleriň beýleki pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplarynyň peselmegi görnüşinde ýüze çykýar. Şol sebäpden SEMAC sebit derejesinde içerki we daşarky makroykdysady töwekgelçilikleriň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilen syýasatlary işläp taýýarlamaga ymtylýar, olar:

- döwlet maliýesiniň durnuklaşmagy we gündelik amallaryň hasaby boýunça bar bolan ýetmezçiligi çäklendirmek üçin girdejileriň ösdürilmegini höweslendirmek;
- milli pullaryň alyş-çalyş kurslarynyň belli bir derejede ýumşadylmagy.

## 12.4. Günorta we Gündogar Afrikada integrasiýa hereketleri

Gündogar Afrika Bileleşigi (WAS) – Gündogar Afrika döwletleriniň gümrük Bileleşigi. Bu sebitleýin hökümetara guramanyň merkezi edarasy Aruşada (Tanzaniýa) ýerleşýär.

1993-nji ýylda Gündogar Afrika Bileleşigi Gündogar Afrika hyzmatdaşlygy bilen çalşyldy, 1999-njy ýylda bolsa, Gündogar Afrika bileleşiginiň döredilmegi üçin ylalaşyga gol çekildi. 2000-nji ýyldan başlap, ylalaşyk güýje girdi. Guramanyň esasy maksatlary:

- gatnaşyjy döwletleriň gümrük tarifleriniň we gümrük tertipleriniň sazlaşdyrylmagy,
- zähmet çeşmeleriniň erkin hereketi üçin şertleriň döredilmegi we sebitdäki düzüm gurluşyň gowulanmagy.

Gündogar Afrika Bileleşigine şu döwletler degişlidir: Keniýa Respublikasy, Uganda, Tanzaniýa Birleşen Respublikasy, Burundi

Respublikasy, Ruanda Respublikasy. Bäş döwletiň ilatlarynyň jemi 120 million adama, çägi bolsa 1,8 million inedördül kilometre barabardyr, JIÖ 41,8 milliard dollar.

Bileleşigiň esasy bolup olaryň taryhy, ykdysady, medeni ösüşleriniň birmeňzeşlikleri çykyş etdi – olar Beýik Britaniýanyň öňki koloniýalary, geografik taýdan ýakynlyk we ulag torlarynyň bolmagy, şeýle-de özara hereketleriň kesgitli taryhy. Hyzmatdaşlygyň wajyp başlangyjy bolup dünýä bazarynda bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmak, Gündogar Afrika döwletleriniň durmuş-ykdysady özgermelerini çaltlandyrmak çykyş edip, sazlaşykly durmuş-ykdysady syýasatyň döredilmegi üçin gerek boldy.

Gündogar Afrika Bileleşiginiň integrasiýa hyzmatdaşlygynyň maksatlary – özara bähbitler we durmuş-ykdysady ösüş üçin agza döwletleriň arasyndaky ykdysady, syýasy we durmuş pudaklardaky hyzmatdaşlyklaryň giňeldilmegi we çuňlaşdyrylmagy, has takygy:

- ykdysadyýetiň ölçeg artykmaçlyklarynyň we ösüş üçin amatly mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegi;
- bazaryň göwrüminiň goraglylygy we giňeldilmegi – munuň üçin içerki tarifleriň sazlaşdyrylmagy we ýeke-täk daşky tarifleriň girizilmegi gerek;
- medeni mirasyň goralmagy;
- daşky gurşaw, howpsuzlyk, düzüm gurluş, syýahatçylyk, energetika ýaly pudaklarda bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi;
- halkara söwdada häzirki döwürde ýüze çykýan kynçylyklary bilelikde geçmek, şol sanda käbir Gündogar Afrika döwletleriniň BSG-ä girmeginiň öňüsyrasynda we dünýä sahnasynda meselem, BMG-de umumy ornunyň we pikirleriniň emele gelmegi.

Gündogar Afrika döwletleri Gümrük Bileleşigini emele getirmegi 2005-nji ýyla, umumy bazaryň döredilmegini 2010-njy ýyla, soň bolsa pul birleşmesini 2013-nji ýyla we ahyrynda Gündogar Afrika döwletleriniň syýasy federasiýasyny döretmekligi özlerine maksat edindiler.

Şoňa laýyklykda, Gündogar Afrika döwletleriniň gümrük Bileleşigini emele getirmek gurluşy, sebitiçre söwdada gowy şertleriň döredilmegi we agza döwletleriň durmuş-ykdysady ösüşleri üçin özara söwdada tarif we tarif däl çäklendirmeleriň tapgyrlaýyn ýatyrylmagyny öz içine alýar.

Gündogar Afrika Bileleşiginiň çäklerinde integrasion hereketler söwdada özara hukuklary we borçlary öz içine alýar, şeýle-de raýatlaryň, maýanyň erkin hereket etmegi boýunça kadalar Ylalaşyga gol çeken islendik döwletde hyzmatlary hödürlemegiň erkinligi we kompaniýa döretmek hukugyny öz içine alýar. Gündogar Afrika döwletleriniň bilelikde hyzmatdaşlyk alyp barýan pudaklarynyň biri hem daşky gurşawdyr.

Gündogar Afrikanyň gümrük birleşiginiň meseleleri şulardyr:

- özara esasda harytlaryň sebitiçre söwdasynyň erkinleşmegi;
- milli önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak;
- Gündogar Afrika Bileleşigi döwletlerinde içerki, sebitiçre, we daşardan gelýän maýa goýumlarynyň ösüşi;
- milli ykdysadyýetleriň ösüşine, köpugurlylygyna we senagatlaşmagyna kömek etmek.

Gündogar we Günorta Afrikanyň umumy bazary – KOMESA, 1993-nji ýylyň dekabr aýynda döredi. Häzirki wagtda KOMESA 19 döwlet degişlidir, şol sanda: Burundi, Liwiýa, Müsür, Zambiýa, Keniýa, Džibuti, Komor adalary, Mawrikiý, Sudan, Malawi, Ruanda, Eswatini, Madagaskar, Uganda, Eritrea, Efiopiýa, Seýşeller, Zimbabwe, Kongo D.R.

KOMESA-nyň döremegi 1985-nji ýyldan bäri hereket edýän Günorta we Gündogar Afrikanyň ýeňillikli söwda Zolagy esasynda döredildi. 1993-nji ýylda Günorta we Gündogar Afrikanyň ýeňillikli söwda Zolagyna agza döwletleriň arasynda onuň giňeldilmegi we Gündogar we Günorta Afrikanyň umumy bazary – KOMESA-nyň döredilmegi hakynda ylalaşyga gelindi. KOMESA-nyň düzümi onuň hereket edişiniň dowamynda üýtgedi. Häzirki wagtda KOMESA 19 döwlet agzalyk edýär, olaryň 19-syndan 13-si iň pes ösen döwletlere degişlidir.

Düzgünnama Gündogar we Günorta Afrikanyň umumy bazarynyň şu maksatlaryny kesgitledi:

- durnukly ösüşi üpjün etmek;
- has ysnyşykly ykdysady hyzmatdaşlygy üpjün etmek üçin bilelikdäki makroykdysady syýasatyň we maksatnamanyň işlenip taýýarlanmagy we ýerine ýetirilmegi;
- ylmy-tehniki başarnyklaryň bilelikde ulanylmagyny goşmak bilen daşary ýurt, serhet üsti we ýerli maýa goýumlarynyň çekilmegi;
- Afrikanyň ykdysady bileleşigini döretmeklige we ösdürmeklige ýardam bermek;
- beýleki sebitleýin we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk;
- agza döwletleriň aşakdaky ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk bilen baglanyşykly syýasatlarynyň ylalaşylmagy we umumy pikirleriniň goldanylmagy:

– söwdanyň erkinleşdirilmegi we gümrük bileleşiginiň emele getirilmegi ugurlarynda;
– pul-maliýe pudagynda;
– ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösdürilmeginde;
– önümleriň standartlaşdyrylmagynda we hil kepilliklerinde;
– durmuş meseleleri boýunça;
– adam baýlyklarynyň ösdürilmeginde;
– toplumlaýyn maglumat ulgamlarynyň döredilmeginde;
– söwda edaralary we telekeçilik birleşmeleriniň arasynda;
– maýa goýumlarynyň höweslendirilmegi we goralmagy;
– aýratyn raýatlaryň, işçi güýjüniň, hyzmatlaryň erkin hereket etmegi.

Şeýle-de KOMESA sebitleýin hyzmatdaşlyk we ösüş üçin birnäçe gurama döretdi. Hususan-da, söwda we ösüş Banky (Naýrobi şäheri, Keniýa) söwdanyň ösdürilmegine ýardam bermeklige we sebitde hususy ýaýrawa maýa goýumlary maliýeleşdirmek maksatlaryny ýerine ýetirýär. Şeýle-de bu maksatlara täjirçilik banklarynyň Assosiasiýasy (Harare, Zimbabwe), KOMESA-nyň Kliring öýi we Ätiýaçlandyryş kompaniýasy hem hyzmat edýär.

KOMESA Afrikada döredilen guramalaryň arasynda erkin söwda zolagyny döredýän birinji we dünýäde üçünji halkara gurama bolup durýar (ÝB we NAFTA-dan soň). Bu hereket 2000-nji ýylyň oktýabr aýynda başlady. Şol wagt 9 döwlet öz aralarynda erkin söwda tertibini ulanyp başladylar: Džibuti, Müsür, Keniýa, Madagaskar, Malawi, Mawrikiý, Sudan, Zambiýa we Zimbabwe. 2004-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda oňa Ruanda we Burundi goşuldy. Beýleki döwletler erkin söwda zolagyna agza bolmaga taýýarlygynyň dürli derejelerindedirler. Dürli tizlikdäki integrasiýa Gündogar we Günorta Afrika döwletleriniň umumy bazarynyň düzgünnama ýörelgelerine ters gelenok.

Erkin söwda zolagynyň emele getirilmegi agza döwletleriň ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine belli bir derejede itergi berdi. Tarif we tarif däl çäklendirmeleriň aýrylmagy bilen döwletleriň arasyndaky söwda 20% köpelýär, Gündogar we Günorta Afrika döwletleriniň umumy bazarynyň çäklerinde bolsa öňküsinden jemi 15% has çalt ösýär.

Gündogar we Günorta Afrika döwletleriniň umumy bazarynyň çäklerinde sebitleýin ykdysady integrasiýanyň geljekki ösüşi şulary göz öňünde tutýar:

- çäklerinde agza bolan döwletleriň öz aralarynda erkin haryt dolanyşygyna rugsat berjek gümrük bileleşiginiň emele getirilmegi;
- harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň we maýanyň erkin hereketini üpjün etjek umumy bazaryň emele getirilmegi;
- ýeke-tak pul, ýeke-täk pul-karz merkezi bolan ykdysady Bileleşigiň emele getirilmegi.

Şu maksatlara ýetmek üçin KOMESA birnäçe maksatnama başlady. Olaryň arasynda:

- erkinleşdirme we gümrük hyzmatdaşlygy arkaly söwdanyň ösdürilmegi;
- ulag we kommunikasiýa ulgamlarynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek;
- döwletleriň arasynda harytlaryň, hyzmatlaryň we raýatlaryň hereket etmegini ýeňilleşdirmek;

- maýa goýumlarynyň goralmagy üçin kanuny binýady emele getirmek;
- durnukly syýasy ulgamyň döredilmegi we agza döwletleriň ykdysady we maliýe syýasatlarynyň sazlaşdyrylmagy.

Erkinleşdirme we söwdanyň ýeňilleşdirilmegi, düzüm gurluşynyň ösdürilmegi, maýa goýum tertipleriniň gowulandyrylmagy we Gündogar we Günorta Afrika döwletleriniň umumy bazaryny goldaýan guramalaryň döredilmegi ýaýrawlarynda gazanylan üstünlikler arkaly integrasiýa ýerli we daşary ýurt maýa goýumlary üçin Afrikada iň özüne çekiji sebitleriň birine öwrüldi.

Şol bir wagtyň özünde KOMESA-nyň maksatlaryny we meselelerini durmuşa geçirmek boýunça maksatnamada gatnaşyjy döwletleriň gowşak ykdysadyýetleriniň esasynda birnäçe kynçylyklar duş gelýär. Toparyň döwletleriniň köpüsi buýruk beriji ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçişi ýerine ýetirýärler, bu bolsa wagtlaýyn ykdysady nasazlyklara getirýär; dünýä bazarynda daşary ýurt puluny getirýän bir ýa-da iki harydyň satylmagyna ýokary derejede garaşlylyk bar, bu bolsa olaryň daşarky özgermelere garşy örän ynjyk bolmagyna sebäp bolýar.

Sebitleýin ykdysady integrasiýanyň ösmegine päsgel beýän esasy mesele düzüm gurluşyň gowşaklygy ýa-da düýbünden ýoklugydyr.

Gündogar we Günorta Afrika döwletleriniň umumy bazarynyň ýurtlary durmuş-ykdysady ösüş taýdan örän tapawutlanýandyklary sebäpli, käbir hünärmenleriň pikirlerine görä, öňlerinde goýlan maksatlara ýetmekde, agzalaryň sany boýunça has ownuk meselem, Gündogar Afrika Hyzmatdaşlygy (WAS) ýaly sebitiçre toparlaryň mümkinçilikleri deňeşdirilende has ýokarydyr.

Afrikanyň günortasyny ösdürmek Bileleşigi – SADK, 1980-nji ýylyň 1-nji aprelinde ilkibaşda Afrikanyň günortasyny utgaşdyrmak boýunça Konferensiýa (SADKK) hökmünde sebitiň 9 döwleti bilen (Angola, Botswana, Lesoto, Malawi, Zimbabwe, Zambia, Mozambik, Eswatini, Tanzania) Günorta Afrika üçin ykdysadyýetiň erkinleşdirilmegi baradaky Lusaka beýannamasynyň esasynda döredildi. Afrikanyň günortasyny ösdürmek Bileleşigi 14 döwleti

birleşdirýär: Angola, Botswana, Kongo Demokratik Respublikasy (KDR), Lesoto, Madagaskar, Malawi, Mawrikiý, Mozambik, Namibiýa, GAR (Günorta Afrika Respublikasy), Eswatini, Tanzaniýa, Zambiýa we Zimbabwe. Ruanda we Uganda hem bileleşige girmeklige isleg bildirdiler.

Afrikanyň günortasyny ösdürmek Bileleşigi Afrikanyň iň uly we iň täsirli sebitiçre birleşmeleriniň biri bolup durýar.

SADK-a gatnaşyjy döwletler durmuş-ykdysady ösüşleriniň derejeleri boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. SADK-yň çäklerinde ykdysady integrasiýanyň merkezi döwletiniň GAR-dygy hiç hili şübhe döretmeýär, ol Bileleşigiň senagat taýdan ösen döwleti bolup durýar.

SADK-yň maksatlary:

- sebitde asudalygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi;
- agza döwletleriň ykdysady ösüşlerine ýardam etmek;
- sebitleýin ykdysady integrasiýa ýardam etmek;
- işsizlik meselesiniň çözülmegi;
- tebigy baýlyklaryň durmuşa laýyk şekilde ulanylmagyna degişli meseleleriň çözülmegi;
- döwletleriň arasyndaky medeni gatnaşyklara ýardam etmek;

Şu maksatlara ýetmek üçin Afrikanyň günortasyny ösdürmek Bileleşigi şu aşakdakylary ýerine ýetirýär:

- agza döwletleriň durmuş-ykdysady syýasatlaryny we meýillerini sazlaşdyrýar;
- sebitiň ilatyny we milli guramalaryny agza döwletleriň ykdysady, durmuş we medeni aragatnaşyklaryny ýokarlandyrmaga gönükdirmek we SADK-yň taslamalaryny we maksatnamalaryny ýerine ýetirmeklige gatnaşdyrmak;
- SADK-yň we onuň edaralarynyň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur çeşmeleri jemlemek bilen meşgullanýan guramalary we gurallary döretmek;
- agza döwletleriň ykdysadyýetleriniň erkinleşdirilmeginiň öňünde döreýän päsgelçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen syýasaty ösdürmek;

23. Sargyt № 2070

- adam serişdeleriniň ösdürilmegi bilen meşgullanmak;
- täze tehnologiýalaryň alyş-çalşygyna ýardam etmek;
- sebitleýin hyzmatdaşlygyň üsti bilen milli ykdysadyýetleriň dolandyrylmagyny gowulandyrmaga ýardam etmek;
- halkara düşünişme, hyzmatdaşlyk we birek-birege goldaw bermeklige ýardam etmek, sebitiň jemgyýetçilik we hususy baýlyklaryny jemlemek;
- SADK-yň agza döwletleriniň bähbidi üçin beýleki işleri ýerine ýetirmek.

Afrikanyň günortasyny ösdürmek Bileleşiginiň çäklerinde ýüzlerçe ykdysady we durmuş häsiýetli bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýan maksatnamalar amala aşyrylýar, olar, köplenç ýagdaýda, halkara kömek beriji birleşikleri tarapyndan maliýeleşdirilýär (demirýol we awtoýol magistrallary, turba geçirijiler we ş.m). Bileleşigiň içinde oňaýly maýa goýum şertleriniň döredilmegi, ykdysady we kanuny giňişligiň birleşdirilmegi üçin çäreler görülýär. Umumy gümrük giňişliginiň döredilmegi göz öňünde tutulýar, erkin söwda zolagynyň döredilmegine we umumy daşary tarifleriň girizilmegine degişli taýýarlyklar görülýär.

Afrikanyň günortasynda integrasion hereketleri örän çylşyrymly ýagdaýda dowam edýär, olar obýektiw we subýektiw häsiýetdäki päsgelçiliklere duş gelmeli bolýarlar. Deňeşdirilende ösen döwletler ýerleşýän bu sebitde hem, döwletleriň arasynda ykdysady we durmuş taýdan, içerki we daşary syýasatlarda öňde goýlan artykmaçlyklar boýunça hem biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar, muňa köplenç ýagdaýda käbir döwlet baştutanlarynyň şahsy pikirleri hem goşulýar.

Bar bolan kynçylyklara garamazdan, Afrika yklymynda ykdysady hyzmatdaşlygyň guralmagy we giňeldilmegi şeýle hem integrasiýa bolan meýil arkaly milli ykdysadyýetleriň ýakynlaşma meýli aýdyň duýulýar. Dünýä hojalygynda bolup geçýän üýtgeşmeleri göz öňünde tutsak, bu hereket obýektiw taýdan zerurdyr. Ol bu döwletleriň öndüriji güýçleriniň ösüşini höweslendirmek, ykdysady yza galaklygy aradan aýyrmak we olara miras galan ählumumy merkeze, ýagny ösen döwletlere bolan ykdysady garaşlylygyny azaltmak bilen bagly kanunalaýyk meseleler bilen şertlendirilendir.

GAR-yň kuwwatly merkez hökmünde hereket etmeginiň netijesinde SADK-yň üstünlikleriniň «Görkezme täsiri» beýleki sebitiçre toparlardaky hyzmatdaşlygyň belli bir derejede hereketlenmegine sebäp bolup biler, bu bolsa diňe bir Afrika döwletleriniň däl-de, eýsem, dünýä ykdysadyýetiniň hem bähbitlerine oňaýly täsir eder.

# XIII TEMA

# POSTSOWET GIŇIŞLIGINDÄKI INTEGRASIÝA HEREKETLERI

## 13.1. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy: geçiş ykdysadyýeti şertlerindäki integrasiýa

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Minskde Russiýa Federasiýasy, Belarus we Ukraina Respublikalary tarapyndan gol çekilen Ylalaşyk esasynda döredildi. 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döredilmegine degişli Ylalaşyga Goşulmalar bilen Arkalaşygyň düzümine ýene sekiz döwlet goşuldy: Azerbaýjan Respublikasy, Ermenistan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Gyrgyzystan Respublikasy, Moldowa Respublikasy, Täjigistan Respublikasy, Türkmenistan we Özbegistan Respublikasy. 1993-nji ýylyň dekabr aýynda bolsa, Arkalaşyga Gruziýa Respublikasy goşuldy. 2005-nji ýyldan başlap, Türkmenistan guramanyň assosiirlenen agzasydyr. 2009-njy ýylyň 18-nji awgustynda Gruziýa GDA-nyň düzüminden çykdy. 2018-nji ýylyň 19-njy maýyndan bäri Ukraina GDA-nyň düzüminden çykmak boýunça degişli işleri alyp barýar.

Ilkinji tapgyrda 1992-nji ýylda we 1993-nji ýylyň başlarynda, öňki birleşik (soýuz) respublikalarynyň «medeniýetli aýrylyşma» işleriniň gutarmagy bilen, gatnaşyklaryň esasyny emele getirmäge degişli işler başlandy, bu gatnaşyklar bolsa gitdigiçe halkara gatnaşyklar häsiýetini alýardy.

Hut şu döwürde hyzmatdaşlygyň guramaçylyk düzümi şekillendirildi – Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet baştutanlarynyň Geňeşi, hökümet baştutanlarynyň Geňeşi, Mejlisara assambleýasy döredildi. 1993-nji ýyldan Minskde Arkalaşygyň Ýerine ýetiriji Sekretariaty hereket edýär. Daşary işler ministrleriniň Geňeşi, GDA-nyň goranyş ministrleriniň Geňeşi, şeýle-de pudaklaýyn hyzmatdaşlygyň guramalary döredildi – daşary ykdysady edaralarynyň ýolbaşçylarynyň Geňeşi, nebit we gaz boýunça hökümetara Geňeş, ykdysadyýetiň beýleki köp pudaklarynyň ýolbaşçylarynyň Geňeşi.

Birnäçe ýyllyk işleriň dowamynda GDA-da ýüzlerçe köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn ylalaşyklar işlenilip taýýarlanyldy we gol çekildi, bu ylalaşyklar Arkalaşyga gatnaşýan döwletleriň ykdysady, durmuş, goranyş we beýleki dürli ugurlaryndaky özara ykdysady hyzmatdaşlygyň ýörelgelerini we ugurlaryny kesgitleýär.

GDA döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan ähmiýetli döwri 1993-nji ýylda ykdysady bileleşme döredilmegine degişli Ylalaşyga gol çekilmeginiň esasynda olaryň ykdysady integrasiýa ýoluna düşmekleridir. Ol bu integrasiýanyň uzak möhletli maksatlaryny anyklady – bu tapgyrlaýyn «harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we işçi güýjüniň» umumy bazarynyň emele getirilmegidir. Şeýle bazara tarap herekete gatnaşyjylar erkin söwda zolagynyň döredilmegi, gümrük, töleg we ahyrynda pul bileleşmesiniň döredilmegi esasynda amal edip bolar diýip pikir edýärdiler. Bu wezipeleri çözmek üçin şertleriň döredilmegi bilen meşgullanýan edara bolup ykdysady bileleşmäniň Döwletara Ykdysady Geňeşi çykyş etdi. 1994-nji ýylda «Erkin söwda zolagynyň döredilmegi hakynda» ylalaşyk baglaşyldy. Ýöne iş ýüzünde ykdysady integrasiýa ýüzleý häsiýete eýedir. GDA-nyň düzüm böleklerine giň ygtyýarlyklar berilmedi.

SSSR-iň dargamagy we öňki hojalyk aragatnaşyklarynyň bozulmagy özara haryt dolanyşygynyň birden azalmagyna we Russiýanyň jemi haryt dolanyşygynda GDA-nyň döwletleriniň paýynyň pese düşmegine getirdi, eger entek 1980-nji ýyllaryň soňunda Sowet sosialistik respublikalaryň birleşigi (SSRB) döwletleriniň Russiýanyň haryt dolanyşyndaky paýy 60%-den köp bolan bolsa, soňky ýyllarda bu 20%-den hem pese düşdi. Muňa garamazdan, on ýyldan gowrak

wagtdan soň öňki SSRB döwletleri üçin GDA-nyň döredilmegi geljekki aragatnaşyklaryň integrasiýa ýoluny saýlap alandyklaryny görkezýär.

GDA döwletleriniň umumy ykdysady giňişligi saklamaklyga we berkitmeklige degişli obýektiw gyzyklanmalaryny giňişleýin sebäpleriň birnäçesi bilen düşündirmek bolar.

1. GDA-nyň döredilmeginiň obýektiw esasy öňki SSRB-niň çäklerinde bar bolan respublikanara aragatnaşyklar ulgamy bolup durýar. Her bir döwlet iň ähmiýetli çig mallaryň we ahyrky harytlaryň üpjünçiligi boýunça beýleki respublikalar bilen bagly bolup, ýurduň ýeke-täk halk hojalyk toplumyna çuňňur integrirlenendi.

GDA-nyň döredilmeginden öň, onuň gatnaşyjylarynyň ykdysady hyzmatdaşlygyň we onuň kadalaşdyrylmagynyň ýeňillikli derejesi gümrük bileleşiginden, harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we işçi güýjüniň umumy bazaryndan, ykdysady we pul birleşiginiň hemmesini bilelikde alanyňda hem olardan has ýokary bolup durýardy. Beýleki tarapdan SSRB-niň döwlet statistika Komitetiniň hasaplamalaryndan 15 respublikadan 8-siniň (Orta Aziýa we Pribaltika respublikalary) oňaýsyz saldo eýedigini görmek bolýar. Birleşigiň içindäki bahalaryň dünýä bazaryndakylardan (çig mallar üçin has pes, ahyrky harytlar üçin bolsa has ýokary) düýpli tapawutlanandygy mälimdir. Eger respublikalaryň arasyndaky söwda akymlaryny dünýä bahalaryna laýyklykda täzeden hasaplasak, onda 1989-njy ýylda daşary we respublikanara söwda boýunça oňaýly tapawut bolan ýeke-täk döwletiň diňe Russiýadygyny görüp bileris (JIÖ-niň ösüşi 6%), şonda galan respublikalardan onusynyň garaşsyz döwletleriň ölçegine görä bahalandyrylanda, söwda balansy kabul edip bolmajak derejede ýokary oňaýsyz tapawuda (JIÖ-niň 9-30%-e çenli bölegi) eýe boldular.

SSRB-niň dargamagy we onuň ýerinde täze garaşsyz döwletleriň döremegi, olaryň bazar ykdysadyýetine geçmekleri, öňki respublikalaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň mazmunynyň, häsiýetleriniň we usullarynyň düýpgöter üýtgemegini şertlendirdi, olar halkara we bazar ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklara öwrüldi. Şu ýerde şeýle sorag döredi: olary HAT (has amatly tertip) esasynda gurmalymy ýa-

-da ýeňillikli esasda gurmalymy? Birinjisi boýunça GDA döwletleri obýektiw ýagdaýda taýýar däldiler.

Şol bir wagtyň özünde 104 pudak boýunça taýýarlanan pudagara balansa laýyklykda, Russiýa 102 pudak boýunça önüm getirýärdi we 104 pudak boýunça ugradýardy. SSRB-niň öňki respublikalaryndan gelýän harytlaryň hasabyna Russiýa, maşyn gurluşyk harytlary üçin isleglериň 23%-ni, nebit-gaz toplumy üçin 80%-ni, gara we reňkli metallurgiýa üçin üçden bir böleginden gowragyny, himiýa we ýeňil senagat üçin, takmynan, dörtden birini kanagatlandyrýardy. Russiýanyň hemişelik tokly elektrik göterijilerine, elektrootlularyň wagonlaryna, mekgejöwen we şugundyr ýygnaýan kombaýnlaryna, pagta, harytlaryň we toplumlaýyn önümleriň dürli görnüşlerine islegi 100%-e ýakyn daşary ýurtlardaky monopolist-kärhanalar tarapyndan öndürilýän önümleriň hasabyna üpjün edilýärdi.

2. Russiýanyň ýakyn daşary ýurtlaryň bazarlaryndaky ornuny saklamak zerurlygy diňe bir umumy Bileleşikden döreýän şertlerden däl-de, eýsem, Rus ykdysadyýetiniň geljegini kesgitleýän sebäplerden hem emele gelýändir.

SSRB-niň dargamagy bilen reňkli we seýrek duş gelýän metal gorlarynyň köpüsi Russiýanyň çäkleriniň daşynda galdy, olar Russiýanyň degişli isleglериniň 50–100%-ni kanagatlandyrýardylar, beýleki çig mal we energiýa çeşmeleriniň, maşyn gurluşyk, metallurgiýa we himiýa senagatlary kärhanalarynyň uly bölegi, şeýle-de serhet geçelgeleriniň, deňiz menzilleriniň, turba geçirijileriniň we beýleki aragatnaşyklaryň uly bölegi Russiýanyň çäkleriniň daşynda galdy.

Rus öndürijileriniň giň, taryhy taýdan özleşdirilen bazarda önümlerini ýerlemäge bolan gyzyklanmalary öz önümleriniň dünýä bazarynda ýeterlik bäsdeşlik ukyplyklarynyň ýoklugy, maýa goýum serişdeleriniň az möçberi bilen şertlendirilendir.

3. Ýakyn daşary ýurt döwletleri bilen işjeň ykdysady hyzmatdaşlygy ol ýerlerde ýaşaýan rus diasporasy (26 million töweregi adam) hem talap edýär. Rus diasporasynyň köpüsi Russiýa gönükdirilen önümleri öndürýän öňki ählumumy ähmiýete eýe bolan kärhanalarda işleýärler, olar dargamakdan iň uly zyýan çeken bölekdir.

4. Şeýle-de häzirki wagtda depginli ösýän, täze sebitiçre integrasion hereketleriň bardygyny hem göz öňünde tutmak gerek, GDA döwletleriniň üçünji ýurtlar bilen alternatiw hojalyk aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagy bolup geçýär, GDA döwletleriniň milli bazarlarynyň transmilli kompaniýalar (esasan hem, peýdaly gazylyp alynýan baýlyklary özleşdirmekde) tarapyndan özleşdirilmegi bolup geçýär. Şunda, köplenç, günbatar şereketleri bilen hyzmatdaşlyk, esasan, Russiýadan gelýän harytlara garaşlylygy peseltmeklige gönükdirilendir.

Munuň netijesi hökmünde, Russiýadaky ykdysady özgermeleriň mümkinçilikleri we netijeleri, onuň dünýä ykdysadyýetindäki orny ýokary derejede onuň ýakyn daşary ýurtlaryň bazarlaryndaky ornuny saklamak we berkitmek mümkinçilikleriniň şowlulygyna, olar bilen aragatnaşyklaryň töwekgelçilik ýagdaýlardan esasy hereketlendiriji güýje öwrülmegine baglydyr. Meseläniň ýiti häsiýete eýe bolmagy importyň ornuny tutujy önümler bilen üpjün etmek we milli ykdysadyýetleriň üçünji döwletlere ugruny üýtgemek hereketleriniň ýakyn wagtyň içinde yzyna gaýtaryp bolmajak derejelere ýetmegi bilen şertlendirilýär.

5. Öňki SSRB respublikalary bolan täze garaşsyz döwletler üçin Russiýanyň giň bazary diňe bir özüne çekiji däl, eýsem, bir topar senagat we oba hojalyk harytlarynyň, energiýa göterijileriň, çig mallaryň we materiallaryň satylmagy we satyn alynmagy üçin ýeke-täk bazar bolup durýar. Arkalaşygyň ýurtlarynyň daşary söwda gatnaşyklaryna degişli maglumatlar üçünji döwletler bilen haryt dolanyşygynyň has çalt ösýänligine garamazdan, GDA döwletleriniň özara aragatnaşyklarynyň has täsirlidigi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Mysal üçin, 2002-nji ýylda Belarus döwletiniň eksportynyň jemi göwrüminde Russiýanyň udel agramy 66,8%, Moldowa üçin bu görkeziji 53%, Ukraina üçin 24% bolup durýar. 2002-nji ýylda Belarus döwletiniň importynyň jemi göwrüminde Russiýanyň orny 54% boldy. Ukraina üçin bu görkeziji 42%, Moldowa üçin 22% boldy. Şol bir wagtda Arkalaşygyň agzalarynyň Russiýanyň daşary söwdasynyň jemi göwrümindäki paýy 18%-e deň boldy.

GDA döwletleriniň integrasion aragatnaşyklaryna bolan gyzyklanmalarynyň beýleki sebäplerini hem göz öňünde tutmak gerek:

- dürli sebitlerdäki önümçiligiň tehnologik taýdan biri-birine meňzeşligi, şeýle-de harytlaryň dünýä bazarlarynyň beýleki ýerlerine çykmagyna päsgel berýän önümçiligiň tehniki derejesiniň deňeşdirilende pesligi (dünýä derejesi boýunça);
- ulanylýan tehniki ülňüleriň ýeke-täkligi;
- aragatnaşyk torlarynyň ýeke-täkligi;
- döwletleriň ýanaşyk ýerleşmegi we ýeke-täk ulag düzümini, energiýa ulgamyny ulanmagyň mümkinçiligi;
- öňki birleşik respublikalarynyň ýerli halk köpçülikleriniň aňyna, beýleki birleşik respublikalarynyň wekilleriniň aralaşmagy. Ähli täze döwletler üçin hyzmatdaşlar bilen adaty ykdysady aragatnaşyklar – goňşy döwletlerdäki beýleki ýurtlaryň wekillerine bolan oňyn gatnaşygyň hökmany şertidir;
- öňki birleşik respublikalarynyň hemmesine degişli bolan Günbatar bazaryna çykmakdaky umumy kynçylyklar, birnäçe halkara ykdysady guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmekde ýüze çykýan meseleler.

GDA döwletleriniň hojalyk gatnaşyklarynda obýektiw kynçylyklar we meseleler ýüze çykýar. Arkalaşygyň çäginde özara ykdysady aragatnaşyklaryň derejesini bahalandyrmak bilen, integrasion ýagdaýlar bilen bilelikde bu ýerde dargamak hereketleriniň hem güýçlüdigini belläp bolar.

1. Arkalaşyk döwletleri bazar ykdysadyýetine ulgamlaýyn geçiş döwrüni başdan geçirýärler, ykdysady we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özgertmek bilen baglanyşykly işler ýerine ýetirilýär, dolandyryşy demokratik ýörelgeler esasynda alyp barmak ýola goýulýar. Alnyp barylýan ykdysady we syýasy özgertmelerde durmuş-ykdysady ösüş derejesi, ykdysady we syýasy özgertmeleriň ugurlaryndaky we tizliklerindäki, daşary ykdysady we syýasy ugurlardaky tapawutlar, düzgünleşdirilmedik döwletara we milletara gapma-garşylyklar Arkalaşykda integrasion hereketler, şol sanda erkin söw-

da zolagynyň döredilmegi üçin oňaýly içerki we daşarky şertleri döretmeýär.

2. Arkalaşygyň döwletleri ykdysadyýetleriniň düzümi we kämillik derejesi boýunça biri-birinden ep-esli derejede tapawutlanýarlar. Ýöne, eksportlarynyň esasy bölegi boýunça olar bäsdeş hökmünde çykyş edýärler, muňa Azerbaýjanda we Gazagystanda çykýan nebitiň we Türkmenistanda çykarylýan tebigy gazyň Russiýanyň üsti bilen satylmagyna degişli çylşyrymly gepleşikler hem şaýatlyk edýär.

3. Russiýa bilen özara gatnaşyk etmekde emele gelen pikirleriň jemi, munuň hötdesinden gelmek üçin rus tarapynyň täze halkara gatnaşyklary ulgamynyň gurulmagynda berklik we yzygiderlilik görkezmegi gerekdir.

4. Hyzmatdaşlaryň biri-birine çuňňur tehnologik gyzyklanmalarynyň ýoklugy hem esasy sebäpleriň biridir. Häzirki wagtda olary hereket etdirýän esasy güýç günüňi dolandyrmak, şeýlelikde, tehnologik ösüş meselesi olaryň özara gatnaşyklarynyň ugurlarynyň arasynda ýok. Şu ýerden Russiýanyň GDA döwletleri bilen aragatnaşyklary ýola goýmakda ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň ähmiýetiniň geljek üçin wajyp orny gelip çykýar.

Emele gelen şertlerde öňki ylmy-tehniki ýöriteleşmegiň we bileleşme ulgamynyň uly böleginiň täze şertlerde bäşdeşlige ukyply däldigi ýüze çykdy, ilkinji nobatda bu ýagdaý HST-niň içine girýän ýa-da goranyş sargytlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly kärhanalara degişlidir. Arkalaşygyň döwletleriniň arasyndaky söwdanyň ösmegini çäklendirýän beýleki sebäpleri hem belläliň:

- tölemezlik çökgünligi, mümkin bolan alyjylaryň töleg ukyplylygynyň peselmeginde satuwyň kynlaşmagy;
- özara söwdanyň düzümindäki deňagramsyzlygyň bolmagy we söwda balansynda ýetmezçilik;
- pul girdejisini almak üçin eksport çeşmeleriniň ýola goýlan uzak daşary ýurtlara gönükdirilmegi;
- özara söwdanyň içerki bahalarynyň dünýä bahalaryna golaýladylmagy (käbir ýagdaýlarda bolsa has ýokarlanmagy), bu bolsa şoňa meňzeş önümiň (köplenç ýagdaýda, has arzan we ýokary hilli) uzak daşary ýurtlardan alynmagyny höweslendirýär;

- önümçiligiň tehnologik taýdan yza galaklygy sebäpli, käte bolsa işçi güýjüniň hünär derejesiniň we zähmet tertibiniň deňeşdirilende has pesligi netijesinde öndürilýän harytlaryň hiliniň pes bolmagy;
- uzak daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň diňe bir harytlaryň bahasyna we hiline degişlilikde däl-de, eýsem, hyzmatdaşyň ynamdarlygy boýunça hem has bähbitli bolmagy;

● geljek üçin wajyp ähmiýeti bolan harytlar boýunça importyň bilkastlaýyn Russiýadan garaşsyz bolmak üçin üçünji döwletleriň bähbidine ugruny üýtgedip (şu sebäpden Ukrainanyň daşary ykdysady aragatnaşyklar ýörelgesi energiýa göterijiler boýunça Russiýadan garaşlylygy peseltmäge ymtylýan) ösdürmegi;

- Arkalaşygyň ýurtlarynyň pul birlikleriniň köpüsiniň durnuksyzlygy we çalşyp bolmaýanlygy;
- ulag aragatnaşyk tarifleriniň ep-esli derejede ýokarlanmagy, bu käbir ýagdaýlarda adaty respublikanara haryt alyş-çalşygyny ykdysady taýdan maksada laýyk bolmagyny aradan aýyrýar;
- harby-syýasy gapma-garşylyklar sebäpli, Kawkazda we Täjigistanda birnäçe ulag aragatnaşyk damarlarynyň ýapylmagy.

Bazaryň ýagdaýy we özara hasaplaşyk tertibi bilen baglanyşykly ýönekeý işlerden başy çykmaýan, bank kepillikleri we daşary söwda geleşikleri boýunça ätiýaçlandyrmalary bolmadyk daşary söwda işlerine gatnaşýan subýektleriň köpüsiniň bu işlerde tejribesiniň ýoklugyny hem göz öňünde tutmak gerek. Bu ýagdaýlaryň hemmesi özara ynamsyzlyk, kanunçylygyň bozulmagy we şertnamalar boýunça jogapkärçilikleriň ýerine ýetirilmezligi we ş.m. meseleleri döredýär.

Ýokarda görkezilen sebäpler netijesinde kärhanalar tarapyndan mikro derejede öňki ykdysady aragatnaşyklara ykdysady maksadalaýyklyk we bähbit taýdan täzeden seredildi. Şunda esasy üns goranyş sargytlarynyň birden peselmegi sebäpli netijesiz we geljegi bolmadyk aragatnaşyklaryň ýatyrylmagyna, önümçilik düzüminiň özgerdilmegine, bahalaryň täze derejeleriniň we baglanyşygynyň bellenilmegine, önümçilik çykdajylaryny emele getirmekde ulag ýagdaýynyň ornunyň düýpgöter üýtgedilmegine has uly üns berildi.

Käbir ýurtlar bilen döwlet karzlary boýunça töleg-hasaplaşyk gatnaşyklary sazlanmadyk bolup galýar, öňler bu Russiýa tarapyndan üpjün edilýärdi. Mundan başga-da Ukraina, Gazagystan, Belarus döwleti we Arkalaşygyň beýleki döwletleri Russiýanyň käbir önümleri üçin tölegleri ýerine ýetirmeýärler, esasan hem, bu ýagdaý nebite we tebigy gaza degişlidir. Töleg serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäpli barter işlerine giň orun berilýär, bu soňky ýyllarda Russiýanyň GDA döwletleri bilen söwda gatnaşygynyň 25 göterimini emele getirdi. Integrasion hereketde we onuň ösüşini anyklaýan çözgütleriň işlenilip taýýarlanylmagyna we ýerine ýetirilmegine telekeçilik we bank edaralary gowşak gatnaşýarlar.

Russiýanyň Merkezi Bankynyň maglumatlaryna laýyklykda, 1994-nji ýyl bilen 1998-nji ýyllaryň aralygynda GDA döwletleriniň bergisini bermegi netijesinde federal býujete esasy bergiler we olaryň göterimleri üçin 1,7 milliard dollar geldi. Ermenistan, Gruziýa, Moldowa, Täjigistan, Özbegistan we Ukraina bilen bergilerini täze tertip boýunça has soňky möhletlere geçirilmekleri üçin şertnamalar baglaşyldy.

Şeýle-de Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agzalarynyň bergileriniň emläk görnüşinde, olaryň özara gyzyklanma bildirýän döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýnamalaryna çalyşma ýoly bilen ýapylmak usuly hem ähmiýetlidir. Russiýa bolan maliýe bergilerini GDA döwletleri soňky wagtlarda emläk öwezi görnüşinde ýapmak has ýygjamlaşdy. GDA döwletleriniň töleg-hasaplaşyk boýunça ykdysady garşylyklaryny çözmegiň iň aýdyň ýollaryndan biri hem şu bolsa gerek.

GDA döwletleriniň özara hyzmatdaşlygynyň ösüşini haýalladýan şu sanalan päsgelçilikleriň aradan aýrylmagy, öňki gatnaşyklarynyň dikeldilmegi GDA döwletleriniň ähli agzalaryndan uly güýç-kuwwaty, gaýraty, erki, şeýle-de birnäçe ýyly talap eder. Bu ugur boýunça meýilleriň barlygy bolsa eýýäm görülýär.

Täze hyzmatdaşlyk ulgamynyň döredilmegi boýunça alnyp barylýan işleriň kanagatly häsiýete eýe bolmazlygynyň sebäbi bolsa GDA-nyň döwletara gurama hökmündäki şekilsizligi bilen düşündirilýär.

Şu ýerde integrasiýanyň hem guramaçylyk-institusional tarapdan özgerdilmegi hem-de ykdysady guralynyň düýpgöter üýtgedilmegi zerur bolup durýar.

## 13.2. «Gümrük bäşligi» we Ýewraziýa ykdysady Bileleşigi

Arkalaşykda hakyky ýeke-täk ykdysady giňişligi emele getirmek üçin birinji tapgyr Gümrük bileleşiginiň döredilmegi boldy (2002-nji ýyldan başlap Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigine (ÝewrAzYB) öwrüldi).

Belarus, Gazagystan we Russiýa tarapyndan 1995-nji ýylyň ýanwar aýynda gol çekilen Gümrük bileleşigini emele getirmäge degişli Ylalaşyk ony birleşdirilen gümrük çäginiň emele getirilmegine esaslanýan döwletleriň ykdysady Bileleşigi hökmünde beýan etdi. 1996-njy ýylyň martynda Bileleşige Gyrgyzystan, 1999-njy ýylyň fewralynda bolsa – Täjigistan goşuldy, olar Bileleşigiň maksatlaryny we meselelerini özleri üçin ylalaşyp bolýan şertler diýip kabul etdiler.

Görkezilen şertnamalaryň baglaşylmagy ilkinji ýyllardan başlap, Russiýanyň bu döwletler bilen bolan söwda-ykdysady ösüşine oňaýly täsir etdi. 1995–1998-nji ýyllar aralygynda Russiýanyň olar bilen haryt dolanyşygy 10,4 milliard dollardan 13,3 milliard dollara çenli galdy, ýagny jemi 27% ýokarlandy, şol bir wagtyň özünde GDA-nyň beýleki döwletleri bilen bolan haryt dolanyşygy 17,7 milliard dollardan 11,6 milliard dollara çenli, ýagny jemi 35% peseldi. Ondan soňky ýyllarda bu meýil edil bu derejede aýdyň ýüze çykmady.

Gümrük bileleşiginiň hereket etmeginiň dowamynda kabul edilen resminamalaryň içinde birini aýratyn bellemek gerek, 1996-njy ýylyň 29-njy martynda kabul edilen esasy binýatlyk Resminama – ykdysadyýet we ynsanperwerlik ugurlary boýunça integrasiýanyň çuňlaşdyrylmagy baradaky Ylalaşykdyr, bu resminamanyň dowamy bolup, 1999-njy ýylyň 26-njy fewralynda kabul edilen Gümrük Bileleşigi we Ýeke-täk Ykdysady Giňişlik (ÝYG) hakyndaky

Ylalaşyk çykyş etdi. Hut şu Ylalaşykda hyzmatdaşlygyň: erkin söwda zolagynyň, Ýeke-täk gümrük Bileleşiginiň çägi, Gümrük bileleşiginiň üçünji döwletler bilen aragatnaşygy, umumy hyzmat we zähmet bazarynyň döredilmegi, umumy oba hojalyk bazarynyň, umumy ylmy-tehniki we maglumat giňişliginiň döredilmegi ýaly görnüşleri anyklandy.

Kesgitli üstünlikler bilen birlikde, Gümrük bileleşiginiň döredilmegi birnäçe iri meseleleriň we kynçylyklaryň hem ýüze çykmagyna sebäp boldy, olar bolsa bellenen maksatlaryň durmuşa ornaşdyrylmagynda kynçylyk döredýärler.

Gümrük bileleşigini emele getirmegiň esasy ýörelgeleýin meseleleri çözülmedi, onuň hereket etmeginden alnan ykdysady işleriň hakyky girdejisi ýeterlik bolmady.

Gümrük bileleşiginiň agzalarynyň ykdysady integrasiýadaky işleriniň haýallamagyna birnäçe ykdysady ýagdaýlar täsir etdi, olaryň arasynda aýratynlykda şulary bellemek gerek: ykdysady ösüş derejelerindäki tapawutlar, önümçiligiň pudaklaýyn gurnalmagyndaky we döwletleriň geografik ýerleşmelerindäki tapawutlar. Doly Gümrük bileleşiginiň emele getirilmegini käbir gatnaşyjylaryň biri-birinden örän uzak arada ýerleşmegi, düzüm gurluşynyň gowşaklygy, şeýle-de ulag tarifleriniň bir-birinden düýpli tapawutlanmagy kynlaşdyrdy.

Käbir ýagdaýlarda Gümrük Bileleşigi baýdagynyň astynda umumy gümrük tarifi getirilmezden we umumy gümrük serhedi döredilmezden gümrük serhetleriniň aýrylmagy ýerine ýetirilýär, bu bolsa gatnaşyjy döwletleriň içki bazarlarynyň guramaçylygyny ýitirmegine sebäp bolup biler. Russiýa we Belarus döwleti integrasiýa ýolunda beýlekilerden has öňe gitdiler, olar 1995-nji ýyldan başlap, Rus we Belarus döwleti gelip çykyşly harytlaryň gümrük barlagyny we gümrük resmileşdirmelerini aradan aýyrdylar, ýöne bu ýerde-de käbir kynçylyklar ýüze çykýar. Şeýle meseleleriň käbiri bolsa Rus hem Belarus döwleti gaznasyna zeper ýetirýär. Meselem, 1997-nji ýylda taraplar 100%-e golaý bolan gümrük tariflerini doly diýen ýaly birleşdirdiler. Emma 1998–1999-njy ýyllarda olaryň umumy ykdysady ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagy sebäpli tarifleriň arasyndaky

tapawutlar 30%-e golaý boldy. Şol ýyllarda Russiýa we Belarus döwleti daşary söwdasynda biri-biri bilen ylalaşmazdan käbir işleri ýerine ýetirdiler. Şeýlelikde, Russiýa üçünji döwletler üçin nebit we nebit önümleri üçin eksport pajyny girizdi, Belarus döwleti bolsa bu işi etmedi. Munuň netijesinde Russiýadan çykýan nebit we nebit önümleriniň uly bölegi Belarus döwletine, olardan bolsa täzeden eksport bilen Baltika we Ýewropa döwletlerine gitdi. Şeýlelikde, düýbünden diýen ýaly nebit baýlyklaryna eýe bolmadyk Belarus döwleti onuň iň uly satyjylarynyň birine öwrüldi. Russiýanyň gaznasy bolsa paçsyz import harytlarynyň gelmeginden we rus harytlarynyň Belarus döwletiniň üstünden paçsyz gitmeginden girdejilerini ýitirip başlady.

2000-nji ýylyň oktýabr aýynda bäşligiň gümrük Bileleşigi Ýewrazia ykdysady Bileleşigine öwrüldi (ÝewrAzYB) (Ýewrazia ykdysady bileleşiginiň ylalaşygy Astanada 2000-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda baglaşyldy, oňa Russiýanyň, Belarus döwletiniň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň döwlet baştutanlary gol çekdi). Täze guramanyň maksady bäş döwletiň çäginde Ýeke-täk ykdysady giňişligiň emele getirilmegi bolup durýar. Bileleşigiň gysga möhletleýin maksatlary hökmünde şular bellenildi: gatnaşyjy döwletleriň ykdysadyýetleriniň düzümleýin özgertmeler boýunça ylalaşygy; Ýeke-täk ulag düzüminiň we ulag bazarynyň emele getirilmegi; Ýeke-täk gümrük tarifiniň girizilmegi; milli kanunçylyklaryň sazlaşykly bolmaklaryny tertipleşdirmek; halkara guramalary bilen baglanyşykly umumy syýasy ugry işläp taýýarlamak.

Integrasiýany resmi ýagdaýdan hakykata öwürmäge ýardam berjek esasy hil jähti, ÝewrAzYB-da hojalyk aragatnaşyklaryň täze guralynyň döredilmegidir. Merkezi Geňeş bolup Integrasion Komitet çykyş edýär (ýylda dört gezekden az bolmadyk tertipde ýygnanyşýar). Şeýle-de Mejlisara assambleýa we bileleşigiň Kazyýeti hem döredildi. Şular bilen birlikde guramanyň dörediji resminamalarynda birinji gezek takyk görnüşde döwletara düzümleriň maliýeleşdirilmeginde her döwletiň paýy we şoňa laýyklykda sesleriň paýlaşylmagy kesgitlenildi: Russiýa 40% degişli, Gazagystanyň we Belarus döwletiniň

her biri 20%, Gyrgyzystanyň we Täjigistanyň her biri 10%. Kararlar sesleriň üçden iki bölegi bilen kabul edilýär. Iş ýüzünde bolsa esasy meselelerde sesleriň köplügi bilen hereket edilýär. Birleşik girmek üçin isleg bildirýänleriň ählisi üçin açyk. Şu gün ÝewrAzYB dolandyryş edaralary döwletara edaralar hökmünde döredilýär, ýöne agzalan Ylalaşykda we esaslandyryjy resminamalar taslamalarynda milli geňeşleriň üstünden gözegçilik edýän edaralaryň bolmaklaryna degişli alamatlar bar.

ÝewrAzYB-a giren döwletleriň halkara ykdysadyýetiň subýekti hökmündäki derejesiniň belli bir derejede göterilendigini hem bellemek gerek. Bu ilki bilen Bütindünýä Söwda Guramasyna girmek bilen baglanyşykly mümkinçilikleriniň ylalaşygy, şeýle-de GDA-nyň daşary çäkleriniň ykdysady goraglylygy meselesine degişlidir. Şunuň bilen birlikde täze guramada ylalaşyk hereketi örän çylşyrymly ýöredilýär. Her tarap hyzmatdaşlyga garamazdan öz eksport edijilerini goraýar. Gazagystan ÝewrAzYB-daky hyzmatdaşlaryna duýduryş bermezden, birleşige agza bolmadyk Gruziýa bilen söwdasyndaky çäkleri bütinleý ýatyrdy. Çäklendirmesiz gümrük giňişligini döretmek entek başartmaýar. Ylalaşygyň düzgünnama maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda we dürli tizlikdäki integrasiýa ýörelgesinden ugur alyp, Belarus döwleti, Gazagystan we Russiýa 2007–2010-njy ýyllar aralygynda Gümrük bileleşigini döretdiler we meýilleşdirilen tertipde indiki integrasion tapgyra taýýarlyk görýärler. ÝewrAzYB-yň Ýeke-täk ykdysady giňişligine beýleki agzalar taýýarlyk derejelerine laýyklykda goşularlar.

## 13.3. Ýeke-täk ykdysady giňişlik (ÝYB)

Täze guramanyň ady syýasy giňişlige 2003-nji ýylyň 23-nji fewralyndan başlap girizildi, şol wagt Moskwada dört döwletiň Prezidenti – Russiýa, Belarus döwleti, Ukraina (2014-nji ýylda Ukraina GDA-dan doly diýen ýaly çykýanlygyny yglan etdi we bu işler boýunça hereketlerini togtatdy) we Gazagystan duşuşyp, 2003-nji ýylyň sentýabryndan «Ýeke-täk ykdysady giňişligiň emele getirilme-

gi, birnäçe ugur boýunça ylalaşykly ykdysady syýasatlaryň ýöredilmegi, bar bolan kanunçylyklaryň sazlaşdyrylmagy we söwda hem tariflere degişli ýeke-täk kadalaşdyryjy halkara garaşsyz komissiýanyň döredilmegi hakynda ylalaşygy» taýýarlamak hakynda yglan edildi.

2003-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Russiýanyň, Belarus döwletiniň, Ukrainanyň we Gazagystanyň Prezidentleri Ýaltada Ýeke-täk ykdysady giňişligiň (ÝYG) döredilmegi hakynda Ylalaşyga gol çekdiler. ÝYG-yň esasy işi erkin söwda ýörelgeleri, ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň we işçi güýjüniň sebäpsiz, aýrylmasyz we aýratyn dereje bolmazdan erkin hereket etmegi bilen bagly bolmalydy. Ylalaşyk şulary göz öňünde tutýar: «aýyrma we çäklendirme bolmazdan erkin söwda zolagynyň emele getirilmegi, gümrük-tarif we makroykdysady syýasatlaryň ylalaşylmagy, şeýle-de gatnaşyjy döwletlerde energiýa göterijilerine bahalaryň deňlenmegi».

ÝYG-yň çäklerinde hereketleriň sazlaşykda ýöredilmegi üçin döwletleriň üstünden gözegçilik edýän edara döredilýär, onuň kararlaryny ýerine ýetirmek gatnaşyjy döwletler üçin hökmandyr, ondaky sesler bolsa gatnaşyjy döwletleriň arasynda olaryň JIÖ-leriniň mukdary bilen deň ölçegli derejede paýlaşylýar (2005–2010-njy ýyllar aralygynda «dörtlügiň» umumy JIÖ-niň 80%-i Russiýanyň paýyna düşýärdi). Şol sebäpden ylalaşygyň «Dürli derejeli we tizlikdäki integrasiýalarda BSG-ä girmek üçin gepleşikleriň ýöredilmeginde ylalaşyk ýörelgeleriniň işlenip taýýarlanmagyna» degişli şol bölegine gol çekilmeginiň Russiýa üçin ähmiýetli netijedigini aýtmak bolar. Her bir gatnaşyjy haýsy guramada we haýsy derejede gatnaşmak isleýändigini özbaşdak kesgitläp bilýär. Kiýew şu ýörelgäniň kabul edilmegi boýunça öz pikirini saklady, sebäbi ol diňe erkin söwda zolagyna gatnaşmak we energiýa daşaýjylaryň bahalarynyň deňlenmegi bilen çäklenmek isleýärdi, Gümrük Bileleşigine, esasan hem, bir pul birligine degişli ugurlar boýunça işler bolsa Ukraina tarapyndan kabul edilenokdy. Şeýle-de Ukraina beýleki gatnaşyjy döwletlerden tapawutlylykda döwletleriň üstünden kadalaşdyrmaklygy ýola goýmaklyga garşy çykýardy.

Şonuň bilen bir wagtda, bäş Arkalaşyk döwletiniň Gümrük Bileleşigi emele getirmegine degişli synaglarynyň netijesizliginiň

tejribesi bilen, ÝYG ylalaşygynda şular berkidildi: haçan-da taraplar birleşmegiň belli bir tapgyryny geçenlerinde olar degişli resminama gol çekýärler we degişli milli ygtyýarlyklary Ýewropada bolşy ýaly döwletleriň üstünden ýolbaşçylyk edýän Geňeşe geçirýärler, ol ýerde gümrük paçlaryny Pariž ýa-da Berlin däl-de, Brýussel kesgitleýär, Brýusselde gümrük paçlary boýunça tertibi taýýarlaýan Ýeke-täk müdirlik bar. Ukraina üçin Ýeke-täk ykdysady giňişlik däl-de, erkin söwda zolagynyň emele getirilmegi bähbitlidi. Ukrainanyň harytlaryndan birnäçesi babatynda (esasan hem, turba, konditer önümleri, şeker) Russiýada çäklendirmeler we ýokary import paçlary bardy, erkin söwda zolagy bolsa olaryň ýatyrylmagyny göz öňünde tutýardy.

Ukrainada ýolbaşçylygyň üýtgemegi we onuň DgAŞG (NATO) we ÝB-ä girmäge ymtylmagy netijesinde, täze resminama diňe syýasy beýannama bolup galdy, sebäbi Ukraina bolmasa, ÝYG manysyny ýitirýärdi, şol bir wagtda ÝB tarapyndan Ukrainanyň girmegi üçin azyndan 15–20 ýyl gerek boljakdygyny (eger ahyrynda bolsa) anyk beýan edipdi.

## 13.4. Merkezi Aziýa ykdysady Bileleşigi

1994-nji ýylyň 30-njy aprelinde Ýeke-täk ykdysady giňişligiň emele getirilmegi üçin Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň arasynda Ylalaşyk baglaşyldy.

1998-nji ýylyň 30-njy martynda oňa dördünji döwlet – Täjigistan birikdi, oňa degişli teswirnama Daşkentde gol çekildi. 1998-nji ýylyň 17-nji iýulyndan bäri şol sebitleýin Bileleşme Merkezi Aziýa ykdysady Bileleşigi diýlip atlandyrylýar.

Şol Ylalaşygyň 3–4-nji sahypalarynda görkezilenlere laýyklykda, Ýeke-täk ykdysady giňişligi emele getirmegiň esasy maksatlary şulardyr:

- maýanyň we işçi güýjüniň erkin hereket etmegi üçin kanunçylyk, ykdysady we guramaçylyk şertleriniň döredilmegi;

- ýükleriň we ýolagçylaryň netijeli daşalmagyny amala aşyrmaga gönükdirilen ulag we aragatnaşyk pudaklarynda ylalaşykly syýasatlaryň ýöredilmegi;
- ynsaply bäsdeşlik şertleriniň döredilmegi, şol sanda antimonopol kadalaşdyrma gurallarynyň hem döredilmegi;
- özara söwdada erkin (ylalaşykly) bahalaryň ulanylmagy, bu içerki bazarlaryň integrasiýasyny göz öňünde tutmak bilen we harytlary (hyzmatlary) öz bazaryna salmazlyk üçin bir taraplaýyn çäklendirmelere rugsat bermezlik;
- hojalyk subýektleriniň arasyndaky göni ykdysady aragatnaşyklaryň üpjünçiligi we önümçilik hyzmatdaşlygynyň berkidilmegi üçin şertleriň döredilmegi;
- ileri tutulýan pudaklarda bilelikdäki kärhanalaryň, önümçilik birleşikleriniň, täjirçilik we maliýe-karz guramalarynyň döredilmegine ýardam etmek;
- garşylykly maýa goýumlarynyň özara goýulmagy üçin deň ykdysady şertleri üpjün etmek, maýa goýum syýasatynyň sazlaşykly ýöredilmegi, şol sanda ykdysadyýetiň özara gyzyklanma döredýän pudaklaryna daşary ýurt maýa goýumlary we karzlary çekmek, şeýle hem maýa goýujylaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyna degişli netijeli gurallary döretmek;
- gümrük paçlarynyň ýatyrylmagy, salgytlary, ýygymlary we beýleki çäklendirmeleri yzygider peseltmek;
- gümrük işleriniň ýeňilleşdirilmegi;
- gümrük kanunlarynyň sazlaşdyrylmagy, gümrük statistikasynyň ýöredilmegi üçin resminama görnüşleriniň birleşdirilmegi;
- erkin üstaşyr we tarif hem-de tarif däl kadalaşdyrma gurallarynyň erkinlik ýörelgelerini ýerine ýetirmekde ýükleriň we ýolagçylaryň gatnadylmagy üçin tarifleriň tapgyrlaýyn ýakynlaşdyrylmagy;
- Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň ýükleriniň we el ýükleriniň gümrük barlagynyň ýatyrylmagy, muňa diňe ýarag, neşe ýa-da psihotrop serişde geçirilýänligini pikir etmek üçin ýeterlik sebäp bar bolan ýagdaýlary degişli däldir.

Emma bellenilen maksatlar haýallyk bilen amala aşyrylýar. Bileleşik uly gapma-garşylyklar we kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolmaly bolýar.

## 13.5. GUAM

1997-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Gruziýa, Ukraina, Azerbaýjan we Moldowa döwletleriniň Prezidentleriniň Fransiýanyň Strasburg şäherinde geçiren duşuşygynda, döwletleriň resmi bolmadyk bileleşigi döretmek pikiri tassyklanyldy.

1999-njy ýylyň 24-nji aprelinde Özbegistan agzalan sebitleýin bileleşige girenligini resmi taýdan beýan etdi.

Ýokarda bellenilen Bileleşigiň esasy maksatlary, ony emele getirýän döwletleriň şu pudaklarda bilelikde işleri ýöretmegidir: syýasy ugur; etnik duşmanlyk, separatizm, dini ekstremizm we terrorizm bilen göreş; parahatçylygy goramak işleri; Ýewropa guramalary bilen we «Parahatçylyk üçin hyzmatdaşlyk» maksatnamasynyň çäklerinde NATO bilen hyzmatdaşlyk.

Integrasiýanyň döredilmegi bilen baglanyşykly ýolbaşçylyk Ukraina degişli bolup, esasy maksat ykdysady bähbitlerdir. Gepleşikler, esasan, ählumumy ýewropa-kawkaz we azia üsti arkaly aragatnaşyk ulgamlarynyň ýa-da Beýik Ýüpek ýolunyň dikeldilmegi hakyndady, onuň özeni bolup bolsa Hazar deňziniň nebitiniň daşalmagy üçin ýollar bolmalydy. Günorta ugruň emele getirilmegi Russiýanyň sebitdäki täsiriniň gowşamagy sebäpli, amatsyz ýagdaýlaryň döredilmegine sebäp boljakdy.

Bu GDA döwletleriniň sebitleýin Bileleşigi, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde GUUAM adyny aldy (Bileleşigie girýän döwletleriň birinji harplarynyň birleşmeginden döredilen gystaltma: Gruziýa, Ukraina, Ö(U)zbegistan, Azerbaýjan, Moldowa). Ýokarda bellenilişi ýaly, mundan öňki dört sebitleýin toplumlar Bileleşiginden tapawutlylykda, GUUAM (2005-nji ýyldan bäri GUAM, sebäbi Özbegistan bu bileleşige gatnaşmagyny bes etdi), guramaçylyk tapgyrynda bolan resmi bolmadyk guramadyr. Şeýlelikde, postsowet birleşigiň

ykdysady giňişliginde sebitleşme göze ilýär, häzir bu ýerde birnäçe sebitleýin birlik hereket edýär we olaryň her biri düýbünden dürli tizlikler bilen ösýär. Ýöne olaryň netijeliligi pes, olar gyssanmaçlyk bilen we zerur bolan ykdysady esas bolmazdan döredilýär.

Sowet birleşiginiň geografiýasyndaky sebitleşmäniň esasynda Arkalaşyk döwletleriniň gaýtadan öndüriş hereketlerinde 1990-njy ýyl bilen deňeşdirilende çuňňur özgermeler ýatyr. Mundan başga-da sebitleýin guramalaryň döremegi integrasion maksatlaryna GDA derejesinde aýratyn döwlet toparlary bolup ýetip bolmaýanlygynda, dürli tizlikler we dürli ölçegler sebäpli, şeýle-de geçirilýän özgertmeleriň ugurlary boýunça milli bähbitleriň gabat gelmeýändigine şaýatlyk edýär.

1994–2003-nji ýyllar aralygynda GDA döwletleri dürli görnüşde birnäçe bileleşikleri emele getirdiler, olaryň işleriniň netijeleri Birleşikden soňky giňişlikdäki ykdysady bütewiligiň gowşandygyna şaýatlyk edýär.

Integrasion başlangyçlaryň sebitleýin bölünmeleri görnüşi ýaly Arkalaşyga gapma-garşylykly täsir edýär. Bir tarapdan, muňa taýýar bolan döwletler tarapyndan döwletara ykdysady aragatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyna gönükdirilen toparyň döredilmegi olara bellibir derejede ykdysady bähbitleri getirýär. Beýleki tarapdan, GDA-nyň ykdysady giňişligindäki «bölünme» onuň döwletara guramasy hökmünde mümkinçiliklerini peseldýär. Şunuň bilen baglylykda ýene bir zady bellemek gerek, sebitiçre guramalaryň emele getirilmegi beýleki zatlar bilen birlikde, birleşikden soňky giňişlikde ýolagçylaryň we önümleriň gatnadylmagynda ulag çykdajylarynyň birden ösmegi bilen hem şertlenendir. Olar örän uly aralyklar (Duşanbe bilen Minskiniň arasy 5200 *km*), serhetleri geçmek we üstaşyr geçeni üçin tölenilmeli ýokary tölegler bilen hem baglanyşyklydyr. Şeýle şertlerde ykdysady gatnaşyklaryň goňşy döwletleriň arasynda has depginli ösjekdigi düşnüklidir.

«Täzeden integrasiýa» taslamasynyň şowsuzlygyny, diňe täze garaşsyz döwletleri dolandyrýanlaryň syýasy erkinliginiň pesligi bilen düşündirmäge çalyşmak ýalňyş bolar.

Emele gelen şu şertlerde gatnaşyjy döwletleriň GDA we beýleki bileleşmelere bolan garaýyşlaryny şu ýörelge bilen belläp bolar: «köptaraplaýyn esasda resmi taýdan ylalaşylan jogapkärçiliklerden doly ýa-da bölekleýin boýun gaçyrmaklygyň esasynda ikitaraplaýyn gatnaşyklardan iň uly ykdysady bähbitleri gazanmak». Dogrusy, bu ýagdaýda olaryň biri-biri bilen özüni alyp barmaklarynyň pähimliligi mejbury häsiýete eýedir.

Şol bir wagtyň özünde seredilýän ugurdaky hereketde Birleşigiň dargamagy esasynda emele gelen çökgünlikden çykmaklygyň bir bölegi hökmünde seredilmelidir.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XI tomlar. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008–2018.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I–XI tomlar. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009–2019.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom (Goşundylar). Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
17. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
18. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
19. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa... – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
20. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
21. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan-abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
23. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Gadamy batly bedew. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
24. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Arşyň nepisligi. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
25. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý – melhem hem ylham. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
26. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
27. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

28. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mertler Watany beýgeldýär. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
29. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
30. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur. – Aşgabat, 2017.
31. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
32. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
33. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
34. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
35. Paýhas çeşmesi. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
36. Arkadagyň ajap eýýamy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
37. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. I tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
38. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
39. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelenen görnüşi). – Aşgabat, 2018.
40. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2010.
41. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2015.
42. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – Aşgabat, 2019.

43. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy». – Aşgabat, 2011.
44. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. – Aşgabat, 2009.
45. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2009.
46. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011.
47. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011.
48. «Karz birleşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011.
49. «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011.
50. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi. – Aşgabat, 2012.
51. «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2012.
52. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2013.
53. «Innowasiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
54. «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
55. «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
56. «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
57. «Ýerasty baýlyklar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
58. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
59. «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2014.
60. Türkmenistanyň Býujet Kodeksi. – Aşgabat, 2017.
61. *Taýharow B., Hajygurbanow H.* Pul, karz we banklar. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

62. *Halow N.* Maliýe. Okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
63. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta – karz gatnaşyklary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
64. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta – maliýe gatnaşyklary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
65. *Kazygulyýew A.N., Geldimuhamedowa O.M., Çaryýewa O.A.* Daşary ykdysady iş. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
66. *Sopyýew A. we beýl.* Ykdysady nazaryýet. Okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
67. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Türkmenistanyň pul-karz ulgamy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
68. *Eýeberdiýew G., Hajygurbanow H.* Bank işi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
69. *Kazygulyýew A.N., Baýramow H.R., Geldimuhamedowa O.M.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
70. *Kazygulyýew A.N., Baýramow H.R., Annamuhammedow J.H., Geldimuhamedowa O.M., Çaryýewa O.A., Öwezowa M.G.* Dünýä ykdysadyýetiniň modelleri. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
71. *Şallyýew Ç.* Makroykdysadyýet. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
72. *Kazygulyýew A.N., Baýramow H.R., Geldimuhamedowa O.M., Allanazarow T.A., Annamuhammedow J.H., Çaryýewa O.A., Öwezowa M.G.* Dünýä ykdysadyýeti. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
73. *Çaryýewa O.A., Kazygulyýew A.N.* Halkara hyzmatlar. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
74. *O. Geldimuhamedowa, A. Kazygulyýew, H.Bäşimow, P. Ýanabaýew, O. Çaryýewa, M. Möwlamowa.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

75. Международные экономические отношения. Под редакцией Н.Н. Ливенцева. Москва, РОССПЭН, 2006.
76. *Семенов К.А.* Международные экономические отношения. Москва, гардарика, 2008 г.
77. Шреплер Н. А. Международные экономические организации. Справочник. М. МО, 2008 г.
78. Международные организации системы ООН. Справочник, М., 2008 г.
79. Международные экономические отношения: Учебник для вузов/ Под редакцией профессора В.Е. Рыбалкина. Москва, 2009 г.
80. *Овчинников Г.П.* Международная экономика: Учебное пособие, Санкт-Петербург, 2009 г.
81. Под редакцией А.И. Евдокимова. Международные экономические отношения. 2-е издание. Москва, проспект, 2014.
82. Под редакцией д.э.н.проф. С. Н. Сильвестрова. Международные экономические организации. Учебник для бакалавров и магистров. М. Юрайт, 2017 г.
83. *О. Н. Мисько.* Международная экономическая интеграция. Учебное пособие. Санкт-Петербург, 2015 г.
84. *Э. Р. Мамедзаде.* Правовые основы деятельности международных экономических организаций в системе международных экономических отношений. Магистерская диссертация. Баку, 2016 г.
85. *В. В. Ожигина.* Международная экономическая интеграция. Учебное пособие. Минск: БГЭУ, 2017 г.
86. www.turkmenistan.gov.tm
87. www.stat.gov.tm
88. www.cbt.gov.tm
89. www.insurance.gov.tm

# Mazmuny

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .7

I TEMA
Halkara guramalar we olaryň ösüş taryhy
1.1. Halkara guramalar barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .9
1.2. Halkara guramalaryň ösüş taryhy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .14

II tema
Halkara guramalaryň görnüşleri, maksatlary we wezipeleri
2.1. Halkara guramalaryň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .22
2.2. Halkara guramalaryň wezipeleri we maksatlary . . . . . . . . . . . . .29

III tema
Birleşen Milletler Guramasy we onuň halkara gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny
3.1. BMG-niň tertipnamasy, maksatlary we ýörelgeleri . . . . . . . . . .36
3.2. BMG-niň we onuň edaralarynyň esasy wezipeleri we meseleleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .45
3.3. BMG-niň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .50
3.4. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we BMG bilen baglanyşykly hökümetara guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .57

IV tema
Halkara ykdysady guramalar
4.1. Halkara ykdysady guramalary döretmegiň zerurlygy . . . . . . . . .89
4.2. Köpugurly halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . .94
4.3. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar. . . . . . . . . . . . . . . .102

V tema
Halkara pul we maliýe guramalary
5.1. Halkara pul we maliýe institutlarynyň maksatlary, wezipeleri, düzümi we ähmiýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .119
5.2. Ählumumy halkara maliýe guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . .124
5.3. Sebit halkara maliýe guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .130

## VI tema
## Halkara ekologiýa we ynsanperwer guramalar

6.1. Halkara ekologiýa guramalarynyň wezipesi we ähmiýeti . . . . .139
6.2. Halkara ekologiýa guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .142
6.3. Halkara ynsanperwer guramalaryň maksatlary we wezipeleri. .156
6.4. Halkara ynsanperwer guramalar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .160

## VII tema
## Halkara harby-syýasy, syýasy-medeni we sport guramalary

7.1. Halkara harby-syýasy guramalaryň maksady we wezipeleri . . .174
7.2. Halkara harby-syýasy guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .177
7.3. Halkara syýasy-medeni guramalaryň maksatlary we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .183
7.4. Halkara syýasy-medeni guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .186
7.5. Halkara sport guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .190

## VIII tema
## Halkara ykdysady integrasiýanyň mazmuny

8.1. Halkara ykdysady integrasiýanyň emele gelmegi we mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .200
8.2. Sebitleýin integrasiýanyň esasy görnüşleri we ösüş döwürleri .209

## IX tema
## Ýewropa Bileleşigi: integrasiýanyň aýratynlyklary we ony sazlamagyň gurallary

9.1. Günbatar Ýewropa integrasiýasynyň ösüş tapgyrlary . . . . . . . .217
9.2. ÝB-niň çäklerinde gümrük bileleşiginiň emele gelmeginiň esasy tapgyrlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .224
9.3. Ýewropa Bileleşiginiň söwda syýasatynyň bir bölegi hökmünde bitewi gümrük tarifi . . . . . . . . . . . . . . . . .230
9.4. Ýewropa Bileleşiginiň institusional ulgamy we maliye çeşmeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .237
9.5. ÝB-niň umumy oba hojalyk syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .247
9.6. Umumy söwda syýasaty. Üçünji döwletler bilen ykdysady gatnaşyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .255
9.7. ÝB ýeke-täk daşary söwda syýasatynyň aýratynlyklary . . . . . .260
9.8. ÝB-ni giňeltmek we onuň geljekdäki ösüşi babatdaky meseleler .263
9.9. Ýewropadaky integrasiýa toparlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .267

## X tema
## Amerika yklymlarynyň ykdysady integrasiýalary

10.1. Demirgazyk Amerika integrasiýasynyň aýratynlyklary . . . . . . .274
10.2. NAFTA ylalaşygynyň esasy düzgünleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . .278

10.3. NAFTA-nyň oňaýly we oňaýsyz netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . .284
10.4. Latyn Amerikasynyň ykdysady integrasiýasy üçin umumy häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . .286
10.5. And toparynyň we 3-lük toparynyň çäklerinde ykdysady integrasiýalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .290
10.6. KARIKOM we MERCOSUR integrasiýa hereketleri . . . . . . . .292

## XI tema
## Aziýa – Ýuwaş umman sebitinde bileleşik hereketleri

11.1. Ösüp gelýän ýurtlarda goşulyşyk meýliniň umumy häsiýetleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .298
11.2. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň Assosiasiýasy (ASEAN) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .304
11.3. ASEAN-yň maýa goýumlar zolagy: maksatlar, döretmegiň esasy ugurlary we netijeler. Özara ykdysady hyzmatdaşlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .311
11.4. APEC: işiň maksatlary we ugurlary. Guramaçylyk düzümi. . . .315
11.5. Aziýa – Ýuwaş umman ykdysady goşulyşygynyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .317
11.6. APEC-de söwdany we maýa goýumlaryny erkinleşdirmek: ugurlar, geçirmegiň çylşyrymlylygy we netijeler. . . . . . . . . . . .322
11.7. Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (ECO) . . . . . . . . . . . . . . . .326

## XII tema
## Afrika yklymyndaky integrasiýalar

12.1. Günbatar Afrikada ykdysady integrasiýa. Günbatar Afrika döwletleriniň ykdysady integrasiýasy (EKOWAS). . . . . . . . . . .333
12.2. Merkezi Afrika döwletleriniň pul we ykdysady hyzmatdaşlygy 340
12.3. Merkezi Afrika pul-ykdysady bileleşigi (SEMAC) . . . . . . . . . .343
12.4. Günorta we Gündogar Afrikada integrasiýa hereketleri. . . . . . .347

## XIII tema
## Postsowet giňişligindäki integrasiýa hereketleri

13.1. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy: geçiş ykdysadyýeti şertlerindäki integrasiýa . . . . . . . . . . . . . . . .355
13.2. «Gümrük başligi» we Ýewraziýa ykdysady Bileleşigi . . . . . . .364
13.3. Ýeke-täk ykdysady giňişlik (ÝYB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .367
13.4. Merkezi Aziýa ykdysady Bileleşigi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .369
13.5. GUAM . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .371
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .374

Oguljamal Geldymuhammedowa,
Hallyberdi Baýramow, Orazjemal Çaryýewa

# HALKARA GURAMALAR WE INTEGRASIÝALAR

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby*



| | |
|---|---|
| Redaktor | *D. Saryýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompyuter bezegi | *I. Zasarinnaýa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Garaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.11.2019. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 24,0. Şertli-reňkli ottiski 50.25.
Hasap-neşir listi 22.49. Çap listi 24.0. Sargyt № 2070. Sany 1100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji köçe, 51/1.